**A. Kazygulyýew, H. Baýramow, G. Penaýew, M. Öwezowa,
J. Annamuhammedow, O. Geldimuhammedowa,
H. Hajygurbanow, Ý. Saparow, P. Begenjow, B. Haşyrow,
O. Çaryýewa, Ö. Işangulyýew**

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2013

UOK 33+378
K 32

**Kazygulyýew A. we başg.**

**K 32** **Türkmenistanyň ykdysadyýeti.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2013.

Okuw kitabynyň 1-nji baby A. Kazygulyýew, 2-nji baby H. Baýramow, 3-nji baby G. Penaýew, 4-nji baby A. Kazygulyýew we H. Baýramow, 5–8-nji baplary M. Öwezowa, 6-njy baby J. Annamuhammedow, 7-nji baby O. Geldimuhammedowa, 9-njy baby H. Hajygurbanow, Ý. Saparow, P. Begenjow, 10-njy baby B. Haşyrow, 11-nji baby O. Çaryýewa, 12-nji baby Ö. Işangulyýew tarapyndan taýýarlanyldy.

TDKP №49, 2013 KBK65 (2 Tü) ýa 73

© A. Kazygulyýew we başg., 2013.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## GIRIŞ

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda durmuşa ornaşdyrylýan döwrebap, kämil özgertmeler ýurdumyzyň ähli pudaklaryny gurşap aldy. Bu özgertmeleriň netijesinde milli ykdysadyýetimiz ýokary derejede ösüşlere eýe boldy. Milli hojalygymyzyň ykdysady howpsuzlygy pugtalandyryldy. Ykdysadyýeti diwersifikasiýalaşdyrmak barada öňde goýlan sepgitler üstünlikli durmuşa ornaşdyrylýar. Daşary ykdysady gatnaşyklarymyz geografiki, düzüm we möçber taýdan barha kämilleşýär. Durmuş-medeni ulgamda ýetilen sepgitler bolsa göz gamaşdyryjydyr. Halkymyzyň hal-ýagdaýy ýyl-ýyldan ýokary göterilýär. Halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny açyp görkezýän makrogörkezijilere salgylananyňda ýurdumyz ösen döwletler bilen deňleşip barýar. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň çalt depginler bilen ösýändigini, ykdysadyýetde gazanýan üstünliklerimiziň bolsa halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmakda öz beýanyny tapýandygyny görmek bolýar.

Milli hojalygymyzyň ykdysady kuwwatynyň örän ýokarydygyny, durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeleriň örän kämildigini, dünýä hojalygynda dowam edýän häzirki maliýe-ykdysady çökgünlik döwründe hem ýokary ykdysady ösüş gazanmagymyz hem subut edýär. Bu ykdysady ösüş pudaklarymyzyň sazlaşykly, utgaşykly hereketi netijesinde gazanyldy.

Her bir milli ykdysadyýet dünýä hojalygy bilen berk baglanyşyklydyr. Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky tutýan orunlary hem dürli-dürlüdir. Türkmenistan häzirki wagtda dünýä hojalygyndaky ornuny örän çaltlyk bilen giňeldýän az sanly ýurtlaryň biridir. Halkara bilermenleriniň aýtmagyna görä dünýä ykdysadyýeti her ýyl iki-üç göterim derejede ösýär. Emma biziň ykdysadyýetimiz

her ýylda ýigrimi göterimden gowrak ykdysady ösüşi gazanýar. Görkezijileri deňeşdirenimizde aratapawudyň birnäçe esse uludygyny görmek bolýar. Munuň özi bize ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň dünýäniň jemi önüminde çalt depginler bilen ösýändigini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde hem ýurdumyz dünýä ykdysadyýetine iň bir çalt depginler bilen integrirlenýän hojalyklaryň biridir. Ýurtlaryň dünýä hojalygyna integrirlenmek derejesi daşary söwdanyň möçberi we ösüşi bilen kesgitlenýär. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň esasy aýratynlyklarynyň biri hem daşary ykdysady gatnaşyklarymyzyň okgunly ösüşi bilen baglanyşyklydyr.

Daşary söwda dolanyşygymyzda eksportymyz importymyzdan iki essä golaý ýokarydyr. Ýurdumyzyň daşary ykdysady gatnaşyklary her ýyldan-ýyla ösmek meýlini saklap galýar. Hormatly Prezidentimiziň dürli ýurtlarda iş saparlarynda bolmagy, dürli ýurtlaryň döwlet we hökümet baştutanlarynyň biziň ýurdumyza gelmegi, iki we köptaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek barada dürli ylalaşyklaryň baglaşylmagy bu aýdylanlara şaýatlyk edýär.

Täze döwürde ýurdumyzda durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeler, olaryň netijeleri, halkymyz üçin döredilýän durmuş-medeni eşretler, daşary ykdysady gatnaşyklarymyzyň ösüşi barada bilmeklik her bir raýatymyz üçin zerurdyr. Milli ykdysadyýetimiziň ösüşine öz goşandyny goşmak, halkymyz üçin döredilýän şeýle uly eşretlere, bu işleriň sakasynda duran mähriban Prezidentimize perzentlik duýgusy bilen guwanmak, söýmek, ony goramak biziň her birimiziň borjumyzdyr. Hut şonuň üçin hem Türkmenistanyň ykdysadyýetini öwrenmeklik ýurdumyzyň ähli raýatlary üçin zerurdyr.

Okuw kitaby ýurdumyzyň ýokary we ýörite okuw mekdepleriniň talyplaryna, mugallymlaryna, aspirantlaryna, dürli pudaklarda işleýän hünärmenlere hem-de giň okyjylar köpçüligine niýetlenýär.

## 1-nji bap
## «TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETI» DERSINIŇ MAZMUNY WE WEZIPELERI

### 1.1. Ykdysadyýet barada düşünje

Islendik döwletiň esasy aladalarynyň biri milli ykdysadyýeti ösdürmek bilen baglanyşyklydyr. Ykdysadyýetiň ösmegi ýurduň içerki we daşarky meseleleriniň köpüsini üstünlikli çözmeklige mümkinçilik berýär. Iň esasy hem halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny ösdürmeklige şert döredýär. Döwletiň baş aladasy bolsa halkyň durmuşyny, hal-ýagdaýyny ýokary götermek bolup durýar. Adam özüne tebigy taýdan berlen ömründe arkaýyn, bol-elin, eştretli durmuşda ýaşamak isleýär. Adamyň islegi çäksizdir. Adamzadyň çäksiz islegini kanagatlandyrmak ykdysadyýetsiz mümkin däldir. Hut şu nukdaýnazardan hem döwletiň ilkinji aladasy milli ykdysadyýeti ösdürmek bolup durýar.

Ykdysadyýeti ösdürmegiň ilkinji ädimi ykdysadyýete, onuň kanunlaryna, önümçilik gatnaşyklara düşünmekden ybaratdyr. Ykdysadyýet ýa-da ykdysady ylmy dünýäde ilkinji dörän gadymy ylymlaryň biridir. Ykdysadyýet barada ilkinji pikir ýöredip başlan gadymy grek akyldary Aristotel hasaplanýar. Ykdysadyýet «oikonomike» diýen gadymy grek sözünden gelip çykýar. Ol iki sözden «oýkos» öý, hojalyk, «nomos» – kanun, ýagny, «hojalygy ýöretmegiň kanuny» diýen manyny berýär. Häzirki wagtda hem dünýäniň iri dillerinde ykdysadyýet sözüniň aňladylyşy gözbaşyny şu sözden alyp gaýdýar. Mysal üçin, rusça экономика, iňlisçe ekonomi we ş.m. Ykdysadyýetiň emele gelip başlamagyna täsir edýän ilkinji şertli ilkidurmuş jemgyýetinde adamlaryň şahsy eýeçilige bolan isleginiň artyp başlamagydyr. Bu meýil soňlugy bilen ilkidurmuş jemgyýetçilik gurluşynyň ýykylmagyna we gadymy gul eýeçilik döwletleriniň emele gelmegine getir-

ýär. Ykdysadyýete taryhy göz bilen garanyňda ilkinji halkyýetleriň, ilkinji döwletleriň, halklaryň, milli döwletleriň döremegi gös-göni ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi bilen baglanyşyklydyr. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «Medeniýet hem, ykdysadyýet hem hemişe millidir» diýip belläp geçýär. Eýsem, bu proses nähili bolup geçdi?

Taryhdan belli bolşy ýaly ilkidurmuş adamlary özleriniň umumylyklary we aýratynlyklary boýunça bileleşip ýaşapdyrlar. Şeýle umumylygyň ilkinji formalary urug hem taýpa adamlarynyň gandüşer garyndaşlygyndan emele gelipdir. Muny urug diýen adalganyň özi hem subut edýär. Ýagny, «urug» sözi «garyndaş» diýen manyny aňladýar. Bu bolsa urug agzalarynyň aňyrsynyň birligini görkezýär. Adamzat taryhynyň irki stadiýalarynda adamlar ganybir garyndaşlyk esasynda obşina bolup ýaşapdyrlar. Munuň özi ykdysady zerurlyk bolupdyr. Soňlugy bilen obşinalaryň soýuzy emele gelipdir. Bu soýuz ykdysady we harby hajatlar üçin zerurlykdan gelip çykypdyr. Ýöne, bu soýuzlary baglanyşdyrýan esasy halka ozalkylary ýaly ganybir garyndaşlyk bolupdyr. Alyş-çalşyň ýüze çykmagy bilen bu gandüşer garyndaşlar halkyýetleri emele getiripdir. Milli halklaryň, milli döwletleriň emele gelmegi ykdysady gatnaşyklaryň barha güýçlenmegi bilen, has dogrusy, haryt-pul gatnaşyklaryna geçilip başlanmagy bilen baglanyşyklydyr. Halkyýetlerden birnäçe halklar emele gelipdir, çünki halkyýet milletiň durnuksyz formasy bolupdyr. Olaryň dil, din, medeniýet barada umumylyklary hem bolsa, ykdysady gatnaşyklary, ykdysady bähbitleri gowşak bolupdyr. Şol sebäpli halkyýetden birnäçe halklar bölünipdir. (Mysal üçin, häzirki türki halklary özbaşyny gadymy türki kowumlardan alyp gaýdýar).

Milli döwletler ilkinji bolup Günbatar Ýewropa ýurtlarynda ýüze çykdy. Çünki haryt-pul gatnaşyklaryna ilkinji bolup geçilip başlanan ýeri Günbatar Ýewropadyr. Umuman, häzirki milli halklaryň, milli döwletleriň, milli hojalygyň, bütewi dünýä hojalygynyň emele gelmegi gös-göni ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Ykdysadyýeti öwrenmeklik önümçilik gatnaşyklar bilen baglanyşyklydyr. Önümçilik gatnaşyklar – munuň özi adamlaryň arasyndaky önümçilik serişdelerine eýelik etmek boýunça emele gelýän gatnaşyklary aňladýar. Dürli ykdysady gurluşda önümçilik serişdelerine eýelik etmek dürli formada bolup biler. Mysal üçin, durmuşy jemgyýetde önümçilik serişdeleri tutuşlygyna döwletiň elinde bolsa, bazar ykdysadyýeti şertlerinde ol hususy eýeçilikde saklanýar. Önümçilik serişdeleri şol bir wagtyň özünde döwlet we hususy eýeçilikde hem bolup biler. Bu gatnaşyklar ýörite hukuk we ykdysady kanunlar arkaly sazlanylýar. Önümçilik gatnaşyklary we onuň netijelerini sazlaşdyrmak ykdysadyýetiň esasy meseleleriniň biridir. Bu mesele gözbaşyny önümçilik serişdeleriniň netijesi bolan maddy gymmatlyklaryň paýlanyşynda tapýar. Mälim bolşy ýaly häzirki wagtda köp döwletlerde önümçilik serişdeleriniň eýeleri bilen hakyna tutma işgärleriň arasyndaky tapawut barha ýokarlanýar.

Ykdysadyýeti talabalaýyk alyp barmak üçin ykdysady kanunlaryň pugta berjaý edilmegi zerurdyr. Ykdysady kanunlar – munuň özi önümçilik ykdysady gatnaşyklardaky umumylaşan, mydama gaýtalanyp duran, has düýpli, durnukly, içerki sebäp-netije bilen baglanyşykly kanunlardyr. Ykdysady kanunlar obýektiw häsiýetlidir. Olar adamyň erk-islegine bagly bolmazdan hereket edýär. Ykdysady kanunlar ykdysady şertlere görä ýüze çykýar we üýtgeýär. Ykdysady kanunlary öwrenmek bilen adamlar bu kanunlary öz bähbitlerine gulluk etdirmelidir. Ýöne, adam bu kanunlary öz islegine görä döredip ýa-da ony ýatyryp bilmeýär. Ykdysady kanunlar hem edil tebigy kanunlar ýalydyr. Ol diňe öz kanunalaýyklygy boýunça hereket edýär. Ýöne, ykdysady kanunlaryň tebigy kanunlardan tapawutly ýerleri hem bar. Ykdysady kanunlaryň ýüze çykmagy we hereket etmegi üçin adamyň bolmagy zerurdyr. Has anygy ykdysady kanunlar adamyň ýüze çykmagy bilen emele gelýär. Emma tebigy kanunlara adamyň bolmagy hökman däldir.

Ykdysady kanunlar köp dürlüdir, çünki, ykdysady hadysalaryň özi dürli-dürlüdir. Umuman, ykdysady kanunlar maddy nygmatlary öndürmegi, paýlamagy, alyş-çalyş we sarp etmegi dolandyrýan ka-

nunlardyr. Bu kanunlaryň äsgermezlik edilmegi, olaryň ýoýulmagy agyr ykdysady kynçylyklara getirýär. Bu kynçylyklar önümçiligiň batmagy, hümmetsizlenme, işsizlik ýaly görnüşlerde ýüze çykýar. Onuň netijesinde bolsa halkyň durmuş-medeni ýagdaýy pese gaçýar. Şonuň üçin her bir ýurduň ykdysady ösüşi, ykdysadyýetiniň ýagdaýy bu kanunlaryň tejribede peýdalanylyşyna gös-göni baglydyr. Ykdysady kanunlaryň tejribede dogry peýdalanylmagy ykdysady ösüşiň möhüm şertidir.

Ykdysadyýeti öwrenmek şu günüň we gelejegiň örän möhüm meseleleriniň biridir. Çünki adamlaryň we döwletleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar giňelýär, çuňlaşýar we barha çylşyrymlaşýar. Ykdysady hadysalaryň häli-şindi ýüze çykyp durmagy bu ylmyň has giňişleýin öwrenilmegini talap edýär. Mysal üçin, dünýä hojalygynda häli-şindi ykdysady-maliýe çökgünlikleriň ýüze çykmagy, dünýä hojalygynyň barha globallaşmagy, milli ykdysadyýetlerde dürli kynçylyklaryň ýüze çykmagy, onuň sebäpleri, netijeleri, olary aradan aýyrmak, şeýle kynçylyklaryň sebäbini anyklamak we gaýdyp döremezliginiň öňüni almak. Bu agzalyp geçilenleriň hemmesi ykdysady ylmyň mundan beýläk hem öwrenilmegini we ösdürilmegini talap edýär.

## 1.2. Milli ykdysadyýete baha beriş görkezijileri

Ykdysadyýete baha bermezden öňürti ykdysadyýet diýen sözüň nämäni aňladýandygyna düşünmek gerek. Çünki, ykdysadyýetiň nämedigine düşünmezden oňa baha berip bolmaz. Eýsem, ykdysadyýet näme? Gadymy grek akyldarynyň ykdysadyýete beren kesgitlemesi häzirki wagtda hem öz ähmiýetini ýitirenok. Çünki, milli ykdysadyýete tutuşlaýyn bir bütewi hojalyk hökmünde garamak bolar. Başgaça aýdylanda, ykdysadyýet – munuň özi ýurduň ähli pudaklarynyň we olaryň arasyndaky gatnaşyklaryň jemidir.

Ykdysadyýet dürli derejelerde çykyş edýär we öwrenilýär. Ykdysadyýetiň daşarky we içerki derejelerini tapawutlandyrmak bolar. Ykdysadyýetiň daşarky derejesini üç topara bölmek bolar.

1. Milli ykdysadyýet;
2. Sebitleýin ykdysadyýet;
3. Dünýä ykdysadyýeti.

Milli ykdysadyýet her döwletiň milli hojalygydyr. Sebitleýin ykdysadyýet bir sebitde ýerleşen ýurtlaryň ykdysadyýetiniň jemine düşünilýär. Sebitleýin ykdysadyýet integrasion häsiýetlidir. Ýagny, belli bir integrasiýa girýän ýurtlaryň umumy ykdysadyýetidir. Mysal üçin, GDA (Garaşsyz döwletleriň arkalaşygy) ýurtlarynyň ykdysadyýeti, ÝS-iň (Ýewropa Soýuzy) ykdysadyýeti we ş.m. Soňky wagtlarda sebitleýin ykdysadyýeti öwrenmeklik barha giň gerime eýe bolýar. Çünki, döwletleriň integrasiýalara birleşmek meýli barha güýçlenýär.

Dünýä ykdysadyýeti – ähli milli ykdysadyýetleriň we olaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň jemine aýdylýar. Dünýä ykdysadyýetine ýurtlaryň jemi içerki önümleriniň (JIÖ) jemi hökmünde hem garalýar. Emma bu kesgitleme doly däldir. Çünki, dünýä hojalygy milli ykdysadyýetleriň arasyndaky ykdysady gatnaşyklaryň güýçlenmegi bilen emele gelýär. Eger-de ykdysady gatnaşyklar bolmasa, bütewi dünýä hojalygy emele gelmezdi. Diňe ykdysady gatnaşyklaryň emele gelmegi we ösmegi bilen häzirki bir bütewi dünýä hojalygy emele geldi. Her bir milli ykdysadyýet dünýä hojalygynyň düzüm bölegidir.

Milli ykdysadyýetleriň dünýä ykdysadyýetinde tutýan orny gyradeň däldir. Milli hojalygyň dünýä hojalygyndaky tutýan orny ýörite görkezijiler arkaly kesgitlenýär.

Milli ykdysadyýetiň içerki derejesini birnäçe toparlara bölüp öwrenip bolar. Ýagny pudaklaryň ykdysadyýeti, welaýatlaryň, sebitleriň, etraplaryň ykdysadyýeti we ş.m. Bu toparlaryň hemmesi bileleşip, milli hojalygy emele getirýär.

Milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetindäki tutýan ornuny häsiýetlendirýän birnäçe makrogörkezijiler ulanylýar. Olaryň birinjisi bolup Jemi Içerki Önüm (JIÖ) çykyş edýär. JIÖ – belli bir kesgitli wagtyň dowamynda ýurtda öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň ahyrky bahalarynyň jemine aýdylýar. JIÖ näçe uly boldugyça, onuň

dünýäniň jemi önümindäki paýy hem uly bolýar we tersine JIÖ näçe kiçi bolsa, onuň dünýäniň jemi önümindäki paýy hem az bolýar. Bu görkeziji boýunça alanyňda dünýäniň jemi önüminde ykdysady taýdan ösen ýurtlaryň has uly orun tutýandygyny görmek bolýar. Mysal üçin, ABŞ-nyň JIÖ dünýäniň jemi önüminiň 25 göterime golaýyny tutýar. Ýöne dünýäniň jemi önüminde ýurtlaryň paýy üýtgäp durýar. Bu üýtgeme aýry-aýry döwletlerde jemi içerki önüminiň artyşynyň has çalt bolmagynyň hasabyna bolup geçýär. Türkmenistanyň milli ykdysadyýeti dünýäniň jemi önümindäki paýy çalt depginler bilen ösýän aýratyn ýurtlaryň hataryna girýär. Ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ýyllyk artyşy dünýäniň jemi önüminiň ýyllyk artyşyndan birnäçe esse ýokarydyr. Munuň özi milli hojalygymyzyň dünýä önümindäki tutýan ornuny has giňeltmäge mümkinçilik berýär.

Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygyndaky tutýan ornuny görkezýän görkezijileriň biri hem JIÖ-ň adam başyna düşüşidir. Bu görkeziji JIÖ-i ýurtda ýaşaýan ähli adamlara paýlanyňda her adama näçe düşýändigini görkezýär. Bu görkeziji boýunça dünýäde ýene-de ösen ýurtlaryň öňdäki orunlarda durýandygyny görmek bolýar. Emma ösen ýurtlaryň köpüsinde ykdysady ösüş durnuklaşdy we şonuň netijesinde bu görkezijiniň ösüşi hem haýallady. Emma muňa garamazdan görkezijiniň çalt depginler bilen ösýän ýurtlary hem bar. Şeýle ýurtlaryň biri hem Türkmenistandyr. Bu görkezijiniň çalt depginler bilen ösmeginiň esasy sebäbi bolup, JIÖ-ň ýokary ösüşi çykyş edýär. JIÖ-ň ýyllyk artyşynyň ýokarylygy, bu görkezijiniň çalt ösmegini üpjün edýär. Ýurdumyzyň bu görkeziji boýunça ýakyn ýyllaryň dowamynda ösen ýurtlar bilen deňleşmegine garaşylýar. Muňa ýurtda geçirilýän kämil özgertmeler, ykdysady ösüşiň ýokarylygy mümkinçilik berýär.

Milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy esasy görkezijileriň biridir. Bu baglanyşyk ýurduň daşary söwdasynyň jemi arkaly kesgitlenýär. Daşary söwda ýurduň eksport we import amallarynyň jemidir. Eger-de daşary söwdanyň möçberi näçe uly bolsa, onda milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygy bilen baglanyşygy ýokarydyr we tersine, daşary söwda dolanyşygy näçe kiçi bolsa

baglanyşyk hem gowşakdyr. Ylmy edebiýatda bu baglanyşyga milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine integrirlenmegi diýip aýdylýar.

Daşary söwda dolanyşykda eksporty ösdürmek islendik döwletiň esasy meseleleriniň biridir. Eksportyň ýokarlanmagy milli ykdysadyýetiň ösüşine oňaýly täsir edýär. Sebäbi eksport edilýän harytlar ilki milli hojalykda öndürilýär we soňra ýurduň daşyna ugradylýar. Başgaça aýdanymyzda, eksport edilýän harytlar JIÖ-niň bir bölegidir. Şonuň üçin JIÖ-ň eksportlyk bölegi artýan bolsa, onda ol JIÖ-ň hem ösüşini üpjün edýär. Käbir döwletleriň jemi içerki önüminde eksportyň paýy ýokarydyr. Mysal üçin, Ýaponiýanyň JIÖ-niň eksport bölegi, takmynan, 10 göterime, ABŞ-nyňky 4-5 göterime, Germaniýanyňky 5-6 göterime barabardyr. Bu görkeziji eksporty jemi içerki önüme bölüp, 100 göterime köpeltmek arkaly hasaplanylýar.

Türkmenistan barada aýdylanda ykdysady kuwwatymyzyň ýylsaýyn ýokarlanmagy eksportymyzy ösdürmäge mümkinçilik berýär. Eksportymyzyň ýylsaýyn ýokarlanmagy bilen milli ykdysadyýetimiziň dünýä ykdysadyýeti bilen baglanyşygy hem şonça ýokarlanýar. Ýurdumyzyň 2007-nji ýyldaky daşary söwdasy degişli döwür bilen deňeşdireniňde, 40 göterime golaý ösmegi, şeýle-de eksportymyzyň importymyzdan has ýokary bolmagy, milli ykdysadyýetimiziň ösüşi üçin amatly şertleri döredýär. Aýratyn bellenilmeli taraplarynyň biri hem daşary söwdamyzyň ösüşi dünýä söwdasynyň ösüşinden has ýokarydyr. Halkara bilermenleri dünýä söwdasynyň her ýylda ortaça 2-3 göterim töweregi ösýändigini belleýärler. Emma, biziň daşary söwdamyzyň ösüşiniň 40 göterime golaýdygyny bellesek, onda daşary söwdamyzyň ösüşi dünýä söwdasynyň ösüşinden onlarça esse ýokarydygyny deňeşdirmek arkaly görüp bolýar. Bu deňeşdirme milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna goşulyşmak we öz ornuny barha giňeltmek meýliniň çalt depginler bilen bolup geçýändigini subut edýär. Ýurdumyzyň dünýä hojalygyna goşulyşmagynyň we ondaky ornuny giňeltmek prosesi wagtlaýyn bolman, ol yzygiderli häsiýete eýedir. Munuň kepili bolup hormatly Prezidentimiz tarapyndan

durmuşa ornaşdyrylan kämil özgertmeler, kabul edýän milli Maksatnamalar çykyş edýär. Öňümizde goýlan belent sepgitlere üstünlikli ýetilmegi, türkmen milli ykdysadyýetiniň dünýä hojalygy bilen örän berk baglaşan ýa-da iň bir integrirlenen ykdysadyýetleriň biri bolmagyna getirýär.

Milli ykdysadyýete makroderejede baha beriş ölçegleriniň biri hem milli walýutalaryň hümmetsizlenme derejesidir. Hümmetsizlenme ilki bilen halkyň durmuş-medeni ýagdaýyna oňaýsyz täsir edýär. Umuman, hümmetsizlenmegi ykdysady ösüşiň derejesi bilen kesgitleýän hem bolsalar, bu ýagdaý ösen ýurtlarda hem ýüze çykýar. Ýöne, ýokary ykdysady ösüş hümmetsizlenmegiň ösüşini bökdeýär. Hümmetsizlenmegiň derejesi käbir ýurtlarda örän ýokarydyr. Mysal üçin, 1980–1988-nji ýyllar aralygynda bu görkeziji Argentinada 290,5 %, Braziliýada 188,7 %, Boliwiýada 482,8 %, Peruda 119,1 %, Ysraýylda 136,6 %-e barabar boldy. Hatda Braziliýada 1980-nji ýyllaryň ahyrynda bu görkeziji 1000 %-e çenli baryp ýetdi. (Çeşmesi: Киреев А. Международная экономика. – M., 1997).

Hümmetsizlenme ýurduň hökümeti bilen ilatyň arasynda syýasy deňagramlylygy bozýar. Eger-de hökümet bazara gözegçilik edip, zähmet hakynyň ösüşini düzgünleşdirmese, halkyň hakyky (real) girdejileri pese gaçýar. Bu ýagdaý bolsa nägilelige alyp barýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda milli manadymyzyň denominasiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirmegi, milli manadymyzyň ýyllyk hümmetsizlenme derejesiniň nula deň bolmagy örän oýlanyşykly we çeýe pul-karz syýasatynyň alnyp barylmagy, bu meseläniň ýurdumyzda üstünlikli çözülýändigini görkezýär.

Ýurduň ykdysadyýetine baha bermekde ulanylýan görkezijileriň biri hem halkara maýa goýum ýagdaýydyr. Munuň özi milli ykdysadyýetiň daşary ýurt maýa goýumy üçin nähili derejede açyklygyny görkezýär. Daşary ýurt maýasyny milli ykdysadyýete çekmek barada Türkmenistanda görnükli işler alnyp barylýar. Daşary ýurt maýasynyň hukuk ýagdaýy, ykdysady ösüşimiziň ýokarylygy, syýasy taýdan durnuklylyk, döwlet baştutanymyza bolan ynam

daşary ýurtly maýadarlar üçin uly gyzyklanma döredýär. Milli ykdysadyýetimize goýulýan daşary ýurt maýasynyň möçberi ýylsaýyn ýokarlanýar. Bu aýdylanlara 2010-njy ýylyň ykdysady ösüşine seredeniňde görüp bolýar. Ýagny 2010-njy ýylyň içinde milli ykdysadyýetimize gönükdirilen jemi maýa goýumlaryň 26%-niň daşary ýurt maýasyna degişlidigini bellesek, onda bu meseläniň ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär. Şeýle hem daşary ýurt maýasyny milli ykdysadyýetimize çekmekde 2009-njy ýylyň oktýabr aýynyň 15-17 aralygynda «Türkmenistanyň halkara maýa goýum» forumynyň geçirilmegi, onuň netijesinde onlarça şertnamalaryň baglaşylmagy, onuň möçberiniň milliardlarça amerikan dollaryna barabardygyny bellesek, onda bu forumyň işiniň örän netijeli bolandygyny tassyklaýar.

Ýurduň zähmet öndürijiliginiň derejesi milli ykdysadyýete baha bermegiň esasy görkezijileriniň biridir. Zähmet öndürijiligi – bir adam tarapyndan belli bir wagtyň dowamynda öndürilen önümiň möçberidir. Zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy ykdysady ösüşiň hereketlendirijisi hasaplanylýar. Häzirki döwürde ýurdumyzda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda uly işler alnyp barylýar. Bu işi amala aşyrmakda esasy orun häzirki zamanyň ösen tehnologiýasyna daýanmakdyr. Häzirki wagtda gurulýan zawoddyr fabriklerimiziň hemmesi iň soňky kämil tehnika we tehnologiýa esaslanýar. Şeýle hem jemgyýetimizde bilimiň we ylmyň tutýan ornuny barha giňetmek barada alnyp barylýan ägirt uly işler, ýurdumyzda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanyp, ösen ýurtlaryň zähmet öndürijiligine deňleşmegine mümkinçilik berýär.

Umuman, milli ykdysadyýete baha bermegiň makrogörkezijileriň esasy bölegi ýokarda aýdylyp geçilenlerden ybaratdyr. Şu görkezijileriň haýsy biri boýunça alanyňda-da, milli ykdysadyýetimiziň görkezijileri örän guwandyryjydyr. Munuň özi milli hojalygymyzy ösdürmekde ykdysady kanunalaýyklyklaryň talabalaýyk ýerine ýetýändigini görkezýär. Ykdysady kanunalaýyklygyň talabalaýyk ýerine ýetirilmegi bolsa ykdysady ösüşiň kepilidir.

## 1.3. Türkmenistanyň ykdysadyýeti dersiniň predmeti we ony öwrenmegiň zerurlygy

Milli ykdysadyýetimiz döwlet garaşsyzlygyny gazananyndan soň dünýä hojalygyna özbaşdak subýekt hökmünde gatnaşýar. Bu bolsa öz gezeginde Türkmenistanyň ykdysadyýetini giňişleýin, hemmetaraplaýyn öwrenmeklik wezipesini öňe çykarýar. Milli ykdysadyýetimizi hemmetaraplaýyn öwrenmeklik bilen ykdysadyýetimiziň häzirki ýagdaýy, durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeler, onuň netijeleri, milli hojalygymyzy ösdürmegiň gelejekdäki strategiýalaryny kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Şol bir wagtyň özünde hem milli ykdysadyýetimiziň öwrenilmegi ýaş nesle döwrebap bilim bermäge, bize dürli eşretleri bagyş edýän watanymyza guwanmaga, ony goramaga we her bir raýatymyzda milli ykdysadyýetimize estetiki söýgini döretmeklige mümkinçilik berýär.

Islendik milli ykdysadyýeti içgin öwrenilmezden öňürti onuň ösüş ýoly kesgitlenilýär. Ykdysadyýetiň ösüş ýoluny geçen asyryň 90-njy ýyllaryna çenli üç topara bölýärdiler.

1. Kapitalistik ýa-da bazar ykdysadyýeti;
2. Sosialistik ösüş ýoly;
3. Ösüp gelýän ýa-da üçünji ýurtlar.

Sosialistik ösüş ýoly geçen asyryň 90-njy ýyllarynda SSSR-iň dargamagy bilen ýaşamagyny bes etdi. Emma SSSR-iň ýykylmagy bu ulgamyň dünýä hojalygyndan tutuşlaýyn ýitip gidendigini aňlatmaýar. Häzirki wagtda birnäçe ýurtlar Hytaý Halk Respublikasy, Demirgazyk Koreýa, Wýetnam, Laos, Kuba ýaly döwletler sosialistik ýol bilen ösmegini dowam etdirýär. Ýöne, bu döwletlerde kiçi, orta telekeçilige, daşary ýurt maýasynyň gatnaşmagynda bilelikdäki kärhanalaryň gurulmagyna ýol açyldy. Munuň özi bu döwletleriň hem makroderejede bazar ýkdysadyýetine ýykgyn edip başlandygyny aňladýar.

Ösüp gelýän döwletler bolsa geçen asyryň ahyrlarynda SSSR-iň ýykylmagy bilen bazar ykdysadyýetli ösüş ýoluna düşdüler. Umu-

man, häzirki zaman dünýä hojalygy tutuşlaýyn diýen ýaly bazar ykdysadyýetlidir. Häzirki wagtda bazar ykdysadyýetiniň aşakdaky görnüşleri tapawutlanýar.

1. Döwlet tarapyndan sazlaşdyrylýan bazar ykdysadyýeti.

2. Durmuş nazarlanyşly bazar ykdysadyýeti.

Tebigy bazar ykdysadyýeti ýa-da öz-özünden sazlanýan ykdysadyýetiň häzirki wagtda dünýä hojalygynda ýekejesi hem ýokdur. Tebigy bazar ykdysadyýeti ýa-da ýkdysadyýeti sazlamaga döwletiň goşulmaýan ösüş ýoly geçen asyryň 30-njy ýyllarynda ýüze çykan çökgünlikden soň ýaşamagyny gutarnykly bes etdi.

Türkmenistanyň ykdysady ösüş ýoly durmuş nazarlanyşly bazar ykdysadyýetidir. Bu ösüş ýoluň esasy aýratynlygy bazar ykdysadyýeti şertlerinde halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny gorap saklamak we ösdürmek meselesini döwletiň öz üstüne alýanlygydyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda geçiş döwründe halkyň durmuş-medeni ýagdaýyny goramakda we ösdürmekde nusga alarlykly tejribe toplanyldy.

Her bir milli ykdysadyýetiň özboluşly aýratynlyklary bardyr. Bu aýratynlyklar milli däp-dessurlar, jemgyýetiň aňy, medeniýeti, mentaliteti, tebigy baýlyklary, ykdysady gurbaty, ilatyň sany, tebigy ýerleşişi, taryhy aýratynlyklary bilen düşündirilýär. Bu aýratynlyklaryň her biri milli ykdysadyýetiň ösüş ýoluny kesgitlemeklige göni we gytaklaýyn täsir edýär. Mysal üçin, ýurdumyzyň çäginde uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlarynyň bolmaklygy bize nebiti we gazy köp möçberlerde gazyp almaga, gaýtadan işlemäge we eksport etmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem güneşli günleriň köp bolmagy gowaçanyň inçe süýümli sortlaryny ösdürip ýetişdirmeklige, alnan pagta hasylyny gaýtadan işlemek üçin dokma senagatyny ösdürmeklige şert döredýär.

Milli ykdysadyýetiň ösüş ýolunda ýüze çykýan meseleler we wezipeler birmeňzeş, durnukly bolmaýar. Dürli döwürlerde dürli wezipeler öňe çykýar. Bu bolsa täzeçe çemeleşmeleri, täzeçe çöz-

gütleri talap edýär. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllarynda esasy meseleleriň biri azyk üpjünçiligimizi pugtalandyrmak barada bolupdy. Onuň üçin dürli maksatnamalar kabul edildi. Ykdysadyýetimizde we durmuş-medeni ulgamda düýpli hil we mukdar özgerişlikler bolup geçýär. Ýurdumyzda iri halkara taslamalar durmuşa geçirilýär, halkara ykdysady gatnaşyklar täze mana eýe bolýar. Milli ykdysadyýetimiziň öňündäki häzirki durýan esasy mesele hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly «halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýyny ösen ýurtlaryňky bilen deňleşdirmek we «milli ykdysadyýetimizi dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulmagyny» gazanmakdan ybaratdyr.

Her bir dersiň predmetiniň öwrenýän meseleleri bolýar. «Türkmenistanyň ykdysadyýeti» dersiniň öwrenýän predmeti hem milli ykdysadyýetimizdir. Bu dersiň predmeti ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň ösüşini, welaýatlarymyzyň ykdysadyýetini we daşary ykdysady gatnaşyklarymyzy, durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeleri we onuň netijelerini, ýurdumyzyň önümçilik gatnaşyklaryny giňden öwrenýär.

«Türkmenistanyň ykdysadyýeti» dersi beýleki ykdysady dersler bilen berk arabaglanyşyklydyr. Olara statistika, dünýä ykdysadyýeti, halkara ykdysady gatnaşyklar, öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişi, ekologiýa, geologiýa we ş.m. degişlidir. Türkmenistanyň ykdysadyýeti ady agzalan dersleriň her biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Mysal üçin, milli ykdysadyýetimiziň ösüşi öwrenilende statistiki görkezijilere salgylanmak hökmanydyr. Bu dersiň ykdysady bazasy bolup «Ykdysady nazaryýet» çykyş edýär.

Umuman, «Türkmenistanyň ykdysadyýeti» dersiniň öwrenilmegi milli ykdysadyýetimiziň ösüşiniň strategik ugurlaryny kesgitlemek we milli ykdysadyýetimiziň dünýä hojalygyna amatly ýagdaýda goşulmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

# 2-nji bap
# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADY-GEOGRAFIKI ÝERLEŞIŞI, TEBIGY-RESURS GURBATY WE ZÄHMET RESURSLARY

## 2.1. Türkmenistanyň ykdysady-geografiki ýerleşişi

Türkmenistan Orta Aziýanyň günbatarynda, Hazar deňzi bilen Amyderýanyň aralygynda ýerleşýär. Türkmenistanyň tutýan meýdany 491,2 müň inedördül kilometre barabar bolup, bu görkeziji boýunça ýurdumyz dünýäde 51-nji orny eýeleýär. Türkmenistanyň meýdany demirgazykdan-günorta 650 kilometre, gündogardan-günbatara bolsa 1100 kilometre uzalyp gidýär. Türkmenistanyň gury ýer araçäginiň uzynlygy 4500 kilometre golaý. Türkmenistan demirgazykda Gazagystan, gündogarda we demirgazyk gündogarda Özbegistan, günortada Eýran, günorta-gündogarda Owganystan döwletleri bilen araçäkleşýär. Ýurduň günbatary Hazar deňziniň kenary bilen 600 kilometr aralyga uzalyp gidýär.

Türkmenistanyň ýer üstüniň gurluşynda düzlükleriň agdyklyk etmegi, ýurduň amatly geografiki ýerleşişini kesgitleýär. Ýer üstüniň köp böleginiň tekiz bolmagy hojalyk pudaklarynyň dürli ugurlaryny ösdürmäge hem-de goňşy döwletlere köp çykalgalar boýunça ulaglaryň ähli görnüşlerini guramaga mümkinçilik berýär. Türkmenbaşy–Aşgabat–Farap demir we awtomobil ýollary üstaşyr ýükleri, esasan, Ýewropa–Kawkaz–Orta Aziýa ugurlary boýunça amala aşyrmaga mümkinçilik berýärdi. Türkmenistanyň geografiki taýdan iki yklymyň çatrygynda amatly ýerleşendigini hem-de ýurduň geosyýasy ýagdaýyny düýpli berkitmek maksady bilen uly möçberli, halkara ähmiýetli demir we awtomobil ýollary guruldy hem-de täze taslamalar amala aşyrylýar. Ulag-aragatnaşyk ulgamyny döwrebaplaşdyrmak we ösdürmek, gadymy Beýik ýüpek ýoluny dikeltmek täze döwürde döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň

biridir. Tejen–Sarahs–Maşat halkara demir ýolunyň gurulmagy gündogardan günorta has amatly ugur açdy. Bu demir ýolunyň gurulmagy Orta Aziýa döwletleri üçin Pars aýlagyna has ýakyn çykalga berdi. Türkmenabat–Atamyrat demir ýolunyň we Atamyrat–Kerkiçi demir ýol köprüsiniň ulanyşa berilmegi bilen Günbatar-Gündogar üstaşyr geçelgesini Owganystan, Pakistan, Hytaý, Hindistan döwletlerine çenli amatly ugur boýunça uzaltmaga mümkinçilik döretdi.

Milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmak hem-de Türkmenistanyň amatly geografiki ýerleşişini ähli ugurlar boýunça netijeli peýdalanmak maksady bilen demirgazykdan günorta ugurlara tarap awtomobil we demir ýollary çekilip başlandy. Türkmenistan häzirki döwürde emele gelýän «Demirgazyk-Günorta» geçelgesiniň amatly çatrygynda ýerleşýär. Bu bolsa diňe bir ýurdumyzda öndürilýän önümleri dünýä bazarlaryna çykarmaga mümkinçilik bermek bilen çäklenmän, eýsem, goňşy döwletleriň ýüklerini öz üstünden amatly ugurlar bilen geçirmekden hem uly möçberlerde girdeji gazanmaga mümkinçilik berer. Möçberi boýunça ägirt uly bu transmilli geçelge Russiýanyň, Gazagystanyň, Türkmenistanyň we Eýranyň demir ýol ulgamlaryny birleşdirip, Ýewropa ýurtlaryna gysga ýol bilen Pars aýlagyna çykmaklyga mümkinçilik berer. Mundan başga-da, bu transmilli geçelgesiniň Türkmenistanyň çäginden geçýän böleginde ýol infrastrukturalarynyň desgalarynyň gurulmagy sebitiň üstaşyr ýük daşamak mümkinçiliklerini, şeýle hem tutuş Hazar ýakasynda syýahatçylyk pudagyny ösdürmek mümkinçiliklerini netijeli ulanmaga ýardam eder.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ösmegi bilen Türkmenbaşynyň deňiz porty hem düýpli özgerdiler. Türkmenbaşy deňiz porty geografiki nukdaýnazardan amatly ýerde – Ýewropa bilen Aziýanyň çatrygynda, ähli howa, guryýer hem-de suw ýollarynyň kesişýän ýerinde ýerleşýär. Ol Ýewropa–Kawkaz–Orta Aziýa ugurlary boýunça dürli ýollar bilen gelýän we gidýän ýükleri, ýolagçylary deňizden üstaşyr geçirýän köpri bolup hyzmat edýär. Bu portuň tehnika we tehnologiýa taýdan üpjünçilik derejesi dünýä ülňülerine doly laýyk getiriler. Bu bolsa Ýewropa–Kawkaz–Orta Aziýa halkara ulag ge-

çelgesinde Türkmenbaşy portunyň üstaşyr ýük geçirijilik mümkinçiliklerini has-da artdyrar. Halkara deňiz portunyň özgermegi we döwrebaplaşmagy, täze halkara howa menziliniň gurulmagy, ýokary hilli we tizlikli Türkmenbaşy–Aşgabat–Farap awtomobil ýolunyň ulanylmaga berilmegi, Demirgazyk-Günorta halkara demir ýolunyň hereket edip başlamagy, Türkmenbaşy şäheriniň Günbatardan-Gündogara hem-de Demirgazyk-Günorta ugur boýunça üstaşyr geçirilýän halkara ulag ýolunyň iň uly merkezleriniň birine öwrülmegine getirer.

Türkmenistanyň günbatar araçäginde Hazar deňziniň ýerleşmegi ýurdumyzyň ykdysady geografiki ýerleşişine uly amatlylyk berýär. Hazar deňziniň üsti bilen Türkmenistan dünýäde iň arzan hasaplanylýan deňiz ulaglary bilen Hazarýaka döwletlerine ýük gatnawyny amala aşyrýar. Hazarýaka döwletleri bilen söwda-ykdysady gatnaşyklary amala aşyrmakda Türkmenbaşy, Garabogaz, Alaja portlarynyň ähmiýeti uludyr. Bu portlaryň üsti bilen deňiz kenarlarynda ýerleşen Russiýanyň Astrahan, Mahaçkala, Azerbaýjanyň Baku, Gazagystanyň Aktau, Eýranyň Neka, Bendere-Enzeli, Nouşehr portlaryna nebit we nebit önümleri, suwuklandyrylan gaz, himiki çig mallar we önümler daşalýar hem-de üstaşyr ýükler geçirilýär. Türkmenbaşy deňiz portunyň derýa-deňiz kysymly gämileri bilen Wolga derýasynyň, Wolga-Don kanalynyň, Don derýasynyň üsti bilen Azow, Gara we Ortaýer deňizlerine çykyp söwda-ykdysady gatnaşyklary amala aşyrylýar. Türkmenbaşy halkara deňiz menziliniň döwrebaplaşdyrylmagy, täze halkara howa menziliniň gurulmagy, ýokary hilli Türkmenbaşy–Aşgabat–Türkmenabat awtomobil ýolunyň ulanylmaga berilmegi, Demirgazyk-Günorta halkara demir ýolunyň hereket edip başlamagy netijesinde, Türkmenbaşy şäheri Günbatar-Gündogar hem-de Demirgazyk-Günorta ugur boýunça üstaşyr geçýän halkara ulag ýolunyň iň uly merkezleriniň biri bolar.

Aşgabat–Garagum–Daşoguz awtomobil we demir ýollarynyň gurulmagy Türkmenistanyň ulag-geografiki ýerleşişini has amatlaşdyrdy. Bu awtomobil we demir ýollarynyň işe girizilmegi ýurduň içinde ýükleri we ýolagçylary gatnatmaga we goňşy döwletler bilen dürli ugurlar boýunça söwda-ykdysady gatnaşyklary ösdürmek-

lige ýardam etdi. Döwletimiziň ykdysady kuwwatyny artdyrmak hem-de ulag-geografiki ýerleşişini has amatlaşdyrmak maksady bilen Türkmenabat-Daşoguz awtomobil we demir ýollary gurular. Bu ýollaryň gurulmagy bilen Türkmenistanyň gury ýer ulaglary doly halkalaýyn häsiýete eýe bolar. Ýakyn ýyllarda Türkmenabat we Daşoguz şäherlerini birleşdirýän demir ýolunyň gurulmagy bilen ýurdumyzyň demirgazyk sebiti gündogar sebite we onuň üsti bilen Günorta Aziýa döwletlerine gysga ýol bilen çykmaga mümkinçilik alar.

Türkmenistanyň geografiki taýdan amatly ýerleşmegi ýurdumyzyň ägirt uly gorlary bolan uglewodorod serişdelerini dünýä bazarlaryna köp ugurlar boýunça çykarmaga hem-de Aziýanyň we Ýewropanyň döwletleri bilen energetika boýunça hyzmatdaşlyk etmäge mümkinçilik döredýär. Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý gaz geçirijisiniň ulanylmaga berilmegi gadymy «Ýüpek ýoluny» dikeldip, ýurdumyzyň geosyýasy we ulag-geografiki ýerleşişine goşmaça amatlylyk döretdi. Goňşy Eýran döwletine gaz geçirijileriň ikinji şahasynyň we Russiýa eksport edilýän gazyň täzeden dikeldilmegi döwletara we sebitara gatnaşyklarynyň işjeňleşdirilmegine itergi berýär.

## 2.2. Türkmenistanyň tebigy-resurs üpjünçiligi

Türkmenistan mineral-çig mal serişdelerine baý ýurtdur. Ýurduň esasy baýlyklarynyň biri bolup, nebit-gaz ýataklarynyň uly möçberli gorlary çykyş edýär. Türkmenistan uglewodorod serişdelerine iň baý ýurtlaryň hataryna girýär. Uglewodorod serişdeleriniň uly möçberli gorlary nebit-gaz senagatyny ösdürmeklige we şonuň bilen baglylykda milli ykdysadyýetimiziň beýleki pudaklaryny ösdürmeklige esas bolup hyzmat edýär. Türkmenistanyň ägirt uly uglewodorod gorlaryny doly öwrenmek, täze nebit-gazly ýataklary açmak we özleşdirmek üçin döwlet tarapyndan uly serişdeler goýberilýär hem-de iri maýa goýumlary çekilýär. Iri maýa goýumlarynyň gönükdirilmegi netijesinde geologiýa-gözleg we burawlaýyş işleriniň gerimi ýylsaýyn

giňeldilýär, nebit-gaz pudagynyň çig mal binýady berkidilýär. Bu ugurda alnyp barylýan işler hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny diwersifikasiýalaşdyrmak ýörelgesiniň özenini düzýär.

Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä bazarlaryna energetiki serişdeleri uly möçberlerde eksport edýän ýurtlaryň hatarynda öňdebaryjy orny eýeleýär. Tebigy gazyň we nebitiň ägirt uly möçberli gorlary Türkmenistanyň ykdysadyýetini düzümleýin özgertmekde wajyp maddy esas bolup çykyş edýär.

Türkmenistanda açylan nebitiň we tebigy gazyň ýataklarynyň sany müňden geçýär. Olaryň 150-den gowragy geologiýa-gözleg işleri netijesinde doly anyklanandyr. Bu ýataklaryň diňe 50-sinde senagat-önümçilik işleriniň alnyp barylmagy, geljekde ýurdumyzyň ýangyç-energetika pudagynda uly ösüşleriň boljakdygyny görkezýär. Türkmenistanyň çäginde nebit hasabyna geçirilende 45,44 milliard tonna uglewodorod serişdesi bar. Türkmenistanyň uglewodorod serişdeleriniň ätiýaçlyk gorlaryny düýpli artdyrmaklyk mümkinçiligi örän uludyr. Ýurduň çäginiň 70%, eger Hazar deňziniň kenarýaka ýalpaklaryny hasaba alsaň, 85% nebitiň we tebigy gazyň uly möçberli gorlarynyň çaklanylýan çäkleriniň hataryna degişlidir. Munuň özi ýurdumyzyň nebit-gaz ätiýaçlyklarynyň onuň häzirki hasaplanylan möçberinden has kändigini görkezýär.

Türkmenistanda nebitiň gorlary 20,8 milliard tonna barabardyr. Nebitiň esasy gorlary ýurdumyzyň günbatarynda, Hazarýaka çöketliginiň çäklerinde Goturdepe, Burun, Barsagelmez, Çeleken, Gamyşlyja, Ekerem, Akpatlawuk, Keýmir, Nebitlije, Şatut ojaklarynda ýerleşendir. Nebitiň gorlary diňe gury ýerde bolman, eýsem, Hazar deňziniň düýbünde hem jemlenendir. Hazaryň ýalpaklarynda, hünärmenler tarapyndan, nebitiň 12 milliard tonnasynyň we tebigy gazyň 6 trillion kub metre golaý gorlary bar diýip çaklanylýar. Häzirki döwürde biziň ýurdumyzyň gury ýerlerinde bolşy ýaly Hazaryň deňiz ýalpaklarynda müňden gowrak nebit we gaz düzümleri ýüze çykaryldy hem-de 160-dan gowrak nebit-gaz ýataklarynyň üsti açyldy. Olaryň arasynda özünde jemleýän gorlarynyň möçberi boýunça Jy-

galybeg, Jeýtun, Jeýhun, Çelekenýangümmez, Garaköl-deňiz, Omar, Osman, Serdar, Diýarbekir, Magtymguly ýataklary tapawutlanýar. Hazaryň Türkmenistana degişli bölegi 32 topluma bölündi we olar boýunça zerur resminamalar taýýarlanyldy. Toplumlaryň käbirinde häzirki wagtda önümleri paýlaşmak şertlerinde nebit we gaz çykarylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň çäginde geçirilen ylmy-barlag, geologik we geofiziki işleri netijesinde ýurdumyzyň Günbataryndan beýleki ýerlerde, has takygy, Köpetdag eteginiň ýapgytlarynda, Merkezi Garagumda, Murgap, Amyderýa sebitlerinde, Üňüz aňyrsyndaky Garagumda uly gorlary bolan nebitli ojaklar açyldy. Türkmenistanyň ähli sebitlerinde nebit gorunyň ummasyzdygyny Mary welaýatyndaky Günorta Ýolöten we Amyderýanyň sag kenaryndaky geljegi uly Ýaşyldepe, Merkezi Garagumdaky Gutlaýak, Mydar, Ýylakly meýdançalarynda tapylan nebit ýataklary subut etdi.

Türkmenistanyň tebigy gazynyň ätiýaçlyk gorlarynyň möçberi takmynan 24,6 trillion kub metre barabar diýip çaklanylýar. Täze açylan ägirt uly Günorta Ýolöten, Osman, Ýaşlar ýaly ýataklarda gazyň tassyklanylan egsilmez gorlary bar. «Gaffney Cline & Associates» iňlis kompaniýasynyň audit barlaglarynyň netijesinde ägirt uly gaz gorlary halkara derejesinde tassyklanan Günorta Ýolöten-Osman, Ýaşlar we Minara ýataklaryny birleşdirýän «Galkynyş» gaz käni häzirki döwürde Türkmenistany dünýäniň iri energetika döwletleriniň hataryna goşdy. «Galkynyş» ýatagynyň gaz gorlary 26,2 trillion kubmetre barabar tebigy gazdan ybaratdyr. Bu görkeziji Galkynyş ýatagyny dünýäde üçünji orna çykardy. Häzirki wagtda «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasy Günorta Ýolöten-Osman, Ýaşlar we Minara ýataklarynda hem-de şol ojaklaryň golaýynda ýerleşýän geljegi uly Günorta Garaköl, Garaköl, Gazanly, Jürji, Gündogar Ýolöten we Günbatar Ýandakly meýdanlarynda gözleg-agtaryş işlerini dowam etdirýär. Gözleg işleriniň netijeleri bu ýataklaryň we geljegi uly bolan meýdanlaryň bir bütewi uly nebit-gaz toplanmalar zolagyny emele getirýändigini çaklamaga esas döredýär. Gazyň örän uly gorlary Murgap we Tejen derýalarynyň basseýninde, Murgap-Tejen

derýalary aralygynda Döwletabat–Dönmez känlerinde, Şatlyk, Gurrukbil, Garabil, Tejen, Baýramaly, Garaçöp ýataklarynda, Günbatar Türkmenistanda Körpeje, Çekiçler ýataklarynda we Hazar deňziniň ýalpaklarynda, Merkezi Garagumda Atasary, Kyrk, Şyhaly, Topjulba ýataklarynda, Gündogar Türkmenistanda Kükürtli, Kerpiçli, Malaý, Samandepe, Naýyp, Ojak, Balguýy, Bagaja, Üçajy känlerinde jemlenendir. Tebigy gazyň uly gorlary jemlenen Gündogar Türkmenistanyň çäklerinde 60-dan gowrak gaz we gaz kondensaty ýataklary açyldy. Ahal welaýatynyň Sarahs hem-de Mary welaýatynyň Murgap we Ýolöten etraplarynyň çäklerinde özünde 4,5 trillion kub metr gaz goruny jemleýän Döwletabat ýatagy hem ýerleşýär. Bu sebitde geçirilen geologiýa-gözleg işleriniň netijeleri boýunça Gurrukbilde, Garabilde, Gündogar Sarahsda, Düzengyrda, Üçgamakda, Keýikgyrda we beýleki ýerlerde uglewodorodlaryň täze gorlary ýüze çykaryldy. Günorta Ýolöten-Osman, Ýaşlar, Döwletabat we Şatlyk ýaly gaz ýataklary dünýäniň iň uly ýataklarynyň hatarynda kabul edilýär. Britan kompaniýasy tarapyndan geçirilen audit barlagy Mary welaýatynyň Türkmengala etrabynyň çäginde ýerleşýän Ýaşlar ýatagynda tebigy gazyň gorunyň 1,5 trillion kub metre çenli çäklerinde kesgitledi. «Türkmengeologiýa» döwlet konserni häzirki wagtda Ýaşlaryň töweregində ýerleşen, Pioner, Juwandepe, Garitli hem-de Günbatar Ýandakly, Ýelçilik meýdançalarynda geologiýa-gözleg işlerini alyp barýar. «Türkmengeologiýa» döwlet konserni Lebap welaýatynda Agarguýy, Demirgazyk Gazlydepe, Ahal welaýatynda Günorta Gutlyýak, Gäzli ýaly täze ýataklary açdy. 2009-njy ýylda uglewodorodlaryň senagat gorlary Lebap welaýatyndaky Demirgazyk Naýyp, Bagaja, Çarlak, Ahal welaýatyndaky Garajaowlak, Balkan welaýatyndaky Garadurun we Ajyýap ýataklarynda has-da artdy.

Ýurdumyzyň ýangyç resurs gorlarynyň düzüminde kömrüň tutýan paýy uly däldir. Kömrüň känleri Uly Balkan, Magdanly, Köýtendag, Tüwergyr sebitlerinde ýerleşendir. Uly Balkanyň demirgazyk-günbatarynda Oglanly, Gyzyljabaýyr, Şorly, Ýagman ýaly kömürli ýerler bar. Ýagmanda kömür gatlagynyň galyňlygy 0,5-0,7 metre deňdir. Ol ýokary hilli kokslaşýan kömre degişlidir. Köýten-

dag gerşiniň gündogar böleginde ýerleşýän kömür käni ýarym antrasit kömrüne degişlidir. Soňky ýyllarda geçirilen gözleg-agtaryş işleri netijesinde Garagum çölünde we Türkmenbaşy şäheriniň golaýynda, Awaza–Guwlyköl aralygynda kömrüň ýerasty gorlary ýüze çykaryldy. Kömrüň gorlary we hojalyk ähmiýeti boýunça Tüwergyr ojagy tapawutlanýar. Tüwergyryň goňur kömrüniň senagat gorlary 800 million tonnadan gowrakdyr. Kömür 300-400 metr çuňlukda ýerleşýär. Kömrüň düzüminiň esasy bölegini gumin maddalary tutýar.

Türkmenistanda himiýa we nebit-himiýa senagatyny ösdürmek üçin zerur bolan çig mallaryň köp görnüşleri we uly möçberde gorlary ýerleşendir. Olaryň hatarynda tebigy we gaz halyndaky kükürt magdanlaryny, kaliý we daş duzlaryny, selitrany, nebitdakyly, fosforiti, selestini, ýody hem bromy we ençeme beýleki tebigy baýlyklary görkezmek bolar.

Çelekende we Uly Balkan daglaryň töweregindäki ýerlerde gymmat we dünýäde örän seýrek duş gelýän mineral madda bolan nebitdakylyň esasy gorlary ýerleşýär. Nebitdakyl we ondan öndürilýän serezin senagatyň köp pudaklarynda: elektrotehniki (izolýasiýa), sellýuloza-kagyz, lak-reňk, maşyn gurluşykda, kosmetikada we lukmançylykda giňden ulanylýar.

Türkmenistan bromuň we ýoduň uly möçberli gorlarynyň eýesidir. Ýoduň we bromuň gorlary gury ýerde Nebitdag-Monjukly, Gögerendag-Garadaşly, Buýadag, Çukurguýy meýdançalarynda we deňiz kenar ýakalarynda ýerleşýär. Hazar ýarym adasynyň kenar ýakasynda ýerleşen Çeleken ýatagynyň ýod-bromly suwlary özüniň hili bilen has tapawutlanýar. Ýod-bromly suwlaryň bäş käninde agtarylyp tapylan tassyklanan gorlaryň möçberi gije-gündizde 423,1 müň kub metr suwy işlemeklige mümkinçiligi bardyr.

Ýurdumyzda senagat önümçiliginde giňden ulanylýan hem-de tebigatda seýrek ýaýran sap kükürdiň gorlary 30 million tonnadan geçýär. Ýurdumyzda kükürdiň gorlary Garagum topary, Gowurdak we Köýtendag ýataklarynda jemlenendir. Gowurdakdaky kükürdiň gorlary 18 million tonnadan gowrak bolup, ol ýerasty eretme usuly bilen alynýar. Gowurdagyň ýokary hilli kükürdine daşary ýurtlaryň is-

legi uly. Köýten ýatagy Kelif şäherçesiniň demirgazygynda ýerleşýär. Ýatak ýerasty eretme usuly bilen ulanylyşa hödürlenendir. Köýten ýatagynda önümli gatlagyň galyňlygy 70 metre çenli bolup, kükürt 180-400 metr çuňlukda ýerleşýär. Türkmenistan gaz kükürdiniň hem ätiýaçlyklaryna baýdyr. Häzirki zaman tehnologik enjamlar arkaly kükürdi, tebigy gazy gaýtadan işläp hem alýarlar. Türkmenistanyň Amyderýa, Murgap boýlaryndaky we Köpetdag eteklerindäki ýerleşýän gaz ýataklary (Samandepe, Sakar, Kükürtli, Günorta Ýolöten, Osman, Ýaşlar, Garajaowlak we beýlekiler) kükürtli wodorodyň ýokarlandyrylan mukdaryny we örän uly gorlaryny özlerinde jemleýär.

Türkmenistan hloruň, iýiji natriýniň we kalsilirlenen sodanyň önümçiliginde ulanylýan nahar duzlaryna baýdyr. Türkmenistanda nahar duzlarynyň senagat gorlary 2 milliard tonnadan geçýär. Ýurdumyzda nahar duzlary daş we köl görnüşlerinde duş gelýär. Galit daş duzlaryň iri ýataklary Gowurdak, Köýtendag we Hojagyýyam ýataklarynda jemlenendir. Türkmenistanda köl nahar duz ýataklary has giň ýaýrandyr. Olardan Guwly, Babahoja, Garabogazköl, Uzboý, Uzynsuw, Garaşor, Soltansanjar, Duzgyr, Ýeroýlanduz we başgalar bardyr. Nahar duz ojaklaryndan doly öwrenileni we senagat taýdan özleşdirilýäni Guwly we Babahoja ýataklarydyr. Guwly ýatagy Türkmenbaşy şäherinden 40 kilometr demirgazykda ýerleşýär. Ýatagyň döremegi duzly köl bilen bagly. Gurak howa çöketlikdäki deňiz suwuny çalt bugardýar, netijede duzlulyk artýar, duz kristallaşyp çökýär we gaty hala geçýär. Bu ýatagyň gorlary öz-özünden döremäge ukyplydyr. Ýatakdaky duzuň hili ýokarydyr, onuň düzüminden diňe magniý duzlaryny aýyrýarlar. Babahoja ýatagy Jebel şäherçesiniň golaýynda, amatly ulag ýol geçelgesiniň ugrunda ýerleşendir.

Oba hojalyk pudagynda giňden ulanylýan mineral dökünleriň önümçiligi üçin wajyp çig mal bolan kaliý duzlarynyň gorlary ýurdumyzyň gündogarynda Gowurdak, Gyzylmazar, Köýten, Garabil, Garlyk, Öküzbulak ýataklarynda ýerleşýär. Diýarymyzda kaliý duzlaryň gory 3,5 milliard tonnadan gowrak bolup, onuň 2 milliard tonnadan gowragy Garlyk ýatagynyň paýyna düşýär. Ýurdumyzyň

kaliý konsentratyny we dökünlerini öndürmek boýunça öňdebaryjy orunlary eýelemek mümkinçiligi bar. Garlyk käninde magniý okisiniň 46 million tonna agtarylyp ýüze çykarylan we 40 million tonna gelejegi bolan gorlary jemlenendir. Garlyk ýatagy Kelif demir ýol menzilinden 20-30 kilometr demirgazykda we Magdanly şäherinden 45 kilometr günorta-gündogarda ýerleşýär. Ýatagyň duzlary kaliý dökünleriniň, sodanyň, azyklyk duzunyň, bişofitiň önümçiligini ýola goýmaga ýaramly. Garlyk ýatagynyň baý çig malyny netijeli ulanmak hem-de ekerançylygyň mineral dökünlere bolan zerurlyklaryny doly kanagatlandyrmak maksady bilen Köýtendag etrabynda kaliý dökünlerini öndürýän dag-magdan baýlaşdyryjy toplumyň düýbi tutuldy. Garabil ýatagy Magdanly şäherinden 17 kilometr günorta-gündogarda we Köýtendag demir ýol menzilinden 20 kilometr demirgazyk-gündogarda ýerleşýär. Ýatak 200 kilometr inedördül meýdany tutup, uly Garabil göterilmesiniň üstünde ýerleşýär. Garabilde kaliý duzlarynyň gorlary 1,4 milliard tonna barabardyr. Duzlar kaliý dökünlerini öndürmek üçin ýaramlydyr. Gowurdak ýatagy Magdanly şäherinden 8 kilometr demirgazyk- gündogarda, Mukru demir ýol menzilinden 45 kilometr uzaklykda ýerleşýär. Ol senagat nukdaýnazardan daş duz ýatagy bolup, kaliý duzlary onuň çäginde ugurdaş gazma baýlyk bolup durýar. Gowurdak ýatagy 45 inedördül kilometre barabar meýdany tutup, özünde kaliý duzlarynyň 106 million tonnadan gowrak gorlaryny jemleýär.

Dünýäniň «himiýa laboratoriýasy» diýip at alan Garabogazköl aýlagy köpdürli we gymmatly himiki çig mallaryň çeşmesidir. Şu nukdaýnazardan, Garabogaz aýlagynyň mineral serişdelerini ulanmak meselesi wajyp ähmiýete eýedir. Hormatly Prezidentimiz bu aýlagyň egsilmez baýlyklarynyň ýurduň ykdysady ösüşine berjek mümkinçiliginiň uludygyny nazara alyp, Garabogazyň mineral çig mallarynyň senagat taýdan özleşdirilmegine uly ähmiýet berýär. Bu aýlagda bar bolan gömülen gatlaklaryň şerebeleri, duz çökündileri we suw giňişliginiň doýgun duzly suwy natriý sulfatynyň, kaliýniň, magniýniň, bromuň, boruň, litiýniň, rubidiýniň, stronsiýniň, ýoduň we himiýa senagaty üçin zerur bolan başga maddalaryň uly gorlarynyň

çeşmesi bolup çykyş edýär. Garabogaz aýlagynyň mineral çig mallary himiýa senagatynda we beýleki hojalyk pudaklarynda giňden ulanylýar. Garabogaz aýlagynyň esasy önümi bolan natriý sulfaty soda, aýna, kagyz, dokma, sintetiki kir ýuwujy serişdeleri öndürmekde, bişofit bolsa defoliantlary, magniý metalyny, buraw erginlerini taýýarlamakda, energetikada, lukmançylykda ulanylýar. Garabogaz kölüniň şerebelerinde natriý sulfatynyň ýüze çykarylan gorlary gije-gündizde 342 müň kub metre, magniý duzlarynyňky bolsa (bişofit we epsomit) – gije-gündizde 112 müň kub metre barabardyr. Bu şerebeli suwlar Garabogaz aýlagyna akyp duran Hazar deňziniň suwlarynyň bugarmagy netijesinde tebigy şertlerde emele gelýär. Aýlaga düşýän suwlaryň bugarmagy bilen onuň duzlulygy barha artýar, bu bolsa öz gezeginde şerebeleriň düzümindäki ähli makro we mikroelementleriň mukdarynyň köpelmegine getirýär. Şerebeler, esasan, natriýniň, magniýniň hloridleri we sulfatlary, kaliý, brom, bor, seýrek duş gelýän gymmatly metallar bilen baýlaşyp, senagat taýdan peýdalanmaga taýýar himiki çig mal derejesine ýetýär. Şunuň ýaly köp görnüşli mineral çig mallaryň bir bitewi toplum görnüşinde peýdalanylmagy, himiýa senagatynyň dürli pudaklarynyň we onuň bilen utgaşykly birnäçe önümçilikleriň döredilmegine we ösdürilmegine mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda dünýä belli himiýa çig mallarynyň hazynasy bolan Garabogazyň baýlyklaryny senagat taýdan toplumlaýyn özleşdirmek boýunça uly işler amala aşyrylýar.

Türkmenistan himiki häsiýeti boýunça tapawutlanýan ýokary hilli aşgar we aşgar-toprakly bentonit toýunyna baýdyr. Bentonit toýnuň gorlary Oglanly käninde hem-de Hazar ýarymadasynda Borjaklyda we Garamaýakda ýerleşýär. Bentonit toýnuň gory boýunça Oglanly ojagy tapawutlanýar. Oglanly känindäki bentonitiň gory 25 million tonna barabardyr. Oglanly käninde bentonit toýny açyk usulda gazylyp alynýar. Onuň bentonit gatlagy 9-dan 23 metr aralygyndadyr. Oglanly käninden çykýan bentonitler halk hojalygynyň dürli pudaklarynda, ýagny nebit-himiýa, dokma senagatynda, keramika we farfor önümçiliginde giňden ulanylýar. Bentonit buraw-gözleg, buraw-gurluşyk işleri geçirilende ýokary hilli toýunly laýlary taýýarlamakda hem-de

galyň kagyzlary, plýonkalary öndürmekde peýdalanylýar. Bentoniti nebiti gaýtadan işleýän senagatda nebit önümlerini arassalamakda ýokary hilli goşundy, lukmançylykda bolsa ýapgy üçin şepbeşik toýun görnüşinde peýdalanýarlar. Gyzylgaýanyň golaýynda düzüminde kaolin saklaýan çägelik ýataklary ýerleşýär. Kaolin santehniki, farfor-faýans önümlerini almakda, ýuka keramika, aýna, kagyz, karton we oda çydamly kerpiçiň senagat önümçiligi üçin toplumlaýyn çig mal bolup hyzmat edýär.

Türkmenistanyň gurluşyk materiallary senagatyny düýpli ösdürmek boýunça bar bolan mümkinçilikleri uludyr. Ýurduň gurluşygynda zerur bolan sement we gurluşyk aýnasy üçin çig mallar, dolomit, gips we angidrit, kerpiç toýny, iri we ownuk çagyllar, gurluşyk we silikat çägeleri, diwar kerpiçleri üçin öýjükli hek daşlary, magdan däl serişdeler, diwaryň ýüzüne örülýän materiallar we ençeme beýleki çig mallar alynýar.

Daglyk ýerlerdäki hek daşlarynyň we çäge daşlarynyň esasynda ýurdumyzda sement we beýleki gurluşyk kärhanalary işleýär. Sementiň iri çig mal baýlyklary Baharlynyň we Abadanyň golaýynda, Uly Balkanda we Köýtendagda ýerleşýär. Baharlynyň golaýynda ýerleşen hek we çäge daşlarynyň esasynda Keletäniň sement zawody hereket edýär. Aýna senagaty üçin möhüm çig mal bolup hyzmat edýän ýokary hili kwars çägeleri Babadurmazyň töwereginde, Aşgabadyň golaýynda, Keletede, Baharlyda bar. Türkmenistanda kerpiç toýnunyň 40-dan gowrak ojagy bar. Keramzit toýnunyň uly gorlary Gowşutda, Baharly etrabynda, gipsiň gorlary bolsa Magdanlynyň golaýyndaky Gowurdak ojagynda ýerleşýär. Türkmenistanyň çäginde 30-dan gowrak dürli derejede öwrenilen zylça (angidrit) ýataklary bar. Zylça diwarlar we pollar örtülýän plitkalary, emeli mermeri, basgançaklary öndürmek üçin, portland sement önümçiliginde ulanylýar. Zylçanyň gorlary Gubadagda, Uly we Kiçi Balkanda, Merkezi we Gündogar Köpetdagda, Gowurdak we Köýtendagda, Bathyzda, Garabogazda ýerleşýär.

Ýurdumyzda geçirilýän geologiýa-gözleg işleri netijesinde gurluşyk materiallarynyň täze görnüşleri we gorlary açylýar. Diňe Garaşsyzlyk ýyllarynda üç sany sement çig mal, bir örtgi materiallary, iki sany aýna önümçiligi üçin kwars gumdaşy, 9 sany gurluşyk işleri

üçin gumdaş-çagyl garylan, 12 sany bolsa keramiki kerpiç we çerepisa önümçiligi üçin toýun ýataklary senagat taýdan ulanylmaga berildi. Ýurtda onlarça sany gurluşyk işleri üçin gumdaş-çagyl garylan ýataklar bar. Balkan welaýatynyň Akdaş şäherçesiniň golaýynda goşa daş ojagy ýerleşýär. Gymmatbaha dag jynsy bolan mermer okisi Köpetdagda we Uly Balkanda ýerleşýär. Mermer-granit hem-de bezeg daşlarynyň gorlary Lebap welaýatynda ýerleşýär. Balkan welaýatynyň çäklerinde diwaryň ýüzüne örülýän gurluşyk materiallarynyň känleri ýerleşýär. Balkan welaýatynyň çäklerinde ýerleşen gipsiň we angidridiň gorlary onlarça million tonnadan geçýär we her ýylda 400-500 müň tonna gips daşyny almaga mümkinçilik berýär. Balkan welaýatynyň Gaýly karýerinde gyzyl öwüşginli owadan daşlaryň gatlaklary ýerleşýär. Olar öz düzümi boýunça mermerden gaty, granitden ýumşagrak bolup, gurluşykda islegli önümlerdir.

Häzirki döwürde dünýä boýunça keselleri mümkingadar tebigy bejeriş faktorlaryny ulanmak bilen bejermäge ugur alynýar. Sebäbi tebigy bejeriş faktorlary dermanlardan ekologiki taýdan arassalygy, bedene zyýansyzlygy, köpçülik üçin elýeterliligi bilen tapawutlanýar. Şol nukdaýnazardan ugur alynsa, Türkmenistany dünýä boýunça tebigy usulda keselleri bejeriji we adamlaryň saglygyny dikeldiji merkezleriniň birine öwürmäge doly mümkinçilikler bardyr. Türkmenistanyň çägi dünýä ähmiýetli sagaldyş çeşmeleri bolan kesel bejeriji mineral we termal suwlaryň, klimatyň, palçykly we duzly kölleriň mekanydyr. Türkmenistanyň Hazar deňziniň kenary, sagaldyjy palçyklar, mineral suwlar, termal çeşmeler, daglyk ýerleriniň howasy, toplumlaýyn ulanylan ýagdaýynda syýahatçylygy, dynç alyş-sagaldyş merkezlerini giň gerimlerde ösdürmeklige uly mümkinçilikleri berýär. Türkmenistanyň dag etekleri gyzgyn çeşmelere baýdyr. Şolaryň esasynda Arçmanda ýörite şypahana döredildi. Kesel bejerýän palçyklar Mollagarada, Esengulyda, Gökçägede we Soltansanjar kölünde bar.

Hazaryň kenary bejeriş we öňüni alyş çäreleri üçin örän ähmiýetli suw-mineral baýlyklaryny özünde jemleýär. Hazar deňziniň gündogar kenarynyň iň uly suw-mineral baýlyklarynyň biri bolan Awaza

ýatagynyň suwy bromuň, ýoduň, boruň ýokarlandyrylan derejesini özünde saklaýan kesel bejeriji – sagaldyjy häsiýetli suwlaryň hataryna girýär. Natriý hloridli suw adamyň daýanç-hereket agzalarynyň, nerw we ýürek-gan damar ulgamlarynyň kesellerini bejermekde we öňüni almakda şypa beriji tebigy serişde hasaplanýar. Hazaryň şol şypa beriji suwlaryny peýdalanmak hem-de syýahatçylygy ösdürmek maksady bilen «Awaza» halkara milli syýahatçylyk zolagy döredildi.

Ahal welaýatynyň Baharly etraby mineral we termal suwlara baý sebitdir. Arçmanyň şypaly suwy himiki düzümi boýunça kükürtli-hlorly, gidrokarbonatly, natrili-kalsili-magnili suwa degişlidir. Çeşmäniň gözünden alnan suwuň düzüminde kükürtli wodorodyň mukdary bir litrde 10-12 grama barabar, temperaturasy bütin ýylyň dowamynda 28,2-28,5°C-a deňdir. Arçman suwy içmek, suwa düşmek, içegeleri ýuwmak üçin ulanylýar. Arçman mineral suwy aşgazanyň nemli bardasyny arassalaýar, turşulygy kadalaşdyrýar, bu suwyň täsiri astynda aşgazanyň, bagryň, öthaltanyň, içegeleriň, aşgazanasty mäziň, nerw ulgamynyň işi kadalaşýar, deri we zenan kesellerini bejermek üçin-de peýdalydyr. Baharly şäheriniň golaýynda kükürt gatyşykly çeşmäniň esasynda «Ýylysuw» şypahanasy döredildi. Ýyly suw çeşmeleri bäş sany guýudan ybarat bolup, olaryň her biriniň özboluşly tapawutly aýratynlygy bardyr. Suwlaryň şeýle tapawutly aýratynlyklary, adamlaryň saglygyna täsiriniň ululygy we netijeliligi boýunça ol dünýäniň beýleki şypahanalaryndan düýpli tapawutlanýar. «Ýylysuw» çeşmeleri ýürek agyryny we nerw ulgamyny bejermek üçin has ýaramly hem-de aşgazany, bagry agyryly adamlar üçin peýdalydyr. Mollagara kölüniň şor suwy we şypaly gara palçygy bejeriji we sagaldyjy täsirleri bilen giňden meşhurdyr. Şypaly palçygyň täsiri onuň fiziki-himiki häsiýetlerine we onuň ulanylyş usulyna baglydyr.

Baýramalynyň howasyna adam bedenini we ruhuny sagaldyjy täsir mahsusdyr. Gurak yssy klimatyň täsiri netijesinde adamyň suw-mineral we uglewod çalşygy gowulaşýar, beden zäherli maddalardan saplanýar. Gün şöhlesiniň täsiri netijesinde ýüregiň, böwregiň, öýkeniň, deriniň, mäzleriň gan damarlary giňeýär, şeýlelikde, adamyň derlemesi artýar, gan basyşy pese düşýär, endamyndaky çişler aýryl-

ýar, gan aýlanyşy, süňkdäki kalsiýniň we fosforyň mukdary hem-de ganyň düzümi kadalaşýar.

Türkmenistan kesel bejeriji mineral we termal suwlar bilen bir hatarda dynç alyş we syýahatçylyk resurslaryna hem baýdyr. Gadymy Ýüpek ýolunyň möhüm bölegi geçen Türkmenistan syýahatçylyk ulgamynda ägirt uly mümkinçiliklere eýe bolup durýar. Türkmen halkynyň taryhy we medeniýeti, dürli görnüşli tebigy landşaftlar, UNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna girizilen Gadymy Nusaý, Merw, Köneürgenç hem-de Margiana siwilizasiýasynyň merkezi bolan Goňurdepe, gadymy Dehistan, Änew, Altyndepe, Sarahs, Şähriyslam, Şähri-Bossan, Amul, Namazgadepe, Abywerd dünýäniň dürli künjeklerinden bolan köpsanly syýahatçylary özüne çekýär. Hazaryň kenar ýakalary, Köpetdagyň Arçabil we Gökdere jülgeleri adamlaryň dynç almagy we saglygyny dikeltmegi üçin arassa deňiz we dag howasy, çogly güneşi bilen tapawutlanýar. Ýurdumyzyň günorta-günbatarynda ýerleşen Sumbar jülgesi we günorta-gündogarynda ýerleşen Köýtendag, Amyderýanyň kenar ýakalary hem syýahatçylygy ösdürmekde geljegi uly bolan ýerleriň hataryna girýär. Hazar deňziniň kenary, sagaldyjy palçyklar, mineral suwlar, termal çeşmeler, daglyk ýerleriniň howasy, toplumlaýyn ulanylan ýagdaýynda syýahatçylygy, dynç alyş-sagaldyş merkezlerini giň gerimlerde ösdürmeklige uly mümkinçilikleri berýär.

Türkmenistanyň suw serişdeleri uly we kiçi derýalaryň, çeşmeleriň we kärizleriň akymlaryndan hem-de ýerasty süýji suwlaryň gorlaryndan emele gelýär. Amyderýa, Murgap, Tejen, Etrek derýalary Türkmenistanyň suw serişdeleriniň esasy çeşmeleri bolup durýarlar. Ýurduň Daşoguz welaýatyndan beýleki welaýatlarynyň suwa bolan isleglerini kanagatlandyrmakda Garagum derýasynyň möhüm ähmiýeti bardyr. Türkmenistan boýunça ýerüsti we ýerasty suw gorlarynyň mukdary ortaça ýylda 29 milliard kub metre barabardyr. Türkmenistanda bar bolan içki suw howdanlary şu günki günde 3,5 milliard kubmetrden gowrak suw gorlaryna eýedir. Altyn asyr türkmen kölüniň ulanylmaga berilmegi bilen ýurdumyzda suwuň ätiýaçlyk gory artýar, täze ýerler özleşdirilýär, öri meýdanlar giňeldilýär, bagçylyk we

balykçylyk ösdürilýär. Ýurdumyzda ulanylýan arassa suwuň möçberi bolsa 18,8 milliard kub metre barabardyr. Şonuň 90 göterime golaýy suwaryş, suwlulandyryş we oba hojalyk suw üpjünçiligi, 7,6% önümçilik hajatlary (oba hojalyk önümçiliginiň hajatlaryndan başga), 2,4% ýaşaýyş-hojalyk hajatlary üçin ulanylýar.

Mineral çig mallaryň dürli görnüşleri bilen birlikde, Türkmenistanda oba hojalyk pudaklaryny ösdürmek üçin amatly agroklimatik şertler hem bardyr. Hojalyk pudaklarynyň ýerleşişine, olaryň ýöriteleşişine, ilatyň ýaşaýyş durmuşyna klimatyň hemme düzüm bölekleriniň degişli derejede täsiri bardyr. Klimatyň düzüm bölekleriniň arasynda ýyl pasyllary, gün şöhlesi, çyglylyk, ýelleriň ugry we tizligi hojalyk pudaklaryna we ýaşaýşa ýiti täsirini ýetirýär. Türkmenistanyň klimaty gurak, çürt-kesik kontinental bolmagyna garamazdan, belli bir derejede ykdysady we durmuş ösüş üçin amatlydyr. Türkmenistanda howanyň guraklygy we onuň çyglylygynyň pesligi, aýazsyz döwrüniň uzaklygy ýylylygy halaýan dürli oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmeklige we ýylda iki-üç gezek hasyl almaga mümkinçilik döredýär. Türkmenistanyň örän amatly tebigy şertleri uly möçberlerde subtropik we hoz-maňyzly önümleriň dürli görnüşlerini, üzümiň ýokary hilli kişmiş sortlaryny, ýokary hilli inçe süýümli pagtany öndürmek üçin doly mümkinçilik berýär. Bu ugurda, aýratyn-da, Türkmenistanyň günorta we günorta-günbatar sebitleriniň ähmiýeti örän uludyr. Ýurduň Balkan welaýatynyň günorta-günbatar sebitlerinde zeýtuny, nary, injiri, üzümi, dürli görnüşli miweleri öndürmek mümkinçilikleri ulanylan ýagdaýynda, Türkmenistan bu önümler bilen diňe bir öz içerki bazarlaryny üpjün etmek bilen çäklenmän, ol harytlary daşary ýurtlara çykarmak boýunça öňdebaryjy ýurtlaryň hataryna goşulmak mümkinçiligi bardyr. Şeýle hem dürli sebitleriň toprak-howa şertlerini hasaba alyp ekinleri etraplaşdyrmak işleri geçirilýär. Etraplaşdyrmak işleri netijesinde anyk sebitde, agrotehniki hem-de ykdysady taýdan maksadalaýyk görnüşli ekinler ösdürilip ýetişdirilýär.Ýurduň agrosenagat toplumyny ösdürmek mümkinçilikleri daşary ýurt maýa goýumçylarynyň ünsüni çekip biljek wajyp ugurlaryň hataryna degişlidir.

Türkmenistanyň umumy meýdany 49120,9 müň gektara barabar bolup, olaryň 33461,8 müň gektary oba hojalyk önümçiliginde peýdalanmak üçin berlen, 12527,7 müň gektary tokaýlaşdyrmak we ätiýaçlyk üçin goýlan, 3134,4 müň gektary bolsa gaýry ýerden peýdalanyjylaryň ýerleridir. Ýurdumyzyň umumy meýdanynyň 39933,5 müň gektary, ýagny, 81,3% oba hojalyk önümçiliginde peýdalanylýar. Oba hojalygynda peýdalanylýan ýerleriň umumy düzüminde sürülýän ýerler 1525,7 müň gektara, öri meýdanlar 38198,6 müň gektara, boz ýerler 155,5 müň gektara, ot ýatyrylýan ýerler 10 müň gektara, köpýyllyk agaçly ýerler 30,1 müň gektara deňdir. Türkmenistanyň tebigy şertlerinde oba hojalygynda ulanylýan ýerleriň düýpli aýratynlygy bar: olaryň esasy bölegi (95,6%) çöllük we sähralyk öri meýdanlardan durýarlar. Sürülýän ýerleriň meýdany onuň umumy möçberiniň 3,8%-ni tutýar. Köp ýyllyk agaçly, boz we ot ýatyrylýan ýerleriň möçberleri onçakly uly däl.

Şol bir wagtyň özünde, Türkmenistanyň ekerançylygy we miweçiligi ösdürmeklige uly mümkinçilikleri bar. Şol nukdaýnazardan, häzirki wagtda ekerançylyga ýaramly täze ýerleriň meýdanyny giňeltmek, suw serişdesiniň möçberini artdyrmak we ekerançylyk suwlaryny tygşytly ulanmak baradaky çäreleri giň gerimlerde durmuşa ornaşdyrylýar. Häzirki döwürde welaýatlar boýunça dolanyşyga girizilmeli täze özleşdirilmeli ýerleriň mukdary kesgitlenilen, ekerançylykda, bagçylykda damjalaýyn usulda suwarmak tehnologiýasyny ulanmak boýunça işler ýola goýulýar.

Köp görnüşli we uly möçberli tebigy baýlyklaryň bolmagy Türkmenistanyň bütindünýä çig mal bazarynda örän iri döwlet hökmünde çykyş etmegini üpjün edýär hem-de ýurdumyzyň çig mal howpsuzlygynyň pugtalanmagynyň we kämilleşmeginiň möhüm maddy esasy bolup durýar. Şonuň üçin şu baýlyklaryň peýdalanylyşyny gysga wagtda ýola goýup, toplumlaýyn we netijeli ulanmak zerurdyr. Ägirt uly möçberli tebigy baýlyklar, ykdysady mümkinçilikleriň we bazar infrastrukturasynyň giň görnüşleriniň hem-de bähbitli ugurlar boýunça kanunçylyk binýatlarynyň döredilmegi, daşary yurt maýadarlarynyň Türkmenistanyň ykdysady ösüşine işjeň gatnaşmaklaryna mümkinçilik berýär.

# 3-nji bap
# TÜRKMENISTANYŇ ZÄHMET BAZARY

## 3.1. Zähmet bazarynyň mazmuny we aýratynlygy

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynda durmuş-zähmet gatnaşyklarynyň kämilleşdirilmegine aýratyn orun berilýär. Ilatyň girdejilerini yzygiderli ýokarlandyrmak, iş bilen üpjünçilik meselesini netijeli çözmek, raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak, hünärmenleri taýýarlamak we hünärini ýokarlandyrmak, zähmet şertlerini kämilleşdirmek, sebitleriň ykdysady mümkinçiliklerinden ugur alyp zähmet resurslaryny rejeli peýdalanmak ýaly meseleleriň giň toplumy durmuş syýasatynyň ugurlaryny düzýär. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: **«Biziň halkymyza ýokary derejede zähmetsöýerlik mahsusdyr.... Biziň ýurdumyzda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasynyň adamdygy baradaky ýörelgäni yglan edip, önümçiligi ösdürmegiň esasy serişdelerini adam faktoryndan we adamlaryň döwletiň ykdysady strategiýasyny durmuşa geçirmekde umumy mümkinçiliklerinden gözledik»** diýip belleýär. Şu ýörelgeler hem häzirki döwürde zähmet bazaryny kadalaşdyrmakda döwletiň alyp barýan syýasatynyň esasy özenini düzýär.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde bazaryň birnäçe görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: çig mal, material bazary, haryt bazary, gymmat bahaly kagyzlar, hyzmatlar bazary we ş.m. Olaryň arasynda zähmet bazary hem esasy orny eýeleýär.

Zähmet bazary şu aşakdaky häsiýetlere eýedir:

Birinjiden, ol zähmetiň hakyna tutulmagy we hödürlemesi bilen bagly jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň ulgamydyr;

Ikinjiden, ol işe ýerleşdirmegiň geografiki we ykdysady giňişligidir;

Üçünjiden, ol iş beriji bilen işgäriň arasynda zähmetiň şertleri we zähmetiň bahasy boýunça ylalaşygy üpjün edýän mehanizmdir.

Zähmet bazarynyň esasy wezipesi–bu işgärleriň netijeli mobilliligini üpjün etmek, zähmet bazarynda islegi we teklibi çalt depginde, ýokary derejede kanagatlandyrmak bolup durýar.

Zähmet bazary öňde goýan wezipelerini aşakdaky funksiýalaryň üsti bilen ýerine ýetirýär:

– zähmetiň satyjylarynyň we alyjylarynyň duşuşygyny guramak;

– bazardaky özara gatnaşyjylaryň arasynda bäsdeşlik ýagdaýyny üpjün etmek;

– zähmet hakynyň deňagramly derejesini kesgitlemek;

– ilatyň iş bilen meşgullygy meselesini çözmäge ýardam bermek;

– işsizleriň durmuş taýdan goldawyny üpjün etmek;

Zähmet bazarynyň elementleri şulardan ybarat:

1. Iş berijiler ýa-da olaryň wekilleri we iş gözleýänler;

2. Zähmetiň anyk görnüşleri üçin zähmet hakynyň möçberi we ilatyň iş bilen meşgullygynyň derejesi (bazar konýukturasy);

3. Zähmet bazarynyň subýektleriniň gatnaşygyny kadalaşdyrýan hukuk namalary;

4. Ilatyň iş bilen meşgullyk gullugy (zähmet biržalary);

5. Zähmet bazarynyň infrastrukturasy: hünäre ugrukdyrmak, işgärleri taýýarlamak we gaýtadan taýýarlamak boýunça gulluklar, reklama firmalary we ş.m.

6. Iş bilen meşgullygyň alternatiw görnüşleri: jemgýetçilik işi, öý hojalyk zähmeti, möwsümleýin işler we ş.m.

7. Işden boşadylan, başga işe geçirilen we işsiz raýatlara durmuş tölegleriň we kepillikleriň ulgamy;

8. Iş bilen meşgullyk syýasatyny we iş bilen meşgullyk gullugyny maliýeleşdirmek ulgamy;

Zähmet bazarynda zähmete ukyply adamlaryň şu aşakdaky toparlary hereket edýär:

1. Hiç hili işi bolmadyk, işlemek isleýän we iş gözleýän adamlar (zähmet biržalarynda hasapda duranlar);

2. Iş ýeri bar, ýöne ol işinden kanagatlanmaýar we özüne beýleki esasy ýa-da goşmaça işi gözleýär;

3. Iş bilen meşgul, ýöne işini ýitimäge göni töwekgelçilik edýär we beýleki iş ýerini gözleýänler;

Islege we teklibe laýyklykda zähmet bazarynyň konýunkturasy şular ýaly:

1. Zähmet ýetmezçilikli, haçanda zähmet bazarynda zähmetiň hödürlemesinde ýetmezçilik bolanda;

2. Zähmet artykmaçlykly, haçanda zähmet bazarynda hödürleme artykmaçlyk edende;

3. Deňagramly, haçanda zähmete bolan islegi we onuň hödürlemesi deň bolanda;

Zähmetiň bazaryny emele getirijiler bolup baha, bäsleşik, işçi güýçlerine isleg hem-de hödürleme çykyş edýär.

Baha zähmet haky görnüşinde çykyş edýär. Isleg-ol ýa-da beýleki pudagyň, sebitiň işçi güýçlerine bolan islegi görnüşinde ýüze çykýar. Hödürleme-bu bar bolan zähmet resurslarynyň sany we düzümi boýunça kesgitlenilýär.

Zähmet bazarynda işçi güýçlerine bolan isleg we hödürleme üýtgäp durýar. Işçi güýçlerine bolan islegiň we hödürlemäniň gatnaşygy zähmet bazarynyň konýukturasyny häsiýetlendirýär. Egerde işçi güýçlerine isleg we hödürleme deň gelse, onda zähmet bazary deňagramly hasap edilýär. Islegiň hödürlemeden ýokary bolan ýagdaýynda zähmet bazary ýetmezçiliki hasap edilýär. Onuň tersine, hödürlemäniň islegden ýokary bolan ýagdaýynda zähmet artykmaçlykly bazary ýüze çykýar.

Türkmenistanyň zähmet bazary artykmaçlykly hasap edilse-de, zähmet bazarynda düzümleýin ýetmezçilikler hem ýüze çykýar. Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzda ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak babatda uly tagallalar edýär. Esenguly etrabynyň durkunyň täzelenilmegi, Ruhubelent, Döwletli, Altyn Sähra etraplarynyň açylmagy, ençeme önümçilik desgalarynyň gurlup ulanylmaga berilmegi we başga-da il-ýurt bähbitli tagallalary

ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ýagdaýyny gowulandyrmak üçin mümkinçilikleri artdyrdy.

Ýurdumyzda zähmet bazarynyň ýagdaýyny öwrenmek we seljermek üçin ony dünýä ýurtlarynyň zähmet bazarlary bilen deňeşdirmek zerurdyr. Şonuň üçin dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň käbirleriniň zähmet bazarlary barada durup geçeliň.

**Zähmet bazarynyň şwed modeli.** Şwesiýada doly iş bilen meşgullygyň gazanylmagyna işjeň iş bilen meşgullyk syýasaty täsir edýär. Ýurtda işgärleriň hünär taýýarlygyna we iş ýerlerini döretmeklige beýleki döwletlere garanda köp harajatlar sarp edilýär. Ýöne Şwesiýanyň döwlet býujetinden işsizlik boýunça kömek pullaryna goýberilýän serişdeler onçakly köp hem däl (1-nji tablisa).

*1-nji tablisa*

**Iş bilen meşgullyk maksatnamalaryna çykdajylar**

| № | Ýurtlar | Umumy çykdajy (içerki jemi önümden %) | Ähli çärelere çykdajylar | | Girdejileri goldamaklyga çykdajylar | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | IJÖ-den % | Jemden, % | IJÖ-den, % | Jemden, % |
| 1 | Şwesiýa | 2,59 | 1,79 | 69 | 0,80 | 31 |
| 2 | ABŞ | 0.69 | 0,25 | 36 | 0,44 | 64 |
| 3 | Beýik Britaniýa | 2,50 | 0,77 | 31 | 1,74 | 70 |
| 4 | Fransiýa | 3,07 | 0,81 | 26 | 2,26 | 73 |
| 5 | Germaniýa | 2,41 | 1,05 | 44 | 1,36 | 56 |
| 6 | Italiýa | 1,62 | 0,90 | 56 | 0,72 | 44 |
| 7 | Ispaniýa | 3,14 | 0,78 | 25 | 2,36 | 75 |
| 8 | Ýaponiýa | 0,58 | 0,20 | 34 | 0,38 | 66 |

Çeşmesi: A. S. Bulatow. Mirowaýa ekonomika. Moskwa, 2009.

Tablisadan görnüşi ýaly Şwesiýada işsizlere berilýän kömek pullary Germaniýa we Ispaniýa bilen deňeşdireniňde pes, ýöne beýleki deňeşdirilýän döwletleriniňkiden ýokary. Şwesiýada iş bilen meşgullyga gönükdirilen serişdeleriň köp bölegini zähmet ba-

zarynda işçi güýçleriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga sarp edilýär.

Zähmet bazarynyň şwed modeliniň esaslaryny şwed alymlary R. Meýdner we G. Rene goýdular. Bu alymlar 1951-nji ýylda profsoýuzlaryň konferensiýasyna «Profsoýuzlar we doly iş bilen meşgullyk» atly çykyşyny hödürleýärler. Olaryň çykyşy profsoýuzlaryň konferensiýasy tarapyndan goldanylýar we dolandyryjy durmuş-demokratik partiýa tarapyndan kabul edilýär. Netijede, doly iş bilen meşgullygy gazanmaklygyň täze modeli işlenilip düzülýär we kabul edilýär. Bu kabul edilen modelde zähmet bazaryndaky syýasat, esasan, 4 bölekden durýar:

1. Kesgitli fiskal syýasaty;
2. Zähmet meselesinde «raýdaşlyk syýasaty»
3. Zähmet bazarynda işjeňlik syýasaty;
4. Ösüşiň döwlet maksatnamasy bolan pudaklary goldamak syýasaty.

Kesgitli fiskal syýasatynyň esasy mazmuny harytlara we hyzmatlara gytaklaýyn salgytlary bellemekden ybaratdyr. Bu islegleriň we hümmetsizlenmegiň ýokary depginlerde ösýän şertlerinde az girdejili kärhanalaryň öz işlerini bes etmezligi üçin gural hökmünde ulanylýar.

Zähmet meselesinde «raýdaşlyk» syýasatynyň mazmuny kärhana eýesiniň maliýe ýagdaýyna garamazdan işçileriň we gullukçylaryň deň zähmete deň zähmet haky bermeginden ybarat bolup durýar.

Ýokarda agzalanlar bir tarapdan hümmetsizlenmegi saklaýar, ykdysadyýetdäki düzümleýin özgertmeleri höweslendirýär, ikinji tarapdan bolsa düşewüntsiz kärhanalaryň ýapylmagyna we işsizligiň artmagyna getirýär. Şoňa görä-de, zähmet bazarynda işjeňlik syýasaty, ýagny, şwed modeliniň 3-nji bölegi uzak möhletleýin geljekde hümmetsizlenmegiň peselmegini we doly iş bilen meşgullygyň üpjün edilmegini göz öňünde tutýar. Zähmet bazarynda işjeňlik syýasatynyň şertlerine laýyklykda birnäçe kategoriýadaky işgärler bäsdeşlige taýýar bolmaýarlar. Kärhana eýeleri ol işgärlere durmuş kömegini berýärler.

Ösüşiň döwlet maksatnamasy bolan pudaklary goldamak syýasaty pes ykdysady görkezijili, ýöne zerur durmuş hyzmatlaryny üpjün edýän sektorda iş bilen meşgullygy döwletiň goldanmagyndan ybaratdyr. Munda döwlet pudaklary ösdürmegiň maksatnamalaryna laýyklykda täze iş ýerlerini döretmeklige ýardam berýär.

Zähmet bazarynyň şwed modeli 1976-njy ýyla çenli özüniň oňat netijelerini berdi we onuň netijesinde ýurtda doly iş bilen meşgullyk gazanyldy, hümmetsizlenmegiň derejesi peseldi, işgärleriň real zähmet hakynyň möçberi ýokarlandy.

**Zähmet bazarynyň ýapon modeli.** Ýaponiýada zähmet gatnaşyklary ulgamy «ömürlik hakyna tutmak» ýörelgelerine esaslanýar. Bu ulgam işgärlere belli bir ýaşdan (köp halatlarda 20-24 ýaşdan) soň 55-60 ýaşa çenli kärhadaky işler bilen meşgullyga kepilligi göz öňünde tutýar. Zähmet gatnaşyklarynyň «ömürlik hakyna tutmak» ulgamy işgäri iş döwrüne laýyklykda maddy höweslendirmäge we möçberiniň yzygiderli ýokarlanmagyna (iş haky görnüşinde, baýraklar we durmuş tölegler görnüşinde) esaslanýar (2-nji tablisa).

*2-nji tablisa*

**Işgärleriň ýaş derejesine baglylykda zähmet hakynyň differensirlenmegi (başlangyç stawka % hasabynda)**

| Ýaşy boýunça toparlar | Hemme pudaklar | Gaýtadan işleýän senagat | Söwda | Hyzmatlar |
|---|---|---|---|---|
| 18-19 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| 20-24 | 116 | 109 | 117 | 136 |
| 25-29 | 146 | 140 | 154 | 148 |
| 30-34 | 183 | 171 | 197 | 157 |
| 35-39 | 214 | 202 | 234 | 231 |
| 40-44 | 256 | 238 | 304 | 270 |
| 45-49 | 275 | 252 | 313 | 285 |
| 50-54 | 288 | 263 | 315 | 284 |
| 55-59 | 256 | 247 | 267 | 250 |

Çeşmesi: A. S. Bulatow. Mirowaýa ekonomika. Moskwa, 2009.

«Ömürlik hakyna tutmak» ulgamy kärhanalarda hünärmenleriň berkligini we geldi-geçerligiň pes derejede bolmagyny üpjün edýär. Şeýle hem bu ulgam kärhanalara şu aşakdaky netijeli mümkinçilikleri berýär:

1. Kärhananyň çäginde önümçilikde işgärleriň hünär derejesiniň kämilleşmegine getirýär;

2. Hünärmenleriň hünär we kär düzüminiň iş ýerleriniň düzümine laýyk gelmegini çalt amala aşyrmaklyga mümkinçilik döredýär;

3. Tehnikanyň, tehnologiýanyň we öndürilýän önümleriň görnüşleriniň ösmegine getirýär.

Bu ulgama laýyklykda işgär ilkinji 10-12 ýylyň dowamynda özüniň hünärini, kärini we firmanyň içindäki mobillige taýýarlygyny giňeltmek maksady bilen bellenilen tertipde 3-4 gezek iş ýerlerini üýtgedýär. Erkek adamlar 10-12 ýyllyk iş möhletini 30-35 ýaş aralygynda alýarlar. Köplenç halatlarda aýallar «ömürlik hakyna tutmak» ulgamyna düşmeýärler we olaryň iş möhletleri erkek adamlaryňka garanyňda pes bolýar (3-nji tablisa).

*3-nji tablisa*

**Ýaponiýada işgärleriň ýaş derejeleri boýunça iş stažlary**

| Işgärleriň ýaşy | Iş möhleti | | Işgärleriň ýaşy | Iş möhleti | |
|---|---|---|---|---|---|
| | erkekler | aýallar | | erkekler | aýallar |
| 18-19 | 1,1 | 1,0 | 40-44 | 16,4 | 8,9 |
| 20-24 | 2,8 | 2,8 | 45-49 | 18,5 | 10,1 |
| 25-29 | 5,3 | 5,5 | 50-54 | 19,7 | 11,7 |
| 30-34 | 9,3 | 7,8 | 55-59 | 17,4 | 12,7 |
| 35-39 | 12,8 | 8,4 | 60-64 | 11,0 | 12,5 |

Çeşmesi: A. S. Bulatow. Mirowaýa ekonomika. Moskwa, 2009.

Ýapon firmalary hakyna tutma işgärleri uzak döwrüň dowamynda ulanmaklyga çalyşýarlar. Bu bolsa, işgärlerde zähmete döredijilikli çemeleşmek we işleri ýokary hilli ýerine ýetirmek endiklerini terbiýelemeklige ugrukdyrylan syýasatyň esasyny

düzýär. «Ömürlik hakyna tutmak» syýasaty iş berijileri ykdysady çökgünlilik döwründe hem önümçiligi, ulanylýan işçi güýçlerini gysgaltmak meselesini işgärleri boşatmagyň hasabyna çözmän, eýsem, iş wagtyny gysgaltmagyň, işgärleri kärhananyň bölümlerine (filiallaryna) geçirmegiň ýa-da özara ylalaşygyň esasynda beýleki firmalaryň kärhanalaryna geçirmegiň hasabyna amala aşyrmaklyga itekleýär.

**Zähmet bazarynyň amerikan modeli.** ABŞ üçin zähmet bazarynyň merkezleşdirilmedik modeli häsiýetlidir. ABŞ-nyň her bir ştatynyň iş bilen meşgullyk we işçilere kömek bermek hakynda öz kanunlary bolup, özleriniň işsizlik boýunça ätiýaçlandyryş fondlary hereket edýär. Kärhanalaryň we işgärleriň özleriniň tölegleri ştatlaryň fonduna aýratynlykda we federal fonda aýratynlykda tölenilýär.

Zähmet bazarynyň amerikan modeline kärhanalarda alnyp barylýan iş bilen meşgullyk syýasaty hem häsiýetlidir. Konýukturanyň üýtgemegi bilen baglylykda we işçi güýçlerini ulanmaklygyň göwrümini azaltmaklygyň zerurlygynda ABŞ firmalary Ýaponiýanyň firmalary ýaly işlenmeli adam sagatlarynyň mukdaryny azaltman, onuň deregine işgärleri işden çykarýarlar. Işden çykarmaklyk, haçan-da, kärhana girdejesiz ýagdaýa düşende hem amala aşyrylýar.

Maliýe kapitalynyň hususy bazaryna gyzygyp, firmalar ABŞ-nyň has öndürijilikli kärhanalaryna ýa-da daşary ýurtlara önümçilik kapitalyny çykarýarlar. Öňki kärhanalaryň işgärleri işden çykmaly bolýarlar we olaryň orunlaryna täze işgärler kabul edilýär. ABŞ-da işgärlere işden boşadyljagy ýa-da kärhananyň ýapyljakdygy barada öňünden habardar edilmeýär.

ABŞ-nyň iri senagat kompaniýalarynda işgärleriň professional taýýarlygyna örän az üns berilýär. Işgärleriň zähmet haklary işleriň çylşyrymlylyk klassifikasiýasy boýunça kesgitlenilýär.

Ekspertleriň bahalaryna görä, ABŞ-da 10%-e golaý işgär ýylyň dowamynda kärlerini çalyşmaly bolýar. Bu göterim ýaşlaryň arasynda has ýokary bolup, gartaşan adamlaryň arasynda pes bolýar. ABŞ-da bütin bir ýylyň dowamynda 20-40% ýaşlar özleriniň kärlerini çalyşýarlar. Ýokardaky ýaly syýasatyň netijesinde iş bilen üpjün

bolmadyklaryň, ýagny, işsizligiň derejesi beýleki döwletlere garanda otnositel ýokary bolýar.

Zähmet bazarynyň ösüşiniň daşary ýurt tejribesini öwrenmekligiň netijesinde iki sany kanunalaýyklyk ýüze çykarylýar. Olar birinjiden, bazar gatnaşyklaryna geçilmegi bilen zähmet bazarynda döwletiň rolunyň üýtgemegini aňlatsa, ikinjiden, senagat, ulag, aragatnaşyk pudaklarynyň ösen derejesi, has takygy, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň halkara söwdasy üçin açyk bolmagyny aňladýar. Bu bolsa öz gezeginde içerki we daşarky zähmet bazarlarynyň utgaşykly ösmegine alyp barýar. Şeýle alamatlar ýurdumyzyň ikitaraplaýyn gatnaşyklaryna daýanýan syýasat arkaly bütindünýä ulgamyna giňden girişýänligine hem güwä geçýär.

Zähmet bazarynyň netijeli bolmagyna birnäçe güýçler hem täsir edýärler. Olara döwletiň bu babatda alyp barýan içerki syýasaty we iş bilen üpjünçiligi, girdejileri kepillendirmek, zähmet gatnaşyklaryny kesgitleýän kada-kanunlaryň bolmagy degişlidir.

## 3.2. Türkmenistanyň zähmet potensialynyň kemala gelmeginiň durmuş-ykdysady häsiýetnamasy

Türkmenistanyň zähmet potensialynyň özboluşly aýratynlyklary we häsiýetleri bar. Bu aýratynlyklar we häsiýetler welaýatlarda, oba we şäher ýerlerinde dürli-dürlüdir. Türkmenistanyň zähmet potensialynyň kemala gelmegine hasiýetnama bermek üçin birnäçe düşünjelere seredip geçmek maksadalaýyk bolar.

Zähmet potensialy-munuň özi jemgyýetiň öndüriji güýçleriniň ösüşiniň gazanylan derejesi şertlerinde ulanylýan ýa-da ulanylmagy mümkin bolan, zähmete işjeň ilatyň demografiki, ykdysady, durmuş etno-medeni we beýleki häsiýetleriniň jemidir. Bu kesgitleme S. I. Pirožkowa degişlidir. Başgaça, zähmet potensialyna-jemgyýetiň zähmete bolan ukybynyň jemi hökmünde hem garalýar (A. E. Kotlýar).

Zähmet potensialynyň ýaş boýunça aşak we ýokary çägi bolmaýar. Jemgyýetde islendik ýaşdaky zähmet çekýän adam zähmet potensialy hasaplanylýar.

Türkmenistanda zähmet resurslaryna jemgyýete peýdaly zähmet bilen meşgullanýan hem-de okaýan 16 ýaşdan 63 ýaşa çenli erkekler we 16 ýaşdan 57 ýaşa çenli aýallar, şeýle hem zähmete ukyply ýaşa ýetmedik we ondan geçen önümçilikde zähmet çekýän adamlar degişlidir.

Zähmet resurslaryna we zähmet potensialyna düşünmek üçin, ozaly bilen, «işçi güýji diýen düşünjä» seredilip geçilse maksadalaýyk bolar.

Işçi güýjüni iki hili häsiýetlendirmek bolar:

Birinjiden, oňa adamyň zähmete bolan ukyby hökmünde garalýar. Ikinjiden, has giň görnüşde, ýagny zähmete ukyply ilat ýa-da zähmet resurslary hökmünde seredilýär. Işçi güýji öndüriji güýçleriniň esasy düzüm bölegi bolup durýar.

Işçi güýji döränden soňra üç tapgyrdan geçýär: kemala gelýär, paýlanýar we peýdalanylýar.

Işçi güýjüniň kemala gelmeginiň mazmuny şu aşakdakylardan ybaratdyr:

1. Maddy we ruhy baýlyklary öndürmek üçin indiwidual işçi güýjüni döretmek;

2. Işçi güýjüniň garramagy sebäpli tebigy ýitgileriň öwezini dolmak üçin täze işçi güýjüni döretmek;

3. Ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak.

Işçi güýjüni paýlamak durmuş-ykdysady hadysadyr. Onuň düýp manysy sebitleriň, pudaklaryň arasynda işçi güýjüni paýlamakdan we ýerleşdirmekden ybaratdyr.

Işçi güýjüni peýdalanmak ýa-da ulanmak ony döretmegiň soňky tapgyry bolup durýar. Işçi güýjüni ulanmagyň mazmunyny iki sany görkezijiniň üsti bilen aňlatmak bolar. Birinjisi, ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ýagdaýyny aňladýar, ikinjisi bolsa, zähmet öndürijiliginiň derejesini görkezýär.

Zähmet resurslary ilatyň esasy bölegini tutýar. Emma ilat diýen düşünje zähmet resurslaryndan sany we düzümi boýunça tapawutlanýarlar. Ilat zähmet resurslaryndan giň düşünjedir. Ilat düşünjesi ýaşyna we saglyk ýagdaýyna garamazdan ýurtda ýaşaýan işe ukyply we ukypsyz adamlaryň hemmesini öz içine alýar. Zähmet resurslary bolsa zähmete ukyply ýaşa ýeten we ondan geçenleri öz içine alýar. Häzirki wagtda Türkmenistanda zähmete ukyply ýaşdaky ilat umumy ilatyň 60 göterime golaýyny düzýär. Aşakda getirilen 4, 5, 6, 7-nji tablisalardaky maglumatlar Türkmenistanyň zähmet bazaryna we ilatyna seljerme bermäge mümkinçilik döredýär (4-nji tablisa).

*4-nji tablisa*

**2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne görä Türkmenistanyň we onuň sebitleriniň hemişelik ilatynyň sany we jynsy boýunça bölünişi, (göterimde)**

| | Hemmesi | Şol sanda | |
|---|---|---|---|
| | | Erkekler | Aýallar |
| Türkmenistan | 100 | 49,9 | 50,1 |
| Aşgabat şäheri | 100 | 49,3 | 50,7 |
| Ahal welaýat | 100 | 50,2 | 49,8 |
| Balkan welaýat | 100 | 49,9 | 50,1 |
| Daşoguz welaýat | 100 | 49,8 | 50,2 |
| Lebap welaýat | 100 | 49,9 | 50,1 |
| Mary welaýat | 100 | 50,1 | 49,9 |

Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl.

Tablisadan görnüşi ýaly welaýatlarda şeýle hem Aşgabat şäherinde ilatyň sany we jynsy bölünişiginde umumylyklar saklanýar. Aşgabat, Balkan, Daşoguz, Lebap welaýatlarynda aýallaryň sany ýokary bolsa, Ahal we Mary welaýatlarynda erkek adamlaryň sany agdyklyk edýär (5-nji tablisa).

*5-nji tablisa*

**2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne görä Türkmenistanyň hemişelik ilatynyň ýaş toparlary boýunça düzümi**

| | Ähli ilata görä göterimde | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | **2000** | **2007** | **2008** | **2010** | **2011** |
| Zähmete ukyplylykdan aşak ýaşdakylar | 40,5 | 34,8 | 33,9 | 28,7 | 29,4 |
| Zähmete ukyply ýaşdakylar | 53,5 | 59,7 | 60,3 | 64,9 | 64,3 |
| Zähmete ukyplylykdan ýokary ýaşdakylar | 6,0 | 5,7 | 5,8 | 6,4 | 6,3 |

(Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2011ý)

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly zähmete ukyplylykdan aşak ýaşdakylar seljerilýän döwürlerde pese gaçmak meýli duýulýar. Munuň sebäbini ýurt boýunça dogluşyň pese gaçmagy bilen düşündirip bolar. Zähmete ukyply ýaşdakylar we zähmete ukyplylykdan ýokary ýaşdakylaryň seljerme berilýän döwürde artma meýli ýüze çykýar. Bu görkezijiniň sebäbini ýurtda geçirilýän sosial-medeni özgertmeleriň netijesinde keselçiligiň, ölüm-ýitimiň azalmagy we ilatyň ortaça ýaş derejesiniň ýokarlanmagy bilen düşündirmek bolar (6-njy tablisa).

*6-njy tablisa*

**2012-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-ne görä ýaşaýan ýeri boýunça ilatyň bölünişi**

| | **2000** | **2007** | **2008** | **2010** | **2011** |
|---|---|---|---|---|---|
| Hemmişelik ýaşaýan ähli ilat, % | 100 | 100 | 100 | | |
| şol sanda: | | | | | |
| şäher ilaty | 45,9 | 46,5 | 46,5 | 50,6 | 50,8 |
| oba ilaty | 54,1 | 53,5 | 53,5 | 49,4 | 49,2 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Tablisadan görnüşi ýaly seljerme berilýän döwürlerde şäher ilatynyň artma meýli saklanyp galýar. Munuň özi ýurdumyzda senagatda we hyzmat sferasynda zähmet çekýänleriň sanynyň barha ösýändigini görkezýär.

Türkmenistanda ilatyň ösüş depgini köp ýurtlara garanyňda ýokarydyr. Soňky ýyllarda ilatyň her ýylky ortaça ösüşi 2 göterime barabar boldy. Ilatyň ösüşiniň ýokarlanmagy zähmet resurslarynyň ösüşi üçin oňaýly şertler döredýär.

Türkmenistan zähmet resurslarynyň agdyklyk edýan ýurtlaryň hatarynda hasaplanylýar. Bu ýagdaý ilaty iş bilen doly üpjün etmek üçin halk hojalygynyň dürli pudaklarynda täze iş orunlaryny döretmek üçin ähli mümkinçilikleri ulanmaga itergi berýär.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmeginde esasy ugurlaryň biri hem işgärleriň hünär taýdan taýýarlygynyň görnüşlerini we usullaryny kämilleşdirmek bolup durýar. Bu ugurda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde uly işler amala aşyrylýar.

Hususan-da, orta mekdeplerde okatmagyň dowamlylygy 12 ýyl, ýokary okuw mekdeplerinde 5-6 ýyl bolmagy, mugallymlaryň iş ýükleriniň azaldylmagy, täze okuw mekdepleriniň, ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň ençemesiniň açylmagy, täze etraplaryň döredilmegi, medeniýet we sungat ulgamynda täze iş ýerleriniň döredilmegi, birnäçe täze önümçilik desgalaryň gurlup ulanylmaga berilmegi we başga-da birnäçe tutumly işler ýurdumyzyň zähmet bazarynda iş bilen meşgullygyň ýagdaýyny gowulandyrýar.

Türkmenistanda hünärli işçileri taýýarlamak başlangyç hünär berýän we ýörite orta okuw mekdeplerinde hem-de önümçilikde alnyp barylýar. Başlangyç hünär berýän we ýörite okuw orta okuw mekdeplerinde hünärli işçiler halk hojalygynyň önümçilik we önümçilik däl pudaklary üçin taýýarlanylýar. Başlangyç hünär berýän we ýörite orta okuw mekdeplerinde işçileriň taýýarlanmagynyň dowamlylygy pudaklaryň, hünärleriň, ýerine ýetirilýän işleriň aýratynlyklaryna bagly bolup durýar.

Işçileriň başlangyç hünär berýän we ýörite orta okuw mekdeplerinde taýýarlanmagynyň birnäçe oňyn taraplary bar. Olar diňe bir işçileri taýýarlamak bilen çäklenmän, kärhanalara guramaçylykly paýlamak bilen hem meşgullanýarlar. Bu bolsa kärhanalaryň işçilere bolan isleglerini (sany we hili boýunça) kanagatlandyr-

maga ýardam edýär. Başlangyç hünär berýän we ýörite orta okuw mekdeplerinde ýaşlar nazary bilimleri hem-de amaly endikleri ele alýarlar.

## 3.3. Zähmet resurslaryny rejeli peýdalanmagyň faktorlary. Ilatyň iş bilen meşgullygy

Ýurduň zähmet resurslarynyň rejeli peýdalanylmagyna şu aşakdaky faktorlar täsir edýär:

1. Halk hojalygynyň tehniki enjamlaşdyrylyşynyň ösüşi we önümçiligiň tehnologiýasyny kämilleşdirmek;

2. Jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamagy üpjün edýän önümçiligi amatly ýerleşdirmek;

3. Zähmet resurslaryny sebitleriň we halk hojalygynyň pudaklarynyň arasynda gaýtadan paýlamak;

4. Kärhanalaryň çäginde şol bir işçileriň sany bilen önümiň we ýerine ýetirilen işleriň möçberiniň artmagyny üpjün edýän zähmetiň ylmy taýdan guralyşy;

5. Işleýänleriň bilimini, kär derejesini, hünär ussatlygyny ýokarlandyrmagyň hasabyna zähmetiň hilini gowulandyrmak;

6. Ýaş ýetginjekleri zähmet işine çekmek we pensiýa ýaşyndaky adamlaryň zähmetini ulanmak boýunça çäreler geçirmek;

Iş bilen meşgullyk- munuň özi raýatlaryň öz şahsy we jemgyýetçilik isleglerini kanagatlandyrmak bilen baglanyşykly ýerine ýetirýän, şeýle hem hereket edýän kanunlara ters gelmeýän we özlerine pul ýa-da başga görnüşde iş haky, gazanç, önüm görnüşinde girdeji getirýän işdir.

Türkmenistanda ilatyň iş bilen meşgullygy şu aşakdaky görnüşlerde bolýar:

1. Dürli eýeçilikdäki, şol sanda döwlet, hususy, bilelikdäki kärhanalarda işleýänler we hususy telekeçiler;

2. Öz-özüni iş bilen üpjün edýänler, ýagny, hususy iş başyny tutanlar;

3. Döwlet dolandyryş edaralarynda, jemgyýetçilik guramalarynda hak tölenýän wezipä bellenilenler, saýlanylanlar;

4. Türkmenistanyň Ýaragly güýçleriniň düzüminde we beýleki hukuk goraýjy edaralarda işleýänler;

5. Orta, hünärment, ýörite-orta we ýokary okuw mekdeplerinde okaýanlar;

6. Hak tölenilýän jemgyýetçilik işini ýerine ýetirýänler;

7. Çaga terbiýelemek, näsaga, maýyplara we garrylara seretmek, öý hojalyk işini alyp barmak bilen meşgullanýanlar;

8. Türkmenistana wagtlaýyn gelip, diplomatik missiýalara dahylly bolmadyk wezipeleri ýerine ýetirýän daşary ýurt raýatlary we milli hünärmenler;

9. Işleýän, ýöne, näsaglygy, rugsatda bolmagy, önümçiligiň wagtlaýyn boş durmagy sebäpli işde bolmadyklar;

Ilatyň iş bilen meşgullygy iki wezipäni çözýär:

1. Durmuş wezipe, ýagny, iş bilen meşgullyk raýatyň girdejisiniň, durmuş goraglygynyň we maddy abadançylygynyň çeşmesi hökmünde öz endiklerini, mümkinçiliklerini ösdürmäge şert döredýär;

2. Ykdysady wezipe, ýagny, iş bilen meşgullyk önümçiligi we ykdysadyýeti ösdürmäge ýardam edýär;

Iş bilen meşgullygyň guramaçylyk görnüşlerine şular degişlidir:

1. Doly iş gününde we hepdesinde iş bilen meşgullyk;

2. Doly däl iş gününde we hepdesinde iş bilen meşgullyk;

3. Öý şertlerinde iş bilen meşgullyk;

4. Utgaşykly iş bilen meşgullyk;

5. Çeýe iş wagt şertlerindäki iş bilen meşgullyk;

Türkmenistanda döwlet sektoryndaky edara-kärhanalar ilatyň iş bilen üpjünçiligi meselesinde esasy orny eýeleýär. Sebäbi ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda döwlet eýeçiligindäki kärhanalar agdyklyk edýär. Hususan-da, nebit-gaz, elektroenergetika, dokma, himiýa, gurluşyk materiallary ýaly senagat kärhanalary, köplenç halatda döwlet eýeçiliginde hereket edýär. Mundan başga-da, iş bilen meşgullygyň görnüşleri hökmünde, sosial sferanyň edaralary, jemgyýetçilik guramalary, harby we hukuk goraýjy edaralar döwlet eýeçili-

gindedir. Aşakdaky getirilen 8-nji, 9-njy tablisalardaky maglumatlar ýurdumyzyň zähmet bazaryna häsiýetnama bermäge mümkinçilik berýär (7-nji tablisa).

*7-nji tablisa*

**Işleýänleriň sanynyň kärhanalaryň guramaçylyk-hukuk görnüşleri boýunça paýlanylyşy, %**

| Ykdysadyýetde işleýänler | 2000 | 2007 | 2008 |
|---|---|---|---|
| Hemmesi | 100,0 | 100,0 | 100,0 |
| Döwlet kärhanalarynda we guramalarynda | 35,1 | 27,5 | 26,8 |
| Alyjylar jemgyýetlerinde | 0,8 | 0,2 | 0,3 |
| Daýhan birleşiklerinde | 25,3 | 26,6 | 26,2 |
| Ýeke-bara kärhanalarynda | 4,2 | 1,6 | 1,6 |
| Kooperatiw kärhanalarda | 0,2 | 0,1 | 0,1 |
| Bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalarynda | 1,0 | 2,0 | 2,4 |
| Jemgyýetçilik guramalarynda | 0,3 | 0,3 | 0,2 |
| Hususy hojalygynda | 20,2 | 20,8 | 20,3 |
| Edara görnüşli taraplarda | 12,0 | 20,2 | 21,3 |
| Hojalyk we paýdarlar jemgyýetlerinde | 0,9 | 0,8 | 0,8 |

(Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2008ý)

Tablisadan görnüşi ýaly döwlet kärhanalarynda, ýekebara kärhanalarda, kooperatiw kärhanalarda, jemgyýetçilik guramalarynda işleýänleriň sanynyň azalmagy duýulýar. Tersine, bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalaryndaky, daýhan birleşiklerinde, telekeçilikde işleýänleriň sanynyň ýokarlanma meýli ýüze çykýar (8-nji tablisa).

*8-nji tablisa*

**Işleýänleriň sanynyň ykdysadyýetiň pudaklary boýunça bölünişi, %**

| Ykdysadyýetde işleýänleriň hemmesi | 2000 | 2007 | 2008 | 2011 |
|---|---|---|---|---|
| Hemmesi | 100,0 | 100,0 | 100,0 | |
| Senagat | 13,0 | 14,7 | 14,7 | 14,1 |
| Oba hojalygy | 47,6 | 48,4 | 47,5 | 46,6 |
| Gurluşyk | 5,8 | 5,9 | 6,1 | 8,4 |
| Ulag we aragatnaşyk | 5,1 | 5,4 | 5,5 | 5,7 |
| Söwda we iýmit kärhanalary | 7,3 | 6,6 | 6,9 | 6,9 |
| Ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygy | 2,5 | 3,1 | 3,2 | 3,1 |
| Saglygy goraýyş, bedenterbiýe we durmuş üpjünçiligi | 4,8 | 3,9 | 3,8 | 3,8 |
| Bilim, medeniýet we sungat | 9,8 | 8,3 | 8,3 | 8,0 |
| Ylym we ylmy hyzmat | 0,2 | 0,2 | 0,2 | 0,2 |
| Dolandyryş edaralary | 2,0 | 2,2 | 2,2 | 1,6 |
| Beýleki pudaklar | 1,9 | 1,3 | 1,6 | 1,6 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Tablisa salgylananyňda ýurdumyzda zähmet çekýänleriň agramly böleginiň maddy sektoryň paýyna düşýändigini görmek bolýar. Senagat we oba hojalygynda zähmet çekýänler ähli işleýänleriň 67 göterimini eýeleýär. Bu görkeziji arkaly ilatyň iş bilen üpjünçiliginde maddy sektorlaryň esasy orny eýeleýändigini görüp bolýar.

Bazar gatnaşyklary şertlerinde iş bilen üpjünçiligiň alternatiw sektorlaryna hususy telekeçilik degişlidir. Häzirki wagtda hususy sektorda işleýän ilatyň 40%-e golaýy zähmet çekýär. Gelejekde hem bu görkezijiniň ösüş meýilleri göz öňünde tutulýar. Hususy eýeçilikde işleýänler söwda we jemgyýetçilik edaralarynda 30%-e, senagatda 19%-e, gurluşykda 16%-e deňdir. Hususy kärhanalaryň paýy Mary welaýatynda 19,3 %-e, Lebap welaýatynda 18,9%-e, Aşgabat şäherinde 27,5 %-e deňdir.

Edara görnüşli tarapy döretmezden telekeçilik bilen meşgullanýanlaryň paýy aýal-gyzlaryň arasynda has giň ýaýran bolup, onuň görkezijisi 64%-e deňdir. Telekeçiler bazary harytlar we hyzmatlar bilen doldurmaga ýardam edýär we ilatyň iş bilen üpjünçiligine giň mümkinçilik döredýär.

Türkmenistan bazar ykdysadyýetine geçdigisaýyn, ujypsyzja aýlyk haky, pes zähmet öndürijiligi, ykdysadyýetiň ekstensiw (önümçiligiň hiline däl-de, sanyna kowalaşylmagy) häsiýeti, zähmet resurslarynyň ösmegi bilen täze iş ýerlerini açmagyň deň gelmezligi geçmişe öwrülýär.

Ilatyň iş bilen üpjünçiligi diýmek, işgärleriň jemgyýetçilik hojalygynda işlemeginiň durmuş-ykdysady gatnaşygyny aňladýar we zähmet potensialynyň kemala gelmegi, paýlamagy we peýdalanylmak prosesleri bilen baglanyşykly bolup durýar. Zähmet potensialyny paýlamakdaky proporsiýalar iş bilen üpjünçilik babatyndaky syýasatyň zähmet siňdirilýän sferalaryň ösüşiniň derejesiniň, halk hojalygyny ýöriteleşdirmegiň, hünärmenleri taýýarlaýyş ulgamyny ösdürmegiň obýektiw taýdan şertlendirilen zerurlygynyň üsti bilen kesgitlenilýär.

## 3.4. Maýa goýumlar syýasatynyň iş bilen üpjünçilik meselelerine edýän täsiri

Ykdysady ösüş iş bilen meşgullygyň düzüminde bolup geçýän özgertmeler we zähmet öndürijiliginiň mese-mälim ýokarlanmagy bilen baglanyşyklydyr. Tehniki progresiň ösmegi işçi güýjüne edilýän harajatlaryň artmagyna getirýär. Netijede, iş bilen meşgullyk meselesi babatynda täze ykdysady usullary durmuşa geçirmek zerurlygy ýüze çykýar.

Şol bir wagtda bazar ykdysadyýeti şertlerinde senagatyň we hyzmatlar pudaklarynyň ýokary depginler bilen ösmegi geçiş döwrüni başdan geçirýän her bir ýurt üçin kanunalaýyk häsiýetleriň biridir. Dünýä tejribesine laýyklykda zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy we

zähmet serişdeleriniň pudaklar boýunça gaýtadan paýlanylmagy bazar güýçleriniň täsiri astynda bolup geçen ýagdaýynda ykdysadyýetiň ösüşini üpjün etjek mümkinçilikler ýüze çykýar.

Şol mümkinçilikleriň biri-de, ýurtda alnyp barylýan maýa goýumlar syýasatydyr. Bazara gönükdirilen ösüşiň çäklerinde bu syýasatyň işjeňlik derejesini gazanmak ilatyň iş bilen üpjünçilik meselesini çözmäge oňaýly täsir edýär. Ýurduň ykdysady ösüşini kesgitleýän birnäçe pudaklarda maýa goýumlaryň işjeňligine seredip geçmek maksadalaýyk hasap edilýär. 2000-nji ýyla görä ykdysadyýetiň pudaklary boýunça maýa goýumlaryň ösüş depginleri 9-njy tablisada görkezilýär (9-njy tablisa).

*9-njy tablisa*

**Türkmenistanyň kesgitleýji pudaklary boýunça maýa goýumlaryň ösüş depgini (2000-nji ýyla görä, %)**

| Ykdysadyýetiň pudaklary | 2000 | 2007 | 2008 |
|---|---|---|---|
| Senagat | 100 | 250 | 809 |
| Oba hojalyk | 100 | 194 | 395 |
| Ulag we aragatnaşyk | 100 | 274 | 951 |

(Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000–2009ý)

Ýokarda görkezilen maglumatlara görä, senagat, oba hojalyk, ulag we aragatnaşyk pudaklaryny ösdürmek üçin niýetlenen maýa goýumlaryň göwrümi ýylsaýyn artýar. Türkmenistanda ilata we kärhanalara hususy ösüşi üçin maýa goýumlaryny amala aşyrmaga giň mümkinçilikler açyldy. Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapyndan eýeçilige bolan hukugy goramak we bilimiň elýeterliliginiň kepillendirilmegi şol mümkinçilikleriň döwlet tarapyndan döredilýänligine güwä geçýär.

Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň şertlerinde maýa goýumlar syýasatynyň ilatyň iş bilen meşgullyk meselesine edýän täsiri uludyr. Ol, ozaly bilen, netijeli maýa goýumlar akymyny ýurda

çekmek üçin amatly şertleri döredýär. Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan «açyk gapylar» syýasaty ilaty iş orunlary bilen üpjün etmeklige täze mümkinçilikleri açýar.

Hususan-da, Türkmenistanda hojalygy ýöretmegiň bazar gatnaşyklarynyň kemala gelýän döwründe dasary ýurt maýa goýumlary üçin ähmiýetli bolan zerur şertleriň bolmagy, ýagny ykdysady we syýasy durnuklylyk ýurdumyza uly gyzyklanma döredýär. Netijede, GDA-nyň beýleki ýurtlaryna garanyňda birnäçe görnüşleri boýunça töwekgelçilikleriň derejesiniň pes bolmagy, düýpli maýa goýumlar syýasatynyň gelejeginiň uludygyna we täze iş orunlarynyň sanynyň artjakdygyna şaýatlyk edýär.

Ýene bir bellemeli ugurlaryň biri hem bazar gatnaşyklarynyň kemala gelmegi bilen ýurduň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberiniň artmagy bilen Türkmenistanyň halkara zähmet bazaryna we bütewi halkara ykdysady ulgama goşulyşmak prosesi bolup geçýär.

Maýa goýumlar syýasaty babatynda ýurdumyzda alnyp barylýan işleriň 2 sany aýratynlygyny belläp geçmek zerurdyr:

– Birinjiden, maýa goýumlaryň çägini kesgitlemek, ýagny, Türkmenistanyň ykdysady taýdan ösüşini üpjün etjek maýa goýumlaryň möçberi, döwlet tarapyndan goýberilýän serişdeler bilen daşary ýurt maýadarlaryň serişdeleriniň gatnaşygyny sazlaşdyrmak;

– Ikinjiden, maýa goýumlarynyň ugruny kesgitlemek. Hususan-da, olary özüni tiz ödeýän pudaklara gönükdirmek.

Zähmet bölünişiginde oba hojalygynda işleýänleriň paýynyň ýokary bolmagyna garamazdan, bu pudagy ösdürmek üçin goýberilýän serişdeler senagat, ulag we aragatnaşyk, gurluşyk pudaklaryna goýulýan düýpli maýa goýumlara garanda pesdir. Bu diýildigi, oba hojalyk önümçiliginiň pes derejesini aňlatman, eýsem, bu önümçilige mahsus bolan häsiýetli taraplaryň barlygyna güwä geçýär. Şeýle ýagdaý, bir tarapdan, önümçiligiň bu görnüşiniň tebigy hadysalar bilen berk baglanyşyklydygyny aňladýar, beýleki tarapdan bolsa, geljekki ykdysady ösüşi kesgitlejek senagat pudagyny we onuň infrastrukturasyny emele getirýän ulag

we aragatnaşyk ulgamyna maksatlaýyn serişdeleri goýbermegi aňladýar.

Şol sebäpli oba hojalygynda düýpli ykdysady özgertmeleri durmuşa geçirmek ykdysadyýetiň beýleki pudaklarynda geçirilişinden çuňňur tapawudy bardyr. Maýa goýumlary, esasan hem täze ekerançylyk ýerlerini özleşdirmäge, suw üpjünçiligini gowulandyrmaga, tehniki üpjünçiligini ýokarlandyrmaga gönükdirilýär. Şeýle hem oba ýerlerinde täze iş orunlaryny döretmek we oba hojalyk önümçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen agrar senagat toplumyny ösdürmeklige maýa goýumlaryň möçberi yzygiderli artdyrylýar. Hususan-da, oba ýerlerinde dokma, azyk senagatynyň kärhanalaryny döretmäge uly üns berilýär.

Senagat, ulag we aragatnaşyk gurluşyk ulgamlarynyň çalt depginlerde ösdürilmegi hem iş bilen meşgullyk meselesi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Türkmenistanda ilaty iş bilen üpjün etmegiň adaty däl görnüşlerini ulanmaklygyň mümkinçilikleri hem ýokarydyr. Hususan-da, oba ýerlerinde doly däl iş wagty düzgüninde, öý hojalygynda iş bilen meşgullanmaga üns berilmegi ilatyň iş bilen meşgullygynyň derejesini ýokarlandyryp biler. Häzirki wagtda işleýän ilatyň diňe 7%-e golaýy doly däl iş wagty düzgüni boýunça işleýärler. Doly bolmadyk zähmet güni we öýde işleýänleriň 98%-i aýallardyr. Olaryň 80%-i halkyň sarp edýän önümlerini çykarmak bilen meşgullanýarlar.

Doly däl iş düzgüninde işlemegi ykdysadyýetiň önümçilik däl pudaklarynda, hususan-da, hyzmatlar ulgamynda giňden ýaýbaňlandyrmagyň uly mümkinçilikleri bar. Bu mümkinçilikler birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar. Birinjiden, hyzmat ulgamynyň kärhanalaryndaky käbir hünärleriň ýönekeýligi bu käre uzak wagtlap taýýarlanmaklygy talap etmeýär (süpürijiler, gaplaýjylar we ş.m.). Ikinjiden, doly däl iş düzgüninde we öýde zähmet çekmäge isleg bildirýänleriň köpüsiniň aýal-gyzlar bolmagy, olar üçin zähmetiň amatly şertlerini döredýär.

Ýurdumyzyň telekeçilerine hem uly döwlet goldawlary berlip başlandy. Hususan-da, telekeçilik düzümlerine salgyt yeňillikleri, kanunçylyk üpjünçiligi, maýa goýum mumkinçilikleriniň artdyrylmagy, bank karzlary bilen üpjünçilik ýagdaýlarynyň gowulandyrylmagy döwletiň telekeçiler baradaky tagallalarynyň doly bolmadyk sanawydyr. Bu bolsa, öz gezeginde, telekeçiler tarapyndan täze önümçilikleriň özleşdirilmegine, täze iş ýerleriniň döredilmegine getirýär. Telekeçiler tarapyndan döredilýän kiçi we orta kärhanalaryň aglabasynyň halkyň sarp edýän önümlerini öndürmekde we çig mallary gaýtadan işlemekde ýöriteleşmegi täze iş ýerleriniň açylmagyna mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň zähmet bazarynda ýaşlaryň is bilen üpjünçilik meseleleri hem aýratyn ünsi talap edýär. Zähmet bazarynda ýaşlar ilatyň uly durmuş topary bolup durýarlar. 16-dan 30 ýaşa çenli aralykdakylar häzir ilatyň 30%-e golaýyny tutýar. Zähmet resurslarynyň 50%-den gowragy ýaşlardyr. Senagat kärhanalarynda işleýänleriň 44%-i, gurluşykda-40%-i, oba hojalygynda işleýänleriň 45%-i ýaşlar bolup durýar.

Zähmet bazarynda ýaşlar hünär we bilim taýdan gyradeň däldir. Mysal üçin, zähmete ukyply ýaşdaky ýaşlaryň arasynda ýokary bilimliler, ýörite orta bilimliler, orta bilimliler hem bar.

Bazar ykdysadyýetine geçilmegi we ykdysadyýetiň ýokary derejede ösüşi, önümçilige täze tehnologiýalaryň ornaşdyrylyşy ýaşlary iş bilen üpjün etmekde täze meseleleri ýüze çykarýar. Olar täze hünärleri özleşdirmeli bolýarlar.

Türkmenistanyň zähmet bazarynda bolup geçýan prosesleri dolandyrmak döwletiň durmuş-ykdysady syýasatynyň esasy ugry bolup durýar. Hormatly Prezidentimiziň badalga berýän durmuş-ykdysady maksatnamalarynyň esasy maksatlarynyň biri hem ilatyň iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak bolup durýar. Şeýle durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde gurulýan önümçilik we durmuş ähmiýetli deşgalaryň ulanylmaga berilmegi Aşgabat şäherinde we sebitlerde iş bilen üpjünçiligiň gowulanmagyna oňyn täsirini ýetirýär.

## 4-nji bap
# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

## 4.1. Senagat-ykdysadyýetiň esasy pudagy hökmünde

Milli ykdysadyýet iki sany sferadan ybarat:

1. Maddy önümçilik sfera.

2. Maddy däl sfera.

Bu iki sferany bir-birinden tapawutlandyrylýan esasy alamat bolup maddy önüm çykyş edýär. Maddy önümi göterip, daşap, süýşürip düşürip, görüp bolýar. Sebäbi ol göwrümi, möçberi, agramy bolan göze görünýän maddylykdyr ýa-da barlykdyr. Emma maddy däl sferada göze görünýän barlyk öndürilmeýär, ol diňe dürli hyzmatlary we eşretleri amala aşyrýar. Öndürýän önüminiň maddylygy bu iki sferany biri-birinden tapawutlandyrýan esasy alamat bolup çykyş edýär. Maddy önümçilik iki pudakdan ybarat:

1. Maddy önümçiligiň iň giň ýaýran we iň gadymy görnüşi oba hojalygy bolup, bu barada indiki temada has giňişleýin gürrüň ediler.

2. Maddy önümçiligiň baş pudagy bolan senagat.

Senagat-munuň özi tebigy baýlyklary, tebigy eşretleri, oba hojalyk önümlerini, senagatda taýýarlanylýan çig mallary gaýtadan işläp, taýyn haryda öwürýän halk hojalygynyň iň möhüm pudagydyr. Senagat maddy önümçiligiň baş pudagydyr. Çünki, islendik önümçilik pudagynyň barha ýöriteleşmegi, ösmegi üçin ýeterlik kämil tehnikalar we enjamlar zerurdyr. Bu zerurlygyň hötdesinden gelip bilýän ýeke-täk pudak senagatdyr. Şol bir wagtyň özünde maddy däl sferanyň ösüşi hem gös-göni senagata baglydyr. Mysal üçin, bank hyzmatlarynda, aragatnaşyk ulgamynda ulanylýan tehniki serişdeleriň hemmesi senagatyň önümleridir. Diýmek, ykdysadyýetiň ösmegi ilkinji nobatda senagata baglydyr.

Senagatyň öndürýän önümlerini iki topara bölüp öwrenmek bolar:

1. Halkyň sarp edýän harytlary. Bu topara azyk, geýim-gejim we gündelik durmuşda ulanylýan islendik harytlar degişlidir.

2. Önümçilik maksatly harytlar. Bu topara önümçilik maksatly stanoklar, geçirijiler, enjamlar we ş.m. degişlidir.

Ilkinji topara degişli bolan önümçilik maksatly senagat harytlary ykdysadyýetiň senagatlaşmagynda, ýurduň maddy-tehniki binýadynyň barha pugtalanmagyna getirýär. Maddy-tehniki binýat munuň özi sarp edýän harytlaryny öndürýän önümçilik bolman, önümçilikde ulanylýan enjamlardyr, stanoklary öndürmeklige düşünilýär. Maddy-tehniki binýat näçe pugtalansa, dürli görnüşli önümçiligi ýola goýmaga mümkinçilik döreýär. Maddy-tehniki binýadyň pugtalanmagy bilen halkyň sarp edyän senagat harytlarynyň barha artmagyna, hiliniň ýokarlanmagyna, önümleriň görnüşleriniň köpelmegine getirýär. Öndürilýän önümleriniň köpelmegi milli ykdysadyýetiň yzygiderli ösüşini üpjün edýär.

Senagat pudaklaryny öz dörän wagtyna baglylykda üç topara bölüp öwrenmek bolar:

**Birinji topar köne pudaklar** diýlip atlandyrylýar. Köne topara kömür, metallurgiýa, gämi gurluşygy we dokmaçylyk degişlidir. Bu topara köne pudak diýilmeginiň sebäbi senagat önümleri ilkinji bolup şu pudaklarda öndürilip başlanandyr.

Ylmy-tehniki progresiň ösmegi bilen bu pudaklaryň ösüşi haýallan hem bolsa dünýäniň jemi senagat önüminde bu topara girýän pudaklaryň orny örän uludyr.

**Ikinji topara täze pudaklar** diýilýär. Täze pudaga awtomobil gurluşygy, plastmassa we dürli himiki süýümler degişlidir. Bu toparyň ösüşi birinji topara garanyňda ep-esli ýokarydyr. Ikinji topara degişli önümçilik pudaklary ozallar diňe ösen ýurtlarda hereket edýärdi. Emma indi bu pudaklar ösüp gelýän ýurtlarda ýene giňden ýaýrap başlady.

**Üçünji topara iň täze senagat pudaklary** diýilýär. Oňa başgaça ýokary tehnologiýaly pudaklaram diýilýär. Bu toparyň esasy aýratynlygy ylmy köp talap edýänligidir. Oňa robot gurluşygy, hasaplaýjy tehnikalar, kompýuter, uçar, kosmos, bio we nano tehnologiýaly senagat önümçilikleri degişlidir. Bu topar häzirki wagtda dünýäniň öňdebaryjy pudaklarynda hereket edýär.

YTP-ň ösmegi milli döwletleriň we dünýä senagatynyň düzüminde möhüm üýtgeşmeleriň bolmagyna alyp barýar. Bu üýtgeşmede senagat önümleriniň belli bir görnüşleriniň öndürilişi has artdyrylýar. Mysal üçin, kömür senagatynyň önümçiligi häzirki wagtda barha kemelýär we tersine, gaz senagatynyň ösüşi barha ýokarlanýar. Senagatyň düzüminde bolup geçýän üýtgeşmeleri aşakdaky sebäpler bilen düşündirmek bolar.

a) Häzirki wagtda halk hojalygynyň ähli pudaklary mehanizmleşdirilýär, awtomatlaşdyrylýar, kompýuterleşdirilýär. Bu hadysa häzirki wagtda dünýä senagatyna mahsus ýagdaýdyr. Şonuň üçin bu serişdeleriň öndürilişini artdyrmak we kämilleşdirmek zerurlygy ýüze çykýar.

b) YTP-ň ösmegi bilen oba hojalyk önümleriniň ornuny tutýan täze senagat harytlarynyň öndürilişi artyp başlady. Mysal üçin, pagtanyň we ýüňüň ýerini tutýan sintetiki süýümler, tebigy kauçugyň ornuny tutýan emeli kauçuk we ş.m.

ç) Birnäçe önümçilik pudaklary beýleki bir önümçilik pudagyna geçýär. Mysal üçin, guşçulyk ozal oba hojalygyna degişli bolsa, ösen ýurtlarda guşçulygy indi senagata degişli diýip hasap edilýär. Sebäbi täze tehnikalaryň kömegi bilen ähli önümçilik yzygiderligi diňe awtomatlaşdyrylan gurallaryň kömegi bilen amala aşyrylýar ýa-da gurluşykda ulanylýan iri bölekler, ýagny demir-beton plitalar senagat önümçiliginde öndürilýär.

c) Senagat taýdan gaýtadan işlenen azyk önümleriniň sarp edilişi barha ýokarlanýar.

Şu ýokarda aýdylan sebäplere görä, senagat önümçiliginiň paýy maddy önümçilikde barha artýar.

Senagatyň düzümini öwrenmek wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Senagatyň düzümini birnäçe böleklere bölüp öwrenmek bolar. Oňa pudaklaýyn, edaralaýyn, durmuş ähmiýetli we çäkleýin (territorial) düzüm degişlidir. Şol bir wagtyň özünde hem senagatyň düzümini iri, orta we kiçi kärhanalar boýunça-da häsiýetlendirmek bolar.

Senagatyň düzümini eýeçiligiň görnüşi boýunça hem bölüp öwrenmek bolar. Senagat kärhanalaryna eýeçiligi boýunça umumylaşdyryp üç topara bölýärler.

1. Döwlet kärhanalary;
2. Hususy kärhanalar;
3. Garyşyk kärhanalar.

Senagatyň düzümini eýeçiligiň görnüşi boýunçä öwrenmek häzirki wagtda möhüm meseleleriň biridir. Bazar ykdysadyýetli ösen döwletlerde senagat tutuşlygyna diýen ýaly hususyýetçileriň elindedir. Senagaty eýeçiligi boýunça öwrenmek milli ykdysadyýetiň eýeçiligiň haýsy görnüşine daýanýandygyny görkezýär.

Senagata jemgyýetçilik zähmet bölünişigi nukdaýnazardan baha bermek üçin klassifikasiýalaşdyrylýar. Klassifikasiýalaşdyrmagyň esasy maksady jemi içerki önümiň düzüminde senagat pudaklarynyň ösüşine we üýtgeýşine baha bermekden ybaratdyr. Çünki, wagtyň geçmegi YTP-ň täsiri, önümçiligiň has ileri tutulýan ugurlaryň üýtgemegi bilen senagat pudaklarynyň hem jemi içerki önümdäki paýy üýtgeýär.

Senagaty klassifikasiýalaşdyrmagyň aşakdaky görnüşleri hereket edýär.

1. Elektrik energiýasy;
2. Ýangyç senagaty;
3. Gara metallurgiýa;
4. Reňkli metallurgiýa;
5. Himiýä we nebit-himiýa senagaty;
6. Maşyn gurluşyk we metaly gaýtadan işlemek;
7. Tokaý, agajy gaytadan işlemek we sellýuloza-kagyz senagaty;
8. Gurluşyk materiallary senagaty;
9. Aýna, farfor-faýans senagaty;
10. Ýeňil senagat
11. Azyk senagaty;
12. Mikrobiologiýa senagaty;
13. Medisina senagaty;

14. Poligrafiýa senagaty;

15. Däne üweýän we ýarma senagaty;

16. Beýleki önümçilik senagatlary.

Bu toparlar hem öz gezeginde birnäçe pudaklara bölünýär. Mysal üçin, ýeňil senagat, dokma, tikinçilik deri, aýakgap ýaly senagat pudaklaryna bölünýär. Hemme ýurtlarda ýokardaky klassifikasiýada görkezilen pudaklar hereket etmeýär. Bu klassifikasiýa umumydyr.

Käbir ýurtlarda ýöriteleşen pudaklar agdyklyk edýär. Ýöriteleşen pudagyň agdyklyk etmegi netijesinde ol pudagy klassifikasiýasy boýunça däl-de, ýöriteleşen pudagyň öz ady boýunça hem alynýar. Mysal üçin, Türkmenistanda ýeňil senagatyň dokma pudagy aýratyn ösüşe eýedir. Şonuň üçin hem oňa ýeňil senagatyň ösüşi däl-de, dokma senagatynyň ösüşi diýip özbaşdak pudak hökmünde alynýar. Munuň özi ýurdumyzyň dokma senagatynyň ýöriteleşmeginden gelip çykýar.

Dünýä döwletleriniň hemmesinde senagat pudaklarynyň klassifikasiýalaşdyrylyşy birmeňzeş däldir. Mysal üçin, ABŞ-da ýeňil senagat diýen düşünje ýok. Onuň ýerine dokma, tikinçilik we ş.m. pudaklar aýratyn senagat pudagy hökmünde görkezilýär. Ýa-da reňkli we gara metallurgiýa diýip aýratyn topara bölünmän, diňe metallurgiýa diýlip görkezilýär. Şeýle aýratynlyklar dünýäniň beýleki döwletlerinde hem bardyr. Senagat pudaklarynyň klassifikasiýalarynda tapawutlaryň bolmagy milli ykdysadyýetleriň ösüş aýratynlyklary bilen düşündirmek bolar. Klassifikasiýalaşdyrmak iki alamat boýunça amala aşyrylýar:

1. Çig malynyň birmeňzeşligi. Mysal üçin, ýeňil senagatyň çig maly bolup pagta, deri, ýüň we ş.m. oba hojalyk önümleri çykyş edýär.

2. Tehnologik prosesiniň birmeňzeşligi. Mysal üçin, demir we reňkli metallurgiýada birmeňzeş tehnologiýa ulanylýar.

Senagat pudaklaryny klassifikasiýalaşdyrmak olary öz gezeginde gazyp alyjy we gaýtadan işleýji senagat diýen toparlara bölmäge mümkinçilik berýär.

Gazyp alyjy we gaýtadan işleýji senagaty ykdysady alamaty boýunça tapawutlandyryp bolýar. Gazylyp alynýan baýlyklar adam zähmetiniň netijesi däl-de, ol tebigatyň önümidir. Tebigy baýlyklar üçin hiç-hili adam zähmeti sarp edilmeýär. Ony gazyp almak we gaýtadan işlenilmäge taýýarlamak üçin adam zähmeti sarp edilýär. Başgaça, gazyp alyjy senagat gaýtadan işleýji senagaty çig mal bilen üpjün edýär. Gaýtadan işleýji senagat bolsa adyndan belli bolşy ýaly çig maly gaýtadan işläp taýyn haryda öwürýär.

Senagatyň düzümini, onuň üýtgeýşini öwrenmek ykdysadyýyeti ösdürmegiň wajyp meselesidir. Senagat pudaklarynyň iki topara bölünip öwrenilmegi ýurduň ykdysadyyetiniň ösüş derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Gazyp alyjy senagatyň paýy ýokary bolsa, ýurduň senagatynyň gowşakdygyny, milli ykdysadyýetiň yzagalaklygyny aňladýar. Gaýtadan işleýjy senagatyň paýy üzül-kesil ýokary bolsa, ykdysadyýetiň güýçli senagatlaşandygyny görkezýär. Bu görkeziji ösen döwletlere mahsus görkezijidir.

## 4.2. Türkmenistanyň senagatynyň diwersifikasiýalaşdyrylyşy

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy pudagy senagatdyr. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly hereket edýän ähli pudaklarymyzdaky tehniki ösüş, ýurdumyzyň tebigy, maddy we zähmet resurslarynyň ulanylyş derejesi gös-göni senagatyň ösüşine baglydyr. Ýurdumyzyň senagaty 2011-nji ýylda jemi içerki önümiň 49,3 göterimini eýeledi. Ýurdumyz boýunça jemi öndürilen önümiň ýarysyna golaýynyň senagatyň paýyna düşmegi milli ykdysadyýetimiziň barha senagatlaşýandygyny görkezýär. Çünki, 2000-nji ýylda senagatyň jemi içerki önümdäki paýy 38 göterime barabardy. Aşakda getirilen tablisa arkaly senagat önümçiliginiň ösüşine baha bereliň (10-njy tablisa).

5. Sargyt № 3158

*10-njy tablisa*

**Senagat işleriniň esasy görkezijileri**

| № | | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Senagat önümleriniň möçberi, mln. manat | 33539 | 14883,6 | 32702,6 | 30760,9 | 30760,9 |
| 2 | Senagat-önümçilik işgärleriniň sany. müň adam | 98,2 | 100,6 | 102,6 | 105,1 | 105,1 |
| 3 | Ýylyň ahyryna esasy önümçilik serişdeleri mln. manat | 1760 | 6735 | 7979 | 12483 | 12483 |
| 4 | Önümiň ýerleşdirilmeginden alnan peýda, mln. manat | 893,8 | 1959,4 | 9992,7 | 7301,9 | 7301,9 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Tablisadan görnüşi ýaly 2011-njy ýylda öndürilen senagat önümleri 2000-nji ýyldaka garanyňda 10 essä golaý, 2007-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 2-esseden gowrak artypdyr. Şeýle hem senagatda işleýänleriň sany, önümçilik serişdeleri we alnan peýda deňeşdirilýän ýyllar içinde uly ösüşe eýe bolupdyr. Gysga wagtyň içinde ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň düzüminde senagatyň paýynyň çalt depginler bilen ösmegi milli ykdysadyýetimiziň örän çaltlyk bilen senagatlaşýandygyny görkezýär.

*11-nji tablisa*

**Senagat önümçiliginiň düzümi, göterimde**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
| Senagat-hemmesi | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Ýangyç-energetika pudaklary | 56,3 | 52,8 | 72,9 | 74,3 | 76,1 |
| Şol sanda: | | | | | |
| Elektrik energetikasy | 2,3 | 0,8 | 0,7 | 1,0 | 0,7 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 |
|---|---|---|---|---|---|
| Ýangyç senagaty | 54,0 | 52,0 | 72,2 | 73,3 | 75,4 |
| Şol sanda: | | | | | |
| Nebit çykaryjy senagat | 10,1 | 9,8 | 15,0 | 21,5 | 11,1 |
| Nebti gaýtadan işleýän senagat | 13,0 | 14,1 | 17,7 | 14,6 | 12,9 |
| Gaz senagaty | 30,9 | 28,1 | 39,5 | 37,2 | 51,4 |
| Maşyn gurluşygy we metaly gaýtadan işläp bejeriji senagat | 1,2 | 0,6 | 0,4 | 0,7 | 4,9 |
| Himiýa senagaty | 1,7 | 1,2 | 1,0 | 1,6 | 1,1 |
| Gurluşyk materiallary senagaty | 2,2 | 2,2 | 2,0 | 2,0 | 1,6 |
| Aýna we farfor-faýans senagaty | 0,1 | 0,03 | 0,01 | 0,02 | 0,02 |
| Ýeňil senagat | 18,9 | 20,0 | 11,8 | 9,4 | 7,0 |
| Şol sanda: | | | | | |
| Dokma senagaty | 17,0 | 13,1 | 8,7 | 6,9 | 5,2 |
| Tikin senagaty | 1,8 | 6,7 | 3,0 | 2,4 | 1,7 |
| Gön, sütükli deri we aýakgap senagaty | 0,1 | 0,2 | 0,1 | 0,1 | 0,1 |
| Azyk senagaty | 18,3 | 22,0 | 11,2 | 11,3 | 8,3 |
| Şolardan: | | | | | |
| Azyk-tagam senagaty | 13,8 | 17,0 | 8,8 | 9,2 | 6,8 |
| Et-süýt senagaty | 0,9 | 3,4 | 1,7 | 0,6 | 1,1 |
| Däne üweýji-ýarma senagaty | 3,4 | 1,2 | 0,7 | 0,6 | 0,4 |
| Beýlekiler | 1,3 | 1,17 | 0,69 | 0,68 | 1 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

11-nji tablisa laýyklykda ýurdumyzyň senagatynyň klassifikasiýasyny aşakdaky ýaly bölüp bolar.

1. Ýangyç-energetika pudaklary;
2. Maşyn gurluşygy we metaly gaýtadan işleýän senagat;
3. Himiýa senagaty;
4. Gurluşyk materiallary senagaty;
5. Ýeňil senagat;

6. Azyk senagaty;

7. Beýlekiler.

Bu toparlaryň senagat önümiň düzümindäki paýyny kesgitlemek üçin aşakdaky 1-nji diagramma ýüzleneliň.

*1-nji diagramma*




Şekilden görnüşi ýaly bu toparyň içinde iň köp paýa eýe bolan ýangyç-energetika pudagydyr. 2011-nji ýylda ýangyç-energetika toplumy jemi senagat önüminiň 76,1 göterimini eýelän bolsa, 2009-njy ýylda bu pudak ýurdumyzyň JIÖ-de 74,3 göterimine eýe bolupdyr. Munuň özi soňky ýyllarda bu pudakda örän düýpli özgertmeleriň bolup geçendigini görkezýär. Çünki, 2000-nji ýylda bu toplum jemi senagat önüminiň 56,3 göterimini eýeleýärdi. Bu görkeziji milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmakda uly öňegidişligiň bolandygyny subut edýär.

## 4.3. Türkmenistanyň senagatynyň düzümi we onuň ösüşi

Ýangyç-energetika toplumyna ýangyçlary we elektrik energiýasyny işläp çykarýan, daşaýan, paýlaýan we peýdalanýan pudagara ulgamlar degişlidir. Toplum Türkmenistanyň senagat önümçiliginiň

esasyny düzýär. Türkmenistanyň senagat önüminiň uly bölegi, ýagny, 76,1% ýangyç-energetika pudaklarynyň paýyna düşýär. Ýangyç-energetika toplumynyň düzüminde öndürilýän önümiň uly bölegi ýagny, 51,4% gaz senagatynyň, 11,1% nebit çykaryjy senagatynyň, 12,9% nebiti gaýtadan işleýän pudagyň, 0,7% elektroenergetikanyň paýyna düşýär. Tebigy gaz, nebit önümleri, elektrik energiýa Türkmenistanyň esasy senagat eksportydyr. 2011-nji ýylda Türkmenistanyň eksportynyň 64,6% tebigy gazyň, 11,8% nebitiň, 16,2% nebit önümleriniň we 0,4% elektrik energiýsynyň paýyna düşýär. Umuman, Türkmenistanyň ähli eksportynyň 93,0% şu toplumyň paýyna düşýär.

Türkmenistanyň nebit senagatynyň baý taryhy bardyr. Çeleken adasy (soňra ýarymada) Türkmenistanda nebitiň senagat usulynda çykarylan ilkinji ýeridir. Milli ykdysadyýetimiziň esasy daýanjy bolan ýangyç-energetika pudagynyň taryhy şu ýerden başlanýar. Çeleken sebitleri nebit baýlyklary bilen eýýäm XII–XVIII asyrlarda-da Eýrana, Kawkaz we Ýewropa ýurtlaryna belli bolupdyr. XVII-XIX asyrlarda Çelekende we Balkanabatda onlarça nebit guýulary hereket edipdir. XIX asyryň ahyrlarynda rus senagatçylary Çelekeniň nebitini senagat usulynda çykarmaga girişipdirler. Hazar deňziniň türkmen kenarýakasynda ýeriň ýüzüne toplanýan uly möçberli nebit gorlary hem-de XIX asyrda Ýewropada we dünýäniň beýleki sebitlerinde senagatyň, ulaglaryň güýçli depginlerde ösmegi Çelekene köp sanly daşary ýurt kompaniýalarynyň, firmalarynyň gelmegine esas bolupdyr. Çelekende hereket eden daşary ýurt kompaniýalary we firmalary her ýylda müňlerçe tonna nebit çykarypdyrlar. 1875-nji ýylda Çeleken ýatagyndan 12900 tonna nebit gazylyp alnypdyr. 1876-njy ýylda adada «Doganlar Nobeller» şwed kompaniýasy hem iş alyp barypdyr. Bu firma deňiz bilen daşary ýurtlara nebit ugratmak üçin 1897-nji ýylda Çelekeniň Garaköl obasyndan deňiz duralgasyna çenli dokuz kilometrlik ilkinji nebit geçirijini gurdy. 1911-nji ýylda Çelekende çuňlugy 650 metre çenli bolan 350 sany guýulardan 217 müň tonna nebit çykaryldy. Sany 20-den geçýän daşary ýurt kompaniýalarynyň, firmalarynyň nebitli gatlaklary

kadasyz ulanmagy netijesinde nebitiň çykarylyşy ep-esli azaldy we 1916–1925-nji ýyllar aralygynda ortaça her ýyl 5000 tonna töweregi nebit çykarypdyrlar. Täze nebit çykaryjy tehnikalaryň we usullaryň ornaşdyrylmagy, burawlanýan guýularyň çuňlugynyň artdyrylmagy netijesinde hem-de Nebitdag ýatagynyň özleşdirilip başlanmagy bilen 1930-njy ýyllardan başlap ýurdumyzda nebitiň çykarylyşy senagat ähmiýete eýe boldy. 1940-1950-nji ýyllarda ýurdumyzda çykarylýan nebitiň mukdary ýylda ýarym million tonnadan geçdi. 1948-nji ýylda Gumdag nebit ýatagy özleşdirilip başlandy. Uly möçberde nebit çykarmaklyk 1960-njy ýyllarda, ýagny Goturdepe, Barsagelmez we Ekerem nebit ýataklarynyň özleşdirilmegi bilen başlady. Türkmen nebitçileri 1964-nji ýylda nebit-gözleg işlerini Hazar deňzine geçirdiler we 1969-njy ýylda Jygalybeg, Çelekenýangümmez, Jeýtun we Garaköl deňiz ýataklaryndan nebit çykaryp başladylar. Türkmenistanda nebit çykarmagyň iň ýokary görkeziji 1977-nji ýylda 17 million tonna golaý boldy. Şol ýyllardan başlap öňki Soýuz tarapyndan gözleg-agtaryş we buraw işleriniň ep-esli azaldylmagy ýurdumyzyň senagat ähmiýetli nebit gorlarynyň azalmagyna we şonuň netijesinde onuň çykarylyşynyň ýylsaýyn pese düşmegine getirdi. 1990-njy ýylda ýurdumyz boýunça çykarylan nebitiň mukdary bary-ýogy 5,6 million tonna deň boldy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda gözleg-agtaryş we çuň burawlaýyş işleriniň artmagy, onlarça täze nebit-gaz ýataklarynyň açylmagy we işe girizilmegi, uglewodorod çig mallarynyň çykarylyşynyň iň täze usullarynyň ornaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzda nebitiň çykarylyşy durnukly ösüşe eýe bolup başlady. 2000-nji ýylda ýurdumyz boýunça 7,2 million tonna golaý nebit gazylyp alnan bolsa, ol görkeziji 2011-nji ýylda 10,6 million tonnadan gowrak boldy. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň nebit senagatynyň sebitleýin ýerleşişi we ösüşi özgerdi. Ýurdumyzyň Merkezi we Gündogar sebitlerinde geljegi uly bolan nebit ýataklary özleşdirilip başlandy. Mary welaýatynda Günorta Ýolötende, Lebap welaýatynda Ýaşyldepede, Ahal welaýatynda Ýylaklyda, Mydarda nebit çykarylyp başlandy. Häzirki wagtda ýurdumyzyň gury ýer giňişliklerinde, deňziň ýal-

paklarynda «Türkmennebit» Döwlet konserniniň «Galkynyşnebit», «Hazarnebit», «Nebitdagnebit», «Gumdagnebit», «Gamyşlyjanebit» nebit-gaz çykaryjy müdirlikleri hem-de dünýä belli Malaýziýanyň «Petronas», iňlis-arap «Dragon Oil», «Barren Enerji», Daniýanyň «Maýersk Oil», «Maýtro», Germaniýanyň «Wintershal», «RWE Dea AG», Hindistanyň «ONGC», Kanadanyň «Buried Hill», halkara «Itera» nebitgaz kompaniýalary önümi paýlaşmak hakynda ylalaşygyň şertlerinde işleýärler. Häzirki wagtda «Türkmennebit» döwlet konserni boýunça nebit-gazly ýataklaryň 25-si özleşdirilýär. Türkmenistanda nebit häzirki wagtda Goturdepe, Barsagelmez, Akpatlawuk, Altyguýy, Burun, Gumdag, Gamyşlyja, Gögerendag, Guýjuk, Garadepe, Gyzylgum, Keýmir, Nebitdag, Ördekli, Ekerem, Ekizek, Çeleken, Günorta Ýolöten, Ýaşyldepe, Ýylakly, Mydar, şeýle hem deňiz ýalpaklarynda Jygalybeg, Jeýtun, Çelekenýangümmez, Garaköl ýataklaryndan çykarylýar.

Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyna laýyklykda nebitiň çykarylyşyny 2020-nji ýylda 23,4 million tonna, 2025-nji ýylda 40,3 million tonna we 2030-njy ýylda 66,6 million tonna çenli ýetirmek göz öňünde tutulýar. Nebitiň daşarky bazara çykarlyşyny 2020-nji ýylda 10 million tonna, 2030-njy ýylda bolsa 50 million tonna ýetirmek meýilleşdirilýär. Nebitiň çykarylyşyny artdyrmak üçin ilkinji nobatda olaryň ygtybarly gorlaryny üpjün etmek zerurdyr. Şol maksat bilen ýurdumyzda geologiýa-gözleg hem-de çuň burawlaýyş işleriniň zerur möçberlerini geçirmekde netijeliligi ýokarlandyrýan täze tilsimatlar we usulyýetler ornaşdyrylýar. Pudaga dünýäniň iň ösen hem kämil enjamlary, tilsimatlary we iş usullary ornaşdyrylýar, uly möçberli daşary ýurt maýa goýumlary gönükdirilýär, ösen we ýokary netijeli önümçiliklere eýe bolan daşary ýurt kompaniýalary çekilýär.

Gaz senagaty Türkmenistanyň ýangyç-energetika toplumynyň esasy pudagydyr. Ýarym asyra golaý taryhy bolan bu pudak uly ösüşlere eýe bolýar. Türkmenistanyň gaz senagatynyň ösüşi 1966-njy ýylda Lebap welaýatynyň demirgazyk-gündogarynda ýerleşýän Ojak gaz käniniň özleşdirilmegi bilen başlanýar. Ýurdumyzyň Gündogar

we Günorta sebitlerinde 50-den gowrak gaz ýataklarynyň açylyp işe girizilmegi bilen tebigy gazyň çykarylyşy has artyp başlady. Geçen asyryň 1970-nji ýyllarda Şatlyk, 1983-nji Döwletabat, 1984-nji ýylda Üçajy, Seýrap, Şorköl, 1986-njy ýylda Malaý we Samandepe ýataklarynyň işe girizilmegi bilen gazyň ýyllyk çykarylyşy yzygiderli artyp, 1980-nji ýylda 70,5 milliard kub metrden 1989-njy ýylda 90 milliard kub metre çenli artdyrmaga mümkinçilik berdi. Garaşsyzlygymyzyň öň ýanynda tebigy gazy çykarmak boýunça Türkmenistan dünýäde dördünji orunda durýardy. Çykarylýan gazyň 90 göterimden gowragy Türkmenistanyň ykdysadyýetine hyzmat etmän, ozalky umumysoýuz goruna akdyrylýardy. SSSR-iň dargamagy bilen çykarylýan gazy dünýä bazaryna ýerlemek meselesi ýüze çykdy we onuň gazylyp alnyşy pese düşdi. Ykdysadyýetimiziň, şol sanda, gaz geçirijiler ulgamynyň diwersifikasiýalaşdyrylmagy netijesinde ýurdumyzda tebigy gazyň çykarylyşy ýokarlanyp başlady. Eger 2000-nji ýylda 47,2 milliard kub metr gaz çykarylan bolsa, 2011-nji ýylda bu görkeziji 66 milliard kub metre çenli artdy. Günbatar Türkmenistanda tebigy gazdan başga, nebit-himiýa senagatynda giňden ulanylýan, nebit bilen ugurdaş gazlar hem çykarylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda senagat taýdan özleşdirilýän 60-a golaý gaz we gazkondensatly ýataklardan çykarylýan umumy gazyň 87 göterim töweregi «Türkmengaz» Döwlet konserniniň paýyna düşýär. Türkmenistanda tebigy we nebit bilen ugurdaş gazlary gözlemek we çykarmak boýunça daşary ýurt kompaniýalary hem işleýär. Ýurdumyzyň gündogarynda ýerleşen «Bagtyýarlyk» meýdançasynda Hytaý Halk Respublikasynyň Milli nebit-gaz korporasiýasy we deňiz ýalpagynda Malaýziýanyň «Petronas» kompaniýasy senagat derejesinde gazy çykarýarlar. Türkmenistan-Hytaý we Türkmenistan-Eýran täze gaz geçirijileriniň işe girizilmegi hem-de dünýäniň uly ýataklarynyň hataryna giren Günorta Ýolöten-Osman, Ýaşlar, Minara ojaklarynyň senagat taýdan özleşdirilip başlanmagy bilen ýurdumyzda gazyň çykarylyşy has artyp başlady.

Häzirki wagtda Türkmenistanda gazy gaýtadan işleýän hem-de suwuklandyrylan uglewodorod çig mallary öndürýän önümçilikler

döredi. Naýypdaky we Bagajadaky gazy gaýtadan işleýän toplumlarda Garagumdaky ýataklardan alynýan gazlar suwuklandyrylan görnüşe geçirilýär. Gaz gaýtadan işlenilende köp mukdarda kondensat hem alynýar, kondensatdan bolsa açyk reňkli nebit önümleri taýýarlanylýar. Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda nebit bilen ugurdaş çykýan gazlar gaýtadan işlenilip suwuklandyrylan görnüşe geçirilýär. Samandepede gazy arassalaýan zawod hereket edýär. Ýurdumyzda öndürilýän suwuklandyrylan gazy saklamak we ýerlemek üçin Sarahs we Serhetabat demir ýol menzillerinde wagon çeleklerine we ýöriteleşdirilen awtoulaglara guýup ugradýan, Türkmenbaşy etrabynyň Gyýanly şäherçesinde bolsa deňiz ulaglara guýup ugradýan terminallary işleýär.

Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasyna laýyklykda gazyň çykarylyşy 2020-nji ýylda 187,7 mlrd. kub metre we 2030-njy ýylda bolsa 229,8 mlrd. kub metre barabar bolar. Maksatnamada meýilleşdirilýän görkezijilere ýetmek üçin işläp gelýän Döwletabat, Malaý, Samandepe, Garaşsyzlygyň 10 ýyllygy, Körpeje we beýleki ýataklardan gaz çykarmak boýunça kuwwatlyklary artdyrmagyň hem-de täze ýataklary işe girizmegiň hasabyna üpjün ediler. Gaz senagatyny ösdürmek üçin döwletimizde amatly maýa goýum syýasaty alnyp barylýar. 2008-njy ýylda kabul edilen «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» kanun daşary ýurt maýasyny, iň kämil tehnologiýalary çekmek üçin esasy binýat bolup hyzmat edýär. Gymmatly tebigy ýangyjy dünýä bazarlaryna ibermegiň köp ugurly we giň möçberli ulgamyny döretmek ileri tutulýan ugurlaryň biridir.

Nebiti gaýtadan işleýji senagat ýurdumyzda öndürilýän çig malyň 70 göterimden gowragyny gaýtadan işläp, içerki we daşarky bazarlary ýokary hilli ýangyç önümleri bilen üpjün edýär. Pudagyň ösüşi, ilkinji nobatda Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň çäklerinde amala aşyrylýar. Türkmenbaşy şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda zawody döwrebaplaşdyrmak hem-de gaýtadan enjamlaşdyrmak işleri netijesinde täze önümçilikleriň onlarçasy – katalitik riforming, millisekund

katalitik kreking desgalarynyň, ýokary oktanly benzini, çagly ýaglaryny, polipropileni, kükürtsiz dizel ýangyjyny öndürýän desgalary guruldy. Zawodlar toplumyndaky gurlan desgalaryň netijesinde nebiti gaýtadan işlemegiň çuňlaşdyrylmagy bilen önümleriň görnüşleriniň giňelmegini we möçberleriniň artmaklygyny üpjün etdi. Ýaponiýanyň «Çioda», Türkiýäniň «Niçimen», «Gamma», Irlandiýanyň «Emerol», Fransiýanyň «Teknip» kompaniýalary tarapyndan zawodlar toplumynda ornaşdyrylan täze önümçilik desgalary häzirki wagtda zyýanly etil suwuklygy goşulmadyk ulag ýangyçlaryny, awiasiýa we tehniki kerosinlerini, az kükürtli dizel ýangyjyny, mazudy, çalgy ýaglaryny, polipropileni, peç ýangyjyny, ýeňil gazoýly, nebit elektrod koksuny, suwuklandyrylan gazy, kükürdi, gurluşyk we ýol bitumlaryny, sintetiki ýuwujy serişdelerini öndürýär. Ýurdumyzyň gündogar böleginde çykarylýan nebit Seýdi şäherindäki zawodda gaýtadan işlenilip, esasan, benzin, dizel ýangyjy, mazut önümleri öndürilýär. Seýdi şäherinde ýerleşýän nebiti gaýtadan işleýän zawodyň tehniki taýdan durkuny döwrebaplaşdyrmagy wajyp wezipeleriň hataryna goşulýar. Bu çäräniň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň nebiti gaýtadan işleýän senagatynyň ösüşine düýpli badalga berer. Türkmenistanyň nebiti gaýtadan işleýän senagaty tarapyndan 2008-nji ýylda 2 million tonna benzin, 500 müň tonna kerosin, 2,2 million tonna dizel ýangyjy, 1,4 million tonnadan gowrak mazut öndürildi. Pudagyň öndürýän ýokary hilli önümleri Ýewropanyň we Aziýanyň onlarça ýurtlaryna eksport edilýär.

Türkmenistanyň elektrik energetikasy şu günki günde ýangyç-energetika toplumynyň möhüm pudaklarynyň biridir. Geçen ýyllaryň dowamynda kemala gelen ýurduň elektrik energetika ulgamy, oňaýly şertleriň döredilmeginiň netijesinde, ýurdumyzyň energetika howpsuzlygyny üpjün etmegiň esasy wezipelerini çözmeklige uly ýardam etdi. Ýurdumyzyň döwlet garaşsyzlygynyň ýyllary içinde umumy kuwwatlylygy 1016,8 MWt-a barabar bolan 4 sany gaz turbinaly elektrik stansiýalarynyň işe girizilmegi, öňden işläp gelýänleriň döwrebaplaşdyrylmagy Türkmenistanyň ykdysady ösüşine uly itergi berdi. Eger 2000-nji ýylda ýurdumyz boýunça öndürilen elek-

trik energiýa 9943,4 million kilowat-sagada deň bolan bolsa, onda, bu görkeziji, 2011-nji ýylda 19085,3 million kilowat-sagada çenli ýokarlandy. Öndürilen elektrik energiýanyň 87%-i ýurduň öz içinde ulanyldy. Ýurdumyzyň elektrobalansy hem düýpgöter özgerýär. Senagatda we oba hojalygynda peýdalanylýan elektroenergiýanyň udel agramy azalýar, jemagat hojalygynda, ulagda bolsa artýar. 2000-nji ýylda Türkmenistanda öndürilen elektroenergiýanyň 9 göterime golaýy eksporta iberilen bolsa, bu görkeziji 2011-nji ýylda 13 göterimden hem geçdi. 2011-nji ýylda elektrik energiýanyň 2523 million kilowat sagatdan gowragy Türkiýe, Eýran, Täjigistan, Owganystan döwletlerine eksport edildi. Ýurdumyzda öndürilen elektroenergiýanyň 4409,7 million kilowat sagatdan gowragy senagat, 2910,1 million kilowat sagady oba hojalyk, 2545,2 million kilowat sagady jemagat hojalyk, 529,2 million kilowat sagady ulag we aragatnaşyk pudaklarynda peýdalanyldy. Bazar gatnaşyklaryna geçilýän döwürde Türkmenistanyň ilatyny durmuş taýdan goramak, onuň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak we hakyky girdejilerini ýokarlandyrmak maksady bilen, 1993-nji ýylyň ýanwar aýyndan başlap Türkmenistanyň ilatynyň elektrik energiýasyna, suwa, tebigy we suwuklandyrylan gaza bolan zerurlyklaryny mugtuna üpjün etmek ýola goýuldy. 2008-nji ýylda jemagat hojalygynda 2233,8 million kilowat-sagat elektroenergiýa sarp edilen bolsa, 2011-nji ýylda bu görkeziji 2545,2 million kilowat sagada ýetdi. Türkmenistanda alnyp barylýan uly özgertmeler gönüden-göni energetika pudagyna bagly bolup durýar. Bu bolsa elektrik energiýasynyň ulanylyşynyň her ýylda 5-6 göterim artýandygyndan hem görünýär. Şonuň üçin ýurdumyzda elektrik energiýasyny öndürýän stansiýalaryň gurluşygyna we öňki hereket edýän stansiýalaryň döwrebaplaşdyrylmagyna aýratyn üns berilýär.

Häzirki wagtda «Türkmenenergo» döwlet korporasiýasynyň düzüminde hereket edýän 10 sany elektrik stansiýalarynyň jemi kuwwatlylygy 3850 megawata deňdir. Elektrik stansiýalaryň durnukly işlemegini üpjün etmek maksady bilen ýurdumyzyň energetika ulgamynyň kuwwatlyklarynyň ätiýaçlyk gorlary 15 göterimden 50

göterime çenli artdyryldy. Häzirki döwürde Türkmenistanyň elektroenergetika pudagynda ulgamyň mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrylmagyna we täze gaz trubinaly elektrostansiýalaryň gurluşy, täze elektrik geçiriji liniýalar, onlarça bölüji elektropodstansiýalar gurulýar, paýtagtymyzyň we ýurdumyzyň beýleki şäherleriniň, ilatly ýerleriniň ygtybarly energo üpjünçiligi amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň energetika strategiýasynda elektrik energiýasynyň öndürilişini we goňşy ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak göz öňünde tutulýar. Şu maksatlar bilen Türkmenistanda täze gazturbinaly elektrik stansiýalarynyň we elektrik geçiriji ulgamlaryň gurluşygyny göz öňünde tutýan taslamalaryň birnäçesi amala aşyrylýar. Häzirki wagtda Mary-Sarahs-Maşat elektrik geçiriji ulgamy gurmak baradaky taslamanyň üstünde işlenilýär.

Ykdysadyýetimizi ösdürmek strategiýasy energetiki häsiýete eýedir we ýangyç-energetika toplumy 2030-njy ýyla çenli döwür üçin ileri tutulyp ösdürilýän toplumlaryň hataryna goşulýar. Türkmenistanyň tebigy gazyny we nebitini, onuň önümlerini, elektroenergiýany daşary ýurtlara eksport etmegiň netijesinde ýurdumyza walýutada uly möçberli girdejiler gelip gowuşýar we olar ýurduň durnukly ykdysady ösüşini üpjün etmekde hem-de ilatynyň durmuş derejesini ýokarlandyrmakda wajyp maddy we maliýe serişde çeşmesi bolup çykyş edýär.

Türkmenistanyň ýangyç-energetiki strategiýasy özüniň köpugurlylygy bilen tapawutlanýar. Ol ugurlar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– tebigy gazyň çykarylyşyny we eksport edilişini düýpli artdyrmak. Munuň üçin birnäçe täze transmilli gaz geçirijilerini gurmak göz öňünde tutulýar;

– nebitiň gazylyp alnyşyny, ýokary hilli nebit önümleriniň öndürilişini we eksport edilişini düýpli artdyrmak. Nebitiň çykarylyşyny, esasan, Hazar deňziniň ýalpak zolagynyň nebit-gaz känlerini özleşdirmek arkaly gazanmak göz öňünde tutulýar.

– suwuklandyrylan gazy öndürmek boýunça ýeterlik derejede önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek, onuň eksportyny düýpli artdyrmak;

– ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmak hem-de eksport etmek üçin elektrik energiýasynyň öndürilişini düýpli artdyrmak.

Maşyn gurluşygy we metal işläp bejerýän pudak ýurdumyzyň senagat önümçiliginiň düzüminde uly orun tutmaýar. Onuň esasy sebäbini, pudagy ösdürmek üçin zerur bolan çig mallaryň ýetmezçiligi bilen düşündirmek bolar. Dünýäniň maşyn gurluşygynda soňky ýyllarda metallaryň ornuna konstruksion materiallaryň giňden ulanylyp başlanylmagy bilen Türkmenistanda hem bu pudagyň ösdürilmegine aýratyn orun berlip başlandy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň hojalyk pudaklarynyň we ilatynyň maşyn gurluşyk önümlerine bolan isleglerini üpjün etmek maksady bilen Türkmenistanyň energetika we senagat ministrliginiň düzüminde «Türkmenmaşyngurluşyk» konserni döredildi. Konserniň düzümine Aşgabadyň «Nebitmaşyngurluşyk», «Azykmaşyngurluşyk», «Demir», Marynyň «Maşyngurluşyk», Türkmenabadyň «Agromaşyngurluşyk» zawodlary girýär. Häzirki wagtda «Türkmenmaşyngurluşyk» konserniň kärhanalary ýurdumyzyň ähli pudaklarynyň maşyngurluşyk, kagyz hem-de elektrotehniki önümleriniň isleglериniň we zerurlyklarynyň esasy bölegini üpjün edýär. Türkmenistanyň maşyn gurluşygy kärhanalarynda nebit akymyny gyzdyryjylar, dürli kysymly ýyladyjy gazanlar, dürli demir gurnawlary, anker burçly diregli sütünler, dürli göwrümli çelekler, wagon-öýler, buraw garyndylary taýýarlaýjy aýlaw ulgamlar, mis, bürünç, latun, alýumin, polipropilen, polat we çoýun guýma önümçiligi, dürli görnüşli suw we nebit sorujylar, oba hojalyk üçin dürli önümler, dürli ätiýaçlyk şaýlary öndürilýär. 2011-nji ýylda pudak boýunça 290 sany merkezden daşlaşýan güýç esasynda işleýän sorujylar, 49 sany azyk önümlerini we içgileri işläp taýýarlamak üçin enjamlar we 7,7 müň tonna demir gurnawlary taýýarlanyldy. Türkmenistanyň maşyn gurluşygy pudagynda metal işläp bejerýän senagat has ösendir. Metal işläp bejerýän senagaty, esasan, remont kärhanalaryndan ybaratdyr. Bu pudagyň derýa gämilerini, suw hojalyk enjamlaryny bejerýän kärhanalary Türkmenabat şäherinde, teplowozlary remont edýän Aşgabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz şäherlerinde; wagon remonty Serdar şäherinde; awtoulaglary, oba

hojalyk maşynlaryny, traktorlary bejerýän kärhanalar ähli şäherlerde we etraplarda ýerleşýärler. Bularyň arasynda has giňden ýaýrany oba-hojalyk we ulag maşynlaryny remont edýän kärhanalardyr.

Maşyn gurluşygy we metaly işläp bejeriji senagaty ösdürmek maksady bilen Ruhabat etrabynda önümçilik kuwwaty ýylda 160 müň tonna önüme deň bolan metallurgiýa zawody işe girizildi. Bu zawod metal böleklerini eretmekden alynýan sozulan metallardan, dürli ölçegdäki gurluşyk armaturalary we beýleki metal önümleri öndürýär. Şol önümler öňler dolulygyna daşary ýurtlardan getirilýärdi. Zawodyň önümleri ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklaryň metala bolan isleglerini kanagatlandyrmaga ýardam berýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň geljekki ösüşi onuň maşyn gurluşyk önümlerine bolan işleginiň artdyrmagy bilen şertlendirilendir. Şonuň üçin ýurduň maşyn gurluşygynyň öňünde içeri önümçilik gurluşy özgertmegiň, ony milli ykdysadyýetde uýgunlaşdyrmagyň hem-de içerki we daşarky bazarlaryň isleglerine gönükdirmegiň hasabyna öndürilýän önümleriň görnüşlerini giňeltmek wezipesi durýar.

Türkmenistanyň ykdysady kuwwatyny berkitmekde, ony güýçli depginler bilen ösdürmekde hem-de aýry-aýry pudaklaryň sazlaşygyny üpjün etmekde gurluşyk materiallary senagatynyň ähmiýeti örän uludyr. Ýurdumyzda gurluşyk materiallaryna ösýän islegleri doly kanagatlandyrmak maksady bilen ýurdumyzda öndürilýän gurluşyk materiallarynyň mukdaryny, görnüşlerini we hilini ýokarlandyrmak boýunça uly işler alnyp barylýar. Bu işleri durmuşa geçirmek üçin pudakda öndürijiligi ýokary, öňdebaryjy enjamlar bilen üpjün edilen täze önümçilikler döredilýär hem-de öňden işläp gelýän kärhanalaryň durky täzelenýär. Binalaryň, demir we awtomobil ýollarynyň, geçiriji turbalaryň gurluşygynyň gerimleriniň artmagy netijesinde magdan däl gurluşyk materiallarynyň bazary giňeldi, onuň önümçilik möçberi 2008-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 60 göterim artdy. Häzirki wagtda senagat önümçiliginiň umumy möçberinde gurluşyk materiallary senagatynyň tutýan paýy 1,6 göterime deň boldy. Gurluşyk materiallary senagatynda döwlete degişli 60-a golaý kärhana işläp, onuň paýyna öndürilýän önümleriň 70 göterime

golaýy düşýär. Döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kärhanalarda, esasan, kerpiç, ýonulan daş, ýanýodalar üçin plita ýaly önümleri öndürýärler.

Türkmenistanyň gurluşyk materiallary senagatynyň kärhanalary sement, magdan däl gurluşyk materiallary, diwar materiallary, gurluşyk üçin betondan ýygnama gurnawlaryň bölekleri, asbest-sementden listler, gurluşyk aýnasy, keramzit, tebigy daşdan örtgi materiallary, asfalto-beton, gips, hek önümlerini öndürýär. Ýurdumyzda gurluşyk materiallary senagatynyň pudaklarynyň arasynda sement önümçiligine aýratyn orun berilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň sement önümçiligi Baharly etrabynda hereket edýär. Türkmenistanyň Gurluşyk materiallary senagaty ministrliginiň garamagyndaky «Türkmensement» önümçilik birleşiginde 2008-nji ýylda 1025,6 müň tonna sement öndürilen bolsa, 2011-nji ýylda 1210,4 müň tonna sement öndürildi. 2011-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende sement öndürilişiniň möçberi 3 esse artdy, bu onuň daşary ýurtlardan getirilişini ep-esli azaltmaga mümkinçilik berdi. Ýurdumyzyň gurluşyk materiallaryna bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak hem-de ýerli gurluşyk çig malyny netijeli ulanmak maksady bilen Jebel şäherçesinde we Köýtendag etrabynda sement zawodlary işe girizildi. «Türkmendemirbetonönümleri» önümçilik birleşiginiň 13 sany kärhanalary ýurdumyzda alnyp barylýan desgalary gurluşyk önümleri bilen üpjün edýär. Aşgabat, Abadan, Tejen, Mary, Türkmenabat, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenbaşy, Şatlyk şäherlerinde hereket edýän kärhanalarynda gurluşyk üçin öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmak, olaryň hilini ýokarlandyrmak üçin öňden bar bolan tehnologik enjamlary abatlamak, täze döwrebap enjamlary ornaşdyrmak boýunça işler yzygiderli alnyp barylýar. Abadanyň «Demirbetonönümleri» zawodynda dürli görnüşli diwar örtükleri, ýanýol örtükleri, ýol gyrasynyň daşlary, elektrik geçiriji beton sütünleri hem-de beton kerpiçleri öndürilýär. Aşgabat şäherindäki «Demirbetonkonstruksiýa» zawodynda mermer ownuklaryndan guýulýan ýolgyra daşlary, Daşoguz şäherindäki «Demirbetonönümleri» zawodynda ýerasty köpri örtükleri üçin tegelek beton halkalary, Mary welaýatynyň Wekilbazar etrabynda ýerleşýän

zawodda keramzit, Türkmenabat şäherindäki «Demirbetonkonstruksiýa» zawodynda ýol gyra daşlary, beton kerpiç öndürilýär. 2009-njy ýylda Ruhabat etrabynyň Owadandepe şäherçesinde ýyllyk kuwwatlylygy 200 müň kubmetre deň bolan energiýa tygşytlaýjy, seýsmiki taýdan durnukly gurluşyk materialy bolan gazbeton öndürýän zawod işe girizildi. Dünýä ýurtlarynyň gurluşyklarynda giňden ulanylýan häzirki zaman gazbetony çägeden, hekden, sementden we häzirlikçe daşyndan getirilýän alýuminiý külkesinden öndürilýär. Ol suwuklykly birleşdiriji, ýuka dargaýan kremnezem düzüminiň, suwuň we gaz emele getirijiniň gatamagy netijesinde alynýar, özi-de ýeňil hem-de öýjükli materialdyr. Gazbeton ýylylyk geçirijiliginiň pesligi, zäherli maddalary bölüp çykarmaýanlygy, könelmeýänligi we oda çydamlylygy bilen tapawutlanýar. Gazbeton blogynyň ulanylyp başlanylmagy netijesinde gurluşyklaryň tizligi artýar, zähmet harajatlary azalýar we berkidiji maddalaryň harçlanylyşy 5-7 esse peselýär. Türkmenistanda gurluşyk aýnasyny öndürýän kärhanasy Aşgabatda ýerleşendir. «Türkmendaşlary» önümçilik birleşiginiň magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürýän kärhanalary Türkmenbaşy, Bereket etraplarynda, Keletede, Baharlyda, Abadanda, Duşakda, Galaýmorda, Türkmenabatda, Magdanlyda, Kelifde, Gubadagda hereket edýär. Häzirki zaman enjamlary bilen üpjün edilen bu kärhanalar, esasan, owradylan daşlary, ýuwlan çägäni, daş-gum garyşygyny, hek öndürip, ol önümler bilen ýerli we daşary ýurt gurluşyk firmalarynyň isleglerini doly kanagatlandyrýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamany durmuşa geçirmekde ýurdumyzyň gurluşyk materiallary senagatynyň öňünde uly wezipeler durýar. Türkmenistanda giň gerimde alnyp barylýan düýpli gurluşykda we gurluşyk materiallary senagatynda ösen tehnologiýalary we innowasiýalary ulanýan edara-kärhanalary döretmek, gurluşyk toplumynda dürli eýeçilik görnüşli kompaniýalary döretmek, gurluşykda we gurluşyk materiallary senagatynda kiçi we orta telekeçiligi giňden ösdürmegi ýola

goýmak zerurdyr. Mineral çig mal binýadynyň baýlygy we dürlüligi, gönüden-göni döwlet tarapyndan berilýän goldaw, potratçylyk bazarynyň yzygiderli ösýän mahalynda gurluşyk materiallary senagatyna öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy bu pudagyň geljekde ýokary ösüş derejesine çykmaga möhüm şert bolup durýar. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» täze önümçilik binalarynyň gurulmagy we hereket edýän kärhanalaryň durkunyň täzelenilmegi sementiň öndürilişiniň 2030-njy ýyla çenli 3387,4 müň tonna ýetirilmegini talap edýär. Milli maksatnama laýyklykda Ahal, Balkan, Daşoguz welaýatlarynda ýyllyk kuwwatlylygy 1 million kub/metr önüme deň bolan ýokary hilli çagyl we owradylyp, baýlaşdyrylan çäge öndürýän fabrikler, Aşgabat şäherinde kuwwatlylygy ýylda 16 müň tonna önüme deň bolan lak-reňk materiallaryny öndürýän kiçi zawod, Owadandepe şäherçesinde ýyllyk kuwwatlylygy 4 mm hasaplanyňda 5,8 million inedördül metr gurluşyk aýnasyny öndürmäge niýetlenen aýna kombinaty gurmaklyk göz öňünde tutulýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň täze durmuş-ykdysady syýasatynda ägirt uly eksport mümkinçiligi bolan halk hojalygynyň iň öndürijilikli pudaklarynyň biri bolan himiýa senagatyna möhüm ähmiýet berilýär. Ýurdumyzyň ýerasty we ýerüsti tebigy baýlyklarynyň uly ätiýaçlyklaryna eýe bolmagy we bu baýlyklaryň köpdürlüligi köpugurly himiýa önümçiligini ösdürmäge şert döredýär. Ýurdumyzyň himiýa senagatynyň kuwwatyny artdyrmak, hususan-da ýerli çig mallardan öndürilýän himiýa önümleriniň önümçiligini ýokarlandyrmak möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Munuň özi, bir tarapdan, ýurtda ykdysady ähmiýetli desgalaryň gurluşygyny ýaýbaňlandyrmak, beýleki bir tarapdan bolsa, himiýa önümçiliginiň ägirt uly mümkünçiliginiň bolmagy bilen şertlenýär. Ýurdumyzda çig mal serişdeleriniň ägirt uly gorlarynyň bolmagyna garamazdan senagat önümçiliginiň düzüminde himiýa pudagynyň tutýan paýy pesdir. Häzirki wagtda Türkmenistanyň umumy senagat önüminiň 1,1 göterimi şu pudagyň paýyna düşýär.

6. Sargyt № 3158

Himiýa senagatynyň ägirt uly mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, Türkmenistanyň halk hojalygynyň we ilatynyň mineral dökünlerine we himiýa önümlerine bolan isleglerini doly kanagatlandyrmak maksady bilen «Türkmenhimiýa» Döwlet Konserni döredildi. «Türkmenhimiýa» Döwlet Konserniniň düzümine «Tejenkarbamid» zawody, «Maryazot» önümçilik birleşigi, Türkmenabadyň himiýa zawody, «Türkmenmineral» önümçilik birleşigi, «Hazar» himiýa zawody, «Balkanabat» ýod zawody, «Bereket» ýod zawody, «Guwlyduz» kombinaty, «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi girýär. «Türkmenhimiýa» Döwlet Konsernine degişli bolmadyk senagat pudaklarynda hem himiýa we nebithimiýa önümleri öndürilýär. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň durky täzelenende nebit-himiýa önümçiligine degişli katalitik riforming, katalitik kreking desgalarynda çalgy ýaglary, polipropilen, kükürt öndürýän önümçilikler işe girizildi.

Magdan-himiýa önümçiliginiň baýry kärhanalarynyň biri bolan «Türkmenmineral» önümçilik birleşigi Gowurdak ýatagyndan arassa kükürt çykarmaga ýöriteleşendir. Gowurdakda kükürt ýerasty eretmek usuly bilen alynýar. Magdanlynyň «Türkmenmineral» önümçilik birleşiginiň öndürýän ýokary hilli kükürdi dünýäniň ösen ýurtlaryna eksport edilýär. Kükürt plastmaslar we sintetiki süýümler, kagyz we boýag, aýna, rezin, dokma önümçiliginde, azyk we derman senagatynda giňden ulanylýar. Oba hojalygynda ol zyýan berijilere garşy göreşmäge ýaramly serişde hökmünde peýdalanylýar. Kükürdi, esasan, köp mukdarda himiýa senagaty ulanýar. Bu magdanyň 60 göterimi kükürt kislotasyny öndürmäge sarp edilýär. Garabogazköl aýlagyň düýbüne çöken, gömlüp galan hem-de aýlagyň içindäki açyk duzly erginli mineral baýlyklary özleşdirýän «Garabogazsulfat» önümçilik birleşigi kükürtturşy natriý, kükürtturşy magniý, nahar, glauber duzlary ýaly himiki elementleriň 10-dan gowrak görnüşini alýan hem-de ýurdumyzyň hojalyk pudaklarynyň mirabilite bolan islegini kanagatlandyrýan kärhanadyr. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginiň esasy önümi natriý sulfatdyr. Bu ýerde natriý sulfatyň «A» belgili (zawodda öndürilýän) we «B» belgili (tebigy şertde – köl-

de öndürilýän) görnüşleri öndürilýär. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginiň önümleri köp sanly ýurtlaryň dürli hojalyk pudaklarynda giňden ulanylýar. Natriý sulfaty sellýuloza, kagyz öndürmekde, aýna önümçiliginde, himiýa hem-de dokma senagatlarynda, metallurgiýada, sintetiki ýuwujy serişdeleri öndürmekde peýdalanylýar. Bişofit gurluşyk materiallaryny öndürmekde, magniý sulfaty (epsomit) ýuwujy serişdeleri öndürmekde, matalary reňklemekde, oda çydamly daşlary hem-de materiallary almakda giňden peýdalanylýar. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginde öndürilýän glauber duzy farmakologiýada, weterinariýada, mata reňklemekde, saglyk ulgamynda nerwi rahatlandyryjy serişde hökmünde ulanylýar. «Garabogazsulfat» önümçilik birleşiginiň önümleri Eýran Ýslam Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Özbegistan Respublikasy ýaly köp sanly ýurtlaryň dürli hojalyk pudaklarynda giňden ulanylýar.

Türkmenistanyň himiýa senagatynyň esasy himiýa pudaklary mineral dökünlerini, sintetik ammiagy, ammiakdan we fosforitden superfosfat dökünlerini, kükürt kislotasyny öndürmäge ýöriteleşendir. Mary, Türkmenabat we Tejen şäherlerinde hereket edýän kärhanalar ýurdumyzyň oba hojalyk ekinlerini mineral dökünler bilen üpjün edýär. «Maryazot» önümçilik birleşigi azot dökünini, Türkmenabadyň himiýa zawody fosfor mineral dökünini, ammoniý sulfaty, Tejeniň karbamid zawody karbamid we ammiak öndürmeklige ýöriteleşendir. 2011-nji ýylda «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň kärhanalarynda 226,1 müň tonnadan gowrak mineral dökünler öndürildi. Häzirki wagtda ýurdumyzda öndürilýän mineral dökünleriň 50 göterimden gowragy Tejeniň karbamid zawodynyň paýyna düşýär. Balkanabadyň ýod, Hazaryň himiýa, Serdar şäheriniň «Bereket» zawodlary ýurdumyzyň esasy himiýa senagatynyň ähmiýetli pudagydyr. Balkanabadyň ýod zawodynda tehniki ýod we onuň birleşmeleri, brom we onuň duzlarynyň önümçiligi ýola goýlan. Serdar şäherinde ýerleşýän «Bereket» ýod zawodynda tehniki ýod öndürilýär we ählisi diýen ýaly eksport edilýär. Hazaryň himiýa zawody häzirki wagtda dürli himiki elementleri öndürýän, örän girdejili, kuwwatly kärhanadyr. Zawodyň öndürýän himiki önümlerine tehniki ýod, demir bromy, tehniki ug-

lerod, ýodly kaliý, kaliý ýodat, agardyjy serişde, kalsiý gipohlorid we kisiorod degişlidir. 2011-nji ýylda «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň kärhanalarynda 505 tonna ýod öndürildi. Konserniň öndüren ýod, brom önümleriniň uly bölegi eksporta ugradylýar.

Nebit-himiýa önümçiligi himiýa senagatynyň ýaş we geljegi uly pudagydyr. Türkmenistanyň nebit-himiýa pudagy nebitden, nebit bilen ugurdaş çykýan gazdan dürli himiki önümleri öndürmeklige ýöriteleşendir. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda katalitik riforming we katalitik krekingi enjamlarynyň işe girizilmegi bilen çalgy ýaglary we polipropilen öndürilip başlandy. Polipropilen öndürmek boýunça iri önümçilikleriň hem-de şondan içerki we daşarky sarp ediş bazarlary üçin dürli görnüşli harytlary öndürýän kärhanalaryň döredilmegi täze döwürde ýurdumyzyň nebit-himiýa senagatyny ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Hazaryň himiýa zawody nebit bilen ugurdaş çykýan gazyň binýadynda rezin senagaty üçin tehniki uglerod öndürýär. Seýdi şäheriniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda nebitden dürli himiki önümleri öndürmek we bu ýerde tebigy gazyň, gaz kondensatynyň gorlarynyň esasynda uly gaz-himiýa senagat merkezlerini döretmek göz öňünde tutulýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzda derman-himiýa senagatynyň ösüşine aýratyn orun berilýär. Bu önümçilik ýurdumyzyň derman ösümliklerinden hem-de himiki serişdelerinden dürli görnüşli derman önümlerini öndürmeklige ýöriteleşendir. Türkmenistanda bitýän derman ösümlikleriniň adam saglygyny goramakdaky ähmiýeti hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy işinde öz beýanyny tapýar. Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň Derman ösümlikleri instituty ýerli ösümlik we beýleki tebigy çig mallaryndan derman we bejeriji häsiýetli serişdeleri işläp düzmek hem-de olary amaly lukmançylyga hödürlemek bilen meşgullanýar. Häzirki wagtda «Türkmendermansenagat» ylmy önümçilik birleşiginiň kärhanalarynda dünýä ülňülerine laýyk gelýän derman serişdeleriniň 200-den gowragy öndürilip, olaryň 30 görnüşi dermanlyk otlardan alynýar. Ýurdumyzyň derman ösümliklerinden derman önümlerini öndürmek üçin Aşgabat we Türkmenabat şäherlerinde fabrikler gu-

ruldy. Aşgabadyň «Saglyk» derman kärhanasynda çopantelpek güli, senaýy mekge ýapragy, ýandak güli we oty, itburun miwesi we mekgejöwen gulpagy, «Saglyk», «Hoşboý», «Dag oty» çaýlary, derlediji we iýmit siňdiriji derman otlarynyň ýygyndylary, buýanyň gury ekstrakty, buýan süýri dänesi, buýan gerdejigi, çerbiýe şerbeti, düwmeli jöwheri, ýandagyň gury ekstraktlary öndürilýär. Türkmenabat şäherindäki «Buýan» obasenagat toplumynda buýan kökünden dürli dermanlar öndürilýär.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda» himiýa pudagy üçin çig mal ýataklaryny özleşdirmegiň, häzirki wagtda hereket edýän himiýa kärhanalarynyň desgalarynda düýpli abatlaýyş, döwrebaplaşdyryş we durkuny täzelemek işlerini ýerine ýetirmegiň hem-de dünýäniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan täze desgalary gurmaklygyň netijesinde himiki çig mallary rejeli ulanmak, olardan dünýä ülňülerine gabat gelýän himiki önümleri almak, olaryň görnüşleriniň sanyny köpeltmek, ýurdumyzyň içerki bazarynyň isleglerini doly kanagatlandyrmak we daşarky bazarlarda ýerlemek göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň düýpli özgertmeleri başdan geçirýän oba hojalygy üçin ýokary hilli we dürli görnüşli mineral dökünleriň öndürilişini artdyrmak «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Şol maksat bilen göz öňünde tutulýan döwürde kaliý hloridini, kaliý sulfatyny, kaustik sodany, hlory, magniýni öndürmek boýunça himiýa toplumynyň gurluşygy amala aşyrylar. Dünýä bazarynda kaliý we beýleki mineral dökünlerine bolan islegleriň artýanlygyny, ýurdumyzda ösýän oba hojalygynyň bu dökünlere bolan islegini kanagatlandyrmak hem-de himiýa senagatynyň eksport edýän önümleriniň görnüşini giňeltmek maksady bilen 2009-njy ýylda Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda kaliý dökünlerini öndürýän dag-magdan baýlaşdyryjy toplumyň gurluşygyna başlandy. Türkmenistan üçin täze dag-magdan pudagy bir ýylda 1 million tonnadan 1,5 million tonna çenli, geljekde bolsa 4 million tonna çenli döküniň öndürilişini üpjün eder. Ýylda 1 million tonna kaliý hloridini we 200 müň tonna kaliý sulfatyny öndürýän

goşmaça önümçilikler hem dörediler. Türkmenistanda nahar duzunyň bar bolan gorlary soda önümçiligini guramak üçin esas bolup durýar. 2009-njy ýylda «Türkmenhimiýa» döwlet konserni Ýaponiýanyň «Sojitz Corporation» kompaniýasy bilen Balkanabadyň golaýynda ýerleşen Jebel şäherçesinde kaustik sodany we beýleki himiýa önümlerini öndürýän zawody taslamak, onuň üçin enjamlary getirmek boýunça çarçuwaly ylalaşyk baglaşdy. Meýilnama laýyklykda Babahoja nahar duzly ojagyň ýanynda ýyllyk kuwwatlygy 20 müň tonna kaustiki soda, 18 müň tonna hlor we hlor önümlerini öndürýän zawody gurmak göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Ýaponiýanyň halkara hyzmatdaşlyk bankynyň (JBIC) arasynda baglaşylan ylalaşyga laýyklykda Ýaponiýanyň «Kawasaki Plant Sistems, LTD» we «Sojitz Corporation» kompaniýalary Mary şäherinde ammiak we karbamid öndürýän zawodlaryň gurluşyk işlerini alyp barýarlar. Bu zawodlar ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijilerini mineral dökünler bilen has doly üpjün etmek maksady bilen gurulýar.

Özüniň önümçilik aragatnaşyklary boýunça köp pudaklar we pudagara toplumlar bilen baglanyşykly bolan ýeňil senagaty Türkmenistanyň ykdysadyýetinde uly orun tutýar. Ýeňil senagatyň düzümine dokma, tikin,deri we gön, aýakgap, trikotaž önümçilikleri degişlidir. Ýeňil senagatynyň önümleri ilatyň gös-göni ulanmagyna niýetlenendir. Ýeňil senagat özi üçin ösümlik, maldarçylyk çig mallaryny berýän oba hojalygy we sintetiki süýüm öndürýän himiýa senagaty bilen has ýakyndan baglanyşyklydyr. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu pudaga degişli täze, kuwwatly kärhanalaryň onlarçasynyň ulanylmaga berilmegi bilen ýurdumyzda öndürilýän pagtadan, pileden ýokary hilli önümler öndürilýär. Häzirki wagtda ýurdumyzyň daşary döwletler bilen ykdysady gatnaşyklara giň gerim bermegi, dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürilmegi netijesinde dokma senagaty ykdysadyýetimiziň sazlaşykly ösýän girdejili pudaklarynyň birine öwrüldi. Türkmenistanyň eksportynyň 5 göterimden gowragy ýeňil senagaty önümleriniň paýyna düşýär. 1995-nji ýyldan 2009-njy ýyl aralygyndaky döwürde dokma senagatynyň

eksporty 29 esse artdy. Ýurdumyzyň umumy senagat önümçiliginde pudagyň önüminiň möçberi ýylsaýyn artýar. 2008-nji ýylda ýeňil senagaty kärhanalarynda 37 müňe golaý adam zähmet çekdi, bu bolsa ýurdumyzyň senagat pudaklarynda işleýänleriň 30 göterimden gowragydyr.Ýeňil senagaty pudagynyň düzüminde öndürýän önüminiň möçberi we işleýän adamlaryň sany boýunça dokma senagaty tapawutlanýar. Türkmenistanyň ýeňil senagaty pudagynyň umumy önüminiň 70 göterimi dokma senagatynyň paýyna düşýär. Senagatyň aýry-aýry pudaklary boýunça goýberilýän düýpli maýa goýumlaryň möçberi boýunça ýeňil senagaty ýangyç we elektrik energiýa senagatlaryndan soň üçünji orunda durýar. Türkmenistanyň dokma senagatyna goýulýan daşary ýurt maýa goýumlarynyň möçberi hem ýylsaýyn artýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda dokma pudagynyň täze kärhanalarynyň gurluşygyna we ozal bar bolan kärhanalaryň durkuny täzelemäge ABŞ-nyň 1,3 milliarddan gowrak dollary sarp edildi. Şonda daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýy 300 million dollara golaýdyr. Daşary ýurt maýadarlarynyň öndürýän önümleri diňe bir içerki bazarda sarp edilmän, eýsem, köp halatlarda daşary ýurt bazarlaryna hem çykarylýar. Bu bolsa, ýurtda öndürilýän dokma senagaty önümleriniň dünýä bazaryndaky ornunyň ösmegine we ýurda gelýän altyn puluň artmagyna ýardam edýär. Ýurdumyzda ýeňil senagatyny ösdürmäge zerur bolan oba hojalyk çig mallarynyň we işçi güýjüniň mümkinçilikleri netijeli peýdalanyp başlandy. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň, Ýaponiýanyň iň öňdebaryjy kompaniýalarynyň ýokary öndürijilikli täze tilsimat enjamlary we maşynlary bilen üpjün edilen dokma senagat kärhanalary jinsi, sütükli, pombarhat, trikotaž, setin, çit we beýleki matalary hem-de şolardan tikilýän taýýar önümleri uly möçberde öndürýär. Ýurdumyzyň dokma toplumynyň ýokary hilli önümlerini dünýä bazarlaryna çykarmak giňden ýola goýuldy. Häzirki wagtda Türkmenistan dünýä bazarlarynda uly isleg bildirilýän ýokary hilli dokma önümlerini köp möçberde öndürýän döwletiň derejesine eýe boldy. Türkmenistanyň dokma toplumynyň öndürýän önümleriniň 70 göterimden gowragy ABŞ, Kanada, Beýik Britaniýa, Fransiýa, Ger-

maniýa, Italiýa, Türkiýe, Russiýa, Ukraina, Hytaý ýaly dünýäniň 30-dan gowrak ýurtlaryna eksport edilýär.

Türkmenistanyň dokma senagaty 67 sany uly önümçilik kärhanasyny özüne jemleýär. Şol kärhanalaryň 27-si iň häzirki zaman tehnikalary we tehnologiýalary ornaşdyrylan uly dokma toplumlaryndan, pagta egriji we dokma fabriklerinden ybaratdyr. Dokma senagaty pudagy, bulardan başga-da 15 sany tikin fabrigini, 4 sany deri-aýakgap fabrigini, 7 sany ýüpek kärhanasyny, 3 sany ýüň önümleri, 2 sany trikotaž önümleri we 9 sany dürli önümleri öndürýän kärhanalary özüne birleşdirýär. Ýurdumyzyň dokma pudagynyň kuwwaty häzirki döwürde bir ýylyň dowamynda 137,5 müň tonna dürli belgili ýüplükleri, 177 million inedördül metrlik nah mata önümlerini, 7,2 müň tonna sütükli matalary we 80 million sany trikotaž hem-de tikin önümlerini öndürmäge niýetlenendir.

Ýurdumyzda nah mata önümçiligi bilen bir hatarda ýüpekçilik hem ösýär. Çig mal binýadynyň ýeterlik, ýüpek matanyň dürli görnüşlerini dokamakda türkmen halkynyň endigi hem-de ol matalara ýokary derejedäki islegiň bolmagy Türkmenistanda ýüpek senagatyny ösdürmeklige uly mümkinçilik berýär. Indi 80 ýyl bäri hereket edip gelýän Aşgabadyň ýüpek fabrigi, esasan, ýüpek süýümini öndürýär. Aşgabadyň ýüpek fabriginde Hytaýyň ýüpekçilik tehnologiýalary ornaşdyrylan pile saýlaýjy, pile buglaýjy, pile kelepleýji, ýüpegi gaýtadan saraýjy, galyndyny gaýtadan işleýji, haly, keteni, tikinçilik bölümlerinde ýüpek mata, milli keteni, düýpli gyňaç hem-de ýokary hilli ýüpek halylary dokaýar. Türkmenabadyň «Ýüpek» önümçilik birleşiginde ýaşyl Tugumyzdan başlap, lukmançylykda ulanylýan ýüpek sapaklara çenli onlarça görnüşli önümler öndürilýär. Türkmenabadyň Ýüpek önümçilik birleşiginde, esasan, keteni matalaryň, şeýle hem beýleki ýüpek matalaryň dürli görnüşleri öndürilýär. Türkmenistanda ýüň senagatyny dürli ugurlar boýunça ösdürmäge çig mal, işçi güýji we beýleki mümkinçilikler bar. Ýüň senagatyna Marynyň ýüň ýuwýan fabrigi, Türkmenabadyň ýüň egirme-dokma fabrigi, Gypjak şäherçesindäki ýüňi gaýtadan işleýän kärhana, «Türkmenhaly» önümçilik birleşiginiň kärhanalary degişlidir.

Marynyň we Gypjagyň ýüň ýuwýan kärhanalary Türkmenistanda esasy iri kärhanalar bolany üçin olar ähli welaýatlardan gelýän ýüňi ýuwýar. Kärhanalar, esasan, haly önümçiligine ýaramly ýüňleri öndürýärler. Aşgabadyň ýüň firmasy Türkmenistanyň keçe önümçiligini birleşdirýär. Bu firma gülli keçe, maşyn keçe, gara öýleri basyrmak üçin ulanylýan keçeler öndürýär. Haly ýüplügi, gara öýüň keçesi, gülli keçe, matraslar, odeýallar, ýassyklar, arassa ýüňden dokalýan el halylary Aşgabadyň «Egriji» kärende kärhanasynyň öndürýän önümleridir. Onda öndürilýän ýüplükden «Türkmenhaly» döwlet birleşiginiň haly fabriklerinde dünýä belli türkmen el halylary dokalýar. Kärhana her ýylda 270-280 tonna arassa ýüňden ýüplük işläp çykarýar. «Ahal ýüň» ýapyk kysymly paýdarlar jemgyýeti ýokary hilli ýüň ýüplükleriň köp görnüşlerini öndürilýär. Aşgabadyň «Argaç» ýüň egriji fabrigi ýüplügi hem-de türkmen halylaryny tebigy boýaglar bilen üpjün edýär. Häzirki wagtda ýöriteleşdirilen haly fabrikleri Aşgabat, Mary, Baharly, Gökdepe, Serdar, Bereket, Magtymguly, Balkanabat, Esenguly, Halaç, Atamyrat, Daşoguz şäherlerinde hereket edýär.

2020-nji ýyla çenli döwürde dokma senagatyny ösdürmegiň maksatnamasyna laýyklykda pagtany gaýtadan işlemek we taýýar önümleri öndürmek boýunça ýokary düşewüntli täze kärhanalaryň birnäçesini gurmak göz öňünde tutulýar. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamany ýerine ýetirmek maksady bilen, dokma toplumynyň ösdürilmegine aýratyn orun berilýär. 2020-nji ýyla çenli ýurdumyzda ýene-de täze dokma toplumlarynyň, pagta egriji fabrikleriň, tikinçilik fabrikleriň 30-dan gowragynyň gurulmagy meýilleşdirilýär. Bu 70 müň adam üçin goşmaça iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berer. Şu geçiriljek çäreleriň esasynda 2020-nji ýylda 500 müň tonna pagta süýümini gaýtadan işläp, ondan taýýar önüm öndürmeklik maksat edinilýär. Pagta çig malyndan bolan önümleriň görnüşleri ep-esli giňeler. Köýneklik, tutulyk matalar, welwet, mahmal we beýleki matalar öndüriler. Dokma senagatyny ösdürmek üçin goýberiljek serişdeleriň, maýa goýumlaryň möçberi 2020-nji ýyla çenli 2 milliard amerikan dollaryna barabar bolar. Şonuň 1 milliard

amerikan dollary öz döwletimiziň serişdeleridir. Milli maksatnama laýyklykda Türkmenistanyň ýüpekçilik pudagynyň, onuň esasy ýüpek saraýjy önümçiliginiň ösmegine hem uly üns berler. Ýüpek gurçugyndan piläni öndürmeklik 2020-nji ýylda 7 müň tonna ýetirmeklik göz öňünde tutulýar. Türkiýäniň we Hytaýyň kompaniýalarynyň gatnaşmagynda, täze tehnologiýany ornaşdyrmagyň hasabyna, piläni täzeden işlemegiň mukdary artar, hili ýokarlanar. Maksatnamanyň çäginde Türkmenabadyň ýüpek önümçilik birleşiginde we Marynyň ýüpek gurçugynyň tohumyny çykarýan zawodynda önümçiligi giňeltmek, täzeden gurmak we enjamlaşdyrmak meýilleşdirilýär.

Garaşsyzlykdan öňki döwürde oba hojalyk önümleriniň köp mukdarda we dürli görnüşlerde öndürilmegine garamazdan azyk senagaty pes derejede ösendi hem-de ilatymyzy esasy önümler bilen ýeterlik ýagdaýda üpjün edip bilmeýärdi. Ýurdumyzda ilatyň azyk önümlerine bolan umumy isleginiň 60 göterimden gowragy importyň hasabyna üpjün edilýärdi. Garaşsyzlyk ýyllarynda ilatyň azyk önümlerine bolan islegini doly derejede kanagatlandyrmak we bu ugurda bar bolan mümkinçilikleri doly peýdalanmak, azyk howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen täze önümçilik kuwwatlyklary işe girizildi. Şonuň netijesinde ýurdumyzyň bazarlary süýt önümleri, peýnir, şöhlat önümleri, et konserwleri, konditer önümleri, miwe şireleri, alkogolsyz we spirtli içgileriň dürli görnüşleri bilen doly üpjün edildi. Azyk önümleriniň mukdary we hili bilen bir hatarda görnüşleriniň sany hem artdy. 1996-njy ýylda döredilen Türkmenistanyň Azyk senagaty assosiasiýasyna azyk bolçulygyny döretmek, ýurdumyzyň ilatyny ýokary hilli we köp görnüşli önümler bilen üpjün etmek wezipesini çözmekde esasy orun degişlidir. Azyk bolçulygyny üpjün etmekde hususyýetçileriň paýy hem örän uludyr. Häzirki döwürde telekeçiler, esasan, et önümlerini, gaýtadan işlenen däneden dürli önümleri, mineral suwlary we alkogolsyz içgileri öndürýär. Azyk önümlerini öndürmeklikde uly bolmadyk, kiçi zawodlaryň gurlup işe girizilmegi öz oňyn netijesini berýär. Aşgabat şäherini we welaýatlary senagat taýdan ösdürmegiň konsepsiýalarynyň çäklerinde oba ýerlerinde agrar senagata degişli önümçilik kärhanalary, zawodlary, fabrikleri

gurulýar. Azyk senagatyny ösdürmekde daşary ýurt maýadarlarynyň hem tutýan orny uludyr.

Azyk senagaty pudagynyň düzüminde et we süýt senagaty has uly ösüşe eýedir. Eger 2000-nji ýylda et we süýt önümçiligi Azyk senagaty pudagynyň 4,9% önümini beren bolsa, onda 2008-nji ýylda bu görkeziji 15,2 göterime çenli artdy. Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyz boýunça 20-ä golaý un üweýän uly toplumlar, elewatorlar, degirmenler işe girizildi. Täze elewatorlar Baýramalyda, Akdepede, Serdar şäherinde guruldy. Aşgabatdaky galla önümleri kombinaty täzeden enjamlaşdyryldy. 2007-nji ýylda Türkmengalada un we unaş kärhanasy işe girizildi. Kärhanada her ýyl 40 müň tonnadan gowrak un çykarylýar we 17 müň tonna golaý unaş önümleriniň 18 görnüşi öndürilýär. Bu önümçilikler häzirki wagtda ilatyň un we unaş önümlerine bolan islegleriniň uly bölegini üpjün edýär. Aşgabatda, Mary, Türkmenabat, Balkanabat, Türkmenbaşy, Daşoguz şäherlerinde ýerleşen iri et kombinatlarynda we hususy eýeçilikdäki kiçi kärhanalarda 100-e golaý görnüşli et önümleri taýýarlanylýar. Türkmenistanyň Azyk senagaty assosiasiýasy boýunça 2009-njy ýylyň dowamynda et we şöhlat önümleriniň, öý guşlarynyň etiniň 12,8 müň tonnasy we et konserwalarynyň 160 müň şertli belgisi öndürildi. Süýt-ýag pudagynyň kadaly ösmegi üçin onuň çig mal binýady ösdürilýär. Süýt maldarçylyk toplumlarynyň ösen ýerleri bolan Aşgabat, Mary, Türkmenabat, Daşoguz, Balkanabat, Türkmenbaşy, Serdar, Baýramaly, Tejen, Kaka, Hazar, Köneürgenç, Atamyrat şäherleri ýurdumyzyň süýt senagatynyň merkezleridir. Ýurdumyzyň süýt işleýän kärhanalary mesge, peýnir, gatyk, gaýmak, tworog, çekize, buzly gaýmak, süýt ýaly önümleri öndürýär.

Ösümlik ýagyny öndürýän senagat ýurdumyzda irki döwürde dörän pudakdyr. 1903-nji ýylda Baýramaly, 1942-nji ýylda Daşoguz we 1979-njy ýylda Türkmenabat şäherlerinde ýag zawodlary işe girizildi. Köneürgenç, Daşoguz, Türkmenabat, Baýramaly we Serdar şäherlerinde ýerleşýän ýag öndürýän kärhanalarda pagta, günebakar, künji, üzüm, gawun, garpyz ýaly ekinlerden ýokary hilli, ilat tarapyndan uly isleg bildirilýän ösümlik ýaglary öndürilýär. Etrek

etrabyndaky zeýtun bagyndan örän ýokary hilli, adam üçin iň peýdaly zeýtun ýagy öndürilýär. Häzirki wagtda döwletimiz boýunça 102 müň tonnadan gowrak arassalanmadyk ösümlik ýaglary öndürilýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň biri bolan şeker senagatynyň «Maryşeker» kärhanasynyň ýyllyk kuwwatlylygy 30 müň tonna deňdir. Kärhana 2009-njy ýylda 166 müň tonnadan gowrak gant şugundyryny gaýtadan işläp, 11,4 müň tonnadan gowrak şeker we şeker önümlerini, köp mukdarda spirt we jom öndürdi. Süýji-köke önümlerini öndürýän senagatyň çig maly bolup gant-şeker, kösükliler, kakao, un, ösümlik ýagy, ýumurtga, we beýlekiler hyzmat edýär. Azyk senagaty assosiasiýasynyň kärhanalarynda süýji-köke önümleriniň dürli görnüşleri öndürilýär. Olaryň arasynda gant, şeker, «Guş süýdi», we «Aýly agşam» ýaly süýjüler, marmelad, zefir, nabat, ýaly her dürli önümler bar. Kökäniň hem ençeme görnüşi öndürilýär. Assosiasiýanyň kärhanalarynda erikden, almadan, üzümden, garalydan 14 görnüşli mürepbeler öndürilýär we ballaryň 10 görnüşi taýýarlanylýar. Türkmenistanyň iň uly süýji-köke öndürýän fabrigi Aşgabatda ýerleşýär. Türkmenabat, Mary we Daşoguz şäherlerinde hem süýji-köke öndürýän kärhanalary hereket edýär. Ýurdumyz boýunça her ýyl 40 müň tonna golaý süýji-köke önümleri öndürilýär. Bagçylygyň, üzümçiligiň, gök önümçiligiň we bakjaçylygyň ösmegi gök-miwe önümlerini gaýtadan işleýän pudagyň ilerlemegine täsir edýär. Iri tomat zawodlary Maryda, Abadanda, Daşoguzda, Türkmenabatda hereket edýär. Ruhabat etrabyndaky «Ruhubelent» açyk paýdarlar jemgyýeti kärhanasynda miwe şireleriniň 7 görnüşi, ajy we süýji üwmeçler öndürilýär. Iň uly gök önüm konserw zawodlary Ruhabatda, Sandykgaçyda, Maryda, Türkmenabatda, Daşoguzda, Abadanda, Sakarda ýerleşýär. 2011-nji ýylda ýurdumyz boýunça 231,7 million şertli banka gök önüm-miwe konserwleri öndürildi. Türkmenistanyň Azyk senagaty kärhanalarynda üzümden ýag, toşap we beýleki önümleri taýýarlamak bilen bir hatarda, çakyr önümlerini öndürmek işleri giňden ýola goýlan. Häzirki wagtda Azyk senagaty Assosiasiýanyň çakyr senagaty pudagy Aşgabat, Gökdepe, Abadan,

Ahal, Türkmenabat, Ýolöten, Sandykgaçy we Garabekewül kärhanalaryny özüne jemleýär.

Ilatymyzy arassa we süýji agyz suwy bilen üpjün etmek meselesine aýratyn orun berilýär. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde ilatymyzy arassa agyz suwy bilen üpjün edýän zawodlar guruldy. «Arçabil» agyz suw zawodynda 20-den gowrak görnüşde alkogolsyz içgiler öndürilýär. Türkmenistanyň Azyk senagaty assosiasiýasynyň «Çeşme» döwlet kärhanasy Berzeňňi hem-de Ýanbaş çeşmeleriniň suwlaryndan onlarça görnüşli mineral suwlary öndürýär. Bu kärhanada dürli görnüşli süýjüli suwlar bilen bir hatarda, mineral duzlara baý hem-de bejeriş ähmiýete eýe bolan «Berzeňňi» atly mineral suwlary öndürilýär.

Ýurdumyzda azyk bolçulygyny döretmekde balykçylyk hojalygynyň tutýan orny uludyr. Hazar deňzinde, derýalarymyzda, içerki suw howdanlarymyzda ýaşaýan, köpelýän balyklar adamlar üçin tagamly azyk önümleri bolup hyzmat edýär. Häzirki wagtda Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalygy komiteti tarapyndan balykçylygy ösdürmek, ilatymyzy balyk we balyk önümleri bilen üpjün etmek üçin uly işler alnyp barylýar. Azyk üpjünçilik maksatnamasyna laýyklykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda balyklary emeli usulda ösdürip ýetişdirýän we gaýtadan işleýän önümçilik toplumlaryny, söwda we jemgyýetçilik iýmiti kärhanalaryny, sowadyjy ammarlary gurmak we işe girizmek bellenilýär. Türkmenistanyň Döwlet balyk hojalyk komitetiniň düzüminde «Altyn balyk» we «Balkanbalyk» döwlet kärhanalary hereket edýär. «Altyn balyk» döwlet kärhanasynyň düzüminde «Ahalbalyk», «Daşoguzbalyk» «Marybalyk» «Lebapbalyk» hojalyklary hereket edýär. Bu kärhanalarda ýurdumyzyň içerki suwlarynda balyklary emeli usulda köpeltmek işlerine aýratyn üns berilýär. Kärhanalar tarapyndan tutulan balyklar diri, doňdurylan we kakadylan görnüşlerinde halka ýetirilýär. Ýurdumyzyň balyk pudagynyň öňdebaryjysy bolan «Balkanbalyk» döwlet kärhanasy balyk tutmagyň we gaýtadan işlemegiň ösen infrastrukturasyna eýedir. «Balkanbalyk» döwlet kärhanasy Hazar deňziniň türkmen böleginde balyklary ösdürip ýetişdirmek, köpeltmek, tutmak

we tutulan balyklary gaýtadan işlemek bilen meşgullanýar. Bu ýerde täze tutulan, doňdurylan, kakadylan, konserwirlenen balyklar, şeýle hem iýmlik balyk uny öndürilýär. Her ýylda ýurdumyz boýunça 2 milliondan gowrak guty balyk konserwleri taýýarlanylýar. Türkmenistan boýunça 2011-nji ýylda 36,5 müň tonna nahar duzy öndürildi. Nahar duzy «Jebelduz» we «Guwlyduz» kombinatlarynda öndürilýär. Ýurdumyzda ilatymyz 1994-nji ýyldan bäri nahar duzy bilen mugt üpjün edilýär we 1996-njy ýyldan başlap bolsa ýodlaşdyrylan duz bilen üpjün etmek ýola goýuldy. Duzy ýod bilen üpjün etmekligi Balkanabat we Hazar himiýa zawodlary amala aşyrýar.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda,oba hojalygynyň ösüşi ilatyň azyk önümlerine, senagatyň çig mala bolan isleglerini doly kanagatlandyrmaga we daşary ýurtlara haryt çykarmak mümkinçilikleri giňeltmäge gönükdiriler. Maksatnama laýyklykda Türkmenbaşy şäherinde täze balyk we et kombinatyny işe girizmek göz öňünde tutulýar. Mary, Lebap we Ahal welaýatlarynda agyz suwuny, miwe we mineral suwlary öndürýän kärhanalar ulanylmaga berler, Serdar şäherinde bir iş gününde süýt önümleriniň 15 tonnasyny öndürmäge niýetlenen süýt zawodynyň gurluşygy tamamlanar. Şeýle hem Daşoguzyň we Türkmenabadyň ýag zawodlarynyň durky täzelener hem-de tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylar, Ahal we Mary welaýatlarynda täze ýag zawodlary işe giriziler.

Türkmenistanyň sebitleri boýunça önümçilik kuwwatlyklaryny amatly ýerleşdirmek üçin täze maksatnamada ýurdumyzyň haryt öndürijileriniň hususy maýasyny we banklaryň kreditlerini çekmegiň hasabyna eti we süýdi gaýtadan işleýän kiçi zawodlary köp gurmak göz öňünde tutulýar. Olaryň etrap merkezlerinde – gönüden-göni çig malyň golaýynda gurulmagy bar bolan serişdeleri doly peýdalanmaga mümkinçilik berer. Bu bolsa öz gezeginde ulag çykdajylaryny tygşytlar we ýerlerde ilaty iş bilen üpjün eder. Maksatnama laýyklykda şeýle kiçi zawodlaryň jemi 66-sy gurlar. Taýýarlanan dänäni saklamak üçin bir wagtda 384 müň tonna däne sygýan ammarlaryň 25-si (şolardan 17-si degirmenli toplumda) gurlar. Bu desgalar gönü-

den-göni welaýatyň iri etraplarynyň galla meýdanlarynda amatly ýerleşdiriler. Hormatly Prezidentimiziň «Galla önümleri kärhanalaryny gurmak hakyndaky» Karary esasynda Sarahs hem-de Altyn asyr etraplarynyň araçäginde göwrümi 50 müň we Kaka etrabynyň Duşak şäherçesinde göwrümi 30 müň tonnalyk elewatorlary işe girizildi. Germaniýanyň «Unionmateks Undustreanladen GMBH» kompaniýasynyň Ruhabat etrabynda guran bugdaýy gaýtadan işleýän kärhanasynyň göwrümlerinde 100 müň tonna däne saklanar, ýylda 80 müň tonna un, bir gije-gündizde bolsa 40 tonna unaş önümleri öndüriler.

## 5-nji bap
## TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYGYNYŇ YKDYSADYÝETI

### 5.1. Oba hojalyk pudaklarynyň ykdysadyýeti

Oba hojalyk pudagy Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň möhüm bölegi bolup durýar. Oba hojalygy esasan, iki pudakdan durýar. Olaryň biri ekerançylyk, beýlekisi maldarçylyk. Bu pudaklar biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ekerançylyk alnyp barylýan ýerlerde oba hojalyk mallary üçin ot-iým hem taýýarlanylýar. Maldarçylyk pudaklary öz gezeginde oba ilatyny et-süýt, ýeňil we azyk senagat pudaklaryny çig mal bilen üpjün edýärler.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döwlet tarapyndan oba hojalygyny dolandyrmak ulgamyny kämilleşdirmek boýunça amala aşyrylan iri çäreler oba hojalygyny üýtgedip gurmaklygy çuňlaşdyrmaga we çaltlaşdyrmaga ýardam berdi. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwürde ýurdumyzda esasy sarp edilýän azyk önümleri bolan un, ýag, mesge, et, gant, çaý bilen ýeterlik hem-de arzan bahadan üpjün etmek üçin mümkin bolan zatlar edildi. Oba hojalyk kärhanalary gerekli zerur tehnika, dökün, tohum bilen üpjün edildi.

Türkmenistanda agrar gatnaşyklar garaşsyzlyk ýyllarynda kämilleşdirildi. Bu ugurda işler ýerleriň hususy eýeçilige we uzak möhletleýin kärendesine berilmegi, daýhan hojalyklarynyň döredilmegi we hususy eýeçiligiň girizilmegi, içerki kärende gatnaşyklarynyň ýaýbaňlaşdyrylmagy, şahsy kömekçi hojalyklarynyň, bakja ýerleriniň giňeldilmegi, ýöriteleşdirilen paýdarlar jemgyýetiniň döredilmegi, bank ulgamynyň, oba hojalyk önümlerini öndürijilerini maliýeleşdirmegiň kämilleşdirilmegi, olaryň salgytdan boşadylmagy, nyrhlaryň ýuwaş-ýuwaşdan erkinlige göýberilmegi, oba hojalyk ekinleriniň tohumlaryny gowulandyrmak, haryt öndürijileri maddy-önümçilik we tehniki serişdeler bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmak we şuňa meňzeş ugurlar boýunça alnyp barylýar.

Häzirki wagtda ýurt boýunça iş bilen meşgullanýan ilatyň umumy sanynda oba hojalyk pudagynda işleýänler 47,5 %-i düzýär, ilatyň umumy sanynda oba ilatynyň tutýan paýy 49,2 % deň.

Türkmenistanyň oba hojalygy ekerançylyk we maldarçylyk pudaklaryna bölünýär. Oba hojalygynyň jemi önümi – ekerançylyk we maldarçylyk önümleriniň jemi gymmaty bolup, oba hojalyk önümçiliginiň möçberiniň jemleýji görkezijisidir. 2011-nji ýylda oba hojalygy ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň (JIÖ) 10,0%-ni üpjün etdi.

Türkmenistanyň oba hojalygy ýokary depginler bilen ösýän pudaklaryň hataryna degişlidir. 2000-2011-nji ýyllarda oba hojalyk önüminiň möçberi 7 essä golaý artdy, 2011-nji ýylda oba hojalyk önüminiň möçberi ähli hojalyklarda 10901,5 million manada deň boldy. Ähli oba hojalyk önüminiň gymmatynda ekerançylygyň paýyna 41,3 göterimi, maldarçylygyň paýyna 58.7 göterimi düşýär.

Oba hojalygyň hususy hojalyklary hem soňky ýyllarda önümiň öndürilişiniň ýokary ösüşini gazandylar. 2000-2011-nji ýyllarda hususy hojalyklarda önümiň möçberi 6,3 esse artyp, ol görkeziji 2011-nji ýylda 7409,5 million manada deň boldy. Hususy hojalyklarda öndürilen önümleriň 27,7 göterimini ekeran-

*2-nji diagramma*

**Oba hojalygynyň jemi önümi (million manat)**




çylykda öndürildi, 72,3 göterimini bolsa maldarçylyk pudagynda öndürildi.

Oba hojalyk kärhanalarynda öndürilen oba hojalyk önümleriniň möçberi 2011-nji ýylda 3492,0 million manada deň bolup, ol görkeziji 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 8,6 esse artdy. Oba hojalyk kärhanalarynda öndürilen oba hojalyk önüminiň gymmatynda ekerançylygyň paýyna 70,1 göterimi, maldarçylygyň paýyna 29,9 göterimi düşýär.

2-nji diagrammadan görnüşi ýaly 2000-nji ýylda oba hojalygynyň jemi önümi1574,2 million manat (hereket edýän nyrhlarda) bolan bolsa, 2011-nji ýylda 10901,5 million manada deň bolupdyr. Oba hojalygynyň jemi önüminiň gysga wagtyň içinde çalt depginler bilen ösmegi, bu pudakda geçirilen agrar özgertmeleriň netijesidir.

7. Sargyt № 3158

*12-nji tablisa*

**Oba hojalygynyň jemi önümi, million manat (denominirlenen pulda)**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Ähli hojalyklar | | | | | | |
| Oba hojalyk önümleri | 1574,2 | 6380,0 | 7158,3 | 8231,7 | 9855,8 | 10901,5 |
| ekerançylyk önümleri | 623,0 | 2768,2 | 3133,9 | 3625,4 | 4531,6 | 4499,7 |
| maldarçylyk önümleri | 951,2 | 3611,8 | 4024,4 | 4606,3 | 5324,2 | 6401,8 |
| Oba hojalyk kärhanalary | | | | | | |
| Oba hojalyk önümleri | 404,2 | 1538,8 | 1749,2 | 2551,2 | 3455,7 | 3492,0 |
| ekerançylyk önümleri | 320,4 | 1146,4 | 1455,2 | 2234,5 | 2680,4 | 2448,2 |
| maldarçylyk önümleri | 83,8 | 392,4 | 294,0 | 316,7 | 775,3 | 1043,8 |
| Hususy hojalyklar | | | | | | |
| Oba hojalyk önümleri | 1170,0 | 4841,2 | 5409,1 | 5680,5 | 6400,1 | 7409,5 |
| ekerançylyk önümleri | 302,6 | 1621,8 | 1678,7 | 1390,9 | 1851,2 | 2051,5 |
| maldarçylyk önümleri | 867,4 | 3219,4 | 3730,4 | 4289,6 | 4548,9 | 5358,0 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Oba hojalygyň ekerançylyk pudagyny ösdürmek üçin amatly tebigy şertleriň hem-de serişdeleriň (ýer, suw, agroklimat baýlyklary, tehnika we dökün bilen üpjünçiligi) bolmagy zerurdyr. Tebigy şertler amatly bolsa ekinlerden ýokary hasyl alyp bolýar (12-nji tablisa).

Türkmenistanyň oba hojalygynda gowaça esasy ekin hasaplanýar. Gowaça Türkmenistanyň çäginde gadymy döwürlerden bäri ekilýär. Ol oba hojalygynyň iň girdejili pudagydyr. Pagtaçylyk pudagy obanyň işe ýaramly bölegini iş bilen üpjün edýär. Hojalygyň beýleki pudaklaryna garanda ol el zähmeti köp talap edýändigi bilen tapawutlanýar.

Ekin meýdanlarynyň möçberi boýunça bugdaý döwletimizde esasy ekine öwrüldi. Ekerançylykda esasy mesele ekinleriň hasyllylygyny artdyrmak bolup durýar. Däneli ekinlere bugdaýdan başga-da arpa, dary, şaly, süle, jöwen, mekgejöwen girýär. Bulardan başga-da döwletimizde kösükliler (nohut, mäş, künji, noýba) hem ekilýär (3-nji diagramma).

*3-nji diagramma*

**Türkmenistanyň ähli hojalyklarynda ekerançylyk önümleriniň öndürilişi, (müň tonna)**




Ekerançylyk pudaklarynyň ösüşini dürli ugurlar boýunça üpjün etmek maksady bilen hem-de ýerleriň toprak-howa aýratynlyklary nazara alnyp ýurdumyzda däne bilen pagtadan başga-da miwe, iriýmiş, gök, bakja we beýleki ekinleri ösdürip ýetişdirmeklige uly orun berilýär. Döwletimiz garaşsyzlygyny alandan soňra ekerançylyk meýdanlarynyň düzümi üýtgedildi. Ýurdumyzyň ilatyny özümizde öndürilýän şeker önümleri bilen üpjün etmek maksady bilen gant şugundyry ekilip başlandy.

Türkmenistanyň ähli etraplarynda diýen ýaly gök we bakja ekinleri ekilýär hem-de olary ilat ýylyň dört paslynda ter halynda gündelik iýmitinde ulanýar. Gök we bakja ekinlerine pomidor, kelem, kartoşka, sogan, sarymsak, hyýar, käşir, şugundyr, burç, badamjan, garpyz, gawun, kädi, turpuň dürli görnüşleri, iýilýän her hili otlar girýärler. Bu ekinler tehniki we däneliler bilen gezekleşdirilip ekilse, obalarda ekin dolanyşygyny berjaý edip bolar.

Miwe we üzüm önümleri adamyň saglygy üçin örän zerur iýmit hasaplanýar. Türkmenistanda jan başyna ylmy esaslarda düzülen kadalar boýunça miwe 110 kilogram, üzüm 25,5 kilogram bolmaly. Miwe we üzüm önümleri senagat kärhanalary üçin hem çig mal bolup hyzmat edýär. Döwletimizde miweli baglardan alma, armyt, garaly, şetdaly, saraly, ülje, alça, erik ähli etraplarda, welaýatlarda ösdürilip ýetişdirilýär. Olaryň esasy ekilýän ýerleri hususy hojalyklar hasaplanýar. Subtropik miweli agaçlardan nar, injir, hurma, zeýtun, pisse, hoz, badam ösdürilýär (13-nji tablisa).

*13-nji tablisa*

**Oba hojalyk ekinleriniň jemi ýygnalan hasyly, müň tonna**

| | **2000** | **2007** | **2008** | **2009** | **2010** | **2011** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** |
| Ähli hojalyklar | | | | | | |
| Däneli we däneli kösükliler (fiziki agramda) | 1758,6 | 1085,9 | 1000,1 | 1411,1 | 1577,0 | 1310,7 |
| pagta | 1031,0 | 949,8 | 1001,8 | 966,2 | 1286,3 | 1096,5 |
| gök önümler | 346,6 | 634,5 | 620,2 | 653,4 | 674,5 | 690,0 |
| azyklyk bakja önümleri | 134,8 | 260,0 | 254,3 | 281,1 | 293,3 | 301,6 |
| kartoşka | 88,7 | 246,5 | 240,2 | 246,7 | 249,6 | 251,5 |
| siloslyk we gök ot üçin mekgejöwen | 80,5 | 82,1 | 93,8 | 106,7 | 100,3 | 100,7 |
| bir ýyllyk otlardan bede | 16,4 | 24,9 | 24,1 | 19,2 | 14,4 | 13,0 |
| köp ýyllyk otlardan bede | 67,0 | 31,2 | 23,0 | 20,7 | 36,5 | 35,3 |
| Oba hojalyk kärhanalary | | | | | | |
| Däneli we däneli kösükliler (fiziki agramda) | 1276,0 | 1050,1 | 923,6 | 1391,6 | 1557,4 | 1289,0 |
| pagta | 687,3 | 949,7 | 1001,6 | 966,2 | 1286,3 | 1096,5 |
| gök önümler | 88,3 | 59,3 | 45,1 | 50,4 | 56,1 | 55,7 |
| azyklyk bakja önümleri | 26,0 | 24,1 | 22,6 | 34,4 | 33,2 | 34,5 |
| kartoşka | 1,6 | 5,7 | 5,6 | 5,9 | 2,1 | 1,5 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| siloslyk we gök ot üçin mekgejöwen | 54,2 | 45,9 | 41,1 | 51,5 | 50,3 | 54,5 |
| bir ýyllyk otlardan bede | 11,3 | 7,9 | 6,8 | 2,8 | 3,8 | 2,3 |
| köp ýyllyk otlardan bede | 59,4 | 19,3 | 15,8 | 15,2 | 17,7 | 26,3 |
| Hususy hojalyklar | | | | | | |
| Däneli we däneli kösükliler (fiziki agramda) | 482,6 | 35,8 | 76,5 | 19,5 | 19,6 | 21,7 |
| pagta | 343,7 | 0,1 | 0,2 | 00,1 | – | – |
| gök önümler | 258,3 | 575,2 | 575,1 | 603,0 | 618,4 | 634,3 |
| azyklyk bakja önümleri | 108,8 | 235,9 | 231,7 | 246,7 | 260,1 | 267,1 |
| kartoşka | 87,1 | 240,8 | 234,6 | 240,8 | 247,5 | 250,0 |
| siloslyk we gök ot üçin mekgejöwen | 26,3 | 36,2 | 52,7 | 55,2 | 50,0 | 46,2 |
| bir ýyllyk otlardan bede | 5,1 | 17,0 | 17,3 | 16,4 | 10,6 | 10,7 |
| köp ýyllyk otlardan bede | 7,6 | 11,9 | 7,2 | 5,5 | 18,8 | 9,0 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Oba hojalyk ekinlerinden ähli hojalyklar boýunça 2011-nji ýylda däne we däneli kösükliileriň öndürilişi 1310,7 müň tonna, pagtanyň öndürilişi 1096,5 müň tonna, gök önümleriňki – 690,0 müň tonna, azyklyk bakja önümleri 301,6 mün tonna, kartoşkanyň öndürilişi 251,5 müň tonna, miweleriňki – 168,4 müň tonna, üzümiňki – 290,8 müň tonna, barabar boldy. 2011-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde gök önümleriň öndürilişi 2 essä golaý, kartoşkanyň öndürilişi 2,8 esse, azyklyk bakja önümleriniň öndürilişi 2,2 essä golaý, ýygnalan üzüm 1,5 esse artdy.

2011-nji pagta hasylynyň ählisi diýen ýaly oba hojalyk kärhanalarynda öndürildi. Jemi öndürilen däne we däneli kösükliileriň 98,3 göterimi şu kärhanalaryň paýyna düşýär.

Hususy hojalyklarda 2000-nji ýyldan 2011-nji ýyl aralygynda ekinleriniň jemi ýygnalan hasylynda gök önümler 2,4 essä, azyk bak-

ja önümleri 2,5 essä, kartoşka 2,9 essä we üzüm hasyly 3 essä barabar artdy.

Hususy hojalyklarda ýygnalan gök önümleriň jemi ýygnalan hasyldaky paýy 2011-nji ýylda 91,9 göterime, kartoşkanyň paýy 99,4 göterime, azyklyk bakja önümleriň paýy 88,6 göterime, ýygnalan üzümiň paýy 75,0 göterime, ýygnalan miweleriň paýy 90,4 göterime deň.

Maldarçylyk oba hojalygyň möhüm we ekerançylyga garanda, girdejili pudaklaryndan biri hasaplanýar. Maldarçylyk ekerançylyk bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ekerançylykda ekilen ähli ekinleriň galyndy otlary, däneleriniň harpygy oba hojalyk mallara iýmit bolýar. Maldarçylygyň esasy pudaklaryndan dowardarçylyk, iri şahly maldarçylyk, doňuzdarçylyk, gylýalçylyk, düýedarçylyk, ýüpekçilik, balaryçylyk, balykçylyk döwletimiz üçin häsiýetlidir. Maldarçylyk önümleri ilata iýmit (et, süýt, ýag, bal, ýumurtga), senagat kärhanalary üçin çig mal (ýüň, deri, et-süýt) bolup hyzmat edýärler.

Türkmenistanda maldarçylygyň dürli pudaklary «Türkmen mallary» döwlet assosiasiyasynda, daýhan birleşiklerinde, hususy eýeçilikde ösdürilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda hususy hojalyklarda saklanylýan mallaryň sany artyp başlady. Olara döwlet tarapyndan elmydama hemaýat edilýär. Mal saklaýan hojalyklar döwlet tarapyndan salgytdan boşadylýar.

Türkmenistanda dowarlaryň iki tohumy: garaköli we saryja goýunlar giň ýaýrandyr. Meşhur teke, ýomut halylary saryja goýunlaryň ýüňünden dokalýar. Häzirki günde bu goýunlaryň tohumyny köpeltmeklige döwletimizde uly üns berilýär. Bu goýunlar garaköli goýunlara garanda eti, ýüňi köp berýänligi bilen tapawutlanýar.

Iri şahly maldarçylyk hojalyk ähmiýetli pudak hasaplanýar. Mallaryň baş sany boýunça dowardarçylykdan soňra ikinji orunda durýar. Ony ösdürmeklige ýurdumyzda oňat mümkinçilikler bar. Garaşsyzlyk ýyllarynda mallaryň baş sany, esasan hem hususy hojalyklarda köpeldildi. Döwletimiz boýunça gara mallaryň esasy bölegi hususy hojalyklarda jemlenen. Hususy hojalyklarda olary saklamaga we baş sanyny köpeltmäge ähli mümkinçilikler bar. Mallary

köpeldýän hojalyklaryň köpüsiniň kärende pagta, bugdaý, ot-iýmlik, ekin, miweli bag ekilen ýerleri bar. Ekin meýdanlarynyň içiniň haşal otlary, bugdaýyň samany, pagtadan alynýan sary un, çigidiniň harpygy, bugdaýyň kepegi mallar üçin goşmaça ot-iým bolup hyzmat edýär.

Düýedarçylyk maldarçylygyň beýleki pudaklaryna garanda ir döwürlerden bäri ykdysady taýdan has arzan pudak hasaplanýar. Olary öri meýdanlarda bakanyňda gyş üçin ot-iým taýýarlamak zerurlygy ýok. Olar meýdan ýerlerde dürli çöl ösümliklerini, meýdan otlaryny iýip oňňut edýärler. Garaşsyzlyk ýyllarynda düýedarçylygy ösdürmeklige hususy hojalyklar köp üns berýärler. Sebäbi maldarçylyk pudaklarynyň arasynda ol pudak has düşewüntli hasaplanýar. Ony süýdi, çaly, ýüňi, eti üçin çöle golaý ýerleşen obalarda hususy hojalyklarda köp saklanýar.

Ýurdumyzda gylýallaryň ahal-teke, ýomut tohumlary köpeldilýär. Ahalteke bedewleri – dünýäde iň gadymy atlaryň hataryna girýär. Olar özüniň gözelligi, çalasynlygy, ýüwrükligi bilen dünýäde meşhurlyk gazanan bedewlerdir.

Türkmenistanda döwlet Garaşsyzlygynyň ýyllary içinde ahalteke bedewleri «Türkmen atlary» döwlet birleşiginde, ýurduň hojalyklarynda we hususy eýeçilikde giňden ýaýran pudaga öwrüldi. Pudagyň tohumçylyk işi, esasan «Türkmen atlary» döwlet birleşiginde alnyp barylýar. Atlary hususy hojalyklarda saklamaklyga doly rugsat edildi.

Hormatly Prezidentimiz ahal-teke bedewlerimizi ösdürmeklige uly üns berýär. Ruhabat etrabynda atçylyk zawody, Aşgabatda uly atçylyk toplumy, 2 sany çapyşyga tomaşa eder ýaly dünýä ölçeglerine laýyk gelýän aýlaw guruldy. Munuň netijesinde, ýurdumyzda halkaratalaplaryna gabat gelýän at çapyşyklary, atçyluksport ýaryşlaryny, türkmenmillibaýramçylyklary ýokary hilli geçirmeklige doly mümkinçilik döreýär. Şeýle hem, türkmenatşynaslarynyň halkara ýaryşlaryna,dünýä çempionatlaryna, Olimpiýaoýunlaryna gatnaşyp, olarda baýrakly orunlary eýelemekleri üçin ähli şertler döredilýär.

Ýurdumyzyň guşçulyk pudagy ilaty ýokumly, ýokary kaloriýaly, ýeňil siňýän hem-de berhiz hökmünde ulanylýan guş eti we ýumurtga bilen üpjün edýär. Türkmenistanda towuk, ördek, gaz, bedene, käkilik, sülgün, hindi towugy ýaly guşlary köp möçberde ösdürip ýetişdirmäge gowy şertler bar. Ilaty guş eti, ýumurtga önümleri bilen doly üpjün etmek meselesini çözmekde guşçulyk pudagyny ösdürmegiň ähmiýeti uludyr. Şonuň üçin ýurdumyzda guşçylyk pudagyny ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň ýörite karary bilen Baharly etrabynda ýylda 3 müň tonna guş etini we 4 million ýumurtga öndürmäge niýetlenen «Guş toplumy» hususy kärhanasy guruldy we işe girizildi. Bu kärhanasynyň açylmagy ýurdumyzyň ilatyny elýeterli bahadan ýokary hilli towuk eti bilen üpjün etmek meselesiniň çözülmegine uly ýardam berdi.

Türkmenistanda 6 sany guşçulyk fabrigi, 5 sany ýöriteleşdirilen guşçulyk daýhan hojalyklary, 7 sany hojalygara guşçulyk kärhanalary, 300 sany guşçulyk fermalary bar. Olardan başga-da oba ilatynyň hususy hojalyklarynda hem guşçulyga uly üns berilýär. Guşçulyk bilen meşgullanýan telekeçileriň işiniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen döwlet tarapyndan guş toplumlaryna ot-iýmlik ekinlerini ekmäge suwarymly ýerler berkidilýär. Ýurdumyzda däneçiligiň ösýänligi sebäpli, guşçulygy ösdürmeklige uly mümkinçilikler döreýär.

Türkmenistanyň oba hojalygynyň ir döwürlerden bäri meşgullanýan pudaklarynyň biri ýüpekçilikdir. Ýüpek gurçugynyň önümi bolan pile ýüpek matalaryny dokamak üçin çig mal bolup durýar. Ýüpek gurçugynyň esasy iýmiti tut agajynyň ýapragy hasaplanýar. Ýüpek gurçugynyň tohumlary ýöriteleşdirilen kärhanalarda taýýarlanylýar. Janlandyrylan gurçuk tohumlaryndan gutularda (bir guty 29 grama deň) idedijilere paýlanylýar. Ýüpek gurçuklaryny idetmeklik 40-42 gün dowam edýär. Şol aralykda bir guty ýüpek gurçugyny idetmek üçin 1,0-1,2 müň kilogram arassa tut ýapragy berilýär. Bir kilogram pile öndürmek üçin 18 kilogram tut ýapragy harçlanylýar. Ýurdumyzda esasan ýerli şertlere uýgunlaşan, çalt ýetişýän, bol hem oňat hilli pile saraýan gurçuk tohumynyň täze görnüşleri çykarylýar.

Balykçylyk ýurdumyzda köne hojalyk pudaklarynyň biri hasaplanýar. Bekarardöwletiň bagtyýarlykdöwründe hormatly Prezidentimiz tarapyndan balykçylygy ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Deňizden, köllerden, derýalardan tutulýan balyklar döwletimiziň azyk maksatnamasyny ýerine ýetirmäge uly ýardam berýär. Ýurdumyzda bu pudagy ösdürmek üçin döwletimiziň Hazar deňziniň Türkmenistana degişli çäklerinde, Sarygamyş we beýleki köllerde, Amyderýada, Tejen, Murgap, Garagum, Türkmen derýalarynda, suw howdanlarynda balygyň uly ätiýaçlyklary bar. Türkmenistanyň çäginde balyklaryň 137 görnüşi hasaba alyndy. Olaryň arasynda has gymmatly görnüşleri bar. Ýurdumyzda Hazar deňziniň çäklerinde bekre balyklary emeli usulda köpeldilýän balyk hojalyklary döretmek hakynda mesele goýulýar. Ýokary hilli balyk önümleriniň öndürilýän möçberlerini artdyrmak niýeti bilen Hazarda bekre balygyny köpeldýän hojalyk döredildi.

Ýurdumyzda mallaryň we guşlaryň baş sanynyň artyşyna seljerme bermek üçin 14-nji tablisa seredeliň.

*14-nji tablisa*

**Türkmenistanda mallaryň we guşlaryň baş sany, müň baş (ýanwar aýynyň 1-ine)**

| | 2001 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 | 2012 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Ähli hojalyklar | | | | | | |
| Gara mallar | 1601,5 | 2157,7 | 2153,9 | 2174,6 | 2196,3 | 2216,5 |
| şolardan: | | | | | | |
| sygyrlar | 738,2 | 1043,0 | 1020,0 | 1049,7 | 1069,9 | 1064,6 |
| dowarlar | 8834,8 | 18274,9 | 16361,2 | 16706,1 | 17042,1 | 17157,9 |
| düýeler | 115,1 | 125,7 | 122,1 | 122,4 | 123,5 | 124,0 |
| gylýallar | 27,3 | 26,4 | 24,7 | 24,6 | 24,9 | 25,5 |
| doňuzlar | 32,0 | 24,6 | 18,1 | 13,9 | 10,8 | 9,6 |
| guşlar | 5451,3 | 15595,9 | 15073,3 | 15888,1 | 16396,5 | 16875,3 |
| Oba hojalyk kärhanalary | | | | | | |
| gara mallar | 149,7 | 113,0 | 112,2 | 110,8 | 110,2 | 105,8 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| şolardan: | | | | | | |
| sygyrlar | 42,6 | 35,4 | 35,8 | 35,7 | 36,2 | 35,6 |
| dowarlar | 2801,0 | 2931,4 | 2236,4 | 2226,6 | 2233,0 | 1654,8 |
| düýeler | 42,4 | 28,2 | 29,0 | 28,1 | 29,0 | 26,9 |
| gylýallar | 11,4 | 3,6 | 3,1 | 3,0 | 3,1 | 3,6 |
| doňuzlar | 10,0 | 2,3 | 4,0 | 3,9 | 1,4 | 1,6 |
| guşlar | 577,6 | 62,3 | 62,6 | 49,2 | 145,7 | 132,4 |
| Hususy hojalyklar | | | | | | |
| Gara mallar | 1451,8 | 2044,7 | 2041,7 | 2063,8 | 2086,1 | 2110,7 |
| şolardan: | | | | | | |
| sygyrlar | 695,6 | 1007,6 | 984,2 | 1014,0 | 1033,7 | 1029,0 |
| dowarlar | 6033,8 | 15343,5 | 14124,8 | 14479,5 | 14809,1 | 15503,0 |
| düýeler | 72,7 | 97,5 | 93,1 | 94,3 | 94,5 | 97,1 |
| gylýallar | 15,9 | 22,8 | 21,6 | 21,6 | 21,8 | 21,9 |
| doňuzlar | 22,0 | 22,3 | 14,1 | 10,0 | 9,4 | 8,0 |
| guşlar | 4873,7 | 15533,6 | 15010,7 | 15838,9 | 16250,8 | 16742,9 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Ýurdumyzda 2011-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde gara mallarynyň sany 1,4 esse artyp ol görkeziji 2216,5 müňe, dowarlaryň baş sany 1,9 esse artyp 17157,9 müňe, guşlaryňky 3,1 esse artyp 16875,3 müňe ýetirildi.

Türkmenistanda mallaryň we guşlaryň köp bölegi oba hojalygyň hususy hojalyklarynda jemlenendir. Hususy hojalykda 2011-nji ýylda 2000-nji ýyla garanyňda gara mallaryň baş sany 1,45 esse köpeldi we 2110,7 müňe, dowarlaryň baş sany 2,6 esse köpeldi we 15503,0 müňe, düýeleriň baş sany 1,3 köpeldi we 97,1 müňe, gylýallaryň baş sany 1,4 esse köpeldi we 21,9 müňe guşlaryň baş sany 3,4 esse köpeldi we 16742,9 müň baş boldy.

Hususy hojalykdaky mallaryň we guşlaryň baş sanynyň ähli hojalyklardaky paýy gara mallar boýunça 95,2 göterime, dowarlar

boýunça 90,3 göterime, düýeler boýunça 78,3 goterime, gylýallar boýunça 85,9 göterime, guşlar boýunça 99,2 göterime deňdir. Ýurdumyzda maldarçylygyň esasy önümlerine baha bermek üçin 4-nji diagrammany we 15-nji tablisany seljereliň.

*4-nji diagramma*




*15-nji tablisa*

**Esasy maldarçylyk önümleriniň öndürilişi**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Ähli hojalyklar | | | | | | |
| et (soýlan agramda), müň tonna | 149,8 | 293,6 | 281,0 | 291,9 | 297,7 | 304,8 |
| süýt, müň tonna | 989,4 | 2068,5 | 2065,0 | 2145,9 | 2182,9 | 2221,4 |
| ýumurtga, mln. sany | 375,6 | 861,2 | 855,6 | 894,1 | 922,4 | 937,9 |
| ýuwulmadyk ýüň, müň tonna | 24,3 | 40,9 | 35,8 | 37,5 | 38,7 | 39,2 |
| ary baly, tonna | 692,3 | 889,3 | 766,7 | 772,4 | 781,0 | 792,2 |
| Oba hojalyk kärhanalary | | | | | | |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| et (soýlan agramda), müň tonna | 16,0 | 22,5 | 19,4 | 19,7 | 21,4 | 21,9 |
| süýt, müň tonna | 51,5 | 60,6 | 60,2 | 60,1 | 62,5 | 62,5 |
| ýumurtga, mln. sany | 23,0 | 9,5 | 11,4 | 9 | 7,0 | 4,0 |
| ýuwulmadyk ýüň, müň tonna | 5,0 | 6,2 | 4,7 | 4,9 | 5,0 | 4,6 |
| ary baly, tonna | 8,8 | 21,4 | 14,6 | 8,0 | 11,3 | 12,6 |
| Hususy hojalyklar | | | | | | |
| Et (soýlan agramda), müň tonna | 133,8 | 271,1 | 261,6 | 272,2 | 276,3 | 282,9 |
| süýt,müň tonna | 937,9 | 2007,9 | 2004,8 | 2085,8 | 2120,4 | 2158,9 |
| ýumurtga, mln. sany | 352,6 | 851,7 | 844,2 | 885,1 | 915,4 | 933,9 |
| ýuwulmadyk ýüň, müň tonna | 19,3 | 34,7 | 31,1 | 32,6 | 33,7 | 34,6 |
| ary baly, tonna | 683,5 | 867,9 | 752,1 | 764,4 | 769,7 | 779,6 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

2011-nji ýylda 2000-nji ýyl bilen deňeşdireniňde etiň öndürilişi 2 esseden gowrak, süýdüň öndürilişi 2,2 essä golaý, ýumurtga 2,5 essä golaý, ýuwulmadyk ýüňüň öndürilişi 1,6 esse, ary balynyň önümi 1,14 esse artdy.

Hususy hojalykda öndürilen et ähli hojalyklarda öndürilen etiň 92,8 göterimini, süýdüň 97,2 göterimini, öndürlen ýumurtganyň 99,6 göterimini, ýuwulmadyk ýüňüň 88,3 göterimini, ary balynyň 98,4 göterimini tutýar.

Türkmenistanda oba hojalyk önümçiligi eýeçiligiň dürli görnüşlerine daýanyp ösýär: daýhan birleşikleri, kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň kömekçi hojalyklary, ilat hojalyklary, hususy haryt öndürijiler we daýhan hojalyklary pudagyň esasy önümçilik birlikleri bolup çykyş edýärler.

Soňky ýyllarda ýurtda bazar gatnaşyklary işjeň ornaşdyrylýar. Bazara tarap oňyn hereket göze ilýär, bazar gatnaşyklaryny ösdür-

megiň maksadalaýykdygyna göz ýetirlip başlandy, hojalyk ýolbaşçylary we hünärmenler hojalygy ýöretmegiň bazar şertlerine barha ynamly uýgunlaşýarlar. Oba hojalyk önümlerini öndürijileriň bileleşmekleri işjeň ýagdaýda bolup geçýär. Kärendeçi işgärler toparlary hem-de assosiasiýalar, paýdarlar jemgyýetleri görnüşindäki we başga görnüşdäki bileleşmeler ösüşe eýe bolýar.

Yurdumuzyň oba hojalygynda bazar özgertmeleriniň ösdürilmegine, daýhan hojalyklarynyň, oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän kiçi we orta kärhanalaryň sanynyň artdyrylmagyna aýratyn üns berilýär (16-njy tablisa).

*16-njy tablisa*

**Oba hojalygynda dürli eýeçilikdäki hojalyklaryň sany (ýylyň ahyryna)**

| | **2000** | **2007** | **2008** | **2009** | **2010** | **2011** |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Daýhan birleşikleri, sany | 592 | 588 | 593 | 604 | 604 | 604 |
| kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň kömekçi hojalyklary, müň sany | 0,7 | 0,3 | 0,3 | 0,3 | 0,3 | 0,2 |
| Ilatyň hojalyklary – ählisi, müň sany | 663,1 | 752,4 | 793,6 | 795,0 | 807,0 | 818,7 |
| şol sanda: | | | | | | |
| şahsy kömekçi hojalyklar, müň sany | 616,0 | 714,6 | 756,5 | 758,7 | 770,7 | 782,4 |
| bagçylyk üçin berlen ýerleri bolan hojalyklar, | | | | | | |
| müň sany | 47,1 | 37,8 | 37,1 | 36,3 | 36,3 | 36,3 |
| hususy haryt öndürijiler, müň sany | 7,1 | 2,5 | 2,5 | 2,3 | 2,3 | 2,3 |
| daýhan hojalyklary, sany | 2131 | 1676 | 1714 | 1785 | 1827 | 1806 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Oba hojalykda geçirilýän özgertmeleriň netijesinde 2011-nji ýylyň başyna ýurtda 604 sany daýhan birleşigi, 300 sany kärhanalaryň, guramalaryň we edaralaryň kömekçi hojalyklary, 818,7 müň sany ilat hojalyklary, şonuň 782,4 müň sanysy şahsy kömekçi hojalyklar, 36,3 müň sanysy bagçylyk üçin berlen ýerleri bolan hojalyklar, 2,3 müň sany hususy haryt öndürijiler we 1 806 sany daýhan hojalyklary hereket edýär.

Türkmenistanyň oba hojalygynda bazar özgertmeleri yzygiderli geçirilýär. Munuň netijesinde oba hojalyk önümleriniň umumy möçberinde hususy hojalyklaryň paýy düýpli artýar. Tutuşlygyna alnanda, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli ilatyň hojalyklarynda ýurduň oba hojalygynyň jemi önüminiň 86%-den gowragy öndürildi.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň iň möhüm pudaklarynyň biri bolan oba hojalygyny düýpli galkyndyrmak boýunça uly özgertmeler durmuşa geçirilýär. Oba hojalygyny ýokary maliýe-ykdysady netijeler bilen işleýän pudaklaryň hataryna goşmak, onuň ilatynyň real girdejilerini düýpli ýokarlandyrmak babatynda uly işler alnyp barylýar. Ýurduň oba hojalygynda ykdysady gatnaşyklary kämilleşdirmegiň, bazar reformalaryny çuňlaşdyrmagyň meselelerine hem aýratyn üns berýär.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedow oba hojalyk reformalaryny geçirmekde hojalygy ýöretmekligiň kanunçylyk binýadynyň döredilmegine aýratyn üns berýär. Şonuň üçin ýurtda oba hojalyk önümçiligini ýöredýän guramaçylyk-hukuk görnüşleriniň hukuk binýady kämilleşdirilýär. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda oba hojalygyny ösdürmek we özgertmek babatynda wajyp ähmiýetli kanunlar we kararlar kabul edildi. Olaryň hatarynda «Daýhan birleşikleri hakynda», «Daýhan hojalygy hakynda» we «Arçynlar hakynda» Türkmenistanyň kanunlarynyň rejelenen nusgalarynyň kabul edilendigini aýratyn bellemelidiris. Bu kanunlaryň kabul edilmegi ýurduň oba hojalygynda bazar özgertmelerini geçirmekligi çaltlandyrmak, agrar önümçiliginiň ýokary netijeliligini gazanmak, oba ilatynyň pul girdejilerini we durmuş şertlerini düýpli ýokarlandyrmak boýunça wajyp hukuk binýadyna öwrüldi.

Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda hormatly Prezidentimiziň başlangyçlary esasynda döwlet tabşyryklary boýunça öndürilýän esasy oba hojalyk önümleriniň – pagtanyň we dänäniň döwlet satyn alyş bahalary düýpli ýokarlandyryldy. Bu çäreler Türkmenistanyň oba hojalygynyň ösüşine, daýhan birleşikleriň maliýe-hojalyk ýagdaýlaryna, kärendeçileriň we oba haryt öndürijileriniň real girdejileriniň ýokarlanmagyna getirýär.

Oba hojalyk önümlerini öndürijileriň girdejilerini köpeltmek we bugdaýyň ýokary hasylyny almaga höwesini artdyrmak maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti degişli karara gol çekdi. Oňa laýyklykda, Türkmenistanda öndürilýän bugdaýyň döwlet satyn alyş nyrhyny tapgyrlaýyn ýokarlandyryp, 2009-njy ýylyň hasylynyň 1 tonnasy üçin 270 manat, 2010-njy ýylyň hasylyndan başlap 400 manat möçberde bellenildi. Daýhanlaryň şalynyň ýokary hasylyny öndürmekde höwesini artdyrmak, ýurdumyzda ygtybarly azyk bolçulygyny üpjün etmek boýunça maksatnamalaýyn wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen, 2009-njy ýylyň hasylyndan başlap, şalynyň 1 tonnasy üçin döwlet satyn alyş nyrhy 900 manat möçberde bellenildi.

Oba hojalyk önümleriniň öndürilişini höweslendirmek maksady bilen etiň, süýdüň, ýumurtganyň, miwe we gök önümleriniň nyrhlary erkinleşdirildi.

Oba hojalyk ekinleriniň ekilýän meýdanyny giňeltmek üçin on müňlerçe gektar täze ýerleriň özleşdirilmegi, Esenguly we Ruhubelent etraplarynda hemmetaraplaýyn amatlyklary bolan täze ajaýyp ymaratlaryň, döwrebap desgalaryň ulanmaga berilmegi, öňden boş ýatan ýerlerde täze şäherçeleriň, täze Döwletli hemde Altyn Sähra etraplarynyň döredilmegi guwandyryjy alamatlardyr.

Oba hojalygyny mehanizmleşdirmegiň derejesi ýokarlanýar. Döwlet tarapyndan mehanizmleşdirilen işleri talabalaýyk agrotehniki möhletlerde geçirmegi üpjün edýän möçberde öňdebaryjy oba hojalyk tehnikasyny satyn almak amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk haryt öndürijileriniň maliýe ýagdaýlarynyň berkitmek babatynda hem saldamly işleri durmuşa ornaşdyrýar. Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky-

na daýhan birleşiklerine oba hojalyk tehnikasyny we gurallaryny satyn almak üçin 10 ýyla çenli möhlet bilen ýeňillikli (1% derejede) karzlary bermek tabşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz pagta hasylyny daýhanlardan we daýhan birleşiklerinden satyn almaklygyň şertlerini üýtgetmegiň zerurlygyny belleýär. Munuň üçin söwda-satyn alyş guramasyny döretmek we onuň gönüden-göni daýhanlar we daýhan birleşikleri bilen işleşmegini guramak ýola goýulýar. Bu ugurdan Türkmenistanda öndürilýän pagtany satyn almak we pagta önümlerini ýerlemek boýunça «Ak altyn» pagta söwda döwlet kärhanasyny döretmek bellenildi. Resminama laýyklykda «Ak altyn» pagta söwda döwlet kärhanasynyň esasy wezipeleri kesgitlendi. Bu kärhana Türkmenistanyň pagta öndürijileri bilen şertnamalary baglaşmak esasynda öndürilen pagta hasylyny döwlet satyn alyş nyrhlaryndan satyn almaga, Türkmenistanyň pagtany gaýtadan işleýän kärhanalary bilen şertnama baglaşmak esasynda satyn alnan pagtany senagat taýdan gaýtadan işlemäge we alnan önümleri ýokary hilli saklap, içerki alyjylara hem-de dünýä bazarlarynyň ýagdaýyny öwrenmek arkaly daşary ýurtlara ýerlemäge, pagta öndürijiler bilen özara önümçilik-ykdysady gatnaşyklaryň ýokary netije berýän, pagtadan ýokary hasyl almaga höweslendirýän usullaryny ýola goýmaga ygryýar berildi.

## 5.2. Oba hojalyk pudagyna hyzmat edýän infrastruktura

Ýurdumyzda oba hojalygynyň maddy-tehniki binýadyny kämilleşdirmekde uly öňegidişikler gazanyldy. Ýurdumyzda alnyp barylýan «Açyk gapylar» syýasaty öňdebaryjy daşary ýurt tehnikalaryny we tehnologiýalaryny oba hojalygynda giňden ornaşdyrmaga, sebitde bäsleşige ukyply önümleri öndürmäge amatly şertler döredilýär. Oba hojalygyna yzygiderli kämil tehnikalaryň, oba hojalyk gurallarynyň, dökünleriň dürli görnüşleriniň, mör-möjekleriň, hapa-haşal otlaryň garşysyna gerbisidleriň, himiki serişdeleriň al-

nyp berilmegi oba hojalyk önümleriniň ýokary derejede ösdürilip ýetişdirilmegine uly mümkinçilikler döredýär.

Hormatly Prezidentimiz oba hojalyk pudagyny ýokary depginlerde ösdürmek maksady bilen, ýurduň oba hojalygy üçin dünýäniň meşhur kompaniýalarynyň ýokary öndürijilikli tehnikalarynyň müňlerçesi satyn alynýar.

Oba hojalygynda mehanizmleşdirilen hyzmatlary (ýerleri sürmek, kültelemek, hasyly ýygnamak we beýlekiler) amala aşyrmak arkaly ýer eýelerine ýakyndan ýardam berýän iri düzüm birlikleriniň ýene-de biri «Türkmenobahyzmat» assosiasiýasydyr. Döwlet buýurmalary esasynda ýokary hilli önümleri (bugdaý, pagta we ş.m.) öndürýän oba zähmetkeşlerine edilýän tehniki hyzmatlarda uly ýeňillikler göz öňüne tutulandyr.

Ýurdumyzyň oba senagat toplumyny tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrmak obada amala aşyrylýan reformalaryň esasy wezipelerniň biri bolup, ol üstünlikli dowam edýär. Traktorlar, kombaýnlar, beýleki oba hojalyk maşynlary welaýatlarda anyk toprak-howa şertlerinde synagdan geçirilýär we özleriniň oňat taraplaryny görkezen oba hojalyk tehnikalary, maşynlary saýlanylyp alynýar.

Ekerançylaryň zähmetini höweslendirmek maksady bilen hasapdan çykarylmaga degişli bolan oba hojalyk maşynlary, hyzmat etmeli möhletini tamamlan traktorlar, kombaýnlar isleg bildiren daýhana mugt berilýär.

Oba hojalyk önümlerini öndürmekde tehniki hyzmatlary agrotehniki möhletlerde berjaý etmek wezipesi, işleriň tehniki tarapdan üpjünçiligini düýpli ýokarlandyrmagy talap edýär. Häzirki döwürde pudagyň tehniki üpjünçiligini nazara alyp, ýakyn üç-dört ýylyň dowamynda oba hojalyk tehnikalarynyň sanyny has-da artdyrmak zerurlygy döreýär. Geljekde olaryň mukdary ekin meýdanlarynyň artmagyna baglylykda köpeldiler. Sürüm işlerinde ABŞ-nyň Jon-Dir we Keýs firmalarynyň hem-de Belarussiýada öndürilýän Belarus-1221 traktorlary ulanylýar. Bu traktorlar Türkmenistanyň şertlerinde köp ýyllaryň dowamynda synagdan geçirilen we olar iş öndürijiligi, tehniki ygtybarlylygy, ýangyç tygşytlaýşy boýunça beýlekilerden has-

da tapawutlanýarlar. Geljekde-de traktorlaryň şol görnüşleriniň satyn alynmagy göz öňünde tutulýar.

Hatarara bejergi geçirmekde köp ýyllaryň dowamynda synagdan geçen MTZ-80H traktoryny satyn almaklyk dowam etdirilýär. Traktorlaryň sany ýakyn ýyllarda 8-9 müň birlige ýetirilip, gowaça ösdürip ýetişdirmekde ähli hatarara bejergi işlerini wagtynda we agrotehniki talaplara laýyklykda geçirmäge doly mümkinçilik dörediler.

Pagta hasylyny kombaýnlar bilen ýygmak ýyllar boýunça artyp, hasylyň 50%-i kombaýnlar bilen ýyglar. Pagta ýygymynda Jon-Dir we Keýs firmalarynyň kombaýnlary ulanylýar.

Däne oragy üçin Jon-Dir firmasynyň DD-9560 we Keýs firmasynyň Keýs-2366 kysymly kombaýnlary ulanylýar. Häzirki wagtda Germaniýanyň Klaas firmasynyň MEGA görnüşli kombaýnlary önümçilik şertlerinde synagdan geçirilýär. Synaglar ýokary netije beren ýagdaýda bu kombaýnlary hem ulanyp bolar.

«Türkmenobahyzmat» assosiasiýasynyň senagat kärhanalarynda we abatlaýyş ussahanalarynda oba hojalyk tehnikalaryny abatlamak, ähli tehnikalar üçin zerur ätiýaçlyk şaýlaryny ýasamak we tehnikalaryň haratdan çykan böleklerini dikeltmek işleri giňden alnyp barylýar. Işleýän tehnikalaryň sanynyň köpelmegi bilen, olara edilýän hyzmatlaryň, abatlamak işleriň we bölekleriniň dikeldilmeginiň möçberi artýar we abatlaýyş kärhanalaryň kuwwatlygynyň ulanylyş derejesi ýokarlanýar. ABŞ-nyň tehnikalaryna degişli ätiýaçlyk şaýlarynyň görnüşleriniň ýüze golaýyny ýasamak we önümçilikde ulanmak göz öňünde tutulýar. Traktorlar we oba hojalyk gurallar üçin gerekli ätiýaçlyk şaýlarynyň 280 görnüşiniň ýasalmagy we önümçilikde ulanylmagy meýilleşdirilýär. Şeýle hem abatlaýyş kärhanalarynda oba hojalyk gurallarynyň belli bir görnüşleriniň ýasalmagy hem göz öňünde tutulýar.

Welaýatlarda zerur ätiýaçlyk şaýlaryny satmaga niýetlenilen dükanlaryň açylmagy daýhanlar üçin oňat şertleri döredýär. Daýhan öz traktoryna ýa-da kombaýnyna gerekli ätiýaçlyk şaýyny gözläp daş ýere gitmeli ýa-da sargap getirtmeli bolman, indi öz ýaşaýan ýerine golaý ýerden satyn alyp bilýär.

Döwrüň talaplaryndan ugur alyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň ekerançylyk ýerleriniň suw üpjünçiligini we meliorasiýa ýagdaýyny gowulandyrmak, täze ýerleri özleşdirmek ýaly iňňän möhüm wezipeleri öňe sürýär.

Türkmenistanyň suw hojalygynda alnyp barylýan işleri utgaşdyrmak ýurdumyzyň Suw hojalygy ministrligine degişlidir. Bu minstrligiň düzümine önümçilik birleşikleriniň we müdürlikleriň 119-sy, beýleki kärhanalar we guramalar girýär. Olaryň berjaý edýän wezipeleriniň arasynda ýurdumyzyň suw baýlyklaryny goramak, derýalaryň we beýleki suw howdanlarynyň serişdelerini ýerlikli peýdalanmak, ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak, suwarymly ekerançylyk meýdanlarynyň suw üpjünçiligini doly ýerine ýetirmek, täze tarp ýerleri öžleşdirmek, suw howdanlarynyň aýawly hem netijeli peýdalanylmagyny gazanmak, suwaryş ulgamlaryny we möhüm gidrotehniki desgalary gurmak we ulanyşa tabşyrmak meseleleri aýratyn orunda durýar. Suw hojalyk ulgamlarynyň we desgalarynyň ylmy taýdan doly esaslandyrylan gurluşyk taslamalaryny gurmak, täze ýerleri özleşdirmek, minerallaşdyrylan suw serişdelerini halk hojalygynda peýdalanmak boýunça ylmy-barlaglary geçirmek, şeýle-de ekerançylyk meýdanlarynyň meliorasiýa ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça alnyp barylýan işler «Türkmensuwdesgataslama» institutynyň paýyna düşýär. Ýurdumyzyň suw hojalygy ulgamyna iri senagat, gurluşyk we önümçilik kärhanalarynyň, aragatnaşyk müdirlikleriniň birnäçesi girýär.

Ýurduň suw gorlarynyň esasy bölegi Amyderýanyň, Murgap, Tejen we Etrek derýalarynyň, şeýle hem derýajyklaryň hem-de çeşmeleriň akymyndan emele gelýär. Soňky ýyllarda ol dolulygyna ulanylýar. Suw gorlarynyň esasy bölegi oba hojalyk maksatlary üçin ulanylýar.

Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «2009-njy ýylda ägirt uly möçberi hem ähmiýeti boýunçä deňitaýy bolmadyk taslamanyň – Garagum çölüniň jümmüşinde gurlan «Altyn asyr» Türkmen kölüniň birinji nobatdaky desgalaryny işe

girizmek dabarasy geçirildi. Türkmen kölüniň, şeýle-de onuň kömekçi desgalarynyň, suw saklaýjylarynyň we şor suw akabalarynyň, tebigy çaýlarda ýygnanan minerallaşdyrylan suwlaryň süýjedilýän ýerleriniň gurluşygy doly tamamlanyp işe taýýar edilmegi bilen ýurdumyzyň suwarymly ekerançylyk we öri meýdanlarynyň göwrümini artdyrmaga, maldarçylyk üçin zerur bolan iým gorlaryny döretmäge hem balyk hojalygyny ösdürmäge giň mümkinçilikler açylar» diýip belleýär.

Türkmenistanyň suw hojalygynyň pudaklary – döwletiň suw baýlyklaryny, olary hojalykda tygşytly peýdalanmaklygy, ekerançylyk we çöllük ýerlerde suw geçirijileri, zeýkeşleri, akabalary gurmak meselelerini öwrenýän ylmy-barlag edaralary öz içine alýar.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ekerançylyk ýerleriniň toplumlaýyn durkuny täzelemek, şol sanda topragyň düýpli tekizlenişini we meliorativ ýagdaýyny, suw üpjünçiligini gowulandyrmak hem-de täze suwarymly ýerleri özleşdirmek babatda suw hojalyk işgärleriniň öňünde möhüm we aýgytly wezipeleri goýdy.

Ýer-suw baýlyklarymyzy netijeli peýdalanmak boýunça uly işler amala aşyrylýar. Suw hojalygynyň maddy-tehniki binýady täze tehnikalar bilen berkidilýär. Suw howdanlaryny giňeltmek, iri suw akabalaryny, zeýkeşleri gurmak we arassalamak işleri alnyp barylýar. Geçirilýän bu giň gerimli işler ýurdumyzyň ekerançylyk meýdanlaryny suw bilen doly üpjün etmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanyň gurak howa şertlerinde suwy tygşytly peýdalanmak wajyp meseleleriň biridir. Ýurdumyzda suwaryşyň täze tehnologiýalarynyň ornaşdyrylmagy çäkli suw baýlygymyzy tygşytlamaga, ekinlerden bol hasyl almaga hem-de topragyň gaýtadan şorlaşmak hadysasynyň öňüni almaga mümkinçilik berer.

2005-nji ýylyň 12-nji aprelinde Tejen derýasynyň ýokary akymynda Eýran döwleti bilen araçäkde «Dostluk» suw howdany işe girizildi. Bu suw howdany Eýranda 25 müň gektar, Türkmenistanda 25 müň gektar ýeri özleşdirmäge we dürli oba hojalyk ekinleri ekmeklige mümkinçilik berýär. Howdanyň suw sygymy 1 milliard 250 million kub metre barabardyr.

Tutuş ýurt boýunça ýerüsti suw gorlarynyň mukdary ortaça ýylda 25 kub kilometre barabardyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň suw hojalyk ulgamynda jemi göwrümi 3018 mln. kub metr bolan 15 sany suw howdanlary ulanylýar. Suw hojalyk pudagy tarapyndan häzirki wagtda ýurdumyz boýunça 44 müň kilometrden gowrak suwaryş ýaplary, 36 müň kilometra golaý şor suw akabalary, 16 müňden gowrak suw desgasy, 236 sany hojalygara suw sorujy beket, 2.5 müňe golaý içki hojalyk suw sorujy toplumy we 962 sany suw göteriji abzally guýy ulanylýar.

Suw howdanlarynyň göwrümini artdyrmak üçin maksatlandyrylan çäreleriň hasabyna «Garaşsyzlygyň 15 ýyly» adyndaky suw howdanynyň göwrümi 1mlrd 150 mln kub metrden 1 mlrd. 350 mln. kub metre çenli, Hanhowuz suw howdanyny 700 mln. kub metrden 800 mln kub metre çenli, Saryýazy suw howdany 331 mln kub metrden 400 mln kub metre çenli ýetiriler.

Garagum derýasynyň suw geçirijilik ukybyny ýokarlandyrmak maksady bilen derýanyň hanasyny giňeltmek, çuňaltmak we arassalamak işleri hem-de derýanyň ugrunda abadanlaşdyryş çäreleri läbik sorujylaryň, uzyn golly ekskawatorlaryň we beýleki mehanizmleriň kömegi bilen 24,9 million kub metr möçberde ýer işleri alnyp barlar. Bu işleriň netijesinde Garagum derýasynyň Baş sakasyndan uzaboýuna derýanyň gerek bolan böleginde suw geçirijilik ukyby ýokarlandyrylar. Suwaryş akabalarynyň jemi 18 müň kilometrinde arassalaýyş işleri geçiriler. Şonuň 3,7 müň kilometri hojalygara, 14,3 müň kilometri bolsa içki hojalyk suwaryş ýaplarynda alnyp barlar. Bu işleriň netijesinde oba hojalyk ekinlerini gerek bolan suw bilen üpjün etmäge doly mümkinçilik bolar.

Ekerançylyk ýerlerinde ýerasty zeý suwlaryň derejesini belli bir çuňlukda saklamak, ýerleriň şorlaşmagynyň öňüni almak we ekin meýdanlarynyň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça pudakda öňden bar bolan hem-de täze alynýan tehnikalaryň güýji bilen şor suw akabalaryň jemi 16 müň kilometri arassalanar. Şonuň 5,45 müň kilometri hojalygara we 10,55 müň kilometri içki hojalyk şor

suw akabalarda ýerine ýetiriler. Bu işler ekerançylyk ýerlerinden ýokary hasyl almaga ýardam eder.

Ýerleriň meliorativ ýagdaýyny we suw üpjünçiligini gowulandyrmak işlerini güýçli depginler bilen alyp barmak üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda Ýaponiýanyň «Itoçu» kompaniýasyndan «Komasu» kysymly tehnikalaryndan 60 sany buldozer we 120 sany ekskawator satyn alyndy.

Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli kararyna laýyklykda Suw hojalyk ministrliginiň düzüminde döredilen «Ýer-suw gurluşyk» önümçilik kärhanalary tarapyndan ýurt boýunça jemi 100 müň ga ýerleri özleşdirmek bilen şol ýerlerde suwaryş we şor suw akabalaryň durkuny täzelemek we täzelerini gazmak işleri alnyp barylýar. Bu işler öňden bar bolan hem-de täze satyn alnan ýer gazyjy, itekleýji we tekizleýji tehnikalaryndan düzülen ýörite mehanizmleşdirilen toparlar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Hormatly Prezidentimiziň kararyna laýyklykda, ýerleri özleşdirmek işlerini ýokary depginler bilen alyp barmak üçin 250 sany ýokary öndürijilikli daşary ýurt ekskawatorlary, buldozerleri we skreperleri, şeýle hem 15 sany ýörite awtoulaglar satyn alyndy.

Türkmenistanyň oba hojalyk pudagynyň mineral dökünlere bolan islegini kanagatlandyrmak, içeri we daşary islegleri kanagatlandyrmak üçin mineral dökünleriň öndürilişini göwrüm boýunça artdyrmak wezipeleri Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň awgust aýynda kabul eden Karary esasynda döredilen «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň paýyna düşýär.

2008-nji ýylda «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň kärhanalarynda 711051 tonna mineral dökünler öndürildi.

Türkmenistanda ekinleriň hasyllylygyny artdyrýan dökünleriň çykarylyşyny artdyrmak «Türkmendökün» paýdarlar jemgyýetiniň işinde ileri tutulýan ugur bolup durýar.

Soýuz döwründe Türkmenistanyň oba hojalygynda pagtaçylygyň ösmegi bilen baglanyşykly Türkmenabat şäherinde 1960-njy ýylda superfosfat zawody işläp başlady. Zawod 1968-nji ýyla çenli ekinler üçin peýdaly maddalary az bolan ýönekeý superfosfat dökünini

öndürýärdi. 1968-nji ýyldan başlap zawod fiziki-himiki häsiýeti we ýokumly maddalaryň möçberi boýunça has oňat hilli ammonizirlenen superfosfat öndürmäge girişdi.

Oba hojalyk ekinlerini mineral dökün bilen üpjün etmek üçin Maryda 1976-njy ýylda azot dökünlerini öndürýän zawod guruldy. Marynyň azot dökünlerini öndürýän zawodynda dökün öndürmekde çig mal bolup tebigy gaz ulanylýar. Kärhanada 2006-njy ýylda 92 müň tonna golaý dökün öndürildi.

Ýakyn ýyllarda mineral dökünleriň önümçiliginiň depginini artdyrmak, mineral dökünleriň konsentrasiýasyny artdyrmagyň hasabyna olaryň gurluşyny özgertmek, täze dökünleriň görnüşlerini (kaliý dökünleri, ammoniý sulfaty we tiosulfaty) çykarmak göz öňünde tutulýar. Şu maksatlary amal etmekde Lebap welaýatynda guruljak kaliý dökünlerini öndürýän zawodyň hem paýy uludyr.

## 5.3. Oba hojalygyny ösdürmegiň strategik ugurlary

Türkmenistanda oba hojalygynyň we agrosenagat toplumynyň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär, bu barada pudakda iri möçberli özgertmeler, azyk senagatynyň ösdürilmegi we munuň bilen baglanyşyklykda oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän senagat kärhanalarynyň we sehleriň döredilmegi, oba ýerleriniň durmuş infrastrukturasynyň ösdürilmegi, döwlet tabşyrygy boýunça öndürilýän oba hojalyk önümleriniň döwlet satyn alyş nyrhlarynyň ýokarlandyrylmagy, satyn alynýan oba hojalyk tehnikalarynyň her ýylda sanynyň artdyrylmagy şaýatlyk edýär. (Gurbanguly Berdimuhammedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010).

Ýurduň oba hojalygyny ösdürmegiň baş wezipeleri ilatyň ekologiýa taýdan arassa, ýokary hilli azyk önümlerine bolan islegini kanagatlandyrmakdan, gaýtadan işleýän pudagy çig mal bilen üpjün etmekden, önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmakdan we täze ho-

jalyk gatnaşyklaryny kemala getirmekden we şunuň esasynda ýurduň azyk howpsuzlygyny pugtalandyrmakdan ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmäge, daýhan birleşiklerini we fermer hojalyklaryny, telekeçilik başlangyçlaryny döwlet tarapyndan hemmetaraplaýyn goldamagyň hasabyna oba hojalyk önümlerini öndürmegiň möçberini durnukly artdyrmaga gönükdirilen täze oba hojalyk syýasaty ýurdumyzda yzygiderli hem-de maksada okgunly durmuşa geçirilýär. 2007-nji ýylyň 30-njy martynda Mary şäherinde bolup geçen Türkmenistanyň XX Halk Maslahaty tutuşlygyna oba hojalygyny ösdürmegiň meselelerine bagyşlanypdy. Bu maslahatda oba senagaty toplumynda düýpli özgertmeleriň birinji tapgyrynyň esasy ugurlary kesgitlenipdi.

2009-njy ýylda Türkmenabatda bolup geçen Ýaşulularyň Maslahatynda oba hojalygyny mundan beýläk-de ösdürjek, ony täze sepgitlere çykarjak meselelere garaldy.

Häzirki dünýä bazarlarynda islegiň pese düşýän döwründe, ýurdumyzyň ýokary depginli durmuş-ykdysady ösüşini üpjün etmekde ýurduň içerki bazarlary üçin önüm öndürýän önümçilikleri döretmeklik we ösdürmeklik wajyp ähmiýete eýe bolýar. Şonuň bilen baglylykda, azyk we ilatyň sarp edýän harytlaryny öndürýän önümçilikleri giňişleýin döretmegi höweslendirmek boýunça çäreler geçiriler. Hususan-da, bu önümçilikler boýunça salgyt we gümrük ýeňillik lerini girizmeklik, täze önümçilikleri döretmekligiň ýönekeýleşdirilen usullaryny ulanmaklyk giň gerimlerde ýola goýlar.

Bu ugurda çökgünligiň garşysyna alnyp barylјak işleriň ýene bir ugry, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň düzümini diwersiwikasiýalaşdyrmakdan, içerki bazarlarda uly isleg bildirilýän, importy çalyşýan uly we döwrebap önümçilikleri gurmakdan we tehniki taýdan döwrebaplaşdyrmakdan ybarat bolar.

Maliýe-ykdysady çökgünlik döwründe ýokary depginli ösüşi durnukly saklamakda ýurduň agrarsenagat toplumyna uly orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, bugdaý we pagta hasyllaryny ösdürip ýetişdirmek bilen bir hatarda gök önümleriň, bakjanyň, kartoşkanyň

ekin meýdanlaryny artdyrmak göz öňünde tutular. Miweli we ir-iýmişli baglaryň, üzüm agaçlarynyň tutýan meýdanlary artdyrylar.

Ýurdumyzda saklanylýan gara mallaryň önüm berijiligi pes derejede bolmagynda galýar. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrligi tarapyndan gara mallaryň ýokary önüm berýän tohumlaryny daşary ýurtlardan satyn almak we ýerli mallary emeli tohumlandyrmak arkaly sürüleriň önüm berijiligini ýokarlandyrmak boýunça düýpli işleriň geçirilmegi göz öňünde tutular. Şeýle hem ýurdumyzda öň döredilen maldarçylyk toplumlarynyň işini dikeltmek hem wajyp wezipeleriň hataryna girýär. Bu ugurda maldarçylygyň ot-iým bazasyny berkitmek, köp ýyllyk otlaryň, mekgejöweniň ekin meýdanlaryny artdyrmak, ýokary hilli konsentrirlenen we kombinirlenen iýmleriň önümçilik kuwwatlyklaryny döretmek we ösdürmek ýurdumyzyň bazarlaryny maldarçylyk önümleri bilen amatly nyrhlarda üpjün etmek uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzda guşçulyk pudagy ýokary depginler bilen ösýän pudaklaryň hataryna degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, Garagum derýasynyň boýunda guşlaryň dürli görnüşlerini saklaýan iri möçberli hojalyklary döretmek maksadalaýyk bolar diýip hasaplanýar. Şeýle hem ýurduň suw howdanlarynda doly ulgamly balyk hojalyklaryny döretmek hem wajyp ähmiýete eýe bolýar. Şu meseleleri çözmek üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda ýerli oba hojalyk önümlerini öndürijilere ýeňillikler göz öňünde tutulýar, şolaryň sanawynda daýhan birleşiklerini maliýe taýdan goldamak, ýer üçin tölegiň ujypsyzja möçberi, suw gorlaryndan mugt peýdalanmak, salgyt tölemekden doly boşadylmak, öz öndüren önümini eksport etmäge mümkinçilik bermek ýaly gaýry ýeňillikler bardyr. Mundan başga-da, Türkmenistanyň Hökümeti oba hojalyk önümlerini öndürijilere meýdanlary, mehanizmler arkaly işläp bejermekde, dökünleri satyn almakda 50% ýeňillikli goldaw berýär. 2008-nji ýylda pagtanyň we bugdaýyň satyn alyş nyrhy ýokarlandy. Bularyň ählisi oba hojalyk önümçiliginiň möçberlerini ösdürmäge amatly şertleri döredýärler.

Oba senagat toplumynyň gaýtadan işleýän ulgamynda täze kärhanalary ulanmaga bermegiň we ozal bar bolan kärhanalarynyň

durkuny täzelemegiň hasabyna öndürilýän önümleriň möçberleri artýar, olaryň görnüşleri köpelýär we hili gowulanýar. Muňa kärhanalarda hiliň we howpsuzlygyň dünýä ülňülerine laýyk gelýän täze tehnologiýanyň we häzirkizaman enjamlarynyň barha giňden ulanylmagy ýardam edýär. Gaýtadan işleýän senagaty ösdürmeklige ykdysadyýetiň döwlete degişli däl böleginiň telekeçilik düzümleri işjeň çekilýär. Şu maksatlar üçin döwlet tarapyndan kiçi we orta telekeçilige ähli çäreler arkaly goldaw bermek, tehniki şertleri işläp taýýarlamaga ýardam etmek, kiçi sehleri gurmak üçin ygtyýarnama bermek göz öňünde tutulýar.

Oba senagat toplumynyň pudaklaryny ösdürmekde Türkmenistanyň strategik ugurlary şulardan ybarat:

– ösen önümçilik we durmuş infrastrukturaly, şäher kysymly obalary kemala getirmek;

– agrar önümçiligini oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny we mallaryň önüm berijiligini düýpli ýokarlandyrmagyň üsti arkaly dünýä derejelerine ýetirmek. Munuň üçin oba hojalyk önümçiligini ösdürmek milli maksatnama derejesinde ýola goýulmaly we bu ugurdan ösen ýurtlardan ýokary hasyllylykly oba hojalyk ekinleriniň tohumlary we köp möçberde önüm berýän mallaryň görnüşleri ýurda getirip, ýerli şertlere uýgunlaşdyrylmaly;

– ýeriň hilini we topragyň hasyl berijiligini düýpli ýokarlandyrmak;

– oba hojalyk önümçiligini ýer kadasy we ýere ykdysady baha bermek arkaly ýola goýmak;

– oba hojalyk önümçiliginde suwy tygşytly ulanmak boýunça ösen tehnologiýalary ulanmak;

– oba hojalyk önümçiliginde iri haryt öndürijileri döretmek. Munuň üçin şäher eteklerinde et-süýt öndürmäge niýetlenen gara mallar we guşçulyk toplumlaryny, gök önümleri öndürmäge, bakjaçylyga, üzümçilige we miweçilige ýöriteleşdirilen hojalyklary döretmek. Olarda oba hojalyk önümlerini gaýtadan işleýän, gaplaýan, uzak möhletleýin saklaýan sehleriň we kiçi kärhanalaryň giň ulgamyny döretmek we olaryň ýurduň lomaý

we bölek söwda bazarlarynda amatly we ýitgisiz ýerlenmegini gurnamak;

– irki gök önümleriň, bakjanyň, üzümiň öndürilişini we daşary ýurtlara eksport edilişini düýpli artdyrmak;

– oba hojalyk önümçiligini we tutuş agrosenagat önümçiligini ýurduň klimat zolaklary boýunça ýöriteleşdirilişini çuňlaşdyrmak;

– oba senagat toplumynyň düzümleriniň kadaly ösüşini üpjün etmek: oba hojalygy – taýýarlaýyş – önümleri saklamak – gaýtadan işlemek – ýerlemek. Türkmenistanyň oba senagat toplumynda häzirki wagtda önümleri taýýarlamak we saklamak boýunça ulgamlar ýeterlik derejede ösen däldir;

– Türkmenistanyň gurak subtropik zolagyny özleşdirmek. Ýurduň günorta-günbatar sebitlerinde oba hojalygyna ýaramly gurak suptropik ýerleriň uly zolagy ýerleşýär, geljekde ol ýerleri özleşdirmek ýurda örän uly möçberde daşary ýurt pulunyň gelmegine mümkinçilik döreder;

– ýurduň balyk hojalygyny ösdürmek boýunça hem uly taslamalary özleşdiriler. Hazar deňziniň kenarynda bekre balygyny ösdürip ýetişdirmek we işbil öndürmek boýunça toplumyň gurluşygy göz öňünde tutulýar. Şular ýaly toplumyň gurluşygy Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda hem gurlar. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň görkezmeleri esasynda, balyk hojalygy üçin 6 sany döwrebap balyk tutujy-doňduryjy gämiler satyn alnar we Hazar deňzinde dürli görnüşli balyklary tutmak üçin enjamlaşdyrylar;

– ýeterlik derejede ösen iým senagatyny gurnamak. Bu pudagyň kärhanalaryny oba ýerlerinde gurmak we olaryň önümlerini erkin nyrhlardan ýerlemek göz öňünde tutular;

– Aşgabat şäherinde we welaýat merkezlerinde oba senagaty toplumynyň önümleriniň söwdasyny alyp barýan, sowadyjy we gaplaýjy enjamlar bilen doly üpjün edilen lomaý söwda bazarlarynyň giň ulgamyny döretmek;

– türkmen obasynyň ykdysady ýagdaýyny düýpgöter özgertmek, obalarda kiçi senagat kärhanalaryny, söwda nokatlaryny we oba hojalygy bilen baglanyşykly beýleki önümçilikleri gurnamak;

– oba ýerlerini durmuş infrastrukturanyň ähli ugurlary boýunça ösdürmek: mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, mekdepler, saglyk öýleri, gara ýollar, telefonlaşdyrmak we ş.m.

Şunda oba senagat toplumynyň esasy strategik meselesi hökmünde, ýurduň ýer-suw resurslaryny netijeli we amatly ulanmak, olardan ýokary hasyl almak wezipesi kesgitlenendir. Geljekde ýer-suw resurslaryny ulanmagyň döwlet dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek, ýere eýeçilik institutyny girizmek, olary uzak möhletleýin ulanmagy höweslendirmek ýaly ugurlar öz wajyp ähmiýetini saklar.

Türkmenistanyň obalarynyň, şäherçeleriniň, etrapdaky şäherleriniň we etrap merkezleriniň keşbini düýpgöter özgertmekde we olaryň ilatynyň durmuş derejelerini ýokarlandyrmakda 2007-nji ýylyň dekabr aýynda kabul edilen «Tükmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» uly ähmiýeti bardyr.

Milli maksatnamanyň esasy maksady Türkmenistanyň obalarynyň we kiçi şäherleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli ýokarlandyrmak, oba ilatly nokatlaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň durmuş ösüşini we inženerçilik infrastrukturasyny özgertmekden ybaratdyr.

Ol maksatlary amala aşyrmakda ileri tutulýan wezipeler şu aşakdakylardan ybarat:

– her etrapda iki sany saglyk öýüniň we hassahananyň doly möçberli işini ýola goýmakdan, olary ýokary hünärli lukmanlar bilen üpjün etmekden, oba lukmançylyk ambulatoriýalarynda, etrap merkezi hassahanalarynda düýpli abatlaşdyryş we enjamlaşdyryş işlerini geçirmekden, tiz kömek gullugynyň kadaly işini guramak üçin, olary ýeterlik derejede sanitar awtoulaglary, enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün etmekden;

– oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 161,5 müň orunlyk mekdepleriň 328-sini, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň 428-sini gurmakdan;

– hili boýunça nusgalyk 215 sany oba medeniýet öýlerini gurmakdan;

– bedenterbiýe we sport ulgamyny giňden ösdürmek maksady bilen oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 75,5 müň orunlyk sport mekdepleriniň 212-sini we sport desgalarynyň 180-sini gurmakdan;

– suw üpjünçiliginiň hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak we suw geçirijilerden suwuň ýitgisini düýpli azaltmak maksatlaryna gönükdirilen, uzynlygy 22895,2 kilometre barabar suw geçirijilerini gurmakdan we oba ilatyny agyz suwy hem-de mellek ýerlerinde oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin guýularyň 2774-sinde täze gurluşyk we düýpli abatlaşdyryş işlerini alyp barmakdan;

– obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň içerki ýollaryny düýpli abatlaşdyrmakdan, awtomobil ýollardan obalara, şäherçelere we etrap merkezlerine barýan ýollaryň abatlaýyş we durkuny täzeleýiş işlerini döwrebaplaşdyrmakdan, wajyp önümçilik obýektlerine (däne ammarlaryna, maldarçylyk toplumlaryna, önümçilik brigadalaryna) barýan ýollarda abatlaşdyryş işlerini geçirmekden we umumy uzynlygy 2386,4 kilometre barabar täze ýollary gurmakdan;

– uzynlygy 6446,4 kilometrlik gaz desgalaryny we geçirijilerini gurmaklyk, uzakda ýerleşýän, az ilatly oba ýerleriniň ýaşaýjylaryny ballonly suwuklandyrylan gaz bilen bökdençsiz üpjün etmekden;

– oba ilatyny, şol sanda-da daýhan (fermer) hojalyklaryny we beýleki oba hojalyk haryt öndürijilerini elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmekden, obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde bar bolan elektrik energiýasyny kabul ediji we paýlaýjy ulgamlaryň durkuny täzelemekden we döwrebaplaşdyrmakdan, uzynlygy 24441,2 kilometre barabar elektrik geçirijileri we desgalary gurmakdan;

– obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleri we etrap merkezlerini islege görä doly möçberlerde telefonlaşdyrmakdan, awtomat-

laşdyrylan telefon beketlerini tapgyrlaýyn elektron görnüşlere geçirmekden, telefon aragatnaşygy ulgamyny ösdürmegiň we ulanmagyň usullaryny we görnüşlerini kämilleşdirmekden, telekommunikasiýa we maglumat hyzmatlarynyň täze görnüşlerini girizmekden, göz öňünde tutulan çäreleriň ýerine ýetirilmegi oba ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň bu ugurlarda düýpli ösmegini üpjün eder;

– obalarda, etrap merkezlerinde we şäherçelerde 5617,4 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlaryny gurmakdan;

– uzynlygy 6346,0 kilometre barabar lagym geçirijileriniň gurluşygyny amala aşyrmakdan.

Bu çäreleri amala aşyrmak üçin 72,5 trillion manatlyk düýpli maýa goýumlary özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şolaryň 11,2 trillion manady elektrik geçirijilerini we desgalary, 11,0 trillion manady suw geçirijilerini, 10,4 trillion manady mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny, 10,4 trillion manady orta mekdepleri, 7,2 trillion manady ýaşaýyş jaýlaryny, 6,3 trillion manady awtomobil ýollaryny, 4,3 trilliony sport mekdeplerini gurmaga gönükdiriler. Uly möçberli düýpli maýa goýumlar, gazlaşdyryş desgalarynyň we geçirijileriniň, hassahanalaryň we saglyk öýleriniň, medeniýet edaralarynyň, sport desgalarynyň, suw guýularynyň, lagym geçirijileriniň, aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegine gönükdiriler.

Milli maksatnama ýurduň ähli welaýatlarynyň obalaryny, şäherçelerini, etrapdaky şäherleri we etrap merkezlerini öz içine alýar.

Umuman, Milli maksatnamanyň kabul edilmegi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň oba hojalygynda we oba senagat toplumynyň pudaklarynda zähmet çekýän zähmetkeşleriň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli gowulandyrmak barada edýän atalyk aladalarynyň netijesidir. Adam hakynda alada hormatly Prezidentimiziň durmuş-ykdysady syýasatynyň düýpli aýratynlygy bolmagynda galýar we bu syýasat gitdigiçe kämilleşýär, köpdürli ugurlary öz içine alýar.

# 6-njy bap
# TÜRKMENISTANYŇ ULAG WE ARAGATNAŞYK PUDAKLARY

## 6.1. Ulaglaryň mazmuny

Milli ykdysadyýeti ösdürmegiň ýoly ulaglaryň dürli görnüşlerini ösdürmegiň üstünden geçýär. Ýurduň ulag ulgamyny ösdürmezden içeri we daşary ykdysady gatnaşyklary alyp barmak mümkin däldir. Şonuň üçin islendik milli ykdysadyýetde ulag ulgamyny ösdürmek wajyp meseleleriň biri bolup durýar. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «Ulag infrastrukturasyna degişli dürli maksatly iri desgalarynyň gurulmagy we işe girizilmegi sebitleriň arasynda ýygjam ykdysady aragatnaşygyny ýola goýmaga ýardam berýär, milli ykdysadyýetimiziň bütindünýä ykdysady giňişligine ynamly aralaşmagyna uly mümkinçilikleri döredýär» diýip belläp geçýär.

Ulag ulgamynyň ykdysadyýetde ýerine ýetirýän esasy wezipesi ýükleri we ýolagçylary bir ýerden beýleki ýere äkitmek bilen baglanyşyklydyr. Şol bir wagtyň özünde ulaglar harydyň bahasyna hem öz täsirini ýetirýär. Ulaglar üçin önümçilik prosesi ýükleriň we ýolagçylaryň gatnadylýan wagty çykyş edýär. Ulaglarda önüm öndürilmeýär. Olar diňe ýükleri daşamaklyga gatnaşýar we ulag çykdajylarynyň hasabyna harydyň bahasynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Ulaglary umumylykda 3 topara bölýärler.

1. Gury ýer ulaglary;
2. Suw ulaglary;
3. Howa ulaglary.

Gury ýer ulaglary hem öz gezeginde şu aşakdaky toparlara bölünýär:

a) awtomobil ýollary;
b) demir ýollary;
ç) geçirijiler.

Suw ulaglary iki topara bölünýär:

a) deňiz ulaglary;

b) derýa ulaglary.

Howa ulaglaryna ýük we ýolagçy gatnadýan uçarlar we dürli maksatly dikuçarlar degişlidir.

Ulag we aragatnaşyk pudagynyň ykdysadyýetini açyp görkezýän birnäçe wajyp görkezijiler ulanylýar. Bu görkezijiler dürli wagtyň dowamynda (günlük, aýlyk, ýyllyk) ulaglarda gatnadylan ýükleriň, ýolagçylaryň sanyny we möçberini açyp görkezýär. Ol görkezijiler aşakdakylardan ybaratdyr:

**1. Daşalan ýükler** – ulag serişdeleri bilen daşalan ýükleriň umumy möçberini aňladýar. Bu görkeziji ulaglaryň, gatnawlaryň we ýükleriň görnüşleri boýunça hasaba alynýar. Ýük daşamaklygyň başdaky pursady «ugradylan ýükler» (ýükleriň ugradylyşy)» görkeziji bilen, soňky pursady «gelen ýükler» (ýükleriň geleni)» görkeziji bilen görkezilýär. Aýry-aýry ulag kärhanalary üçin işiň umumy möçberini häsiýetlendirmek maksady bilen, beýleki ulag kärhanalaryndan daşamak üçin ugradylan we kabul edilen ýükleriň jemi hökmünde kesgitlenýän «daşalan ýükler» (ýükleriň daşalany)» görkezijisi ulanylýar.

**2. Gatnadylan ýolagçylar** – belli bir wagtda gatnadylan ýolagçylaryň sany. Bu görkeziji ulaglaryň, gatnawlaryň görnüşleri boýunça hasaba alynýar. Gatnadylan ýolagçylar ýolagçy gatnatmagyň hasabatynda ýolagçy gatnawyň gözegçilik birligi bolup durýar.

**3. Ulagyň ýük dolanyşygy** – ýük daşamakda ulag işiniň möçberiniň görkezijisi tonna-kilometrde görkezilýär. Daşalýan ýüküň her böleginiň (ugradylyşynyň) agramynyň onuň daşalýan aralygyna köpeldilen möçberiniň jemi hökmünde kesgitlenilýär.

**4. Ulagyň ýolagçy dolanyşygy** – ýolagçy gatnatmak boýunça ulag işiniň möçberi. Bu görkeziji ýolagçy-kilometrde hasaplanylýar. Ýolagçy-kilometr – ýolagçynyň bir kilometr aralygy geçmeginiň ölçeg birligi hasaplanylýar. Gatnawyň her bir görnüşi boýunça ýolagçylaryň sanyny we gatnadylan aralygyň köpeltmek hasylyny jemlemek arkaly kesgitlenilýär. Bu görkeziji ulaglaryň görnüşleri,

ýolagçy gatnawlary we beýleki alamatlar boýunça aýratynlykda hasaplanylýar.

**5. Demir ýollaryň ulanyş uzynlygy kilometrde ölçenilýär we aýry-aýry demir ýol ugurlarynyň ulanyş uzynlyklarynyň jemi bilen kesgitlenilýär. Ulanyş ugrunyň uzynlygy diýip** – esasy ýoluň ugry boýunça ölçenen demir ýol bekediniň (stansiýalarynyň) aralygy hasaplanylýar.

**6. Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ýollary** – Türkmenistanyň şäherleriniň daşyndaky döwlet ähmiýetli awtomobil ýollary. Olar ähmiýeti boýunça döwlet we ýerli ýollara, tehniki derejeleri we örtükleriniň görnüşleri boýunça bölünýärler.

**7. Awtomobil ýollarynyň uzynlygy** – ilatly nokatlaryň başlanýan ýerinden ahyryna çenli ýol ulgamyny emele getirýän aýry-aýry bölekleriniň uzynlyklarynyň jemini çykarmak arkaly hasaplanylýar.

**8. Umumy peýdalanylýan aragatnaşyk** – ilatyň döwlet, häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň aragatnaşyk hyzmatyna bolan isleglerini kanagatlandyrmak ücin niýetlenilýär (17-nji tablisa).

*17-nji tablisa*

**Türkmenistanyň ulag ulgamynyň umumy häsiýetnamasy. Ýurdumyzda ulagyň esasy görkezjileri**

| | 2000 | 2007 | 2008 |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| Umumy peýdalanyşdaky demir ýollar (ýylyň ahyryna), km | 2520 | 3074 | 3089 |
| Içerki suw gämi gatnaw ýollary, km | 654 | 594 | 594 |
| Umumy peýdalanyşdaky awtomobil ýollary (ýylyň ahyryna), km | 13640 | 13644 | 13644 |
| Olardan: | | | |
| gaty örtüklileri | 12251 | 12255 | 12255 |
| Olardan: | | | |
| 1-nji tehniki derejeli-iki hatarly awtomobil ýollary | 59 | 139 | 139 |

9. Sargyt № 3158

*17-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 |
|---|---|---|---|
| pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň awtomobil ýollary (ýylyň ahyryna), km | 5571,2 | 5787,4 | 5773,7 |
| köçeleriň, geçelgeleriň umumy uzynlygy (ýylyň ahyryna), km | 5211,1 | 5967,0 | 5994,3 |
| daşalan ýükler, müň tonna | 463645 | 624460 | 650485 |
| ulaglaryň ýük dolanyşygy, mlrd. t-km | 37585 | 49115 | 49338 |
| gatnadylan ýolagçylar, mln. adam | 738535 | 1067060 | 1126681 |
| ulaglaryň ýolagçy dolanyşygy, mln. ýolagçy-km | 11504 | 22644 | 25261 |

(Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000-2008ý)

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly ýurdumyzyň ulag ulgamy arkaly daşalan ýükleriň, gatnadylan ýolagçylaryň sany ýyl-ýyldan ýokarlanýar. Ulag pudagynyň esasy görkezijileriniň ýylsaýyn ýokarlanmagy bu pudakda amala aşyrylýan özgertmeleriň durmuşa ornaşýandygyny aýdyň görkezýär.

Milli ykdysadyýetimiziň ulag pudagyna baha bermek üçin olaryň hersi barada giňişleýin durup geçeliň. Diňe şeýle eden halatymyzda bu pudakda amala aşyrylýan özgertmeleriň nähili derejede talabalaýyk durmuşa ornaşýandygyna göz ýetirip bileris.

### 6.2.1. Awtomobil ulaglary

Türkmenistanyň ulag ulgamynda awtomobil ulaglaryna uly orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiz gara ýol ulaglary üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýollaryň gurluşygyna aýratyn uly üns berýär. Sebäbi gurulýan ýollar näçe ýokary hilli we gür bolsa, şonça-da ýolagçylaryň gatnadylyşy we ýükleriň daşalyşy çaltlanar. Munuň özi ýurdumyzda ykdysady gatnaşyklary has çaltlandyrmagyň möhüm şertleriniň biridir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzyň awtomobil ýollarynyň durky düýpli abatlanyldy, dünýä ülňülerine gabat gelýän ýollaryň birnäçesi çekildi. Häzirki wagtda Türkmenistanda awtomobil ýollaryň

jemi uzynlygy 14 müň kilometre golaýdyr. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan başlap paýtagtymyzdan welaýat merkezlerine dünýä derejesine laýyk gelýän täze ýollar çekilip başlandy. Bu işe ýerli we daşary ýurt maýasy giňden çekildi. Mysal ücin, Türkmenabat-Aşgabat- Türkmenbaşy aralygyna çekilýän awtomobil ýol Yslam ösüş bankynyň we Kuweýt bankynyň beren serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Garaşsyzlygyň ilkinji 5 ýyly içinde awtomobil ýollaryň 2525 kilometri, ýerli (şäher, etrap, oba içindäki ýollar göz öňünde tutulýar) awtomobil ýollaryň 3145 kilometri düýpli abatlanyldy. Bu görkezijiler ýyl-ýyldan ýokarlanýar.

Awtomobil ýollaryň ykdysadyýetimize ýetirýän täsiri uludyr. Içerki ýük dolanyşygymyzyň agramly bölegi awtomobil ýollar arkaly amala aşyrylýar. Bu aýdylanlary aşakdaky tablisada getirilen görkezijiler arkaly berkideliň (18-nji tablisa).

*18-nji tablisa*

**Ulaglaryň görnüşleri boýunça daşalan ýükler (müň tonna)**

| | 2000 | 2008 | 2009 | 2011 |
|---|---|---|---|---|
| Ulaglaryň ähli görnüşleri | 463645 | 650485 | 660645 | 720922 |
| şol sanda: | | | | |
| demir ýol ulagy | 10000 | 25407 | 25925 | 25925 |
| deňiz ýol ulagy | 161 | 229 | 300 | 1122 |
| içerki suw ýol ulagy | 1693 | 3595 | 4371 | 5938 |
| awtomobil ulagy | 407631 | 560529 | 595842 | 595842 |
| geçiriji turbalar | 44149 | 60716 | 34196 | 34196 |
| howa ýol ulagy | 11 | 9 | 11 | 11 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Awtomobil ýollaryň ýurdumyzyň daşary söwdasyny ösdürmekde hem uly ähmiýeti bardyr. Türkmenistanda awtomobil ýollar bilen ýigrimä golaý ýerden daşary ýurtlara çykyp bolýar. Diňe goňşuçylykda ýerleşýän Eýran bilen bäş ýerden gümrük nokady arkaly ykdysady

hereketler amala aşyrylýar. Eýranyň üsti bilen Aziýanyň dürli ýurtlaryna, Türkiýä we Ýewropa ýurtlaryna çykmaga mümkinçiliklerimiz bardyr.

Milli ykdysadyýetimiz üçin örän uly ähmiýete eýe bolan bu pudagy mundan beýläk hem ösdürmek zerurdyr. Ýurdumyzda awtomobil ýollary dünýä derejesine ýetirmek maksady bilen 2004-nji ýylyň sentýabr aýynyň 12-sine Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň açylyş dabarasy boldy. Arçabil şaýoly Aşgabatdaky ýokary tizlikli uly ýoluň halkara ülňüleri boýunça birinji tehniki derejeli ýollarynyň ilkinjisi hasaplanylýar. Taslamany ýerine ýetirijilere nemes bilermenleri tarapyndan hil baradaky RUHR-UNIVERSITI BOCHUM şahadatnamasynyň berilmegi doly şaýatlyk edýär. Uzynlygy 14,35 kilometre deň bolan bu ýoluň arasy zolak bilen bölünip, ulag üçin niýetlenilen bölekleriň ini 35 metrdir.

Türkmenistanyň ulag ýollaryny döwrebaplaşdyrmak maksady bilen «Türkmenawtoýollary» döwlet konserni Eýranyň «Dobral Ko» firmasy bilen ylalaşygy esasynda Aşgabat-Arçman aralygyndaky ýokary tizlikli awtoulag ýoly 2005-nji ýylda işe girizildi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda dünýäde ady belli awtoulaglary öndürýän kompaniýalardan satyn alnan awtobuslaryň sany 500-e golaýlady. Mysal üçin, diňe paýtagtymyzyň köçeleriniň özünde «Mersedes» kysymly awtobuslaryň 100-den gowragy, Eýranda öndürilen awtobuslarynyň 109-sy we «Volkswagen» kysymly kiçi awtobuslarynyň 137-si satyn alyndy we gara ýol ulaglaryň satyn alnyşy has-da artdyryldy. 2008-nji ýylda «PAZ-32054» kysymly awtobuslaryň 1000-e golaýy, 2009-njy ýylyň ýanwarynda «Hundai New Super Aero City» kysymly awtobuslaryň 490 sanysy, «Uniwerse luksuri» kysymly şäherara awtobuslardan 20 sanysyny, «Unewerse Noble» kysymly şäherara awtobuslardan 10 sanysy satyn alyndy. 2009-njy ýylyň fewral aýynda 1040 sany «Kamaz» kysymly ýük awtoulagy satyn almak üçin şertnama gol çekişildi.

Ýurdumyzda Koreýa Respublikasynyň «Hyundai» korporasiýasynyň wekilhanasy hereket edýär. Bu korporasiýa bilen ýakyndan

gatnaşyk saklanylýar. Olardan 2009-njy ýylyň aýagynda «Hyundai Elantra» kysymly ýeňil awtoulaglarynyň 300 sanysy satyn alyndy.

Türkmenistan 2008-nji ýylda «UAZ» kysymly awtoulagy satyn almakda dünýäde üçünji orny eýeledi. Şol ýylda 1587 sany, 2009-njy ýylyň ýanwarynda hem ýene-de 928 sany «UAZ» kysymly awtoulag satyn almak üçin şertnama gol çekildi. Onuň yzysüre Türkmenistanyň Azyk senagat assosiasiýasyna «Gaz-53» kysymly süýt önümlerini daşamaga niýetlenen ulaglardan 60 sanysy satyn alyndy we ýene-de 85 sanysy sargyt edildi. Awtoulaglaryň täze tapgyry assosiasiýa bilen halkara bäsleşiginiň ýeňijisi bolan «Aralon» amerikan kompaniýasyniň arasynda baglaşylan şertnamanyň çäklerinde Türkmenistana getirildi.

Müňe golaý «PAZ-32054» kysymly awtobuslary hemme etraplara paýlanyp berildi. Olar etrap merkezinden obalara elýeter bahalardan ýolagçy gatnatmaga niýetlenendir. 490 sany «Hundai New Super Aero City» kysymly awtobuslary bolsa Aşgabat şäherinde ýolagçylary gatnadýar. «Uniwerse luksuri» kysymly şäherara awtobuslar we «Unewerse Noble» kysymly şäherara awtobuslar ýurdumyzyň paýtagtyndan welaýat merkezlerine we uly şäherlere elýeterly bahadan ýolagçy gatnadýar. 1040 sany «Kamaz» kysymly ýük awtoulaglar Aşgabat şäherine we welaýat merkezlerine paýlanyp berildi. Bu ýük awtoulaglar täze gurulýan awtomobil we demir ýol gurluşygyny çaltlandyrmaklyga gönükdirildi. 928 sany «UAZ» kysymly awtoulag ýurdumyzyň oba lukmançylygyna peýdalanmak ücin ugradyldy. Sebäbi bu ulagyň geçijilik ukyby güýçli, ýagny, kyn şertlerde ýolsuz ýerlerden hem ýöreýär (daglyk, batgalyk), oba hojalyk meýdanlaryna baryp adamlara hyzmat etmäge ukyplydyr.

Ýurdumyzda awtomobil ulaglarynyň gatnawyny ýokarlandyrmak maksady bilen Atamyrat – Kerkiçi aralygynda awtomobil köprüsi açyldy. Soňra Farap-Samandepe aralygyna täze gara ýol çekildi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz Türkmenabat–Farap panton köprüsiniň häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelmeýänligini belläp, täze awtomobil köprüsini gurmak barada degişli teklipleri bermegi tabşyrdy.

Häzirki wagtda «Türkmen-Uzawto» bilelikdäki hojalyk jemgyýetiniň döredilmegi bilen ýurdumyzda özbek awtomobillerini satmak we serwis hyzmatlary ýola goýuldy.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda ýurduň ulag ulgamy 2030-njy ýylda ýurduň milli girdejisiniň 1/5-ni tutar (20 göterim). Awtomobil ýollaryň gurluşygy we olaryň durkuny täzelemek dowam etdiriler. Häzirki wagtda Türkmenabat–Mary aralygyndaky awtomobil ýoly ulanmaga berildi we Mary–Aşgabat–Türkmenbaşy, Aşgabat–Garagum–Daşoguz (600 km) awtomobil ýollarynyň durky halkara derejesine ýetiriler. Häzirki wagtda Aşgabat–Garagum–Daşoguz awtomobil ýolunyň birinji tapgyry tamamlanyp, ikinji tapgyrynyň işleri dowam etdirilýär. Mary–Aşgabat–Türkmenbaşy aralygyndaky awtomobil ýolunyň gurluşygy güýçli depginde alnyp barylýar.

Iri döwlet taslamalaryna laýyklykda, 2011–2020-nji ýyllarda Serdar-Etrek–Güdriolum, Mary-Serhetabat, Tejen-Sarahs awtomobil ýollaryny täzeden gurmak bilen Türkmenbaşy-Garabogaz-Döwlet serhedi (Gazagystan) awtomobil ýollarynyň durky täzelener.

Umuman alanymyzda, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» nobatdaky tapgyryny durmuşa geçirmäge, awtomobil ýollaryň gurulmagyna uly möçberde maýa goýumlar gönükdirilýär.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetinde hususy bölegiň paýy barha ýokarlanýar. Döwlete dahylsyz bölegiň işini mundan beýläk hem ösdürmekde awtomobil ulagynyň hyzmatyna aýratyn orun degişlidir.

### 6.2.2. Demir ýollar

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde demir ýollar uly orna eýedir. Häziki wagtda Türkmenistanyň demir ýollarynyň umumy uzynlygy 3089 km-e deň bolup, içerki ýükleriň dört göterime golaýy, ýolagçy gatnatmaklygyň ýedi göterime golaýy demir ýollaryň

paýyna düşýär (2008ý). Garaşsyzlyk ýyllarynda demir ýol gurluşygy uly ösüşe eýe boldy. Demir ýollaryň gerimi giňeldilýär. Muňa mysal edip, 1996-njy ýylda tamamlanan Tejen–Sarahs–Maşat (uzynlygy 308 km), 1999-njy ýylda gurlup ulanylmaga berlen Türkmenabat–Atamyrat (uzynlygy 203 km), 2006-njy ýylda ulanylmaga berlen Aşgabat–Garagum–Daşoguz (uzynlygy 540 km) demir ýollaryny görkezmek bolar.

Türkmen gurluşykçylarynyň Tejen-Sarahs-Maşat demir ýoluny ulanmaga bermegi bilen ýurdumyzyň daşary gatnaşyklaryny ösdürmekdäki mümkinçiligi has hem ýokarlandy. Umumy gymmaty 104 mln. amerikan dollaryna deň bolan bu demir ýoluň gurluşygyna 1992-nji ýylda başlanyp, 1996-njy ýylyň mart aýynyň 13-ne tamamlandy. Türkmenistan bu ýol arkaly Pars aýlagyna göni çykmaklyga mümkinçilik gazandy. Tejen–Sarahs–Maşat halkara demir ýoly Eýranyň Maşat-Baft içerki demir ýol ulgamyna birigip, Eýranyň bu aýlagdaky deňiz duralgasy bolan Bender–Abbasa gelýär.

Bu ýoluň gurulmagy ýeke-bir Türkmenistan üçin bähbitli bolman, eýsem, beýleki Orta Aziýa döwletleri üçin hem bähbitlidir. Olar bu ýol arkaly açyk deňze çykmaga bolan mümkinçiliklerini biziň serhedimizden 1000 kilometre çenli gysgaldýarlar. Häzirki wagtda bu ýoluň diňe Türkmenistan üçin üstaşyr töleginiň girdejisi ýylda 30 mln amerikan dollaryna barabardyr. Tejen–Sarahs–Maşat halkara demir ýolunyň kuwwaty her ýylda artyp, häzirki wagtda gije-gündizde 30 wagon ýüke ýetdi. Bu demir ýol arkaly ýylyň dowamynda 2,5 mln tonna ýük daşalýar.

Demir ýol gurluşygynda amala aşyrylan tutumly işleriň ýene-de biri Aşgabat–Garagum–Daşoguz arasyndaky çekilen demir ýoludyr. Bu demir yoluň gurluşygyna 2000-nji ýylda başlanyldy we gurluşyk işleri 2006-njy ýylda tamamlandy. Çöllügiň içinden çekilen bu ýol ýurdumyzyň demirgazyk welaýaty bilen ykdysady gatnaşyklary has hem artdyrmaga mümkinçilik berdi. Munuň özi ýük we ýolagçy gatnatmaklykda hiç-hili bökdençligiň bolmazlygyny üpjün edýär. Köne ýoldan täze ýol 700 kilometre golaýdyr. Şonuň üçin bu ýolda ýolagçy gatnatmak we ýük daşamak arzan we wagty tygşytlaýar.

Aşgabat-Garagum-Daşoguz demir ýolunyň uzynlygy 540 kilometr bolup, 2000-nji ýyldan 2001-nji ýylyň ahyryna çenli bu ýoluň 100 kilometri, 2002-nji ýylda 56 kilometri, 2003-nji ýylda 37 kilometri, 2004-nji ýylda 72 kilometri, 2005-nji ýylda 240 kilometri, 2006-njy ýylda bolsa galan bölegi we oňa kömekçi ýollar guruldy. Kömekçi ýollaryň uzynlygy 35,5 kilometrdir. Bu yoluň ugrunda täze 17 sany beket gurlup ulanylmaga berildi. Içoguz beketinde bolsa lokomotiw deposy guruldy.

2009-njy ýylyň 16-njy sentýabrynda Atamyrat-Kerkiçi aralygynda gurlan demir ýol köprüsiniň acylyş dabarasy boldy. Amyderýanyň üstünden Atamyrat-Kerkiçi aralygynda gurlan köpriniň uzynlygy 1414 m bolup, umumy gymmaty 123 mln. amerikan dollaryna deňdir. Bu köprini Ukrainanyň «Ukrtransstroý» döwlet korporasiýasynyň hünärmenleri türkmen demir ýol gurluşykçylarynyň hünärmenleri bilen bilelikde gurdular. Demir ýol Kerkiçiden Tallymerjen-Kelif demir ýoluna birikdirildi we 26 km. uzaldyldy. Ýagny, Kelif-Garlyk şahasy çekilip, ol Köýtendagyň eteginde senagat kärhanalaryny döretmäge hem-de Garlyk obasynda düýbi tutulan kuwwatly sement zawodynyň harytlaryny (ýylda 1 mln tonna sement) daşamaga mümkiçilik berer. Bu gurlan demir ýoluň halkara ähmiýeti hem bar. Bu ýol arkaly Özbegistana we Täjigistana ýolagçy gatnatmaga we ýük daşamaga mümkinçilik döreýär.

Ýurdumyzyň demir ýollaryny, şol sanda halkara demir ýoluny ösdürmek boýunça hem düýpli işler amala aşyrylýar. Türkmenistanyň çäginden 697,5 km, Eýranyň çäginden 80 km, Gazagystanyň çäginden 130 km. bolan «Demirgazyk-Günorta» transmilli demir ýoly aýdanlarymyza şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Transmilli Demirgazyk-Günorta demirýol geçediniň, ýokary tizlikli Türkmenbaşy-Farap awtomobil ýolunyň gurulmagynyň, iri Türkmenbaşy deňiz portunyň durkunyň düýpli abatlaşdyrylmagynyň özi hem kenar ýakasynda ýaýbaňlandyrylan ägirt uly kurort gurluşygy üçin zerur bolan ýükleri daşamak maksadyna gulluk edýär» diýip belleýär.

Bu demir ýoluň gurluşygyna 2007-nji ýylyň aýagynda başlandy. «Demirgazyk-Günorta» ulag geçelgesiniň uzynlygy 900 kilometr bolup, onuň esasy bölegi 700 kilometre golaýy (697,5 km.) Türkmenistanyň çäginden geçýär. Halkara demir ýolunyň ugrunda täze obalaryň, ýaşaýyş nokatlaryň emele gelmegi bilen bu döwletleriň ykdysady gurbaty has-da kämilleşer. Bu ýol Ýewropa ýurtlaryna, Pars aýlagyna has gysga ýoly üpjün eder. Täze «Demirgazyk-Günorta» transmilli halkara demir ýoly, Tejen-Sarahs-Maşat halkara demir ýolunyň işini has ýeňilleşdirer. Häzirki wagtda 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli «Demirgazyk-Günorta» transmilli demir ýolunyň 235 kilometri guruldy, onuň ugrunda 7 sany beket işe girizildi. Transmilli «Demirgazyk-Günorta» demirýol magistralynyň gurluşygy häzirki wagtda Türkmenistanda YÖB-niň gatnaşmagynda amala aşyrýan möhüm taslamalaryň biridir. Ol Gazagystanyň, Türkmenistanyň we Eýranyň çäklerinden geçer we Pars aýlagyndaky portlara gysga ugry üpjün edip, Ýewropanyň we Aziýanyň ulag ulgamlaryny birleşdirer. «Demirgazyk-Günorta» demir ýoluny maliýeleşdirmäge Aziýa ösüş banky (AÖB) hem-de Yslam ösüş banky (YÖB) ýakyndan goldaw berýärler. Bu halkara maliýe guramalay bilen ýakyndan gatnaşygymyz diňe bir bize ykdysady taýdan bähbitli bolman, eýsem, goňşy Eýran hem-de Gazagystan üçinem ykdysady taýdan amatlydyr. Berilýän kömekler netijesinde halkara demir ýoluň gurluşygynyň depgini has-da güýçlendirildi. 2009-njy ýylyň dekabr aýynyň 22-23-ne YÖB «Demirgazyk-Günorta» demir ýolunyň günorta böleginiň, ýagny Bereket-Etrek (uzynlygy 256,5 km) demir ýol gurluşygyny maliýeleşdirmak ücin 371,2 mln. amerikan dollaryny karzyna berdi. 2010-njy ýylyň fewral aýyň 18-ne paytagtymyzda AÖB «Demirgazyk-Günorta» demir ýolunyň demirgazyk böleginiň, has takygy Bereket-Gyzylgaýa-Üzen (uzynlygy 441 km.) Gazagystanyň döwlet serhedine çenli gurluşygyna we demir ýola gerekli enjamlar almaga 225 million amerikan dollary möçberindäki resminama gol çekdi.

Hytaý Halk Respublikasyndan 20 ýyllyk ýeňillikli karz ylalaşyk esasynda 2009-njy ýylyň dowamynda ýolagçy gatnadýan teplowozlaryň 18-si we ýük otlusy üçin hem 38-si alyndy, şeýle hem

Aşgabat şäherinde manýowr edýän «SKD-6E» kysymly teplowozlardan 10 sanysy satyn alyndy.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda Türkmenistanyň demirýol pudagynyň öňünde durýan wezipeleri durmuşa geçirmek maksady bilen Türkmenistanyň demirýol ulaglary Ministrligine Hytaý Halk Respublikasyndan umumy bahasy 128612000,0 ABŞ-nyň dollaryna deň bolan teplowozlar (47 sany), wagonlar (530 sany), kir ýuwýan toplumlar (2 sany) satyn alyndy.

«Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasyna» laýyklykda içerki we halkara gatnawlar boýunça «Demirgazyk-Günorta» ulaglar gatnaw ugry (Gazagystan döwletinden Üzen–Gyzylgaýa–Bereket–Etrek–Gürgen Eýran Yslam Respublikasy), täze demir ýol ugurlary işe giriziler. Bu demir ýoluň gurluşygyna 2008-nji ýylyň fewral aýynyň 1-ne hormatly Prezidentimiziň hut özüniň gatnaşmagy bilen başlandy. Bu demir ýol Türkmenistany, Eýrany, Gazagystany, Russiýany bir halka birleşdirer. Bu ulag ulgamynyň üsti bilen Türkmenistanyň Yewropa we Aziýa ýurtlaryna göni çykmaklyga mümkinçiligi bolar.

Gelejekde Türkmenistanda bar bolan demir ýollaryň sanyny köpeltmek maksady bilen Balkanabat–Etrek, Atamyrat–Tagtabazar, Tagtabazar–Sarahs demir ýollaryny gurmaklyk meýilleşdirilýär. Türkmenbaşy–Garabogaz demir ýolunyň gurulmagy bolsa Türkmenistany goňşy Gazagystan bilen birikdirer.

### 6.2.3. Howa ýollary

Howa ýollary ýurdymyzda täze kemala gelen we uly ösüşe eýe bolan ulagdyr. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap «Türkmenmillihowaýollary» müdirligi döredildi we millileşdirildi. Häzirki wagtda bu pudak ýurdumyzyň iň çalt ösýän pudaklarynyň birine öwrüldi. Bu ugurdaky ilkinji ädim paýtagtymyzda dünýä derejelerine laýyk gelýän halkara howa menziliniň gurulmagy bilen başlandy. Ol Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň adyny gö-

terýär. Bu howa menzili ýeke bir Aziýanyň däl, eýsem, dünýäniň hem iň gözel howa menzilleriniň birine öwrüldi. Özi hem bu howa menziliniň GDA ýurtlarynyň içinde halkara ülňülerine laýyk gelýän ilkinji howa menzilidigini bellemelidiris. Her welaýat merkezlerinde şeýle howa menzilleriniň gurulmagy baradaky meýilnamasy ýurdumyzyň howa ýollarynyň ösmegine uly ýardam berer. Häzirki wagtda welaýat merkezlerindäki howa menzilleriniň we Türkmenbaşy şäherindäki howa menziliniň durkuny täzelemek işleri amala aşyryldy. Gelejekde ýurdumyzda täze howa menzilleriniň birnäçesi bina ediler.

Uçarlar bilen ýolagçylary gatnatmak barha giň gerime eýe bolýar. 2000-nji ýylda uçarlar bilen gatnadylan ýolagçylaryň sany 1488 million ýolagçy-kilometr bolan bolsa, bu görkeziji 2008-nji ýylda 2273 mln. ýolagçy-kilometre deň boldy. Munuň özi ýurdumyzyň uçar gatnawlarynyň barha ösýändigini görkezýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň uçar flotiliýasy barha ösýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň howa ýollarynyň ösmegine ýurdumyzyň dünýäniň dürli künjekleri bilen göni howa ýollarynyň açylmagy anyk şaýatlyk edýär. Muňa mysal hökmünde Aşgabat–Helsinki, Aşgabat–Frankfurt, Aşgabat–Pariž, Aşgabat–Madrid, Aşgabat–Dakka, Aşgabat–Pekin, Aşgabat–Singapur, Aşgabat–Nýu-Ýork, Aşgabat–Abu-Dabi, Aşgabat–Amritsar, Aşgabat–Birmingem, Aşgabat–Dubaý, Aşgabat–Deli, Aşgabat–London, Aşgabat–Bangkok, Aşgabat–Maşat, Aşgabat–Toronto, Aşgabat–Stambul, Aşgabat–Moskwa, Aşgabat–Sankt-Peterburg, Aşgabat–Kiýew, Aşgabat–Daşkent, Aşgabat–Almaty, Aşgabat–Bişkek halkara howa ýollaryny getirmek mümkin. Şeýle-de, Türkmenistanyň üstünden uçup geçýän daşary ýurt uçarlary hem hut şu ýerde gonup, ýangyç guýup, ýene-de ýoluny dowam etdirýärler. Uçarlar bilen ýük daşamaklygyň möçberi barha artýar. Bu işde ýük göteriji uçarlar bolan IL-86 kysymly uçarlaryň 5-si giňden peýdalanylýar. Ýolagçy gatnatmakda ýetilen sepgitler öwgä mynasypdyr «Türkmenmillihowaýollary» müdirligine dünýä belli «Boing» şereketiniň uçarlary yzygiderli satyn alynýar. Bu uçarlar özüniň dürli artykmaçlyklary bilen öňki uçarlardan düýpli tapawutlanýar. Türkme-

nistan GDA döwletleriniň içinde ilkinji bolup bu uçarlary satyn alan döwletdir. Ilkinji «Boing-737» uçary 1992-nji ýylyň noýabr aýynda türkmen howa menzilinde gondy. Biziň ýurdumyzda ýokary amatlyklary bolan «Boing-767-300», «Boing-757-200», «Boing-737-300 ER», «Boing-717-200», «Hawker-125-1000», «Challenger-605», «Il-76» we beýleki uçarlar bardyr. Şol sanda «Sikorskiý S-76», «Sikorskiý S-92», «Super-Puma», «Mi-8», «Mi-17-1B», kysymly dikuçarlar bardyr. 2009-njy ýýlyň martynda «Mi-17-1B» kysymly dikuçarlaryň ikisi satyn alyndy. Olaryň ikisiniň umumy bahasy 22 million amerikan dollaryndan hem geçýär. Bularyň uçuşynyň aňyrbaşy uzaklygy 600 kilometre barabar bolup, tizligi sagatda 250 kilometre çenli artdyrmaga mümkinçiligi bardyr.

Häzirki wagtda ýokary amatlyklary bolan uçarlaryň we dikuçarlaryň yzygiderli satyn alnyşy barha ýokarlanýar. 2009-njy ýylyň awgustynda hormatly Prezidentimiz «Boing-737-700» kysymly uçarlaryň 3-ni satyn almak üçin karara gol çekdi. Ýurdumyzyň uçar flotiliýasynyň sany ýyl-ýyldan barha artýar. Bu uçarlara erk edýän uçarmanlar Londonyň okuw merkeziniň tassyklan halkara merkeziniň ygtyýarnamasyna eýe boldular. Ýokarda getirilen maglumatlar Türkmenistanyň howa ýollarynyň abraýynyň ýer ýüzünde barha belende galýandygyndan habar berýär.

### 6.2.4. Deňiz ulaglary

Deňiz ulaglary dünýä söwdasynda haryt daşamaklygyň ähtibarly görnüşi hasaplanylýar. Sebäbi häzirki güne çenli iň köp ýük göterýän tehnikalar bolup deňiz ulaglary çykyş edýär. Özüniň taryhy boýunça deňiz ulaglary gury ýer ulaglaryndan soň ýüze çykýar. Ulagyň bu görnüşi açyk deňze göni çykalgasy bar ýurtlarda has ösendir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýurdumyzda deňiz ulaglaryny ösdürmeklige uly ähmiýet berlip başlandy. Onuň ilkinji ädimi Türkmenbaşy şäheriniň deňiz duralgasynyň (portunyň) durkuny abatlamakdan başlandy. Türkmenbaşynyň deňiz menziliniň durkuny täzelemegiň baş potratçysy Türkiýäniň «STFA» şereketidir. Bu işleriň inženerçilik we

tehniki taraplaryna «Türkmendeňizýollary» müdirliginiň yglan eden halkara bäsleşiginiň ýeňijisi «Noyel Redžiani Kran Serwis Gledh» nemes kompaniýasy ýolbaşçylyk edýär. Hazar deňzini etekläp oturan Türkmenbaşy şäheriniň gämi duralgasynda geçirilen abatlaýyş işleriň esasynda bu duralga halkara talaplaryna laýyk getirilip, şu günki günde Ýewropa–Kawkaz–Aziýa (TRASEKA) gatnawynyň esasy topary hasaplanýar.

Türkmenbaşy deňiz duralgasy Orta Aziýa–Kawkaz–Ýewropa halkara ulag geçelgesiniň iri üstaşyr merkeziniň wezipesini ýerine ýetirýär. Türkmenistanyň milli deňiz flotunyň üsti dünýä derejesindäki deňiz gämileri bilen yzygiderli doldurylýar. Türkmenbaşy şäherinden paromlar arkaly ýolagçylar gatnadylýar we ýükler daşalýar. Diňe 2009-njy ýylyň martynda «Türkmenistan» ýük daşaýan kuwwatly gäminiň durky täzelenip ulanmaga berlen bolsa, awgust we oktýabr aýlarynda «Sumbar» we «Hazar» tankerleri yurdumyzyň ýük daşaýan gämileriniň üstüni ýetirdi. Täze gämileriň ýük göterijiligi uludyr, ýagny, olaryň her biri 7 müňe (6609 tonna) golaý nebit we nebit önümlerini daşamaga ukyplydyr. Gämileriň ikisi hem derýa-deňiz kysymlydyr. Iki gäminiň bahasy 31 million amerikan dollaryna deň bolup, bu puly Yslam ösüş banky (YÖB) 11 ýyl möhlet bilen ýylda 5,1% möçberinde karz bermek esasynda alyndy. Satyn alnan gämileriň derýa-deňiz kysymly bolmagy ýurdumyzyň nebitini we nebit önümlerini Ýewropanyň bazarlaryna alyp gitmek üçin Russiýanyň Wolga-Don derýalarynyň üstünden geçmäge niýetlenendir. Wolga-Don derýalaryndan deňiz gämileri özüniň ululygy sebäpli geçip bilmeýärler. Türkmenbaşy–Baku, Türkmenbaşy–Astrahan, Türkmenbaşy–Mahaçgala, Bender–Türkmen gämi ýol ugurlaryndan «Saparmyrat Nyýazow» adyndaky, «Türkmenistan», «Magtymguly» hem-de «Balkan» gämileri arkaly Türkmenistana Russiýadan, Ukrainadan, Ýewropa bileleşigi ýurtlaryndan ýükleriň esasy akymy gelýär. Bu gämilerden başga-da, ýurdumyzda halkara ülňülerine laýyk gelýän tehnologiýalar boýunça ýasalan Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow we Türkmenbaşy adyndaky ýük göterýän gämiler bardyr.

### 6.2.5. Derýa ýollary

Ýurdumyzda hereket edýän ulag ýollarynyň biri hem derýa ýollarydyr. Häzirki wagtda bu ulag diňe Lebap we Mary welaýatlarymyzda hereket edýär. Derýa ýoly arkaly biz hiç-hili halkara ykdysady gatnaşyk saklamaýarys. Bu ulaglar arkaly diňe içerki ýükler gatnadylýar. Ýurdumyzda derýa ýollaryny ösdürmeklikde uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň Lebap welaýatynda gämi gurluşyk kärhanasynyň bolmagy bolsa bize bu pudagyň önümlerini hem daşary ýurtlara çykarmaklyga mümkinçilik berýär. Dogry, kärhana gämini gurnamaklyga we abatlamaklyga ýörüteleşendir. Emma Garaşsyzlyk ýyllary içinde bu zawod uly üstünliklere eýe boldy. Zawodda tirkege alynýan baržalar ýasalyp başlandy. Tirkege alynýan barža – munuň özi ýük göteriji sygymlyk bolup, ony kiçeňräk gämiler hem emgenmän çekip bilýärler.

Ýokardaky aýdylanlardan çen tutsaň, ýurdumyzyň derýa ýollarynyň uly geljeginiň bardygyna göz ýetirmek kyn däldir. Öz halky üçin gijesini gündiz edip işleýän hormatly Prezidentimiz bu tutumly işleriň doly we gyşarnyksyz amala aşyrylmagyna ýolbaşçylyk edýär. Hormatly döwlet baştutanymyz ýeke bir halkara derýa ýollaryny ösdürmek bilen çäklenmän, içerki derýa ýollaryny ösdürmeklige hem aýratyn ähmiýet berýär. Bu aýdylanlara içerki suw ýol ulaglary bilen daşalan ýükleriň ýylsaýyn artýandygy hem şaýatlyk edýär.

### 6.2.6. Geçirijiler

Geçirijiler bolanda, esasan, nebit-gaz akdyrylýan turbalara düşünilýär. Häzirki zaman ösen adamzat jemgyýetini uglewodorod çig malsyz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Şonuň üçin hem bu baýlyklara garyp ýurtlar olary daşyndan satyn almaga mejbur bolýarlar. Uglewodorod çig mallary daşamaklygyň iň ygtybarly ulagy bolup geçiriji turbalar çykyş edýär. Uglewodorod çig mallaryna baý ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde we kämilleşdirmekde geçiriji turbalaryň ähmiýeti diýseň uludyr. Sebäbi daşary söwda gatnaşyklarynda uglewodo-

rod çig mallary, köplenç halatda geçiriji turbalar arkaly daşalýar. Bu zeýilli ulaglar uglewodorod çig malyna baý bolan ýurtlarda has hem ösendir.

Türkmenistanyň uglewodorod çig mallaryna, aýratyn hem tebigy gaza baý bolmaklygy ulagyň bu görnüşini ösdürmeklige itergi berýär. Häzirki wagtda ýurdumyz gazyň satylyşyny her ýyl artdyrýar. Ýurdumyzyň daşyna satýan esasy harydynyň tebigy gaz bolmaklygy, ulagyň bu görnüşi barada has giňişleýin durup geçmeklige getirýär. Şol sebäpli gürrüňimizi ilki bilen geçiriji turbalaryň halkara ylalaşyklaryndan we hasaplaşyklaryndan başlalyň.

Nebit we gaz geçiriji turbalar çekilende we onuň üsti bilen ýük daşalanda, esasan, şu meseleler babatda döwletara ylalaşyklaryny gazanmaklyk zerurdyr:

1. Bu geçirijini üstaşyr geçirýän döwletiň razylygy. Köplenç ýagdaýda bu mesele oňyn çözülýär. Sebäbi bu ulag şol döwletleriň walýuta çeşmeleriniň biri bolup hyzmat edýär.

2. Üstaşyr tölegi tölemeli döwletiň kesgitlenilmegi. Mysal üçin, Russiýa we Hytaý Türkmenistandan alýan gazy üçin üstaşyr tölegleri doly öz üstüne alýar.

3. Tölegleriň töleniş görnüşi (haryt, hyzmat we pul). Mysal üçin, Russiýa Türkmenistandan alýan gazyny nagt pul bilen hasaplaşýar (ABŞ-nyň dollarynda).

4. Geçirijileriň abatlaýyş işleri üçin üstaşyr geçirýän döwletleriň goşulmaklyk ýa goşulmazlyk ýagdaýy. Mysal üçin, öň Orta Aziýa we Merkez diýlip atlandyrylýan gaz geçirijiden Özbegistandyr Gazagystan gaz satmak üçin peýdalanmaýanlygy zerarly, bu iş üçin hiç-hili serişde harçlamak islemeýärler. Şeýle ýagdaý bolsa Türkmenistanyň bu geçirijiden gaz satmak mümkinçiligini bökdeýär.

5. Geçirijiden üstaşyr geçirýän döwletleriň peýdalanyp bilmek mümkinçiligi.

6. Geçýän ýüküň we geçirijiniň abatlygyna kepillik. Mysal üçin, Owganystandaky syýasy durnuksyzlyk we häli-şindi uruş otlarynyň tutaşyp durmagy «Parahatlyk» gaz geçirijisiniň howpsuzlygyna şübhe döredýär.

Geçirijilerden äkidiljek ýüküň görnüşine baglylykda dünýä boýunça halkara tölegleri ýa-da dünýä bahalary hereket edýär. (Adatça halkara hasaplaşyklar bu tölegleriň ýa-da bahalaryň ýokarky çägi bolup çykyş edýär.) Ýagny 1000 $m^3$ gazy 100 km-e iteklemek üçin üstaşyr geçirýän döwlete 1,6 ABŞ-nyň dollaryny tölemeli. Bu töleg GDA döwletlerinde kesgitlenilen bahadyr. Ady agzalan tölegiň dünýädäki bahasy 0,75 dollara deňdir. Nebitiň üstaşyr bahasy jemi ýüküň 1/32 bölegine deňdir. Ylalaşan taraplar öz borçlaryny dürli ýagdaýlara görä ýerine ýetirip bilmezlikleri hem mümkin. Bu ýagdaýda halkara jerime tölegleri herekete girýär. Mysal üçin, satyjy alyjyny boýun alan çig maly bilen kesgitlenen wagtda üpjün edip bilmese, alyjy oňa şertnama esasynda töleg töledýär.

Wagta göra tölegler şu aşakdaky ýagdaýlarda bolup bilýär:

1. Eger satyjy ož ýüküni aýyň 1-den 30-a çenli ibermese, ol jemi ýüküň bahasyndan 0,05 bölegi;

Ikinji aýyň 1-den 30-na çenli ibermese 0,08 bölegi;

Üçünji aýyň 1-den 30-na çenli ibermese 0,12 bölegi möçberinde jerime tölegini töleýär.

Özi hem bu tölegleriň her gezekdäki tölegi şol iberilmeli ýüküň başdaky bahasyndan tutulýar.

Tebigy gazyň barlanyp, ýüze çykarylan gorlary boýunça Türkmenistan Russiýadan we Eýrandan soňra dünýäde 3-nji orunda durýar. Türkmenistanyň ýüze çýkarylan gaz gorlarynyň möçberi 24 trillion kub metrdir.

Dünýä bazarynda uly islegden peýdalanýan bu çig maly daşary ýurtlara satmaklyk ýangyç-energetika toplumyny milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde ileri tutulýan pudaklaryň birine öwürdi. Hut şonuň üçinem türkmen «mawy ýangyjyny» satmaklyk her ýyl artdyrylýar.

Türkmenistan nebit-gaz geçiriji turba ulagyndan diňe gaz satmak üçin peýdalanýar. Ýurduň içinde Türkmenbaşy şäherindäki nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyna çig mal nebit geçiriji turbalar arkaly akdyrylýar. Hazardan we Gumdagdan Türkmenbaşa nebit geçiriji turba hereket edýär. Häzirki wagtda bolsa Jebel-Türkmenbaşy aralygynda täze nebit geçiriji çekilýär. Onuň uzynlygy

130 kilometre deňdir. Çig nebit daşary bazarlara suw ulaglary arkaly iberilýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň çäginden daşary ýurtlara tarap bu ulagyň dört ugry uzalyp gidýär. Olaryň birinjisi öň Orta Aziýa we Merkez, häzir Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Russiýa gaz geçirijisidir. Bu geçirijiniň uzynlygy 2100 km-e deň bolup, onuň esasy bölegi degişlilikde Russiýa, Gazagystana we Özbegistana düşýär.

Geçirijiniň ilki başdaky kuwwaty 100 mlrd. $m^3$ bolup, onuň häzir 100-den 65-70 bölegi saklanyp galypdyr. Türkmenistan bu geçiriji arkaly 30 mlrd. $m^3$ gaz satýar (2010-njy ýyl boýunça.) 2003-nji ýylyň aprel aýynyň 10-na Türkmenistan bilen Russiýanyň arasynda 25 ýylyň dowamynda gaz satmak baradaky ylalaşyga gol çekildi. Satyljak gazyň jemi möçberi 2 trln. $m^3$ deň bolup, onuň Türkmenistana getirjek girdejisi 200 mlrd. dollara barabar bolar. Emma bu geçiriji beýle uly mukdardaky gazy geçirmeklige mümkinçilik bermeýär. Şeýle-de bolsa taraplar şu gaz geçirijiden mümkin boldugyça peýdalanmak isleýärler. Onuň üçin hem bu gaz geçirijini başky kuwwatlygyna getirmek zerur bolup durýar.

Gaz geçiriji turbanyň ikinji ugry Türkmenistan–Eýran gaz geçirijisidir. Bu geçirijiniň uzynlygy 150 kilometr bolup, onuň bir ýylky kuwwatlylygy 12 milliard $m^3$-a deňdir. Bu geçirijiniň başlanýan ýeri Türkmenistanyň günbatar welaýatynyň Körpeje ýatagy bolup, bu ýerden alynýan çig mal Eýranyň demirgazyk etraplaryna eltilýär. Geçirijiniň hyzmat edijilik möhleti 150 ýyla ýeter diýlip çaklanylýar. Häzir bu gaz geçiriji arkaly her ýyl 8 mlrd $m^3$ gaz satylýar.

Gaz geçirijileriň üçünji ugry Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisi gysga wagtda gurlup, ulanylmaga berildi. Bu taslama «Asyryň gurluşygy» diýen ada eýe boldy. Sebäbi gaz geçirjiniň işine 2007-nji ýylyň awgustynda badalga berildi we 2009-njy ýylyň dekabr aýynyň 14-ne Türkmenistanyň, Hytaýyň, Özbegistanyň we Gazagystanyň Pezidentleriniň gatnaşmaklarynda gaz geçirijiniň açylyş dabarasy boldy. Gaz geçirijiniň uzynlygy 7 müň kilometre golaýdyr (onuň 4500 kilometri Hytaýyň, 1300 kilometri Gazagystanyň, 490 kilometri Özbegistanyň we 184,5 kilometri Türkmenistanyň çäginden

10. Sargyt № 3158

geçýändir). Uly gaz geçirijiniň işe girizilmeginde dine bir Türkmenistan peýda gazanman, eýsem, beýleki goňşy döwletler hem öz gazlaryny satmaga hem-de tranzit tölegini almaga mümkinçilik gazanýarlar. Türkmenistan kuwwatly gaz geçiriji arkaly 30-40 mlrd $m^3$ gazy şertnama boýunça 2012-nji ýylda doly satyp başlar. Bu şertnama 30 ýyllyk baglaşylandyr. Malaý ýatagyndan Bagtyýarlyga çenli çekilen trassanyň türkmen meýdanyny (uçastogyny) Russiýanyň iri «Stroýtransgaz» kompaniýsy gurdy. Samandepede gazy gaýtadan işleýän kärhana guruldy we onda her ýyl gaz kondensatynyň 180 müň tonnasy öndüriler. Häzirki wagta çenli «Bagtyýarlyk» boýunca önümi paýlaşmak barada şertnamanyň esasynda goýlan umumy maýa goýum ABŞ-nyň 1,5 mlrd dollaryna golaý boldy. Bu ýerde köp işi Hytaýyň «CNPC Chuanging Drilling Engineering Company Limited» gaz kompaniýasy alyp barýar.

2010-njy ýylyň 6-njy ýanwarynda Türkmenistanyň hormatly Prezidenti we Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti bilelikde Döwletabat-Sarahs-Hangeran gaz geçirijisi işe girizildi. Onuň açylmagy bilen ýurdumyzyň dördünji halkara gaz geçirijisi herekete girdi. Bu gaz geçirijiniň uzynlygy 30,5 km bolup, ondan her ýyl 6 mlrd. $m^3$ gaz satylar. Eýrana şu ýyl iki sany gaz geçiriji arkaly 14 mlrd. $m^3$ tebigy gaz satyn alar. Gelejekde Eýran Yslam Respublikasyna satylýan türkmen gazyny 20 mlrd. $m^3$-a çenli artdyrmak göz öňünde tutulýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan başga-da birnäçe gaz geçirijileriň taslamasyna garaýar. Olaryň içinde iň irileri şu aşakdakylardyr.

1. Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisi. Uzynlygy 1464 kilometr.

2. Hormatly Prezidentimiziň Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti bilen baglaşan şertnamasyna görä gelejegi uly hasap edilýän ugurlaryň biri hem Hazarýaka gaz geçirijisidir. Bu gaz geçiriji Orta Aziýanyň gazyny Yewropa ýurtlaryna akdyrmak maksady bilen gurulýar.

3. Hazarasty gaz geçiriji. Bu gaz geçiriji Hazar deňziniň düýbünden geçiriji çekmek arkaly ony Türkiýä we ondan aňryk Ýewropa ýurtlaryna türkmen gazyny ýetirmeklik göz öňünde tutulýar.

4. Türkmenistan- Eýran- Türkiýe gaz geçirijisi. Bu gaz geçiriji ýurdumyzda gözbaş alyp Türkiýä we ondan hem aňryk Ýewropa ýurtlaryna türkmen tebigy gazyny ýetirmeklik göz öňünde tutulýar.

Bu gecirijileriň çekilmegi türkmen halkynyň bolelin, eşretli durmuşda ýaşamaklygynyň kepilleriniň biri bolup çykyş eder. Bu taslamalary durmuşa geçirmek boýunça Türkmenistan tarapyndan uly işler alnyp barylýar. Bu taslamalaryň amala aşyrylmagy Türkmenistanyň geçiriji turbalar ulagy boýunça dünýä merkezleriniň birine öwrülmäge ýardam berjekdigi şubhesizdir.

## 6.3. Aragatnaşyk pudagynyň ykdysadyýeti

Hormatly Prezidentimiz aragatnaşyk ulgamyny dünýä derejesine çykarmak üçin köp işleri durmuşa geçirýär. Welaýat we etrap merkezlerine, şäherdir oba ýaşaýjylaryna bu pudagyň hyzmatlaryndan elýeterli peýdalanmaga uly mümkinçilikler döredilýär. Ýurdumyzyň raýatlary aragatnaşyk ulgamynyň hemme görnüşlerinden doly peýdalanýarlar. Aragatnaşyk ulgamynyň ösmegi köp ykdysady işleri we adamzat durmuşynyň işlerini ýeňilleşdirýär. Telefonyň we internetiň kömegi bilen daş ýerler bilen habarlaşyp hem-de haryt satmak we almak bolýar. Ylmy Tehniki Rewolýusiýa aragatnaşyk pudagyny düýpden özgertdi. Radio, telefon we telewideniýe giňden ýaýrady. Häzirki zaman tehniki serişdeleriň peýdalanylmagy, şol sanda aragatnaşyk hemralaryň ulanylmagy aragatnaşygy durnukly we çuň häsiýete eýe etdi. Aragatnaşyk serişdeleriniň elektron hasaplaýjy tehnika bilen birleşdirilmegi habar beriş gulluklaryň döredilmegine getirdi. Netijede, önümçiligi dolandyrmak mümkinçilikleri dünýä möçberinde artdy.

Biziň ýurdumyzda aragatnaşyk pudagynyň hemme görnüşleri doly peýdalanylýar. Türkmenistanyň telekommunikasiýa ulgamynda dünýäde ady belli telekommunikasiýa enjamlaryny öndürýän kompaniýalar bolan «Siemens», «Alkatel», «Erikson» we ş. m. köp işleri ýerine ýetirýärler. 2009-njy ýylyň 14-nji dekabrynda Türkmenis-

tan–Hytaý transmilli gaz geçirijiniň açylyş dabarasynda Hytaý Halk Respublikasynyň lideri we hormatly Prezidentimiz aragatnaşyk ulgamy üçin Hytaýyň teleulgam enjamlaryny we toplumlaryny satyn almagy, gurnamagy we ulanmaga girizmegi maliýeleşdirmek üçin Hytaý Halk Respublikasynyň 20 ýyllyk Türkmenistana ýeňillikli karz bermegi ylalaşyldy.

Häzir ýurdumyzda ykjam telefon hyzmatlaryny amala aşyrýan kompaniýalardan «Altyn Asyr», «MTS» we «Huawei Technologies LTD» kärhanalaryny görkezmek bolar. «Altyn Asyr» ýerli kärhanadyr. Ony Germaniýanyň «Siemens» kompaniýasy gurup berdi. Bu kärhananyň hyzmatlarynyň görnüşlerini artdyrmak üçin Hytaýyň «Huawei Technologies LTD» kompaniýasynyň dürli tehnologik kömekleri peýdalanylýar. «MTS» halkara kompaniýa bolmak bilen onuň müşderileriniň sany 1 milliondan geçendir. Hytaý Halk Respublikasynyň «Huawei Technologies LTD» korporasiýasynyň guran Türkmen-Hytaý telefon kärhanasy Aşgabat şäherindäki ildeşlerimize niýetlenendir.

Häzirki wagt ýurdumyzda ulanylýan ykjam telefonlaryn ýörite internete çatylmagy bilen internet täzeliklerini we gerek maglumatlaryny gezip ýören yerlerinde almaga mümkinçilikler döredildi.

Ýurdumyzda optiki-süýümli liniýalar demirgazykdan günorta hem-de günbatardan gündogara tarap çekilýär. 2009-njy ýylda welaýatlarda öýjükli aragatnaşyk ulgamy ornaşdyryldy. Birbada esasy operatorlaryň ikisiniň setiniň ýaýraýan zolagy has uzakda ýerleşýän etraplaryň çäklerini hem öz içine alýar. Ýerlerde aragatnaşygyň täze esasy beketlerini we uzelleri, döwrebap sanly ATS-ler gurulýar.

Ýurdumyzyň argatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegi habar beriş we dolandyryş işleriniň has kämilleşmegine getirýändigi bellenilmelidir. Hatlaryň, resminamalaryň, buýruklaryň, çyzgylaryň faks boýunça ugradylmagy, poçta aragatnaşykdan örän köp esse çaltlygy we örän arzan düşýändigi bilen tapawutlanýar. Munuň özi ykdysydyýetiň kanunalaýyklarynyň biri bolan wagty tygşytlamaga mümkinçilik berýär.

Bu pudagyň halkyň durmuş ýagdaýyny ýeňilleşdirýändigini aýratyn bellemelidiris. Çünki, ýudumyzyň islendik künjegi bilen habarlaşmakçy bolsaň, bary-ýogy birnäçe sekunt ýeterlikdir.

Aragatnaşyk ulgamynyň ýurdumyzda giňden ýaýbaňlandyrylan bilim-ylym özgertmesini durmuşa ornaşdyrmaga, ýurdumyzyň bilim-ylym ulgamyny dünýä derejesinde çykarmakda, ýerli hünärmenleri taýýarlamakda aragatnaşyk ulgamyna ähmiýetli orun degişlidir. Çünki, gündelik habarlar, maglumatlar, dünýäniň ylmy täzelikleri internetde jemlenendir. Internet bolsa aragatnaşyk ulgamynyň üsti bilen hereket edýär. Häzirki günde ýurdumyzda internet ulgamyny ösdürmek boýunça uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda orta we ýokary okuw mekdepleriniň, edaradyr kärhanalaryň, ýörite internet kafeleriň, hatda jübi telefon ulanýanlara hem internetiň elýeterli bolmagy, täze gurulýan orta we ýokary okuw mekdepleriniň internete çatylmadyk bolsa, kabul etmezlik barada hormatly Prezidentimiziň ýörite karara gol çekmegi, bu ulgamy ösdirmek boýunça amala aşyrylan işlere anyk mysaldyr.

Internet ulgamy arkaly dünýäniň ösen tejribesini ele almak, ony özleşdirmek we ýerlikli peýdalanmak milli hünärmenlerimiziň hünär derejesiniň ýokarlanmagyna getirýär. Bu ýagdaý bolsa öz gezeginde hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, «halkymyzyň eşreti durmuşda ýaşamagynyň kepili» bolan bilim-ylym pudagymyzyň mundan beýläk hem ösmegine ýene bir mümkinçilik döredýär (20-nji tablisa).

*20-nji tablisa*

**Önümçilik maýa goýumlarynyň ykdysady pudaklar boýunça düzümi, %**

| Pudaklaryň ady | 2005 | 2006 | 2007 | 2008 |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Önümçilik pudaklary | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Senagat | 49,5 | 53,3 | 60,8 | 56,9 |
| Geologiýa | 3,7 | 6,5 | 5,9 | 4,1 |
| Oba hojalygy | 10,7 | 5,6 | 9 | 5,3 |
| Balyk hojalygy | 0,2 | 0,2 | 0,2 | 0,2 |

*20-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Gurluşyk | 3,7 | 3,8 | 3,1 | 12,9 |
| Ulag | 26,8 | 21,7 | 15 | 16,0 |
| Olardan: | | | | |
| Turbageçiriji we nebitgeçirijiler | 10,6 | 9,6 | 6,2 | 3,3 |
| Aragatnaşyk | 1,3 | 2,7 | 2,5 | 1,5 |
| Lomaý söwda | 0,7 | 1,9 | 1 | 1,0 |
| Söwda we jemgyýetçilik iýmiti | 2,7 | 2,8 | 2,1 | 1,3 |
| Beýlekiler | 0,7 | 1,5 | 0,4 | 0,6 |

***Çeşmesi:*** Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010.

Ýurdumyzyň aragatnaşyk ulgamynyň örän çalt depginler bilen ösýändigine göz ýetirmek üçin aşakdaky 21-nji tablisa ýüzleneliň.

*21-nji tablisa*

**Aragatnaşyk hyzmatlaryndan alnan girdejiler, million manat**

| | 2000 | 2008 | 2009 | 2011 |
|---|---|---|---|---|
| Hemmesi | 48,2 | 256,5 | 311,9 | 860 |
| şol sanda: | | | | |
| poçta | 4,4 | 13,3 | 14,7 | 15,9 |
| ýöriteleşdirilen aragatnaşyk we feldýeger aragatnaşygy | 0,4 | 1,5 | 2,1 | 2,6 |
| resminamalaýyn elektrik aragatnaşygy | 1,1 | 7,1 | 11,6 | 19,9 |
| şäherara telefon aragatnaşygy | 30,1 | 138,4 | 139,6 | 271,2 |
| şäher we oba telefon aragatnaşygy | 8,2 | 27,5 | 33,7 | 37,4 |
| radioaragatnaşyk, radiogepleşik, telewideniýe we hemra aragatnaşygy | 3,5 | 13,6 | 19,5 | 20,4 |
| radioýygylygyň peýdalanylyşyna gözegçilik boýunça döwlet gullugy | 0,3 | 10,2 | 21,6 | 18,1 |
| göçme elektrik aragatnaşygy | – | 44,2 | 68,3 | 472,2 |
| beýleki girdejiler | 0,2 | 0,8 | 0,8 | 1,9 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly deňeşdirilýän döwürde bu pudak uly ösüşlere eýe bolupdyr. Eger-de 2000-nji ýyl bilen 2011-nji ýyly deňeşdirenimizde, bu pudak 17 essä golaý, 2009-njy ýyl bilen deňeşdireniňde 3 essä golaý ösüşe eýe bolupdyr. Aragatnaşyk pudagynyň çalt depginler bilen ösmegi dünýäniň ösen döwletlerine mahsus bolan görkezijidir. Munuň özi ýurdumyzyň gysga wagtyň içinde ösen informasion ykdysadyýetli jemgyýete öwrülip başlandygynyň alamatydyr.

## 7-nji bap
## TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINDE IÇERKI SÖWDA WE JEMGYÝETÇILIK IÝMITI

### 7.1. Söwda hakynda düşünje

Döwletiň ykdysady we durmuş taýdan ýokary göterilmeginde söwda gatnaşyklaryna wajyp orun degişlidir. Ýurtda haryt dolanyşygyň ösmegi, onuň düzüminiň kämilleşmegi, söwda hyzmatlarynyň gowulanmagy halkyň durmuş-medeni taýdan ösmeginiň esasy şertidir. Söwda gatnaşyklarynyň ösdürilmeginiň esasy maksady adamyň çäksiz islegini kanagatlandyrmakdan ybaratdyr. Başgaça aýdylanda, ilatyň sarp edijilik isleginiň kanagatlandyrylmagyny aňladýar.

Ýurduň söwda dolanyşygy diýlende, diňe maddy harytlaryň söwdasy göz öňünde tutulýar. Maddy däl harytlar, mysal üçin hyzmatlaryň söwdasy ýurduň haryt dolanyşygynda göz öňünde tutulmaýar.

Haryt dolanyşygyny iki derejede öwrenmek bolar:

1. Daşary söwda dolanyşygy. Ýurduň eksport we import amallarynyň jemi bolup, bu barada 13-nji temada giňişleýin gürrüň ediler.

2. Içerki söwda dolanyşygy. Ýurduň içerki maddy harytlarynyň söwda gatnaşyklarynyň jemine düşünilýär.

Söwda üznüksiz önümçiligiň hereket etmegi üçin esasy şert bolup çykyş edýär. Maddy önümçilik pudaklarynda öndürilen haryt hökman sarp edilmelidir. Eger-de, öndürilen harytlar yzygiderli sarp edilmese, onda önümçilik öz hereketini togtadýar. Önümçiligiň üznüksiz hereket etmegi üçin öndürilen harydyň sarp edilmegi zerurdyr. Bu bolsa söwda arkaly amala aşyrylýar. Bu proses öndürilen önümleriň ahyrky alyja ýetirilmegi bilen tamamlanýar.

Söwda gatnaşyklary iki tarapyň, ýagny alyjynyň we satyjynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýar. Alyjy şol bir wagtyň özünde satyjy bolup hem çykyş edip biler. Ýagny, öndürijiden harydy satyn alyp, başga bir tarapa satyp biler. Bu ýagdaý birnäçe gezek gaýtalanyp hem biler. Emma alyjynyň we satyjynyň üýtgemegi bilen söwdanyň mazmuny üýtgemeýär.

Haryt dolanyşygynyň üç sany akymyny tapawutlandyrmak mümkin:

1. Halkyň sarp edýän harytlary. Bu akym köpsanly, köp görnüşli harytlardan ybarat bolup, ol jemgyýetçilik iýmiti we söwda nokatlary üsti bilen bölek söwda arkaly halka ýetirilýär;

2. Önümçilik maksatly harytlar. Bu akym halkyň sarp etmegi üçin däl-de, önümçilik maksatly harytlar degişlidir. Olara enjamlar, geçirijiler, serişdeler, stanoklar we ş.m degişlidir;

3. Oba hojalyk harytlaryny öndürijiler. Bu akymdaky harytlaryň bir bölegi göni alyja ýetirilýär. Beýleki bir bölegi senagat kärhanalaryna ugradylýar. Alyja göni ýetirilýän bölegine azyk önümleri, kärhanalara ugradylýan bölegine ýüň, deri, pagta we gaýtadan işlenilmäge niýetlenen oba hojalyk önümleri degişlidir.

Ylmy nukdaýnazardan söwdanyň ösüşini häsiýetlendirýän birnäçe görkezijiler ulanylýar. Ilkinji we esasy görkeziji bolup haryt dolanyşygy çykyş edýär. Bu görkeziji arkaly önümçiligiň, söwda şereketiniň we tutuş ýurt boýunça söwdany häsiýetlendirip bolar. Haryt dolanyşygynyň esasy mazmuny harydyň öndürijiden sarp edijä çenli bolan hereketini şöhlelendirýär. Haryt dolanyşyga iki sany alamat boýunça ykdysady taýdan baha bermek mümkindir:

a) Haryt maddy bolan ýagdaýynda;

b) Haryt satylan ýa-da alyja ugradylan ýagdaýynda.

Diňe şu iki alamat haryt dolanyşygyny häsiýetlendirýär. Ýokarda bellenilip geçilişi ýaly haryt dolanyşygy diňe maddy harytlary emele getirýär. Maddy däl harytlaryň söwdasy haryt dolanyşyga goşulmaýar. Eger-de haryt alyja ugradylmadyk ýa-da satylmaga niýetlenmedik bolsa ýa-da ambarlarda saklanylýan bolsa, onda ol haryt dolanyşyga degişli edilmeýär.

Söwdanyň ösüşini görkezýän görkezijileriň biri hem lomaý söwdadyr. Lomaý söwda dolanyşygy harytlaryň köpçülikleýin ýerlenilmegine düşünilýär. Ýöne lomaý söwda bilen lomaý söwda dolanyşygy garyşdyrmaly däl. Lomaý söwda ýöriteleşen häsiýete eýedir. Ýagny, ol kesgitli harytlaryň ýerlenilmegine aýdylýar. Munuň özi önümçiligiň we söwda şereketiniň ýöriteleşmeginden gelip çykýar. Lomaý haryt dolanyşyk has giň mana eýe bolup, ol özüne lomaý söwdanyň dirli görnüşlerini alyp barýan şereketleri özüne birleşdirýär (22-nji tablisa).

*22-nji tablisa*

**Lomaý söwda degişli harytlaryň ahyrky peýdalanyşy boýunça paýlanylyşy**




Getirilen tablisadan görnüşi ýaly lomaý söwda köpçülikleýin satyn alnan harytlar bolup, ol gaýtadan satylmaga ýa-da köpçülikleýin sarp edilmäge niýetlenýär.

Söwdanyň hereketini şöhlelendirýän görkezijileriň biri bölek satuw haryt dolanyşygydyr. Bölek satuw haryt dolanyşykda haryt ahyrky alyja gowuşmak bilen öz hereketini bes edýär. Bölek satuw haryt dolanyşygynyň mazmunyna düşünmek üçin oňa iki jähtden

seretmek bolar. Birinjiden, bölek satuw haryt dolanyşygy söwda kompaniýalarynyň işiniň netijesini görkezýär. Bölek satuw söwda kärhananyň öndüren harytlarynyň harajatlaryny, düşewüntliligini, zähmet öndürijiliginiň derejesini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Bu bolsa öz gezeginde kärhananyň söwda-ykdysady ýagdaýyny açyp görkezýär. Ikinjiden, bölek satuw söwdasy ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna täsir edýär. Ilatyň dürli harytlar bilen üpjünçiligi, onuň hili, hödürlenilýän harytlaryň islegini kanagatlandyrmagy gös-göni ilatyň durmuş-ykdysady ýagdaýyna täsir edýär. Ýurtda bölek satuw söwdanyň görkezijisi barha ösýän bolsa, onda ilatyň sarp edijiliginiň ösýändigini görkezýär.

Şol bir wagtyň özünde bölek satuw söwdanyň üsti bilen birnäçe durmuş-ykdysady görkezijileri kesgitläp bolýar. Mysal üçin, hümmetsizlenme, esasan, bölek satuw söwdanyň üsti bilen kesgitlenilýär. Şeýle hem bahalaryň hereketi, ilatyň girdejileri gös-göni bölek satuw söwdanyň üsti arkaly kesgitlenilýär.

Bölek satuw haryt dolanyşygy çylşyrymly, köptaraply görkezijidir. Ol birinjiden, köpçülikleýin haryt massasynyň haryt dolanyşyk sferasyndan çykyp şahsy sarp edijä gowuşýandygyny häsiýetlendirýär. Şahsy sarp edijä gowuşmagy harydyň hereketiniň ahyrky nokadyna ýetendigini aňladýar. Şu pursat bolsa harydyň önümçilik we dolanyşykdaky harajatlarynyň hemmesiniň pul görnüşinde yzyna gaýdyp gelýändigini görkezýär. Ýagny harydyň ahyrky alyja satylan bahasy hemme harajatlary we söwda guramasynyň goýan gymmatyny hem öz içine alýar.

Ikinjiden, harydyň pula çalşylmagy bilen emele gelýän serişdeler önümçilikde zähmet çekýänleriň aýlyk haklaryny, amortizasion tölegleri, býujet we beýleki jemgyýetçilik guramalar bilen hasaplaşmaga mümkinçilik berýär. Söwdadan gelýän pullar pensiýalary, talyp haklary we ilata berilýän beýleki ýeňillikleri hasaplaşmakda esasy çeşme bolup çykyş edýär.

Durmuş-medeni häsiýetli edaradyr guramalar bolan şypahanalar, çagalar dynç alyş merkezlerine, şypahanalara berilýän jemgyýetçilik iýmiti we beýleki harytlar hem bölek satuw haryt dolanyşyga degişli

hasap edilýär. Sebäbi bu harytlary satyn almak üçin emele gelýän jemgyýetçilik serişdeleri ilatyň girdejileriniň hasabyna gazanylýar.

Dürli görnüşli kärhanalardyr guramalarda häli-şindi belli-belli harytlara mätäçlik çekilýär. Bu harytlara iş kagyzlary, hasaplaýyş, ownuk abatlaýyş işlerine degişli harytlar girýär. Bu görnüşli harytlar kärhanalardyr edaralarda gündelik ulanylýan harytlardyr. Olary bölek satuw bahadan gündelik alyp durmak maksadalaýyk däldir. Şonuň üçin olaryň uly bolmadyk möçberini bir gezekde satyn almak amatlydyr. Bu zeýilli harytlar, öz alamaty boýunça bölek satuw söwda degişli edilmeýär, lomaý söwda goşmagam maksadalaýyk däl. Ýöne, alamaty boýunça bu söwda lomaý söwda degişli. Şonuň üçin söwdanyň bu görnüşine ownuk lomaý söwda diýilýär. Bu söwda ýurduň haryt dolanyşygynda ähmiýetli orun degişli däldir. Şeýle hem döwlete degişli sektoryň pudagyna garamazdan ownuk lomaý söwda ýörite düzgünnama esasynda berk çäklendirilýär. Ýagny, ownuk lomaý söwdanyň belli bir wagt aralygyndaky (mysal üçin, alty aýlyk, bir ýyllyk) pul görnüşindäki çykdajylaryny belli bir möçberden geçmegine ýol berilmeýär.

Şeýle hem dürli metbugat serişdeleri bolan gazet-žurnallary satyn almak ýa-da olara öňünden ýazylmak hem bölek satuw söwda degişli hasap edilýär. Gazet-žurnala öňünden ýazylmak (mysal üçin, alty aýlyk, bir ýyllyk) belli bir kynçylygy döredýär. Sebäbi puluň tölenen wagty bilen gazet-žurnalyň berlen wagty gabat gelmeýär. Şonuň üçin gazetdir žurnal öz abunaçylaryna gowşurylan ýagdaýynda bölek satuw haryt dolanyşyga degişli diýip hasap edilýär.

Şol bir wagtyň özünde zat we pul görnüşinde utuşly lotareýa oýunlary hem bölek satuw haryt dolanyşyga degişli diýip hasap edilýär.

## 7.2. Harytlaryň toparlandyrylyşy

Haryt dolanyşyk köp sanly aluw-satuw işlerinden ybaratdyr. Aluw-satuw işlerine gatnaşýan alyjylar we satyjylar haryt dolanyşygynyň dürli stadiýalarynda çykyş edip, üznüksiz önümçiligiň here-

ketini üpjün edýärler. Aluw-satuw işlerini has aýdyňlaşdyrmak üçin olary ykdysady taýdan klassifikasiýalaşdyrmak maksadalaýykdyr. Şu nukdaýnazardan satyjyny alamatlary boýunça iki topara bölmek bolar. Birinjisi, öz öndüren harytlaryny satýan kärhana. Oňa haryt öndüriji diýilýär. Ikinjisi, satyn alnan harytlary gaýtadan satýan gurama. Oňa söwda guramasy (edara, kompaniýa, şereket, firma) diýilýär. Haçanda haryt öndüriji tarapyndan ilkinji gezek satylanda, haryt dolanyşyk hereketi başlanýar. Ýagny, haryt önümçilikden çykyp, haryt dolanyşyk sferasyna düşýär.

Eger-de öndüriji tarapyndan ilkinji gezek satylan harytlaryň ýyl boýunça jemini hasaplasak, onda örän bir wajyp görkezijini, ýagny haryt dolanyşygyna girizilen haryt massasynyň göwrümini kesgitläp bileris. Bu görkeziji başgaça dolanyşyga girizilen haryt massasy diýilýär.

Ikinji topara degişli bolan söwda guramalarynyň alyp barýan işi haryt dolanyşygynyň indiki hereketine degişlidir. Bu guramalaryň satan harytlarynyň jemi gymmaty söwda-aralykçylaryň haryt dolanyşygy atly görkezijini emele getirýär.

Dolanyşyga girizilen haryt massasy we söwda aralykçylarynyň haryt dolanyşygynyň jemi ýurt boýunça haryt dolanyşygynyň jemini emele getirýär. Diýmek, jemi haryt dolanyşygy ähli satylan harytlaryň jemidir.

Şol bir wagtyň özünde jemi haryt dolanyşygyny başga bir alamat ýagny, alyjynyň üznüksiz önümçilikdäki ähmiýeti boýunça iki topara bölüp öwrenip bolar. Birinji toparda alyjy harydy gös-göni sarp ediji bolup çykyş edýär. Ikinji toparda alyjy bolup söwda guramasy çykyş edýär. Birinji ýagdaýda alyjy harydy alandan soň haryt dolanyşyk sferasyndan çykýar. Bu haryt dolanyşygynyň ahyrky nokady bolup, ol bölek satuw haryt dolanyşygyny emele getirýär. Bölek satuw haryt dolanyşygy ilata satylan harytlaryň jemine düşünilýär. Bu görkeziji belli bir wagtda dolanyşykda bolup, ilat tarapyndan satyn alnan harytlaryň jemi massasyny häsiýetlendirýär. Ikinji ýagdaýda alyjy bolup çykyş edýän söwda guramalarynyň satyn alan harytlary lomaý haryt dolanyşygyny emele getirýär. Söwda guramalarynyň satyn alan

harytlary entek haryt dolanyşykdan çykmadyk, gaýtadan satylmaga niýetlenen harytlardyr.

Lomaý we bölek satuw haryt dolanyşygyň möçberi jemi haryt dolanyşygyny emele getirýär. Lomaý we bölek satuw haryt dolanyşygyny amalyň göwrümi we baha taýdan tapawutlandyrmak mümkin. Lomaý söwda iri, bölek satuw ownuk söwdany öz içine alýar. Şol bir wagtyň özünde lomaý söwdada harydyň bir birliginiň bahasy pesräk, bölek satuw söwdada bolsa ýokary bolýar.

Ýokardaky aýdylanlary gysgaça aşakdaky görkeziji arkaly häsiýetlendirmek bolar.

1. Jemi haryt dolanyşygy – ähli satylan harytlaryň jemi gymmaty (Gysgaça JHD);

2. Haryt dolanyşyga girizilen harytlaryň massasy – birinji gezek satylan harytlaryň jemi gymmaty (HDGHM);

3. Söwda aralykçylarynyň haryt dolanyşygy-gaýtadan satmaga niýetlenen harytlaryň jemi gymmaty (SAHD);

4. Bölek satuw haryt dolanyşygy-ilata satylan harytlaryň gymmaty (BSHD);

5. Lomaý haryt dolanyşygy-söwda guramalarynyň gaýtadan satmaga niýetlenen harytlarynyň gymmaty (LHD).

Haryt dolanyşykda haryt ahyrky alyja gowuşýança birnäçe söwda guramalarynyň üstünden aýlanyp biler. Her söwda guramasynyň haryt dolanyşygyny hasaplasak, onda jemi haryt dolanyşygyň möçberi birnäçe esse ulalar. Şonuň üçin hem ýurt boýunça jemi haryt dolanyşygyň anyk möçberini kesgitlemek üçin diňe iki görkeziji ulanylýar. Birinji, haryt öndürijiniň gös-göni ilata satan harytlarynyň we ikinji söwda guramalaryna birinji gezek satylan harytlarynyň jemi. Şu iki görkeziji ýurt boýunça jemi haryt dolanyşygynyň anyk möçberini görkezýär.

Söwdada alyjy we satyjy dürli alamatlar boýunça tapawutlandyrylýar. Emma olar üznüksiz önümçilik prosesiniň hereket etmegi üçin biri-biri bilen baglanyşyklydyr. Bu baglanyşyk dört görnüşde bolup geçýär we haryt dolanyşygynyň ykdysady klassifikasiýasyny emele getirýär. Haryt dolanyşygynyň ykdysady klassifikasiýasyny aşakdaky tablisa arkaly beýan etmek bolar (23-nji tablisa).

*23-nji tablisa*

**Haryt dolanyşygynyň ykdysady klassifikasiýasy**




Baglanyşygyň birinji görnüşde öndüriji harydy gönüden-göni ilata satýar. Ikinji görnüşde öndüriji harydy söwda guramasyna satýar. Üçünji görnüşde söwda guramasy harydy beýleki bir söwda guramasyna satýar we dördünji görnüşde söwda guramasy harydy ahyrky alyjy bolan ilata satýar.

Bu dört görnüş haryt dolanyşygynyň dürli görnüşlerini emele getirýär. Ýagny, birinji we ikinji görňüşiň jemi-dolanyşyga girizilen haryt massasyny, üçünjiniň we dördünjiniň jemi söwda aralykçylarynyň haryt dolanyşygyny, birinjiniň we dördünjiniň jemi bölek haryt dolanyşygyny, ikinji we dördünji görnüş lomaý haryt dolanyşygyny emele getirýär.

## 7.3. Jemgyýetçilik iýmiti we onuň ähmiýeti

Ýurduň haryt dolanyşygynda jemgyýetçilik iýmiti möhüm orny eýeleýär. Jemgyýetçilik iýmiti halk hojalygynyň bir pudagy bolmak bilen ol azyk önümlerini taýýarlamak we ilatyň iýmite bolan islegini kanagatlandyrmaga ýöriteleşendir. Jemgyýetçilik iýmiti köpçülikleýin zähmetiň netijesi bolup, ol dürli görnüşli kärhanalary, ýagny naharhanalary, kafeleri, restoranlary, garbanyşhanalary özüne birleşdirýär. Jemgyýetçilik iýmiti jemgyýetçilik zähmet bölünişiginiň bir görnüşi bolup, öý hojalygynda

taýýarlanylýan iýmitiň we bölek söwdanyň wezipesini ýerine ýetirýär.

Jemgyýetçilik iýmiti öý şertlerinde taýýarlanýan iýmiti tutuşlygyna çalyşmagyny wezipe edip goýmaýar. Ýöne, ol zähmeti we wagty köp talap edýän öý iýmitlerini we dürli görnüşli iýmitleri öndürip, öýde taýýarlanylýan, iýmitleriň üstüni ýetirmegi maksat edinýär. Jemgyýetçilik iýmitini ýokary derejede guramak ilatyň sarp edýän azyk harytlary bilen üpjün etmekde ykdysadyýetiň köptaraply ösüş gazanmagynda möhüm durmuş-ykdysady ähmiýete eýe bolup durýar. Birinjiden, jemgyýetçilik iýmiti zähmetkeşleriň erkin wagtyny tygşytlaýar, olary azyk önümleriniň bölek söwdasyndan we köp wagty talap edýän öýde taýýarlanýan iýmitden halas edýär. Ol aýratyn hem zenan maşgalalaryň agyr öý hysyrdylaryny ýeňilleşdirýär. Olaryň esasy wagtlaryny nahar taýýarlamaga däl-de, zähmet we jemgyýetçilik işlerine, çaga terbiýesine gönükdirmäge mümkinçilik berýär. Käbir maglumatlara görä azyk önümlerini satyn almak we nahar taýýarlamak işleri maşgalanyň boş wagtynyň 40 göterimini alýar. Öý şertlerinde taýyarlanan nahar jemgyýetçilik ýerlerinde taýýarlanan nahardan zähmeti bäş-alty esse köp talap edýär. Şol bir wagtyň özünde senagat şertlerinde taýýarlanýan polufabrikatlar (mysal üçin makaron, tort) hem ilatyň işini ýeňilleşdirýär we ykdysadyýetiň senagatlaşmagynda hem möhüm orny eýeleýär.

Ikinjiden, dürli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda, orta, ýokary okuw jaýlarynda jemgyýetçilik iýmitiniň kadaly ýagdaýda guralmagy zähmetiň netijeliligini ýokarlandyrmaga, okuwyň hilini gowulandyrmaga, okaýanlaryň we işleýänleriň saglygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Häzirki günde günbataryň ösen ýurtlarynyň tejribesinden belli bolşy ýaly önümçilikde we beýleki pudaklarda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda gös-göni täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem jemgyýetçilik iýmitiniň kadaly derejede guralmagy çykyş edýär.

Üçünjiden, jemgyýetçilik iýmiti ilatyň saglyk ýagdaýyny ýokarlandyrmakda, iýmitlenmegiň medeniýetini ösdürmekde, iýmitlen-

megiň ylmy ýörelgelerine esaslanmakda we olary köpçülikleýin wagyz etmekde esasy serişde bolup çykyş edýär. Hut şuňa laýyklykda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen neşir edilen «Türkmen tagamlary» atly kitabyň ýurdumyzda iýmitlenmegi ylmy esasda guramakda möhüm gollanma bolup çykyş edýär. Şeýle hem dürli jemgyýetçilik iýmitine degişli kärhanalarda her hepdäniň belli günleri balyk öňumlerinden dürli iýmitleriň taýýarlanylmagy, bu ýagdaýyň yzygider ýagdaýa eýe bolmagy, halkymyzy ylmy esaslara laýyklykda iýmitlenmegini gazanmakda amala aşyrylýan işlere mysaldyr.

Dördünjiden bolsa, ilatyň restoranlaryň we kafeleriň hyzmatyndan peýdalanmagy, adamlaryň işden soň ýa-da boş wagtlaryny medeniýetli dynç almaklarynda esasy ugurlaryň biri hasaplanýar.

Jemgyýetçilik iýmitiniň haryt dolanyşygy üç bölege bölünip öwrenilýär. Ilata edilýän gös-göni hyzmat bölek satuw haryt dolanyşygyna degişlidir. Guramalaryň-edaralaryň işgärleriniň iýmitlendirilmegi guralan bolsa, ownuk lomaý haryt dolanyşygydyr. Dürli kärhanalara azyk harytlarynyň satylmagy lomaý haryt dolanyşyga degişlidir.

Jemgyýetçilik iýmitiniň haryt dolanyşygynyň esasy aýratynlygy önümçilik bilen ýerleşdirmegiň berk baglanyşygydyr. Ýagny, taýýarlanan iýmitiň duran ýerinde ýerleşdirilmegidir. Has takygy öndürilen önüm bilen onuň satylan wagty gabat gelýär.

Jemgyýetçilik iýmitiniň esasy önümi bolup iýmit çykyş edýär. Ol azyk çig mallaryny we gaýtadan işlemäge mätäç bolan azyk harytlaryny özüne birleşdirýär.

Umuman alanymyzda, jemgyýetçilik iýmiti ilatyň wagtyny we harajatlaryny tygşytlamakda, adamlaryň öý hysyrdysyny ýeňilleşdirmekde, çaga terbiýesine bolan ünsi güýçlendirmekde, zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmakda, okuwyň hilini, ilatyň durmuş-medeni ýagdaýyny ýokarlandyrmakda, jemgyýetçilik zähmet bölünişigini has çuňlaşdyrmakda we başga-da birnäçe durmuş-ykdysady ähmiýete eýe bolup duran möhüm pudakdyr.

Ýurdumyzda beýleki pudaklar bilen bir hatarda jemgyýetçilik iýmiti hem ýokary ösüş depginlere eýe bolýar. Jemgyýetçilik iýmite degişli kärhanalaryň sany barha ýokarlanýar. Şeýle kärhanalaryň sanynyň ösmegi, olardan peýdalanýanlaryň sanynyň barha ösýändigini görkezýär. Jemgyýetçilik iýmitinden peýdalanýanlaryň sanynyň ýokarlanmagy ilkinji nobatda halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýynyň barha ösýändigini, has anygy halkymyzyň sarp edijilik gurbatynyň barha ýokarlanýandygyny görkezýär. Ýokary sarp edijilikli jemgyýeti döretmek bolsa hormatly Prezidentimiziň baş aladalarynyň biri bolup durýar.

## 7.4. Türkmenistanyň içerki söwdasynyň ösüşi

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň söwda gatnaşyklary okgunly ösüşe eýe bolýar. Söwda gatnaşyklaryň çalt depginler bilen ösmegi ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda ornaşdyrylyp başlanan kämil özgertmeler bilen baglanyşyklydyr. Söwda gatnaşyklarymyzyň ösmegi ilkinji nobatda milli ykdysadyýetimiziň maddy önümçilik sferasynyň çalt depgin bilen ösýändigini alamatlandyrýar. Çünki ykdysady ösüş ilkinji nobatda maddy sfera daýanýar. Maddy sferanyň ýokary derejede ösmegi bilen ykdysadyýetiň maddy däl sferasynyň hem ösmegine alyp barýar. Şu nukdaýnazardan durmuşa ornaşdyrylýan özgertmeler ýurduň haryt dolanyşygyny emele getirýän maddy harytlaryň söwdasynyň barha ösmegine itergi berýär. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagynda bu özgertmeleriň ýurdumyzda söwda gatnaşyklaryny ösdürmekdäki ähmiýetini aşakdaky getirilen Türkmenistanyň statistiki ýyllyk neşiriniň 2009-njy ýyldaky maglumatlarynyň esasynda garap geçeliň. (24-nji tablisa).

11. Sargyt № 3158

*24-nji tablisa*

**Söwdanyň ösüşiniň esasy görkezijileri**

| | **2000** | **2007** | **2008** | **2009** | **2011** |
|---|---|---|---|---|---|
| Bölek satuw haryt dolanyşygynyň hereket edýän nyrhlardaky umumy möçberi, mln. man | 1865 | 13302 | 16639 | 19287 | 25909 |
| şol sanda: | | | | | |
| Söwda kärhanalary we guramalary | 666 | 1078 | 1814 | 2431 | 1960 |
| Telekeçiler we resmi däl düzgünde işleýänler | 1199 | 12224 | 14825 | 16856 | 16856 |
| Bölek söwdadaky we iýmit taýýarlaýan kärhanalardaky haryt gorlary (ýylyň ahyryna) mln. manat | 94 | 106 | 144 | 192 | 192 |
| Bölek satuw söwda kärhanalarynyň sany (ýylyň ahyryna) | 1378 | 1321 | 1359 | 3541 | 3541 |
| Iýmit kärhanalarynyň sany (ýylyň ahyryna) | 267 | 222 | 1373 | 1328 | 1328 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Getirilen tablisadan belli bolşy ýaly deňeşdirilýän döwürlerde iýmit kärhanalarynyň sany barha azalýar. Munuň sebäbini iýmit kärhanalaryna bildirilýän talabyň barha ýokarlanýandygy bilen düşündirmek bolar. Ýöne, iýmit kärhanalarynyň sanynyň azalmagy, olaryň söwda işiniň pese düşýändigini aňlatmaýar. Altynjy setirdäki maglumatlar bölek söwdadaky we iýmit taýýarlaýan kärhanalardaky haryt gorlarynyň deňeşdirilýän döwür içinde ösüşe eýe bolandygyny görkezýär. Deňeşdirilýän döwür içinde iýmit kärhanalaryň sanynyň azalmagy olaryň söwdasynyň pese düşendigini aňlatman, beýleki hereket edýän kärhanalaryň söwda işiniň has kämilleşendigini we söwdanyň möçberiniň has artandygyny görkezýär.

Bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi ugurlar boýunça seljerilende hem uly ösüşe eýe bolandygyny görmek bolýar. Onuň üçin aşakda getirilen tablisany seljereliň (25-nji tablisa).

*25-nji tablisa*

**Bölek satuw haryt dolanyşygynyň ýerleşdiriş ugurlary boýunça bölünişi**

| | 2000 | | 2008 | | 2011 | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | mln manat | jemine görä göterimde | mln. manat | jemine görä göterimde | mln. manat | jemine görä göterimde |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi | 1865 | 100 | 16639 | 100 | 25909 | 100 |
| şol sanda: | | | | | | |
| söwda kärhanalary we guramalary | 666 | 36 | 1814 | 11 | 3073 | 11,9 |
| şolardan: | | | | | | |
| ministrlikler we pudak edaralary | 375 | 20 | 1337 | 8 | 1918 | 100 |
| döwlet bölegine degişli bolmadyk kiçi kärhanalar | 192 | 10 | 413 | 3 | 992 | 3,9 |
| bilelikdäki we daşary ýurt eýeçiligindäki kärhanalar | 99 | 6 | 64 | 0 | 163 | 0,6 |
| telekeçiler | 492 | 26 | 6078 | 36 | 10805 | 41,7 |
| şol sanda: | | | | | | |
| bazarlarda söwda edýänler | 256 | 14 | 3161 | 19 | 5371 | 20,7 |
| bazarlardan daşynda söwda edýänler | 236 | 12 | 2917 | 17 | 5434 | 21,0 |
| resmi däl düzgünde işleýänler | 707 | 38 | 8747 | 53 | 12031 | 46,4 |

*25-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| şol sanda | | | | | | |
| bazarlarda söwda edýänler | 361 | 19 | 4461 | 27 | 6246 | 24,1 |
| bazarlardan daşynda söwda edýänler | 346 | 19 | 4286 | 26 | 5785 | 22,3 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Getirilen tablisadan görnüşi ýaly 2000-njy ýylda bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi 1865 mln. manada deň bolan bolsa, 2008-nji ýylda bu görkeziji 16639 mln. manada, 2011-nji ýylda 25909 mln. manada barabar bolupdyr. Şol bir wagtyň özünde söwda kärhanalary we guramalarynyň, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, döwlete degişli bolmadyk kiçi kärhanalaryň we telekeçileriň ösüşinde üzül-kesil tapawut bolup geçipdir.

Ýurdumyzyň dürli sebitlerinde we paýtagtymyz Aşgabatda bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi deň däldir. Bu tapawutlara göz ýetirmek üçin aşakdaky tablisalary seljereliň (26-njy tablisa).

*26-njy tablisa*

**2008-nji ýylda çäkler boýunça bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberi, million manat**

| Çäkler | Hemmesi | Söwda kärhanalary we guramalary | Telekeçiler we resmi däl düzgünde işleýänler |
|---|---|---|---|
| Türkmenistan | 19287 | 2431 | 16856 |
| Aşgabat şäheri | 9753 | 1270 | 8483 |
| Ahal welaýaty | 2015 | 156 | 1859 |
| Balkan welaýaty | 1257 | 184 | 1073 |
| Daşoguz welaýaty | 1697 | 216 | 1481 |
| Lebap welaýaty | 2115 | 302 | 1813 |
| Mary welaýaty | 2450 | 303 | 2147 |

(Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000–2009ý)

Bölek satuw haryt dolanyşygynyň çäkler boýunça paýlanyşyna seljerme berlende welaýatlar bilen paýtagtymyzyň arasyndaky üzül-kesil tapawuda göz ýetirip bolýar. Ýurt boýunça ähli bölek satuw haryt dolanyşygyň ýarysyna golaýy Aşgabat şäheriniň paýyna düşýär. Şol bir wagtyň özünde welaýatlar boýunça hem bölek satuw dolanyşygynyň möçberi deň däldir. Munuň sebäbi bolup ilkinji nobatda welaýatlarda ýaşaýan ilatyň sany bilen düşündirmek bolar. Mysal üçin, Balkan welaýatynyň paýyna bölek satuw söwdanyň ýurdumyz boýunça iň pes paýy degişli. Çünki, Balkan welaýaty adam sany boýunça beýleki welaýatlaryň içinde iň azydyr.

Umuman, soňky ýyllarda bölek satuw haryt dolanyşygynyň deňeçerligini gazanmakda uly işler amala aşyrylýar. Bölek satuw söwdanyň deňeçerliginiň gazanylmagy welaýatlarda pul dolanyşygyny has çaltlandyrmaga, ýerli býujetleriň has kämilleşmegine, welaýatlarda ýaşaýanlaryň durmuş-medeni ýagdaýyny has ýokarlandyrmaga mümkinçilik berer.

Aşakda getirilen tablisa ýurdumyzyň bölek satuw haryt dolanyşygynyň düzümini kesgitlemäge mümkinçilik berýär (27-nji tablisa).

*27-nji tablisa*

**Bölek satuw haryt dolanyşygynyň düzümi (bölek satuw haryt dolanyşygynyň umumy möçberine görä, göterimde)**

| Harytlaryň ady | 2000 | 2008 | 2008 | 2011 |
|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| Ähli harytlar | 100,0 | 100 | 100 | |
| Azyk harytlar-hemmesi: | 59,0 | 57 | 58,0 | 53,0 |
| şolardan: | | | | |
| Et we et önümleri | 12,1 | 9,6 | 11,5 | 10,6 |
| Balyk we balyk önümleri | 0,5 | 0,7 | 0,8 | 0,8 |
| Gök önüm, miwe we ir-iỳmiş konserwleri | 0,5 | 0,6 | 0,7 | 0,4 |

*27-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Mal ỳagy we beỳleki ỳaglar | 1,6 | 1,4 | 1,6 | 1,6 |
| Ösümlik ỳagy | 3,3 | 2,7 | 2,4 | 2,3 |
| Süỳt we süỳt önümleri | 2,3 | 2,1 | 2,1 | 2,1 |
| Syrlar we peỳnirler | 0,4 | 0,3 | 0,3 | 0,4 |
| Ýumurtga | 1,4 | 0,9 | 0,7 | 0,8 |
| Şeker | 2,7 | 1,4 | 1,2 | 1,2 |
| Süỳji-köke önümleri | 2,7 | 2,2 | 2,4 | 2,3 |
| Çaỳ | 0,7 | 0,8 | 0,8 | 0,7 |
| Çörek we beỳleki galla önümleri | 3,0 | 2,1 | 2,1 | 1,8 |
| Un | 4,6 | 3,4 | 3,2 | 2,8 |
| Ýarma we kösükliler | 2,6 | 3,4 | 3,4 | 2,7 |
| Aş önümleri | 0,9 | 1,0 | 1,0 | 1,0 |
| Kartoşka | 2,8 | 3,6 | 3,6 | 3,6 |
| Gök önümler | 3,8 | 5,0 | 4,7 | 4,3 |
| Miweler, ir-iỳmişler we bakja | 2,6 | 2,2 | 2,1 | 1,9 |
| Azyk däl harytlar-hemmesi | 41,0 | 43,0 | 42,0 | 47,0 |
| şolardan: | | | | |
| Matalar we ỳaglyklar | 2,1 | 2,3 | 2,2 | 2,3 |
| Geỳimler we içki eşikler, düşek daşlary | 4,5 | 6,0 | 5,7 | 5,9 |
| Örülen önümler | 0,9 | 1,3 | 1,0 | 0,8 |
| Jorap önümleri | 0,8 | 0,4 | 0,4 | 0,2 |
| Aỳakgap | 2,7 | 3,4 | 3,3 | 3,2 |
| Sabyn | 0,6 | 0,5 | 0,5 | 0,4 |
| Ýuwujy sintetiki serişdeler | 1,2 | 0,8 | 0,9 | 0,8 |
| Gözellik harytlary | 0,9 | 0,8 | 0,8 | 0,5 |
| Galantereỳa we sapaklar | 0,7 | 0,6 | 0,6 | 0,5 |

*27-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Temmäki önümleri | 0,7 | 0,2 | 0,2 | 0,2 |
| Mebel | 1,2 | 2,2 | 2,1 | 1,7 |
| Haly we haly önümleri | 0,8 | 1,4 | 1,2 | 1,4 |
| Gap-gaçlar | 0,1 | 0,5 | 0,5 | 0,5 |
| Çap önümleri | 0,2 | 0,8 | 0,8 | 0,8 |
| Teleradio harytlary | 1,5 | 1,3 | 1,3 | 1,0 |
| Altyn-kümüş zergärlik önümleri | 0,7 | 1,2 | 1,2 | 1,2 |
| Elektrik harytlary | 1,1 | 1,0 | 1,1 | 1,0 |
| Gurluşyk harytlary | 3,8 | 2,2 | 2,5 | 2,7 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Tablisadan belli bolşy ỳaly 2011-njy ỳyl boỳunça ỳurdumyzyň bölek satuw haryt dolanyşygynyň agramly bölegini, has takygy 53 göterimini azyk önümlerinden ybarat bolupdyr. Galan 47 göterimi azyk däl harytlaryň paỳyna düşỳär.

Bölek satuw haryt dolanyşygynyň düzümi seljerilende onuň agramly böleginiň azyk harytlarynyň tutmagy milli ykdysadyýetimiziň ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny gazanmakda uly sepgitlere ýetendigini görmek bolýar. Häzirki günde ýurdumyzda sarp edilýän azyk önümleriniň 97 göterime barabarynyň ýerli azyk önümlerdigini bellesek, onda ýurdumyzyň bölek satuw haryt dolanyşykdaky harytlaryň agramly böleginiň ýerli harytlardygyna göz ýetirip bolýar. Dünýäniň ösen döwletlerinde-de bölek satuw haryt dolanyşygynyň 97 göteriminiň ýerli harytlar tutýan ýurdy örän azdyr. Bu görkeziji ýokary derejede ösen ykdysadyýetlere mahsusdyr. Munuň özi milli ykdysadyýetimiziň çig mal öndüriji ykdysadyýetliginden taýyn harytlary öndürýän ykdysadyýete öwrülendigini tassyklaýar. Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyrmakda alyp barýan syýasatynyň düýp özeni hem hut şundan ybaratdyr.

## 8-nji bap
# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETINIŇ DURMUŞ PUDAKLARY

## 8.1. Durmuş pudaklaryň düzümi we ähmiýeti

Durmuş ulgam düzüm taýdan çylşyrymly bölekdir. Ol milli ykdysadyýetiň öz wezipesi ýerine ýetirmegi üçin zerur bolan ilatyň ýaşaýyş işi üçin şertleri döredýän pudaklaryň toparyny öz içine alýar. Durmuş ulgamyň hyzmatlarynyň uly bölegi bir derejede jemgyýetçilik nygmatlary hökmünde toparlaşdyrylýar hem-de hyzmatlar sap jemgyýetçilik nygmatlaryna ýakyn boldugyça, olaryň ösdürilmeginde döwlet uly rol oýnaýar. Hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «Biziň ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş syýasaty döwlet işiniň baş ugry bolmagynda galýar, onuň esasy maksady her bir raýatymyzyň mynasyp, hil taýdan ýokary ýaşaýşyny üpjün etmekden ybaratdyr» diýip belleýär.

Döwlet Türkmenistanyň Konstitusiýasynda we beýleki kanunçylyk namalarynda sanalyp geçilýän jemgyýetçilik nygmatlarynyň belli bir toplumyny ähli raýatlar üçin elýeterli etmek borjuny öz üstüne alýar, olaryň bir bölegi ähli ilata ýa-da raýatlaryň ýeňillik degişli toparlaryna mugt berilýär.

Durmuş pudaklara şu aşakdakylar degişlidir:

1. Saglygy goraýyş;
1. Ylym we bilim;
2. Medeniýet we sungat;
3. Sport we syýahatçylyk;
4. Durmuş üpjünçiligi we hyzmatlary döredýän beýleki pudaklar degişlidir.

Türkmenistanda durmuş pudaklaryň ähmiýeti uludyr. Ykdysadyýetiň ösüşi köp babatda durmuş pudaklaryň ösüşi bilen baglanyşyklylykda bolýar. Häzirki zaman önümçilik derejesini önümçilik däl ugry ösdürmezden göz öňüne getirmek mümkin däl. Ykdysady-

ýetiň döwletdäki orny hökmany suratda halkyň hal-ýagdaýy, saglygy goraýşy ösdürmek, ýaş nesilleriň terbiýesi ýaly möhüm ugurlar bilen utgaşyp gidýär.

Durmuş syýasatyň maksady ilatyň hal-ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagy, ýaşaýşyň ýokary derejesini we hiliniň üpjün edilmegi bolup durýar. Olar şu görkezijiler bilen häsiýetlendirilýär: ýaşaýşyň maddy çeşmesi bolan girdejiler, iş bilen meşgullyk, saglyk, ýaşaýyş jaýy, bilim, medeniýet, ekologiýa.

Saglygy goraýyş, bedenterbiýe we sport ozaly bilen iňňän möhüm durmuş wezipeleri ýerine ýetirýärler, şonuň bilen birlikde hem olar adamlaryň jemgyýetçilik peýdaly işe yzygiderli, dowamly, işjeň gatnaşmaklaryna, fiziki we döredijilik güýçleriniň dikeldilmegine we pugtalandyrylmagyna ýardam edýärler, zähmet resurslarynyň üznüksiz önümçiligine gös-göni gatnaşýarlar, ýurduň zähmet kuwwatyny artdyrmaga ýardam edýärler.

Saglygy goramaklygyň bütin ulgamynyň önümçiligiň ykdysady netijeliligine edýän täsiriniň iş ýüzünde möçberini şu ulgamyň ösdürilmegi we kämilleşdirilmegi arkaly dolandyryp bolýan netijeleriň ýa-da ýitgileriň hasabyny ýöretmek bilen aňlatmak mümkindir.

Keselçilikden we ölümden çekilýän ýitgiler, ykdysadyýetde ýerine ýetirilmedik iş, adam-sagatlary, saglygy bejermek üçin harajatlar görnüşinde ýüze çykýar. Saglygyň pugtalandyrylmagy, bedenterbiýe işgärleriň zähmet öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagyna ýardam edýär. Saglygy goraýyş hyzmatlarynyň netijeliliginiň ýokarlanmagy netijesinde keselçiligiň kemelmegi we zähmet iş döwrüniň uzalmagy iş wagty gorunyň artmagyna we degişlilikde zähmet arkaly döredilýän jemi içerki önümiň köpelmegine getirýär.

Bedenterbiýe we sport, tebigaty goraýyş işi şolar ýaly ykdysady ugra gönükdirilendir. Gaýry möhüm wezipeler bilen bir hatarda, olar ilatyň döredijilik, fiziki güýçlerini dikeltmek we goldamak, saglygy saklamak we pugtalandyrmak üçin şertleri döredýärler.

Medeniýet, sungat edaralary möhüm terbiýeçilik wezipesini ýerine ýetirýärler. Diňe ýokary medeniýetli, işeňňir adam durmuş-ykdysady ilerlemäniň çaltlandyrylmagyna önjeýli goşant goşup biler.

Ylym we bilim ykdysady ösüşiň inňän möhüm şerti bolup durýar, çünki, olar dünýä derejesindäki innowasion hadysalara ýardam berýän adam kapitalynyň özboluşly hereketlendirijisine öwrülýär.

Bilim ulgamy mekdebe çenli terbiýe, orta mekdep bilimi, işgärleriň başlangyç hünärmenlik taýýarlygyndan başlap, tä ýokary ylmy kär edinmeklige çenli ulgamy ýaly basgançaklary öz içine alýar.

### 8.1.1. Saglygy goraýyş

Durmuş pudaklarynyň içinde saglygy goraýyş esasy orny eýeleýär. Ilatyň saglygyny goramak, olaryň işe ukyplylygyny ýokarlandyrmak saglygy goraýyş edaralarynyň, saglyk öýleriniň esasy wezipesi bolup durýar.

Saglygy goraýyşda işleýän lukmanlaryň umumy sanyna kesel bejeriş, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynda, durmuş üpjünçilik edaralarynda, ylmy-barlag institutlarynda, işgärleri taýýarlamak bilen meşgullanýan edaralarda, saglygy goraýyş edaralarynda we beýleki ýerlerde ýylyň ahyryna işleýän ýokary bilimli lukmanlaryň ählisi girýär.

Orta saglygy goraýyş bilimli işgärleriň umumy sanyna kesel bejeriş, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynda, durmuş üpjünçilik edaralarynda, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynda, mekdeplerde, çagalar öýlerinde we beýleki ýerlerde işleýän orta saglygy goraýyş bilimli işgärleriň ählisi girýär.

Gatnalyp bejergi alynýan bejeriş-saglyk edaralarynyň sanyna saglyk öýleri, saglygy goraýyş-keseli anyklaýyş merkezleri, AIDS-e garşy göreş we keseliň öňüni alyş boýunça merkezler we beýlekiler girýär (28-nji tablisa).

*28-nji tablisa*

**Saglygy goraýşyň esasy görkezijileri (ýylyň ahyrynda)**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Ähli hünärdäki lukmanlaryň sany – hemmesi, müň | 14,2 | 13,0 | 12,7 | 12,9 | 12,9 | 13,2 |

*28-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Maşgala lukmanlary, müň | 3,1 | 3,0 | 2,9 | 2,9 | 2,9 | 2,7 |
| Orta bilimli saglygy goraýyş işgärleriniň sany – hemmesi, müň | 38,1 | 22,5 | 22,2 | 22,4 | 22,8 | 23,2 |
| Maşgala şepagat uýalary, müň | 6,2 | 5,2 | 5,2 | 5,2 | 5,2 | 5,2 |
| Hassahana edaralarynyň sany, birlik | 114 | 146 | 123 | 124 | 125 | 124 |
| Hassahanada orunlaryň sany – hemmesi, müň | 24,4 | 23,1 | 23,0 | 22,8 | 22,9 | 22,9 |
| Şäher saglyk öýleriniň sany, birlik | 32 | 33 | 33 | 33 | 33 | 33 |
| Gatnalyp bejergi alynýan bejeriş-saglyk edaralarynyň kuwwatlylygy (bir tapgyrda kabul edip bilijiligi) – hemmesi, müň | 46,5 | 6,3 | 47,7 | 47,7 | 48,3 | 48,1 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Ýurdumyzda 2012-njy ýylyň 1-nji ýanwary ýagdaýynda ähli hünärdäki lukmanlaryň sany 13,2 müňe, maşgala lukmanlaryň sany 2,7 müňe, orta bilimli saglygy goraýyş işgärleriniň sany 23,2 müňe, maşgala şepagat uýalarynyň sany 5,2 müňe deň boldy. Şol döwüre hassahana edaralarynyň sany 124-e, hassahanadaky orunlaryň sany 22,9 müňe, şäher saglyk öýleriniň sany 33-e ýetipdi. Gatnalyp bejergi alynýan bejeriş-saglyk edaralarynyň bir tapgyrda kabul edip biliji kuwwatlylygy 48,1 müňe deň.

*29-njy tablisa*

**Esasy hünärler boýunça lukmanlaryň sany**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Hemmesi | | | | | | |
| Lukmanlaryň hemmesi | 13495 | 12104 | 12061 | 12176 | 12156 | 12422 |
| şolardan: | | | | | | |
| Maşgala lukmanlary | 3138 | 3004 | 2927 | 2937 | 2860 | 2735 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Iç keseller ugry boýunça lukmanlar | 1649 | 1422 | 1415 | 1426 | 1441 | 1482 |
| Hirurgiýa ugry boýunça lukmanlar | 1586 | 1463 | 1478 | 1475 | 1483 | 1521 |
| Akuşer-ginekologlar | 909 | 717 | 718 | 726 | 721 | 727 |
| Çaga lukmanlary | 402 | 315 | 310 | 305 | 316 | 313 |
| Göz lukmany | 197 | 159 | 164 | 166 | 164 | 177 |
| Gulak-burun, bokurdak lukmanlary | 144 | 123 | 112 | 114 | 126 | 142 |
| Beýni kesellerini bejerýän lukmanlar | 212 | 186 | 195 | 201 | 204 | 224 |
| Ruhy keselleri bejerýän lukmanlar | 139 | 155 | 155 | 151 | 140 | 146 |
| Inçekesel bejerýän lukmanlar | 236 | 238 | 235 | 239 | 241 | 243 |
| Deri we weneriki keselleri bejerýän lukmanlar | 174 | 114 | 114 | 113 | 121 | 140 |
| Bejeriş bedenterbiýesi we sport bilen meşgul-lanýanlara gözegçilik ediji lukmanlary | 30 | 17 | 20 | 16 | 15 | 18 |
| Ähli howply kesellere garşy arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy gö-reşmek toparlarynyň luk-manlary | 682 | 725 | 729 | 743 | 734 | 732 |
| Diş lukmanlary | 840 | 569 | 568 | 575 | 586 | 604 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Saglygy goraýyş ulgamy ykdysady nukdaýnazardan özünde lukmançylyk kömegini bermegiň barşyny jemleýär. Oňa derman üpjünçiligi, lukman gözegçiligi, geçirilýän kesel bejerişiň netijelerine

hökmany baha bermek bilen stasionar we ambulator kömekler hem girýär.

Saglygy goraýşyň guramaçylyk meseleleri durmuş ulgamyň öňünde durýan wezipeleriň möhüm bölegidir. Hususan-da, eneligi we çagalygy goramak, maýyplara, uruş weteranlaryna, pensionerlere lukmançylyk hyzmatlaryny ýeňillikli şertlerde bermek ýaly durmuş ähmiýetli meseleler kanunçylyk taýdan kepillendirilmedik halatynda saglygy goraýşyň sözüň doly manasynda hereket edýän sazlaşykly mehanizmini göz öňüne getirmek örän kyn. Şonuň üçin saglygy goraýşy ösdürmek syýasaty we oňa çemeleşmeler umumy durmuş syýasatynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär.

Saglygy goraýşy guramak örän çylşyrymly ylym bolmak bilen dürli nazary bilimleriň, täze tehnologiýalaryň we amaly lukmançylygyň aýratynlyklaryny öz içine alýar. Şol sebäpli ulgamy guramagyň dogry usulyny saýlap almak saglygy goraýşy dolandyrmaga we onuň işiniň kadaly bolmagyna, maddy-tehniki binýadynyň, kanunçylyk esaslarynyň berkden tutulmagyna uly täsir edýär.

Ilatyň saglygyny goramak babatda Türkmenistanyň syýasatynyň esasy ugurlarynyň konsepsiýasy 1995-nji ýylyň iýul aýynyň 21-de kabul edilen «Saglyk» Döwlet maksatnamasynda kesgitlenendir. Bu maksatnamada beýleki pudaklar bilen bir hatarda Türkmenistanda Saglygy goraýşy ösdürmeklik göz öňünde tutuldy. Bu resminamanyň çäklerinde «Raýatlaryň saglygyny goramak hakynda» hem-de «Melhemçilik we derman üpjünçiligi hakynda», «Iýmit önümleriniň hili we howpsuzlygy hakynda», «Adamyň immuno ýetmezçilik wirusy sebäpli döreýän keseliň öňüni almak hakynda», «Adatdan daşary ýagdaýlaryň öňüniň alynmagy we ýok edilmegi hakynda», «Çaganyň hukuklarynyň kepillikleri hakynda», «Neşe serişdeleri, psihotrop maddalar we olaryň bikanun dolanyşygyna garşy göreş çäreleri hakynda» Türkmenistanyň kanunlary, «Çilim çekmegi, nas atmagy gadagan etmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany, «Garaşsyz Türkmenistanyň saglyk gününi bellemek, geçirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany, «Duzy ýodlamak we uny demir bilen renclendirmek barada» Türkmenistanyň

Prezidentiniň Karary, «Türkmenistanda ilatyň saglygyny goramak babatda işiň aýry-aýry görnüşlerinde ygtyýarlandyrmagy kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary we saglygy goraýyş ulgamynyň gurluş düzümi kabul edildi. «Saglyk» Döwlet maksatnamasy ýurdumyzda saglygy goraýşy kämilleşdirmek babatda özgertmeleriň aýgytly tapgyryna geçmäge badalga berdi. Saglygy goraýyş ulgamynyň her bir derejesindäki edara-kärhanalaryň jogapkärçiligini takyk kesgitläp, ýokardan aşaklygyna we keseligine olaryň özara baglanyşygy boýunça täzeçe çemeleşmeleri aýdyňlaşdyrdy. Esasy gazanylan netije – ýurduň ilatynyň näsaglamak derejesiniň üzül-kesil peselmegidir. Munuň özi ýöne ýerden däl, sebäbi keselleriň öňüni almak, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň, bedenterbiýäniň we sportuň halkyň arasynda giň meşhurlyk gazanmagy syýasatyň bu ulgamda alyp barýan işleriniň baş ugurlarydyr. Maksatnama laýyklykda biriniň işlerini gaýtalaýan lukmançylyk edaralary ýatyryldy, wezipe birlikleri we orun sanlarynyň ulanyş möhletleri azaldyldy, şeýle hem gatyşyk maliýeleşdirme ulgamyna geçildi.

«Saglyk» döwlet maksatnamasynyň esasy komponentleriniň biri 1996-njy ýylda maşgala lukmançylygynyň girizilmegi, birinji lukmançylyk-sanitar kömeginiň kuwwatlandyrylmagy, halka berilýän lukmançylyk kömeginiň keselleriň öňüni alyş häsiýetiniň güýçlendirilmegi boldy. 1996-njy ýylda döwlet meýletin lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy ulgamy ornaşdyryldy. Meýletin lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy ulgamynyň ornaşdyrylmagy lukmançylyk kömeginiň hil derejesiniň täze sepgitlere beýgelmegine, ülke raýatlarynyň durmuş taýdan goralmagyny we her bir adamyň öz saglygy üçin jogapkärçiliginiň artmagyna sebäp boldy. Lukmançylyk ätiýaçlandyrmasyna geçilmegi ülke raýatlarynyň hut özleriniň saglygy goraýşyň maliýeleşdirilmegine ýer almaklaryny göz öňünde tutýardy. Halkyň durmuş taýdan goralmagynyň ýokarda agzalan çäresi birnäçe ýeňillikleriň berilmegini göz öňünde tutýar. Meselem, meýletin lukmançylyk ätiýaçlandyrmasynyň aýlyk gatanç tölegleriniň möçberi, raýatlaryň aýlyk zähmet haklarynyň, talyp haklarynyň, pensiýalaryň, kömek pullarynyň we girdejileriň, hemişelik girdejisi bolmadyk raýat-

lar üçin bolsa kesgitlenen esas mukdaryň 2%-ne deňdir. Lukmançylyk ätiýaçlandyrmasy, Türkmenistanyň ýaşaýjylaryna, şol sanda 16 ýaşyna ýetmedik çagalara we başgasynyň eklenjindäki adamlaryň derman serişdelerini (128 görnüşli) we lukmançylyk maksatly önümleriň öz bahasyndan 90% kemeldilen baha bilen satyn almagyna mümkinçilik döretdi. Olar tölegli lukmançylyk hyzmatlaryndan hem býujete bagly we hojalyk hasaplaşygyndaky bejeriş-öňüni alyş lukmançylyk merkezlerinde 50% peseldilen baha bilen peýdalanýarlar. Mundan daşary-da, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň şypahanalaryna ýylda bir gezek gitmekleri 50% peseldilen baha bilen teklip edilýär.

Raýatlaryň ätiýaçlandyrma gatanç tölegleri Türkmenistanyň saglygy goraýyş döwlet gaznasyna gelip gowuşýar. Bu gaznanyň hasabyna ätiýaçlandyrma derman hatlaryna laýyklykda öz bahasyndan 90% arzanlandyrylan baha bilen goýberilýän derman serişdeleri, lukmançylyk maksatly önümler, sanjymlar we imunno-öňüni alyş serişdeleri satyn alynýar, şeýle hem ätiýaçlandyrmasy bolan raýatlara arzanlandyrylan baha bilen berilýän hyzmatlaryň çykdajylarynyň öwezi dolunýar. Gaznanyň serişdeleri saglygy goraýyş we derman senagaty desgalarynyň gurluşygyna, durkunyň täzelenmegine we döwrebaplaşdyrylmagyna, maýa goýum taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi üçin alnan daşary ýurt karzlarynyň tölenmegine, uly möçberli ylmy-gözleg işleriniň maliýeleşdirilmegine, saglygy goraýyş we derman senagatynyň durmuş maksatnamalarynyň işlerini netijeli we ýokary hilli alyp barýan lukmançylyk kärhanalarynyň ykdysady taýdan höweslendirilmeginiň maliýeleşdirilmegine gönükdirilendir.

Adamlaryň saglygyny olaryň ömrüniň bütin dowamynda berkitmek we goramak, ynsanyň sagdyn ömrüniň dowamlylygyny artdyrmak hem-de ilatyň «saglyk potensialynyň (mümkinçiliginiň)» doly amala aşyrylmagyny gazanmak üçin zerur şertleri üpjün etmek Türkmenistanyň saglygy goraýyş ulgamyndaky alyp barýan syýasatynyň esasy maksatlary bolup durýar.

Pudakda täze ýörite awtoulaglaryň satyn alynmagy amala aşyrylýar. (5-nji diagramma)

*5-nji diagramma*

**Awtoulaglaryň satyn alynmagy**




«Tiz kömek» gullugy üçin «Ford-tranzit» awtoulaglarynyň 1994-nji ýylda 5 sanysy, 1995-nji ýylda 30 sanysy, 1997-nji ýylda 75 sanysy, 1998-nji ýylda hem 75 sanysy, «Mersedes-Bens» awtoulaglarynyň 2003-nji ýylda 50 sanysy, 2005-nji ýylda 50 sanysy, 2006-njy ýylda hem 50 sanysy, Russiýanyň Ulýanowsk awtomobil zawodynyň (UAZ) çykaran ýöriteleşdirilen ulaglarynyň 2008-nji ýylda 200 sanysy, 2009-njy ýylda bolsa 400 sanysy satyn alyndy.

Ýurduň ilatynyň arasynda bellige alnan keselleriň mukdary azalýar, arassaçylyk kadalarynyň berjaý edilişine gözegçilik güýçlenýär. Ene süýdi bilen emdirmek hem-de ganazlyga garşy milli maksatnamalar ýerine ýetirilýär, lukmançylyk edaralarynyň birnäçesi «Çaga bolan mähirli gatnaşykly hassahana» derejesine mynasyp boldy. Durmuşa geçirilýän immuno öňüni alyş maksatnamasynyň çäklerinde ilatyň hökmany mugt immunizasiýasy (sanjymy) alnyp barylýar, şonuň netijesinde ýurtda poliomiýelit (ysmaz) we drakunkulez kesselleriniň doly soňuna çykyldy. Malýariýa (gyzzyrma keseline) garşy göreşde üstünlikler gazanyldy, AIW-ýokanç keseliniň ýaýramagynyň öňüni almak babatda geçirilýän işler nusga alarlyklydyr. Türkmenistan GDA

döwletleriniň arasynda ilkinji we dünýäde dördünji bolup nahar duzuny ýod bilen baýlaşdyrmagy ýola goýan ýurt hökmünde ykrar edildi. Kesgitli ýeňillikleri kepillendirýän meýletin saglyk ätiýaçlandyrmasyny wagyz etmek we ornaşdyrmak boýunça çärelere degerli üns berilýär.

Ýurtda garaşsyzlyk ýyllary içinde derman serişdeleriniň giň görnüşlerini öndürmek ýola goýuldy. «Türkmenistanda öndürildi» diýlen ýazgyly belgi bilen 180-den gowrak derman serişdeleri öndürilýär, olaryň aglabasynyň önümçiligi soňky ýyllarda özleşdirildi.

Ýurduň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligini ilaty lukmançylyk hyzmatlary bilen üpjün edýän döwlet edarasy bolanlygyndan, saglygy goraýyş ulgamyny strategik dolandyrýan döwlet edarasyna öwürmek üçin guramaçylyk mazmunly özgertmeleri geçirmeklik yzygiderli zerur bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, saglygy goraýşyň oňat ulgamynyň bolmagy ähli ilatyň saglyk ýagdaýynyň gowulanmagyna oňyn täsir edýär.

Hormatly Prezidentimiziň ilatyň aýry-aýry toparlaryny gatnawly şertlerde derman serişdeleri, lukmançylyk hyzmatlary we saglygy goraýyş hajatly önümleri bilen mugt hem-de ýeňillikli esasda Türkmenistanyň döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna üpjün etmek baradaky karary diňe bir ilatyň maddy hal- ýagdaýynyň gowulanmagyna däl-de, eýsem, raýatlaryň bejeriş edaralaryna öz wagtynda ýüz tutmagyna itergi bermek bilen ilatyň arasynda keselçiligiň azalmagyna hem ýardam edýär.

Milli saglygy goraýyş ulgamynyň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi netijesinde ýurduň saglygy goraýyş ulgamyny dünýä standartlarynyň derejesine ýetirmekde uly işler amala aşyryldy. Ilat kepillendirilen derejede lukmançylyk hyzmatlary bilen gurşalýar.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň çäklerinde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň tabşyrygy boýunça ilatyň jan saglygy üçin bähbitli binalaryň ýüzlerçesi gurlup, ulanylmaga berildi. Şu günki gün ol binalaryň ilatyň baş saglygyny goramakda, adamlaryň ortaça ýaş dowamlylygyny uzaltmakda ähmiýeti diýseň uly.

12. Sargyt № 3158

Aşgabadyň günorta tarapynda, ajaýyp Köpetdagyň eteginde, oňaýly tebigat we howa şertleriniň zolagynda, içinde halkara lukmançylyk merkezleriniň müdirligi bolan lukmançylyk şäherçesi guruldy. Şäherçäniň özi 2005-nji ýylda ulanylmaga berlip, 12 million amerikan dollary möçberinde serişde goýuldy. Müdirligiň düzümine häzirki zaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylan 1998-nji ýylda açylan «Halkara kardiologiýa we kardiohirurgiýa» merkezi, 2004-nji ýylda ulanylmaga berlen, 11,687 mln. dollar serişde goýberilen Halkara anyklaýyş merkezi, 2001-nji ýylda açylan, ABŞ-nyň 26.65 mln. dollary möçberinde serişde goýlan Halkara iç keselleri merkezi, 2005-nji ýylda açylan, 30,0 mln. dollar serişde goýlan enänin we çaganyň saglygyny goraýyş Ene mähri merkezi, 2009-njy ýylda açylan 200 orunlyk bahasy ABŞ-nyň 45 mln. dollaryna barabar bolan Halkara onkologiýa hem-de 100 orunlyk bahasy 34,5 mln. dollar bolan Halkara kelle we boýun agzalarynyň kesellerini bejeriş merkezleri girýär.

Türkmen paýtagtynyň demirgazyk böleginde şu günki gün lukmançylyk merkezleriniň toplumynyň, özboluşly ikinji lukmançylyk şäherçesiniň gurluşygy dowam edilýär. Bu ýerde 150 orunlyk Merkezi deri we wenerologiýa keselhanasy, 60 orunlyk inçe kesel bejeriş-öňüni alyş merkezi, 260 orunlyk ýokanç keselleri bejeriş-öňüni alyş merkezi, şeýle hem AIDS-iň öňüni alyş merkezi, Merkezi barlaghana we Gan merkezi özleriniň täze salgy ýazgylaryny aldylar. Ikinji lukmançylyk şäherçesiniň gurluşygyna 103 million ABŞ-yň dollaryndan hem gowrak serişde bölünip berildi.

Desgalaryň sanawynda 3000 talyba niýetlenen Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň binasyny mysal getirmek bolar. Ähli etraplarda täze Oba saglyk öýleri gurulýar we öňki hereket edýänleriniň durky täzelenýär. 2009-njy ýylyň noýabr aýynda «Arçman» şypahanasynda 420 orunlyk, melhem suwlar bilen bejerilýän «Ýyly suw» şypahanasynda 80 orunlyk sagaldyş merkezleri ulanylmaga berildi.

Öz halkynyň saglygy barada alada etmek bilen, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti ýurduň saglygy goraýşyny dünýä lukmançylygynyň soňky gazananlaryna laýyk derejede ösdürmäge ayratyn üns

berýär. 2008-nji ýylda maliýeleşdirmegiň hemme çeşmelerini göz öňünde tutmak bilen saglygy goraýyş maksatly binalaryň gurluşygyna 3835,3 mlrd manat möçberde maliýe serişdeleri goýberildi.

«Saglyk» Döwlet maksatnamasyny durmuşa geçirmegiň çäklerinde Balkan, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynda umumy bahasy ABŞ-nyň 48 mln. dollaryna barabar bolan, hersi 50 orunlyk enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş Ene mähri merkezleri ulanylmaga berildi. Bu binalaryň dördüsi hem awtonom (özbaşdak) elektrostansiýa, agyz suwy saklanýan, ýyladyjy we suw gyzdyryjy desgalar bilen enjamlaşdyrylandyr.

2008-nji ýylyň ilkinji günlerinde Türkmenistanyň Prezidenti Ahal welaýatynyň Gökdepe şäherinde 30 orunlyk Ene mähri merkezini gurmak hakynda karara gol çekdi. Bu merkez 2009-njy ýylyň iýul aýynda ulanmaga berildi. Bu merkez häzirki zaman enjamlary, öňdebaryjy tehnologiýalar, zerur serişdeler bilen doly üpjün edilen, şeýle hem ýörite bu merkez üçin hünärmenler taýýarlanyldy.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň täze, deňsiz-taýsyz lukmançylyk merkezlerini gurmak hakynda kabul eden çözgütleri milletiň abadançylygyny we gülläp ösmekligini kepillendirýän şertleriň toplumy hökmünde türkmen halkynyň saglygyny berkitmek babatda Türkmenistanyň saýlap alan ýolunyň gyşarnyksyz durmuşa geçirilýändigininiň aýdyň subutnamalarynyň biri bolup durýar.

Ilatyň saglygyny goramak ulgamynda köp ýyllyk ylmy-nazaryýet we guramaçylyk-amaly işler üçin hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa «Medisina ylymlarynyň doktory» diýen alymlyk derejesi we «Durmuş-gigiýena we saglygy goraýşy guramak» hünäri boýunça alym professor ady berildi. Bu ýokary intellektual derejä we atlara Gurbanguly Berdimuhamedow «Saglyk» Döwlet maksatnamasyny işläp taýýarlamakda we durmuşa ornaşdyrmakda şahsy goşandy üçin, häzirki zaman ylmy guramaçylygy ýurduň saglygy goraýyş ulgamynda ornaşdyrmak işlerine işjeň gatnaşandygy, lukmançylykdaky bilim işleri üçin mynasyp boldy. Hormatly Prezidentimiz Moskwanyň döwlet mediko-stomatologiýa uniwersitetiniň

«Hormatly professory» diýen adyň eýesi boldy. Ýurt baştutanymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly ylmy-ensiklopediki eseriniň dördünji tomy çapdan çykdy.

Hormatly Prezidentimiz her ýylyň 21-nji iýulyny «Saglygy goraýyş we derman senagatynyň işgärleriniň güni» diýip bellemek hakynda Permana gol çekmegi bu ugurda döwletiň nähili alada edýändigini aýdyň kepilidir.

### 8.1.2. Ylym we bilim

Strategiki milli bähbitleri üpjün etmäge gönükdirilen ylmyň ösüşi-ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak, ykdysady ösüşiň täze belentliklerini, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady progresini gazanmak – Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň bellenilen ileri tutulýan ugurlarynyň hataryna degişlidir, ýurdumyzyň innowasion ösüş ýoluna geçmegi bolsa onuň maksady bolup durýar.

Şu maksada ýetmek üçin döwletimiz tarapyndan ylmy we inžener işgärleri taýýarlamagyň ulgamyny kämilleşdirmek, amaly barlaglary ösdürmek we innowasion işläp taýýarlamalary önümçilige ornaşdyrmak, ýurdumyzyň ylmyny-bilim beriş toplumyny bazar ykdysadyýetiniň şertlerine uýgunlaşdyrmak, şeýle hem biziň ýurdumyzda ylmy we ylmy-tehniki, barlag işlerini höweslendirýän ykdysady hem-de beýleki çäreleriň ulgamyny döretmek ýaly möhüm wezipeler yzygiderli çözülýär.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Güýçli döwletde ylym öňdebaryjy orny eýeleýär, diýmek, biz ylmyň iň täze gazananlary bilen aýakdaş gitmeli» diýip, belleýär. Ýurdumyzda ylmyň gazananlaryny we öňdebaryjy tejribäni ykdysadyýetiň ähli pudaklaryna ornaşdyrmak boýunça düýpli çäreler geçirilýär. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň iýun aýynyň 12-sindäki «Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» we «Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakynda» Kararlaryna laýyklykda, ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy edaralarynyň ýanynda aspiranturalar we doktoranturalar, klini-

ki ordinaturalar açyldy. 2007-nji ýylyň 12-nji iýunynda ýurdumyzyň ylmynda düýpli özgertmeleriň başlangyjy goýuldy. Şondan bärem şol gün Ylymlar güni hökmünde resmi taýdan bellenilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda aspirantlar, doktorantlar, ylymlaryň kandidaty we ylymlaryň doktory alymlyk derejesine dalaşgärler özleriniň saýlap alan ugurlary boýunça ylmy gözleglerini dowam etdirýärler. Aspirantlaryň we doktorantlaryň haklary köpeldildi. Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynda «Ylmyň taryhy we filosofiýasy», «Daşary ýurt dilleri» hem-de «Habarlar-aragatnaşyklar tehnologiýalarynyň esaslary» boýunça kandidatlyk minimumy okuwlary ýola goýuldy. Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň ministrliklerini, pudak we ylmy edaralaryny daşary ýurtlarda çap edilýän döwürleýin neşirler bilen üpjün etmek hakyndaky karary esasynda aspirantlara, doktorantlara, ylymlaryň kandidaty alymlyk derejesine we ylymlaryň doktory alymlyk derejesine dalaşgärlere we ähli ylmy işgärlere ylmy edebiýatdan mugt peýdalanmaga giň mümkinçilikler döredildi (30-njy tablisa).

*30-njy tablisa*



Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça 2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy açyldy. Ol döwlet býujetinden maliýeleşdirilýär. Ylymlar akademiýasy döwletiň ylmy, inžener-tehniki potensialyny ösdürmäge, milli ykdysadyýetimiziň täzeçilikli ösüşine we döwletimiziň hemmetaraplaýyn ýokary derejä galmagyna ýardam etmäge gönükdirilendir. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzüminde täze ylmy-barlag edaralarynyň we döwlet gulluklarynyň altysy döredildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Ylym we tehnika baradaky Ýokary Geňeşiniň düzümindäki bolan bäş sany institut hem Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň düzümine girizildi.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda dil bilimi hem-de edebiýat bilen baglanyşykly yzygiderli ylmy barlaglary geçirmek, bu babatda ylmy barlaglaryň ileri tutulýan ugurlaryny kesgitlemek, türkmen diliniň we edebiýatynyň taryhyny çuňňur öwrenmek, mukaddes dilimiziň dürli ugurlar boýunça düşündirişli, şeýle hem iki dilli we köp dilli gepleşik sözlüklerini düzmek, ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy-barlag edaralarynyň bu ugurdaky işini kämilleşdirmek hem utgaşdyrmak, türkmen diliniň, edebiýatynyň beýleki halklaryň dillerine, edebiýatlaryna bolan gatnaşygyny öwrenip, ylmyň häzirki zaman gazananlaryny umumylaşdyrmak ýaly anyk wezipeleriň hötdesinden üstünlikli gelmek babatynda düýpli işler alnyp barylýar. Gadymy golýazma çeşmelerimiziň esasynda türkmeniň mukaddes dili, edebiýaty, taryhy, medeniýeti boýunça möhüm ylmy barlaglary geçirmek, gadymy ýazuw ýadygärliklerini we halk döredijiliginiň dürdäne eserlerini toplap, wagyz etmek hem neşir etmek, golýazmalary sowatly dikeltmek, olary abat saklap, türkmeniň şöhratly taryhynyň, milli ruhy mukaddeslikleriniň dünýäniň ylmy-medeni jemgyýetçiliginde tutýan ornuny halkara sergilerde we halkara maslahatlarda açyp görkezmek ýaly işler döwrüň öňe çykaran örän möhüm wezipeleriniň biridir. Ylymlar akademiýasynyň öňünde arheologiýa hem-de etnografiýa boýunça hem düýpli ylmy barlaglary geçirmek, maddy we ruhy gymmatlyklarymyzy ýygnamak, öwrenmek, arheologiýa we etnografiýa boýunça dünýä ylmynyň ýeten derejelerini öwrenmek

hem umumylaşdyrmak ýaly ençeme jogapkärli wezipeler durýar. Häzirki wagtda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerini halk hojalygynda ulanmak, Gün energiýasyndan peýdalanmagy dürli pudaklara ornaşdyrmak boýunça ylmy-tehniki barlaglar alnyp barylýar. Bu ugruň alymlary pudakda amala aşyrylýan işleriň kesgitlenen esasy ugurlaryna salgylanyp, ençeme gyzykly we şol bir wagtyň özünde möhüm meseleleriň üstünde işleýärler. Watanymyzyň dünýäniň biologik dürlüliginiň aýrylmaz bölegini düzýän ösümlik dünýäsini goramak we ondan rejeli peýdalanmak üçin düýpli ylmy-amaly barlaglar geçirilýär. Türkmen topragynda dermanlyk ösümlikleriň sany örän köp we olardan dürli kesellere em bolýan dermanlar ýasalýar. Bu ugurda zähmet çekýän alymlar dermanlyk ösümliklere bolan islegleri kanagatlandyrmak maksady bilen derman serişdeleriniň fitoterapiýa we marketing barlaglaryny geçirýärler, jöwherli şerbetleri, bejeriji çaýlary, gury ekstratlary, sepgileri we beýlekileri işläp taýýarlaýarlar. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda himiýa pudagyny ösdürmek babatda uly tagallalar edilýär. Bu ugurdan ençeme ylmy işler edildi, ylmy makalalar, monografiýalar, kitapçalar çap edildi, oýlap tapyşlaryň awtorlyk şahadatnamalary we patentleri alyndy. Ýurdumyzda himiýa pudagyny mundan beýläk hem ösdürmäge giň mümkinçilikler bar. Ýurdumyzda düýpli seýsmologiki we amaly-geofiziki barlaglary alyp barmak babatda zerur işler amala aşyrylýar. Bu ugur boýunça dünýäniň ençeme döwletleri, şol sanda ABŞ, Awstriýa, Germaniýa, Ýaponiýa, Hytaý, Russiýa, Eýran, Türkiýe, Özbegistan, Gazagystan ýaly döwletler bilen ylmy hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Bu hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek, ýurdumyzda bu ugurdan ýokary bilimli, ýokary taýýarlykly hünärmenleri ýetişdirmek möhümdir. Fizika-matematika ylmynda düýpli barlaglary geçirmäge ýykgyn edýän alymlaryn ylmy işleri ýurdumyzyň, şeýle-de ABŞ-nyň, Ýewropanyň, Russiýanyň, Ukrainanyň we beýleki ýurtlaryň ylmy žurnallarynda yzygiderli çap edilýär.

Jemgyýetçilik guramasy hökmünde Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işine möhüm orun berilýär. Ýokary hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamak, daşary ýurtly kärdeşler bilen ön-

jeýli aragatnaşyklary we tejribe alyşmagy ýola goýmak, ylym we tehnika ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek babatda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy möhüm işleri ýola goýýar. Umuman, milletiň intellektual mümkinçiliginiň netijeli durmuşa ornaşdyrylmagyny, ylmy işgärleriň, ýaş nesilleriniň, döredijilik ukyplaryny açyp görkezmeklige mümkinçilikleriň döredilmegi Türkmenistanda ylmyň ösmegine uly badalga berer.

Ýurdumyzyň ylmyny ösdürmegiň esasy nukdaýnazarlarynyň arasynda ylmy bäsleşikleriň hem uly ähmiýeti bar. Şeýle bäsleşikleriň arasynda ylmy taslamalary ýerine ýetirijileriniň her ýylda geçirilýän bäsleşigini hem-de ýaş alymlaryň we talyplaryň arasyndaky ylmy işler boýunça bäsleşigi bellemek bolar. Ylmy taslamalary ýerine ýetirijileriň bäsleşiginiň aýratynlygy ylmy-barlag işleri üçin temalary alymlaryň özleri tarapyndan däl-de, eýsem, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynyň hünärmenleri tarapyndan seçilip alynýanlygyndadyr. Ýurdumyzyň ylmy-barlag institutlarynyň, laboratoriýalarynyň we ýokary okuw mekdepleriniň alymlary hem hünärmenleri hödürlenen taslamalaryň ýerine ýetirijileri bolýarlar.

Ýaş alymlaryň, talyplaryň türkmen ylmyny ösdürmäge goşandynyň ähmiýetini aýratyn belläp geçmek gerek, olar biziň ýurdumyz üçin zerur bolan we dünýä ylmynyň gaznasyna goşant bolup durýan öz ylmy gözleglerini alyp barýarlar. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşi tarapyndan yglan edilýän ylmy bäsleşik hem muňa ýardam edýär, ol dürli-dürli ugurlarda ylmy-barlaglar bilen meşgullanýan ýaş alymlaryň ýüzlerçesini özüne birleşdirýär. Türkmenistanyň hormatly Prezidenti tarapyndan döredilen ylmy işleriň bäsleşiginiň esasy maksady ýurdumyzyň ylmyny ösdürmekden, zehinli ýaş alymlary – milletiň intellektual saýlantgylarynyň täze nesillerini ýüze çykarmakdan we höweslendirmekden ybaratdyr. Bäsleşige gatnaşyjylaryň hatarynda ylmy-barlag institutlarynyň, önümçilik birleşikleriniň, ylmy-tehniki kärhanalaryň işgärleri, ýörite orta okuw mekdepleriniň okuwçylary bar. Bäsleşige hödürlenýän işler ylmyň köp pudaklaryna degişlidir. Şolaryň hatarynda: ynsanperwer

we takyk ylymlar, lukmançylyk, şäher gurluşygy we arhitektura, seýsmologiýa, ulag, ekologiýa, tebigy serişdeleri rejeli peýdalanmak, biotehnologiýalar, ykdysadyýet, oba hojalygy, telekommunikasiýalar ulgamyny ösdürmek ýaly pudaklar bar. Işleriň uly möçberi geologiýa, geofizika, gazylyp alynýan peýdaly magdanlara, nebit we gaz himiýasyna, energetika, hususan-da,energiýanyň alternatiw çeşmelerinden peýdalanmaga, şeýle hem syýahatçylyga we sporta bagyşlanypdyr. Matematikleriň, fizikleriň, mugallymlaryň, habarlar we kompýuter tehnologiýalaryny işläp düzüjileriň işleri hem bäsleşige hödürlenýär.

Ylmy işgäriň hukuk ýagdaýy hakyndaky Türkmenistanyň kanuny ylmy işgärleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, olaryň hünär taýýarlygyna baha bermegiň ölçeglerini, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralarynyň ylmy işgäriň erkin ylmy döredijiliginiň kepilliklerini we durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekdäki, ylmy işiň abraýyny ýokarlandyrmakdaky borçlaryny kesgitleýär.

Ylmyň hem tehnikanyň ýokary depginde ösmegini üpjün etmegiň möhüm şertlerininiň biri hem ýokary hünärli, ählitaraplaýyn bilimli hünärmenleriň ýeterlik derejede bolmagydyr. Şunuň bilen birlikde, hünärmenleri taýýarlamak meselesi ykdysadýetiň ähli pudaklarynda tehnika we tehnologiýa babatda ösüş meseleleri bilen jebis arabaglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda bilim ulgamy «Türkmenistanda Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda hereket edýär, oňa laýyklykda Türkmenistanyň ähli raýatlaryna mugt bilim kepillendirilýar. Bilim hakynda Türkmenistanyň kanuny bilim babatdaky jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär, bilim ulgamynda döwlet syýasatynyň binýatlyk ýörelgelerini, şeýle hem bilim ulgamynyň maksatlaryny, wezipelerini, hyzmatlaryny we onuň işini dolandyrmagyň tertibini kesgitleýär.

Ýurdumyzyň bilim edaralarynyň düzümini mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, orta mekdepler, hünärmentçilik, orta hünärmen we ýokary okuw mekdepleri düzýär (31-nji tablisa).

*31-nji tablisa*

**Bilim boýunça esasy görkezijiler**
**(okuw ýylynyň başyna)**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň sany | 891 | 813 | 817 | 821 | 832 | 848 |
| Olardaky çagalaryň sany, müň adam | 123,3 | 138,4 | 143,5 | 150,6 | 160,9 | 172,4 |
| Mekdepleriň sany, birlik | 1922 | 1711 | 1718 | 1725 | 1730 | 1741 |
| Olardaky çagalaryň sany, müň adam | 1017,1 | 1040,0 | 1006,4 | 969,3 | 931,3 | 900,4 |
| Hünärmentçilik mekdepleriniň sany, birlik | 118 | 131 | 131 | 133 | 127 | 129 |
| Olardaky çagalaryň sany, müň adam | 21,0 | 24,8 | 41,9 | 58,6 | 69,7 | 51,1 |
| Ortaça hünärmen okuw mekdepleriniň sany, birlik | 16 | 18 | 18 | 19 | 27 | 27 |
| Olardaky çagalaryň sany, müň adam | 4,3 | 3,9 | 4,0 | 4,3 | 6,2 | 8,3 |
| Orta hünärmen okuw mekdeplerine kabul edilen talyplaryň sany, müň adam | 1,7 | 1,6 | 1,7 | 1,8 | 3,6 | 4,0 |
| Orta hünärmen okuw mekdeplerini tamamlanlar, müň adam | 2,2 | 1,6 | 1,5 | 1,5 | 1,6 | 1,9 |
| Ýokary okuw mekdepleriniň sany, birlik | 16 | 17 | 18 | 19 | 21 | 23 |
| Olardaky talyplar, müň adam | 16,6 | 17,0 | 20,7 | 22,1 | 23,7 | 25,6 |
| Ýokary okuw mekdeplerine kabul edilen talyplaryň sany, müň adam | 3,3 | 4,6 | 5,2 | 5,2 | 5,4 | 6,1 |
| Ýokary okuw mekdeplerini tamamlan hünärmenleriň sany, müň adam | 7,6 | 3,9 | 1,3 | 3,7 | 3,5 | 3,9 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Türkmenistanda 2011-nji okuw ýylynyň başyna 1741 sany orta mekdepleri, 848 sany mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, 129 sany hünärmentçilik mekdepleri hereket edýärdi. Orta mekdepdäki okuwçylaryň sany 900,4 müňe, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryndaky çagalaryň sany 172,4 müne, hünärmentçilik mekdeplerindäki okuwçylaryň sany bolsa 51,1 müňe deň. Mundan başgada şol döwürde 27 sany orta hünärmen okuw mekdepleri bolup, şolarda jemi 8,3 müň okuwçy okaýardy. Şonuň ýalam 23 sany ýokary okuw mekdepleri bolup olarda 25,6 müň talyp okaýardy. 2011–2012-njy okuw ýylynda ýokary okuw mekdeplerine jemi 6,1 müň talyp, orta hünärmen okuw mekdeplerine bolsa 4,0 müň okuwçy kabul edildi.

Häzirki wagtda Türkmenistanda bilim täze derejä ýetdi. Munuň şeýledigine Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan gol çekilen Permanlar we Kararlar aýdyň şaýatlyk edýär. Olaryň hataryna 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-däki «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Permany, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 4-däki «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilişdirmek hakynda» Karary, 2007-nji ýylyň mart aýynyň 30-daky «Türkmenistanda bilim işgärleriniň iş haklarynyň we talyp haklarynyň möçberlerini köpeltmek hakynda» Permany, ýurdun bilim ulgamynda özgertmeleri geçirmek boýunça geçirilýän anyk çäreler degişlidirler. Bu resminamalar, ilkinji nobatda, bilim ulgamynyň hilini ýokarlandyrmaga göňükdirilendir.

Bu işleriň durmuşa ornaşdyrylmagy ykdysadyýetiň pudaklary üçin taýýarlanylýan hünärmenleriň hünär derejeleriniň halkara ülňülerine laýyk gelmegini üpjün eder.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde orta mekdepleriň 12 ýyllyk, ýokary okuw jaýlarynyň 5 ýyllyk (saglygy goraýyş hünärleri we sungatyň käbir görnüşleri boýunça – 6 ýyl) okuwa geçirilmeginiň bahasyna ýetip bolmajak ähmiýeti bar. Mugallymçylyk tejribesine kompýuter tehnologiýalaryny, okuwyň interaktiw usullaryny işjen ornaşdyrmak, ýaşlar üçin internetiň global torunyň maglumat serişdeleriniň elýeterliligini giňeltmek, orta mekdepleriň we ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna düşýän okuw

sagatlarynyň möçberini azaltmak, olaryň iş haklaryny ýokarlandyrmak we beýleki çäreler ýaşlaryň biliminiň hilini ýokarlandyrmak barada alada bilen baglanyşyklydyr.

Ýurdumyzda çetde ýerleşýän etraplarda we oba ýerlerinde ýaşaýan çagalara aýratyn üns berilýär. Olar üçin welaýatlarda orta mekdepleriň ýanynda internatlar açyldy. Bu internatlar döwlet üpjünçiliginde durýarlar.

Bilimiň ähli basgançaklarynda geçirilýän reformalarda ilatyň orta we ýokary bilim bilen gurşap alnyşyny ýokarlandyrmak wajyp bolup durýar. 2015-nji ýyla çenli ilatyň orta bilim bilen gurşalyp alnyşyny 100%-e çenli artdyrmaк göz öňüne tutulýar.

Munuň üçin başlangyç we orta bilimi kämilleşdirmek boýunça giň möçberli işler alnyp barylýar. Onda mekdep okuwçylaryna hukuk, ahlak, ykdysady, syýasy, ekologiýa medeniýetiniň esaslaryny, jemgyýeti öwrenişiň we bedenterbiýäniň esaslaryny öwrenmäge mümkinçilik berýär. Orta mekdepleriň mugallymlaryny, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň terbiýeçilerini we mugallymlaryny kämilleşdirmek boýunça işler başlandy. Bu iň täze bilim we maglumat tehnologiýalaryny özleşdirmek bilen utgaşdyrylýar. Bilim bermegiň täze häzirki zaman usullaryndan peýdalanylmagy, şeýle hem täze okuw kitaplary we okuw gollanmalary bilen üpjün edilmegi bilimiň hilini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Bilim ulgamynda işgärleriň zähmet hakynyň derejesi artdyryldy, bu olaryň bilim bermäge gyzyklanmalaryny ýokarlandyrýar.

Bilim reformasynda şäherlerde, obalarda köne okuw jaýlarynyň durkuny täzelemäge we täzelerini gurmaga möhüm orun berilýär. Şunuň bilen birlikde okuw jaýlarynyň tehniki taýdan enjamlaşdyrylmagy bilim reformasynyň ilkinji derejeli wezipesi bolup durýar. Döwlet tarapyndan mekdep üçin okuw enjamlaryny satyn almak üçin goşmaça serişdeler berilýär.

Ýurduň ykdysady taýdan ösmegi dürli hünärlere bolan islegiň geriminiň giňelmegini getirýär. Netijede, zähmet bazarlarynyň talaplaryna laýyk gelýän täze hünärli hünärmenleri taýýarlamak boýunça täze bilim edaralaryny döretmek zerurlygy döreýär.

Ýokary okuw mekdepleriniň binýatlyk esaslaryny giňeltmek boýunça uly möçberli işler amala aşyrylýar. Aşgabat şäherinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň fizika-matematika fakultetiniň täze binasy ulanylmaga berildi.

2009–2010-njy okuw ýyly mynasybetli Aşgabat şäheriniň mekdep okuwçylary üçin her biri 600 okuwçy orunlyk mekdepleriň üçüsi, Balkanabat şäherinde bolsa 600 okuwçy orunlyk döwrebap mekdebiň biri ulanylmaga berildi. 2009-njy ýylda paýtagtymyzda A.S.Puşkin adyndaky türkmen-rus mekdebi, Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda 400 okuwçy orunlyk täze döwrebap mekdep hem ulanylmaga berildi. Içeri işler ministrliginiň Polisiýa akademiýasy, Türkmenistanyň ulaglary we aragatnaşygy ösdürmegiň döwlet gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynyň täze binasy ulanylmaga berildi. Şeýle-de, sanawda 3 müň talyp orunlyk, özünde umumy ýaşaýyş jaýyny, kitaphanany, naharhanany we gerekli beýleki amatlyklary jemleýän Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň binasy, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň täze binasy, Daşoguzdaky Oba hojalyk instituty, Magtymguly adyndaky TDU-nyň geografiýa fakultetiniň täze binasy açyldy.

Türkmen ýaşlarynyň daşary ýurtlarynyň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almagy üçin bimöçber alada edilýär. 2009-njy ýylda türkmenistanly ýaşlaryň 600-den gowragy Russiýanyň, Türkiýäniň, Malaýziýanyň, Hytaýyň, ABŞ-nyň, Awstriýanyň, Rumyniýanyň we beýleki ýurtlaryň abraýly ýokary okuw mekdeplerine okamaga gitdiler. Ýaşlaryň 200-e golaýy Belarusuň Milli tehniki we Döwlet tehnologiýa uniwersitetlerine, Tatarystanyň Döwlet tehnologik institutyna, Medeniýet we sungat baradaky döwlet uniwersitetine hem-de N. G. Žiganow adyndaky Döwlet konserwatoriýasyna okuwa iberildi.

Ýokary bilim ulgamyny maliýeleşdirmekde dürli çeşmelerden ybarat bolan garyşyk nusgasynyň ulanylmagy amatlydyr. Bu ýagdaý ykdysadyýetiň hususy eýeçilige degişli böleginiň maliýe serişdelerini bilim ulgamyny ösdürmekde ulanmaga mümkinçilik berýär. Ýokary

okuw infrastrukturasynyň, kitaphanalaryň, tejribehanalaryň we beýleki ugurlaryň ösdürilmegi üçin serişdeleriň goýberilmegi ýurduň ylmy mümkinçiliklerini artdyrmagyň netijesinde, ylmy barlaglary we işläp taýýarlamalary giň möçberlerde geçirmäge mümkinçilik berer.

### 8.1.3. Medeniýet we sungat

Garaşsyzlyk alynmagy bilen Türkmenistan milletiň baý medeni mirasyny aýawly saklamagy, öwrenmegi we wagyz etmegi özüniň ileri tutulýan döwlet syýasatynyň esasylarynyň biri diýip yglan etdi. Şu günki Türkmenistanyň medeni syýasaty – öňi bilen, täze döwrüň batly gadamlary bilen öňe gidýän eziz Diýarymyzyň adyl syýasatynyň aýrylmaz bölegidir. Döwletimiziň ykdysadyýetinde, sosial-durmuş ulgamynda amala aşyrylýan düýpli özgerişlikler medeniýet ulgamyna hem täsirini ýetirdi.

Türkmenistandaky muzeýler – taryhy, maddy we ruhy medeni ýadygärlikleri toplaýan, saklaýan, öwrenýän we ýaýradýan, ilatyň arasynda köpçülikleýin medeni aň-bilim işlerini geçirýän ylmy aň-bilim edaralary bolup çykyş edýärler (32-nji tablisa).

*32-nji tablisa*

**Muzeýler (ýylyň ahyryna)**

| | 2000 | 2007 | 2008 | 2009 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Muzeýleriň sany | 27 | 31 | 31 | 32 | 32 | 31 |
| şol sanda: | | | | | | |
| Taryh | 13 | 16 | 15 | 16 | 16 | 16 |
| Memorial | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 |
| ülkäni öwreniş | 7 | 7 | 7 | 7 | 7 | 7 |
| sungaty öwreniş | 1 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 |
| Edebi | 3 | 2 | 2 | 2 | 2 | 2 |
| Pudaklaýyn | 1 | 2 | 3 | 3 | 3 | 2 |
| Muzeýlere gelenleriň sany (ýylda) müň | 248,7 | 289,1 | 298,3 | 319,0 | 361,0 | 472,0 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Türkmenistanda 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda 31 sany muzeýler hereket edip, olar paýtagtda we ýurdun ähli welaýatlarynda ýerleşýärler. Şol muzeýleriň 16 sanysy taryhy muzeýler, 7 sanysy ülkäni öwreniş muzeýleri, 2 sanysy memorial muzeýlerdir. Olaryň arasynda 115 müňden gowrak eksponatlary özünde jemleýän Türkmenistanyň Baş milli muzeýler toplumy iň naýbaşy muzeý hasaplanýar. 2009-njy ýylda oňa Türkmenistanyň Prezidentiniň muzeýiniň, Etnografiýa we ülkäni öwreniş muzeýiniň täze binalary hem goşulyp, özboluşly muzeýler dünýäsi döredi. Diňe garaşsyzlyk ýyllarynda Aşgabat şäherinde Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň milli muzeýi, Türkmenistanyň Şekillendiriş sungatynyň milli muzeýi, Türkmenistanyň «Ak bugdaý» milli muzeýi tomaşaçylar üçin öz gapylaryny giňden açdylar. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň milli muzeýinde gaýtalanmajak eksponatlar – türkmen halkynyň beýik taryhynyň, onuň ýokary ruhy we maddy medeniýetiniň subutnamalary ýerleşýär. 2009-njy ýylda ýene-de bir taryhy muzeý – «Gökdepe» milli muzeýi açyldy.

«Türkmenistanyň taryhy-medeni ýadygärliklerini goramak» hakyndaky 1992-nji ýylda kabul edilen karar ýaş, Garaşsyz döwletimizde kabul edilen ilkinji kararlaryň biridir. Şu karara laýyklykda, «Nusaý», «Köneürgenç», «Gadymy Merw», «Atamyrat», «Köne Saragt», «Gadymy Dehistan», «Abiwerd», «Gökdepe galasy» ýaly ýadygärliklerimiz Döwlet taryhy-medeni goraghanalary diýen derejä eýe boldular. 1994-nji ýyldan başlap bolsa, taryhy-medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky Milli müdirligimiziň işi ýola goýuldy.

Türkmenistanyň çäginde taryhy-medeni ýadygärlikleriň iki müňe golaýy ýerleşýär. Şolardan Gadymy Merw, Nusaý, Köneürgenç ýaly ýadygärliklerimiz ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawynyň hataryna girizildi.

Medeniýet we sungat ulgamynyň wekilleri hökümet tarapyndan sylaglanyp durulýar, olaryň netijeli işlemekleri üçin ähli şertler döredilýär. Çeper halk döredijiliginiň giňden ýaýbaňlanmagy üçin döredijilik bäsleşikleridir festiwallar yzygiderli geçirilip durulýar. Döwlet ta-

rapyndan döredilýän amatly şertler milli medeniýetimiziň bütindünýä halklary bilen köp ugurly medeni aragatnaşyklary açmagyna, onuň giňden wagyz edilmegine, şeýle hem türkmen operasynyň, simfoniki sazlarynyň, kinosynyň, sirkiniň täze – kämil ösüş ýoluna düşmegine badalga berýär. 2007-nji ýylda paýtagtymyzda täze Milli medeni merkeziň binasy ulanylmaga berildi. Bu merkez ajaýyp binalaryň birbada üçüsini – Milli kitaphanany, Prezident muzeýini we Mukamlar köşgüni özünde jemleýär. 2008-nji ýylyň fewralynda Milli medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde Türkmenistanyň Döwlet simfoniki orkestriniň tanyşdyrylyş dabarasy bolup geçdi. Bu bolsa ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleriniň döwlet Baştutanymyzyň milli saz sungatymyzyň ajaýyp däplerini täzeden galkyndyrmak, täze-täze döredijilik toparlaryny we eserlerini döretmek baradaky çagyryşyna özboluşly seslenme boldy. Bary-ýogy birnäçe aýdan soň, ýagny 27-nji iýuny ýene-de şol ýerde türkmen halkynyň meşhur dessanynyň esasynda döredilen Daňatar Öwezow bilen Adrian Şapoşnikowyň «Sasenem we Garyp» operasynyň täzeden dikeldilip, tomaşaçylara hödürlendi. Bu opera ilkinji gezek 1944-nji ýylda ýaňlanypdy. Öz wagtynda milli opera sungatynyň altyn dänesine öwrülen we onlarça ýyllap sahnalardan düşmän gelen bu opera 64 ýyldan soňra ýene-de gaýtadan dünýä indi. 2008-nji ýylyň 27-nji iýuny bolsa, türkmen operasynyň täzeden dikeldilen güni hökmünde taryhyň sahypalaryna girdi. Ýurdumyz şol günden beýläk 27-nji iýuny milli baýram – Medeniýet we sungat işgärleriniň güni hökmünde dabaraly belläp geçýär.

Hakyky ösüşe eýe bolan milli medeniýet we sungat öz ösüşinde güýçli itergi aldy. Ýurdumyzyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň mümkinçilikleri işjeň artýar, elektron köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň işleri, hususan-da telewideniýäniň we radionyň işleri kämilleşýär, olaryň maddy-tehniki binýady berkeýär. Neşir ulgamy güýçli ösýär, çap önümleriniň-döwürleýin neşirleriniň, şeýle hem çeper edebiýatyň we okuw kitaplarynyň goýberliş möçberi giňeýär.

Döwletimiz elektron köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň maddy-tehniki binýadyny berkitmek üçin köp serişdeleri goýberýär. Iň döwrebap enjamlar satyn alynýar, infrastrukturany döwrebaplaş-

dyrmak üçin ep-esli serişde bölünip berilýär, hususan-da Medeniýet hem-de teleradioýaýlymlar ministrlikleriniň täze jaýy ulanylmaga berildi, ajaýyp döredijilik şäherçesiniň gurluşygy başlangyç aldy, täze «Owaz» radioýaýlymy işläp başlady. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda türkmen telewideniýesiniň Baş müdirliginiň täze bäşinji ýaýlymy – «Türkmen owazy» hem efire çykdy. 2007-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde žurnalistika hünäri öwredilip başlandy.

Türkmenistanyň Türkmen döwlet neşirýat gullugy çuň pähime we ýiti zehine ýugrulan neşirleri raýatlarymyza hödürlemek bilen milli medeniýetimiziň ösmegine uly goşant goşýar. Neşir edilýän önümleriň sanawy we möçberi ep-esli artdy. Muňa mysal edip, soňky ýyllarda açylan ýöriteleşdirilen döwürleýin neşirleri, şeýle hem okuw edebiýatlaryny, halkymyzyň beýik ruhy mirasynyň edebi we ylmy işleriniň täze neşirlerini görkezmek bolar. Her ýylda biziň mekdeplerimiz üçin okuw kitaplarynyň we gollanmalarynyň 100-e golaýy çap edilip paýlanylýar. Häzir Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň düzümine Metbugat merkezi we welaýat çaphanalary, «Çaphana hyzmatlary» döwlet kärhanasy, «Türkmen metbugat üpjünçilik» kärhanasy, «Galkynyş» kitap merkezi, «Türkmenkitap» lomaý we bölek söwda birleşigi we Türkmenistanyň Döwlet kitap palatasy girýär. 2008-nji ýylda işe başlan «Galkynyş» kitap merkeziniň maksady döwlet býujeti tarapyndan maliýe serişdeleri bilen üpjün edilýän oba we şäher, şeýle hem çagalar baglarynyň kitaphanalaryny, orta we ýokary okuw jaýlaryny kitaplar bilen üpjün etmekden ybaratdyr. «Türkmenkitap» lomaý we bölek söwda birleşigi halkymyzy durmuş-syýasy, ylmy-populýar, taryhy we çeper edebiýatlar bilen üpjün edýär. Bu birleşigiň 30-a golaý kitap dükanlary we şahamçalary bar.

Hormatly Prezidentimiz Aşgabat şäherimizde ajaýyp Medeniýet şäherçesini ulanmaga berdi. Bu şäherçede hemme zady üpjün ýaşaýyş jaýlaryndan başga-da, ýörite çagalar bagy, sungat mekdebi we ýokary okuw jaýy hem bar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk zamanynda medeniýet obýektlerine ilkinji derejeli üns berilýär. Muňa iň ýokary talaplara laýyk gelýän

13. Sargyt № 3158

muzeýleriň, teatrlaryň açylmagy hem şaýatlyk edýär. Bu obýektleriň iň möhüm obýektlere degişlidigi we türkmen halkynyň guwanjy bolup durýandygy kanunydyr.

Medeniýet ulgamy ýurduň ykdysady ösüşiniň esasy güýçleriniň biri bolmak bilen birlikde, «Türkmenistanyň Prezidentiniň Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» amala aşyrmakda hem ägirt uly işleri ýerine ýetirýär.

### 8.1.4. Sport we syýahatçylyk

Ýurdumyzda sporty we bedenterbiýäni ösdürmegiň uly ähmiýeti bardyr. Täze döwürde ýurdumyzda sporty we bedenterbiýäni ösdürmäge aýratyn üns berilýär. Sport we bedenterbiýe bilen işjeň meşgullanmaga ilatyň ähli gatlagyny çekmek fiziki we ruhy taýdan sagdyn nesli kemala getirmek, halkara we dünýä derejelerindäki sport ýaryşlarynda Garaşsyz, Bitarap Türkmenistana mynasyp wekilçilik edip biljek sportçulary taýýarlamaga gönükdirilen ulgamy ösdürmek zerur bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanda bedenterbiýe we sport ulgamyny ösdürmekde düýpli özgerişlikler bolup geçdi. Bu ugurda geçirilen özgertmeler ilatyň ähli gatlagyny bedenterbiýe bilen meşgullanmaga, berk bedenli nesli ösdürip ýetişdirmäge we halkara sport ýaryşlarynda garaşsyz Türkmenistanyň abraýyny gorap biljek ýokary hünärli sportsmenleri taýýarlamaga gönükdirildi.

Milli oýunlary we ýaryşlary öwrenmäge we olary döretmäge hem üns güýçlendi, olara sporta mahsus bolan görnüşler berildi. Garaşsyzlyk ýyllary içinde «Göreş», «Düzzüm», «Ýaglyga towusmak» ýaly sportuň milli görnüşleri özleriniň mundan beýläk hem ösüşlerine eýe boldular.

Okuwçylaryň, talyplaryň, ýaşlaryň we uly ýaşly ilatyň sporta çekilmegi üçin täze görnüşler we usullar döredildi. Etraplarda we şäherlerde milli oýunlaryň festiwallarynyň, ýaşaýyş ýerleri boýunça

ýaryşlaryň geçirilmegi däbe öwrüldi. Saglyk ýoluna her hepde gidilmegi, Saglyk gününiň geçirilmegi hem däbe öwrüldi. Aýal-gyzlary beden terbiýesine we sporta çekmek hem işjeňleşdi.

Türkmen sportsmenleriniň halkara sport ýaryşlaryndaky üstünlikleri bu gün kanunalaýyk häsiýete eýe boldy. Bu zatlaryň barysy öňi bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň türkmen sportuny, sportuň maddy-tehniki binýadyny ösdürmek baradaky ýadawsyz aladasy bilen baglydyr. Garaşsyzlyk ýyllary içinde bu ugurda bitirilen işler we ýetilen sepgitler az däl. Ýewropa ölçeglerine laýyk gelýän, bahasy 26 million amerikan dollaryna barabar bolan, 26 müň tomaşaça niýetlenen Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky sport toplumy ulanmaga berildi. Paýtagtymyz Aşgabatda dünýä ölçegleriniň talaplaryna laýyk gelýän 4 sany açyk tennis meýdançaly 30 müň orunlyk täze stadion gurlup ulanmaga tabşyryldy. Onuň umumy bahasy 31 million amerikan dollary möçberindedir.

Ýurtda 37 stadion, 2064 sport zallary, 22 ýüzüş howdanlary we birgiden açyk sport meýdançalary bar. Dünýä ülňülerine laýyk gelýän häzirki zaman sport toplumlaryna eýe bolmak bilen, döwletimiziň paýtagty Aşgabat kem-kemden sportuň dürli görnüşleri boýunça abraýly halkara we sebitleýin ýaryşlar geçirilýän merkeze öwrülip barýar.

Geçen ýyllarda Aşgabat şäherinde we welaýatlarda sportuň suwda ýüzülýän görnüşleriniň merkezi, 35 müň orunlyk 4 sany stadion, 1 müň orunlyk 2 sany sport öýi, 2 müň orunlyk 15 sany tennis korty, umumy meýdany 9 müň kwadrat metr bolan bedenterbiýe sagaldyş toplumlarynyň 13-si guruldy hem-de işe girizildi. Häzir biziň ýurdumyzda 114 sany sport mekdepleri işleýär.

Şeýle hem uly senagat kärhanalarynyň we edaralarynyň ýanynda olaryň öz serişdeleriniň hasabyna bedenterbiýe-sagaldyş toplumlary, sport meýdançalary, basseýnler guruldy.

Häzirki wagtda Türkmenistanda sportuň 40-a golaý görnüşi boýunça sport seksiýasy işleýär. Garaşsyzlyk ýyllary içinde türkmen sportçulary dünýä boýunça, Aziýa boýunça, Ýewraziýa boýunça geçýän çempionatlarda we ýaryşlarda, Orta we Günbatar Aziýa

oýunlarda, Bütindünýä küşt Olimpiadasynda hem-de beýleki halkara bäsleşiklerinde sportuň ençeme görnüşleri boýunça altyn, kümüş, bürünç medallaryň ýüzlerçesine mynasyp boldular. Diňe 2007-nji ýylda şeýle medallaryň 86-sy biziň ýurdumyza getirildi.

Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk institutynda, umumy bilim berýän Olimp orta sport mekdebinde, şeýle hem ýurdumyzyň beýleki sport mekdeplerinde ýokary taýýarlykly sportçylary hem-de bedenterbiýe işgärlerini taýýarlamagyň täze wezipeleri öňe çykýar.

Beden taýdan sagdyn we ruhy taýdan kämil ösýän ýaş nesli kemala getirmek, sport bilen meşgullanýanlaryň sanyny ep-esli artdyrmak, dünýä derejesindäki sportçylary taýýarlamak we sportuň maddy binýadyny mundan beýläkde pugtalandyrmak geljekki döwürler üçin sporty ösdürmegiň baş wezipelerini kesgitleýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda 2010-njy ýyldan başlap, her ýyl ýaz aýlarynda jemleýji tapgyryny geçirmek bilen, Türkmenistanyň umumybilim hemde başlangyç, orta we ýokary hünär bilimli edaralarynyň, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň arasynda «Türkmenistan – ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy» atly sport ýaryşlaryny geçirmek bellenildi.

Şol bir wagtyň özünde ýurdumyzda halkara sport ýaryşlarynyň geçýän ýerleriniň birine öwrülýär. 2017-nji ýylda paýtagtymyzda Aziýanyň Olimpiýa oýunlarynyň geçirilmegi munuň aýdyň alamatydyr. Hormatly Prezidentimiz bu barada «Ýene-de birnäçe ýyldan Aşgabadyň merkezinde sebitde iň iri bolmaly sport desgalar toplumy – Olimpiýa şäherjigi peýda bolar. Bu desgasy Halkara Olimpiýa komitetiniň talaplaryna doly laýyklykda enjamlaşdyrylar we türkmen sportçylaryny hem-de milli ýygyndy toparlaryny sportuň dürli görnüşleri boýunça guralýan abraýly ýaryşlara, şol sanda Olimpiýa oýunlaryna mynasyp derejede taýýarlamagyň berk binýadyny tutular. Aşgabat şäheri kem-kemden abraýly halkara we sebit ähmiýeti sport ýaryşlarynyň geçirilýän ýerine öwrülýär» diýip, guwanç bilen belläp geçýär.

Häzirki zaman syýahat industriýasy dünýä ykdysadyýetiniň iň iri, ýokary girdejili we has depginli ösýän pudagynyň biri bolup

durýar. Türkmenistanda dynç alyş we syýahatçylygyň kuwwatly industriýasyny döretmek, iň bir ileri tutulýan durmuş-ykdysady syýasatynyň biri bolup durýar. Munuň üçin ýurtda ähli zerur zatlar – owadan we häzirki zaman şäherler, köp sanly taryhy we medeni ýadygärlikler bar.

Döwletiň syýahatçylyk baradaky syýasatynyň esasy maksady Türkmenistanda dünýä ülňülerine laýyk gelýän, dürli syýahatçylyk hyzmatlara bolan halkyň isleglerini kanagatlandyrmaklyga ukyply häzirki zaman syýahatçylyk infrastrukturalaryny döretmekden ybarat bolup durýar. Syýahatçylygy ösdürmek babatynda döwletiň işjeň syýasatynyň esasy ugurlary syýahatçylaryň hukuklaryny, ýurdumyzdaky syýahatçylyk hyzmatlaryny ýerine ýetirijileriň bähbitlerini goramakdan we syýahatçylyk infrastrukturalaryny emele getirmäge gönükdirilen maýa goýumlary göni goýmak arkaly syýahatçylygy hemmetaraplaýyn goldamakdan, işgärleri taýýarlamakdan, milli syýahatçylygyň dünýä bazaryna aralaşmagy üçin ylmy we mahabat, maglumat taýdan ýardam etmekden, maýa goýumlaryň işjeňligini janlandyrýan, salgyt we gümrük ýeňilliklerini döretmekden ybaratdyr.

Geljekde syýahatçylygy ösdürmegiň esasy maksady Türkmenistanda ýokary derejeli we bäsleşiklere ukyply bolan, bir tarapdan ýerli ilatyň we daşary ýurtly raýatlaryň dynç alýan wagtynda ähli isleglerini kanagatlandyrmak üçin giň mümkinçilikleri bolan, ikinji tarapdan bolsa ýurduň ykdysady ösüşini, şol sanda salgytlaryň hasabyna döwlet býujetine girdejilerini milli pulda we daşary ýurt walýutalarynda artdyrmagyny, täze iş ýerleriniň döremegini, medeni we tebigy miraslaryň netijeli ulanylmagyny üpjün etmeklige ukyply syýahatçylyk toplumlaryny döretmekden ybaratdyr.

Türkmen halkynyň kökleri müňýyllyklaryň jümmüşine baryp ýetýän özboluşly medeniýeti, köp dürli tebigy we taryhy ýadygärlikleri, ýagny – ÝUNESKO-nyň «Bütindünýä medeni miraslaryna» goşulan Gadymy Merw, Köneürgenç, Nusaý, Marguşyň, Dehistanyň, Änewiň arheologiki ýadygärlikleri, Köýtendagyň haýran galdyryjy gowaklary, dinozawrlaryň aýak yzlary, Badhyz, Repetek, Köpetdagyň baý dag jülgeleri, Sumbaryň subtropiki giňişlikleri – bularyň barysy

syýahaty söýýänler we dünýäni öwrenesi gelýänler üçin adatdan daşary gyzykly, özüne çekiji zatlardyr.

«Awazadan» birnäçe sagat ýol aralykda häzirki wagtda gurap galan Uzboýuň gündogar kenarynda ýerleşýän Mollagara şypahanasy daýanç – hereket ediş agzalarynda, degna ulgamlarynda we peşew – jyns agzalarynda ýetmezi bolanlary kabul edýär. Şor kölüň batgasy bilen bejermekden başga, şypahana suw bilen bejermegiň hem dürli görnüşlerini hödürleýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu ýerde ýylda oňurgasynda şikes bolan 500 adama hyzmat edýän täze bölüm açyldy. Hazaryň kenaryndaky Milli syýahatçylyk zolagynyň çäklerinde, özgertmeler geçirilenden soň bu özboluşly şypahana şol zolagyň dowamy bolup hyzmat eder.

Düýpli özgertmelerden soň, meşhur Arçman we Baýramaly şypahanalarynyň hyzmatlaryna bolan isleg artýar.

Köpetdagyň eteginde, Aşgabatdan 130 kilometr uzaklykda ýerleşen Arçman şypahanasy iýmit siňdiriji agzalardaky, deri we daýanç – hereket ediş agzalardaky keselleri bejermeklige ýöriteleşdirilýändir. Şypahananyň esasy bejeriş serişdesi düzüminde Mendeleýewiň tablisasynyň 24 elementi bolan mineral suw bolup durýar. Arçman suwy kükürtli, gowşak minerallaşdyrylan we subtermal topara girýär. Ol suw içmek üçin hem ýaramlydyr.

Baýramaly şypahanasynyň amatly howa şertleri böwrek bejermek üçin iňňän amatlydyr. Onuň tomsy jöwzaly, gyşy ýyly, ýokary derejede gurak howasy bar. Gan aýlanyş ulgamy, iýmit siňdiriş agzalary we madda çalşygy bozulan adamlar bu ýerde ýylyň bütin dowamynda bejergi alyp bilýär.

Geografiýa taýdan amatly ýerleşişine, şypahanalaryň durkunyň täzelenmegi netijesinde Türkmenistan halkara syýahatçylygyň we sagaldyş – dynç alşyň ajaýyp merkezine öwrüler.

Syýahatçylyk jemi içerki önümiň emele gelmeginde, täze iş ýerleriniň döredilmeginde, ilatyň iş bilen üpjünçiliginde we bilim derejesiniň ýokarlanmagynda daşary söwda balansynyň işjeňleşmeginde, saglygy saklaýyş ulgamynyň kämilleşmeginde, täze maglumat tehnologiýasynyň işe girizilmeginde görnükli orny eýeläp biler.

Häzirki wagtda Türkmenistanda syýahatçylygy mundan beýläk hem ösdürmek üçin esasy öňde durýan işler şulardan ybaratdyr:

- syýahatçylyk ulgamynda guramaçylyk we maglumat aragatnaşyk ulgamyny kämilleşdirmek, tejribä gönükdirilen işleri güýçlendirmek;
- Türkmenistanyň entek syýahatçylyk babatda özleşdirilmedik çäklerinde syýahata bolan islegi ösdürmek (tebigy howa, taryhy – arhiologiki we medeni gymmatlyklar), bazary seljermek we öwrenmek;
- hereket ediji goltgulary üpjün etmek we syýahatçylygy dolandyrmakda çeýe guramaçylyk çärelerini ulanmak (salgyt, wiza, ulag we gaýry ýeňillikleri);
- menejment we syýahatçylyk merkezlerine tehniki taýdan hyzmat etmegi gowulandyrmak babatda işgärleri maksatlaýyn taýynlamagy, myhmanhana we naharhana telekeçiligini hem goşmak bilen, dizaýn we konsalting hyzmatlaryny kämilleşdirmek;
- syýahatçylygyň ösüşini kesgitleýän esasy zatlaryň täsirini hasaba almak bilen, durmuş – ykdysady çözgütleriň dürli taraplaryny işläp düzmek arkaly syýahatçylyk industriýasyny ösdürmäge gönükdirilen ugurlary emele getirmek;
- gowy hilli kanunçylyk esaslaryny döretmek;
- giň suratda awtomatlaşdyrmak we ähli ugurlary maglumatlaşdyrmak hem-de syýahatçylyk industriýasynynyň işini gönükdirmek esasynda syýahatçylyk hyzmatlarynyň ähli mümkinçiliklerini ösdürmek we mazmunyny düýpgöter gowulandyrmak;
- halkara syýahatçylyk bazarynda Türkmenistanyň syýahatçylyk kärhanalarynyň bäsleşige ukyplylygyny üpjün etmek bilen dünýäniň biri-birine ýakynlaşýan syýahatçylyk infrastrukturasyna işjeň goşulyşmak;
- isleg bildirýänleriň hemmesiniň bähbitlerine we mümkinçiligine laýyklykda, dünýä ülňüleri boýunça syýahatçylyk hyzmatlarynyň hödürlenmegini üpjün etmäge ukyply syýahatçylyk industriýasynyň tutuşlaýyn milli görnüşini döretmek.

Sagaldyşy, dynç alşy we ekologiki syýahatçylygy ösdürmek üçin Hazaryň türkmen kenarlary uly mümkinçiliklere eýedir. 2007-nji ýylyň iýul aýynda «Awazanyň» syýahat zolagy hökmünde yglan edilmegi dünýä möçberinde uly waka boldy. Bu ýurduň ägirt uly syýahat we ykdysady mümkinçiligini daşary ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna ulanmaklyga itergi berdi. Onuň esasy maksady – ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesini gowulandyrmak üçin zerur bolan şertleri döretmekden ybaratdyr.

Syýahatçylygy ösen ýurtlaryň we şäherleriň tejribesi erkin ykdysady we syýahatçylyk çäkleriniň, daşary ýurt maýalarynyň giňelmesini artdyrmaga ýardam edýändigini, çägiň we umumy ýurduň ösmegi üçin kuwwatly itergi bolýandygyny görkezýär.

«Awaza» syýahatçylyk zolagynyň ösdürilmegi bilen, daşary ýurtly myhmanlarynyň Türkmenistanyň beýleki dynç alyş merkezlerine, öňi bilen çäklerinden daşarda belli bolan mineral çeşmeli, sagaldyş öýlerine bolan gyzyklanmalary artar.

Hormatly Prezidentimiziň tagallasy boýunça «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi bu ýakyndaky bäş ýylda maýa goýum işinde wajyp başlangyçlaryň biri bolup durar. Bu hemmetaraplaýyn taslama – Türkmenistanda ilkinji dynç alyş we syýahatçylyk boýunça kuwwatly senagatyň döredilmegidir. Rekreasion baýlyklary hökmünde Hazar deňziniň türkmen böleginiň şelfiniň (kenarynynyň) ulanylmagy ykdysadyýet düzüminde goşmaça ýokary girdejili ýeri (nişa) emele getirer, dünýä ykdysady ulgamynda ýurduň integrasiýasynyň derejesini güýçlendirer. Erkin ykdysady syýahatçylyk zolagynyň statusy bu taslamany amala aşyrmakda daşary ýurtly maýadarlary çekmek üçin badalga berýär. Türkmenistan öz tarapyndan onuň abadanlaşdyryş infrastrukturasyna ABŞ-nyň 1 milliard 500 million dollaryny gönükdirdi. 2007-nji ýylyň iýul ayynda «Awaza» Milli syýahatçylyk zolagynyň prezentasiýasy boldy. Ol tamamlanandan soňra birnäçe ýurduň her hili iri kärhanalaryndan öz serişdeleriniň hasabyna 16 kilometrlik kenarýaka aralygynda, berkidilen erkin syýahatçylyk zolagynda döwrebap myhmanhanalaryň gurluşygy üçin islegler gelip başlady.

Taslamanyň durmuşa geçirilmeginde onlarça myhmanhanalaryň, çagalar üçin sagaldyş merkezleriniň, pansionatlaryň we willaryň, söwda we biznes-merkezleriniň gurluşygyna umumy möçberi ABŞ-nyň 10 milliard dollaryndan gowrak düýpli maýa goýumlarynyň tutmagy garaşylýar. Dünýä ülňülerine laýyklykda bu desgalaryň döredilmegi daşary ýurtly kompaniýalary tarapyndan amala aşyrylar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň iýul aýynyň 24-ne çykaran, 8855 belgili «Awaza milli syýahatçylyk zolagy baradaky» Kararyna laýyklykda «Awaza» syýahatçylyk zolagynda kuwwatlygy gije-gündizde 35 müň kub metre barabar bolan, deňiz suwuny süýjediji enjamyň gurluşygy, uzynlygy 7 kilometr bolan emeli kanalyň gurluşygy, suw üpjünçiliginiň we lagymyň täze ulgamy dowam etdiriler. Bu desgalaryň umumy bahasy 2348,9 milliard manada barabardyr.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň syýahatçylygy halkara derejelerine götermek boýunça alyp barýan strategiýasynyň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:

– Hazar deňziniň kenarynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny toplumlaýyn özleşdirmek we Türkmenistanda halkara syýahatçylyk işiniň binýadyny dünýä ülňülerine laýyk ýola goýmak;

– Türkmenistanda bar bolan milli medeni, taryhy gymmatlyklary we tebigy serişdeleri halkara syýahatçylygyny ösdürmek maksady bilen doly ulanmak;

– daşary ýurt syýahatçylary üçin maglumat-mahabat merkezleriniň giň toruny döretmek;

– hereket edýän syýahatçylyk toplumlarynyň durkuny täzelemek we täze obýektleriň gurluşygyny alyp barmak;

– syýahatçylykda kiçi we orta telekeçiligiň ähmiýetini ýokarlandyrmak, türkmenleriň medeniýeti, taryhy şahslary, häzirki zaman desgalarynyň şekilleri ýerleşdirilen ýadygärlik sowgatlaryny we nyşanlaryny öndürmegi senagat esasda ýola goýmaga hemaýat etmek;

– syýahatçylyk işinde zerur bolan hünärmenleri taýýarlamagy we gaýtadan taýýarlamagy kämilleşdirmek.

### 8.1.5. Durmuş üpjünçilik

Türkmenistanyň Durmuş taýdan üpjünçilik ministrliginiň esasy wezipeleri, onuň 2006-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan Düzgünnamasyndan gelip çykýar. Ministrligiň esasy wezipeleri durmuş taýdan üpjünçilik babatda Türkmenistanda ýeke-täk syýasaty ýöretmek, kanunçylyk, kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kämilleşdirmek boýunça teklipleri taýýarlamak, hereket edýän kanunlaryň berjaý edilişine döwlet gözegçiligini amala aşyrmak, toplaýyş ulgamyny giňden özleşdirmek, pensiýa we döwlet kömek pullaryny bellemek, olaryň tölegini gurnamak we gözegçilik etmekden ybaratdyr.

2007-nji ýylyň dowamynda raýatlaryň durmuş taýdan üpjünçilik meselesini ähli halk tarapyndan saýlanan hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza ýolbaşçylyk edip başlan ilkinji günlerinden öz üns merkezinde saklap gelýär. Halk hossary hökmünde Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine dalaşgär hökmünde türkmen halkynyň öňünde yglan eden meýilnamasyna laýyklykda, onuň ilkinji kabul eden kanunlarynyň biri hem Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunydyr.

2007-nji ýylyň 1-nji iýulynda kabul edilen «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny ýurdumyzyň durmuş üpjünçilik ulgamyny kämilleşdirmek işiniň maksatnamalaýyn çärelerini öz içine alýar. Bu toplumlaýyn maksatnamanyň esasy ugurlary durmuş üpjünçiligi ulgamyny düýpli özgertmekden, döwlet kömek pullaryny hasaplamakda we tölemekde kämil usullary düzgünleşdirmekden, durmuş ýardamynyň ähli görnüşlerini döwrebap derejede ösdürmekden ybaratdyr. (Gurbanguly Berdimuhammedow. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010)

Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanuny halkyň durmuş üpjünçiligine degişli ähli kanunnamalary öz içine jemlän kanundyr. Bu Bitewi Kanuny kabul etmek bilen Türkmenistan döwleti özüniň parasatly lideriniň ýolbaşçylygynda halkynyň

eşretli durmuşda ýaşamagy üçin çynlakaý çemeleşýändigini subut etdi.

Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunyň kabul edilmegi, durmuş üpjünçilik ulgamynyň dürli özgertmeleriň täze tapgyryna gadam basandygyna şaýatlyk edýär. Bu kanun:

– halkymyzyň durmuş taýdan goldawa mätäç ähli gatlaklaryndaky raýatlara dürli pul kömeklerini almaga hukuk berýär;

– ýurdumyzyň halkyny nygmatlar bilen üpjün edýän daýhanlarymyzyň pensiýa üpjünçilik meselesiniň çözgüdini tapýar;

– çaga dogran we ýaş çagaly enelere döwlet kömek pullaryny tölemegi kesgitleýär;

– Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň yzynda ýalňyz galan enelere, ekleýjisini ýitiren ýa-da ýetim galan çagalara we maýyplara tölenilýän döwlet kömek pulunyň möçberini köpeldýär;

– hemişe eklenç çesmesi bolmadyk, pensiýa ýaşy dolan raýatlara, hiç bir şertsiz, döwlet durmuş kömek puluny tölemegi kesgitleýär;

– Türkmenistanyň öňünde aýratyň hyzmatlary bitiren raýatlara şahsy (atly) pensiýa bellemek göz öňünde tutýar;

– geljek ýyllarda pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň töleglerini maliýeleşdirmegi özbaşdak dolandyrmak maksady bilen, 2012-nji ýylda Pensiýa Gaznasy döredildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 20-nji martynda gol çeken «Pensiýalary we döwlet kömek pullaryny tölemegiň binýatlaýyn möçberini we kadasyny bellemek hakynda» Permanyna laýyklykda, ýurdumyzyň raýatlaryna pensiýalary we döwlet kömek pullaryny bellemegiň binýatlaýyn iň az möçberli kesgitlenildi.

2007-nji ýylda kabul edilen Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunlaryna laýyklykda pensiýa hukukly adamlaryň sanyny 73 000 adam artdyrdy, olardan 48 787–si oba hojalyk önümçiliginde zähmet çeken daýhanlardyr. 2008-nji ýylda pensiýa alýan raýatlaryň sany 246 400 adama ýetip, geçen ýyldaka garanyňda 42 göterime köpeldi (6, 7-nji diagrammalar).

Türkmenistanda adam hukuklaryny giňeltmegi maksat edinen, Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunyny,

raýatlaryň döwlet kömegine bolan hukuklaryny has-da giňeltdi. Hemişelik eklenç çesmesi bolmadyk, pensiýa ýaşy dolan raýatlara hiç bir şertsiz, döwlet durmuş kömek puluny goşmaça 8 103 adama tölemäge ýol açdy. Şunuň netijesinde 2007-nji ýylda ýurdumyzda döwlet durmuş kömek puluny alýan adamlaryň sany 1 385-den 9 488-e çenli artdy ýa-da 7 esse köpeldi. Tölenýän kömek pulunyň ortaça möçberi 1,5 esse artdy. Bu maksada niýetlenip goýberilýän pul serişdeleriniň möçberi 9,3 esse köpeldi.

*6-njy diagramma*

**Pensionerleriň sany**




*7-nji diagramma*

**Pensiýalara her aýda çykdaýjylar**




«Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanunyna laýyklykda ýurdumyzda zähmet we toplaýyş pensiýalary bellenilýär. Zähmet pensiýasy, bu pensiýa ýaşyna ýeten adamlara, olaryň döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler amala aşyrylan iş döwri üçin bellenilýän pensiýadyr. Ol döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasynyň serişdeleriniň, döwlet býujetiniň hasabyna maliýeleşdirilýär. Zähmet pensiýasy raýatyň islendik yzygiderli 5 ýyl zähmet hakyndan hasaplanylýan şahsy koeffisenti hem-de durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimleri amala aşyrylan iş döwri esasynda bellenilýär. Toplaýyş pensiýasy bolsa ýaşyna ýeten we pensiýa toplamalary bar bolan adamlara bellenilýän pensiýadyr. Bu pensiýa raýatlaryň pensiýa gatançlarynyň we olaryň maýa goýum girdejileriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

Toplaýyş pensiýasy häzirki wagtda meýletin pensiýa ätiýaçlandyrmasy görnüşinde hereket edýär. Geljekde pensiýa ulgamyny kämilleşdirmek we pensiýalary, esasan, raýatlaryň öz hasabyna maliýeleşdirmekligi ýola goýmak maksady bilen ýokarda görkezilen Bitewi Kanunyň 187-nji maddasyna laýyklykda 2012-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Türkmenistanda şertli-toplaýyş pensiýa usulyny girizmek göz öňünde tutulýar.

«Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda Türkmenistanyň Kanuny 2009-njy ýylyň iýul aýynyň 1-ne güýje girdi. Kabul edilen resminama laýyklykda döwlet kömek pullarynyň üç görnüşine üýtgetmeler girizildi: çaga doglanda berilýän birwagtlaýyn kömek puly, çaga seretmek hem-de maýyplyk boýunça bellenilýän döwlet kömek pullary.

«Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi Kanunyna laýyklykda pensiýa ýaşyna ýeten ähli raýatlaryň durmuş goraglylygy kepillendirilýär. 62 ýaşyny dolduran erkek adamlara we 57 ýaşy dolan aýal maşgalalara işlän döwrüne we aýlyk iş haklaryna laýyklykda pensiýa bellenýän bolsa, iş döwri asla bolmadyk raýatlara döwlet durmuş kömek pullary bellenilýär. Pensiýany bellemek üçin iş döwrüni hasaba almagyň täze düzgünlerine laýyklykda oba hojalygy önümçiliginde zähmet çeken ildeşlerimiziň onlarça müňüsi özüniň çeken zähmetiniň hözirini görmäge mümkinçilik aldylar. Bu kanunyň Kabul edilmegi bilen harby gullukçylar pensiýa öňküsinden 6-7 ýyl ir çykyp bilýärler.

Bu bitewi kanuna laýyklykda Türkmenistanda enelik we çagalyk bilen bagly döwlet kömek pulunyň täze görnüşleri girizildi. Çaga dogran enelere birwagtlaýyn pul tölemek täzeden girizildi we 1,5 ýaşy dolýança çaga seretmek boýunça döwlet kömek puluny tölemek giň gerimde göz öňünde tutuldy we her bir enä tölenilýän kömek pulunyň möçberi 25% köpeldi. Bitewi kanun güýje girenden soňky döwürde, ýagny 2007-nji ýylyň ikinji ýarym ýylynda ýurdumyz boýunça çaga dogran 31 müň enä 70,7 milliard manat we 1,5 ýaşy dolýança çaga seretmek boýunça 110,1 müň enä 27,7 milliard manat döwlet kömek pullary tölenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 22-nji aprelinde gol çeken «Beýik Watançylyk urşunyň weteranlarynyň, olaryň ýanýoldaşlarynyň, şeýle-de tylda zähmet çeken weteranlaryň pensiýalarynyň möçberini ýokarlandyrmak hakynda» Permanyna laýyklykda ady agzalan pensiýalaryň möçberi 20% köpeldildi. Ýurtda pensiýalaryň iň köp möçberi – 638 manat derejesinde bellenildi.

Bitewi kanun güýje giren gününden Beýik Watançylyk urşunda wepat bolanlaryň yzynda ýalňyz galan enelere tölenilýän kömek puluň möçberi 4 esse, ekleýjisini ýitiren ýa-da ýetim galan çagalaryňky we maýyplaryňky 1,5 esse köpeldi.

Türkmenistanyň «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Bitewi kanunyň kabul edilmeginiň netijesinde 2007-nji ýylda ýurdumyz boýunça raýatlara döwlet býujetinden tölenen pensiýalaryň möçberi 14,8% we döwlet kömek pullary 82,0% artdy, tutuş ýylyň jemi boýunça bolsa 3,2 trillion manada barabar boldy. Bu bolsa Türkmenistanyň döwlet býujetiniň 12%-ine barabardyr.

Ýurdumyzyň pensiýa üpjünçiliginde, 1999-njy ýylda girizilen toplaýyş ulgamynda hem 2007-nji ýylda belli bir netijeler gazanyldy. Bu ulgama gatnaşýan raýatlaryň sany 949 müň adama ýetdi. Olaryň şahsy hasaplaryndaky toplamalaryň möçberi 1,9 trillion manada ýetdi. Toplaýyş ulgamy boýunça diňe 2007-nji ýylda 1243 adama pensiýa bellenildi we olaryň umumy sany 21 müňe ýetdi. Bu pensiýalaryň möçberi ýyl-ýyldan artýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylda kabul eden Bitewi kanuny durmuş üpjünçilik ulgamynyň geljekki döwürde has-da kämilleşdirilmegini we düýpli özgerdilmegini hem göz öňünde tutýar.

Geljek ýyllarda pensiýalary we döwlet kömek pullary tölegleri-ni maliýeleşdirmegi özbaşdak dolandyrmak maksady bilen, 2012-nji ýylda Pensiýa Gaznasynyň döredilmegi we pensiýa ulgamyny «Nesiller arkalaşyk ulgamyndan» «Şertli toplaýyş ulgamyna» öwürmek göz öňünde tutulýar.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady galkynyş we özgertmeler syýasatynyň 2030-njy ýyla çenli döwür

üçin Milli strategiýasynyň durmuş üpjünçiligine degişli bölegini işläp taýýarlamak hakyndaky 2007-nji ýylyň noýabr aýynyň 12-däki 9185-nji belgili kararyny ýerine ýetirmek uly wezipe bolup durýar.

## 8.2. Durmuş pudaklaryň ösüş aýratynlyklary

Her bir döwletiň syýasatynyň başarjaňlygynyň iň bir möhüm görkezijileriniň biri şol döwletiň raýatlarynyň ýaşaýyş derejesi we hili bolup durýar. Bu gün Döwlet baştutanymyzyň durmuşa geçirýän döwlet ähmiýetli işi, hususan-da durmuş sferasyndaky özgertmeler, ýurduň her bir raýatyna mynasyp durmuş şertlerinde ýaşamak mümkinçiliklerini ösdürmek we saglygyny goramak üçin deň derejede mümkinçilikleriň üpjün edilmegine gönükdirilendir. Hut şonuň üçin-de Türkmen döwletiniň döwlet syýasatynyň esasynda «Döwlet adam üçindir!» diýen pikir ýatandyr. Bu pikir konstitusiýa normalarynda özüniň aýdyň beýanyny, özüniň soňraky ösüşini bolsa milli kanunçylykda tapdy. Adam hakyndaky alada, hususan-da, syýasy we durmuş-ykdysady sferalarda, döwlet dolandyryşy sferasynda adam hukuklarynyň we şahsy azatlyklaryň doly durmuşa geçirilmeginiň üpjün edilmegi bolup, munuň özi jemgyýetiň we döwletiň demokratiýalaşdyrylmagy we döwrebaplaşdyrylmagy bilen aýrylmaz baglydyr.

Türkmenistanda syýasatda, ykdysadyýetde we durmuş ulgamda bolup geçýän ähli özgertmeler adama gönükdirilendir we onuň parahat durmuşyny, maddy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, baý ruhy galkynyşy üpjün etmek maksatlaryny özünde jemleýändir. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow BMG-niň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda eden çykyşynda: «Adam, onuň hukuklary we azatlyklary biziň jemgyýetimiziň baş gymmatlygydyr. Häzirki wagtda ol biziň döwlet syýasatymyzyň ileri tutulýan wezipesidir» diýip belledi.

Ýurdumyzda durmuş pudaklary ösdürmeklige köp üns berilýär. Ylmy-tehniki progresiň ösüşi bu ugruň pudaklarynyň ösmegine ze-

rurlyk döredýär. Täze tehnologiýanyň önümçilige ornaşdyrylmagy, onuň kämilleşdirilmegi önümçilik däl ugruň pudaklarynyň ösüşini talap edýär.

Durmuş nazarlanyşly bazar ykdysadyýeti döwletiň durmuş maksatly meseleleri çözmäge işjeň gatnaşmagyny göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bazar gatnaşyklaryna geçmek ilata berk durmuş goragy üpjün etmek şertinde alnyp barylýar.

Ykdysadyýetiň durmuş maksatlara nazarlandyrylmagy, ilkinji nobatda ýurduň Prezidentiniň alyp barýan syýasaty bilen mizemez arabaglanyşyklydyr. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet baştutany hökmünde ilkinji ädimleriniň biri hem ykdysadyýetiň durmuş pudaklaryny ileri tutulyp ösdürilýän pudaklaryň hataryna goşmagydyr. Türkmenistanda bilim, saglygy goraýyş, medeniýet, ylym, ýaşaýyş jaý hojalygy, syýahatçylyk, dynç alyş has-da pajarlap ösýär we döwlet tarapyndan güýçli goldaw alýar. Ýurduň düýpli maýa goýumlarynyň uly bölegi gönüden-göni durmuş bölegiň pudaklarynyň ösüşine gönükdirilýär.

2010-njy ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasynda, maýa goýumlaryny hasap etmäniňde, çykdajylarynyň 74.1 göterimini durmuş ulgamyny ösdürmäge gönükdirmek göz öňünde tutulýar. Şolardan bilim ulgamyny maliýeleşdirmek üçin serişdeleriň 39,2 göterimini, saglygy goraýşa-12,7 göterimini, medeniýete 4,3 göterimini, döwlet durmuş üpjünçiligine 33,4 göterimini, ýaşaýyş jaý jemagat hojalygyna 10,4 göterimini gönükdirmek meýilleşdirilýär.

Beýleki bir tarapdan, ýurduň güýçli inženerçilik infrastrukturasynyň we kommunikasiýa ulgamynyň ösüşi adamynyň durmuş derejesiniň we aň-düşünjesiniň ýokarlanmagyna gönükdirilýär. Obalarda, şäherçelerde we etrap merkezlerinde döwrebap mekdepleriň, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň, hassahanalaryň, saglyk merkezleriniň, sport desgalarynyň we mekdepleriniň, medeniýet öýleriniň gurluşyklary, olary tebigy gaz, elektrik energiýasy, ekologiki taýdan arassa agyz suwy, gaty örtükli ýollar, ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaý üpjünçiligi ýaly meseleleriň çözgüdi bilen utgaşykly alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň ykdysady

strategiýasynda ösen tehnologiýalary özünde jemleýän, ylmy köp talap edýän önümçilikleriň döredilmegine uly üns berilýär, Şunda bu önümçilikler üçin ýokary hünärli hünärmenleri taýýarlamak meselesine hem uly üns berilýär. Munuň netijesinde, ýurdumyzda maddy taýdan üpjünçilikli we ruhy taýdan ösen ýaşlar kemala gelýär. Adam kapitaly hil taýdan özgerýär we islendik tehnologiýalary özleşdirmeklige ukyply derejelere galýar.

Türkmen halky gazdan, elektrik togundan, suwdan, nahar duzundan, jemagat hyzmatlaryndan eýýäm uzak wagt bäri mugt, ýeňillikli bahadan peýdalanýar. Bu bolsa biziň döwletimiziň häzirki ykdysady we maliýe kuwwatyna, onuň mümkinçiliklerine şaýatlyk edýär. Biziň ýurdumyzda ýaşaýyş jaýy üçin töleg mugt diýen ýaly, benzin we beýleki ýangyç üçin bahalar bolsa dünýäde iň pes bahalardyr.

Şeýle hem ýurtda ýangyç serişdeleriniň, unuň we çörek önümleriniň bahalarynyň pes derejelerde durnukly saklanylmagy özümizde öndürilýän önümleriň bahalaryny durnuklaşdyrýar. Milli manadymyzy daşary ýurt walýutasyna çalşyk hümmetiniň durnukly bolmagy bolsa, ýurduň daşyndan getirilýän (import) harytlaryň bahalaryny bir durkunda saklamaga mümkinçilik berýär.

Bazar ykdysadyýetiniň durmuş ugra nazarlandyrylan derejesi kesgitlenende ýurduň jemi içerki önüminiň sarp edişe we maýa toplamaklyga gönükdirilişiniň gatnaşygy esasy jemleýji görkezijileriň hataryna girýär. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jemi içerki önümiň esasy böleginiň sarp edişe gönükdirilmegi babatynda yzygiderli alada edýär. Munuň netijesinde zähmetkeşleriň zähmet haklary, pensionerleriň pensiýalary, talyp haklary, döwlet kömek pullary yzygiderli ýokarlandyrylýar. Edara kärhanalar, durmuş pudaklar sarp ediş maksatly harytlar bilen ýeterlik derejede üpjün edilýär.

Ýurdumyzda zähmeti höweslendirmek, zähmet hakyny ýokarlandyrmak, ilatyň pul girdejilerini artdyrmak boýunça çäreler yzygiderli geçirilip durulýar. 2006–2008-nji ýyllarda her öý (hojalyk) başyna düşýän pul girdejisi 114,3%, bir işgäriň ortaça zähmet haky 116,0% ýokarlandy. 2009-njy ýylda ýurdumyz boýunça iş haklarynyň

14. Sargyt № 3158

möçberi 11 göterim ýokarlandy. 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan býujetden maliýeleşdirilýän edaralaryň, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň işgärleriniň iş haklarynyň, zähmet pensiýalarynyň, Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň pensiýalarynyň we döwlet kömek pullarynyň, talyp haklarynyň möçberlerini 10 göterim köpeldilmegi karar edildi.

Raýatlaryň üpjün ýaşamaklary üçin iş haklaryň yzygiderli artdyrylmagy, iş orunlarynyň köpelmegi ýurdumyzda durmuş pudaklaryny ösdürmeklige uly üns berilýändigine şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň ykdysady ösüşini durmuş maksatlara gönükdirmek babatynda alyp barýan syýasaty köpugurly we köpmaksatly häsiýetde bolup, adam hakynda alada ýugrulandyr.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň çalt depginler bilen ösmegi iri möçberli durmuş maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin giň mümkinçilikleri açýar. Türkmenistanlylaryň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmak şol maksatnamalaryň esasy ugry bolup durýar. Şunda ähli amatlyklar bolan ýaşaýyş jaýlaryny edinmekde ilata hemmetaraplaýyn goldaw bermäge aýratyn üns berilýär.

Raýatlaryň mynasyp durmuşy üçin ähli şertleri döretmek, şol sanda dünýä ülňülerine laýyk gelýän häzirki zaman ýaşaýyş jaýlary bilen üpjün etmek Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Häzir ýurdumyzda ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy giň gerime eýe boldy. Türkmenistanlylaryň girdejileriniň we abadançylygynyň ýokarlanýandygyny, şeýle hem ilata ipoteka karzlaryny bermek boýunça görülýän çäreleri nazara almak bilen, ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynda öýleri alýan maşgalalaryň sanynyň ýylsaýyn artjakdygyny ynamly aýtmak bolar. Özi-de örän amatly şertlerde ýaşaýyş jaýlaryny almaga mümkinçilik döreýär.

Şunuň bilen baglylykda döwlet Baştutanymyzyň 2007-nji ýylyň ahyrynda gol çeken Kararyna laýyklykda türkmenistanlylar üçin paýtagtymyzda gurulýan kaşaň belent ýaşaýyş jaýlarynda öýleri satyn almak üçin täze mümkinçilikler açyldy. Mysal üçin, 2008-nji ýylyň

1-nji ýanwaryndan başlap, Aşgabatda satylýan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri almak üçin «Prezidentbank» ýurdumyzyň raýatlaryna berilýän ipoteka karzlarynyň möhletini 15 ýyldan 30 ýyla çenli uzaltdy. Şunda 1 göterime barabar bolan ýyllyk stawkasy we esasy karzlary üzüp başlamagyň bäş ýýllyk gaýra goýmak möhleti saklanyp galdy. Öýleriň bahasynyň ilkibaşdaky tölegi 30 göterimden 10 göterime çenli azaldyldy. Hormatly Prezidentimiziň welaýatlarda, şol sanda oba ýerlerinde ýaşaýan raýatlara ýaşaýyş jaýyny almak üçin uzakmöhletleýin karzlary bermek baradaky başlangyjy döwlet ýaşaýyş jaý syýasatyny durmuşa geçirmekde ýene-de bir möhüm ädim boldy. Edaralara we gurluşyk guramalaryna kömekçi potratçylary çekmek bilen öz hasabyna we ýurdumyzyň ygtyýar edilen banklaryndan alnan ýeňillikli karzlaryň hasabyna öň bölünip berlen we täzeden berilýän ýer meýdanlarynda ýerli häkimlikleriň, gurluşyk edaralarynyň we raýatlaryň arasynda baglaşylýan üçtaraplaýyn şertnamanyň esasynda ýaşaýyş jaýlaryny gurmak tabşyryldy. «Türkmenbaşy», «Türkmenistan», «Halkbank», «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banklary gurluşyk guramalaryna we raýatlara karzlary bermäge borçly edildi. Şu günki güne çenli şeýle üçtaraplaýyn şertnamalar raýatlaryň ýüzlerçesi bilen baglaşyldy. Gozgalmaýan emläk üçin karzlar hem 30 ýyl möhlet bilen 1 göterimde berilýär. Karzlary töläp başlamagyň ýeňillikli gaýra goýmak möhleti 5 ýyla barabardyr.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ykdysady strategiýasynda döredijilik ýagdaýda ilatyň sagdyn, eşretli ýaşamagy üçin şertleri üpjün etmeklik möhüm orun tutýar. Ministrler Kabinetiniň Mejlisinde ol öz çykyşlarynda ykdysady özgertmeleriň netijesinde ykdysadyýetiň ähli ugurlaryndaky ykdysady we ýurduň ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň ösüşi bolmalydygyny nygtaýar.

Adamyň eşretli ýaşamagy üçin ýaşaýyş jaý şertleri bilen üpjünçiligi wajyp ýagdaýlaryň biri bolup durýar, bu bolsa ylmy-tehniki ösüşiň taze üýtgeýän şertlerinde öz talaplaryny bildirýär. Ýagny, her bir maşgalany dünýädäki häzirki zaman normatiw jaý meýdany bilen üpjün etmeklik däl-de, eýsem, ýokary hilli suw, elekroenergiýa, ýylylyk, gaz üpjünçiligi, lagym ýollary we ş. m. laýyk ýokary hilli şertleri

zerurdyr. Ylaýtada, şu mesele ilatyň hakyky ýokary depginler bilen ösüşi we ýurduň tebigy-ýagdaý aýratynlyklary sebäpli möhüm orny eýeleýär. BMG we Ýewropa ýurtlary bilen deňeşdirilende, ýurduň ilaty degişli ýagdaýda ýaşdyr we ilatyň ösüş depgini amatly şertlerde has hem ýokary bolar. Bu bolsa ýaşaýyş jaý we beýleki jemagat hyzmatlary üçin islegleriň ýokarlanmagyna getirer.

Şonuň üçin Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan bu ugurda toplumlaýyn çäreleri geçirmeklik dowam etdirilýär: ykdysadyýetiň döwlete degişli we döwlete degişli bolmadyk ulgamlarynda ýokary depginler bilen ýaşaýyş jaýlary gurulýar.

Şäherleriň keşbini we ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak üçin Türkmenistanda ajaýyp binagärçilik we hili boýunça ýaşaýyş jaýlary gurulýar. Ylaýtada bu işler Aşgabat şäherinde giňden ösýär. Ýaşaýyş jaý bazarynyň ösüşi üçin geljekde ilata öýleri satmak şerti bilen ýokary amatlykly we otaglarynyň ýerleşdirilişi gowulandyrylan köp gatlakly hususy ýaşaýyş jaýlary gurulýar. Eýsem, ýokary depginde däl-de, halkara ülňülerine laýyk hili üpjün edýän daşary ýurt hem ýerli potratçylar olaryň gurluşygyna işjeň gatnaşýarlar. Ýokary amatlykly we giň öýlerden başga-da, bu jaýlar türgenleşik ulgamlary, çaga oýnalýan meýdançalar, söwda merkezleri bilen üpjün edilen. Ýaşaýyş jaýynda üpjünçilik edýän enjamlaryň tehniki parametrleri umumy halkara ülňülerine gabat gelýär.

Hökümet arassaçylyk kadalaryny gözegçilik etmek maksady bilen her bir jaýy merkezi suw üpjünçiligi, elektroenergiýa, gazlaşdyrmak bilen üpjün etmekde aýratyn üns berýär. Bazar gatnaşyklarynyň ösmeginde, obalarda we şäherçelerde ilatyň sany ösýän we köpüsi mallary saklamak we köpeltmek bilen meşgullanýan ýagdaýda, yssy howa şertlerinde merkezi lagym suw ýollary bilen üpjün etmek çärelerini görmek zerur bolup durýar. Şunlukda, obalardaky, şäherçelerdäki, etrap şäherlerindäki we etrap merkezlerindäki ilat üçin ýokary derejeli durmuş-ykdysady şertlerini döretmekde «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatna-

masyna» laýyklykda ýaşaýyş jaý we inžener ulgamlarynyň gurluşygyna býujet serişdeleriniň hasabyna 21,2 trln. manat gönükdirmek göz öňünde tutulýar.

Ilatyň durmuş-ykdysady şertleriniň gowulandyrylmagy, easasan, ýaşaýyş jaý-jemagat maksatly desgalaryň gurluşygy arkaly ýerine ýetirilýär. Şeýle hem bu ulgamda bazar gatnaşyklaryň haýal ösmegi bilen maşgalanyň sanynyň üýtgemegine bagly ýaşaýyş jaýlaryny gaýtadan paýlamak işi arkaly ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmaklyk çeýeligini göz öňünde tutmak zerurdyr. Ýagny, bir maşgalanyň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak, beýlekileriň ýaşaýyş jaý şertlerini öz akymynda gowulandyrmaýar. Ýaşaýyş jaý bazarynyň ösmegi bilen bu mesele çözüler.

Garaşsyzlygy almazdan öň ýaşaýyş jaýlarynyň 50%-e golaýy ykdysadyýetiň döwlet ulgamynda işe girizilýärdi. Ykdysadyýetiň hususy ulgamyndaky hojalyk ýöredijileriniň ýaşaýyş jaý gurluşyk üçin mümkinçilikleri saklanýardy. Garaşsyzlygy alanymyzdan bäri Hökümet tarapyndan ykdysadyýetiň hususy ulgamynda ýaşaýyş jaý gurluşygyny höweslendirmek üçin birnäçe wajyp kanunçylyk resminamalary kabul edildi (ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin pes nyrhlarda gurluşyk materiallary ilata berilmek, ýeňillik karz ýoly we ş.m. çäreleri durmuşa geçirmek).

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň durmuş syýasatynyň ýene-de bir aýratynlygy, onuň sebitler boýunça gyradeň ösüşi üpjün etmeklige gönükdirilendigi bilen baglanyşyklydyr. Ýurdumyzyň tebigy we ykdysady kuwwatlyklaryny rejeli ulanmak, durmuş ösüşiniň ýurduň ähli künjeklerini, hat-da çarwa obalaryny öz içine almak maksatlary ýurduň Prezidentiniň ykdysady strategiýasynyň mazmunyny düzýär. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasynyň» kabul edilmegi hem munuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Milli maksatnamanyň kabul edilmegi Türkmenistanyň obalarynyň, şäherçeleriniň, etrapdaky şäherleriniň we etrap merkezleriniň

keşbini düýpgöter özgertmek we olaryň ilatynyň durmuş derejelerini ýokarlandyrmak wezipeleri durmuş syýasatyň baş maksatlarynyň birine öwrülýändigine aýdyň şaýatlyk edýär.

Milli maksatnamanyň esasy maksady Türkmenistanyň obalarynyň we kiçi şäherleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli ýokarlandyrmak, oba ilatly nokatlaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň durmuş ösüşini we inženerçilik infrastrukturasyny özgertmekden ybaratdyr.

Özüniň gurşap alýan wajyp durmuş meseleriniň gerimi we möçberi boýunça «Tükmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnama» diňe bir sebit boýunça däl, eýsem, bütin dünýä boýunça tapawutlanýan maksatnamalaryň hataryna girýär. Milli maksatnama ýurdumyzyň ilatynyň esasy böleginiň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli ýokarlandyrmagyň maddy we maliýe binýadynyň esasyny döredýär. Wajyp durmuş çözgütleriň amal edilmegi, ilkinji nobatda ýurdumyzyň döwlet serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň atalyk aladalarynyň netijesinde dörän bu ynsanperwer maksatnama ýurduň ähli etraplaryny we obalaryny öz içine alýar.

Milli maksatnama durmuş ösüşiniň we inženerçilik infrastrukturasynyň 15 ugruny öz içine alýar: hassahanalar, saglyk öýleri we merkezleri, mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralary, orta mekdepler, medeniýet öýleri, sport mekdepleri, sport desgalary, suw geçirijileri, suw guýulary, lagym geçirijileri, awtomobil ýollary, gazlaşdyryş desgalary we geçirijileri, elektrik geçirijileri we desgalary, aragatnaşyk ulgamy, ýaşaýyş jaý hojalygy. Milli maksatnamada bu ugurlaryň her haýsysy boýunça ileri tutulyp çözüljek wezipeler kesgitlenildi.

Milli maksatnama boýunça umumy möçberi 72,5 trillion manatlyk düýpli maýa goýumlary özleşdirmek göz öňünde tutulýar. Şolaryň 11,2 trillion manady elektrik geçirijilerini we desgalary, 11,0 trillion manady suw geçirijilerini, 10,4 trillion manady mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralaryny, 10,4 trillion manady orta mekdepleri, 7,2 trillion

manady ýaşaýyş jaýlaryny, 6,3 trillion manady awtomobil ýollaryny, 4,3 trilliony sport mekdeplerini gurmaga gönükdiriler. Uly möçberli düýpli maýa goýumlar, gazlaşdyryş desgalarynyň we geçirijileriniň, hassahanalaryň we saglyk öýleriniň, medeniýet edaralarynyň, sport desgalarynyň, suw guýularynyň, lagym geçirijileriniň, aragatnaşyk ulgamynyň ösdürilmegine gönükdiriler.

Milli maksatnamada saglygy goraýyş ulgamy boýunça birnäçe çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Her etrapda iki sany saglyk öýüniň we hassahananyň doly möçberli işini ýola goýmak, saglygy goraýyş edaralaryny ýokary hünärli lukmanlar bilen üpjün etmek, oba lukmançylyk ambulatoriýalarynda, etrap merkezi hassahanalarynda düýpli abatlaşdyryş we enjamlaşdyryş işlerini geçirmek, tiz kömek gullugynyň kadaly işini guramak üçin olary ýeterlik derejede sanitar awtoulaglary, enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün etmek ýaly meseleler maksat edilip goýlandyr.

Umumybilim ulgamy boýunça oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 161,5 müň orunlyk 328 mekdebiň gurulmagy göz öňünde tutulýar. Mekdebe çenli ýaşly çagalar edaralarynyň 428-siniň gurluşygy amala aşyrylar. Olar 61,5 müň çaganyň çagalar baglaryna gatnamagyna mümkinçilik döreder.

Türkmen obasyny medeni taýdan düýpli ösdürmek we özgertmek, halkymyzyň medeni, taryhy gymmatlyklarynyň we däp-dessurlarynyň saklanyp galynmagyny we halka giňden ýaýradylmagyny gazanmak esasy maksatlaryň biri bolup durýar. Şol sebäpli hem obalarda, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde Milli maksatnamanyň amala aşyrylan döwründe hili boýunça nusgalyk 215 sany oba medeniýet öýlerini gurmak meýilnamalaşdyrylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ähli etrap merkezlerinde sport-bedenterbiýe toplumlaryny gurmagy zerur hasap edýärin» diýen atalyk aladasyndan ugur alyp, Milli maksatnamada bedenterbiýe we sport ulgamyny giňden ösdürmek boýunça uly möçberli işler göz öňünde tutuldy. Oba ýerlerinde, şäherçelerde, etrapdaky şäherlerde we etrap merkezlerinde 75,5 müň orunlyk 212

sport mekdepleriniň we 180 sport desgalarynyň gurulmagy göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň obalarynda, şäherçelerinde, şäherlerde we etrap merkezlerinde suw üpjünçiligi esasy meseleleriň biri bolup durýar. Suw diňe bir agyz suwy we şahsy gigiýena üçin ulanylman, uly möçberlerde mellek ýerlerini suwarmak we mallary suwa ýakmak üçin hem ulanylýar. Şu nukdaýnazardan suw üpjünçiliginiň hyzmatlarynyň hilini gowulandyrmak we suw geçirijilerden suwuň ýitgisini düýpli azaltmak, suw geçirijileriň suwunyň ýokanç keselleriň döremek howpsuzlygyny üpjün etmek maksatlaryna gönükdirilen, uzynlygy 22895,2 kilometre barabar suw geçirijilerini gurmak we oba ilatyny agyz suwy hem-de mellek ýerlerinde oba hojalyk önümlerini öndürmek üçin guýularyň 2774-sinde umumy möçberi 259,8 mlrd. manada barabar bolan täze gurluşyk we düýpli abatlaşdyryş işleri alnyp barlar.

Milli maksatnamada awtoulag ýollary boýunça oba ýerleriniň, şäherçeleriň, şäherleriň we etrap merkezleriniň içerki ýollarynyň ýagdaýy olaryň durkuny täzelemegi talap edýär. Türkmenistanyň ilatynyň zolaklaýyn ýerleşmegi sebäpli, ilatly nokatlaryň arasyndaky awtoulag ýollaryň ýagdaýy gowy, ýoluň käbir bölekleri halkara ülňülerine gabat gelýär. Şonuň üçin oba ýerleriniň ýollaryny abatlaşdyrmak boýunça obalaryň, şäherçeleriň, şäherleriň we etrap merkezleriniň içerki ýollaryny düýpli abatlaşdyrmak, awtoulag ýollardan obalara, şäherçelere we etrap merkezlerine barýan ýollaryň abatlaýyş we durkuny täzeleýiş işlerini döwrebaplaşdyrmak, wajyp önümçilik obýektlerine (däne ammarlaryna, maldarçylyk toplumlaryna, önümçilik brigadalaryna) barýan ýollarda abatlaşdyryş işlerini geçirmek we täze ýollary gurmak ýaly işler göz öňünde tutulýar. Milli maksatnamada obalarda, şäherçelerde, şäherlerde we etrap merkezlerinde umumy uzynlygy 2386,4 kilometre barabar awtoulag ýollarynyň gurulmagy göz öňünde tutulýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň aglaba bölegi, şol sanda-da oba ýerleri gazlaşdyrylandyr. Geljekde bu ugurda obalaryň, şäherçeleriň, şäherleriň we etrap merkezleriniň gazlaşdyrylyşynyň

hilini ýokarlandyrmak we çet obalary gazlaşdyrmaklygy üpjün etmek wezipeleri öňde durýar. Milli maksatnamanyň çäklerinde uzynlygy 6446,4 kilometrlik gaz desgalarynyň we geçirijileriň gurluşygy göz öňünde tutulýar. Uzakda ýerleşýän az ilatly oba ýerleriniň ýaşaýjylary ballonly suwuklandyrylan gaz bilen bökdençsiz üpjün ediler.

Oba ýerlerinde elektrik energiýa ulgamyny ösdürmegiň esasy wezipeleriniň biri oba sarp edijileriniň elektrik energiýasy bilen ygtybarly, howpsuz we netijeli üpjün edilmegini gazanmakdan ybaratdyr. Milli maksatnamada oba ýerlerinde elektrik energiýasy bilen üpjünçilikde oba ilatyny, şol sanda-da daýhan (fermer) hojalyklaryny we beýleki oba hojalyk haryt öndürijilerini elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek, obalarda, şäherçelerde, şäherlerde we etrap merkezlerinde bar bolan elektrik energiýasyny kabul ediji we paýlaýjy ulgamlaryň durkuny täzelemek we döwrebaplaşdyrmak işleri göz öňünde tutulýar. Meýilnamalaşdyrylýan döwürde uzynlygy 24441,2 kilometre barabar elektrik geçirijileri we desgalary gurlar. Milli maksatnamada bellenen çäreleriň amala aşyrylmagy oba ýerleriniň elektrik energiýasy bilen üpjünçiliginiň ygtybarlylygyny we netijeliligini has-da ýokarlandyrar.

Oba ýerlerinde telekommunikasiýa ulgamyny ösdürmegiň esasy maksady bolup, oba ilatyny we durmuş bölegiň edaralaryny telefon aragatnaşygy we beýleki maglumat hyzmatlary bilen üpjün etmek bolup durýar. Milli maksatnamada oba ýerlerinde telekommunikasiýa ulagamyny ösdürmek boýunça obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleri we etrap merkezlerini islege görä doly möçberlerde telefonlaşdyrmak, awtomatlaşdyrylan telefon beketlerini tapgyrlaýyn elektron görnüşlere geçirmek, telefon aragatnaşygy ulgamyny ösdürmegiň we ulanmagyň usullaryny we görnüşlerini kämilleşdirmek, telekommunikasiýa we maglumat hyzmatlarynyň täze görnüşlerini girizmek çäreleri göz öňünde tutulýar. Milli maksatnamada aragatnaşyk ulgamynda 854,1 milliard manatlyk düýpli maýa goýumlary özleşdirmek bellenilýär. Mundan başga-da, ilatyň elinde öýjükli telefonlaryň mukdary hem düýpli artar. Göz öňünde tutulan

çäreleriň ýerine ýetirilmegi oba ilatynyň ýaşaýyş derejesiniň bu ugurlarda düýpli ösmegini üpjün eder.

Türkmenistanyň oba ilaty ýokary depginler bilen ösýär. Munuň netijesinde köpsanly täze maşgalalar döreýär, maşgalanyň adam sany köpelýär. Şonuň üçin Türkmenistanyň oba ýerlerinde ýaşaýyş jaý-jemagat hojalygyny ýokary depginler bilen ösdürmek zerurlygy ýüze çykýar. Milli maksatnama boýunça obalarda, etrap merkezlerinde we şäherçelerde 5617,4 müň inedördül metr ýaşaýyş jaýlarynyň gurulmagy bellenildi. Olar döwlet we ýerli guramalaryň, şeýle hem ilatyň serişdeleriniň hasabyna gurlar. Bu işleri amala aşyrmak üçin 8052,4 milliard manatlyk serişdeler goýberiler. Uzynlygy 6346,0 kilometre barabar lagym geçirijileriniň gurluşygy amala aşyrylar we olary maliýeleşdirmek üçin 2992,9 milliard manatlyk düýpli maýa goýumlar gönükdiriler.

# 9-njy bap
# TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE, BANK WE SALGYT ULGAMY

## 9.1. Türkmenistanyň maliýe ulgamy

**Maliýe ulgamy** – bu degişli guramalar tarapyndan dolandyrylýan pul toplumlaryny we gaznalaryny döretmek hem-de ulanmak sebäpli önümçilik we önümçilik däl işiň dürli ugurlarynda emele gelýän, biri-birinden bölünip aýrylan, ýöne özara baglanyşykly maliýe gatnaşyklar gurşawynyň we düzümleriniň jemidir.

Maliýe ulgamlary şu aşakdakylardan ybarat:

**1. Döwlet maliýesi.** Munda esasy orny döwlet býujeti tutýar. Ol merkezleşdirilen pul toplumy ýa-da döwletiň esasy maliýe meýilnamasydyr. Onda möçberi boýunça iň uly maliýe serişdeleri toplanyp, durmuş çärelerine hem-de ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge gönükdirilýär. Ol meýilnama hökmünde girdejileri we çykdajylary boýunça

hökmany suratda ýerine ýetirilmelidir. Meýilnama öňünden düzülýär we geljek ýyl üçin tassyklanýar.

Býujet barada 2003-nji ýylyň noýabr aýynyň 30-da kabul edilen kanun esasynda 2004-nji ýyl üçin Türkmenistanyň býujete girdejileri boýunça 63 trln 442 mlrd 077 mln manat, çykdajylary boýunça 63 trln. 442 mlrd. 077 mln. manat möçberinde kesgitlenildi. Býujetiň ep-esli bölegini merkezleşdirilen býujet düzýär. Onuň girdejileri 59 trln. 438 mlrd. 877 mln. manat, çykdajylary boýunça 59 trln. 438 mlrd. 877 mln. manat, galany ýerli býujetler. Çykdajy girdejiden artyk bolsa, muňa býujet ýetmezçiligi diýlip aýdylýar. Bu Merkezi bankdan alnan karz puluň hasabyna ýapylýar, emma 2004-nji, 2005-nji we 2006-njy ýylyň býujetleri ýetmezçiliksizdir. 2007-nji ýylyň býujeti profisitdir. Ýagny girdejisi çykdaýjysyndan artykdyr. 2008-nji ýylyň býujeti girdejisi boýunça 118169,9 mlrd. manat, çykdajysy boýunça 123369,9 mlrd. manatdyr, býujet ýetmezçiligi 5200,0 mlrd. manat göz öňünde tutuldy. 2009-njy ýylda döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary 58892,2 müň manat möçberde kesgitlendi. Ol denominirlenmedik pulda 294400815 mln. manatdyr. Býujet üstümizdäki ýylda girdejileri we çykdajylary boýunça üstünlikli ýerine ýetirilýär.

Býujet ulgamlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

***Merkezleşdirilen býujet***, şol sanda býujete girýän maksatly toplumlar we gaznalar, şonuň ýaly-da býujetden daşary gaznalar, soňra ýerli býujetler (welaýat, etrap hem-de şäher býujetleri) girýär. Munuň daşyndan döwlet karzy girýär, gymmat bahaly kagyzlar çykarylyp (paýnamalar we obligasiýalar), ilatyň we edaralaryň arasynda ýerleşdirilýär hem-de býujetiň girdejilerini emele getirýär.

***Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary.*** Bu guramalarda pul serişdelerine döwlet eýeçilik edýär. Emma hususy ätiýaçlandyryş kompaniýalary döwlet maliýesine girmeýär, ol kärhananyň maliýesine girip, girdeji-çykdajylary kompaniýanyň özüne degişlidir.

Kärhananyň maliýesi 2 topardan durýar: täjirçilik, ýagny telekeçilik başlangyçlarynda hem-de täjirçilik başlangyçlarynda däl edaralar we kärhanalar. Telekeçilik bilen meşgullanýanlary dürli eýeçilik görnüşindäki: döwlet eýeçiligi, hususy eýeçilikdäki, bilelikdäki,

paýdarlar jemgyýetleri, hojalyk şereketi, ýekebara, hyzmatdaşlyk we ş.m. Şu pudaga täjirçilik banklary hem-de hususy ätiýaçlandyryş guramalary girýärler. 2-nji topara bolsa jemgyýetçilik guramalary girýär. Maksatly gaznalara býujet düzümindäki şu aşakdakylar girýärler:

– nebit-gaz we mineral serişdeleri ösdürmek;
– ulag we aragatnaşyk üçin;
– oba hojalygyny ösdürmek;
– saglygy goraýyş;
– düýpli maýa goýumlar;
– energetika senagaty toplumy;
– sarp ediş toplumy, bilim;
– Aşgabat şäherini ösdürmek we ş.m.

Býujetiň daşyndaky gaznalar, lukmançylyk ätiýaçlandyrylyşy, pensiýa ätiýaçlandyrylyşy, munuň daşyndan bir topar hususy jemgyýetçilik guramalarynyň howandarlyk we haýyr-sahabat işleri üçin gaznalary girýärler. Bu toplumlar we gaznalar 33-nji tablisada görkezilendir.

Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň düzümi baradaky maglumatlardan görnüşi ýaly, býujet girdeji we çykdajylary boýunça, hatda içerki önümiň möçberiniň ösüşinden-de ýokary depginler bilen ösüpdir.

Türkmenistanyň býujet ulgamlary barada kabul edilen kanunda (1996-njy ýylyň iýun aýynyň 18-i) býujet ulgamy barada giňişleýin düşünjeler bar: býujet Türkmenistanyň kanuncylygy esasynda döwlet häkimiýeti, ýerli häkimiýet guramalary tarapyndan belli bir döwürde toplanylýan we ulanylýan maliýe resurslarynyň jemidir (33-nji tablisa).

Býujet döwletiň garamagynda durýan uly merkezleşdirilen pul gaznasy bolup, ol maliýe ulgamynyň esasy bölegidir. Onuň kömegi bilen döwlet milli girdejiniň aglaba bölegini paýlap, ony öz elinde jemleýär. Bu ýerde uly girdejiler we möhüm umumy döwlet çykdajylary jemlenýär. Býujetiň bazar ykdysadyýetine geçiş döwründäki orny aýratyn-da uludyr. Geçiş döwründe býujetiň belli bir durmuş ugry bolmalydyr, geçiş şertlerinde zähmetkeşleriň giň toparynyň,

*33-nji tablisa*




aýratyn-da, özleriniň girdejileri býujete bagly bolanlaryň girdejilerini deňeşdirmek we ýokarlandyrmak zerurlygy ýüze çykýar (34-nji tablisa).

*34-nji tablisa*

**TÜRKMENISTANYŇ 2009-njy ÝYL ÜÇIN DÖWLET BÝUJETI**

**Deňeşdirmek ýeňil bolar ýaly, san maglumatlary denominirlenmedik görnüşde getirildi (mün. manat)**

| | 2008-nji ýyl takyklanan | 2009-njy ýyl | Aratapawudy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | jemi | %-de |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
| **GIRDEJILER** | | | | |
| **Salgytlardan gelýän girdejiler (býujetiň I derejesiniň girdejileri)** | **43 011 599** | **57 515 100** | **14 503 501** | **133,7** |
| Ilatdan alynýan salgytlar | 2 027 580 | 2 338 350 | 310 770 | 115, 3 |
| Peýdadan alynýan salgyt | 12 230 498 | 11 863 650 | –366 848 | 97, 0 |
| Emläk üçin salgyt | 648 688 | 746 600 | 97 912 | 115, 1 |
| Goşulan baha üçin salgyt | 9 788 247 | 15 273 250 | 5 485 003 | 156, 0 |
| Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 7 916 701 | 14 598 400 | 6 681 699 | 184, 4 |
| Goşmaça tölegler (aksizler) | 2 314 012 | 5 095 300 | 2 781 288 | 2 es. |
| Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna | 3 877 440 | 4 490 500 | 613 060 | 115,8 |
| Beýleki girdejiler | 4 208 433 | 3 109 050 | –1 099 383 | 73,9 |
| **Gazananlarynyň serişdeleri (býujetiň II derejesiniň girdejileri)** | **168067542** | **236945745** | **68 878 203** | **141,0** |
| Nebit-gaz we himiýa toplumy | 104967580 | 161174900 | 56 207 320 | 153,5 |
| Energosenagat toplumy | 1 709 286 | 1 900 125 | 190 839 | 111,2 |
| Gurluşyk toplumy | 1 530 388 | 2 155 990 | 625 602 | 140,9 |
| Agrosenagat toplumy | 21 163 442 | 22 345 070 | 1 181 628 | 105,6 |

*34-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| ş.s. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 2 099 523 | 2 667 610 | 568 087 | 127,1 |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 8 985 793 | 9 124 510 | 138 717 | 101,5 |
| Ilatyň ulanýan harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 6 593 916 | 8 276 085 | 1 682 169 | 125,5 |
| Banklar we ätiýaç-landyryş guramalary | 5 795 391 | 3 272 665 | –2 522 726 | 56,5 |
| Durmuş meseleleri toplumy we toplumlara girmedikler | 3 178 788 | 3 070 465 | –108 323 | 96,6 |
| şol sanda: | | | | |
| Aşgabat şäher Häkim-liginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 25 000 | 27 500 | 2 500 | 110,0 |
| Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 282 682 | 220 000 | –62 682 | 77,8 |
| Altyn asyry ösdürmegiň döwlet gaznasy | 576 358 | 738 140 | 161 782 | 128,1 |
| Türkmenistanyň ätiýaçlyk daşary ýurt puly gorunyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary | 13 566 600 | 24 877 795 | 11 321 195 | 183,4 |
| GIRDEJILERIŇ JEMI | 211 079 141 | 294 460 845 | 83 381 704 | 139,5 |

*34-nji tablisanyň dowamy*

| | **2008-nji ýyl takyklanan** | **2009-njy ýyl** | **Ara tapawudy** | |
|---|---|---|---|---|
| | | | **jemi** | **%-de** |
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| **ÇYKDAJYLAR** | | | | |
| **Býujet ulgamynyň çykdajylary (býujetiň I derejesiniň çykdajylary)** | **43 011 599** | **57 515 100** | **14 503 502** | **133,7** |
| ***Durmuş we jemgyýetçilik hyzmatlary*** | ***16 043 398*** | ***18 124 340*** | ***2 080 942*** | ***113,0*** |
| Bilim | 7 373 186 | 8 070 171 | 696 984 | 109,5 |
| Saglygy goraýyş | 2 237 235 | 2 586 306 | 394 072 | 115,6 |
| Medeniýet | 619 213 | 717 245 | 98 032 | 115,8 |
| Döwlet durmuş üpjünçiligi | 4 329 005 | 4 835 217 | 506 212 | 111,7 |
| Ýaşaýyş jaý jemagat hojalygy | 14 84 760 | 1 915 402 | 430 642 | 129,0 |
| ***Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary*** | ***5 918 370*** | ***6 290 956*** | ***372 586*** | ***106,3*** |
| Döwlet häkimiýet we dolandyryş guramalary | 957 368 | 1 137 885 | 180 517 | 118,9 |
| Goranmak we serhetleri goramak | 2 995 666 | 3 101 258 | 105 591 | 103,5 |
| Jemgyýetçilik tertibi we howpsuzlyk | 1 965 336 | 2 051 813 | 86 477 | 104,4 |
| ***Halk hojalygyna çykdajylar*** | ***13 324 831*** | ***19 029 805*** | ***5 704 974*** | ***142,8*** |
| Agrosenagat toplumy | 895 776 | 2 032 842 | 1 137 066 | 2,3 es. |
| Beýleki pudaklar | 296 254 | 360 301 | 64 047 | 121,6 |
| Merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary | 12 132 800 | 16 636 662 | 4 503 862 | 137,1 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| Möhleti soňa süýşürilen daşary ýurt bergileriniň hasabyna ýerine ýetirilýän işler | 600 000 | 570 000 | –30 000 | 95,0 |
| Döwlet býujetiniň ätiýaçlyk serişdeleri | 7 125 000 | 1 500 000 | –5 625 000 | 21,1 |
| ***Gazananlarynyň çykdajylary (býujetiň II derejesiniň çykdajylary)*** | ***168 067 542*** | ***236 945 745*** | ***68 878 203*** | ***141,0*** |
| Nebit-gaz we himiýa toplumy | 104 967 580 | 161 174 900 | 56 207 320 | 153,5 |
| Energosenagat toplumy | 1 709 286 | 1 900 125 | 190 839 | 111,2 |
| Gurluşyk toplumy | 1 530 388 | 2 155 990 | 625 602 | 140,9 |
| Agrosenagat toplumy | 21 163 442 | 22 345 070 | 1 181 628 | 105,6 |
| ş.s. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 2 099 523 | 2 667 610 | 568 087 | 127,1 |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 8 985 793 | 9 124 510 | 138 717 | 101,5 |
| Ilatyň ulanýan harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 6 593 916 | 8 276 085 | 1 682 169 | 125,5 |
| Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 5 795 391 | 3 272 665 | –2 522 726 | 56,5 |
| Durmuş meseleleri toplumy we toplumlara girmedikler | 3 178 788 | 3 070 465 | –108 323 | 96,6 |

15. Sargyt № 3158

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 |
|---|---|---|---|---|
| şol sanda: | | | | |
| Aşgabat şäher Häkimliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 25 000 | 27 500 | 2 500 | 110,0 |
| Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 282 682 | 220 000 | –62 682 | 77,8 |
| Altyn asyry ösdürmegiň döwlet gaznasy | 576 358 | 738 140 | 161 782 | 128,1 |
| Türkmenistanyň ätiýaçlyk daşary ýurt puly gorunyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary | 13 566 600 | 24 887 795 | 11 321 195 | 183,4 |
| ÇYKDAJYLARYŇ JEMI | 211 079 141 | 294 460 845 | 83 381 705 | 139,5 |

**Döwlet býujeti** – dürli ykdysady jemgyýetçilik formasiýalaryna degişli bolan ykdysady kategoriýadyr. Onuň emele gelşi we ösüşi döwletiň döremegi bilen baglanyşykly. Önümçilik gatnaşyklarynyň esasy häsiýetleri, ol ýa-da beýleki jemgyýetçilik gurluş döwletiň işiniň mazmunyny kesgitleýär. Ol býujeti paýlaýyş mehanizm hökmünde ulanýar. Döwlet býujeti maliýe ulgamynyň esasy bölegi we onuň bilen umumy häsiýete eýe bolup, onuň bilen bir wezipeleri ýerine ýetirýär. Şunuň bilen birlikde özüne mahsus aýratynlyklary bar we şol sebäpli ol maliýe ulgamlarynyň düzüminde esasy orny eýeleýär. Aýratynlyklarynyň biri-de, onuň maliýe serişdeleri hökmünde tutuş döwletiň eýeçiligindeligidir. Döwlet maliýe gatnaşyklarynyň esasy guramaçysydyr, ol býujetiň üsti bilen maddy we maliýe serişdelerini esasy paýlaýjysy bolup çykyş edýär.

Döwlet býujetiniň aýratynlygy, onuň döwletiň maliýe ulgamynyň bölümleri bilen, beýleki ykdysady kategoriýalary bilen aýrylmaz baglanyşygy bolup durýar (hojalyk hasaplaşyklary, nyrhlar, zähmet haky, karz (kredit) we başgalar (35-nji tablisa).

*35-nji tablisa*

**Türkmenistanyň bir bitewi býujetiniň taslamasy (mln.manat)**

| | 2001-nji ýyl | 2002-nji ýyl | 2003-nji ýyl | 2004-nji ýyl | 2005-nji ýyl | 2006-njy ýyl | 2007-nji ýyl | 2008-nji ýyl |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Girdejiler | 43890,92 | 44407,28 | 52532,97 | 63442,17 | 76249,10 | 81300,50 | 98474,9 | 118169,9 |
| Çykdajylar | 44260,92 | 44707,28 | 53032,97 | 63442,17 | 76249,10 | 81300,50 | 98126,3 | 123369,9 |
| Býujet ýetmezçiligi (defisiti) | –370000 | –300000 | –500000 | – | – | – | + | –5200,0 |

* – Döwlet býujeti hakyndaky kanunlardan alyndy.

* – Deňeşdirmek ýeňil bolar ýaly, 2009-njy ýylyň býujeti denominirlenmedik manatda görkezildi.

Maglumatlardan görnüşi ýaly, möçberi boýunça býujetimiz ýyl-ýyldan ýokary depginler bilen artýar, mysal üçin, 2004-nji ýylda 2003-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20,8%, 2005-nji ýylda bolsa 2004-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20,1% ýokarlandy. Býujetimiziň girdejileriniň köpelmesi içerki milli önümimiziň ýokary depginler bilen artmagy netijesinde mümkin boldy, mysal üçin, 2009-njy ýylda ol 39,5% yokarlandy, bu dünýäde iň ýokary ösüşdir.

Türkmenistanyň býujeti 2009-njy ýyl üçin girdejileri boýunça 58892,2 mln. manat we çykdajylary boýunça 58892,2 mln manat möçberinde tassyklandy. Býujetiň ep-esli bölegini merkezleşdirilen býujet eýeleýär. Ol girdejileri boýunça 55330,3 mln manat we çykdajylar boýunça 55330,3 mln manat möçberinde kesgitlendi.

2007-nji ýylda Türkmenistanyň döwlet býujetinde ilaty gaz, suw, elektrik energiyasy, duz bilen mugt üpjün etmek, ýerlerde ýeňillikli bahalarda un bilen üpjün etmek üçin çykarylan çykdajylaryň öwe-

zini dolmak üçin 1673,7 mlrd. manat möçberinde, şol sanda degişli ministrlikleriň we wedomstwolaryň döwlet gaznalarynyň serişdeleriniň hasabyna 1476,2 mlrd. manat goýbermek göz öňünde tutuldy. Bu sanlar ýylyň-ýyly ýokarlanyp dur. Ýeri gelende aýtsak, XVII Halk maslahatynyň karary esasynda 2030-njy ýyla çenli bu ýeňillikler dowam eder. Biziň býujetimiziň durmuş maksatlaýyn häsiýeti has-da ýokarlanýar. Býujetimiz 2004-nji ýylyň möçberi boýunça-da has ýokarlanyp, ol öňki ýyl bilen deňeşdireniňde 20,8% ýokarlandy, hiç bir döwletde şeýle ýokary depginler bilen býujet ösmändi. Bu bolsa Altyn asyryň 6 ýylynda Milli Maksatnamasynda göz öňünde tutulan çäreleri maliýeleşdirmäge mümkinçilik berdi. Býujetimiz 2005–2007-njy ýyllarda-da ýokary derejede ösdi. 2008-nji ýylda býujetimiz öňki ýyldan ep-esli köpdür. 2009-njy ýylda ol geçen ýylkydan 39,5 göterim köpelendir (36-njy tablisa).

36-njy tablisadan görnüşi ýaly, döwlet býujetiniň çykdajylary ýyl-ýyldan artýar, mysal üçin, olar 2009-njy ýylda 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 39,5% ýokarlandy, bu bolsa ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň, halkyň maddy hal-ýagdaýynyň mundan beýläk-de gowulanmagyna getirer.

Mysal üçin, ilatyň ulanýan harytlaryny öndürmek üçin harajatlar öňki ýyl bilen deňeşdirilende 25,5% artyp, ol haryt bolçulygyny döredýär we milli walýutamyz bolan manadyň hümmetini artdyrýar.

Býujetden ilaty mugt gaz, elektrik energiýasy we duz bilen üpjün etmek üçin harajatlar artýar, bu bolsa biziň býujetimiziň il bähbitli býujetligini aňladýar. Ýurdumyzyň 2009-njy ýyl üçin göz öňünde tutulan harajatlary 58892,2 mln. manat bolup, ol öňki ýylyň býujetindäki göz öňünde tutulany bilen deňeşdireniňde 39,5 % ýokarlandy. Bu bolsa örän ýokary depgindir. Şeýle ýokary depginler 2006-njy we 2007-2008-nji ýyllar üçin-de mahsus.

Tablisadan görnüşi ýaly, döwletiň býujet serişdelerini gönükdirmegiň esasy maksady ýurduň ykdysadyýet babatdaky ösüşi we ony maliýe taýdan üpjün etmeklik bolup çykyş edýär. Býujetiň girdeji we çykdajy bazasynyň aýrylmaz baglanyşyklylygy sebäpli, döwletiň içinde geçirilýän dürli salgyt özgertmeleri (reformalary), dürli

*36-njy tablisa*

**Býujet çykdajylary (taslamasy) (mln. manat denominirlenmedik manatda)**

| Çykdajylar | 2003-nji ýyl | 2004-nji ýyl | 2005-nji ýyl | 2006-njy ýyl | 2007-nji ýyl | 2008-nji ýyl | 2009-njy ýyl | Aratapawudy 2008-nji ýyl bilen deňeşdireninde | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | | Jemi | %-de |
| Býujet ulgamynyň çykdajylary (I derejeli býujet) | 12489929 | 13790601 | 1799820 | 19818363 | 21469963 | 43011599 | 57515100 | 14503502 | 133,7 |
| Durmuş we jemgyýetçilik hyzmatlar | 9271043 | 10462088 | 12331697 | 12134047 | 11674347 | 16043398 | 18124340 | 2080942 | 113,0 |
| Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary | 2145861 | 3409758 | 3521668 | 5354505 | 9019788 | 5918370 | 6290556 | 372586 | 106,3 |
| Halk hojalygyna çykdajylar | 1055175 | 1047297 | 1511211 | 1733807 | 5235618 | 13324831 | 19029805 | 5704974 | 142,8 |
| Möhleti soňa süýşürilen daşary ýurt bergileriniň hasabyna ýerine ýetirilen işler | | | | | 197600 | 600000 | 570000 | –30000 | 95,0 |
| Döwlet býujetiniň ätiýaçlyk serişdeleri | 83030 | 484319 | 72483 | 9255380 | 342610 | 7125000 | 1500000 | –5625000 | 21,1 |
| Durnuklaşdyryş goruna geçirimler | – | – | – | – | – | – | 12000000 | 12000000 | – |
| Gaznalaryň çykdajylary (býujetiň II derejesiniň çykdajylary) | 40543068 | 49851476 | 58250957 | 61482158 | 76656323 | 168067542 | 236945745 | 68878203 | 141,0 |

* Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň maglumatlary esasynda düzüldi.

kanunlaryň çykarylmagy, täze maliýe, karz, býujet ulgamlarynyň özeni bolup durýar. Bu işleri döwlet amala aşyrýar. Döwlet özüniň wezipelerini ýerine ýetirmek üçin býujetiň serişdelerini peýdalanýar, döwlet býujetiniň çykdajylaryny häsiýetlendirýän maglumatlarda onuň ykdysadyýeti ösdürmäge gönükdirilenligi belli bolýar.

Döwletiň ýerine ýetiriýän wezipeleri býujet çykdajylarynyň düzumine täsir edýär. Bu jemgyýetçilige gerekliligi boýunça çykdajylary toparlamakda ýüze çykýar. Döwlet býujetiniň hemme çykdajylary üç topara bölünýär: halk hojalyga çykarylýan çykdajylar, durmuş-medeni çärelere çykarylýan we dolandyryşa çykarylýan çykdajylar.

## 9.2. Bank ulgamynyň oşüşi

Ýurtda banklaryň sanynyň ýeterlik, şeýle hem käbir bank amallaryny ýerine ýetirýän ykdysady guramalaryň bolmagy, bank ulgamynyň kemala gelendigine şaýatlyk edýär. Bulardan başga-da, bank ulgamyna bank amallaryny ýerine ýetirmeýän, ýöne banklaryň we karz guramalarynyň hereket etmegini üpjün edýän ýöriteleşdirilen guramalar, ýagny hasaplaşyk–kassa we klirinig merkezleri, bank auditiniň firmalary, bankyň gymmatly kagyzlary bilen işleşýän dellalçylyk firmalary, bank reýtingini kesgitleýän ýörite enjamlar, maglumatlar we hünärmenler bilen üpjün edýän guramalar we ş.m. girýärler.

Bank ulgamy ýurduň ykdysady ulgamyna onuň düzüm bölegi hökmünde girýär. Bu öz gezeginde bank işiniň we onuň ösüşiniň önümçilik, dolanyşyk we sarp edişi bilen berk baglanyşyklydygyny aňladýar. Banklar öz iş tejribesinde hojalyk işini kadalaşdyrmagyň umumy mehanizimine girmek bilen, býujet, salgyt, nyrh emele gelmek ulgamlary, şeýle hem nyrh we girdejiler syýasaty, daşary ykdysady gatnaşyklaryň şertleri bilen özara baglanyşykly hereket edýärler. Şonuň üçin ýurduň durmuş ykdysady özgertmelerindäki öňe gidişikler köp babatda bank ulgamynyň işine, onuň jemgyýetçilik-hojalyk mehanizminiň beýleki böleklerine aralaşmak ukybyna baglydyr.

Ýurtda hereket edýän banklar bir derejeli we iki derejeli guramaçylyk görnüşinde bolup biler.

Banklaryň *bir derejeli* guramaçylyk görnüşi ýurtda entek Merkezi bank emele gelmedik ýa-da diňe Merkezi banklar bar bolan ýagdaýynda hereket edip biler. Bu ýagdaýda bank ulgamy hakyndaky düşünje doly bolmaýar. Bank ulgamy bazar ykdysadyýetiniň ösen bölegi hökmünde diňe iki derejeli bolup biler. Birinji, ýokarky dereje Merkezi bankdyr. Ikinji, aşaky dereje täjirçilik banklary we karz guramalarydyr.

Bank ulgamy aşakdaky häsiýetleri we alamatlary bilen tapawutlanýar:

*1. Bank ulgamy köpdürlüligiň, bölekleriň jeminiň tötänligi däldir.* Bank ulgamyna bazarda hereket edýän, ýöne başga maksatlara tabyn edilen subýektleri goşmak bolmaýar.

*2. Bank ulgamy özboluşlydyr.* Halk hojalygynda hereket edýän beýleki ulgamlardan tapawutlylykda, bank ulgamy diňe özüne häsiýetli bolan alamatlary aňladýar. Bank ulgamynyň özboluşlylygy onuň düzüm bölekleri we olaryň arasyndaky gatnaşyklar bilen kesgitlenilýär.

Bank ulgamynyň düýp manysy diňe onuň düzüm bölekleri dälde, eýsem olaryň özara täsiri bilen hem aňladýar.

Tejribede bank ulgamynyň birnäçe görnüşleri bar:

• merkezleşdirilip paýlanylýan bank ulgamy;
• bazar bank ulgamy;
• geçiş döwrüniň bank ulgamy.

Merkezleşdirilen bank ulgamynyň tersine, bazar bank ulgamy döwlet tarapyndan banklara bolan ýekemenligiň aradan aýrylandygy bilen häsiýetlendirilýär. Iki ulgamyň biri-birinden aýratynlygy 37-nji tablisada görkezilýär.

Türkmenistanyň häzirki zaman bank ulgamy geçiş döwrüniň bank ulgamydyr. Ol bazar nusgasynda çykyş edip, iki derejä bölünen. Birinji dereje Türkmenistanyň Merkezi bankyny öz içine alýar. Türkmenistanyň Merkezi banky puly dolanyşyga goýberýär (emissiýa edýär). Onuň esasy wezipesi manadyň durnuklylygyny üpjün

*37-nji tablisa*

| Merkezleşdirilen (paýlanylýan) bank ulgamy | Bazar bank ulgamy |
|---|---|
| **1** | **2** |
| *I. Eýeçiligiň görnüşi boýunça* | |
| Döwlet banklaryň ýeke-täk eýesi | Banklaryň köp görnüşli eýeçilikleri |
| *II.Ýekemenligiň derejesi boýunça* | |
| Banklaryň emele gelmeginde döwlet ýekemenligi | Banklara döwlet ýekemenligi ýok, islendik ýuridiki we fiziki taraplar öz banklaryny döredip bilýärler. |
| *III. Ulgamyň derejesiniň sany boýunça* | |
| Bir derejeli bank ulgamy | Iki derejeli bank ulgamy |
| *IV. Ulgamy dolandyrmaklygyň häsiýeti boýunça* | |
| Merkezleşdirilen (dikleýin) dolandyrmaklygyň nusgasy | Merkezleşdirilmedik (keseleýin) dolandyrmaklygyň nusgasy |
| *V. Bank syýasatynyň häsiýeti boýunça* | |
| Ýeke-täk bankyň syýasaty | Dürli banklaryň syýasatlary |
| *VI. Banklaryň döwlet bilen özara gatnaşyklarynyň häsiýeti boýunça* | |
| Banklaryň borçlaryna döwlet jogap berýär | Banklaryň borçlaryna döwlet jogap bermeýär, şonuň ýaly hem döwlet borçnamalary boýunça banklar jogap bermeýär |
| *VII. Tabynlyk häsiýeti boýunça* | |
| Banklar hökümete tabyndyrlar, onuň işjeňligine garaşlydyrlar | Türkmenistanyň MB Prezidente we Mejlise hasabat berýär, täjirçilik banklary hökümete däl-de, öz paýdarlaryna hasabat berýärler |
| *VIII. Emissiýa we karz ammallarynyň ýerine ýetirilişi boýunça* | |
| Karz we emissiýa amallary bir bankda jemlenendir | Emissiýa amallary diňe TMB-da, kärhanalary we fiziki taraplary karzlaşdyrmak boýunça geçirilýän amallar diňe täjirçilik banklarynda jemlenendir |

*37-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 |
|---|---|
| *IX. Bank ýolbaşçylaryny bellemekligiň usuly boýunça* | |
| Bankyň ýolbaşçysy Merkezi ýa-da we ýokarda durýan dolandyryş guramalary tarapyndan bellenilýär | TMB-niň ýolbaşçysy Prezident tarapyndan bellenilýär, täjirçilik banklarynyň başlyklary onuň Mejlisi tarapyndan bellenilýär |

etmek, täjirçilik banklarynyň işine gözegçilik etmekden ybaratdyr. Ikinji derejä Türkmenistanyň täjirçilik bank ulgamy degişlidir. Täjirçilik banklarynyň esasy wezipesi müşderilere hyzmat etmek (kärhanalara, guramalara, ilata), olary karzlaşdyrmak hem-de hasapçylyk, maýa goýum, walýuta amallaryny ýerine ýetirmekdir.

Bank ulgamy geçiş döwrüniň ulgamyna degişlidir. Ol bazar bank ulgamynyň düzüm böleklerini özünde jemleýär, ýöne olaryň özara täsiri ýeterlik derejede ösen däldir. Ol ýa-da beýleki ulgamyň nähili hem bolsa özünden ozalky ulgamdan gelip çykandygy mälimdir. Şonuň üçin ol geçmişiň kemçiliklerini özünde saklaýar. Bank ulgamy merkezleşdirilen ulgamdan gelip çykýar, geçiş döwrüniň şertlerine öwrenişýär, Türkmenistanyň şertlerinde bazar nazaryýeti bilen «üsti doldurylýar». Bank ulgamynyň düzüm böleklerinde olaryň özara täsiri bazar ykdysadyýetiniň aýratynlyklaryna we şertlerine laýyk gelmelidir.

*3. Bank ulgamyny bütünleýin bir bütewilige tabyn edilen bölekleriň köpdürlüligi hökmünde göz öňüne getirmek mümkin.* Bank ulgamynyň aýry-aýry bölekleri (aýratyn banklar) biri-biri bilen baglanyşykly bolup, eger zerurlyk ýüze çykan ýagdaýda biri beýlekisiniň ornuny tutup bilýär. Bir bankyň ýapylan ýagdaýynda tutuş bank ulgamy iş ukyplylygyny ýitirmeýär. Bank amallaryny we hyzmatlaryny ýerine ýetirýän başga bir bank peýda bolýar.

*4. Bank ulgamy hereketsiz ýagdaýda bolmaýar, onuň tersine mydama ösüşde bolýar. Bu ýerde iki ýagdaý ýüze çykýar.*

Birinjiden, bank ulgamy bütewilik hökmünde hemişe hereketde bolýar, ol täze düzümler bilen doldurylýar we kämilleşdirilýär.

Ikinjiden, bank ulgamynyň içinde hemişe täze aragatnaşyklar ýüze çykýar. Özara baglanyşyk Merkezi bank bilen täjirçilik banklarynyň arasynda, şeýle hem täjirçilik banklarynyň öz aralarynda ýüze çykýar.

*5. Bank ulgamy «ýapyk» görnüşli ulgamdyr.* Doly manyda oňa ýapyk diýip bolmaýar, sebäbi ol daşky gurşaw bilen özara baglanyşykda bolýar. Ondan başga-da, ulgam täze düzüm bölekleri bilen doldurylýar. Şeýle-de bolsa ol «ýapyk» ulgamdyr, çünki banklaryň arasyndaky maglumat alyş-çalşygyna we Merkezi banklar tarapyndan ýörite statistiki ýygyndylaryň çap edilmegine garamazdan bankyň *«gizlin syry»* bardyr. Kanun boýunça banklaryň hasaplardaky pul galyndylary we olaryň hereketi baradaky maglumatlary bermäge hukuklary ýokdur.

*6. Bank ulgamy «öz-özüni guraýjydyr», sebäbi ykdysady, syýasy ýagdaýlaryň üýtgemegi bank syýasatynyň öz-özünden üýtgemegine getirýär.*

*7. Bank ulgamy dolandyrýan ulgam hökmünde çykyş edýär.* Merkezi bank garaşsyz pul-karz syýasatyny geçirmek bilen, dürli görnüşlerde diňe Mejlisiň öňünde hasabat berýär. Täjirçilik banklar ýuridiki tarap bolmak bilen, bank kanunçylygy esasynda hereket edýärler, bank işi Merkezi bank tarapyndan bellenilýän ykdysady kadalaşdyryjylar esasynda düzgünleşdirilýär, Merkezi bank karz institutlaryna gözegçilik edýär.

Bu alamatlaryň hemmesi Türkmenistanyň bank ulgamyna hem mahsusdyr, ol häzirki wagtda geçiş döwrüniň ulgamy bolmak bilen ösýän ulgamdyr.

Bank ulgamynyň düzümleriniň arasyndaky özara gatnaşyk barha köptaraplaýyn häsiýete eýe bolýar. Onuň kadalaşdyryjy binýady kämilleşýär.

***Bank ulgamynyň alamatlary:***

• kesgitlenen bütewilige tabyn edilen, ýeke-täk maksatlara eýerýän düzüm bölekleri öz içine alýar;

• özüne mahsus häsiýetleri bar;

• düzüm bölekleri özara birek-biregi çalyşmaga ukyply;

• ösýän ulgam;
• ýapyk «ulgam» görnüşinde çykyş edýär;
• öz-özüni kadalaşdyrýan ulgamyň häsiýetine eýe;
• dolandyrylýan ulgam.

Bank ulgamy ykdysady ulgamyň düzüm bölegi bolmak bilen umumy we aýratyn bank kanunlarynyň çäginde hereket edýär, jemgyýetiň umumy hukuk kadalaryna tabynlaşdyrylýar. Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde bank ulgamynyň, şol sanda Türkmenistanyň banklarynyň we beýleki karz institutlarynyň geljekdäki ösüşi zerurlyga eýedir. Geljekki ösüşi işläp taýýarlamaklyk diňe Türkmenistanyň, şeýle hem daşary ýurt banklarynyň işini öwrenmeklik esasynda mümkin.

Bank ulgamynyň ol ýa-da beýleki gurluşynyň anyk jemgyýetçilik – ykdysady şertlere baglydygyny taryhy tejribe görkezýär. Tejribede bank ulgamyny guramaklygyň dürli nusgalary (Merkezi banka esasy orun bermek bilen) ulanylýar. Şeýle-de bolsa bank ulgamynyň aşakdaky aýratynlyklaryny öňe çykarmak bolýar:

– **milli däp-dessurlar, ösüşiň taryhy tejribesi bilen şertlenen bank ulgamlarynyň seýrekligi.** Dürli ýurtlaryň bank ulgamlary, olaryň guramaçylyk düzümi köp şertlere (obýektiw we subýektiw) baglydyr, olaryň hataryna taryhy, milli däpler bilen birlikde ýurtdaky haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesini, ykdysadyýetiň ösüş ýagdaýyny hem-de pul aýlanyşygyny kadalaşdyrmaklygyň usullaryny (göni we gytaklaýyn) goşmak bolar. Mysal üçin, Demirgazyk Amerika yklymynda ýerleşýän dünýäniň iki sany güýçli ösen, biri-birine örän ýakyn döwletleriniň–ABŞ-nyň we Kanadanyň bank ulgamlaryny gurmaklyga çemeleşişleri düýbünden birmeňzeş däldir. ABŞ-da 12 müňe ýakyn bank, Kanadada bolsa – bary-ýogy 6 sany, ýurduň çäklerinde olaryň şahamçalary we bölümleri bar. Diýmek, gürrüň özbaşdak banklaryň sany hakynda däl-de, eýsem, kärhanalara, guramalara we ilata hyzmat edýän (şahamçalar, bölümler, agentlikler) bank edaralarynyň mukdary barada barýar;

– **bank ulgamlarynyň esasy düzüm bölegi bolan – bank hakyndaky düşünjäniň tapawutlylygy.** Dünýä bank tejribesin-

däki banklaryň arasyndaky we bank däl karz edaralarynyň, şeýle hem soňkularyň öz aralaryndaky bäsleşik, bank işiniň köpugurly bolmagyna getirýär. Bu öz gezeginde häzirki zaman bankynyň nämedigi, bankyň nähili aýratyn alamatlarynyň bolmalydygy baradaky jedelleriň ýitileşmegine getirdi. Çekişmeler karz ulgamyndaky uly üýtgeşmeleriň esasynda, şeýle hem banklaryň ylmy-tehniki öwrülişikleriň şertlerinde düýp manysynyň üýtgeýänligi, şonuň bilen birlikde tutuş bank ulgamynyň ähmiýetiniň ýokarlanýanlygy sebäpli has-da ýitileşýärler;

– **gymmatly kagyzlaryň bazarynda banklaryň tutýan orny.** Bank ulgamlarynyň gurluşynyň taryhy we milli aýratynlyklary käbir ýurtlarda täjirçilik we inwestision banklaryň arasynda düýpli aýyl-saýyllygyň ýoklugyndan gelip çykýar. Bu ýagdaý banklaryň gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky tutýan orny bilen kesgitlenilýär. Mysal üçin, Germaniýada banklar gysga möhletli depozit – karz we uzak möhletli maýa goýum amallaryny taryhy utgaşdyryp gelýärler. Täjirçilik banklar korporasiýanyň maýasyna eýeçilik edip bilýärler, gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny we ýerleşdirilişini amala aşyrýarlar, maýa goýum gaznalaryny döredýärler, kompaniýanyň geňeşlerinde özleriniň wekilleri bolup bilýärler we başgalar.

ABŞ-da karz we maýa goýum bank amallary aýdyň tapawutlandyrylýar. Inwestbanklar döwlet we korporatiw gymmatly kagyzlar bilen amallar geçirýärler. Olar banklaryň ýöriteleşdirilen toparlaryna girýärler, şol bir wagtyň özünde bolsa gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmeklik täjirçilik banklaryna gadagan edilendir.

Ýaponiýada we Beýik Britaniýada hem ýagdaý şunuň ýalydyr.

– **täjirçilik banklarynyň işine gözegçilik ulgamy.** Dünýä bank tejribesinde bank gözegçiligini guramaklygyň dürli çemeleşmeleri ulanylýar. Gözegçilik düzümini guramaklygyň usullary bilen tapawutlanýan ýurtlary üç topara bölmek bolýar:

- gözegçiligiň Merkezi bank tarapyndan amala aşyrylýan ýurtlary – Awstraliýa, Beýik Britaniýa, Islandiýa, Ispaniýa, Irlandiýa, Italiýa, Täze Zelandiýa, Portugaliýa;

● gözegçiligiň Merkezi bank tarapyndan däl-de, beýleki guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän ýurtlary – Kanada, Daniýa, Lýuksemburg, Şwesiýa, Awstriýa, Finlýandiýa, Norwegiýa;

● gözegçiligiň Merkezi bank we beýleki guramalar bilen birlikde amala aşyrylýan ýurtlary – Şweýsariýa (Merkezi bank, Federal bank topary we Şweýsar bank assosiasiýasy bilen birlikde), Fransiýa (Fransiýa banky Bank topary bilen bilelikde), Germaniýa (Bundes Bank karz gözegçiliginiň Federal gullugy bilen birlikde), ABŞ (Federal ätiýaçlyk ulgamy, Maliýe ministrligi bilen birlikde).

Şeýlelik bilen bank gözegçiligi obýektiw zerurlykdyr. Diýmek, bu wezipeleri ýerine ýetirýän ýörite guramalar hem gerekdir. Guramalar derejesi boýunça tapawutly bolup bilerler, ýöne olaryň arasynda döwlet guramalary hemişe bar diýen ýalydyr. Gözegçilik ulgamynyň guramalary ol ýa-da beýleki ýurtda syýasy we durmuş ykdysady aýratynlyklaryny, onuň däp-dessurlaryny aňladýarlar;

**Bank ulgamlarynyň derejeleri.** Ýurtda hereket edýän banklar bir derejeli ýa-da iki derejeli guramaçylyk görnüşli bolýarlar. Bir derejeli bank ulgamy aşakdaky ýagdaýlarda bolup biler:

* ýurtda heniz Merkezi bank emele gelmedik ýagdaýynda;

* diňe Merkezi bankyň hereket edýän ýagdaýynda;

* Merkezi bank beýleki banklar bilen bäsleşip bank amallaryny ýerine ýetiren ýagdaýynda.

Häzirki wagtda bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň ählisinde diýen ýaly iki derejeli bank ulgamlary döredildi. Olar işjeň ösýärler we birinji derejede ýurduň Merkezi banky, ikinji derejede täjirçilik banklary hereket edýärler.

Emma ykdysady edebiýatlarda ýygy-ýygydan üç (we ondan hem köp) derejeli bank ulgamlary hakyndaky ýatlamalara duş gelmek bolýar. Bu çemeleşme bank (karz) ulgamlaryna bank däl görnüşli (mysal üçin, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň maýa goýum gaznalarynyň, maliýe kompaniýalarynyň we beýlekileriň) karz institutlarynyň hem goşulýandygyny göz öňünde tutýar. Bu ýagdaý bank ulgamlarynyň düzüm bölekleriniň aýratynlyklaryny açyp görkezýär. Bank ulgamyna diňe banklar degişlidirler, ýöne bank däl görnüşli karz institut-

laryna iri maliýe serişdeleriniň jemlenýändigi sebäpli karz ulgamyna seljerme berlende, olary hem hasaba almaly bolýar. Bu ulgama Ýaponiýanyň, Şweýsarýanyň we beýleki ösen günbatar ýurtlaryň bank ulgamy degişlidir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşini düýpli kämilleşdirmek we düzümleýin özgertmek babatynda uly möçberli işler amala aşyryldy. Ýurtda iki derejeli bank ulgamynyň döredilmegi we banklaryň ýöriteleşdirilmegi bilen olaryň iş ugurlary anyk kesgitlenildi.

Türkmenistanyň Merkezi banky Milli bank bolmak bilen, Türkmenistanyň adyndan we tabşyrygy esasynda halkara gatnaşyklaryny amala aşyrýar. Ýurduň içinde karz-pul gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Onuň dolanyşyga pul goýbermäge we ondan puly yzyna almaga doly hukugy bar. Bank işini ýöretmeklige ygtyýarnama berýär. Merkezi bankyň işi «Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalara laýyklykda alnyp barylýar.

Banklaryň ygtybarlygyny we durnuklylygyny üpjün etmek maksatlaryndan ugur alyp, ýurtda döwrebap bank ulgamynyň döredilen ähli ýyllarynda, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan banklaryň maliýe ýagdaýlarynyň berkidilmegi, olaryň maýalyk serişdeleriniň we aktiwleriniň kadaly artmagy boýunça işjeň syýasat yzygiderli alnyp barylýar. «Türkmenistanyň banklarynyň esaslyk maýalarynyň iň az möçberlerini ýokarlandyrmak hakyndaky» kabul edilen Karara laýyklykda, täjirçilik banklary üçin esaslyk maýanyň iň pes möçberi ABŞ – nyň 5 million dollary (manat esasynda), döwlet – täjirçilik banklary üçin bolsa – ABŞ-nyň 10 million dollary möçberinde goýuldy.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üstüne täjirçilik banklarynyň işiniň ähli ugurlary boýunça gözegçiligi alyp barmak wezipesi ýüklenendir. Ýurduň Merkezi bankyna täjirçilik banklarynyň we olaryň edaralarynyň bazar özgertmeleri boýunça alyp barýan işlerine seljermeleri geçirmeklik hem ýüklenendir. Bu wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin ýurduň Merkezi banky ykdysadyýetiň pudaklaryna

gönüden-göni bank hyzmatlaryny alyp barmaklykdan boşadylandyr. Bu wezipäniň ýerine ýetirilmegi täjirçilik banklaryň üstüne ýüklenendir.

Şol bir wagtyň özünde-de, Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank syýasatynyň wajyp ugurlary boýunça täjirçilik banklarynyň işini kadalaşdyrýar. Onuň üstüne banklar bilen bilelikde karz we göterim syýasatynyň, pul dolanyşygynyň, döwlet býujetiniň ýerine ýetirilmeginiň we hasaplaşyklaryň kassa dolanyşygynyň resminamalaryny işläp düzmeklik we çykarmaklyk wezipeleri hem ýüklenendir.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň bank ulgamynyň esasyny döwlet täjirçilik banklary düzýärler. Olar karz serişdeleriniň aglaba bölegine eýe bolmak bilen döwlet hemaýatyny alýarlar. Ol ýeňillikler merkezleşdirilen karzlar ýerleşdirilende berilýän artykmaçlyklardan, şeýle-de kadalaşdyryjylar esasynda sazlaşdyryş tertibinde berilýän artykmaçlyklardan ybarat. Şonuň üçin döwlet täjirçilik banklarynyň işjeňligi umumy döwlet bähbitleriniň gazanylmagyna gönükdirilýär. Döwlet täjirçilik banklarynyň işiniň özeni şu günki gün kärhanalaryň maliýe-hojalyk işini çuňňur öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Bu ugurda esasy wezipe – kärhanalaryň döwlet tabşyryklaryny we şertnama borçlaryny ýerine ýetirenlerinde öz ähli içerki mümkinçiliklerinden doly peýdalanyp, maliýe – ykdysady ýagdaýlaryny berkitmek boýunça degişli çäreleri geçirmekden we bank karzlaryny doly we möhletinde gaýtarmakdan ybaratdyr.

Banklar öz işinde belli bir ýörelgelere esaslanýarlar. Şol ýörelgeler olaryň ykdysady tebigatyndan gelip çykýar.

Täjirçilik bankynyň birinji esaslandyryjy ýörelgesi diňe bar bolan serişdeleriň çäklerinde işlemekdir. Bu bolsa, karz bermekligiň hasaplaşyk-pulhana amallarynyň bankyň bar bolan serişdeleri bilen çäklendirilýändigini aňladýar.

Ikinji ýörelge-täjirçilik banklarynyň öz işleriniň netijeleri boýunça doly jogapkärçilik çekýändikleri bilen baglanyşykly. Bank amallary boýunça töwekgelçilik doly möçberde bankyň üstüne ýüklenilýär. Şonuň bilen birlikde serişdeleri çekmekde we olary ýerleşdirmekde bankyň özbaşdak hereket etmäge ygtyýary bardyr.

Üçünji ýörelge müşderiler bilen gatnaşyklary «bazar esaslarynda» gurnamak. Müsderileri saýlap we olara hyzmat edip, bank düşewüntlilik we töwekgelçilik görkezijilerden ugur alýar.

Dördünji ýörelge banklaryň işi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan diňe gaýry ykdysady usullar arkaly kadalaşdyrylyp bilner. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan täjirçilik banklarynyň işine ygtyýarnamalar we banklaryň berjaý etmeli kadalary arkaly gözegçilik edilýär.

Täjirçilik banklarynyň işi olaryň paýdarlary, goýumçylary we karzdarlary bolup durýan raýatlaryň, edaralaryň, guramalaryň, firmalaryň emläk we durmuş hukuklaryna degişlidir. Şol sebäpli Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üsti bilen döwlet her bankyň durnuklylygyna gözegçilik edýär. Täjirçilik banklar özara karzlar berýändigi sebäpli, olaryň durnuklylygy gönüden-göni biri-birine bagly bolýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň bank ulgamy Türkmenistanyň Merkezi bankyny goşmak bilen 11 bankdan we 120 şahamçadan ybarat.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank ulgamynyň ykdysady kadalaşdyryjy bölegi bolup çykyş edýär. Şonuň üçin Merkezi bankyň işi pul aýlanyşygyny berkitmek. Milli pul birliginiň durnuklylygyny we goraglylygyny üpjün etmek, ýurduň bank ulgamyny ösdürmek we berkitmek, hasaplaşyklaryň netijeliligini we üznüksizligini üpjün etmek bilen baglydyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň özygtyýarlylygyny gazanandan soňra, TSSR-iň döwlet bankynyň binýadynda ilki başda TSSR-iň döwlet banky görnüşinde döredildi. 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen «Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky» Kanuna laýyklykda, onuň ady üýtgedilip, ol Türkmenistanyň Merkezi banky diýlip atlandyryldy.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hukuk statusy, ýerine ýetirýän wezipeleri, guramaçylyk we iş ýörelgeleri Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, «Türkmenistanyň Merkezi bank hakyndaky» Kanunynda (08.10.1993ý.) kesgitlenilýär.

Banklara milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde uly orun degişlidir. Banklar milli ykdysadyýeti ösdürmekdäki wezipesini bank karzlarynyň üsti arkaly amala aşyrýar. Bank karzlarynyň adatça şu aşakdaky görnüşleri hereket edýär we olaryň her haýsysy milli ykdysadyýetimiziň hem-de durmuş-medeni ulgamymyzyň ösüşine özboluşly täsir edýär.

**Täjirçilik karzy** haryt görnüşinde satyjylar tarapyndan haryt alyjylara harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň tölegini gijikdirmek esasynda berilýär. Täjirçilik karzy harytlary ýerleşdirmekligi tizleşdirmek maksady bilen ulanylýar hem-de bergidarlyk borçnamasy görnüşinde resmileşdirilýär (weksel ýazylyp täjirçilik banklaryň üsti bilen tölenilýär). Täjirçilik karzy bolup düzgün bolşy ýaly haryt kapitaly çykyş edýär. Ol senagat kapitalynyň aýlanyşygynda, harytlaryň önümçilikden sarp ediş gurşawyna geçmekligine hyzmat edýär. Täjirçilik karzynyň aýratynlygy karz kapitalynyň senagat kapitaly bilen goşulýar. Bu karzyň esasy maksady harytlary ýerleşdirmekligi tizleşdirmek we olarda jemlenen peýdalary almaklygy çaltlaşdyrmakdyr. Täjirçilik karzynyň göterimi harytlaryň bahasyna we wekseliň jemine goşulyp, adatça bank karzynyň göteriminden pes bolýar.

Ösen ýurtlarda täjirçilik karzy umumy karz geleşikleriniň 20–30 göterimini tutýar. Türkmenistanda täjirçilik karzy 1930-njy ýylyň karz reformasyna çenli hereket edipdir. Ýöne 1930–1932-nji ýyllarda geçirilen karz reformasynyň netijesinde täjirçilik karzy ýatyrylypdyr. Täjirçilik karzyny gaýtadan dikeltmeklik zerurlygy bazar ykdysadyýetine geçmeklik bilen ýüze çykýar. Onuň ulanyş çägi yzygiderli giňeýär. Täjirçilik karzynda karz alyjylar hökmünde kärhanalar çykyş edýärler. Diýmek, ýöriteleşen bank edaralary (banklar) bu ýagdaýda karz geleşigine gönüden-göni gatnaşmaýarlar. Ýöne iş ýüzünde, köplenç ýagdaýlarda, täjirçilik karzy bank karzy bilen utgaşýar. Karz beriji karz alyjynyň borçnamasyna-wekseline eýe bolmak bilen, ony bankda hasaba alyp, onuň esasynda bank karzyny alyp bilýär. Emma bu ýagdaý täjirçilik karzynyň esasy alamatynybir täjirçilik guramasynyň beýleki täjirçilk gurama serişdeleri karz bermekligini aradan aýyrmaýar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň bank

16. Sargyt № 3158

ulgamynyň berýän karzlarynyň agramly bölegini täjirçilik karzlary tutýar.

**Isleg ödeýiş.** Karzyň isleg ödeýiş formasy karz gatnaşyklarynyň taryhy başlangyjynda ýagny, bir subýektde sarp ediş zatlarynyň artykmaçlyk eden, beýleki subýektde bolsa olary ulanmaklyga wagtlaýyn isleg dörän ýagdaýynda ýüze çykýar. Wagtyň geçmegi bilen, häzirki zaman hojalygynda hem uzak möhletli ulanylýan harytlara ilatyň isleglerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik bermek bilen giňden ýaýrandyr.

**Ipoteka karzy.** «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamada» halkymyzyň hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin dürli çäreleriň amala aşyrylmagy göz öňüne tutulandyr. Olaryň esasylarynyň biri hem ýurduň ilatyny ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmeklik bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanda ýaşaýyş jaý gurluşygy Garaşsyzlyk ýyllarynda güýçli depginler bilen ösýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzda ýaşamaga has amatly kaşaň jaýlary gurdurmak barada hem dürli çäreleri amala aşyrýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaşaýyş jaý gurluşygynyň dürli görnüşleri amala aşyrylýar. Olara döwlet, hususy, kooperatiw we senagat kärhanalarynyň jaý gurluşyklaryny degişli etmeklik bolar. Jaýlaryň gurluşygyny maliýeleşdirmekde, ulanylmaga berlen ýaşaýyş jaýlaryň bahasyny tölemekde, bank karzlaryny bermekde bank ulgamynyň wajyp ähmiýeti bardyr. Şoňa görä-de, häzirki wagtda maýa goýumyň başky ýörelgelerini kämilleşdirmeklik uzak möhletli karzlaşdyrmaklygyň we maliýeleşdirmekligiň girew görnüşleriniň giňden ulanylmagyny esaslandyrýar. Olardan **gozgalmaýan emlägi girew** goýlan karzlary bermeklik möhüm ähmiýete eýedir. Bu amallar ipoteka düşünjesi bilen berk baglanşyklydyr. **Ipoteka** grek sözi (hypotheka) bolup, girew diýmekligi aňladýar. Ýagny, ipoteka gozgalmaýan emlägi girew goýmaklygy aňlatmak bilen, karz berijiniň-girew saklaýjynyň pul talaplarynyň üpjün edilmegini aňladýar. Ýöne girewiň özi girew saklaýjyda, şeýle hem üçünji tarapda bolup biler. Banklar gozgalmaýan

emlägi girew almak bilen özlerini belli bir derejede töwekgelçiliklerden ätiýaçlandyrýarlar. Sebäbi müşderiň käbir sebäplere görä alan karzyny üzüp bilmedik ýagdaýynda, bank girew goýlan emlägi ýerlemek bilen, özüniň ýitgileriniň öwezini dolýar.

Banklaryň ipoteka karzlaşdyrmasy, karzlaşdyrmanyň beýleki görnüşleri ýaly belli bir derejede töwekgelçilik bilen baglanşyklydyr. Munuň aýdyň mysaly hökmünde ABŞ-da bolup geçen ipoteka krizisini ýatlamak maksadalaýyk bolsa gerek. Bu krizisiň esasy sebäbi, banklaryň karzlary gozgalmaýan emlägiň bazar bahasyndan ýokary möçberlerde bermegidir. Berilýän karzlaryň möçberi gozgalmaýan emlägiň bazar bahasyndan 120–130 % geçýän halatlary bolup, onuň emlägiň bazar bahasyndan geçýän bölegini ýaşaýjylar täze alan jaýlaryny abadanlaşdyrmaga harçlarlar diýip hasaplapdyrlar. Şeýle karzlaşdyrma bolsa, örän töwekgelçilikli bolup, defolt bolan halatlarynda gozgalmaýan emlägi satmakdan alnan girdeji ipoteka karzy boýunça bergini üzmäge hem ýetmeýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň dekabr aýynda ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak we ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn alýan raýatlarymyzyň tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen ýörite Karar kabul etdi.

Bu Karara laýyklykda «Prezidentbank» täjirçilik bankyna Türkmenistanyň raýatlaryna 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den Aşgabat şäherinde täze gurulýan we satylýan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karzlary otuz ýyl möhlet bilen bermäge ygtyýar berildi. Karara laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berilýän karzlar boýunça göterim tölegini ýylda 1 % möçberde hem-de esasy bergini üzmek boýunça 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp, karzlary bermek babatda möhüm Kararlary kabul etmegi halkyň ruhuny galkyndyrdy. Karara laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna

hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin ýer bölünip berler. Gelejekde jaýlaryň gurluşygyny maliýeleşdirmekde bank ulgamy örän wajyp rol oýnar. Munuň özi milli ykdysadyýetimizi karzlaşdyrmakda, halkymyzyň durmuş-medeni ýagdaýyny ösdürmekde banklara wajyp ornuň degişlidigini görkezýär.

## 9.3. Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş ulgamynyň ösüşi

Türkmenistanyň maliýe ulgamynyň düzüm bölekleriniň biri hem ätiýaçlandyrmadyr. Ätiýaçlandyryş ykdysady kategoriýadyr. Ol maliýe ulgamynyň bir bölegi bolup durýar, has takygy döwlet maliýe ulgamynyň düzüm bölegidir. Maliýe-merkezleşdirilen we merkezleşdirilmedik pul gaznalary döretmek ýoly bilen bagly gatnaşyk bolsa, ätiýaçlandyryş guramalarýň pul gaznalaryny döretmek we ony ýerli-ýerinde maksatly ulanmak bilen ýüze çykýan ätiýaçlandyryş etdirjileriň we ätiýaçlandyryş guramalaryň arasynda emele gelýän gatnaşyklardyr.

**Ätiýaçlandyryş** – bu belli hadysa ýüze çykanda, emlägini we öz bähbidini goramak maksady bilen özlerine ätiýaçlandyryş, öweziniň tölenilmegine niýetlenip, edara görnüşli we şahsy taraplaryň özleri tarapyndan ätiýaçlandyryş guramalaryna töleýän ätiýaçlandyryş tölegleriniň hasabyna emele gelýän pul we beýleki gaznalary döretmek we ulanmak bilen bagly gatnasyklar ulgamydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanda diňe Türkmen döwlet ätiýaçlandyryş guramasy hereket edýär, döwlet ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan başga-da, käbir kärhanalar we döwlet özüniň ätiýaçlandyryş gorlaryny emele getirýär. Mysal üçin, oba hojalyk kärhanalarynda otiým ätiýaçlygy, döwletiň walýuta ätiýaçlygy we ş.m.

Ätiýaçlandyryş görnüşi boýunça hökmany we meýletin ätiýaçlandyryşa bolünýär. Hökmany ätiýaçlandyryş döwletiň ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amala aşyrylýar. Hökmany ätiýaç-

landyryşyň şerti we tertibi Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar.

Döwletiň ätiýaçlandyryş gaznalarynyň mazmuny we olaryň emele geliş tertibi Türkmenistanyň döwlet kanunçylygynda kesgitlenýär.

Türkmenistanyň durmuş we ykdysady taýdan ösüşini göz öňünde tutup, häzirki wagtda şu aşakdaky ýaly ätiýaçlyk gaznalary göz öňüne tutulýar:

– esaslyk maýa;

– ätiýaçlyk gaznasy, ol ätiýaçlandyryş tölegleriniň, şonuň ýaly-da daşary ýurt firmalaryň pul serişdeleriniň hasabyna döredilýär (ätiýaçlandyryş guramalarynda);

– öňüni alyş çäreleriň gaznasy;

– ätiýäçlandyryş işini amala aşyrmak üçin zerur bolan beýleki gaznalar.

Merkezleşdirilen gaznalaryň serişdeleri köpçülikleýin häsiýete eýe bolan adatdan daşary çäreler ýüze çykanda, şol wakalar bolmaz ýaly duýduryş çärelerini maliýeleşdirmeklige, şonuň ýaly-da, oba hojalygyny gowy alyp barmak üçin tohum we beýleki gaznalary döretmek üçin ulanylyp bilner.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary, meýletin we hökmany ätiýaçlandyryş bilen meşgullanýar.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan giň gerimde meýletin görnüşleri amala aşyrylýar, taraplaryň emläklerini, çekilýän ýükleri, raýatlaryň emlägi, adam ömrüni ätiýaçlandyryş edilýär. Ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň esasy pul girdejisi ätiýaçlandyryş tölegleri (wznoslary) bolup durýar. Munuň daşyndan depozit sçýotlardan gelýän, satyn alnan paýnamalardan gelýän girdejiler bolup durýar.

Şu girdejileriň bir bölegi ätiýaçlyk gaznasyny döretmek üçin ulanylýar, başga bir bölegi garaşylmadyk wakalar ýüze çykanda öňüni alyş çäreleri gaznasyna geçirilýär. Galan bölegi ätiýaçlandyryş guramalaryň harajatlaryny ýapmaga gönükdirilýär. Şol harajatlary ýapandan soň galan bölegi ätiýaçlandyryş guramalaryň (kompaniýalaryň) peýdasy bolup durýar (38-nji tablisa).

*38-nji tablisa*

**Ätiýaçlandyryş guramalarynyň işiniň esasy görkezijileri, müň manat**

| | 2000 | 2007 | 2008 |
|---|---|---|---|
| Ätiýaçlandyryş tölegleri | 7253,6 | 28150,1 | 86170,2 |
| Şol sanda: | | | |
| ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça | 3325,1 | 24360,0 | 81061,7 |
| ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri boýunça | 3928,5 | 3790,1 | 5108,5 |
| tölenen ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň we ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň möçberi | 276,7 | 1904,6 | 1709,4 |
| Şol sanda: | | | |
| ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça | 160,3 | 1860,3 | 1627,4 |
| ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri boýunça | 116,4 | 44,3 | 82,0 |

Ätiýaçlandyryş guramalarynyň işiniň esasy görkezijilerinden görnüşi ýaly, döwletimizde ätiýaçlandyryş tölegleri 2007-nji ýylda 28150,1 müň manat bolan bolsa, 2008-nji ýylda 86170,2 müň manada deň bolmak bilen, tölegleriň aratapawudy 58020,1 müň manada ýa-da 306,1 göterime deňdir. Maglumatlardan belli bolşy ýaly, ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri 2007-nji ýylda 24360.0 müň manat bolan bolsa, 2008-nji ýylda 81061,7 müň manada deň bolmagy halkymyzyň hal-ýagdaýynyň, ýaşaýyş derejesiniň ýokary depginler bilen ösýändigine şaýatlyk edýär.

Dünýäniň ösen döwletlerinde bolşy ýaly biziň ýurdumyzda hem ätiýaçlandyryşyň dürli görnüşleriniň ornaşdyrylmagy, şeýle-de olara bolan islegleriň artmagy, ykdysadyýetiň bu ulgamynyň has kämilleşýänligini görkezýär.

## 9.4. Salgyt ulgamy we onuň wezipeleri

Garaşsyz we Bitarap Türkmenistan döwletiniň häzirki zaman bazar ykdysadyýetiniň ösüş şertlerini we unitar döwlet hökmünde onuň aýratynlyklaryny göz öňünde tutmak bilen, ýurduň salgyt ulgamynyň gurluşynyň ýörelgeleriniň işlenip düzülmeginiň aýratyn wajyp ähmiýeti bar. Türkmenistanda hereket edýän bazar ykdysadyýetiniň mehanizminiň özboluşlylygy we içki uly gerimli ykdysady meseleleriň çözülmegi, salgyt salmagyň gurluşynyň we onuň düzümleriniň aýratynlyklaryny takyklaýar.

Salgyt ulgamy – bu döwletiň içinde ýygnalýan salgytlaryň we ýygymlaryň jemidir, şeýle-de olaryň gurluşynyň görnüşleri hem-de usullarydyr. Her bir döwletiň salgyt ulgamy şu aşakdaky esasy meseleleri çözýär:

1. Döwletiň çydajylarynyň uly bölegini maliýe serişdeleri bilen üpjün edýär;

2. Önümçilik we durmuş gatnaşyklar ulgamyny kadalaşdyrýar;

3. Ilatyň ähli gatnaşyklarynyň durmuşa ukyplylygyny üpjün edýär.

Türkmenistanyň salgyt ulgamy göni we gytaklaýyn salgytlary öz içine alýar. Gytaklaýyn salgytlar şu aşakdakylardan ybarat:

Goşulan baha üçin salgyt, goşmaça tölegler.

Göni salgytlar şu aşakdakylardan ybarat:

Edara görnüşli tarapyň peýdasyndan girdejisinden alynýan saldyt, emläk üçin salgyt, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy, ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt. Şeýle-de, ýerli ýygymlaryň bäş sany görnüşi bar.

Salgytlaryň ýerine ýetirýän fiskal we kadalaşdyryş wezipeleri, salgyt salmagyň içki kuwwatyny ykdysady binýadynyň hil we mukdar derejesine täsir edişiniň ukyplylygyny howaýy görnüşden hakyky netije berýän görnüşe geçirmäge mümkinçilik berýär. Salgyt salmak ulgamynyň ýerine ýetirýän fiskal wezipesi umumy milli islegleri kanagatlandyrýar. Kadalaşdyryş wezipäniň kömegi bilen salgyt salmak ulgamynyň çenden artyk fiskal ähmiýetine deňagramlyk döredilýär,

başgaça şahsy we umumydöwlet bähbitleriniň, şeýle-de hojalygy ýöredýän birlikleriň bähbitleriniň deňleşdirmesini üpjün edýän ykdysady gurallar girizilýär. Ýurdymyzda maýa goýmaklygyň yzygiderligini üpjün etmek, kärhanalaryň önümçilik işiniň maliýe netijelerini gowulandyrmak we şonuň esasynda pul serişdeleriniň umumymilli gaznasynyň göwrümini artdyrmak, salgyt kadalaşdyrmasynyň ahyrky maksadydyr.

Salgyt salmak hakyndaky ylym salgyt ulgamynyň hereket edişiniň guramaçylyk-hukuk ýörelgelerini takyklaýar, aýry-aýry salgyt tölegleriň hasaplanylyşynyň usulyýetini düzýär. Ýöne, şol bir pursatda adamzat jemgyýetiniň ösüş derejesi häzirlikçe ýokary maksatlardan daş düşýär. Her bir döwlet hojalygy özüniň umumymilli kanunlaryna laýyklykda alyp barýar, olar bolsa biri-birinden düýpli tapawutlanýarlar. Ykdysady taýdan ösen döwletler üçin bu ýörelgeler umumy ýörelgelere laýyk gelýär. Bazar ykdysadyýetiniň kanunlaryny doly möçberde ulanmaýan döwletler üçin, salgyt ulgamynyň gurluşynyň umumy ýörelgelerini berjaý etmekde kynçylyklar ýüze çykýar.

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň ykdysady bähbitlerini üpjün edýär. Şol babatda salgyt töleýjilere salgyt ýeňillikleri, tölenmeli salgytlaryň pes pul möçberleri kesgitlenilýär. Mysal üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 105-nji maddasynda goşulan baha üçin salgyt boýunça 0 (nol) möçber ulanylýan salgyt salynýan amallar, 106-njy maddasynda goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar boýunça ýeňillikler, 170-nji maddasynda peýdadan alynýan salgyt boýunça ýeňillikler bellenilýär. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň bitewlilik ýörelgesini tassyklady. Bu kanun salgyt gatnaşyklaryny hukuk taýdan üpjün edýän ulgamynda möhüm orun tutýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynda salgyt ulgamynyň hereket edişiniň umumy mehanizmi, onuň ýörelgeleri we düzümi kesgitlenilýär.

Daşary döwletleriň salgyt ulgamlarynyň köpüsinde merkezi we çäk häkimiýetleriň ygtyýarlyklary kanun taýdan takyklanýar we olaryň

salgyt arabaglaşyklarynyň ulgamy kesgitlenilýär. Türkmenistanyň salgyt ulgamy merkezleşdirilen tertipde ýagny, merkezi tarapdan kesgitlenilen döwlet salgytlary Türkmenistanyň Merkezi býujetiniň girdejileriniň hasabyna ýazylýar, etraplaryň we şäherleriň çäklerinde ýygnalýan ýerli ýygymlar ýerli býujetleriň girdejiler bölegini düzýärler. Ýöne, şol bir wagtda, döwlet tarapyndan salgytlaryň kadalaşdyrmasy geçirilýär. Mysal üçin, «Türkmenistanyň 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 4-nji maddasynda goşulan baha üçin salgytdan Aşgabat şäheri boýunça 12%, Ahal welaýaty boýunça 95%, Balkan welaýaty boýunça 30%, Daşoguz welaýaty boýunça 95%, Lebap welaýaty boýunça 95% we Mary welaýaty boýunça 95% çäk býujetlere bölüp bermekligi göz öňünde tutulýar. Şeýle-de, şol Kanunyň 4-nji maddasyna laýyklykda, döwlet tarapyndan geçirilýän salgyt kadalaşdyrmasyna peýdadan alynýan salgyt we ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt hem degişlidirler. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy ýerli ýygymlaryň kadalaşdyrmasyny göz öňünde tutmaýar.

Salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň agdyklyk etmegine baglylykda milli salgyt ulgamynyň aýratynlyklary takyklanýar. Ylmy taýdan esaslandyrylmagy we jemgyýetçilik durmuşyna salgytlaryň aýry-aýry görnüşleriniň ornaşdyrylmagy, olaryň ýygnalyşynyň, dürli derejedäki býujetleriň hasabynda hasaba alynylyşynyň, salgyt kanunçylygynyň kadalary bozulanda salgyt jogapkärçiliginiň çäreler toplumynyň kesgitlenilişiniň şertleriniň takyklanylmagy-bularyň ählisi milli salgyt ulgamlaryň kämilligini häsiýetlendirýär. Diýmek, maliýe, býujet we salgyt babatynda kanunlar işlenip düzülende, düýpli ykdysady ýörelgeler bilen bilelikde, salgyt ulgamynyň gurluşynyň guramaçylyk-hukuk ýörelgeleriniň saýlanyp-seçilmeginiň hem wajyp ähmiýeti bar. Belli bolşy ýaly, milli salgyt ulgamy jemgyýetiň jemgyýetçilik-syýasy gurluşyna, döwletiň görnüşine, onuň çözýän meselelerine, kabul edilen ahyrky maksatlaryna we geçirýän ykdysady syýasatyna laýyklykda gurulýar. Milli salgyt ulgamy gurnalanda, salgytlaryň görnüşleriniň, olary dolandyrmakda ulanylýan usullaryň, başgaça aýdanyňda, anyk salgyt mehanizminiň saýlanyp seçilme-

gi örän möhümdir. Hut salgyt görnüşleriniň saýlanyp-seçilmeginden, «salgyt» we «salgyt salmak» ykdysady kategoriýalarynyň içki mümkinçilikleriniň amala aşyrylmagy başlanýar. Salgytlaryň hereket edişiniň nazaryýet taýdan zerurlygy, olaryň salgyt tejribesinde ulanyp bolaýjak ähli görnüşlerine ýaýbaňlanýar. Tejribede bu arabaglanyşyk salgytlaryň içki mümkinçiliklerini beýan edýän salgyt görnüşlerini ulanmak üçin ähli zerur bolan şertler bolan ýagdaýynda berjaý edilip bilinýär. Kämil salgyt salmak ulgamynda üznüksiz önümçiligine gatnaşýan gatnaşyjylarda pul toplamalary toplamaga päsgel berýän salgyt görnüşleriniň hiç biri bolmaly däldir. Başga ýagdaýda, salgytlar diňe «salgyt» diýlip atlandyrylar, hakykatda bolsa olar hojalyk dolanyşygyndan maliýe serişdeleriniň mejbur edilip alynmagynyň görnüşine öwrülýär.

Salgyt ulgamy pes netije berýän salgyt görnüşlerini, başgaça aýdanyňda, salgyt gerimleriniň ululygyndan olary ýygnamak üçin ep-esli geçýän harajatlary talap edýän salgytlary we ýygymlary öz içine almaly däldir. Şonuň ýaly salgytlar salgyt salynylyşyny belli bir derejede çylşyrymlaşdyrýar, salgyt gullugy edaralarynyň hünärmenleriniň ünsüni bölüp, salgytlaryň hasabyny alyp barýan elektron ulgamynda bökdençlikleri döredip, salgyt gözegçiliginiň işini kynlaşdyrýar (39-njy tablisa, 8, 9-njy diagrammalar).

Milli salgyt ulgamynyň yzygiderli kämilleşdirilmegi, ýetilen netijelere analitik taýdan seljermäniň geçirilmegi, her bir döwür üçin olary garaşylýan we çaklanylýan netijeler bilen deňeşdirilmegi ýokardaky maglumatlarda aýdyňlaşdyrylýar. Eder-de döwlet býujetine salgytlardan gelýän girdejiler 2000-nji ýylda 1206,8 million manat bolan bolsa, 2007-nji ýylda 4684,0 million manada, 2008-nji ýylda 10080,0 million manada deň boldy. Şeýlelik-de, döwlet býujetine salgytlardan gelýän serişdeleriň möçberi ýyl-ýyldan artýar, bu bolsa halkymyzyň ýaşaýyş derejesiniň ösmekligine, maddy taýdan üpjünçiliginiň kämilleşmegine mümkinçilik berýär.

Maglumatlardan belli bolşy ýaly döwlet býujetiniň çykdajylary, alynýan girdejileriň hasabyna doly derejede üpjün edilýär. Mysal üçin, umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary we jemgyýetçilik we

*39-njy tablisa*

**Türkmenistanyň Döwlet býujeti**
**(million manat)**

| | **2000** | **2007** | **2008** |
|---|---|---|---|
| Girdejiler | 1206,8 | 4684,0 | 10080,0 |
| Şol sanda: | | | |
| goşulan gymmat üçin salgyt | 348,9 | 1137,8 | 2387,6 |
| peýdadan alynýan salgyt | 140,5 | 1085,1 | 3062,3 |
| aksizler | 154,1 | 247,2 | 894,6 |
| ýerasty baýlyklardan peýdalanylandygy üçin salgyt | 74,8 | 564,1 | 1584,3 |
| döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler | 247,5 | 706,5 | 865,4 |
| ilatdan alynýan salgytlar | 96,0 | 371,2 | 447,7 |
| gaýry salgytlar we tölegler | 145,0 | 572,1 | 838,1 |
| Çykdajylar | 1224,2 | 3629,2 | 5375,3 |
| Şol sanda: | | | |
| umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary | 227,4 | 819,8 | 1316,1 |
| jemgyýetçilik we durmuş hyzmatlar | 863,1 | 2510,1 | 3261,9 |
| Şolardan | | | |
| döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, pensiýa we durmuş üpjünçiligi | 233,4 | 645,4 | 850,9 |
| ykdysady işler bilen baglanyşykly döwlet hyzmatlary | 107,7 | 290,1 | 797,3 |
| beýleki çykdajylar | 26,0 | 9,2 | – |

*8-nji diagramma*

**2008-nji ýylda Döwlet býujetiniň girdejileriniň düzümi, göterimde**




Goşulan gymmat üçin salgyt;
Peýdadan alynýan salgyt;
Aksizler;
Ýerasty baýlyklardan peýdalanylandygy üçin salgyt;
Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler;
Ilatdan alynýan salgytlar;
Gaýry salgytlar we tölegler.

durmuş hyzmatlary üçin goýberililýän maliýe serişdeleri 2008-nji ýylda 2007-nji ýyl bilen deňeşdirlende 66,0 %-den gowrak boldy. Şeýle-de, beýleki görkezijiler boýunça hem ýokary depginli ösüşler gazanylýar.

Türkmenistanyň salgyt ulgamynda hereket edýän salgytlar dünýä derejesinde iň bir pes möçberli salgytlar diýlip hasaplanýar. Mysal üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 172-nji maddasyna laýyklykda, hususy eýeçilikdäki

*9-njy diagramma*

**2008-nji ýylda Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň düzümi, göterimde**




Umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary;
Jemgyýetçilik we durmuş hyzmatlar;
Ykdysady iş bilen baglanyşykly döwlet hyzmatlary.

edara görnüşli taraplar girdeji salgydyny 2 göterim möçberinde, şol möçberde girdeji salgydyny salgyt salynmagyň ýeňillikli ulgamyny ulanýan hususy telekeçiler-şahsy taraplar töleýärler («Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 200-nji maddasy). «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 192-nji maddasyna laýyklykda, şahsy adamlardan alynýan girdeji salgydy salgyt binýadyny 10 göterime köpeltmek bilen kesgitlenilýär. Diýmek, salgyt özenine salgytlaryň möçberiniň pes derejede kesgitlenilmegi, ilata süýşürintgileri toplamaga, hususy telekeçilik işini höweslendirmäge, täze iş ýerlerini döretmäge,

önümçiligi tehniki we tilsimat taýdan täzelendirmäge, maýa goýumlary maliýeleşdirmäge, pudaklaryň täzeden gurluşygyny geçirmäge uly mümkinçilikler döredýär. Şol bir pursatda raýatlaryň şahsy girdejileri deňleşdirilýär.

«Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanuny Türkmenistanyň salgyt ulgamynyň bitewlilik ýörelgesini tassyklady. Bu kanun salgyt gatnaşyklaryny hukuk taýdan üpjün edýän ulgamynda möhüm orun tutýar. «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynda salgyt ulgamynyň hereket edişiniň umumy mehanizmi, onuň ýörelgeleri we düzümi kesgitlenilýär. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanýar we ol «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 2-nji maddasynyň 1-nji bölüminde «Salgyt hukuk gatnaşyklaryny kadalaşdyrýan namalar şu bitewi kanunyň esasynda kabul edilýär we onuň düzgünlerine çapraz gelip bilmez» diýlip bellenilýär.

Salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgesiniň ýene-de bir şerti – bu salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ähli gatnaşyjylar üçin salgyt ýüküniň deňagramlygyny üpjün etmek we salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda deň derejelilige ýetmäge ymtylmakdyr. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan ähli gatnaşyjylaryň arasynda salgyt ýüküniň deňagramlygyny belli derejede üpjün edýär. Mysal üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 171-nji maddasynyň 6-njy bölüminde hususy eýeçilikdäki edara görnüşli taraplar üçin salgyt özeni umumy girdejiniň jeminden aýyrmalaryň möçberine azaldylman hasaplanýar, galan edara görnüşli taraplar üçin şol maddanyň 1-nji bölümine laýyklykda peýdadan alynýan salgyt üçin salgyt özeni salgyt döwründe alnan we göz öňünde tutulan ýeňilllikleriň möçberine azaldylan salgyt salynmaga degişli peýda bolup durýar. Galyberse-de, goşulan baha üçin salgyt boýunça salgydyň bir möçberini (15%), emläk üçin salgydyň bir möçberini (1%) we şahsy adamlardan alynýan salgydyň bir möçberini (10%) almak Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy kesgitleýär. Şeýle-de,

Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgytlaryň ýerine ýetirýän wezipeleriniň (fiskal, kadalaşdyryş) arasynda deňderejelilige ýetmäge şertleri göz öňünde tutýar. Ýygnalýan salgytlaryň hasabyna döwletiň durmuş-ykdysady meýilnamalarynda bellenilen çykdajylaryň we harajatlaryň üsti ýapylýar we şol bir pursatda, aýry-aýry pudaklar, çäkler üçin amal edilýän işleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça salgyt töleýjileriň belli bir toparlaryna degişlilikde salgytlar babatynda höweslendiriş gurallary ulanylýar. Türkmenistanyň salgyt kanunçylygy salgyt hukuk gatnaşyklaryna gatnaşýan taraplaryň ykdysady bähbitlerini üpjün edýär. Şol babatda salgyt töleýjilere salgyt ýeňillikleri, tölenmeli salgytlaryň pes pul möçberleri kesgitlenilýär. Mysal üçin, «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunyň 105-nji maddasynda goşulan baha üçin salgyt boýunça 0 (nol) möçber ulanylýan salgyt salynýan amallar, 106-njy maddasynda goşulan baha üçin salgyt boýunça salgyt salynýan amallar boýunça ýeňillikler, 170-nji maddasynda peýdadan alynýan salgyt boýunça ýeňillikler bellenilýär. Salgyt gullugy edaralarynyň işinde jeza çäreleriniň geçirilmegini aradan aýyrmaklyk salgyt kanunçylygynyň kämilleşdirilmegini aňladýar. Salgyt hukuk bozmalary üçin maliýe jerimeleri «Salgytlar hakynda» Türkmenistanyň bitewi Kanunynyň 88-94-nji maddalarynda kesgitlenilýär. Ýöne gaýry döwletleriň salgyt kanunçylyklary bilen deňeşdireniňde, Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda göz öňünde tutulan maliýe jeza çäreleri ujypsyz we edara görnüşli we şahsy taraplaryň maliýe-hojalyk işine öz uly täsirini ýetirmeýär. Bu bolsa salgyt salmagyň ykdysady guramaçylyk-hukuk ýörelgesiniň şu şertiniň Türkmenistanyň salgyt kanunçylygynda belli derejede berjaý edilýändigine şaýatlyk edýär. Galyberse-de, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň ösmegi bilen, salgyt salmagyň köp ugurly görnüşine geçmek, ýagny şol bir girdejä salgydyň diňe bir görnüşini salgyt salmak şertleriniň we mümkinçilikleriniň ýüze çykmagyna doly umyt bar.

## 10-njy bap
## DÖWLETE DEGIŞLI DÄL KÄRHANALARYŇ WE TELEKEÇILIGIŇ ÖSÜŞI

### 10.1. Telekeçiligiň mazmuny we onuň görnüşleri

Häzirki zaman ykdysadyýeti telekeçilik işleri bolmazdan hereket etmegi mümkin däl. Telekeçi diýip haýsy hem bolsa bir wajyp işi amala aşyrmak, durmuşa geçirmek üçin serişdeleri bar bolan adama aýdylýar. Ilkinji bolup ykdysady taglymata «telekeçilik» düşünjesini girizen alym P. Kantilondyr. Onuň pikirine görä «telekeçi bu dürli gazanç çeşmesi bolan adamdyr, ýagny, harydy ýa-da önümçilik serişdelerini öz bahasyna alyp, alan harydyny ýa-da önümçilik serişdesini öz bahasyndan has ýokarrak satmaga ymtylýan adamdyr». Has sada dilde aýdanyňda, telekeçilik munuň özi girdeji gazanmak maksadyna gönükdirilen kanunalaýyk ykdysady hereketdir. Telekeçiniň esasy aýratynlygy onuň öz işinde töwekgelçilik edýänligidir. Şeýle hem hiç kime garaşly bolmazdan öz maksadyny kesgitläp bilijilik we garaşsyz ýagdaýda öz işi boýunça çözgüt çykaryp bilijilik, öz kabul eden çözgütlerine jogapkärli çemeleşip bilijilik, şeýle hem peýda almak üçin güýçli okgunlylygy bilen beýlekilerden tapawutlanýan häsiýetli aýratynlyklardyr.

Ykdysatçy alymlaryň birnäçesi telekeçilik diýen düşünjäni şeýle beýan edipdirler. Ýagny görnükli alym J. B. Seý telekeçiligi «haýsy hem bolsa bir harydy öndürmekde töwekgelçiligi öz üstüne alýan adam» diýip düşündirýär. Alym P. Kantilon bolsa telekeçini önümçilik faktorlaryny, ýagny maýa goýumlary we zähmet serişdelerini dolandyrýan adamdygyny düşündirmäge çalşypdyr. Beýleki bir alym Y. A. Şumpetra öz kitabynda telekeçilik barada has giňişleýin düşünje berýär. Onuň pikirine görä telekeçilik işi her bir ykdysady ösüşiň özeni bolup durýandygyny we telekeçilik işleriniň sarp edijä täze-täze harytlary we hyzmatlary hödürleýändigini belläp geçýär. Alymlar P. Hizriç we M. Pitere telekeçilik bu

haýsy hem bolsa bahasy bolan bir zady täzeçe öndürmekdir, telekeçi bolsa bulary öndürmäge öz ähli wagtyny we güýjüni, öz maliýe ýagdaýyny, mümkinçiliklerini sarp edýän adamdyr, öz eden işiniň deregine bolsa iň soňunda sylag hökmünde pul alýan, girdeýji-peýda alýan adamdyr. Telekeçilik «dinamizm», «pikiri öňe sürmek», «batyrgaýlyk», «töwekgelçilik» ýaly düşünjeler bilen bir hatarda garalýan düşünjedir. Telekeçilik işine düşünmek üçin onuň obýektini we subýektini bilmeklik zerurlyk bolup durýar. Telekeçiligiň subýekti bolup ykdysady işe gatnaşygy boýunça dürli işleri ýerine ýetirýän fiziki ýa-da hukuk taraplar çykyş edýär. Olar telekeçilik işi bilen meşgullanyp eýeçiligindäki zatlary dolandyrýar. Telekeçilik hojalygy ýöretmegiň subýekti bolmak bilen oňa ykdysadyýeti ýöretmekde täzelikleri girizmeklik häsiýeti hem mahsusdyr. Şeýlelik bilen hem «telekeçilik» ykdysady kategoriýa hökmünde göz öňüne gelýär.

Telekeçiligiň obýekti bolup göz öňünde tutulan anyk işler, maýa goýum sferasy çykyş edýär. Olar üç sany, ýagny maýa goýumy, zähmeti we tebigy baýlyklary birleşdirmek bilen telekeçilik işini alyp barmagyň amatly usulydyr.

Telekeçilik işi öndürilýän önüme, edilýän hyzmatlara, iň esasy bolsa alynýan peýda öz täsirini ýetirýär. Önümçiligi gurnamakda subýekt bolup çykyş edýän telekeçini esasy höweslendiriji ýagdaý köp möçberde gazanyp boljak peýda, girdeýji bolup durýar. Bu barada alym P. H. Werhan öz işlerinde has hem jaýdar belläp şeýle diýýär: «Diňe peýda ýa-da girdeýji telekeçä öz işini ýa-da kärhanasynyň işini dowam etdirmäge mümkinçilik berýär». Telekeçilik diňe bir täze telekeçilik işiniň gözleginde ýüze çykman, eýsem, ol eýýäm hereket edýän ýa-da bar bolan harytlaryň we hyzmatlaryň täze bazarynyň döremeginde hem ýüze çykyp bilýär. Telekeçilik işi – bu erjel, möhüm we kyn taslamalary amala aşyrmak işidir we täze taglymatlary durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri öz üstüňe meýletinlik bilen almaga taýýarlykdyr. Bu bir zady oýlap tapmaga we nämedir bir täze zady ýa-de eýýäm bar bolanyny gowulandyrmaga synanyşykdyr.

17. Sargyt № 3158

Telekeçilik düşünjesini, köplenç halatlarda käbir ykdysatçylar «biznes» düşünjesi bilen baglanyşdyrýarlar, emma bu düşünjeler aýry-aýry manyny aňladýarlar. «Biznes» düşünjesi täjirçilik, söwda, pudak, firma, işjeň işewürlik ýaly düşünjeler bilen bir hatarda düşünilýär. Telekeçilik bolsa – bu ilkinji nobatda gujurly we sabyrly adamyň öz şahsy işidir. Telekeçilik sözüniň özi depginli, tagallaçy, başarjaň diýen düşünjeler bilen utgaşýar, uly möçberli bähbitli taglymatlary durmuşa geçirýär. Telekeçilikde adamynyň tebigy ukyby, onuň özüniň ornuny tapmaga we özüni ykrar etdirmäge ymtylyşy doly peýdalanylýar. Özüne peýda tapmak bilen, telekeçi jemgyýetiň eşretine peýdaly işde hereket edýär. Telekeçiligiň ykdysady peýda tarapyna seljerme geçirilende, käbir ykdysatçylar şeýle netijä gelýärler, ýagny telekeçiler diňe girdeji almak üçin işlemeýändiklerini, eýsem, bu ýerde öz-özünden watansöýüjilik, ahlak sypatlaryň hem ýüze çykýandygynyň hakykatdygyny belläp geçýärler. Dogrudan hem häzirki zaman bazar ykdysadyýeti şertlerinde önümçiligiň peýda bolmasa işlemek mümkin däl, emma bu düşünjä giňişleýin seredilende onda girdeýji gazanmak telekeçilik işiniň diňe bir bölegi bolup durýär. Haryt önümçiliginde telekeçiler öz peýdalaryny gözlänlerinde şol bir wagtda halkyň bähbidi üçin hem işleýär. Telekeçi halkyň isleglerini öwrenip, ony kanagatlandyrmaga çalyşýar. Bu bolsa telekeçiligiň halka bähbitli tarapy bolup durýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde diňe telekeçi ilkinji bolup satyn alyja ertir nähili harytlaryň we hyzmatlaryň gerekdigini öňünden bilmelidir.

Häzirki döwür ykdysadyýetinde telekeçiligiň beýlekilere garanyňda birnäçe häsiýetli aýratynlyklary bolup, olar şu aşakdakylardan ybarat:

– hiç kime garaşly bolmazdan öz maksadyny, amala aşyrjak işini kesgitläp biljilik, şeýle-de garaşsyz ýagdaýda çözgütleri çykaryp bilijilik häsiýetleri;

– öz kabul eden çözgütlerine jogapkärli çemeleşip bilijilik häsiýeti;

– peýda ýa-da girdeji almaklyk üçin güýçli okgunlylyk häsiýetleri.

Adamzadyyň ýerine ýetirýän işleriniň köp görnüşleri şeýle häsiýetlere eýe däldir. Mysal üçin, haýsy hem bolsa bir pudakda işleýän işçileri alyp görenimizde, olar telekeçilerden tapawutlylykda öz işlejek pudagyny erkin ýagdaýda saýlap bilýärler, kabul edilen çözgütlere jogapkärsiz hem çemeleşip bilýärler, şeýle hem olarda peýda almak üçin okgunlylyk hem bolmaýar. Eger-de işçi öz işleýän işinde ýerine ýetirýän işine sowuk-sala, jogapkärsiz ýagdaýda çemeleşse onda ony işinden çykarýarlar, emma telekeçi bolsa bu ýagdaýda batýar we hemme zadyny ýitirýär. Şeýle hem käbir hünärmenler şeýle belläp geçýär, ýagny işçä işlemegiň usullaryny, nädip işlemelidigini öwredip bolmaýar, emma telekeçä öwredip bolýar.

Kärhana bilen telekeçilik işi bir düşünjeden, bir kökden gelip çykýar, ýöne her bir kärhana telekeçilik işi bilen baglanyşykly bolmaýar. Telekeçilik işiniň özeninde hemişe täze tehnologiýalaryň, önümleriň we hyzmatlaryň gözlegi bolup durýar. Telekeçilik düşünjesine düşünmek üçin onuň görnüşleri barada bilmeklik zerurlyk bolup durýar. Telekeçiligiň, umuman, iki görnüşi tapawutlanýar, olar:

1. Döwlet telekeçiligi;
2. Hususy telekeçilik.

Döwlet telekeçiliginde:

a) döwlet dolandyryş guramalary tarapyndan döredilen döwlet eýeçiligindäki emlägi dolandyrýan döwlet edaralary;

b) ýerli dolandyryş guramalary tarapyndan döredilen döwlet kärhanalary, edaralary çykyş edýär.

Şeýle görnüşli kärhanalaryň eýeçiliginde döwlet eýeçiligindäki desgalar, býujet serişdeleriniň bir bölegi we beýleki çeşmeler bolýar. Hususy telekeçilikde hususy eýeçilikdäki kärhanalar we telekeçiler çykyş edýär.

Telekeçilik işini alyp barmagyň ugurlary boýunça telekeçilik birnäçe toparlara bölünýär.

1.Önümçilik telekeçiligi;
2. Söwda telekeçiligi;
3. Maliýe telekeçiligi;
4. Aralykçy telekeçilik;

5. Ätiýaçlandyryş telekeçiligi.

Önümçilik telekeçiligi telekeçiligiň esasy görnüşleriniň biri bolup durýar. Eger-de telekeçi zähmet serişdelerini ulanyp, önümleri, harytlary we hyzmatlary öndürip sarp edijä satýan bolsa, onda ol gönüden-göni önümçilik telekeçiligi bolýar. Söwda telekeçiliginde telekeçi bolup söwdagär, täjirler çykyş edýär. Olar eýýäm taýýar önümi öndürijilerden alyp olary sarp edijä hödürleýär. Telekeçiligiň bu görnüşinde girdeýji söwda amallarynda emele gelýär.

Maliýe telekeçiligi söwda telekeçiliginiň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär we bu ýerde söwda işleriniň serişdesi bolup pullar we gymmatbaha kagyzlary çykyş edýär. Bu ýerde bu serişdeleri telekeçi satyn alyja satýar ýa-da karzyna berýär. Aralykçy telekeçilikde telekeçi özi önüm öndürmeýär we satmaýar. Bu ýerde telekeçi araçy bolup çykyş edýär. Bu telekeçiligiň görnüşinde telekeçiniň ýerine ýetirýän esasy wezipesi haýsy hem bolsa gyzyklanýan iki tarapy tapyp, olaryň işini utgaşdyrmak bolup durýar we şunuň bilen birlikde hem iki tarapa-da öz hyzmatyny hödürleýär. Bu hyzmatlar ücin bolsa telekeçi soňunda girdeji gazanýar. Ätiýaçlandyryş telekeçiliginde telekeçi haýsy hem bolsa bir ätiýaçlandyryş edara, eger-de betbagtçylyk ýüze çykaýan ýagdaýynda öz eýeçiligindäki zatlara kepil geçýär. Bu ýerde telekeçi ätiýaçlandyryş töleglerini (wznos) alyp, ony diňe hadysalar ýüze çykanda töleýär. Bu ýerde bolsa hadysalaryň ýüze çykmaklyk ähtimallygy ýokary däldigi sebäpli, ätiýaçlandyryş tölegleriden (wznos) dörän pul serişdeleri telekeçiniň girdejisi hökmünde çykyş edýär.

Telekeçilik dolandyryş-hukuk görnüşleri boýunça hem birnäçe toparlara bölünýär:

1. Yekebara görnüşli kärhanalar;

2. Hyzmatdaşlyk görnüşli kärhanalar;

3. Paýdarlar jemgyýeti we korporasiýalar.

Ýekebara görnüşli kärhanada bir adam telekeçilik işini alyp barýar. Kärhananyň eýesinde önüm öndürmek üçin material we maýa goýum serişdeleri bolýar, ol kärhananyň işine gözegçilik edýär.

Hyzmatdaşlyk görnüşli kärhana birnäçe işewür adamlaryň birleşmeginde döredilip, ýekebara görnüşli kärhanalaryň has ösen, kämilleşen görnüşidir. Hyzmatdaşlyk görnüşli kärhananyň telekeçilik işlerine gatnaşyklary dürli-dürli bolýar. Kärhanany döredijiler kä ýagdaýlarda kärhananyň işine işjeň gatnaşýarlar, kä ýagdaýlarda bolsa, tersine, işjeňlik görkezmeýärler.

Korporasiýalar telekeçiligiň iň möhüm görnüşleriniň biri bolup, ol hem öz gezeginde şu aşakdakylara bölünýär:

1. Kiçi kärhana;
2. Paýdarlar jemgyýeti (ýapyk we açyk görnüşli);
3. Bilelikdäki kärhana.

Ýokarda belläp geçen telekeçiligiň dolandyryş-hukuk görnüşleri birnäçe artykmaçlyklary we ýetmezçilikleri hem bolup biler (40-njy tablisa).

Korporasiýalar biznes işini alyp barmagyň hukuk formasydyr. Bular döwlet tarapyndan ykrar edilen hukuk taraplar bolup, olar önüm öndürip we öndüren önümleri satyp, karz alyp we karz berip bilýärler, şeýle hem kärhananyň haýsy görnüşi bolsa bolsun, onuň ýerine ýetirýän işleriniň hemmesini ýerine ýetirýär. Ýokarda görkezilen korporasiýalaryň görnüşleriniň içinde ykdysadyýetde kiçi kärhanalaryň tutýan orny uludyr, çünki ösen ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ösüşinde kiçi kärhanalar uly orun tutýar. Köp ýurtlarda kiçi kärhanalaryň işi ykdysady ösüşe düýpli täsir edýär, ýagny köp ýurtlarda jemi içerki önümde kiçi kärhanalaryň paýy 70%-e barabardyr. Mysal üçin, ABŞ-da ownuk telekeçilik ýurtda amala aşyrylýan hemme hyzmatlaryň 60 göterimini ýerine ýetirýär. Germaniýa Federatiw Respuplikasynda, Beýik Britaniýada, Italiýada bolsa ownuk telekeçilik ähli iş ýerleriniň 3-den 2-sini üpjün edýär. Kiçi kärhanalar öz işlerini, köplenç ýagdaýlarda bir ugra gönükdirýärler, mysal üçin, suratçylyga, naharhanaçylyga, her tüýsli ussahanalara we ş.m. Onuň müşderileri bolsa dürli-dürli raýatlar bolup durýar. Kiçi kärhanalary şahsy taraplar, döwlet we hususy kärhanalar we guramalar döredip bilýärler. Kiçi kärhanalaryň birnäçe artykmaç taraplary bolup durýar, ýagny:

*40-njy tablisa*

| | Telekeçiligiň görnüşleri | Artykmaçlyklary | Ýetmezçilikleri |
|---|---|---|---|
| 1. | Ýekebara hojalyk kärhanalary | Doly ýagdaýda garaşsyz, girdeji almakda doly erkinligiň we çaltlygyň bolmagy, alyp barýan işiniň bir ugra gönükdirilen bolmagy | Uly maýa goýumlary çekmekde kynçylyklaryň döremegi, alyp barýan işiniň çäksiz bolmagy, ýetirilen zyýana jogapkärçiligiň çäksiz bolmagy, dolandyryşyň hemme ugurlaryny ulanmak zerurlygynyň ýüze çykmagy |
| 2. | Hyzmatdaşlyk kärhanalary | Maliýe taýdan güýçli bolmagy, alyp barýan işinde erkinligiň, çaltlygyň we çeýeligiň bolmagy, toparlaýyn dolandyryşyň bolmagy | Hyzmatdaşlaryň jogapkärçiliginiň çäksiz bolmagy, hyzmatdaşlaryň biri-birine bagly, garaşly bolmagy |
| 3. | Paýdarlar jemgyýeti | Goşmaça maýa goýumlary çekip bilmek mümkinçiliginiň bolmagy, ýokary derejede dolandyryşyň bolmagy, paýdarlaryň jogapkärçiliginiň çäksiz bolmagy | Jemgyýetiň alyp barýan işine güýçli gözegçiligiň bolmagy, alyp barýan işlerinde çaltlygyň we erkinligiň bolmagy |

1. Öz işlerini bir ugurly we köp ugurly amala aşyryp bilýärler;

2. Öz öňlerinde goýan maksatlary köpdürli bolýar;

3. Bulary döretmeklik aňsat bolýandygy bilen ünsi çekip bilýärler;

4. Bir maksada gulluk edip, işgärler öz aralarynda kiçiräk toparlary döredýärler;

5. Işiň barşynda işgärler öz aralarynda düşünip we ýardamlaşyp işleýärler;

6. Ýokary jogapkärçilik derejesinde işleýärler;

7. Ýolbaşçynyň öňe süren täzeliklerini çalt durmuşa geçirýärler;

8. Köp raýatlaryň kärhanany döredіji bolup çykyş edip bilmek mümkinçiliginiň döremekligi;

9. Ýerli çig mallary we önümçilik galyndylary ulanyp bilijilik mümkinçiligi;

10. Täze iş ýerlerini döredip bilijilik mümkinçiligi;

11. Uly kärhanalara garanyňda az çykdaýjy sarp edilýän kiçi dolandyryş apparaty bolmagy;

12. Kömekçi hojalyklaryň döremeklik mümkinçiligi;

13. Olaryň ykdysadyýetiň ösüşine täsir edip bilijilik mümkinçiligi.

Kiçi kärhanalaryň işindäki üstünlik olaryň näçe müşderileriniň bardygy bilen kesgitlenilýar. Mysal üçin, konditer önümlerini öndürýän kiçi kärhanany alyp göreliň. Eger-de şol kiçi kärhana satyn alyjylar, müşderiler öndürilen önümi satyn almaga gelmedik ýagdaýynda, onda ol kiçi kärhana batýar. Şonuň üçin şol kärhananyň eýesi we işgärleri önümiň hilini ýokarlandyrmaga, hyzmatlaryň göwrümini artdyrmaga, önümleriň görnüşlerini köpeltmäge we mahabatlandyrmaga çalyşýarlar. Bu çäreleriň geçirilmegi bilen şol kärhana hemişelik müsderileriň döremegini we täze müşderileriň gelmegini, şeýlelik bilen hem öz girdejisiniň artmagyny gazanýar. Kiçi kärhanalar telekeçilik işine gatnaşmak bilen özleriniň döredijilik ukyplaryny hem ýüze çykarýarlar, ol ýerde işleýän millionlarça adamlaryň iş başarjaňlygynyň artmagyna ýardam berýärler we bazarlary gerek bolan harytlar we hyzmatlar bilen üpün edýärler. Ähli kiçi kärhanalary esasy iki topara bölmeklik bolýar:

1. Uly kärhananyň kömekçisi hökmünde çykyş edýän kiçi kärhanalar;

2. Özbaşdak görnüşde çykyş edýän kärhanalar.

Birinji topara degişli kiçi kärhanalar, eger-de uly bir zawodyň ýa-da fabrigiň kömekçisi hökmünde çykyş edýän bolsa, onda ol, esasan, haýsy hem bolsa bir detaly öndürmäge ýöriteleşýär, eger zerurlyk ýüze çyksa, onda şol kärhanada ýa-da fabrikde ulanylýan iş gurallaryny abatlaýyş işlerini ýerine ýetirýär we önümleri ýerlemekde araçy hökmünde çykyş edýär. Şeýle görnüşli kiçi kärhanalaryň üstünlik gazanmaklary işlerini ýerine ýetirip berýän zawodyň ýa-da fabrigiň üstünligi bilen gös-göni baglanyşykly bolup durýar. Käbir uly zawodlaryň ýa-da kärhanalaryň birnäçe kiçi kärhanalary bolýar, mysal üçin, awtoulag zawodynyň 1000-e golaý kiçi kärhanalary bolýar.

Kiçi kärhanalar ýerine ýetirýän iş aýratynlyklary boýunça hem toparlara bölünýär. Meselem:

1. Adaty kiçi kärhanalar;

2. Täzelikleri ornaşdyrýan kiçi kärhanalar.

Adaty kiçi kärhanalar öz ýöriteleşen işlerinde önüm öndürmegiň mukdaryny saklap bilijilik ukyby bilen has tapawutlanýar. Olar adam üçin zerur bolan harytlary öndürýärler we hyzmatlary amala aşyrýarlar. Dellekhanalar, hojalyk tehnikalaryny bejerýän ussahanalar, kiçeňräk ýöriteleşen dükanlar we şulara meňzeşler munuň aýdyň mysaly bolup bilerler. Bu adaty kiçi kärhanalaryň eýeleri öz kärhanalaryny giňeltmegi maksat edinmän, olar önüm öndürmekde we hyzmatlary ýerine ýetirmekde adatylygy saklap, girdeji almaklygy maksat edinýärler ýa-da ýöriteleşýärler.

Täzelikleri ornaşdyrýan kiçi kärhanalar ylmy açyşlar bolan mahalynda döreýärler. Bu kiçi kärhanalarda adatça täze görnüşli önüm öndürýärler. Bu kiçi kärhanalary döretmeklik onuň eýesi öz üstüne uly töwekgelçiligi alýar, ýagny täze görnüşli çykarylan önüme alyjynyň islegi bolmasa ýa-da döremese, onda ol kiçi kärhana öz-özünden batýar we oňa goýlan maýa goýumlar ýitirilýär. Eger-de tersine bolan ýagdaýynda onda girdeji, peýda almaklyk çalt depginler bilen ösüp, bu kiçi kärhana uly bir kärhana öwrülýär.

Telekeçiligiň ykdysady aýratynlygy barada düşünmek üçin kärhanalarda alnyp barylýan işleriň esasy ykdysady görkezijileri barada bilmeklik zerur bolup durýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde kärhananyň işiniň netijesi önüm öndürmekde we hyzmatlary ýerine ýetirmekde alynýan girdeji, peýda bolup durýar. Önümçiligi dolandyrmakda birnäçe ykdysady görkezijiler peýdalanylýar. Kärhananyň önümçilik işinde iň esasy ykdysady görkezijileriň biri belli bir wagtda, haýsy hem bolsa bir önümiň görnüşini öndürmekligiň möçberi bolup durýar. Şeýle hem kärhananyň işinde köp ugurly görkezijileriň biri jemi girdeji bolup durýar. Bu görkeziji kärhana tarapyndan belli bir wagt aralygynda öndürilen önümiň bahasynyň jemini görkezýär. Peýda hem kärhana işinde ykdysady görkeziji hökmünde çykyş etmek bilen haçan-da kärhana önümleri ýerleşdirmekde we hyzmatlary ýerine ýetirmekde eden ähli çykdajylaryny aýranyňda, galýan serişdäniň bir bölegi peýda bolup durýar.

**PEÝDA = GIRDEJI – ÇYKDAJY.** Telekeçiligi ösdürmegiň ýene-de esasy ugurlarynyň biri lizing bolup durýar. Şeýle hem dünýä tejribesinde-de lizing amallary giň ýaýran hem-de giňden ulanylýan amallarynyň biri bolup durýar. Dürli ýurtlarda döwlet edaralary lizing amallaryny kiçi biznesi goldamagyň aýratyn görnüşi we telekeçilik işiniň kiçi görnüşlerini ösdürmegiň möhüm serişdesi hökmünde peýdalanýarlar. «Lizing» sözi iňlisçe Lease (karzyna bermek) diýen sözden gelip çykýar. Lizing – bu karzyň pul görnüşli däl formasydyr, ýagny telekeçilik işinde gerek bolan enjamlary, serişdeleri kärendesine bermeklikdir. Kanunçylyk taýdan berilýän kesgitlemä laýyklykda lizing diýlip, lizing alyja töleg üçin peýdalanmaga şertnamada şertleşilip lizing emläginiň berilýän halaty ýüze çykýan gatnaşyga düşünilýär. Ol emläk lizing beriji tarapyndan taýýarlanylýar ýa-da lizing alyja bermek üçin lizing beriji tarapyndan eýeçilige satyn alynýar. Şunda emlägiň eýeçilik hukugy kärendä berijide galyp, kärendeçi ol emlägi belli bir wagt aralygynda tölegli görnüşde peýdalanýar. Lizingde kärendä beriji bilen kärendeçiniň arasynda 1 ýyldan 10-15 ýyla çenli aralykda şertnama baglaşylýar. Lizingi ulanmaklygyň artykmaçlygy şundan ybarat, ýagny, kärendeçi häzir-

ki zaman talaplaryna laýyk gelýän, gymmat bahaly enjamy satyn almaga öz serişdelerini sarp etmän, ol bu enjamy kärendesine alyp bilýänligindedir. Lizingiň bu tarapy orta we kiçi telekeçiler üçin örän amatlydyr, ýagny lizingi ulanmak, peýdalanmak bilen telekeçi diňe bir önümçiligini çalt gurmak bilen çäklenmän, eýsem, tygşytlanan pul serişdelerini başga maksatlar üçin gönükdirip bilýär. Şeýle hem lizingde kärendä beriji öz kärendesine beren enjamynyň hil ýagdaýyny hem öwrenip bilýär.

Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alan ilkiji gününden başlap, ykdysady gatnaşyklary özgertmek işleri uly depginler bilen alnyp barylýar. Bu özgertmeleriň barşynda häzirki zaman dürli görnüşli ykdysady amallary, şol sanda lizing amallaryny iş ýüzünden giňden ulanylmaklyk göz öňünde tutulýar. Bu barada dürli-dürli kadalaşdyryjy resminamalara gol çekildi. Mysal üçin, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň ýanwar aýynyň 5-ne çykaran «Maliýe lizingini ösdürmek hakyndaky» 2443-nji Kararyny we 1999-njy ýylyň sentýabr aýynyň 15-de kabul edilen «Lizing barada» Türkmenistanyň Kanunyny görkezmek bolar. Ýene-de belläp geçmeli zatlaryň biri ol hem lizing amallarynyň adaty kärendeden tapawutlyklary bolup durýar. Ol aşakdaky ýalydyr:

– lizingiň predmeti lizing alyja ýörite tabşyrmak üçin lizing beriji tarapyndan taýýarlanylýar ýa-da satyn alynýar;

– lizing predmeti bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri, şol sanda onuň tötänden ýitirilmegi bilen baglanyşykly ähli töwekgelçilikleri, şol sanda onuň tötänden ýitirilmegi bilen baglanyşykly (heläk bolmagy) ýa-da tötänden zaýalanmagy, şeýle hem ogurlanmagy, wagtyndan öň hatardan çykmagy, könelişmegi bilen baglanyşykly töwekgelçilikleri lizing kabul edilen pursatyndan başlap, eger lizingiň şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk halatynda lizing alyjy çekýär;

– lizing şertnamasynyň şertlerine laýyklykda lizing alyjy lizingiň predmetini satyn alyp hem biler.

Lizingiň predmeti barada durup geçmek hem zerurlyk bolup durýar. Lizingiň predmeti bolup kärhanalar we beýleki emläk top-

lumlary, esasy serişdeleri, degişli jaýlar, desgalar, enjamlar, ulag serişdeleri we beýleki gozgalýan we gozgalmaýan emläkler durup biler. Mellek ýerleri we beýleki tebigy desgalar, şeýle hem Türkmenistanda erkin dolanyşygy gadagan edilen emläkler ýa-da olar üçin dolanyşygyň aýratyn tertibi bellenilen emläkler lizingiň predmeti bolup bilmeýärler. Lizingiň häzirki wagtda birnäçe görnüşleri bolup, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr.

**1. Maliýe lizingi** – lizingiň bu görnüşinde lizing beriji belli bir satyjydan lizing alyjynyň görkezen emlägini eýeçilige satyn almaga we şol emlägi lizing alyja lizingiň predmeti hökmünde belli bir töleg üçin belli bir möhlete we belli bir şertlerde wagtlaýyn eýeçilige we peýdalanmaga bermäge borçlanýar. Şunda lizing alyja berilýän lizing predmetiniň möhletiniň dowamlylygy boýunça ölçelýär ýa-da ondan geçýär. Lizingiň predmeti lizing şertnamasynyň möhletiniň tamamlanmagy boýunça lizing alyjynyň eýeçiligine geçýär.

**2. Gaýtaryş lizingi** – maliýe lizinginiň dürli görnüşidir, onda lizingiň predmetini satyjy şol bir wagtyň özünde lizing alyjy hem bolup çykyş edýär.

**3. Operatiw lizing** – lizingiň bu görnüşi, onda lizing beriji öz töwekgelçiliginiň hasabyna emlägi satyn alýar we ony lizing alyja lizingiň predmeti hökmünde belli bir töleg üçin belli bir möhlete we belli bir şertlerde wagtlaýyn eýeçilige hem-de peýdalanmaga berýär. Lizinge berilýän emlägiň möhleti lizing şertnamasynyň esasynda bellenilýär. Lizing şertnamasynyň möhletiniň tamamlanmagy bilen we şertnamada göz öňünde tutulan tölegleriň doly möçberinde lizing alyjynyň tölän halatynda lizingiň predmeti lizing berijä gaýtarylyp berilýär.

**4. Sublizing** – lizing alyjynyň lizing predmetini üçünji tarapa peýdalanmaga beren eglişik gatnaşyklarynda ýüze çykýan gatnaşyklaryň esasy görnüşidir. Bu sublizing şertnamasy bilen resmileşdirilýär, onuň möhleti lizing şertnamasynyň hereketiniň möhletinden geçmeli däldir. Lizing alyjynyň üçünji tarapa lizing tölegleri boýunça öz borçnamalaryny ýerine ýetirmekde eglişik etmegine ýol berilmeýär we lizing alyjyny lizing berijiniň öňünde lizing şertnamasy boýunça jo-

gapkär bolup durýar. Lizing predmetini sublizinge bermek şertnama bilen resmileşdirilýär we diňe lizing berijiniň hat üsti bilen beren razylygy boýunça ýol berilýär.

Ýurdumyzda lizingi ösdürmek üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň 1996-njy ýylyň ýanwar aýynyň 5-ne çykaran «Maliýe lizingini ösdürmek hakyndaky» 2443-nji Kararyna laýyklykda ýeňillikli salgyt bellenilýär. Olar şu aşakdakylardan ybarat:

– lizing tölegleri goşmaça baha salynýan salgytdan boşadylýar;

– lizing boýunça alnan emläge lizing şertnamasynyň hereket edýän döwrüniň bütin dowamynda emläk salgydy salynmaýar;

– lizing amallary amala aşyrylýan halatynda alnan girdejiler girdeji salgydyndan boşadylýar.

Häzirki zaman ykdysadyýetinde, telekeçilikde françaýzing ulgamy hem giňden peýdalanylýar. Bu ulgamda bir tarap françaýzer bolup çykyş etmek bilen beýleki bir tarapa öz adyny ýa-da söwda markasyny ulanmaga rugsat berýär. Françaýzing ulgamy ilkibaşda 19-njy asyryň başynda döräpdir. Şondan soňky döwürlerde bu ulgamyň işi has hem şowuna bolupdyr. 1886-njy ýylda «Singer» fabrigi, ýagny tikin maşynlaryny ýasaýan fabrik françaýzing bilen işläp başlapdyr. Şeýle hem şol ýyl «Coca-Cola» önüminiň formulasy oýlanyp tapylypdyr. 1900-njy ýyllarda bu formulanyň satylyp başlanmagy bilen françaýzing ulgamynda düýpli ösüş bolup geçipdir. 1950-nji ýyllarda bolsa doganlar «McDonalds» tarapyndan françaýzing has hem ösüpdir. Häzirki döwürde «McDonalds» firmasynyň ösen ýurtlarda umumy 14 müň sany kiçi kärhanasy bardyr.

Françaýzing häzirki wagtda halk hojalyk pudaklarynyň ýetmişe golaýynda giňden peýdalanylýar. Dünýä tejribesine laýyklykda bu ulgam biznes işini alyp barmaklygyň iň ösen görnüşi bolup durýar. Häzir ýurdumyzda «Kodak», «Coca-Cola» we şuňa meňzeşler bu ulgam bilen işleýärler.

Kiçi telekeçilikde françaýzing ulgamynyň artykmaçlyklaryna seredip geçeliň. Françaýzing munuň özi kärhanalaryň arasynda aragatnaşygyň iň ösen görnüşidir. Kiçi kärhanalar öz işine laýyk-

lykda françaýzing ulgamynyň şu aşakdaky görnüşlerinden peýdalanýarlar:

**1. Haryt françaýzing ulgamy.** Bu görnüşde françaýzerler tarapyndan öndürilen önümi kiçi telekeçi satmak bilen meşgullanýar.

**2. Önümçilik françaýzing ulgamy.** Bu görnüşde haýsy hem bolsa bir önümi öndürmekdäki syrlary özünde saklaýan firma, şol önümi öz adyndan öndürmeklige kiçi kärhanalara hukuk berýär ýa-da rugsat berýär. Mysal üçin, Coca-Cola kompaniýasyny görkezip bolar.

**3. Hyzmat ediş françaýzing ulgamy.** Bu görnüşde farançaýzerler öz adyndan öz haryt nyşanlaryny, adyny ulanmaga beýleki bir kärhana rugsat berýär we şol bir wagtyň özünde hem hyzmatlary ýerine ýetirmäge rugsat berýär. Mysal üçin, McDonalds, Kodak we şulara meňzeş kompaniýalary görkezip bolar.

**4. Korporatiw françaýzing ulgamy.** Bu görnüş häzirki wagtda ykdysadyýetde örän möhüm orun tutýar. Bu görnüşe başgaça biznes-format hem diýilýär. Bu görnüşiň çäklerinde hereket edýän kompaniýalar françaýzi hödürleýjiniň dine bir haryt nyşanyny we adyny ulanmak bilen çäklenmän, eýsem, françaýzing hödürleýjini hem önümçilik prosesine doly derejede gatnaşdyrýar we olaryň alyp barýan işleriniň çäginde hereket edýär.

Geljekde françaýzing ulgamynyň Türkmenistanda biznes işini dolandyrmakda ösjekdigine doly derejede ynansa bolar.

Adatça köp kiçi kärhanalar bütin dünýäde öz işlerini söwda we hyzmat ediş ulgamynda alyp barmaga ymtylýarlar. Bu ýagdaýy şeýle düşündirse bolar, ýagny bu ulgamda öz işini alyp barmaklyga ujypsyzja maýa gerek bolup durýar, emma maddy önümçilik ulgamynda iş guramak, iş alyp barmak köp maýa talap edýär. Mysal üçin, hyzmat ediş ulgamynda öz işiňi açmak üçin telekeçä bary-ýogy ujypsyzja maýa zerur bolýar. Şunda telekeçi bolup çykyş edýän tarap öň uly bir kärhanada köp ýyllaryň dowamynda işläp, tejribe gazanyp, işinden çykyp öz işini guran bolsa, onda ol telekeçi hiç kime garaşly hem bolmaýar, ony işinden hiç kim kowup hem bilmeýär. Şular ýaly sebäplerden hem bu ulgamlarda köp kiçi kärhanalar öz işlerini alyp barmaga ymtylýarlar.

## 10.2. Telekeçiligi ösdürmegiň dünýä tejribesi

Bütin dünýäde telekeçilik ykdysadyýeti ösdürmekde örän wajyp orun eýeleýär. Dünýäniň ösen ýurtlarynda ykdysadýetiň örän wajyp sektory bolup kiçi we orta telekeçilik çykyş edýär. Eger-de ýurtda hereket edýän uly kärhanalar şol ýurduň ylmy-tehniki derejesini we önümçilik mümkinçiligini kesgitleýän bolsa, onda kiçi we orta derejedäki kärhanalar ýurduň durmuş-ykdysady ösüşini üpün edýär. Kiçi we orta derejedäki kärhanalaryň ýagdaýyny şu aşakdaky boýunça görmek bolýar (41-nji tablisa).

*41-nji tablisa*

**Dünýäniň käbir ýurtlarynda kiçi we orta derejedäki kärhanalaryň ýagdaýy**

| T/n | Ýurtlar | Ýurtda umumy işçi güýjüniň kiçi we orta derejedäki kärhanalara düşýän paýy % | Ýurtda JIÖ-de kiçi we orta derejedäki kärhanalaryň paýy % |
|---|---|---|---|
| 1. | Ýaponiýa | 75 | 52-55 |
| 2. | Germaniýa | 69 | 55-57 |
| 3. | Wengriýa | 65 | 50-52 |
| 4. | Polşa | 60 | 50-52 |
| 5. | ABŞ | 53 | 50-52 |
| 6. | Beýik Britaniýa | 52 | 53-56 |
| 7. | Russiýa federasiýasy | 13 | 10-11 |

* «The economist» weekly journal 2007. №3

Bu ýurtlarda kiçi we orta derejedäki kärhanalar özleriniň dinamikasy, çydamlylygy, täzelikleri çalt önümçilige ornaşdyryp bilýänligi we täze iş ýerlerini döredip bilýänligi bilen aýratyn tapawutlanýar. Mysal üçin, ABŞ-da kiçi we orta derejedäki kärhanalar soňky on ýylyň dowamynda önümçilikde 55% täzelikleri ornaşdyrypdyrlar we ähli iş ýerleriniň 75%-ni döredipdirler. Şular bilen birlikde hem uly

möçberli biznes işlerine garanyňda, maýa goýumlaryň netijeliligi kiçi we orta derejedäki telekeçilikde dokuz esse ýokarydyr.

Kiçi we orta derejedäki telekeçiligiň şeýle çalt derejede uly depginler bilen ösmegi netijesinde ösen ýurtlarda döwlet tarapyndan bu ulgamy goldamaklyga has uly üns berlip başlanmagyna, döwlet tarapyndan goldawyň has hem artmagyna getiripdir. Bu ýurtlarda, ýagny ösen ykdysadyýetli ýurtlarda döwlet tarapyndan kiçi we orta derejedäki telekeçiligi goldamaklyk barada alnyp barylýan işlerde meňzeşligi mese-mälim görse bolýar. Bu işleriň netijesinde hem her hili halkara guramalaryň we amala aşyrylýan maksatnamalaryň döremegi bolup geçdi. Mysal üçin, UNIDO, UNECE, PHARE, WASME, EBRD, TACIS, USAID we s.m görkezmek bolar. Bular kiçi we orta derejedäki telekeçilik ulgamyna özleriniň maliýe, tehniki we maglumat kömeklerini berýärler.

Dünýä tejribesine laýyklykda telekeçiligi goldamak barada döwlet edarasyny döretmeklik arkaly, telekeçiligiň ösüşine düýpli täsir edip boljakdygyny görup bolýar. Bu babatda ABŞ-da «telekeçiligi goldamak barada milli agentlik SBA», Beýik Britaniýada 2000-nji ýylda döredilen «Kiçi telekeçiligi goldamak barada agentlik SBS», Germaniýada Ykdysadyýet we tehnalogiýa ministliginiň düzüminde döredilen «kiçi we orta telekeçilik barada müdirlik», Ýaponiýada «täze kiçi we orta telekeçilik baradaky agentlik SMEA», Wengriýada «telekeçiligi ösdürmek baradaky halk maslahaty», Polşada «kiçi we orta telekeçilik barada müdirlik» döredildi. Ýurdumyzda hem hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda 2008-nji ýylyň mart aýynda geçirilen, ýurdumyzyň telekeçiler bilen duşuşygynda «Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler birleşmesini» döretmeklik hakynda karar kabul edildi. Bu bolsa ösen ýurtlarda bolşy ýaly ýurdumyzda hem telekeçilige, telekeçilere uly üns berilýändigini subut edýär.

Telekeçiligiň dünýä tejribesini öwrenilen mahalynda ykdysady taýdan öňde barýan ýurtlaryň hojalyk tejribesini, roluny we tutýan ornuny öwrenmäge daýanmak zerurlyk bolup durýar. Ol ýa-da beýleki kärhanany kiçi we orta kärhanalaryň hataryna degişli etmegiň ölçeg-

leri ýeterlik derejede şertleýin bolup, olar ýurtlar boýunça tapawutlanýar. ABŞ-da adatça işleýänleriň sany 500 adama çenli bolan kompaniýalary kiçi senagat firmalaryna, işleýänleriň sany 500 adamdan 1000 adama çenli bolan kompaniýalary bolsa orta derejedäki firmalara degişli edýärler. Ýewropa ýurtlarynyň köpüsinde degişlilikde 50 adamdan 500 adama çenli işgäri bolan kompaniýalary, Ýaponiýada işleýänleriň sany 30 adamdan 300 adama çenli bolan kompaniýalary ol ýa-da beýleki senagat firmalaryna degişli edýärler. Mysal üçin, häzirki wagtda ABŞ-da kärhanalaryň umumy sany 18 millionden hem geçýär (oba hojalyk kärhanalaryndan başgasy), ýöne olaryň 97 göterimi kiçi kärhanalardyr. Emma kiçi kärhanalaryň çalt döredilmegi we edil şonuň ýaly işjeňlik bilen olaryň tozmagy bilen utgaşykly barýandygyny göz öňünde tutmak gerek. Soňky bäş ýylyň, ýagny özleriniň işläp başlan wagtynyň bäş ýylyndan soň özbaşdak dörän firmalaryň dine 23 göteriminiň bazarda galýandygyny görkezýän maglumatlar bar. Bu ýerde döwletiň kömeginiň has-da uly ähmiýeti bardyr, çünki döwlet kömegi bolmasa, ýekeje ýurtda-da kiçi biznes şowly bolmazdy. Mysal üçin, ABŞ-da hökümetiň ýyllyk býujetiniň girdejileriniň, umuman, 30 göterimi kiçi biznes ulgamynyň işiniň paýyna düşýär. Günbatar ýurtlaryndaky kiçi kärhanalaryň nähili orun tutýandygyny statistika diýseň aýdyňlyk bilen görkezýär. Kiçi biznes baradaky administrasiýanyň maglumatlaryna görä ABŞ-da kiçeňräk kärhanalaryň 13 milliondan gowragy bar. 2006-njy ýylda öndürilen senagat önümleriniň 95,5 göterimi kiçi we orta derejeli telekeçiligiň paýyna düşýär, işleýänleriň hem 73,8 göterimi kiçi we orta derejeli kärhanalarda işläpdir. Beýleki tarapdan, bölek satuw söwdasynda hem, lomaý söwdada hem kärhanalaryň 99,4 göterimi kiçi we orta derejeli telekeçiligiň paýyna düşdi, umuman, işleýänleriň 86,4 göterimi olarda işledi. Hyzmat ediş ulgamynda kiçi we orta derejeli telekeçilik kärhanalarynyň sany 97,9 göterime ýetýär, olarda işleýänleriň sany bolsa 63,8 göterime ýetýär. Beýik Britaniýada we Ýaponiýada degişlilikde 1,3 million firma we 5,4 million firma bar. Bar bolan maglumatlara görä, häzirki wagtda hatda ösen ýurtlarda ähli milli firmalaryň 80-85 göterimi kiçi we orta derejeli kompaniýalardan yba-

ratdyr. Bu görkeziji Ýaponiýada has hem ýokarydyr, bu ýerde kiçi we orta derejeli telekeçilik kärhanalarynyň möçberleri asla kesgitlenenok, ýöne olaryň döwletiň kömegi bolmasa, bazar ykdysadyýeti şertlerinde ösüp bilmeýänleri hasaba alynýar. Emma döwletiň şonuň ýaly kömegi birjikde haýyr-sahawat häsiýetinde däldir. Bu goldaw uzak möhyletleýin ösüş üçin niýetlenilen takyk maksada daýanýar. Kiçeňräk kärhanalaryň bolmadyk ýagdaýynda, ykdysadyýeti düzgünleşdirip bolmaýandygyny, bazary harytlar we hyzmatlar bilen, aýratynda olaryň täze görnüşleri bilen dolduryp bolmaýandygyny dünýä tejribesi aýdyň görkezýär.

Dünýä tejribesine laýyklykda ownuk telekeçilik ykdysadyýetdäki sarsgynlary ýumşadyjy bolup hyzmat edýär. Kiçi kärhanalaryň arasynda bäsdeşlik ýokary derejede güýçli häsiýetde bolýar, bu bolsa şol kärhanalaryň «ömür tanapynyň gysgalmagyna getirýär. Yaponiýada şol kärhanalaryň onusyndan, takmynan, ýedisi özleriniň hereket edip başlamagynyň ilkinji bäş ýylynyň içinde öz işini bes edýär. Emma olaryň köpüsi batmaýar, çünki, olar daşarky şertlere diýseň çalt uýgunlaşýarlar we hyrydarlyga eýerip, ahyrky önümleriniň görnüşlerini üýtgedýärler, täze önümleri özleşdirýärler. Hünärmenleriň berýän bahalaryna görä, Ýaponiýada kiçi firmalar bir hepdäniň dowamynda tejribe önümçiligini ýola goýup bilýärler, şol bir wagtda hem uly kärhanalarda tejribe önümçiligini guramak hakyndaky teklibe diňe garamak we şol teklibi kärhananyň dürli bölümleriniň tassyklamagy üçin bir hepde wagt gidýär.

Dünýäniň ösen ýurtlarynda, olaryň ykdysadyýetinde täzelikçi (innowasion) kiçi kärhanalar aýratyn orun tutýar. Tutuşlygyna alanyňda, ABŞ-da we Ýaponiýanyň milli hojalygynda bu kiçi firmalaryň 14-15 müňüsi işleýär. Germaniyada 8 müňden gowragy hereket edýär. 1976-2006-njy ýyllar aralygynda ABŞ-nyň ykdysadyýetinde döredilen ähli uly oýlap tapyşlaryň 50 göterimi amerikanyň kiçeňräk kärhanalarynyň paýyna düşýär (Germaniýada we Ýaponiýada bolsa 20-30 göterimi düşýär). Şeýle hem ösen ykdysadyýetli ýurtlarda kiçi kärhanalar iri kärhanalardan boşaýan işçi güýjüni uly möçberlerde işçi güýji bilen üpjün edip bilýär, birsyhly dowam edýän işsizligiň, ykdy-

18. Sargyt № 3158

sady krizisler şertlerinde ýüze çykýan dartgynlylygy gowşadyp bilýär. Olar halk hojalygynda işçi güýjüni gaýtadan paýlamagyň, işgärleri işe ýerleşdirmek, olaryň täze hünär öwrenmek müşgilliklerini çözmegiň netijeli guralydyr.

Ykdysadyýetde kiçi kärhanalaryň işinde kiçi biznesi döwletiň dolandyrmagynyň ýeterlik derejede aýratyn ornunyň bolmagy ýeterlik derejede ähmiýetlidir. Aziýanyň ösen ýurtlarynyň köpüsiniň senagat önümçiliginiň kiçi möçberli ulgamynda «döwlet» täsiri bir eýýämden bäri duýulýar. Özüniň hereket etmeginiň birentek halatlarynda döwletiň goldawyna minnetdar bolan bu pudagyň indi özi döwlet syýasatyny döretmek subýektleriniň birine öwrülýär. Häzirki wagtda bu ýurtlarda döwlet ýörite maksatnamalaryň ýa-da çäreleriň 330-a golaýyny amala aşyrmagy öz üstüne aldy. Munuň özi ozalky ýyllarda başlanan ösüşe mundan hem beýläk ýardam eder. Bu ýurtlarda döwlet maksatnamalarynyň ýarysyndan hem gowragy ýeňillikli salgyt salmagy, arzan karz bermegi, önümçiligi ösdürmek üçin subsidiýa bermegi göz öňünde tutýar.

Senagat eksportýorlary bolup durýan ýutlarda (Günorta Koreýa, Singapur, Malaýziýa, Taýland) ownuk telekeçiler ep-esli derejede azaldylan pudaklaýyn salgytlar we aksizler salynýar, mundan başga-da olar biznesi guramak üçin zerur bolan maýa goýumlaryň 50 göterime çenlisini döwletden alýarlar. Şunda döwlet eger karzyň möçberi 5 göterimden geçýän bolsa, onda uzak möhletli karzlar boýunça karz alnan puluň ýarysyny ýa-da hatda ähli summany tölemegi öz üstüne alýar. Şunuň bilen birlikde ownuk möçberli telekeçiligiň ösmeginiň, ykdysadýete erkinlik berilmeginiň, maýa goýumlary we ylmy köp talap edýän pudaklara önümçilik serişdeleriniň erkin gelmegini kynlaşdyrýan çäklendirmeleriniň aýrylmagynyň, öňe sürülýän telekeçilik düzümlerini, esasy pudaklary we maliýe ulgamyny düzgünleşdirmegiň, mahlasy öndüriji güýçleriniň üzül-kesil ýokary göterilmegini üpjün edip biläýjek şertleriň döredilmeginiň, bularyň hemmesiniň daşary ýurtlarda ençeme ýyllardan bäri işläp gelýän maýa goýum, haryt we zähmet bazarlaryna daýanýandygyny belläp geçeliň. Ýöne bu

bazarlar diňe şeýle halatda, ýagny jemgyýetde şolar ýaly bazarlara isleg we munuň ücin amatly şertler bar mahalynda döredilýär. Bazar özüniň üstünlikli ösmegi üçin şyýasy we durmuş durnuklylyga, diýmek, durnukly syýasy häkimýete mätäçdir. Bu şertler hem Garaşsyz hem baky Bitarap diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda doly döredildi we döredilýär.

Daşary ýurtlarda telekeçilik işleriniň alnyp barylyşynyň tejribesini nazarda tutup, şu aşakdaky netijeleri çykarmak bolar. Birinjiden, bazar ulgamynyň öz-özi ösmelidir. Ikinjiden, mundan buýana hem döwletiň hojalyk köp dürlüligini kemala getirmek üçin, birinji nobatda bolsa kiçi biznesi ösdürmek üçin amatly şertleri üpjün etmek gerek. Dünýädäki ösen ykdysadyýetli ýurtlarda kiçi biznesi ösdürmegiň barşynda gazanylan tejribe biziň dogry ýoly tapmagymyza kömek berer.

Şeýleleik bilen geçiş häsiýetli ýurtlaryň halk hojalygynyň häzirki ýagdaýy şol ýurtlaryň ykdysady syýasatynda, esasan, iki sany maksatly ugurlary şertlendirýär. Birinjiden, munuň özi halk hojalygyny düzümleýin üýtgedip gurmakdyr, ikinjiden bolsa garyşyk ykdysadyýet ulgamyny ösdürmekdir. Bu halatlaryň ikisinde-de şol syýasatyň möhüm elementi kiçi biznesi ähli çäreler arkaly ösdürmekden ybaratdyr.

## 10.3. Türkmenistanda telekeçiligi ösdürmegiň esasy ugurlary

Häzirki wagtda ýurdumyzda hususy işe, telekeçilige berilýän ünsüň we ýardamyň netijesinde telekeçilik uly ösüşe eýe bolýar. Ýurdumyzda telekeçilik göwrüm taýdan hem, görnüş taýdan hem barha ösüş gazanýar. Munuň özi telekeçiler üçin açylýan giň mümkinçilikleriň, ýeňillikleriň netijesidir. Döwlet syýasaty we hereket edýän kanunçylyk hususy eýeçiligiň eldegrilmesizligini, onuň esaslaryny kesgitleýär we ýurdumyza hususy telekeçiligiň ösüşiniň esasy daýanjy bolup hyzmat edýär. Biziň döwletimizde bazar gatnaşyklarynyň ösýän we

hemişe çalt depginler bilen artýan şertlerinde telekeçilik durmuşyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

Umuman, telekeçilik işi bu ilkinji nobatda gujurly we başarjaň adamyň, «intellektual» işidir. Ol doly ýa-da kem-käsleýin material gymmatlyklara eýe bolup, olary özüniň dolandyrýan telekeçilik işini alyp barmakda peýdalanýar. Hut «telekeçilik» sőzüniň őzi «depginli», «tagallaçy», «başarjaň» diýen düşünjeler bilen bir hatarda düşünilýär. Erkin telekeçilikde adamyň tebigy ukyby, onuň özüniň ornuny tapmaga we őzüne peýda tapmak bilen telekeçi jemgyýetiň eşretine peýdaly işde hereket edýär.

Telekeçilik işine däp bolşy ýaly köpleriň gatnaşygy mahsusdyr. Hut şu gatnaşyklar hem milletiň «altyn gaznasyny» emele getirýär. Telekeçilik işiniň içinde nyrhlar we pullar ýaly düşünjeler eriş-argaç bolup geçýär. Nyrhlar we pullar ykdysadyýeti dolandyrmakda örän wajyp ähmiýete eýedir. Gynansak-da, öňki sowet ykdysadyýetinde nyrhlar we pullar uzak ýyllaryň dowamynda ikinji derejeli ähmiýete eýe boldy. Şunuň netijesinde ykdysadyýetde kőp kynçylyklaryň dőremegine getrirdi. Şunuň bilen birlikde hut düzümleýin syýasatynyň gurallary bazar gatnaşyklaryna geçiş dőwründe ykdysadyýetiň durnuklylaşmagyny üpjün edip biler. Munuň üçin diňe bir önümçiligiň netijeliliginiň hasabyna däl, eýsem, ýurdumyzda hojalygy ýöredýän subýektleriň sanyny köpeltmek arkaly hem harytlary we hyzmatlary hödürlemegi giňeltmek arkaly sazlamak gerek bolup durýar. Bu müşgillikleri çözmekde eýeçiligiň dürli formalaryndaky kiçi we orta derejeli kärhanalar uly rol oýnaýar. Ýurdumyzda diňe bir iri kärhanalar döredilmän, eýsem, kiçi we orta gürpdäki kärhanalar hem döredilýär. Häzirki zamanyň daşary ýurt tejribesiniň görkezişi ýaly hut şol kiçi we orta derejeli kärhanalar ykdysadyýeti düzümleýin üýtgedip gurmaga has oňat uýgunlaşmaga, ykdysadyýeti ösdürmäge, iş orunlarynyň sanyny köpeltmäge we işsizligi azaltmaga ukyplydyr. Kiçi kärhanalar ykdysadyýetiň şeýle bir bölegi bolup, şol ýerde hojalyk özbaşdaklygynyň we öz-özüňi dolandyrmagyň ýörelgeleri has yzygiderli berjaý edilýär we haryt-pul gatnaşyklaryny güýçlendirmegiň has düýpli ýollary özleşdirilýär.

Ýurdumyzyň halk hojalygynda kiçi we orta derejeli kärhanalaryň ösüşiniň diňe bir hut kiçi kärhanalaryň senagatyň birentek pudaklaryndaky, oba hojalygynyň pudaklaryndaky dinamiki bazar düzüminiň esasy bolup biljekdigi, baýlyklary has netijeli peýdalanyş ulgamyna maýa goýumlaryň köp gelmegini üpjün edip biljekdigi bilen şertlenmän, eýsem, zähmet gurallaryndaky üýtgeşiklikler, ylmy-tehniki progresiň netijeliligini üzül-kesil ýokarlandyrmak, ykdysadyýetiň durmuş taýdan netijeliligi bilen hem şertlenendigi şübhesizdir. Umuman, islendik jemgyýetde telekeçiligiň durmuş jogapkärçiligi barada aýdylanda, onda durmuş-ykdysady telekeçilik adamlaryň durmuş derejesiniň ýokarlanmagyny üpjün etmelidir. Şunuň bilen baglanyşyklykda döwlet häzirki şertlerde telekeçiligi goldamagyň dürli maksatnamalaryny işläp taýýarlap we durmuşa geçirip, jemgyýetiň öňünde telekeçileriň durmuş jogapkärçiligine bil baglaýar. Telekeçileriň jogapkärçiliginiň şunuň ýaly görnüşi ilkinji nobatda kim önümçilik ulgamynda işleýän bolsa şolara degişlidir. Telekeçileriň durmuş jogapkärçiligi ilkinji nobatda olaryň öz işi bilen jemgyýete zerur harytlary öndürmegi atrdyrmaga we şonuň bilen birlikde hem bazary harytlar bilen doldurmaga ýardam berýändiginde jemlenendir. Özleri baýamak bilen telekeçiler şol bir wagtda jemgyýetiň baýlaşmagyna hem ýardam berýärler. Şol bir wagtda önümçilkde telekeçileriň sanynyň artmagy haryt öndürijileriň arasynda olaryň alyjylar üçin bäsleşiginiň döremegine getirýär, munuň özi bolsa olar tarapyndan öndürilen önümleriň we ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagyna we sarp edijileriň ýarysyndan gowragyny kanagatlandyrmaga ýardam edýär. Telekeçiligiň durmuş jogapkärçiliginiň şunuň ýaly görnüşi telekeçileriň ýerine ýetiriji häkimýetiň dürli derejedäki amala aşyrylýan dürli görnüşli durmuş maksatnamalaryny goldamaga gatnaşýandyklaryny, aýratyn hem işsizlige garşy göreş baradaky maksatnama gatnaşýandyklaryny aýratyn bellemek gerek. Täze telekeçilik gurluşlarynyň döredilmegi täze iş orunlarynyň sanynyň artmagyny üpjün edýär.

Umuman, telekeçilik işiniň ýurdumyzda alnyp barlyşy, onuň guralyşy we ösdürilişi barada bellenilip geçilse, onda garaşsyzlyk

ýyllary içinde Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan hususy telekeçiligi, kiçi we orta telekeçilige degişli pudakda ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz bölümçesini ösdürmegi, hojalygy ýöretmegiň täze görnüşleriniň ýüze çykmagyny hem-de hususy eýeleriň giň toparynyň kemala gelmegini üpjün edýän kanunçylyk namalaryň we kadalaşdyryjy resminamalaryň birnäçesi kabul edildi. Muňa mysal edip «Telekeçilik işi hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Edara görnüşdäki tarapy döretmeýän telekeçiler salgyt salmagy ýönekeýleşdirmek hakynda» 1996-njy ýylyň oktýabr aýynyň 31-de çykaran №2848-nji, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistanda salgyt ulgamyny kämilleşdirmek boýunça çäreler hakynda» 2000-nji ýylyň sentýabr aýynyň 8-de çykaran №4848-nji Kararlaryny görkezip bolar. Döwletiň çäginde ýaşaýan raýatlaryň alyp barýan hususy işleriniň işjeňleşmegi we döwletiň bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen baglanyşyklylykda Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan hususy telekeçilere salgyt salmaklygyň ýönekeýleşdirilen ulgamy girizildi, munuň özi bolsa telekeçilere döwlet tarapyndan goramaga we olara goldaw bermäge gönükdirilendir. Häzirki döwürde telekeçiligiň erkinligi, biziň milli ykdysadyýetimiziň esasy aýratynlyklarydyr, ýagny häzirki döwürde telekeçi edara görnüşdäki tarapy döretmezden hem telekeçilik işini amala aşyryp bilýärler. Ýurdumyzyň çägindäki edara görnüşdäki tarapy döretmeýän hususy telekeçileri döwlet tarapyndan bellige almagyň ýeke-täk tertibi bellenilendir. Döwlet tarapyndan bellige almak şahsy tarapyň arza beren gününden başlap, 10 gün möhletde geçirilýär. Dőwlet tarapyndan hususy telekeçileri hasaba almaklygyň amallary şulardan ybaratdyr, ýagny:

1. Telekeçi hakyndaky maglumatlary Türkmenistanyň hususy telekeçilerini döwlet tarapyndan bellige alyş sanawyna girizmek;

2. Hususy telekeçilere bellige alnandygy barada şahadatnama bermeklik.

Telekeçilik işi bilen kämillik ukyby bolan 18 ýaşa ýeten ýa-da şu ýaşdan öň nikalaşan şahsy taraplar, eger-de olaryň amala aşyrýan işiniň gőrnüşinde ýaş çäklendirmesi ýok bolan ýagdaýynda

meşgullanyp bilerler. Şeýle-de, ýurduň çäginde hemişelik ýaşamak üçin rugsatnamasy bar bolan daşary ýurtly raýatlaryň we raýatlygy ýok taraplaryň telekeçilik işi bilen meşgullanmaga hukugy bardyr. Ýurdumyzyň kanunçylygynda telekeçilik işi bilen meşgullanmaga şu taraplar degişli däldir, ýagny döwlet häkimýeti we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wezipeli işgärleri, döwlet gullukçylary, hakyky harby gullukda bolýan harby gullukçylary bolup durýan raýatlar we beýleki taraplar, şeýle hem kazyýetiň çözgüdi boýunça batan diýlip yglan edilen şahsy taraplar. Telekeçilik işleriniň aýry-aýry görnüşleri ýörite rugsatnamanyň alynmagyny talap edýän halatlarynda, hususy telekeçi döwlet tarapyndan bellige alnandan soň degişli rugsatnamany almalydyr, şeýle-de, ol haçanda daşary ykdysady işi amala aşyrmagy maksat eden mahaly, şeýle işi amala aşyrmaga hukuk üçin ýörite şahadatnamany hem almalydyr. Telekeçilere salgyt salmak meselesi barada aýdylanda, ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmek üçin edilýän işleriň biri, ol hem telekeçilere berilýän salgyt ýeňillikleri bolup durýar. Salgyt ýeňilligi bu töleýjiniň salgytdan doly ýa-da kem-käsleýin boşadylmagydyr. Işleriň patent alynýan görnüşlerini amala aşyrýan hususy telekeçiler goşulan baha üçin salgydy we girdeji salgydy tölemekden boşadylýar. Eger telekeçi hakykatda işiň dürli görnüşleri bilen meşgullanýan bolsa, onda işiň her görnüşi üçin aýatynlykda bellenilen patent tölegi tölenmän, tölegiň iň ýokary möçberi bellenilen işiň görnüşi patent tölegini hasaplamaga esas edip alynýar.

Dünýä tejribesinden hem belli bolşy ýaly kiçi kärhanalar bäsdeşlige örän ukyply bolup, olar şertlere gowy uýgunlaşýarlar. Mysal üçin, Ýaponiýany alyp görenimizde, onda ol ýurtda ähli önümçilik ulgamyndaky işleýän işgärleriň umymy sanynyň 80%-e golaýy kiçi kärhanalarda işleýärler. Şeýle hem ösen ýurtlarda hem ösüp barýan ýurtlarda hem kiçi kärhanalaryň işine döwlet tarapyndan aýratyn üns berilýär. Käbir ýurtlarda bolsa salgytlardan ýeňillikler göz öňünde tutulandyr. Ýurdumyzda bazar ykdysadyýeti şertlerinde müňlerçe kiçi kärhanalar işleýär. Döwlet tarapyndan goldawyň netijesinde ýurdumyzda hereket edýän kiçi kärhanalaryň ösmegine, sanynyň artma-

gyna getirdi. Kiçi kärhanalarda önümçilik pudaklarynda önümçilik-tehniki maksatlar üçin önümleri öndürýänler hem-de halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürýän pudaklarda umumy işgärleriň sany 50 adama çenli, lomaý söwda we araçyllyk, üpjünçilik pudaklarynda işleýänleriň sany 10 adama çenli, sanalanlardan başga kärhanalarda bolsa işgärleriň umumy sany 25 adamdan geçmeli däldir. Kiçi kärhanalarda hem maliýe işleri we hasabat işleri beýleki kärhanalaryňky ýaly bolup durýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzda telekeçiligi we kiçi telekeçiligi ösdürmegiň halkara guramalarynyň işini utgaşdyrylyp guramaklyk amala aşyrylýar. Hyzmat etmek ugrunda telekeçiligiň ösüşini höweslendirmek üçin (auditor, konsalting, injiniring, lizing we şulara meňzeş beýleki hyzmatlar) ýeňillikli karz bermekde, maliýeleşdirmekde, salgyt salmaklykda has oňaýly düzgünleri ýola goýmaklyga üns berilýär. Kiçi kärhanalarda salgyt salmaklyk barada durlup geçilende bolsa, ilki bilen bellemeli zat olara umumy ýa-da ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmaklyk ulanyp bilner, ýöne onuň haýsydyr birini saýlap almak ýurdumyzda kiçi kärhanalaryň özüne bagly bolup durýar. Olar degişli salgyt gullugyna hat üsti bilen haýyşnama ýazyp haýsydyr birini saýlap almaga, ýagny indiki çärýegiň başlanmagyna 30 günden giç bolmazlyk şerti bilen ýüz tutýarlar. Häzirki hereket edýän kanunçylyga laýyklykda ýönekeýleşdirilen tertipde salgyt salmaklyga geçýän kärhanalar ýeke-täk salgyt töleýärler, olar gymmatyň üstüne goşulan salgytdan, peýdadan alynýan salgytdan we emläk üçin salynýan salgytdan boşadylýar.

Tükmenistanda eýýäm işläp ýören kiçi we orta gürpdäki kärhanalaryň tapawutlandyryjy özboluşly häsiýeti olarda hökmany suratda kärhana eýesiniň özüniň işleýändiginden, hak tölenmeýän maşgala agzalarynyň işleýändiginden ybaratdyr. Bu kärhanalar hakykat ýüzünde maşgala kärhanalyrydyr. Goýlan maýa, kämahallar bolsa juda ujypsyzja goýlan maýa hut öz zähmetiň, ugurtapyjylyk ukybyň şolar ýaly kärhananyň işiniň düýp esasy bolup hyzmat edýär. Ýurdumyzda telekeçilik bilen

meşgullanýanlaryň düzümi dürli-dürlüdir: ol ýerde köçelerde söwda edýän satyjylara, azyk harytlaryny we gaýry harytlaryny satýan kiçijik, özü-de gije-gündiz işleýän dükanjyklaryň eýelerine öwrülen işçilerden we gullukçylardan başlap, iş hyzmatlarynyň dürli ugurlarynda işleýän hünärmenlere, ýuristlere, inženerlere, programmaçylara, lukmanlara we şulara meňzeşlere çenli bolan işgärlar bar. Garaşsyzlyk alan günümizden bäri telekeçiler döwlet tarapyndan goldanylyp gelýär. Telekeçilik işini has-da höweslendirmek we onuň ösüşine ýardam bermeklik maksady bilen Garaşsyzlyk ýyllary içinde 2005-nji ýylda salgytlar hakyndaky kanuna üýtgeşmeler girizildi. Onda önümçilik bilen meşgullanýan edara taraply telekeçileriň peýdasyna salynýan salgyt 2% getirildi. Şeýle hem şu geçen döwürde ýurdumyzda işewürligi we telekeçiligi ösürmeklikde «Telekeçilik işi hakyndaky », «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakyndaky», «Daşary yurt maýa goýumlary hakyndaky», «Daşary ykdysady işi hakyndaky» kanunlaryň, şeýle hem «Türkmenistanda telekeçiligiň döwlet goldawynyň esaslary baradaky düzgünnamanyň», «Maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmagyň tertibi hakyndaky düzgünnamanyň» kabul edilmeginiň uly ähmiýti bar. Bu resminamalar kiçi we orta biznesiň kärhanalarynyň önümçilik we daşary ykdysady işleriniň ösdürilmeginiň esaslaryny döretmäge ýardam berdi. Häzirki wagtda ýurdumyzyň ykdysady ösüşine ýardam berýän telekeçilik hereketi ýurdumyzda uly depginler bilen ösýär. Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda telekeçilik işini has-da kämilleşdirmek, bar bolan päsgelçilikleri aradan aýyrmalydygyny nygtaýar. Hormatly Prezidentimiz ykdysadyýetiň hususy sektorynyň ösdürilmegine uly üns berýär. Bu barada yurt baştutanymyzyň şu ýylyň aprel aýynynyň 17-de ýurdumyzyň hususy telekeçileriniň sergisine gatnaşmagy we ol ýerde söz sözlemegi, bu sektory ösdürmekde döwlet tarapyndan uly goldawlaryň berilýändigini subut edýär. Şolaryň hatarynda salgyt salmaga we şolar boýunça bellenilen patent tölegine degişli işleriň aýry-aýry görnüşleriniň täze sanawynyň güýje girizilmegini mysal hökmün-

de bellemek bolar. Ýurt baştutanymyz şol geçirilen sergi maslahatda ýurdumyzda telekeçiligiň has-da ösdüriljekdigini nygtap, bu barada käbir bökdençlikleriň aradan aýrylmagynyň, olar üçin göterimsiz karzyň göz öňünde tutulmagynyň zerurdygyny bellemegi, Türkmenistanyň senagatçylar we telekeçiler birleşmesini döretmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ösüşlerine badalga boldy. Häzirki döwürde işçi güýjüniň her bir ikinji adamy ýurduň ykdysadyýetiniň şu ulgamynda zähmet çekýär.

Türkmenistanyň hökümeti telekeçiligi işjeňlik bilen fermerlere ýerleri peýdalanmaga paýlamak, kärendeçilere zerur bolan oba hojalyk tehnikalary we ekiş serişdelerini berýär, erkin telekeçiligiň ykdysady zolagyny ösdürmeklik üçin salgyt we beýleki ýeňillikleri belleýär. Kiçi biznes üçin amatly şertleri döretmek üçin Türkmenistanyň hökümeti hususy haryt öndürijileri üçin ýeňillikli döwlet karzlaryny hem goýberdi. Bulardan başga hem döwlet edara görnüşli tarapy döretmezden kiçi biznesiň we telekeçiligiň kärhanalaryny döretmegiň we hasaba almagyň ýollary ýeňilleşdirildi.

Ýewropanyň abatlaýyş we ösüş banky, dünýä banky, telekeçiligi goldamagyň Orta Aziýa we amerikan gaznasy we şulara meňzeş edaralar Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň oba hojalyk, ulag, dokma, nebit-gaz pudaklarynda kiçi we orta kärhanalary döretmek we goldamak üçin özleriniň karz ugurlaryny açdylar.

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk böleginiň ösüşi ýurduň ykdysadyýetiniň hojalygy alyp barmagyň täze şerlerine geçmegini üpjün edýän jemgyýetiň gurluşyny üýtgetmegiň esasy durmuş şerti bolup durýar. Hususy eýeçilige daýanmazdan bazar gatnaşyklaryna geçip bolmaýar. Häzir ýurdumyz hem şu ýola eýerýär.

Pudaklarda hususy kärhanalaryň ösüş derejesi dürli-dürlüdir. Eýeçiligiň hususy görnüşi oba hojalygynda, söwda-da, ilat üçin tagamlary taýýarlamakda we awtomobil ulagynda esasy orny eýeleýär. Ýurtda maldarçylyk we guşçulyk doly diýen ýaly hususy hojalyklaryň paýyna düşýär (42-nji tablisa).

*42-nji tablisa*

**2009-njy ýylda döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk kiçi kärhanalaryň işleriniň esasy görkezijileri**

| | **Kärhanalaryň sany** | **Işgärleriň ortaça sany, adam** | **Önümleri (işleri, hyzmatlary ýerleşdirmekden gelen pul serişdeleri mln. man)** |
|---|---|---|---|
| Türkmenistan boýunça hemmesi | 6915 | 27437 | 3774422,4 |
| Şol sanda: | | | |
| senagat | 1081 | 6618 | 376393,0 |
| oba hojalyk | 1581 | 4329 | 97930,5 |
| ulag | 82 | 412 | 30388 |
| aragatnaşyk | 13 | 69 | 7554,3 |
| gurluşyk | 877 | 5112 | 604635,0 |
| taslama gözleg işleri | 37 | 175 | 7606,0 |
| söwda we ilat üçin tagamlary taýýarlamak | 2762 | 8620 | 2562815,8 |
| üpjün etmek we ýerleşdirmek | 19 | 58 | 7034,9 |
| maglumat hasaplaýyş hyzmatlary | 14 | 48 | 2144,9 |
| ýaşaýyş-jaý jemagat hojalygy | 7 | 28 | 227,9 |
| ilata durmuş hyzmatlary | 68 | 287 | 11418,4 |
| saglygy goraýyş, bedenterbiýe we durmuş üpjünçiligi | 52 | 313 | 20814,5 |
| medeniýet we sungat | 26 | 122 | 1228,5 |
| beýlekiler | 296 | 1234 | 44230,7 |

Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2007-nji ýyl

Häzirki döwürde hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda bazar gatnaşyklarynyň ösmegi jemgyýetiň durmuş ösüşinde uly ähmiýete eýe bolýar. Harytlaryň we hyzmatlaryň bolçulygy emele gelýär. Häzirki döwürde telekeçiligiň oba senagat toplumynda has-da ösdürilmegi möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Oba hojalyk çig malyny gaýtadan işlemek, taýýar önümleri öndürmek, bazarlarda satmak bilen meşgul bolýan kiçi we orta kärhanalary ösdürmek maksadalaýykdyr. Kiçi we orta kärhanalaryň aýratynlygy onuň hut özüniň iş ulgamyny özleşdirip, bazar isleglerininiň uly kärhanalar tarapyndan doldurylyp bilinmeýän boşluklaryny ýüze çykarýandygyndan ybaratdyr. Oba ýerlerinde sarp ediji ilatyň we senagatyň jemlenişiniň onçakly uly däldigi, önümçilikde, söwda-da we hyzmat etmekde köp peýda alyp bolmaýandygy bilen baglanyşyklylykda bu ýerde kiçi we orta kärhanalaryň orny ýokarydyr. Geljekde kiçi we orta kärhanalaryň döredilmegi ýerli hajatlar üçin niýetlenilmeli bolsa gerek, şonuň ýaly-da umumymilli bazar üçin firmalary hem şol esasda döretmeli bolsa gerek. Ýurdumyz üçin obadaky telekeçilige aýratyn orun degişli bolmalydyr. Obadaky telekeçiligiň şu aşakdaky ýaly tapawutlary bar:

– oba telekeçileriniň işi, esasan, ýola düşen aragatnaşyklara we transport ulgamyna eýe bolan şol bir alyjylaryň iýmit önümlerine bolan isleglerini kanagatlandyrmak üçin, esasan, ýerli bazara gönükdirilendir;

– obadaky haryt öndürijiler haryt getirijilere iň pes derejede baglydyr;

– obadaky telekeçiler üçin wezipeler has aýdyňdyr we düşnüklidir, töwekgelçilik bolsa, esasan, aýry-aýry ýyllardaky amatsyz howa-klimat şertleri bilen baglanyşyklydyr;

– senagatçylar bilen deňeşdirilende, oba telekeçileriň şeýle köp sanly hojalyk argatnaşyklary ýok;

– oba hojalygynda her ýyl täze kararlary kabul edip oturmak zerurlygy ýok, çünki önümçilik, esasan, sazlanylan we ýola düşen önümçilikdir;

– oba hojalyk önümleri üçin has çeýe nyrhlar bellenilýär, munuň özi bolsa dine bir önümçiligiň möçberi bilen däl, eýsem, önümiň hili we ony ýerleşdirmegiň möhletleri bilen hem baglanyşyklydyr.

Geljekde hemme ýerde döräp ugraýan fermer hojalyklary ýurdumyzda oba telekeçiligini ösdürmekde aýratyn orun degişli bolmalydyr. Oba telekeçiliginde fermer hojlayklaryny ösdürmekligiň ähmiýeti şu aşakdakylardan ybaratdyr:

– fermer hojalyklary esasy haryt öndürijiler bolan daýhan birleşikleri bilen birlikde goşmaça oba hojalyk önümini almaga ýardam edip, ýurdumyzyň çäginde azyk üpjünçiliginiň çözülmegini çaltlandyrýarlar;

– oba hojalyk önümlerini gaýtadan işlemek ulgamyny ösdürmek, ýitirilen daýhançylyk senetkärçiligini dikeltmek, özara peýdaly hyzmatdaşlyk we işjeň hyzmatdaşlyk üçin zerurlygy döredýärler.

Umuman, ilaty iş bilen üpjün etmekde, täze iş ýerleri döretmekde, bazary gerekli harytlar we hyzmatlar bilen üpjün etmekde, goşmaça girdeji almaklyga mümkinçilikleri döretmekde we beýlekilerde hususy işewürligiň wajyp ähmiýeti bardyr. Hojalygy ýöredýänleriň hasabatynyň maglumatlaryna görä, häzirki wagtda ykdysadyýetiň döwlet eýeçiligine degişli bolmadyk böleginde 13,7 müň sany kärhana hasaba alyndy, bu bolsa yurt boýunça hasaba alnan kärhanalaryň umumy sanynyň takmynan 80%-ne deňdir. Ýokarda ady tutulan kärhanalardan başga-da, ýurduň ykdysadyýetinde Türkmenistanyň Baş Döwlet salgyt gullugynda alnan patentiň ýa-da bellige alyş şahadatnamanyň esasynda öz işlerini amala aşyrýan 47 müňden gowrak hususy telekeçiler hereket edýär.

## 11-nji bap
## TÜRKMENISTANYŇ ERKIN YKDYSADY ZOLAKLARY

### 11.1. Erkin ykdysady zolaklaryň mazmuny, wezipeleri, görnüşleri we ähmiýeti

Dünýä hojalygynda XX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykan iň görnükli wakalaryň biri – ol hem erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegidir. Erkin ykdysady zolaklar dünýäniň köp döwletlerine ýaýrandyr.

Erkin ykdysady zolaklar näme üçin döredilýär? Açyk ykdysadyýet ýörelgesini ulanmagynyň esasy düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen erkin ykdysady zolaklarda daşarky we içerki maýa goýumlar üçin amatly gümrük, salgyt we maýa goýum tertipleri döredilýär. Erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegi bilen walýuta çekmek, täze iş ýerlerini döretmek, täze hojalyk usullaryny ornaşdyrmak amala aşyrylýar.

Eýsem, erkin ykdysady zolak näme?

**Erkin ykdysady zolaklar (EYZ)** – munuň özi daşary ýurt we milli telekeçiler üçin aýratyn ýeňillikli ykdysady şertler hereket edýän çäklendirilen territoriýalardyr.

Bu döredilýan zolaklaryň ählisi üçin umumy alamatlaryň biri – şeýle zolaklarda aýratyn gümrük düzgüniniň ýola goýulýandygydyr. Dünýäde has ykrar edilen kesgitleme erkin telekeçiligiň ykdysady zolagydyr. Şoňa laýyklykda erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary diýlip, ýurduň kesgitli territoriýasyna düşünilýär. Ol territoriýadaky harytlar gümrük territoriýasynyň daşyndaky obýektler diýlip hasap edilýär. Şol sebäpden hem olar adaty gümrük gözegçiligine we salgyt salmaklyga çekilmeýär. Beýleki şertler babatynda aýdylanda bolsa, olary zolagyň görnüşi kesgitleýär.

Ykdysatçylar bu zolaklary maliýe we maddy-tehniki resurslary, häzirki zaman tehnologiýalary çekmegiň, öňdebaryjy tejribesini öwrenmegiň serişdesi hökmünde kabul edýärler. Olaryň döredilmegi

ýurduň eksport bazasyny ösdürmegi, walýutanyň gelşini höweslendirmegi, goşmaça iş ýerlerini döretmegi hem-de tehniki we dolandyryş hünärmenlerini taýýarlamagy üpjün edýär.

Erkin telekeçiligiň zolaklaryny döretmekligiň maksady her bir ýurduň ykdysady, durmuş-ýaşaýyş, käbir halatlarda bolsa syýasy şertlerine bagly bolýar. Olary umumylaşdyrylan görnüşde aşakdaky ýaly göz öňune getirmek bolýar :

1. Öňdebaryjy tehnologiýany çekmek;

2. Daşary ýurt kapitalyny çekmek bilen ykdysadyýeti işjeňleşdirmek;

3. Walýuta girdejierini almak we walýuta gorlaryny artdyrmak;

4. Içerki sarp ediş bazaryny doldurmak;

5. Ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak we işçi güýjüniň hil derejesini ýokarlandyrmak.

6. Ykdysadyýeti, halkara telekeçiligi, häzirki zaman bazar ykdysadyýetini dolandyrmakda dünýä tejribesini öwrenmek.

7. Häzirki zaman bazar infrastrukturasyny döretmek.

Erkin ykdysady zolaklar aýratyn gümrük we salgyt kanunlary hereket edýän, doly özbaşdaklyga eýe bolan territoriýalardyr. Olar daşary ýurtlaryň önümçilik we söwda tejribesini ulanmak arkaly önümçiligi ilerletmäge, hojalyk inisiatiwasyny ösdürmäge ýardam edýär. Şeýle zolaklaryň döredilmegi köp ýurtlaryň ösüşine goltgy bolup durýandygyny käbir ýurtlaryň mysalyndan aňmak kyn däldir.

Dünýä ykdysadyýetinde erkin ykdysady zolaklar ulgamy 50 ýyldan gowrak wagtdan bäri dowam edýär. Dünýäde erkin ykdysady zolaklaryň 25-den gowrak görnüşi bolup, olaryň umumy sany 2000-den gowrakdyr. Olara erkin gümrük zolaklary, paçsyz zolaklary, daşary ýurtlara haryt çykarmak boýunça erkin önümçilik zolaklary, erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary, ykdysady-tehniki ösüş zolaklary, ylmy-senagat parklaryny (tehnoparklary) we birnäçe beýleki erkin ykdysady zolaklaryň görnüşlerini mysal getirip bolar. Halkara tejribesinde erkin ykdysady zolaklar örän giňden ulanylýar. Mysal üçin, erkin gümrük zolaklarynda önümçiligi ösdürmäge amatly şertler döretmek üçin söwda erkinligi berilyär. Bu bolsa, ýurduň

eksport mümkinçiliklerini giňeldýär. Şeýle ýagdaý Wengriýada has meşhurlyk gazandy, bu ýerde 2000-nji ýylda şeýle zolaklaryň 126 sanysy hasaba alyndy.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde Hytaý Halk Respublikasynyň tejribesi has uly üstünlik gazandy. Bu respublikada maýa goýujylara giň meýdanlar we 50 ýyllyk möhlet bilen zolaklar ulanmaga berilýär. Şu ýagdaýda daşary ýurt we ýerli maýa goýujylar işini giňeltmäge, uzak möhletiň dowamynda peýda almaga we ykdysady zolaga köp möçberde serişdeleri gönükdirmäge mümkinçilik gazanýarlar.

Erkin ykdysady zolaklary diňe ykdysadyýetiň ýokary derejede ösen ýurtlaryna degişli diýip hasap etmek bolmaz. Olara ABŞ, Fransiýa we Beýik Britaniýa ýaly ykdysadyýeti ösen ýurtlar bilen bir hatarda Afrika we Arap ýurtlarynda hem duş gelmek bolýar. Meselem, diňe ABŞ-nyň territoriýasynda 200-e golaý erkin ykdysady zolak bar. Türkiýede erkin ykdysady zolaklary döretmek işi 1927-nji ýylda başlanypdy. Häzir olaryň 9 sanysyndan 5-si üstünlikli hereket edýär. Erkin ykdysady zolaklar Hytaýda 1978-nji ýyldan soň kemala gelip başlady. 6 sany ýörite ykdysady zolak, 14 sany deňizýaka açyk şäher Hytaý ykdysadyýetiniň «gapysyny» daşary dünýä üçin giňden açdy. Tehniki-ykdysady taýdan özleşdiriş zolaklary, salgytsyz zolaklar hem şu çäreleriň toplumyna girýär.

Daşary syýasatda öňler üzňelik meýline eýeren Eýran hem bu gün «dünýä penjire açýar». Eýranda erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň ilkinjisiniň açylmagy olaryň Türkmenistan bilen serhetýaka söwdasyny giňeltmäge mümkinçilik berdi.

Erkin ykdysady zolaklaryň sanynyň barha köpelmegi dünýä ykdysady ösüşiniň häzirki tapgyrynyň häsiýetli alamatlarynyň biridir.

Çäklerinde amala aşyrylýan işleriň görnüşlerine laýyklykda erkin ykdysady zolaklaryň birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olara mysal edip «Ýörite ykdysady zolaklary», «Bilelikdäki telekeçilik zolaklaryny», «Erkin söwda zolaklaryny», «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryny» görkezmek bolar.

Şeýle zolaklar ýurtlaryň ykdysady ösüş depginini çaltlaşdyrmak, onuň tebigy resurslaryny özleşdirmek, infrastrukturany döretmek esasynda döwletiň eksport mümkinçiligini ösdürmek maksady bilen ykdysady-geografiki taýdan amatly çäklerde döredilýär. Beýle zolaklar daşary söwda, umumy ykdysady, durmuş-ýaşaýyş, sebitleýin we ylmy-tehniki meseleleri çözmek maksady bilen döredilýär we ösdürilýär.

Ýokarda bellenilişi ýaly, erkin ykdysady zolak dürli görnüşde hereket edip biler. Şertleýin erkin ykdysady zolaklaryň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

**1. Erkin söwda zolaklary, erkin portlar, eksport zolaklar, paçsyz gümrük zolaklar.** Erkin ykdysady zolaklaryň bu görnüşine erkin söwda howa menzilleriniň, deňiz portlaryň zolaklary degişlidir. Bulara deňiz gümrük giňişliginde portuň çäklendirilen bölekleri, howa menzilleri ýa-da milli gümrük giňişliginden çykarylan bölek çäkler degişli bolup biler. Bu zolaklarda harytlary saklamak, sortlaşdyrmak, gaplamak we beýleki çäreler geçirilip bilner.

Daşary söwda zolagy-erkin söwda zolaklaryň (Foriegn Trade zones) bir görnüşi bolmak bilen, olar 1934-nji ýylda ABŞ-nyň daşary söwdasynyň güýçlenmegi netijesinde döredildi. Bu zolakdaky kompaniýalar öz önümçiligi bilen baglanyşykly tölegleriň töleniş möhletini yza çekip, zolakdan geçýän harytlarynyň paçlaryny azaldyp bilýärler we başga-da birnäçe mümkinçiliklere eýedirler.

Erkin söwda zolaklaryň ýene-de bir görnüşi bolup eksport-önümçilik zolaklary çykyş edýär. Bu zolaklarda hiç hili gümrük paçlary ýokdur. Ilkinji gezek ol Irlandiýanyň Şenon howa menzilinde döredildi. Sebäbi bu howa menzili girdejisi ýoklugy sebäpli ýapyljak bolup durdy. Soňra ol howa menzilinde senagata, söwda, syýahatçylyga daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek bilen baglanyşykly hemme paçlary ýatyrdylar. Bu iş örän oňat netije berdi. Soňra Aziýanyň ösüp gelýän ýurtlary hem Şenon howa menziliniň tejrbesinden peýdalandylar.

**2. Eksport senagat zolaklary.** Beýle zolaklar diňe bir ýeňilleşdirilen söwda we gümrük tertibini peýdalanmaklyga esaslanman, eýsem, ýeňillikli maliýeleşdirme we salgyt tertibine hem esasla-

19. Sargyt № 3158

nandyr. Ozaly bilen bu zolaklar eksport önümini ösdürmek üçin niýetlenendir.

**3. Tehnologiýa zolaklary(tehno parklar, tehnopolisler).** Bu zolaklar dürli ýeňillikler esasynda milli we daşary ýurt kärhanalaryň kömegi bilen häzirki zaman tehnologiýasyny işläp düzmegi we ony önümçilige ornaşdyrmagy üpjün edýärler.

Soňky wagtlarda erkin ykdysady zolaklaryň ylmy-tehnologiki görnüşi has giň ýaýrady. Köp ýurtlarda olar tehnoparklar, tehnopolisler, innowasion merkezler diýip atlandyrylýar. Bu görnüşli zolaklar hemişe uly ylmy merkezleriň ýanynda döredilýär. Olar önümçilige täze tehnologiýany girizmäge mümkinçilik berýär. Meselem, ABŞ-daky Santa-Klara şäherinde Stefort uniwersitetiniň ýanyndaky Silikom Welli ylmy-tehnologiki zolak. Oňa dünýädäki ähli öndürilýän hasaplaýyş tehnikalaryň 20%-i degişlidir.

**4. Toplumlaýyn zolaklar (erkin, ýa-da «açyk» şäherler, aýratyn etraplar).** Dünýä hojalygynda toplumlaýyn erkin ykdysady zolak görnüşi hem giň ýaýrandyr, onuň giň ýaýramagynyň sebäbi ol birnäçe pudaklar üçin niýetlenen we ähli beýleki görnüşdäki zolaklaryň häsýetlerini özünde jemleýär. Meselem: Braziliýadaky Monaus erkin ykdysady zolakda 30 pudagyň 600-e golaý önümçilik kärhanalary bar.

1970-nji ýyllarda dünýäniň birnäçe sebitlerinde hyzmat edýän zolaklar peýda boldy. Bu zolaklarda maliýe we maliýe däl hyzmatlar üçin yeňillikler berilýär. Hyzmat ediji zolaklarda ilkinji nobatda kompaniýalaryň girdejileriniň erkin çykarylmagy, gümrük paçlaryň, walýuta çäklendirmeleriň aradan aýrylmagy bilen bagly bolan ýeňillikler berilýär. 70-80-nji ýyllarda Hytaýda ýörite açylan etraplar ady bilen çykyş edýän erkin ykdysady zolaklar giň gerim aldy. 1978-nji ýylda ýokary partiýa derejesinde 14 sany kenarýaka etraplara erkin ykdysady zolak derejesini bermek hakyndaky çözgüdi kabul etdiler. Bu çäkler ýurduň ähli kenarýaka etraplaryny öz içine alýar. Olar umumy hojalyk düzgüninden tapawutlylykda ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Bu açylan etraplarda eksporta gönükdirilen kärhanalar, söwda kärhanalary döredildi.

Birnäçe erkin ykdysady zolaklar diňe bir pudagy-bank, oba hojalyk, ekologiýa, syýahatçylyk ýaly ulgamlary ösdürmäge ýöriteleşýär. Olar bir görnüşli pudak zolagy diýlip atlandyrylýar. Meselem, Tel-awiwde döredilen zolakda diňe almaz söwdasy edilýär. Olar toplumlaýyn erkin ykdysady zolaklara meňzeşdir. Hytaý hökümeti bu etraplary guramak üçin her gektara 15-17 mln. dollar çykdajy etdi. Resmi maglumatlara görä Hytaýyň söwda dolanşygynyň 2/3 bölegi bu zolaklaryň üstünden geçýär.

Erkin ykdysady zolaklarda daşary ykdysady ýagdaýlar has işjeň peýdalanylýar. Olara ozaly bilen eksport-import we walýuta amallaryny erkinleşdirmek we daşary ýurt telekeçilerine dürli ýeňillikleri bermek degişlidir.

## 11.2. Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklary we olary ösdürmegiň meseleleri

Garaşsyzlyk alnandan soň ýurdumyzda erkin ykdysady zolaklary döretmek hakyndaky meselä ilkinji gezek 1992-nji ýylyň 14-nji dekabrynda Halk maslahatyň mejlisinde erkin ykdysady zolaklaryň 7 sanysyny döretmek hakynda karar kabul edildi. Olar: Hazar–Ekerem, Baharly–Serdar, Aşgabat–Abadan, Aşgabat–Änew, Mary–Baýramaly, Daşoguz–Aeroport, Türkmenabat–Seýdi zolaklarydyr. Şeýle-de, 1995-nji ýylyň 5-nji martynda «Aşgabat–Aeroport», 1995-nji ýylyň 14-nji iýunynda «Güneşli Türkmenistan», 1996-njy ýylyň maýynda «Ahal welaýatynyň Sarahs etraby» erkin ykdysady zolaklary döretmek hakynda Türkmenistanyň kararlary kabul edildi. Ýokarda agzalanlar bilen birlikde Türkmenistanyň 1995-nji ýylyň 16-njy maýyndaky «Türkmenistanyň dokma senagaty ministrliginiň meseleleri» hakyndaky kararyna laýyklykda Türkmenistanyň käbir dokma kärhanalaryna erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy diýlen dereje berildi. Şeýle-de, syýahatçylygy ösdürmek maksady bilen hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň iýun aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny döretmek barada karar kabul etdi. Taslama laýyklykda bu

syýahatçylyk zolagyň umumy uzynlygy 16 km. bolup onuň umumy gurluşygyny 3 tapgyrda amala aşyrmak maksat edildi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyň gurluşygyna dünýäniň ady belli Buig, Graniti koza, Sehil, Içkale, Engin, Itera, Pars Enerji, Polimeks ýaly gurluşyk kompaniýalary gatnaşýarlar. Bu taslamany durmuşa geçirmek üçin jemi 4 milliard ABŞ-nyň dollary möçberinde maýa goýum goýmaklyk göz önünde tutulýar.

Bu zolaklaryň döredilmegi daşary ýurt maýasyny çekmäge we Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanda erkin ykdysady zolaklary döretmek maksady bilen bölünip berlen ýerleriň umumy meýdany 600 müň ga. (“Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny hasaba almazdan)barabardyr. Bu zolaklaryň ykdysady geografiki şertleri telekeçilere önümçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmäge doly mümkinçilik berýär. Ol zolaklar demir we magistral ýollara, suwa, elektroenergiýa, işçi güýjüniň köp ýerlerine, ykdysady merkezlere ýakyn ýerlerde ýerleşdirildi.

1993-njy ýylyň 19-njy maýynda «Daşary ykdysady iş hakyndaky», «Türkmenistanda dasary ýurt inwestisiýalary hakyndaky», 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky» kanunlaryň kabul edilmegi bu işiň hukuk bazasyny berkitdi we her bir ykdysady zolagy ösdürmegiň maksatlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berdi.

Bu hakynda hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «Häzirki wagtda daşary ýurt maýa goýumlary bolan kärhanalar öz işinde ýurdumyzda hereket edýän kämil kanunlara, kadalaşdyryjy namalara, gözükdirmelere esaslanýarlar. Bu resminamalar kärhanalaryň dürs, netijeli işlemegini, şeýle-de önümçiligiň ähli ugurlaryny we mehanizmlerini dolandyrmagy üpjün etmegiň ýol-ugurlaryny kesgitleýär. Şeýle wajyp ähmiýetli resminamalaryň arasynda: «Maýa goýum işi hakynda», «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Daşary ýurt konsessiýalar hakynda», «Telekeçilik işi hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Hususy önüm öndürijileri döwlet tarapyndan goldamak we höweslendirmek», «Kiçi

we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak», «Syýahatçylyk hakynda», «Işiň aýry görnüşlerini ätiýaçlandyrmak hakynda», «Daşary ykdysady iş hakynda», «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakynda» Türkmenistanyň kanunlary, «Ýer hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny, Salgyt kodeksi we beýlekiler bar. Olarda daşary ýurt maýa serişdelerini telekeçilik işiniň obýektilerine goýmagyň tertibi, taraplaryň hukuklary, borçlary we jogapkärçiligi, şeýle-de salgyt salmagyň düzgünleri, möçberi we olary tölemegiň möhletleri we ş.m. anyk bellenilýär. Yurtda ileri tutulýan ugurlar boýunça telekeçiligi ýeňillikli şertlerde uzak möhletleýin maliýeleşdirmek işi ýola goýuldy. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Kanuny kabul edildi.» diýip bellenilýär.

Türkmenistanyň territoriýasynda «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky» kanun boýunça erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda döredilýän amatly şertler eýsem, esasan, nämelerden ybarat?

1. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň (ETYZ) territoriýalarynda hereket edýän aýratyn salgyt düzgünine laýyklykda Türkmenistanyň ETYZ-larynyň çäklerinde işleýän kärhanalary peýda getirip başlan iş döwrüniň ilkinji 3 ýyly peýda salynýan salgytdan doly boşadylýar, soňky 3 ýyly daşary ýurt tarapyň ustawlaýyn fonddaky paýy 30 %-den köp bolan halatynda peýda salynýan salgyt 50%, soňky 10 ýylyň dowamynda 30 % azaldylýar. Zolagyň çäklerinde iş alyp barýan kärhanalar iş döwrüniň ilkinji 5 ýylynda emläk üçin salynýan salgyt 50% azaldylýar, fraht boýunça girdejiler hem 50% azaldylýar. Eksport üçin niýetlenen önümleri öndürýän we öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylan obýektlere reinwestirlenen peýda salgytdan doly boşadylýar. Ýeri kärendä almak boýunça tölenýän salgytlar hem ýeňillikli tölenýär, kärhana iş döwrüniň ilkinji 3 ýyly ýeri kärendä almakdan doly boşadylýar, soňky 3 ýyly daşary ýurt tarapyň ustawlaýyn fonddaky paýy 30 %-den köp bolan halatynda 50%, Türkmenistanyň ýuridiki we fiziki taraplaryndan 20% azaldylýar.

2. Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň hukuklary goralýar.

3. Eksport – import amallary amala aşyrmakda hem ETYZ-larda ýönekeýleşdirilen tertip ulanylýar. Mysal üçin, ykdysady zolagyň harytlarynyň (hyzmatlarynyň)importy kwotirlenmesiz we lisenzirlenmesiz amala aşyrylýar.

4. ETYZ-laryň işlemegi öz-özüňi maliýeleşdirmek, şol sanda walýuta bilen maliýeleşdirmek esasynda amala aşyrylýar.

5. Zolagyň banklarynyň Türkmenistanyň we dasary ýurt döwletleriň ýuridiki we fiziki taraplaryna manat we walýuta hasaplaryny açmaga hukugy bardyr.

6. Harytlaryň we hyzmatlaryň ähli görnüşleri üçin zolagyň çäklerinde erkin nyrh kesmek düzgüni hereket edýär.

7. Ýurdumyzyň dürli sebitleriniň kärhanalarynyň we guramalarynyň işçileri we hünärmenleri öz islegleri boýunça ETYZ-laryň kärhanalarynda we guramalarynda şertnama esasynda işläp bilerler.

Bu zolaklarda telekeçilige we daşary ýurt maýasyny çekmeklige giň ýol açylýar. Erkin ykdysady zolaklarda dürli görnüşdäki kärhanalara kanun taýdan gadagan edilmedik hojalyk işiniň islendik görnüşi bilen meşgul bolmaga hukuk berilýär. Bu zolaklarda tutuşlygyna daşary ýurt maýadarlaryna degişli kärhanalary gurmaga-da mümkinçilik döredilýär. Işiň tiz ýola düşüp gitmegi üçin kärhanalary açmakda, hojalyk işlerini amala aşyrmakda döwlet tarapyndan ýeňillikler berilýär. Kärhanalar, telekeçiler 3 ýyla çenli suwy, elektrik energiýasyny, gazy ýeňillikli bahadan satyn alýarlar.

Erkin ykdysady zolaklary döretmek maksatnamasynyň çäklerinde kiçi biznese hem ýardam etmek bellenildi. Oňa laýyklykda bolsa sebitleýin ösüşiň döwlet-täjirçilik gaznalary özleriniň işini guramak isleýän şahsy taraplara, paýdarlar toparlaryna karzlary berýär. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda ýerleşýän kärhanalaryň alyp barjak hojalyk gatnaşyklary şertnama esasynda gurulýar.

Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň çäklerinde aýratyn gümrük düzgüni hereket edýär. Bu düzgün zolagyň çäklerine getirilýän we harytlary we emläkleri hem-de zolagyň çäklerinden çykarylýan harytlary we emläkleri gümrük paçlaryny tölemekden boşatmagy göz öňünde tutýar.

Erkin telekeçiligiň zolaklarynyň ösüş strategiýasy kesgitlenilende ähli yagdaýlarda esasy mesele – daşary ýurt kapitalyny çekmekde we bilelikdäki kärhanalary döretmekde daşary ýurt kärhanalaryny höweslendirmegiň usullary bilen bagly bolup durýar. Dürli ýurtlarda bu ugurda hukuk, ykdysady, administratiw häsiýetli çäreler toplumy peýdalanylyar. Hukuk çäreleri babatynda aýdylanda bolsa, olar daşary ýurt maýa goýumlaryň hukuk kepilnamasyny üpjün etmelidirler. Köp ýurtlarda bu mesele konstitusion derejede çözülýär. Daşary ýurt maýa goýumlaryň goraglylygynyň döwlet kepilnamasy Türkmenistanyň «Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakyndaky» kanunda berkidilendir.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekligiň ykdysady çärelerine aşakdakylary degişli etmek bolar:

– import edilýän enjamlary, çig maly we önümçiligiň beýleki düzüm böleklerini gümrük paçlaryndan doly ýa-da bölekleýin boşatmak;

– peýda salynýan salgydy ýeňletmek. Bu babatda Hytaýyň tejribesi örän gyzyklydyr. Ol ýerde bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalary birnäçe ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Döwlet kärhanalary bilen deňeşdireniňde, bilelikdäki kärhanalardan has az salgyt alynýar. Eger-de daşary ýurt kärhanasy aýratyn ykdysady territoriýada ýerleşen bolsa, ondan bary-ýogy 15 % salgyt alynýar.

– girdeji salgydyndan doly ýa-da bölekleýin boşatmak;

– erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryna ýurduň beýleki sebitlerinden getirilen ähli enjamlara, çig mallara eksport ýeňillikleri we höweslendirmeleri girizmek;

– eksportyň ýeňillikli şertlerini döretmek;

– ýerli salgytlardan boşatmak ya-da ýeňillikli salgyt salmak;

– daşary ýurt maýa goýumlarynyň islendik görnüşine rugsat bermek;

– ýeňillikli eksport we import lisenzirlenmesi;

– peýdanyň erkin alnyp gidilmegi – daşary ýurt kapitalynyň kadaly hereket etmeginiň möhüm şertidir;

– milli walýutanyň doly ýa-da bölekleýin konwertasiya edilmegini üpjün edýän aýratyn walýuta düzgünini girizmek;

– çaltlaşdyrylan amortizasiýa;

– häzirki zaman bazar infrastrkturasyny döretmek;

– daşary ýurt we gatyşyk kärhanalara döwlet karzlaryny bermek.

Geliň, indi ýurdumyzdaky bar bolan erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň her haýsysyna aýratynlykda seredip geçeliň:

**1. Aşgabat–Abadan eksport-senagat zolagy** – Aşgabat–Abadan demir ýol liniýasynyň demirgazygyndaky ýoluň bölegi (ini 5 kilometr, uzynlygy 30 kilometr). Ösdürilýän pudaklar: gurluşyk senagaty, agrar senagat önümlerini gaýtadan işlemek, ylym we energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;

**2. Mary–Baýramaly ykdysady zolagy** – Baýramaly we Mary şäherleriniň arasyndaky awtomagistral bölegi(ini 5 kilometr, uzynlygy-25 kilometr). Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, oba-hojalyk maşyn gurluşygy, energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;

**3. Hazar–Ekerem zolagy –** Çeleken ýarym adasy, Hazar şäherinden Ekereme çenli Hazar deňziniň kenarýakasy (ini kesgitlenmedik, deňziň kenarýakasynyň boýy boýunça uzynlygy 150 kilometr). Ösdürilýän pudaklar: Nebit-himiýa senagaty, balyk tutmak we gaýtadan işlemek, dynç alyş we syýahatçylyk industriýasy;

**4. Daşoguz–Aeroport –** Daşoguz şäherinden Daşoguz aeroportyna çenli ýoluň ini 5 kilometr, uzynlygy 12 kilometr bolan zolak. Ösdürilýän pudaklar: oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, zähmet siňňitli senagat önümçiligi, halkyň sarp edýän önümlerini öndürmek, syýahatçylyk;

**5. Seýdi–Türkmenabat –** Seýdi–Türkmenabat awtomagistralynyň ini 1 kilometr, uzynlygy 105 kilometre deň bolan zolak. Ösdürilýän pudaklar: ýeňil we azyk senagaty, pribor gurluşygy we maşyn gurluşygy;

**6. Baharly–Serdar –** Baharly–Serdar ýolunyň boýuna demirgazykdan we günortadan ini 3 kilometr, uzynlygy 125 kilometre deň bolan zolagy. Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, gurluşyk industriýasy, rekreasiýa, milli hünärmentçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;

**7. Aşgabat–Änew** – Awtomagistralyň Aşgabatdan Änewe çenli ini 5 kilometre deň bolan demirýoldan demirgazykda ýerleşýän zolak. Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, ylym, energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;

**8. Aşgabat–Aeroport** – S. Türkmenbaşy adynky halkara aeroportyň territoriýasy. Ösdürilýän pudaklar: syýahatçylyk, söwda, dürli hyzmatlary ýerine ýetirmek.

**9. Güneşli Türkmenistan –** Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly adyndaky daýhan birleşiginiň uzak möhletleýin peýdalanylýan ýeriniň 5 gektara deň bolan meýdany.

**10. Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň zolagy** – Sarahs etrabynyň Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasy bilen döwlet serhediniň uzaboýuna 2 kilometr zolagy.

**11. Awaza milli syýahatçylyk zolagy –** Awaza – Türkmenbaşy şäherinden 20 kilometrlikde, Hazar deňziniň demirgazyk-gündogar kenarynda ýerleşýän şäherçe. Häzirki wagtda Awazanyň meýdany 1700 gektar möçberinde kesgitlenildi. Şeýle hem ilkinji nobatda gurluşygy alnyp barylmaly 90 sany ýer ülüşleriň sanawy we möçberi tassyklanyldy. Ösdürilýän pudaklar: syýahatçylyk, dürli hyzmatlary ýerine ýetirmek.

Ahal welaýatynyň çäklerinde 3 sany erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy-Aşgabat-Abadan, Aşgabat-Änew, Serdar-Baharly ykdysady zolagyň Baharly bölegi ýerleşýär.

**Aşgabat–Abadan.** Bu erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy sowma awtoulag ýolunyň Aşgabat şäherinden Abadan şäherine çenli bölegini öž içine alyp, onuň ini Aşgabat-Abadan aralygyndaky demir ýoldan demirgazyga tarap 5 kilometre çenli uzalyp gidýär.

**Aşgabat–Änew.** Bu erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy awtomobil ýolunyň Aşgabat şäherinden Änew şäherine çenli bölegini öz içine alyp, onuň ini Aşgabat-Änew aralygyndaky demir ýoldan demirgazyga tarap 5 kilometre çenli uzalýar.

Aşgabat–Abadan we Aşgabat–Änew ykdysady zolaklaryň geografik taýdan artykmaçlyklarynyň biri-de, Türkmenistanyň paýtagty

Aşgabat şäherine ýanaşyk ýerleşmegi, şeýle-de beýleki ykdysady zolaklara garanyňda has ösen ulag hojalygynyň bolmagydyr.

Bu iki zolakda esasy üns berlip ösdürilýän pudaklaryň hataryna senagat toplumynyň önümlerini gaýtadan işlemek, gurluşyk industriýasy, ylmy we elektrik energiýasyny has köp sarp edýän harytlary öndürýän pudaklar degişlidir.

**Serdar–Baharly** erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy awtomobil ýolunyň Baharlydan Serdar şäherine çenli bölegini öz içine alyp, onuň ini ýoluň demirgazyk we günorta taraplarynyň her birinden 3 kilometre çenli uzaýar.

Zolagyň Baharly böleginde, esasan, rekreasiýa, däp bolan senetçiligi we halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürmek ýaly pudaklary ösdürmeklik göz öňünde tutulýar.

2001-nji ýylda Türkmenistandaky erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda bar bolan 24 kärhana territorial derejä eýedir, bu 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 3 birlik möçberinde kemeldi. Olardan 11-si ýa-da 46%-i «Aşgabat–Abadan» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynda ýerleşýändir. Hasaba alnan kärhanalaryň 8 sanysy daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar bolup, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 20% azaldy. Kärhanalaryň jemi sanynyň 62%-i ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn esasda bilelikdäki kärhanalar hökmünde hasaba alyndy, 38%-i bolsa bütinleýin daşary ýurt maýasyna degişlidir.

2001-nji ýylda «Aşgabat-Abadan» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagyň düzgünnama gaznasy 148 million amerikan dollary ýa-da 47% möçberinde azaldy.

Düzgünnama gaznasynyň jemi möçberiniň 58%-i döwletiň, 42%-i daşary ýurt maýa goýumlarynyň paýyna düşýär. Ýurtlar boýunça Türkmenistanyň goýumy 58%-e, Türkiýäniň – 29%-e, Beýik Britaniýanyň – 11%-e, Belgiýanyň, Gonkongyň, Panamanyň we Çehiýanyň goýumy 2%-e barabar boldy.

Zolaklaryň ykdysadyýetine goýlan maýa goýumlary pudaklar boýunça şu şekilde ýerleşendir: dokma senagaty – 96%; balyk hojalygy – 4%-e golaý; galan pudaklaryň udel agramy ujypsyz boldy.

Türkmenistanyň beýleki welaýatlarynda ýerleşýän ykdysady zolaklarda düzgünnama gaznasy 0,6 milliard manada barabar bolan 13 sany hususy kärhanalar hasaba alyndy.

«Aşgabat–Abadan» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynda ýerleşýän kärhanalaryň haryt önümçiliginiň möçberi 319 milliard manada barabar bolup, geçen ýyl bilen deňeşdirilende 6% ösüş gazanyldy.

*2001-nji ýyl boýunça «Aşgabat-Abadan» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagyndaky kärhanalar tarapyndan öndürilen önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň esasy görnüşleriniň önümçiligi.* 2001-nji ýylda önümleriň, işleriň we hyzmatlaryň satuwyndan gazanylan girdeji «Aşgabat–Abadan» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynda 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 7% ösdi. Girdejiniň jemi möçberiniň 70%-e golaýy dokma senagatyndan, 2%-e golaýy-gurluşyk senagatyndan we 1%-i azyk senagatyndan gelip gowuşdy.

2001-nji ýylda «Aşgabat–Abadan» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynda işleýän adamlaryň sany 3778 adama ýetip, 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 16% köpeldi. Olardan 96%-i Türkmenistanyň raýatlary, 4%-i bolsa daşary ýurtlaryň raýatlary bolup durýar.

Ykdysady zolaklardaky kärhanalar boýunça adam başyna düşýän önümiň satuwynyň girdejisi ortaça hasap bilen Türkmenistanyň telekeçilik pudagy boýunça ortaça görkezijiden 4 esse köpdür.

Kärhanalaryň jemi boýunça eksportyň derejesi ortaça hasap bilen 72%-e barabar boldy. Mundan başga-da, 2001-nji ýylda Türkmenistanyň içerki bazarynda erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň kärhanalary tarapyndan 47 milliard manatlyk möçberde importyň deregini tutýan harytlar satyldy we 2000-nji ýyl bilen deňeşdirilende 67% kemeldi.

2001-nji ýylda ykdysady zolaklarda ýerleşýän kärhanalar tarapyndan 56 milliard manatlyk girdeji gazanyldy, bu bolsa 2000-nji ýylyň görkezijisinden 1% az boldy. Gazanylan girdejiniň jemi möçberiniň 94%-i dokma kärhanalaryň paýyna düşýär.

Lebap welaýatynyň çäklerinde **Türkmenabat–Seýdi** erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy döredildi. Türkmenabat–Seýdi erkin

telekeçiligiň ykdysady zolagy awtoulag ýolunyň Türkmenabat şäherinden Seýdi şäherine çenli aralygyny öz içine alýar. Onuň ini 1 kilometre barabardyr.

Bu zolak ykdysady-geografik taýdan örän amatly ýerde ýerleşendir. Türkmenabat şäheri ulagyň köp görnüşleriniň demir ýol, awtomobil, howa ýollarynyň, derýa gämiçiliginiň möhüm çatrygydyr. Gaz çykarmak, himiýa, agrosenagat toplumy zolagyň tebigy-ykdysady mümkinçilikleriniň esasy ugurlarydyr. Pribor we maşyn gurluşygy pudaklary ösdürmek meýilleşdirilýär.

«Türkmenabat–Seýdi» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy öz içine 3 etrabyň çäklerini alyp, onuň umumy meýdany 7,650 gektara deňdir. Berlen zolaklarda 7 sany hususy kärhana hereket edýär. Olaryň esasy işi halkyň sarp edýän harytlaryny öndürmekden ybarat. Mundan başga-da, Türkmenabat şäherinde erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy derejesi berlen «Itnit» ýerli senagat ministrligi bilen bilelikdäki kärhana hereket edýär.

Mary welaýatynyň çäklerinde **Mary–Baýramaly** erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy döredildi. Welaýatda döredilen erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy Mary şäherinden Baýramaly şäherine çenli uzynlygy 25 kilometre, ini 5 kilometre uzaýan awtomobil ýoluna barabardyr.

Işe girizilen Tejen–Sarahs–Maşat demir ýolunyň Mary–Baýramaly erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy üçin aýratyn ähmiýeti bardyr. Zolagyň çäklerinden geçýän Garagum derýasy bu ýerde ähli tebigy baýlyklary özleşdirmegiň mümkinçiliklerini çaltlandyrýar.

Zolakda has üns berlip ösdürilýän pudaklar: agrosenagat toplumynyň önümlerini gaýtadan işlemek, oba hojalyk maşyn gurluşygy, halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürmekden ybaratdyr.

«Mary-Baýramaly» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň umumy meýdany 10,7 gektara deň bolan 3 etrabyň (Wekilbazar, Murgap we Baýramaly)çäklerini öz içine alýar.

Balkan welaýatynyň çäklerinde iki sany erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy ýerleşýär. Olara Hazar–Ekerem, Serdar–Baharly ykdysady zolagyň Serdar bölegi degişlidir. Hazar–Ekerem erkin

telekeçiligiň ykdysady zolagynyň umumy meýdany 281,9 gektara barabardyr. Hazar–Ekerem zolagy Hazar ýarym adasyny we Hazar deňziniň Ekereme çenli kenar ýakasyny öz içine alýar.

Bu zolak ulag-geografik taýdan diýseň amatly, nebit hem rekreasion baýlyklaryna baýdyr.

Zolakda has ösdürilýän pudaklar – nebit-himiýa senagaty, balyk senagaty, dynç alyş we syýahat industriýasydyr. Welaýatyň çäklerinde Türkmenistan-Eýran gaz geçirijisi işleýär.

«Hazar-Ekerem» erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy öz içine 225 gektara deň bolan uly çägi öz içine alýar. Meýdanyň uly bölegini çägelik ýerler tutýar we olaryň abadanlaşdyrmagy köp düýpli çykdajylary talap edýär.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alandan soň, Daşoguz welaýatynyň çäklerinde Daşoguz-Aeroport erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy döredildi hem-de Lebap-Köneürgenç-Kerneý aralygyna täze demir ýol liniýasy çekildi.

Daşoguz–Aeroport erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy Daşoguz şäheri bilen howa menziliniň aralygyndaky awtomobil ýoluny öz içine alýar. Zolagyň ini 5 kilometre barabardyr.

Zolakda has üns berlip ösdürilýän pudaklar oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, zähmeti köp talap edýän önümçilik, halk senetçiligi, syýahatçylykdyr.

Türkmenistanyň dokma senagatynyň 12 sany bilelikdäki kärhanasyna erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary derejesi berildi.

Umuman alnanda, erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň ösüşi haýal barýar, önümçilik we durmuş infrastrukturanyň zolakiçre we döwlet dolandyryş organlary ýeterlik derejede kämilleşdirilmedikdir.

Türkmenistanyň erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklarynyň işjeň hereket etmegi üçin isleg we teklip ýaly wajyp kategoriýalar hökmandyr. Bu kategoriýalaryň ýoklugy düzgüne görä zolaklaryň ykdysadyýetini durgunlylyk ýagdaýyna salyp olaryň ösüşini haýalladýar.

Erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklarynyň içinde diňe Ahal welaýatynyň «Aşgabat–Abadan» zolagynda görnetin ösüş duýulýar. «Aşgabat–Änew» erkin telekeçiliginiň ykdysady zolagynda iş

haýal ýöreýär. Dürli obýektiw we subýektiw sebäplere laýyklykda Aşgabat şäheriniň «Halkara aeroport», «Sarahs» we «Güneşli Türkmenistan» erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklarynda ykdysady iş togtadyldy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklary hem ösüşini haýalladýan birnäçe kynçylyklar duş gelýär. Häzirki wagtda erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklary Türkmenistanyň bazar gatnaşyklary bilen bagly reformalarynda esasy hereket ediji gural bolup bilmeýändigini boýun almaly. Bölünip berlen çäkleriň özleşdirilişi örän haýal bolup, gyradeň depginde gitmedi. Uly göwrümli we durnukly maýa goyumlary üpjün edip biljek, ýokary ykdysady ösüşi, senagat, söwda kapitalynyň ösüşini, dolandyryş ulgamyny kepillendirjek zolaklary döretmek we ösdürmek boýunça bir bütewi tejribe ulgam görnüşindäki ykdysady mehanizm entek doly işlenip düzülmedik.

Kanunçylyk esasynyň (aýry-aýrylykda zolaklaryň kanunçylyk esaslary düzülmedik) doly kämil däldigi duýulýar, dolandyryş düzgünleri, ýerli telekeçileriň şeýle-de hususy we döwlet düzümleriň hojalyk işini alyp barmaklary üçin effektiw şertler ýok.

Zolaklarda amala aşyrylýan işleriň işjeňleşmegi şu esasy kanunçylyk mehanizmleriň kämilleşdirlimegi bilen baglanyşykly:

– erkin ykdysady zolaklaryň döredilmeginiň we ýatyrylmagynyň mehanizmleriniň kesgitlenilmegi;

– hereket edýän kanunçylyga erkin ykdysady zolaklary öz emlägini hususy ýa-da gatyşyk maliýeleşdirilen düzgünlerdäki kesgitli kärhanalara berýän ýa-da özbaşdak taslama, gurluşyk işlerini we ulanylyşy amala aşyrýan hojalyk subýekti hökmünde hasaba almagyň tertibiniň goşulmagy;

– harytlaryň Türkmenistanyň çäklerinden zolaga we yzyna geçirilen wagty eksport-import amallary we gümrük düzgünleri amala aşyrylanda, harytlaryň Türkmenistanyň bir ykdysady zolagyndan beýleki ykdysady zolaga geçirilen ýagdaýynda şeýle-de haryt akymlarynyň beýleki görnüşlerinde aýratynlyklaryň göz öňünde tutulmagyny berkitmek;

– ilatyň ýaşamaklygy rugsat edilen her bir kesgitli zolaklar üçin wiza düzgünini ulanmak;

– hojalyk işiniň rugsat edilen ugurlaryny, ulagy, jaýlary, gurluşyklary, dürli aragatnaşyk ulgamlaryny ulanmaklygyň şertlerini, erkin ykdysady zolaklaryň döwlet düzümleri, ýerli hökümet guramalary bilen özara ykdysady we guramaçylyk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek meselelerini aýdyňlaşdyrýan zolakiçre normatiw delilnamalary işläp düzmek;

Zolaklaryň özleşdirilişine global çemeleşmä täzeden seretmek gerek. Zolaklara örän uly çäkler 50 inedördül kilometrden 125 inedördül kilometre çenli (dünýä tejribesinde erkin ykdysady zolaklaryň ortaça ululygy 24 inedördül km) bölünip berlen. Bu bolsa köp maýa goýumlary talap edýär. ETYZ-ň serhetlerinde özleşdirmek üçin boş ýerler ýok diýen ýaly, ol ýerlerde, esasan, daýhan birleşikleriň sürümli ýerleri, ýolugur kommunikasiýalaryň goralýan zolaklary ýerleşýär.

Tejribede çäkleriň lokal özleşdirme usulyny ulanmaly, sebitde ýerli we daşary ýurt telekeçileriniň maýalyk işjeňligini üpjün edip biljek ýeterlik infrastruktura eýe bolan 3-5 sany erkin ykdysady zolaklaryň döredilmeginde ünsüňi jemlemeli. Şonuň ücin welaýatlaryň ykdysady ösüşiniň täze talaplaryny we potensial maýadarlaryň isleglerini nazara almak bilen käbir erkin ykdysady zolaklaryň ýerleşýän çäklerine we alyp barýan işleriniň ugurlaryna täzeden seretmek wajyp bolup durýar. Daşary ýurt we ýerli maýadarlaryň biznes obýektiniň ýerleşjek ýerini saýlap almaga mümkinçiligi bolmalydyr. Önümçilik we ulag harajatlary, önümi ýerlemekligiň ugurlary we ýollary, dolandyryş ulgamynyň ygtybarlylygy we ýönekeýligi-ýer saýlap almakda kesgitleýji şertler bolup çykyş edýärler.

Erkin ykdysady zolaklaryň ýerlerini taýýarlamak üçin gerek bolan infrastruktura taslamalar gatyşyk maliýeleşdirilen düzgünlerdäki daşary ýurt we döwlet býujetiniň çeşmeleriniň hasabyna maliýeleşdirilip bilner. Başdaky çykdyjylary öz üstüne alýan döwlet býujetiniň ýitgileriniň öwezi, adatça ilkinji 3-5 ýylyň dowamynda dolunýar.

Dünýä tejribesinde erkin ykdysady zolaklaryň işini guramakda, ösdürmekde, dolandyrmakda we düzgünleşdirmekde standart düzgünler hereket edýär. Bu düzgünleri berjaý etmek Türkmenistana şeýle düzüm bölekleriň hereket edişiniň oňaýly tejribesini milli we dünýä ykdysadyýetine hiç-hili kynçylyksyz ornaşdyrmaga, döwletiň ösüşine ykdysady we durmuş taýdan peýda getirmäge mümkinçilik berer.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda erkin ykdysady zolaklary ösdürmek meselesi barada «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Tehnopark; ýörite gurama, oňa ylmy-barlag institutlary, senagat binalary, işewür merkezler, sergi meýdançalary, okuw jaýlary, şeýle hem hyzmat ediş desgalary, ulag serişdeleri, giriş ýollary, ýaşaýyş şäherçesi, gorag birleşdirilendir. Tehnoparky döretmegiň manysy işiň umumy ugurly hünärmenlerini bitewi territoriýa jemlemekden ybaratdyr. Alymlar bu ýerde ylmy-barlag işleriniň derňewlerini geçirip bilerler, okuw jaýlarynda okadyp bilerler we özleriniň barlaglarynyň netijelerini durmuşa ornaşdyrmaga gatnaşyp bilerler» diýip belleýär.

Kiçi telekeçiligi maglumatlar we maslahatlar bilen goldamaga, kiçi telekeçiligiň ykdysady, hukuk we maglumatlar binýadyny üpjün etmäge, kiçi telekeçilik ulgamynda sergi-ýarmarka işine ýardam bermäge, kiçi telekeçiligiň goldawynyň telekeçilik gurluşy we infrastrukturasy üçin hünärmenleri okatmaga we taýýarlamaga, kiçi telekeçiligiň goldawynyň infrastrukturasynyň netijeli hereket etmegini ösdürmäge we ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreler toplumy bellenilýär. Bu barada hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «Türkmenistanda kiçi we orta telekeçilik, milli ykdysadyýetde öz mynasyp ornuny eýelemek üçin, ynamly ädimler bilen öňe barýar. Bu bolsa, öz gezeginde, ýurdumyzyň ösüşiň has ýokary derejesine çykmagyna uly goşant goşar, onuň gülläp ösmegini üpjün etmäge hem-de halkara abraýynyň artmagyna ýardam berer» diýip belleýär.

## 11.3. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi we onuň aýratynlygy

Häzirki wagtda ýurdumyzda syýahatçylygy ösdürmek üçin uly göwrümli çäreler amala aşyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda geçirilýän reformalarynyň netijesinde syýahatçylyk ýurduň daşary ýurt maýa goýumlarynyň işjeň goýulýan pudagyna öwrüldi. 2007-nji ýylyň iýun aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi baradaky hormatly Prezidentimiziň kabul eden Karary hem munuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz bu barada «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Gadymy medeniýetiň we siwilizasiýanyň watany bolup durýan Türkmenistanda syýahatçylyk industriýasynyň mümkinçiliklerini artdyrmakda «Awaza» iş ýüzünde ilkinji esaslaryň biri bolup durýar» diýip belleýär. Taslama laýyklykda bu syýahatçylyk zolagyň umumy uzynlygy 16 kilometr bolup, onuň umumy gurluşygyny 3 tapgyrda amala aşyrmak maksat edildi. Şeýle hem ilkinji nobatda gurluşygy alnyp barylmaly 90 sany ýer ülüşleriniň sanawy we möçberi tassyklanyldy. Olaryň arasynda täze howa menziller toplumyny, «Awazany» howa menzili bilen birikdirýän awtomagistraly, kuwwatly gaz trubina elektrobekedini, suw süýjediji we arassalaýyş desgalary, suw geçiriji ulgamy gurmak ýaly işler bar. Şeýle hem iş meýilnama laýyklykda, Türkmenbaşy şäherinde suw üpjünçilik we lagym sorujy bekedini döwrebaplaşdyrmak işleri alnyp barylýar. Bir söz bilen aýdanyňda, uzak möhletleýin ösüşe niýetlenen häzirki zaman inženerçilik-kommunikasiýa infrastrukturasyna degişli ähli zatlar göz öňünde tutuldy.

Dürli durmuş-ykdysady obýektleriň gurluşygyna we hyzmat ediş sferasyna maýa goýýan daşary ýurt maýadarlaryň iş alyp barmaklary üçin döredilýän şertler toplumyna Hazarda dynç almak isleýän syýahatçylara we şol ýerde işleýän daşary ýurt hünärmenlere wiza düzgünleriniň ýeňilleşdirilmegi, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda öz işini amala aşyrýan firmalara, kompaniýalara, şeýle-

20. Sargyt № 3158

de beýleki subýektlere dürli salgyt we beýleki ýeňillikler degişlidir. Ýeňillikler syýahatçylyk zolakdaky obýektleri gurmak we ulanmaga bermek maksady bilen Türkmenistana getirilýän harytlaryň gümrük ýygymlaryň, ylalaşyklaryň hasaba alynmagy bilen bagly birža ýygymlaryň, enjamlary we materiallary sertifikasiýalaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň töleglerinden doly boşadylmagyny göz öňünde tutýar. Şeýle-de ýeňilliklere şular bilen bir hatarda lisenziýa töleginden, ylalaşykda bellenilen syýahatçylyk industriýa we infrastruktura üçin bölünip berlen obýektleriň gurulýan we ulanylýan döwri ýer üçin salynýän salgytlardan we ýer bölekleri üçin kärende salgytlaryndan, Türkmenistanyň oba hojalygy ösdürmek boýunça döwlet gaznasyna peýdadan alynýan salgytlardan doly boşadylmak hem degişlidir.

Salgytlar tölenenden, ähli halkara we milli kanunçylyk ölçegler berjaý edilenden soň daşary ýurt maýadarlaryna walýutany erkin konwertasiýa etmäge, öz gazanan maliýe serişdelerini serhetden erkin geçirmäge hukuk berip, döwlet ýeke-täk berk şertiň berjaý edilmegini talap edýär, ýagny, bu şert daşary ýurt maýadarlary tarapyndan syýahatçylyk zolagyň çäklerinde obýektleriň taslamalaryny ýerine ýetirenlerinde, gurmak, täzeden abatlamak we ulanmak işlerini amala aşyranlarynda ekologiýa howpsuzlygyny we daş-töweregi goramak boýunça ähli talaplaryň berjaý edilmeginden ybaratdyr.

2007-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidenti «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk aktlaryna üýtgeşmeler we goşmaçalar girizmek» hakyndaky kanuna gol çekdi. Bu kanuna laýyklykda «Syýahatçylyk hakyndaky», «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky», «Türkmenistanyň daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky» kanunlara, Türkmenistanyň «Ýer hakyndaky», «Salgytlar» Kodekslerine üýtgeşmeler we goşmaçalar girizildi.

Türkmenistanyň «Syýahatçylyk hakyndaky» kanunyna laýyklykda milli syýahatçylyk zolak hormatly Prezidentimiziň çözgüdine laýyklykda salgyt we gümrük düzgüni takyk kesgitlenen administratiw-çäkleýin serhetli aýratyn hukuk berlen ýörite bölünen çäkdir. Kanuna şeýle-de onuň hereket etmeginiň düzgüni hem girizilendir. Oňa

laýyklykda syýahatçylyk zolaklaryň subýektleri babatynda telekeçilik işini alyp barmak boýunça ýörite hukuk düzgünlerini ulanmak, salgyt, gümrük we beýleki ýeňillikleri bermek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň «Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky» kanuna erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda kärhanalary döretmek we ýatyrmak, hojalyk subýektleriniň hukuklaryny we bähbitlerini kepillendirmek bilen bagly üýtgeşmeler, şeýle-de olaryň işleriniň esasy ýörelgelerini, gümrük düzgünleriniň pul we walýuta aýlanyşygynyň aýratynlyklaryny, bahany emele getirmekligiň meselelerini we ş.m. özünde jemleýän üýtgeşmeler girizildi. Kanunda daşary ýurt maýa goýumly kärhanalary babatynda hiç-hili diskriminasion ýagdaýlar ýüze çykmaz ýaly Türkmenistan ETYZ-da hojalyk ediji subýektleriň ähli hukuklarynyň we kanunçylyk bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirmek berk kesgitlenendir.

Türkmenistanyň «Daşary ýurt maýa goýumlar hakyndaky» kanunynyň ölçeglerine laýyklykda erkin ykdysady zolaklaryň çäklerinde öz işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlara, daşary ýurt maýa goýumly kärhanalara işlemek üçin amatly hukuk düzgünler berilýär. Syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň döredilmegi we syýahatçylyk zolagyň infrastrukturasynyň ösüşi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ýurt maýa goýumlaryny we ylalaşyga laýyklykda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň döwlete degişli däl sektorynyň maýa goýumlarynyň çekilmegi esasynda amala aşyrylýandygyny nazara alyp, Türkmenistanyň «Maýa goýumlar hakyndaky» kanunynda gümrük ýeňillikleri we maýa goýumlary höweslendirýän beýleki çäreleri özünde jemleýän ýörite bölümler göz öňünde tutulandyr.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna maýa goýumlary goýmak hakynda hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda «Häzirki wagtda ýurtda şu aşakdaky iri maýa goýum taslamalary boýunça güýçli depginler bilen iş alnyp barylýar:

– «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny toplumlaýyn özleşdirmek» diýip belleýär.

Erkin ykdysady zolaklaryň çäklerinde öz işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlar we daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen düzgüne görä, maýa goýum taslamalaryň özüni ödeýşiniň möhletine baglylykda ýer böleklerini kärendä almaga hukuklary bardyr. Olar şeýle-de maslahat beriş we hasaba alyş ýygymlaryň, ylalaşyklaryň hasaba alyş birža ýygymlaryň, lisenziýa almak we ony täzeden hasaba almak boýunça döwlet ýygymlaryň, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan düzgünlere we şertlere görä ýer bölekleriň tölegleriden, Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen döwlet býujetine degişli däl fondlara peýdadan alynýan ýygymlary tölegden boşadylýar.

Bu hakynda hormatly Prezidentimiz «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy» atly okuw gollanmasynda: «Daşary ýurt maýasy bolan kärhanalar ýörite ygtyýarnama almasyz öz önümi bolan harytlary (işleri, hyzmatlary) daşary ýurt bazarlaryna çykarmaga we özüniň harajatlary üçin zerur bolan önümleri (işleri, hyzmatlary) daşary ýurt bazarlaryndan getirmäge hukugy bardyr. Erkin ykdysady zolagyň çäklerinde desgalaryň gurluşygyny we ulanylyşyny amala aşyrýan daşary ýurtly maýadarlar, daşary ýurt maýasy bolan kärhanalar, şeýle-de olaryň potratçylary we kömekçi potratçylary tarapyndan Türkmenistana getirilýän enjamlar we serişdeler üçin sertifikasiýa hyzmatlaryna salynýan tölegler alynmaýar» diýip bellenýär.

Syýahatçylyk zolagynyň çäklerinde hereket edýän daşary ýurt maýadarlara salgyt ýygymlaryny tölänlerinden soň öz gazanan daşary ýurt walýutasyny serhetden geçirmäge hukuk berilýär.

Üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilen «Salgyt» Kodeksine laýyklykda milli syýahatçylyk zolagynda syýahatçylary kabul etmek üçin niýetlenen obýektleri galdyrmak bilen baglanyşykly gurluşyk we gurluşyk-montaž işlerini amala aşyrýan subýektleiň işi goşmaça gymmata salynýan salgytdan boşadylýar. Peýda boýunça salgytda ýeňillikler göz öňünde tutuldy. Ýagny, degişli obýektleriň ulanyşa goýberilen gününden başlap ilkinji 15 ýylyň dowamynda milli syýahatçylyk zolagyň subýektleriniň salgyt salynmaga degişli bolan peý-

dasyndan syýahatçylary kabul etmek (olary ýerlemek, jemgyýetçilik iýmiti bilen üpjün etmek, indiwidual hojalyk we bejeriş-sagaldyş hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, dynç alyşy gurnama işlerini (oýun biznesi muňa degişli däl) alyp barmak) boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmekden alan girdejisiniň gymmaty aýrylýar.

Milli syýahatçylyk zolagyň çäklerindäki ýer bölekleri Türkmenistanyň «Yer hakyndaky» Kodeksine laýyklykda 40 ýyllyk möhlet bilen kärendä berilýär. Kodeksde ýer böleklerini ulanmagyň, ýeri daşary ýurt raýatlara we ýuridiki taraplara, şeýle-de daşary ýurtlara we halkara guramalara kärendä bermegiň görnüşleri, subkärendäniň (subkärende- kärende berlen ýeri gaýtadan kärendä bermek) meseleleri, ýer üçin tölegler we daşary ýurt maýadarlary gyzyklandyrýan beýleki wajyp düzgünler öz beýanyny tapdy.

Şu ýerde obýektleriň ýerleme, taslama, gurnama we ulanyşa goýberme işleri ýerine ýetirilende ekologiki talaplaryň berk berjaý edilmeginiň Kodeksiň ölçeglerinde berkidilendigini aýratyn belläp geçmek örän wajypdyr.

Ýokarda görkezilen we beýleki kanunçylyk ölçegler iri daşary ýurt kompaniýalarynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň obýektleriniň gurluşygyna gatnaşmaga bolan isleglerini has ýokarlandyrdy. Goýlan daşary ýurt maýa goýumlaryň saklanyşynyň berk kepillendirmegi, ýurduň kanunçylyk bazasynyň halkara ülňülerine laýyk getirilmegi daşary ýurtlaryň we halkara kompaniýalaryň ýurdumyzda maýa goýumlyk işini alyp barmak bilen baglanyşykly gyzyklanmasyny has-da güýçlendirdi.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyň gurluşygyna dünýäniň ady belli Buig, Graniti Koza, Sehil, Içkale, Engin, Itera, Pars Enerji, Polimeks ýaly gurluşyk kompaniýalary gatnaşýarlar. Bu taslamany durmuşa geçirmek üçin jemi 4 milliard ABŞ-nyň dollary möçberinde maýa goýum goýmaklyk göz öňünde tutulýar.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny gurmaklyk netijesinde dünýä ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň biri bolan syýahatçylygy özgertmegiň we ösdürmegiň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýasyny gazanmaklyk, syýahatçylyk hyzmatlarynyň, şol

sanda myhmanhana hyzmatlarynyň we işiň oňa ugurdaş görnüşleriniň hilini ýokarlandyrmak baradaky wezipeleri toplumlaýyn çözmek, Hazarýaka sebitinde tilsimat, ulag we durmuş infrastrukturalary kämilleşdirmek, ilatymyzy täze iş ýerleri bilen üpjün etmek, raýatlarymyzyň we daşary ýurt syýahatçylarynyň saglygyny berkitmek, Hazaryň türkmen bölegindäki ägirt uly tebigy baýlyklary ýerlikli ulanmak, ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek, deňziň biologiýa dürlüligini saklamak maksat edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky kabul eden kararyndan köp wagt geçmänkä, ýagny 2009-njy ýylyň 15-nji iýunynda milli ykdysadyýetimiziň köp ugurlylygyny hem-de giň halkara hyzmatlaryny üpjün etjek «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Hazyna», «Watançy», «Çarlak» myhmanhanalarynyň dabaraly açylyşy, ikinji nobatdakysyna degişli binalaryň taslamalary bilen tanyşdyryş çäreleriniň geçirilmegi, şeýle-de 2009-njy ýylyň 9-njy oktýabrynda «Nebitçi», «Kuwwat», «Kerwen» atly ýene-de täze üç sany myhmanhananyň açylmagy dünýä ykdysadyýetinde uly ähmiýete eýe bolan syýahatçylygyň ýurdumyzda örän güýçli depginde ösýändigini dünýä äşgär etdi. Bu bolsa Türkmenistanyň ýakyn geljekde diňe bir ägirt uly energiýa mümkinçilikleri bilen däl-de, Hazar deňziniň ekologiýa taýdan örän arassa Awazasy bilen hem tanaljakdygyna güwä geçýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýöredýän ykdysady syýasatynda ýurdumyzy düýpli özgertmek, önümçiligiň ýokary depginlerde guralmagyna badalga bermek bilen birlikde, ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, daşary ýurt maýa goýumlaryny ykdysadyýetimize çekmäge täze ugur alyndy.

Geçen iki ýyldan gowrak wagtyň içinde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky habarlar dünýä doldy. Dünýäniň köp ýurtlaryndan iri maýadarlar bu zolakda uly syýahatçylyk maksatly desgalaryň gurluşygynda hyzmatdaşlyk etmäge höwes bildirdiler. Daşary ýurt kompaniýalarynyň birnäçesi hut öz hasabyna bu ýerde iri sport we syýahatçylyk merkezini gurmaga girişdiler. «Awaza» desgalary gurmagyň tapgyrynda daşary ýurt maýadarlary, döwlet pudak

edaralary, ýurdumyzyň telekeçileri tarapyndan aýry-aýry desgalaryň gurluşygynyň bir wagtyň özünde amala aşyrylmagy taslamanyň gysga wagtyň dowamynda durmuşa geçirilmegine şert döredýär.

Ýurdumyzyň syýahatçylyk zolagynda badalga berilýän uly göwrümli maýa goýum işlerine daşary ýurt maýadarlarynyň öz serişdelerini gönükdirmekleri bu zolagyň maýa goýum taýdan amatlydygyna şaýatlyk edýän görkezijileriň biridir. Sebitiň tebigy syýahatçylyk mümkinçilikleri hem-de döwlet tarapyndan döredilýän şertler bu syýahatçylyk zolagynyň netijeli işlemegi, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek we syýahatçylar üçin amatly mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistan barha kämilleşýän maýa goýum syýasaty bilen daşary ýurt maýadarlarynyň ünsüni özüne çekýär. Maýadarlar indi diňe bir nebit-gaz senagatyna däl, eýsem, ýurduň beýleki pudaklary bilen bilelikde syýahatçylyk pudagyna hem gyzyklanma bildirmäge başladylar. Bulara mysal edip, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň ilkinji desgalarynyň açylyşyna dabaraly ýagdaýda badalga berlen maýa goýum taslamalaryny aýdyp bileris. Olara Tatarystan Respublikasynyň (Russiýa) hökümetiniň howandarlygynda «Ker-Holding» kompaniýasy tarapyndan amala aşyrylýan «Goller Sui» şypahana saglyk toplumyny we Russiýa Federasiýasynyň «Finansowaýa Inwestisionnaýa Kompaniýa AAA» açyk paýdarlar jemgyýeti tarapyndan amala aşyrylýan söwda toplumy we dynç alyş merkezleri bolan ýokary derejeli myhmanhanalar şaýatlyk edýär. Şunda Türkmenistan bilelikdäki taslamalaryň ykdysady taýdan iki tarapa-da bähbitli peýdaly netije bermegini gazanmak ýörelgesine eýerýär we milli syýahatçylyk zolagynda amala aşyrylýan taslamalaryň ekologiki taýdan howpsuz bolmagyny hökmany şert edip goýýar. Guwandyrýan wakalaryň biri-de Türkmenistanyň işewürleriniň hem öz serişdeleriniň hasabyna maýa goýum taslamasyna gatnaşmagydyr. Bu bolsa, ýurdumyzda hususy telekeçiligiň ösýändigine güwä geçýär.

Syýahatçylyk pudagynda telekeçiligi geljekde ösdürmegiň meýilnamasyndaky çäreleriň ulgamyna şu aşakdakylar girýär:

– syýahatçylyk baýlyklarymyzy ulanmaklyk boýunça hukuk kadalarynyň, syýahat hyzmatlaryny satmak düzgünininiň, salgyt ýeňilliklerininiň berilmegi boýunça çärelerininiň göz öňünde tutulmagyny;

– syýahatçylyk hyzmatlarynyň dolandyrmagyny kämilleşdirmegi, şol sanda syýahat hyzmatlaryna şertnamanyň berilmegi, daşary ýurt telekeçileri bilen gatnaşygy giňeltmegi;

– syýahatçylyk pudagynyň maddy enjam bazasynyň berkemegini we gurluşyga hem-de abatlaýyş işlerine maýa goýumlarynyň goýulmagyny;

– reklama maglumat boýunça hyzmat etmegi:

– ylym taýdan we işgär boýunça üpjünçiligi ýokarlandyrmagy we ş.m.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ýakyn geljekde syýahatçylygyň dürli görnüşlerininiň özleşdirilmegi netijesinde ýylyň dowamynda syýahatçylary kabul edip, syýahatçylyk, dynç alyş ulgamy bilen birlikde taryhy, medeni, saglyk, sport, halkara maslahatlar we duşuşyklar ýaly ulgamlaryň we çäreleriň giň gerimde ýaýbaňlandyrylmagyny üpjün eder. Syýahatçylaryň ünsüni özüne çekjek täsin ýerler, taryhy we medeni gymmatlyklar biziň ýurdumyzda örän köp. Meselem, UNESKO-nyň «Bütindünýä medeni mirasynyň» sanawyna goşulan Nusaý, gadymy Merw, Köneürgenç ýaly ýadygärlikler sýyahatçylygyň taryhy ulgamynyň ösmegine täsir edip biljek medeni gymmatlyklardyr. Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegi, geografiki ýerleşişi, goňşular we sebitdäki ýurtlar bilen dostluk gatnaşyklarynyň ösmegi, ýurtda agzybirligiň we asudalygyň höküm sürmegi ýurdumyzy halkara duşuşyklaryň we maslahatlaryň geçýän ýerine öwürýär. Bu bolsa, Türkmenistanda syýahatçylygyň kongres, halkara ýygnaklar we maslahatlar ulgamynyň ösmegine getirer. Türkmenistanyň howa ýagdaýy bolsa, dürli halkara sport oýunlarynyň, medeni çareleriň, festiwallaryň geçirilmegi üçin amatlydyr. Awazanyň jana ýakymly suwy, ajaýyp howasy sýahatçylygyň saglyk ulgamynyň ösmegine ýardam eder. Mundan başga-da, Türkmenbaşy halkara deňiz menzilininiň döwrebaplaşdyrylmagy, täze

halkara howa menziliniň gurulmagy, ýokary hilli Farap-Türkmenbaşy gara ýolunyň ulanylmaga berilmegi, Demirgazyk-Günorta halkara demir ýolunyň hereket edip başlamagy netijesinde Türkmenbaşy şäheri Günbatar-Gündogar şeýle hem Demirgazyk-Günorta ugur boýunça üstaşyr geçýän halkara ulag ýolunyň iň uly merkezleriň biri bolar. Bu bolsa, milli syýahatçylyk zolagynda maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga, syýahatçylygyň dürli ulgamlary bilen bilelikde halkara söwdanyň hem ösmegine amatly täsir eder. Orta Aziýanyň «deňiz derwezesi» bolan Türkmenbaşy şäheriniň binagärlik keşbiniň üýtgemegi, şäheriň günorta-gündogarynda oňaýly, belent ýaşaýyş jaýlary, mekdepleri, çagalar baglary, medeni we söwda merkezleri, köp sanly suw çüwdürimleri, seýilgähleri we seýil baglary, beýik binalary bolan täze, owadan we häzirki zaman megapolisiň emele gelmegi bolsa, Hazar deňziniň gündogar kenar ýakasynda dünýäniň iň arzyly täze syýahatçylyk merkezleriniň döreýändigine şaýatlyk edýär.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 8855-nji kararyna laýyklykda syýahatçylyk zolagyny döretmegiň we ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmak, şeýle hem syýahatçylyk zolagynda ilkinji nobatda ulanylmaga beriljek şypahanalary, myhmanhanalar toplumyny gurşap alýan meýdanda medeni-dynç alyş seýilgähleriniň gurluşygyny ýaýbaňlandyryp, ildeşlerimiz we daşary ýurtly jahankeşdeler üçin ýokary derejeli dynç alyş şertlerini döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky komitet «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz çüwdürimler toplumyny, amfiteatry, çagalaryň attraksionly oýun meýdançalaryny, kafeleri, awtoduralgalary, gök zolaklary, tehniki binalary öz içine alýan, umumy meýdany 83 600 inedördül metr bolan seýilgähiň we gurluşyk işleriniň buýrujysynyň wezipelerini, «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserni bolsa baş potratçynyň wezipelerini ýerine ýetirmeli. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky komitete seýilgähiň taslamasyny düzmek hem-de teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz çüw-

dürimler toplumynyň gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek barada kömekçi potratçy hökmünde Birleşen Arap Emirlikleriniň «Fountains International Trading LLC» kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmanda, umumy bahasy 27,086,843 amerikan dollary bolan şertnama baglanyşyldy. Gurluşyga 2009-njy ýylyň iýun aýynda başlap, 2010-njy ýylyň iýun aýynda ulanmaga tabşyryldy.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 8855-nji Kararyny ýerine ýetirmek, şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda berkarar Türkmenistan döwletimiziň raýatlarynyň medeniýetli dynç almagy üçin has oňaýly şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Oňa laýyklykda Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine Türkmenistanyň Dokma senagaty we söwda pudagyna degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň adyndan baş buýrujy hökmünde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 250 orunlyk myhmanhananyň dynç – alyş merkeziniň taslamasyny düzmek we ony ulanmaga doly taýýar edip gurmak barada «Çizgi Muhendislik Mumessillik Taahut Tijaret San. Paz. Ltd. Şti.» türk kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alnanda umumy bahasy 34,877,839 amerikan dollary bolan şertnamany baglaşmaga, myhmanhanaly dynç alyş merkezini gurmak işlerini Türkmenistanyň dokma senagaty we söwda pudagyna degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň özara ylalaşygy boýunça deň paýlarda olaryň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmäge ygtyýar berildi. Gurluşyga 2009-njy ýylyň iýul aýynda başlap, binany 2011-nji ýylyň ýanwar aýynda ulanmaga tabşyryldy.

Ýurdumyzyň syýahatçylyk zolaklaryny döretmegiň we ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmak, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda köçeleriň ähli inžener ulgamlaryny we desgalaryny ýanaşyk ýerler bilen abadanlaşdyryp, ýokary derejede gurmak hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 20-nji ýanwarynda çykaran 10195-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi.

Resminama laýyklykda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky komitete «Sehil Inşaat Endustri we Tijaret Limited Şirketi» türk kompaniýasy bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda aşakda görkezilen desgalaryň taslamalaryny düzmek, gurluşyk-gurnama we abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek barada goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmanda umumy bahasy 94,103,472 amerikan dollary bolan şertnamalary, şol sanda bir awtomobil ýolunyň köprüsini gurmak barada, köçeleriň gök zolaklarynda agaç nahallaryny we dürli ösümlikleri ekmek hem-de suwaryş ulgamyny gurmak barada, köçeleri yşyklandyryş ulgamlary bilen enjamlaşdyrmak barada, köçeleri abadanlaşdyrmak barada şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi. Gurluşyk 2009-njy ýylyň iýun aýynda başlanyp, desgalar 2010-njy ýylyň iýun aýynda ulanmaga tabşyryldy.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 8855-nji Kararyny ýerine ýetirmek, şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda maýadarlaryň serişdeleriniň hasabyna gurluşyk-gurnama işlerini alyp barmak üçin oňaýly şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti birnäçe Buýruga gol çekdi. Resminamalara laýyklykda Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine dynç alyş öýlerini gurmak üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 5 gektar ýer bölegi, Russiýa Federasiýasynyň «Finansowaýa Inwestisionnaýa Kompaniýa AAA» açyk paýdarlar jemgyýetine ýokary derejeli myhmanhanany gurmak üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 12,5 gektar ýer bölegi, Tatarystan Respublikasynyň (Russiýa Federasiýasy) «KER-Holding» inžiniring kompaniýasyna «Lyžaly-sport» toplumyny gurmak üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 18 gektar ýer bölegi kärendä berildi.

Syýahatçylygyň netijeli ösdürilmegi Türkmenistana daşary ýurt syýahatçylaryň we walýuta gowuşmalarynyň akymynyň artmagyna mümkinçilik berer, şeýle hem jemgyýetiň durmuşynyň ähli tarapyna syýahatçylygyň täsirini göz öňünde tutup, ykdysadyýetiň garyşyk pudaklarynyň ösmegine we ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ýokarlanmagyna ýardam berer.

Türkmenistan Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşmegi bilen, gadym döwürden bäri dünýä ýüzüne giňden meşhurdyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, Türkmenistanyň halkara derejesindäki abraýy barha artýar. Ýurt baştutanymyzyň başlangyjy bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döremegi we muňa halkara jemgyýetçiliginde uly gyzyklanma bildirilmegi bolsa Watanymyzyň ajaýyp geljegine uly ynam döredýär.

Geljekde bu syýahatçylyk zolakda dynç almaga isleg bildiren syýahatçylar we bu ýerde işleýän daşary ýurt hünärmenler üçin ýeňillikli wiza düzgüni giriziler. Şeýle-de, bu zolakda öz işini amala aşyrýan kompaniýalara köp salgyt we beýleki ýeňillikler berler.

# 12-nji bap
# TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY YKDYSADY SYÝASATY

## 12.1. Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň mazmuny we aýratynlyklary

Döwletleriň ykdysadyýetini ösdürmekde dürli ýagdaýlaryň içinde aýratyň orun daşary ykdysady sfera degişlidir. Bu sfera beýlekilerden düýpli tapawutlanýandyr. Islendik ýurduň ykdysady ýagdaýy daşary ykdysady sferanyň ýagdaýlaryna gönüden-göni baglydyr. Dünýäde hut şu sfera daýanyp uly ykdysady üstünlikler gazanan ýurtlar az däl. Mysal üçin, ABŞ, Ýaponiýa, Germaniýa, Italiýa ýaly ýurtlar üçin daşary ykdysady sfera bu döwletleriň gülläp ösmekleriniň möhüm şerti bolup hyzmat edýär.

Daşary ykdysady sferanyň ösmegi dünýäniň ýurtlarynyň köpdürli meselelerini çözmäge ýardam berýär. Bu sferanyň ösmeginiň Türkmenistan üçin hem juda uly ähmiýeti bardyr.

**Daşary ykdysady sfera** – bu ykdysadyýetiň aýratyn, özboluşly pudagydyr, zähmet işiniň özboluşly görnüşidir. Bu sfera daşary ykdy-

sady iş bilen baglanyşygy bolan gatnaşyklaryň ähli toplumyny öz içine alýar. Şeýle gatnaşyklara mysal edip daşary söwda gatnaşyklaryny, maýa goýum gatnaşyklaryny, walýuta-maliýe gatnaşyklaryny, karz gatnaşyklaryny, işçi güýjüniň migrasiýasy bilen baglanyşykly gatnaşyklary, bilelikdäki kärhanalary döretmek, bilelikdäki taslamalary amala aşyrmak bilen baglanyşykly gatnaşyklary we beýlekileri görkezmek bolar. Daşary ykdysady işde dürli derejedäki subýektler çykyş edýärler. Onuň düzümine hökümetler, ministrlikler, kärhanalar, aýry-aýry raýatlar girýärler.

Daşary ykdysady sfera daşary ykdysady toplum diýen düşünje bilen baglanyşyklydyr. **Daşary ykdysady toplum** – halk hojalyk toplumynyň bir bölegi bolmak bilen ol eksport resurslaryny öndürýän we satýan, import harytlaryny (hyzmatlaryny) sarp edýän hem-de ähli görnüşdäki daşary ykdysady işi amala aşyrýan pudaklaryň, birleşmeleriň, kärhanalaryň, guramalaryň toplumydyr.

Türkmenistan üçin daşary ykdysady sferanyň ähmiýeti has uludyr. Bu pudagyň ösmegine ýurtda uly üns berilýär. Eýýäm häzirki döwürde bu sfera Türkmenistanyň öňünde duran köpdürli meseleleriň oňaýly çözülmegine şert döredýär. Daşary ykdysady sferanyň ösmegi ýurduň eksport, import mümkinçiliklerini amala aşyrmagy, daşary yurt maýa goýumlarynyň gelmegini, halkara karzynyň alynmagyny üpjün edýär. Şeýlelikde, daşary ykdysady sferanyň ösmegi her bir ýurduň milli ykdysadyýetini ösdürmekde möhüm rol oýnaýar.

Häzir Türkmenistan ykdysadyýetde bazar özgertmeleri amala aşyrýar. Ol proses dürli ugurlar boýunça bolup geçýar. Oňa eýeçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmek, täze hojalyk mehanizmini ornaşdyrmak, bäsdeşligi ösdürmek, telekeçiligiň ösüşini giňeltmek ýaly ugurlar degişlidir. Şeýle şertlerde daşary ykdysady sferanyň öňünde birnäçe anyk wezipeler goýulýar. Bu sferanyň öňünde durýan iň möhüm wezipe – Türkmenistanyň bazar gatnaşyklaryna geçmegine ýardam bermekden ybaratdyr. Onuň üsti bilen daşary yurt tejribesi giňden ornaşdyrylmalydyr.

Daşary ykdysady sferanyň öňünde duran wezipeleriň ýene-de biri – ýurduň dünýä ykdysadyýetine integrirlenmegine ýardam ber-

mekden ybaratdyr. Bu sfera näçe kämil boldugyça, näçe ösen boldugyça, şonça-da ýurduň dünýä gatnaşyklaryna goşulmagyny üpjün edýär. Has anygrak aýdylanda, daşary ykdysady sfera Türkmenistanyň eksport-import gatnaşyklarynyň, ylmy-tehniki gatnaşyklarynyň, dürli önümçilik gatnaşyklarynyň ösüşine, daşary yurt maýa goýumlarynyň we tehnologiýasynyň çekilmegine oňaýly şertler döretmeli.

Milli ykdysadyýetleriň we dünýä hojalygynyň özara gatnaşygynyň has çuňlaşmagy dünýä ykdysady ösüşiniň häzirki basgançagynyň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Netijede, milli ykdysadyýetleriň ählisi diýen ýaly açyklyga eýe bolýarlar. Başgaça aýdylanda, açyk ykdysadyýete öwrülýärler.

Açyk ykdysadyýetli ýurtlaryň hataryna diňe bir halkara söwdasyna işeňňir gatnaşýan döwletleri däl-de, dünýä hojalyk aragatnaşyklarynyň beýleki görnüşlerine hem işjeň gatnaşýan ýurtlary goşýarlar. Şeýle gatnaşyklaryň görnüşleri bolup kapitalyň halkara hereketi, walýuta-maliýe gatnaşyklary çykyş edýärler. Milli ykdysadyýetleriň açyklygynyň derejesi yzygiderli ýokarlanýar.

Soňky wagtlara çenli daşary ýagdaýlar ýurtlaryň ösüşine diňe oňaýly täsir edýär diýlip hasap edilýärdi. Halkara zähmet bölünişigi ähli gatnaşyjylara peýda getirýär diýlip düşünilýärdi. Emma dünýä ykdysadyýetiniň soňky 2-3 onýyllykdaky ewolýusiýasy ol täsiriň birtaraplaýyn däldigini subut etdi.

Milli ykdysadyýetleriň dünýä hojalygynyň bir bölegi hökmünde hereket etmeginiň netijeliligine baha bermek üçin olaryň bäsleşige ukyplylygynyň häsiýetiniň uly ähmiýeti bardyr. Ýurduň bäsleşige ukyplylygy ýa-da milli bäsleşige ukyplylyk diýilýän düşünjeler iň kyn düşünjeleriň biridir.

Şeýlelikde, ýokarda aýdylanlardan belli bolşy ýaly, milli ykdysadyýetiň dünýä hojalygy bilen özara baglanyşygy her bir ýurduň ykdysadyýetiniň iň bir kyn sferalarynyň biridir. Şonuň üçin hem bu sferanyň işine döwletiň uly möçberlerde goşulmagy kanunalaýyk ýagdaýdyr. Ol döwletiň **daşary ykdysady syýasatyna** esaslanýar.

**Daşary ykdysady syýasat** – munuň özi ýurduň daşary ykdysady aragatnaşyklaryny düzgünleşdirmek tertibini kesgitlemek we ýurduň

halkara zähmet bölünişigine gatnaşygyny talabalaýyk guramak boýunça döwletiň, onuň edaralarynyň maksatlaýyn hereketleridir.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy ugurlary bolup aşakdakylar çykyş edýärler:

– daşary söwda syýasaty, şol sanda döwletiň eksport we import syýasatlary;

– daşary yurt maýasyny çekmek we daşary ýurtlara maýa çykarmak;

– walýuta syýasaty we beýlekiler.

Ondan başga-da daşary ykdysady syýasat aýry-aýry döwletler bilen alnyp barylýan daşary ykdysady amallaryň deňagramlylyk meselelerini hem çözmäge kömek berýär. Munuň özi ýurduň ykdysady howpsuzlygyny üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr.

Daşary ykdysady syýasat dürli çäreleriň giň toplumy arkaly amala aşyrylýar. Dürli ýurtlarda, dürli wagtlarda daşary ykdysady gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň intensiwligi birmeňzeş däldir.

Daşary ykdysady syýasaty amala aşyrmagyň möhüm şertleriniň biri hem onuň hukuk, kanunçylyk binýadynyň bolmagydyr. Şeýle binýat ähli döwletlerde zerurdyr. Türkmenistanda hem häzirki wagtda şeýle kanunçylyk binýat döredildi. Ol kanunlar we kadalar ýurdumyzyň çäklerinde daşary ykdysady işi düzgünleşdirmäge mümkinçilik berýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistanda daşary ykdysady iş bilen baglanyşykly gatnaşyklary düzgünleşdirýän kanunlaryň toplumy kabul edildi we bu işi talabalaýyk alyp barmak üçin amatly kanunçylyk esas döredildi. Olaryň hataryna «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda», «Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary hakynda», «Uglewodorod serişdeleri hakynda», «Salgytlar hakynda», «Telekeçilik işi hakynda» Türkmenistanyn kanunlary, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň karary we beýlekiler degişlidir. Şeýle kanunlaryň we kararlaryň kabul edilmegi Türkmenistanda daşary ykdysady iş bilen meşgul bolýan taraplaryň telekeçilik işini düzgünleşdirmäge we daşary yurt maýa goýumlarynyň çekilişini höweslendirmäge zerur şertler döredýär.

Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň ösmegi ýurduň milli ykdysadyýetini özgertmekde, ony bazar gatnaşyklaryna geçirmekde, Türkmenistany ösen döwletleriň derejesine ýetirmekde möhüm rol oýnaýar. Garaşsyzlykdan öň Türkmenistanyň özbaşdak daşary ykdysady iş ulgamy ýokdy. Ony merkezden dolandyrýardylar. Häzirki wagtda Garaşsyz Türkmenistanyň özboluşly daşary ykdysady ulgamy we syýasaty emele geldi. Ýurtda daşary ykdysady iş ulgamynyň täze mehanizmi işlenip düzüldi we ol yzygiderli kämilleşdirilýär. Türkmenistan özüniň daşary syýasatynda hoşniýetli Bitaraplyk syýasatyndan, ykdysadyýetimizde bolsa «açyk gapylar» syýasatyndan ugur alyp hereket edýär. Ýurdumyz özüniň daşary ykdysady syýasatynda bütin dünýäde ykrar edilen ýörelgelerden ugur alýar. Olara mysal edip özara peýdalylyk we deňhukuklylyk esasynda dünýäniň ähli ýurtlary bilen ykdysady gatnaşyklary ösdürmek, hyzmatdaşyň içerki işlerine gatyşmazlyk, kabul edilen halkara borçnamalaryna hormat goýmak ýaly ýörelgeleri görkezmek bolar.

Garaşsyz Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesi ýurdumyzyň dünýäniň döwletleri bilen ykdysady gatnaşyklarynyň düýpgöter täze esasda alnyp barylmagyny göz öňünde tutýar. Öňe sürülýän ugurlar bolup iki taraplaýyn gatnaşyklar, ykdysadyýetiň dürli pudaklaryndaky çuň iki taraplaýyn goşulyşma çykyş edýär. Türkmenistan özüniň daşary ykdysady syýasatynda daşary ýurt maýalaryny çekmek, dokma we nebit-gaz toplumyny ösdürmek, oba hojalyk önümçiligini özgertmek, türkmen energiýa göterijilerini dünýä bazaryna çykarmak, ulag ulgamyny kämilleşdirmek meselelerine has uly ähmiýet berýär. Bu pudaklaryň ösmegi ýurdumyzyň eksport mümkinçiliklerini ýokarlandyrýar.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň aýratynlyklarynyň biri hem ýurtda «açyk gapylar» syýasatynyň yglan edilmegidir. Bu syýasat 2020-nji ýyla çenli döwür üçin hem özüniň derwaýyslygyny saklaýar.

Daşary ykdysady syýasatyň esasy maksatlarynyň biri – ýurduň ykdysady özbaşdaklygyny we howpsuzlygyny üpjün edýän hojalyk düzüminiň emele gelmegidir. Ykdysady howpsuzlyk milli

ykdysadyýetiň netijeli ösüşini üpjün edýän, ýurduň isleglerini ýeterlik derejede kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän, daşary bazarlarda bäsleşigi kepillendirýän içerki we daşarky şertleriň jemidir.

Daşary ykdysady işiň içerki we daşarky jähtleri bardyr. Daşarky jähtler – daşary ýurt döwletleriň hereketleri bilen baglanyşyklydyr. Içerki jäht döwletde kesgitli ykdysady şertleriň döredilmegi bilen baglanyşyklydyr. Başgaça aýdylanda, Türkmenistanyň daşary ykdysady işi ozaly bilen ykdysadyýetiň öz netijeliligi arkaly üpjün edilmelidir. Döwletiň amala aşyrýan gorag çäreleri bilen bir hatarda ýurt ýokary zähmet öndürijiligi, önümiň ýokary hili, bäsleşige ukyplylygy esasynda öz-özüni goramalydyr. Ýurduň ykdysady howpsuzlygynyň üpjün edilmegi döwlet edaralarynyň ähli ulgamlary, ykdysadyýetiň düzümleri tarapyndan goldalynmalydyr.

Häzirki döwürde Bitarap Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty aşakdakylary talap edýär:

1. Ýurduň dünýä hojalyk aragatnaşyklaryna gatnaşmagy milli önümçiligi ösdürmäge amatly şertler döretmelidir.

2. Milli ykdysadyýet dünýäde bolup geçýän ykdysady we syýasy wakalaryň ýaramaz täsirini mümkin boldugyça az derejede duýmalydyr. Ýöne açyk ykdysadyýet şertlerinde beýle täsirden doly gutulmak mümkinçiligi azdyr.

Açyk ykdysadyýet şertlerinde Türkmenistanda öndürilýän önümleriň ýokary bäsleşige ukyplylygy möhüm şert bolup durýar. Olaryň ýeterlik mukdarda dünýä bazarynda ýerlenilmegi importyň üstüni ýapmak üçin zerur bolan walýutanyň gelmegini üpjün edýär.

Şeýlelikde, täze döwürde ýurdumyzyň daşary ykdysady syýasatynyň esasy ugurlary bolup daşary söwda gatnaşyklaryny ösdürmek, milli ykdysadyýete daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek, halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek, dünýäniň integrasion proseslerine işjeň gatnaşmak çykyş edýär. Türkmenistan häzir bu ugurlaryň ählisine hem işjeň gatnaşýar. Bu bolsa öz gezeginde milli ykdysadyýetimizi pugtalandyrmaga we Türkmenistanyň dünýä hojalygyna amatly şertlerde goşulmagy üçin zerur şertleri döredýär.

21. Sargyt № 3158

## 12.2. Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy

### 12.2.1. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi

Dünýä hojalygynyň we aýry-aýry milli ykdysadyýetleriň durnukly ösüşi köp babatda ýurtlaryň arasynda bolup geçýän halkara söwda gatnaşyklarynyň ýagdaýlaryna bagly bolýar. Halkara söwdasy dünýäniň ähli ýurtlarynyň bu işe gatnaşmagy netijesinde amala aşyrylýar. Işlenip düzülen söwda nazaryýetlerine laýyklykda dünýä söwdasyna goşulýan her bir ýurt bu işden belli bir ykdysady peýda gazanýar. Edil şu pikiri Türkmenistan babatynda hem aýtmak dogry bolar. Ýurt özüniň eksport mümkinçiliklerinden we import mätäçliklerinden netijeli peýdalanmaly. Bularyň ikisi hem obýektiw zerurlyk. Sebäbi döwletiň çäklerinde öndürilýän eksport harytlarynyň sanawy birsyhly artyp gidip otyr. Şol bir wagtyň özünde içerki sarp ediş üçin zerur bolan import harytlaryna mätäçlik bar.

Ýurduň bütindünýä söwda ulgamyna goşulmagy onuň bäsleşige ukyplylygynyň derejesini ýokarlandyrmagy şertlendirýär, milli ykdysadyýetiň ýokary depginlerde ösmegine ýardam berýär. Emma halkara ykdysady gatnaşyklaryň iň gadymy we çalt ösýän görnüşleriniň biriligine garamazdan dünýä söwdasynda käbir gapma-garşylyklaryň ýüze çykmagy obýektiw ýagdaýdyr. Ol garşylyklaryň aradan aýrylmagy döwletleriň alyp barýan söwda syýasatyna bagly bolýar.

Eýsem, halkara söwda syýasatynyň mazmuny nämeden ybarat? Ozaly bilen daşary söwda syýasaty – ýurduň daşary ykdysady syýasatynyň bir bölegidir. Daşary ykdysady syýasat ýurduň öňünde duran wezipelerden ugur alyp, onuň halkara giňişliginde milli ykdysadyýeti ösdürmek maksady bilen amala aşyrýan çäreleriniň toplumydyr. Daşary söwda syýasaty bolsa ýurduň eksport we import syýasatlaryny, olary düzgünleşdirmegiň tertibini, bu işi guramagyň kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmegi we ş.m. öz içine alýar.

Halkara söwda syýasatynda uzak ýyllaryň dowamynda iki sany özara baglanyşykly meýil saklanyp galýar. Olaryň birinjisi halkara söwdasyny liberallaşdyrmaga, söwda päsgelçilikleri aradan aýyrmaga bolan ymtylyşdyr. Başgaça aýdylanda, erkin söwda syýasatyny alyp barmakdyr. Ikinjiden, proteksionizm syýasatyny, ýagny «keseki» kapitalyň we harydyň öz ýurduňa aralaşmasyny çäklendirmek synanyşygyny güýçlendirmekden ybaratdyr.

Halkara tejribesinde döwletleriň daşary söwda syýasaty birekbiregiňkiden tapawutlanmak bilen özünde proteksionizmiň we liberallaşdyrmagyň elementlerini utgaşdyrýar. Häzirki halkara söwda tejribesinde iki ugur hem utgaşykly alnyp barylýar. Olardan başga-da, gümrük syýasaty, demping, tarif däl çäklendirmeler, has artyk amatlyklar düzgüni ýaly çäreler dünýä tejribesinde giňden peýdalanylýar.

Her bir ýurt özüniň daşary söwda syýasatyny milli ykdysadyýetiň ýagdaýyndan ugur alyp kesgitleýär. Ösen ýurtlar ekrin söwda ýörelgelerine ähmiýet berseler, ösýän döwletler proteksionizm syýasatyna artykmaçlyk berýärler.

Halkara tejribesi bu iki meýliň häzirki halkara söwdasynyň häsiýetli tarapydygyna şaýatlyk edýär. Bu meýilleriň arasyndaky gapma-garşylygy çözmegiň esasy meselesi olaryň has dogry gatnaşygyny tapmakdan ybaratdyr. Haçanda bähbitleriň deňeçerligi bozulan mahaly, has dogry gatnaşyk bozulan mahaly, gapma-garşylyk ýüze çykýar.

Türkmenistan barada aýdylanda, halkara söwda syýasatynda gabat gelýän proteksionizm syýasaty hem, «erkin söwda» syýasaty hem ýurdumyzyň milli bähbitlerinden ugur alnyp utgaşdyrylyp peýdalanylýar. Bu iki meýliň haýsy birine artykmaçlyk berilmelidigi milli ykdysadyýetiň öňünde duran wezipelerden, onuň ýeten derejesinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Mysal üçin, ýokarda bellenip geçilişi ýaly, senagat taýdan ösen ýurtlarda gümrük paçlarynyň derejesini peseltmek we erkin söwda syýasatyna ýykgyn etmek has äşgär duýulýar. Munuň tersine, ösüp gelýän ýurtlarda proteksionizm syýasaty, milli ykdysadyýeti goramak syýasaty giňden ýaýrandyr. Ýöne

häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde ösen ýurtlar hem, ösüp gelýän döwletler hem bu ugurlaryň ikisini hem utgaşdyryp peýdalanýarlar. Şu aýdylýan ýagdaý Türkmenistana hem doly derejede degişlidir. Şu günki gün haçanda Turkmenistanda bazar ykdysadyýetiniň esaslary kemala gelýän wagtlary, milli telekeçileriň döwlet goldawyna alynmagy kanunalaýyk ýagdaýdyr. Munuň özi milli ykdysadyýeti, milli bazary daşary ýurt bäsdeşliginden goramagy şertlendirýär. Bu ýagdaý ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň kuwwatynyň ýokarlandygyça öz ähmiýetini ýitirer.

Islendik ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklar ulgamynda söwda gatnaşyklaryna aýratyn orun degişlidir. Türkmenistanyň hem ykdysadyýetini ösdürmekde daşary söwda gatnaşyklara möhüm ähmiýet berilýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda düýpli öňe gidişlikler bolup geçdi. Ol üstünlikler hil we mukdar taýdan özgerişliklerde öz beýanyny tapdy. Mukdar taýdan ýurduň daşary söwda dolanyşygy birnäçe esse ýokarlandy. Hil özgerişlikler daşary söwdanyň haryt düzüminde we geografiki düzüminde bolup geçdi. Ähli özgerişlikler Türkmenistanyň ykdysadyýetinde bolup geçýän öňe gidişlikler bilen bilelikde bolup geçýär. Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda bolup geçýän özgerişlikleri aşakdaky 43-nji tablisanyň maglumatlaryndan görmek bolar (43-nji tablisa).

Tablisadan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda oňyn öňe gidişlikler bolup geçdi. 1992-2009-njy ýyllar aralygynda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy 20 essä golaý artdy. Şol döwürde daşary ýurtlara satylan we ýurduň içine getirilen harytlaryň möçberi hem düýpli ýokarlandy. Aýratyn bellemeli ýagdaý – 2000-nji ýyldan bäri eksportyň importa garanda köpelmek meýli saklanyp galýar. Başgaça aýdylanda, ýurdumyzyň daşary söwda balansy oňaýly. 2009-njy ýylda bu görkeziji 330,5 million amerikan dollaryna deň boldy.

Getirilen maglumatlar ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň ýagdaýynda 3 döwri tapawutlandyrmaga esas döredýär:

*43-nji tablisa*

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň daşary söwdasynyň umumy ýagdaýy (ABŞ-nyň mln. dol.)**

| Görkezijiler / Ýyllar | Daşary söwda dolanyşygy | Eksport | Import | Saldo | 1992-nji ýyl bilen deňeşdirilende |
|---|---|---|---|---|---|
| 1992 | 938,1 | 908,4 | 29,7 | + 878,7 | 100,0 |
| 1993 | 1556,0 | 1054,5 | 501,5 | + 553 | 165,8 |
| 1994 | 3612,9 | 2145,1 | 1467,8 | + 677,3 | 385,1 |
| 1995 | 3244,7 | 1880,7 | 1364,0 | + 516,7 | 345,8 |
| 1996 | 3008,9 | 1688,6 | 1320,3 | + 368,3 | 320,7 |
| 1997 | 1980,2 | 750,3 | 1229,9 | – 479,6 | 211,0 |
| 1998 | 1576,0 | 598,1 | 977,9 | – 379,8 | 167,9 |
| 1999 | 2470,6 | 1142,2 | 1328,4 | – 186,2 | 263,3 |
| 2000 | 4288,4 | 2500,9 | 1785,5 | + 715,4 | 456,8 |
| 2001 | 4968,5 | 2620,0 | 2348,5 | + 271,5 | 529,6 |
| 2002 | 4975,0 | 2855,6 | 2119,4 | + 736,2 | 530,3 |
| 2003 | 6144,0 | 3632,0 | 2512,0 | + 1120,0 | 654,9 |
| 2004 | 7190,0 | 3870,0 | 3320,0 | +550 | 766,4 |
| 2005 | 8577,4 | 4939,0 | 3638,4 | +1300,6 | 914,3 |
| 2006 | 10014,1 | 6724,1 | 3290,0 | +3434,1 | 1067,1 |
| 2007 | 13374,1 | 8932,1 | 4442,0 | +4490,1 | 1422,6 |
| 2008 | 17651,9 | 11944,7 | 5707, 2 | +6237,5 | 1881,6 |
| 2009 | 18315,3 | 9322,9 | 8992,4 | +330,5 | 1952,3 |
| 2010 | 17882,8 | 9679,2 | 8203,6 | + 1475,6 | |
| 2011 | 28111,8 | 16751,0 | 11360,8 | +5390,2 | |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Tablisadan görnüşi ýaly, Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynda oňyn öňe gidişlikler bolup geçdi. 1992-2011-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygy 30 essä golaý artdy. Şol döwürde daşary ýurtlara satylan we ýurduň içine getirilen harytlaryň möçberi hem düýpli ýokarlandy. Aýratyn bellemeli ýagdaý

– 2000-nji ýyldan bäri eksportyň importa garanda köpelmek meýli saklanyp galýar. Başgaça aýdylanda, ýurdumyzyň daşary söwda balansy oňaýlydyr. 2011-nji ýylda bu görkeziji 5390,2 million amerikan dollaryna deň boldy.

*1-nji döwür.* Bu döwür 1992-1998-nji ýyllary öz içine alýar. Şu aralykda daşary söwda dolanyşygynyň göwrümi yzygiderli pese gaçmak meýline eýe bolýar. Beýle ýagdaý aşakdaky sebäpler bilen düşündirilýär:

– ozalky bir bütewi döwletiň daşary ykdysady aragatnaşyklaryny dolandyryş ulgamynyň syndyrylmagy;

– Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň ýurtlarynyň köpüsinde önümçiligiň pese gaçmagy we ozalky respublikanara gatnaşyklaryň bozulmagy;

– karz berlişiň we onuň yzyna gaýtarylyp berlişiniň pese gaçmagy;

*2-nji döwür.* Bu döwür 1999-2006-njy ýyllary öz içine alýar. Bu döwür daşary söwda dolanyşygynyň göwrüminiň yzygiderli artmagy bilen häsiýetlendirilýär. Daşary söwdanyň okgunly artmagyna aşakdaky sebäpler täsir etdi:

– eksportyň fiziki mümkinçilikleriniň artmagy;

– eksportyň geografiýasynda hyzmatdaşlyk edilýän döwletleriň sanawynyň giňelmegi;

– ýurdumyzda daşary söwda gatnaşyklaryny dolandyryş mehanizminiň kemala gelmegi;

– daşary söwda gatnaşyklarynyň düzgünleşdirilmegi;

– daşary ykdysady gatnaşyklary işeňňirleşdirmäge gönükdirilen çäreleriň amala aşyrylmagy.

*3-nji döwür.* 3-nji döwür 2007-nji we 2011-nji ýyllaryň netijeleriniň öňki ýyllaryňkydan has tapawutlanýanlygy äşgär göze ilýär. 2007-nji ýylda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygynyň möçberi has ýokary depginlerde artdy. Ýagny, daşary söwda dolanyşygy 2006-njy ýyl bilen deňeşdirilende 33,5 göterim ýokarlandy. 2008-nji yylda bu gorkeziji 32 goterim artdy. Munuň özi öňki ýyllaryň görkezijisinden has ýokarydyr we döwletimiziň daşary söwda gatnaşyklarynda häzirki bolup geçýän oňyn özgerişlikleri alamatlandyrýan ýag-

daýdyr. Mysal üçin, 2006-njy ýylda Türkmenistanyň daşary söwda dolanyşygynyň ösüşi 16 göterime deň bolupdy. Ýurdumyzyň daşary söwdasynda bolup geçýän beýik özgertmeler aşakdaky ýagdaýlar bilen düşündirilýr:– ýurdumyzyň halkara işjeňligi, şol sanda daşary söwda işjeňligi has işeňňirleşdi;

– ýurdumyzyň eksport kuwwaty ýyl-ýyldan ýokarlanýar;

– daşary söwdanyň diwersifikasiýalaşdyrylyş derejesi ýokarlanýar.

*44-nji tablisa*

**Türkmenistanyň esasy hyzmatdaş ýurtlary**

| Ýurtlar | Eksport | | | Import | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2008 | 2009 | 2011 | 2008 | 2009 | 2011 |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| Jemi | 11944.7 | 9322.9 | 16751,0 | 5707.2 | 8992.4 | |
| Azerbaýjan | 474.1 | 22.8 | 20,0 | 27.5 | 37.7 | 41,8 |
| Ermenitan | 9.3 | 3.8 | 25,3 | 2.4 | 1.5 | 2,3 |
| Belarus | 4.0 | 2.9 | 4,0 | 61.8 | 71.3 | 206,3 |
| Gruziýa | 53.4 | 461.7 | 869,1 | 8.5 | 21.5 | 17,2 |
| Gazagystan | 39.2 | 16.2 | 13,4 | 254.9 | 168.2 | 152,2 |
| Gyrgyzystan | 4.8 | 1.0 | 16,7 | 6.2 | 7.0 | 10,9 |
| Russiýa Federasiýasy | 6018.5 | 4353.0 | 3421,9 | 891.3 | 1196.2 | 894,4 |
| Özbegistan | 16.2 | 63.1 | 333,0 | 76.5 | 108.3 | 172,2 |
| Ukraina | 117.7 | 27.8 | 19,0 | 352.4 | 448.0 | 289,5 |
| Awstriýa | 0.0 | 0.0 | 0 | 41.2 | 19.6 | 28,0 |
| ABŞ | 9.3 | 6.3 | 5,5 | 130.9 | 339.8 | 413,6 |
| Belgiýa | 1.7 | 0.9 | 1,8 | 39.5 | 24.4 | 20,8 |
| Berdum adalary | 0.0 | 0.0 | 0,2 | – | – | – |
| Beýik Britaniýa | 21.2 | 38.6 | 60,3 | 46.2 | 67.7 | 205,8 |
| Birleşen Arap Emirlikleri | 9.3 | 10.8 | 26,2 | 577.8 | 665.3 | 868,5 |
| Eýran | 2738.5 | 2952.7 | 4091,7 | 237.0 | 472.4 | 662,9 |

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Fransiýa | 1.6 | 0.4 | 0,8 | 153.8 | 182.3 | 228,5 |
| Gibraltar | 14.6 | 27.2 | 19,5 | 34.0 | 32.2 | 5,5 |
| Germaniýa | 24.5 | 0.1 | 9,3 | 201.2 | 225.7 | 420,5 |
| Hindistan | 2.5 | 2.8 | 3,1 | 70.0 | 85.9 | 64,5 |
| Hytaý (Sýangan we Taýwan bilen bilelikde) | 27.7 | 14.6 | 4061,2 | 794.4 | 1637.6 | 1103,3 |
| Italiýa | 1414.1 | 400.7 | 2246,2 | 110.6 | 76.0 | 49,1 |
| Kipr | 8.5 | – | – | 7.7 | 11.0 | 119,3 |
| Koreýa Respublikasy | – | 0.1 | 1,2 | 22.6 | 65.7 | 481,8 |
| Latwiýa | 67.6 | 14.6 | 64,3 | 29.1 | 105.4 | 61,5 |
| Lýuksenburg | – | – | – | 0.3 | 0.4 | 4,9 |
| Niderlandlar | 1.7 | 8.6 | 59,3 | 47.6 | 66.5 | 63,4 |
| Owganystan | 199.1 | 277.2 | 448,3 | 5.5 | 1.7 | 8,8 |
| Päkistan | 2.6 | 3.3 | 22,7 | 11.2 | 11.0 | 27,1 |
| Polşa | 0.0 | 0.7 | 0,2 | 15.3 | 18.4 | 20,0 |
| Rumyniýa | 63.6 | 3.0 | – | 15.0 | 16.8 | 13,1 |
| Singapur | 15.1 | 30.2 | 126,0 | 10.7 | 12.7 | 70,3 |
| Slowakiýa | – | – | – | 1.7 | 2.8 | 4,9 |
| Şweýsariýa | 54.9 | 48.7 | 58,5 | 85.5 | 41.7 | 140,4 |
| Şwesiýa | 0.0 | 0.1 | – | 8.8 | 6.8 | 2,2 |
| Yrak | 129.0 | 189.8 | 102,1 | – | – | – |
| Türkiýe | 222.5 | 224.1 | 302,5 | 632.7 | 2053.5 | 3448,1 |
| Wengriýa | 0.2 | – | – | 9.2 | 55.0 | 12,3 |
| Wirgin adalary (Britaniýa) | 51.8 | 41.9 | 47,1 | 12.6 | 25.8 | 16,8 |
| Ysraýyl | 0.5 | 0.6 | – | 3.4 | 3.1 | 8,4 |
| Ýaponiýa | 0.1 | 0.0 | 0,4 | 103.2 | 29.5 | 43,4 |
| Beýleki ýurtlar | 125.3 | 72.6 | 270,2 | 566.5 | 576.0 | 1055,3 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Şeylelikde, Türkmenistanyň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň ýokary depginlerde ösmegi ýurdumyzyň dünýä hojalyk ulgamyna goşulmagyny has çaltlandyrmaga zerur şertleri döredýär. Munuň özi daşary söwda dolanyşygynyň göwrüminiň artmagynyň, senagatyň bazalaýyn pudaklarynyň ösmeginiň we ýurdumyzyň infrastrukturasynyň kämilleşdirilmeginiň netijesinde mümkin boldy.

Döwletimiz dünýäniň ähli sebitleri we ýurtlary bilen söwda gatnaşyklaryny alyp barmaga ymtylýar. Netijede, ýurdumyzyň daşary söwdasynyň geografiýasynda hem özgerişlikler bolup geçýär we söwda edýän ýurtlarynyň sany barha artýar. Häzirki wagtda ýurdumyz dünýäniň 96 döwleti bilen söwda gatnaşyklaryny amala aşyrýar.

Türkmenistan Ýewropany Orta Aziýa, Hytaý, Ýaponiýa bilen birleşdirmek nukdaýnazaryndan seredilende amatly geografiki ýagdaýy eýeleýän az sanly ýurtlaryň biridir. Şonuň üçin hem Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda amatly üstaşyr territoriýa hemem haryt ýerlemegiň täze bazary hökmünde Günbatar ýurtlarynyň, Ýaponiýanyň, Hytaýyň Orta Aziýa sebitine bolan gyzyklanmasy has artdy.

Haryt dolanyşygynyň geografiki gurluşynda ýurdumyzyň esasy hyzmatdaşlary bolup, GDA-nyň ýurtlaryndan – Russiýa Federasiýasy, Ukraina; Ýewropa ýurtlaryndan – Italiýa, Türkiýe we Germaniýa; Orta Aziýa ýurtlaryndan – Eýran, Gazagystan, şeýle hem Hytaý, Birleşen Arap Emirlikleri çykyş edýärler (44-nji tablisa).

### 12.2.2. Türkmenistanyň eksport syýasatynyň aýratynlyklary

Daşary söwda dolanyşygy harytlaryň *eksportynyň* we *importynyň* jemi görnüşinde kesgitlenilýär. Ýurduň dasary söwda gatnaşyklarynyň umumy ýagdaýlary daşary döwletlere satylan we dünýäniň beýleki ýurtlaryndan getirilen harytlaryň görkezijilerine gönüden-göni bagly bolýar. Daşary söwdanyň ýagdaýlaryna, esasan hem eksportyň görkezijileri güýçli täsir edýär.

Eýsem, «eksport» düşünjesi nämäni aňladýar? Ozaly bilen eksport diýen adalga halkara ykdysady gatnaşyklaryň esasy düşünjeleriniň biri bolup çykyş edýär. Eksport – munuň özi harytlaryň öz ýurduň çäklerinden çykarylyp daşary ýurt sarp edijilerine satylmagydyr. Eksport düşünjesi beýleki ýagdaýlar babatynda hem ulanylýar. Mysal üçin, hyzmatlaryn, kapitalyň, işçi güýjüniň eksporty.

Eksport ýurduň daşary ykdysady aragatnaşyklarynyň iň işjeň we esas goýujy bölegidir. Eksportyň göwrüminiň artdyrylmagy milli ykdysadyýetiň ösüşine aýgytlaýjy täsir edýär. Eksport möhüm halk hojalyk ähmiýetli işi bitirýär, ýagny ol daşary ýurt walýutasynyň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Dünýä bazarlarynda satylan harytlardan gelýän walýuta girdejileri ýurdumyza gerek bolan çig mallary, enjamlary, tehnikalary we tehnologiýalary, şeýle hem sarp edilýän harytlary satyn almak üçin peýdalanylýar. Eksportyň giňeldilmegi ýurdumyzyň halkara zähmet bölünişigine goşulyşyny çuňlaşdyrýar. Dünýä bazary üçin önüm öndürmeklik daşary ýurt kompaniýalary bilen aç-açan bäsleşik etmekligi aňladýar. Munuň özi harytlaryň hiliniň gowulanmagyna, zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagyna we önümçilik harajatlarynyň peselmegine ýardam berýär. Şol sebäpden ýurdumyzyň eksport esasyny ösdürmeklik milli ykdysadyýetimiziň öňünde duran iňňän möhüm wezipe bolup durýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda ýurdumyzyň eksportynda mukdar we hil özgerişlikler bolup geçdi. Daşary ýurtlara çykarylýan harytlaryň göwrümi düýpli artdy, hil taýdan özgerdi, eksportlyk harytlaryň görnüsleriniň sanawy has giňeldi. 1992–2008-nji ýyllar aralygynda Türkmenistanyň eksportynda bolup geçen özgerişlikleri 45-nji tablisanyň maglumatlaryndan görmek bolýar (45-nji tablisa).

Maglumatlardan görnüşi ýaly, Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda ýurdumyzyň eksportynda guwandyryjy öňe gidişlikler bolup geçdi. Eksportyň möçberi 1992-nji ýylda 908,4 million dollar bolanlygyndan 2008-nji ýylda ol eýýäm 11,9 milliard dollara ýetdi. Başgaça aýdylanda, seredilýän döwürde Türkmenistanyň eksporty 13 esseden gowrak artdy.

*45-nji tablisa*

**Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň eksportynyň ösüşi**

| Ýyllar | Eksportyň göwrümi (ABŞ-nyň mln. dol.) | 1992-nji ýyl bilen deňeşdirilende (%) |
|---|---|---|
| 1992 | 908,4 | 100 |
| 1993 | 1049,0 | 115,5 |
| 1995 | 2146,7 | 236,3 |
| 2000 | 2505,5 | 275,8 |
| 2003 | 3632,0 | 399,8 |
| 2005 | 4939,0 | 543,7 |
| 2006 | 6724,1 | 740,2 |
| 2007 | 8932,1 | 983,3 |
| 2008 | 11944,7 | 1314,9 |
| 2009 | 8992.4 | 989,9 |
| 2010 | 9679,2 | |
| 2011 | 16751,0 | |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Maglumatlardan görnüşi ýaly, Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda ýurdumyzyň eksportynda guwandyryjy öňe gidişlikler bolup geçdi. Eksportyň möçberi 1992-nji ýylda 908,4 million dollar bolanlygyndan 2008-nji ýylda ol eýýäm 11,9 milliard dollar,2011-nji ýylda 16751,0 ýetdi. Başgaça aýdylanda, seredilýän döwürde Türkmenistanyň eksporty 30 essä golaý artdy.

2007-2008-nji ýyllarda eksportyň artyş depgini 33 göterime deň boldy. Munuň özi döwletimizde soňky wagtlarda örän oýlanyşykly eksport syýasatynyň alnyp barylýanlygynyň gönüden-göni netijesi bolup durýar.

Döwletimiziň eksportynyň umumy ösüşi bilen bir hatarda onuň harytlyk düzüminde hem özgerişlikler bolup geçýär. Bu ugurda bolup geçýän üýtgeşmeleri 46-njy tablisanyň maglumatlaryndan görmek bolýar (46-njy tablisa).

*46-njy tablisa*

**1992-2009-njy ýyllarda Türkmenistanyň eksport harytlarynyň düzümi (%-de)**

| Harytlar | 1992 | 1995 | 2000 | 2006 | 2007 | 2010 | 2011 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Jemi | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 | 100 |
| Tebigy gaz | 77,2 | 59,3 | 49,7 | 50,6 | 54,6 | 52,9 | 64,6 |
| Nebit | – | – | 3,7 | 6,4 | 6,6 | 10,8 | 11,8 |
| Nebit önümleri | – | 10,3 | 20,5 | 26,1 | 21,4 | 20,5 | 16,2 |
| Elektrik energiýasy | – | 2,1 | 0,6 | 0,6 | 0,6 | 0,6 | 0,4 |
| Pagta süýümi | 14,8 | 23,6 | 9,0 | 2,1 | 2,3 | 4,6 | 1,6 |
| Nah matalar | … | … | 1,2 | … | 1,5 | 0,6 | 0,3 |

(Çeşmesi: Türkmenistanyň statistiki ýyllyk hasabaty. 2011-nji ýyl).

Tablisanyň maglumatlaryndan görnüsi ýaly, ýurdumyzyň esasy eksport harytlary bolup tebigy gaz, çig nebit we nebiti gaýtadan işlemekden alnan önümler, elektrik energiýasy, pagta süýümi hem-de dokma önümleri çykyş edýärler. Şol bir wagtyň özünde getirilen maglumatlardan belli bolşy ýaly, aýry-aýry harytlar boýunça käbir meýilleri hem görmek bolýar. Mysal üçin, seredilýän döwürde daşary ýurtlara satylýan pagta süýüminiň paýy düýpli azalýar. Beýle ýagdaýy, bir tarapdan, ýurdumyzda dokma senagatynyň ýokary depginlerde ösýänligi we pagta süýümine bolan içerki islegiň has ýokarlananlygy, beýleki tarapdan bolsa, soňky ýyllarda pagtaçylyk pudagynda ýüze çykan kynçylyklar bilen düşündirmek bolar. Dokma senagaty ykdysadyýetimiziň täze pudaklarynyň biri bolmak bilen Garaşsyzlyk ýyllarynda uly öňe gidişliklere eýe boldy.

Nebiti gaýtadan işlemek pudaklarynda hem uly özgerişlikler bolup geçdi. Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda amala aşyrylan döwrebaplaşdyrylyş işleriniň netijesinde öz ýurdumyzda gaýtadan işlenilýän nebitiň mukdary ep-esli artdy we şonuň netijesinde öndürilýän nebit önümleriniň sanawy has giňeldi. Netijede, eksport edilýän çig nebitiň paýy birneme kemeldi. Eksportyň düzüminde esasy orun tutýan haryt tebigy gazdyr. Onuň

eksportdaky paýy 59,1 göterime deňdir. Öňki ýyllarda hem ýagdaý şeýleräkdi. Tebigy gazdan soň eksportyň düzüminde uly orun tutýan nebit önümleridir. Onuň paýy yzygiderli artýar we şu günki gün ol 17,8 göterime deňdir. Nebit we nebit önümleri bilelikde ähli eksportyň 32,8 göterimini üpjün edýär. Şeýlelikde, ýurdumyzyň eksportynyň düzüminde tebigy gazyň, nebit we nebit önümleriniň paýy 91,9 göterim bolýar. Diýmek, ýangyç-energetika we dokma toplumlary milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ykbal kesgitleýji pudaklary bolup çykýs edýärler. Şol bir wagtyň özünde ýurdumyzyň ykdysadyýetinde amala aşyrylýan diwersifikasiýalaşdyrmak syýasaty eksport harytlarynyň düzüminiň giňeldilmegi üçin zerur şertleri döredýär.

Eksportyň haryt düzümi bilen bir hatarda onuň ýurtlar boýunça paýlanylyşynda hem belli bir özgerişlikleri görmek bolýar. Muňa 47-nji tablisanyň maglumatlary şaýatlyk edýär (47-nji tablisa).

*47-nji tablisa*

**Türkmenistanyň haryt satýan esasy ýurtlary**

| 2005 ýyl | | | 2008 ýyl | | |
|---|---|---|---|---|---|
| № | Ýurtlar | Paýy (%) | № | Ýurtlar | Paýy (%) |
| 1. | Ukraina | 33,7 | 1. | Russiýa | 50,4 |
| 2. | Eýran | 17,9 | 2. | Eýran | 22,9 |
| 3. | Italiýa | 14,2 | 3. | Italiýa | 11,8 |
| 4. | Türkiýe | 7,0 | 4. | Azerbaýjan | 3,9 |
| 5. | Russiýa | 5,0 | 5. | Türkiýe | 1,9 |
| 6. | Azerbaýjan | 4,0 | 6. | Owganystan | 1,7 |
| 7. | Yrak | 3,3 | 7. | Yrak | 1,1 |

Türkmenistanyň ýyllyk statistiki neşiri. 2000–2008 ý

2008-nji ýylda Türkmenistan daşary ýurtlara satylýan harytlar boýunça has iri eksport amallaryny Russiýa Federasiýasy, Eýran, Italiýa, Azerbaýjan, Türkiýe, Owganystan,Yrak ýaly ýurtlar bilen amala aşyrdy. Şunda öňki ýyllar bilen deňeşdirilende uly özgerişligiň göze ilýänligini bellemek gerek. 2008-nji ýylda eksport boýunça Türkmenistanyň esasy söwda hyzmatdaşy Russiýa Federasiýasy

boldy. Munuň esasy sebäbi Türkmenistandan Ýewropa gidýän tebigy gazyň ýeke-täk satyn alyjysy bolup Russiýanyň çykyş edýänligidir. Ukraina hem türkmen gazyny satýan Russiýadyr. Türkmenistanda öndürilen önümler dünýäniň 60 ýurduna eksport edildi. 2009-njy ýylda bolsa, birinji orna Türkiýe, ikinji orna Hytaý, üçünji orna Russiýa geçdi.

Ýokarda getirilen maglumatlardan ugur alynsa, Garaşsyzlyk ýyllarynyň içinde ýurdumyzyň eksportynyň mukdar we hil görkezijilerinde oňyn ilerlemeleriň bolup geçenligini görmek kyn däl. Bu ugurda köp işler amala aşyryldy. Döwletimiziň ykdysadyýetini berkitmek, onuň dünýä ykdysadyýetine goşulmagyny çaltlandyrmak, ilatymyzyň durmuş hal-ýagdaýyny ösen ýurtlaryň derejesine çykarmak wezipesi öňde durýar. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň nebit-gaz pudagyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli Baş ugry Milli Maksatnamasynda» ýurdumyzyň eksport kuwwatyny düýpli artdyrmak boýunça uly wezipeler öňde goýuldy. Şu işleriň üstünlikli durmuşa geçirilmegi köp babatda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan eksport syýasatyna bagly bolar.

Täze eksport syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri daşary ýurtlara çykarylýan harytlaryň diwersifikasiýalaşdyrylyş derejesini güýçlendirmekden ybaratdyr. Dünýä bazaryna hödürlenilýän harytlaryň sanawyny giňeltmek günüň derwaýys meselesi bolup durýar. Muny ýurdumyzyň dürli pudaklarynda bar bolan mümkinçilikleri has başarjaň we netijeli peýdalanmagyň hasabyna gazanmak mümkin bolar. Mysal üçin, oba hojalygymyzyň eksport mümkinçilikleriniň örän ýokarylygyna garamazdan ony netijeli peýdalanmagyň ýollary ýeterlik derejede kesgitlenmedik.

Ýurdumyzyň eksport syýasatynda möhüm orun tutmaly hakykatlaryň biri hem esasy eksport harydymyz bolan tebigy gazyň dünýä bazarlarynda satylan mahaly olaryň dünýä bahalaryndan ugur alyp satylmagyny gazanmakdan ybaratdyr. Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň gönüden-göni özüniň başda durmagynda bu ugurda aýgytly ädimler ädildi. Daşary döwletlere satyljak gazyň bahasynyň

dünýä derejesinden pes bolmazlygyny gazanmaklyk häzirki döwrüň zerurlygy bolup durýar. Şeýle derejä çykmaklyk ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini pugtalandyrmakda we halkymyzyň ýaşaýyş şertlerini ýokarlandyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolar.

Ýurdumyzyň esasy baýlygy hasaplanylýan tebigy gazy dünýä bazaryna çykarmagy diwersifikasiýalaşdyrmak eksport syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Şeýle zerurlyk diňe Türkmenistan üçin möhüm bolman, ol dünýäniň dürli künjeklerinde ýerleşýän tebigy gazy sarp ediji ýurtlar üçin hem örän derwaýysdyr. Häzir dünýäniň dürli sebitlerinde energiýa howpsuzlygyny üpjün etmek möhüm mesele bolup durýar. Şonuň üçin hem türkmen tebigy gazyny dürli ugurlar boýunça sarp edijilere ýetirmek meselesinde Türkmenistan bilen bir hatarda dünýäniň beýleki ýurtlarynyň hem gyzyklanmagy kanunalaýyk ýagdaýdyr. Häzirki wagtda şeýle gyzyklanmany güýçli ösýän ykdysadyýetli ýurtlar diýlip hasaplanylýan Hytaý, Hindistan hem-de Ýewropa Bileleşiginiň döwletleri ýokary derejede beýan etdiler. Şeýlelikde, türkmen tebigy gazyny dünýä bazaryna çykarmagyň köpugurly ýolunyň durmuşa geçirilmegi diňe bir Türkmenistana bähbitli bolman, ol dünýäniň energetika howpsuzlyk meselesini çözmekde hem möhüm ähmiýete eýe bolar. Şu babatda Türkmenistan-Özbegistan-Gazagystan-Hytaý transmilli gaz geçirijisiniň, Türkmenistanyň we Eýran Yslam Respublikasynyň arasynda ikinji ugur bolup hyzmat edýän Döwletabat-Sarahs-Hangeran gaz geçirijisiniň gurlup işe girizilmegi türkmen tebigy gazyny eksport etmekligi diwersifikasiýalaşdyrmakda ädilen iňňän möhüm ädimdir.

Eksport syýasatynyň ýene-de bir möhüm ugurlarynyň biri hem dünýä bazary üçin öndürilýän harytlaryň hilini dünýä talaplaryna laýyk getirmekden we olaryň halkara derejesindäki bäsleşige ukyplylygyny ýokarlandyrmagy üpjün etmekden ybaratdyr. Şol bir wagtyň özünde dünýä bazaryna çykaryljak harytlaryň mahabat ediliş ýagdaýynyň döwrüň talaplaryndan yza galmagy olaryň satylyşyna oňaýsyz täsir edýär. Şol mynasybetli ýurdumyzyň hormatly Prezidenti bu meselä aýratyn üns bermegiň zerurlygyny özüniň çykyşlarynda hemişe nygtap gelýär.

### 12.2.3. Türkmenistanyň import syýasaty

Eksport syýasaty bilen bir hatarda milli ykdysadyýeti ösdürmekde ýurtda alnyp barylýan import syýasatynyň hem uly ähmiýeti bardyr. Import hem edil eksport ýaly daşary ykdysady aragatnaşyklary häsiýetlendirýän esasy düşünjeleriň biridir. Import – harytlaryň daşary ýurtlardan ýurduň içine getirilmegini aňladýar.

Importyň esasy wezipesi jemgyýetçilik zähmetini tygşytlamakdan we wagt utmakdan ybaratdyr. Halkara zähmet bölunişiginiň netijesinde harydy öndürmek üçin edilýän harajatlar birmeňzeş bolmaýar. Şol bir haryt üçin edilýän harajatlar dürli ýurtlarda tapawutly bolýanlygy sebäpli olaryň gymmaty hem tapawutlanýar. Şonüň üçin hem köp zähmet harajatlaryny talap edýän harytlary dünýäniň beýleki ýurtlaryndan getirmäge bolan ymtylyş kanunalaýyk ýagdaýdyr. Munuň özi jemgyýetçilik zähmetiniň tygşytlanmagyny üpjün edýär. Diýmek, her bir ýurt zähmeti we wagty az talap edýän önümleri öndürmäge ymtylýar hem-de olary eksport etmegiň netijesinde walýuta gazanýar. Ýurtda öndürilmeýän we öndürilmesi gymmat düşýän harytlar daşyndan getirilýär.

Şu babatda islendik ýurtda alnyp barylýan import syýasatynyň milli ykdysadyýeti ilerletmekde we ilatyň isleglerini kanagatlandyrmakda juda uly ähmiýetiniň barlygyny bellemek gerek. Türkmenistanyň eksport kuwwatynyň güýçli bolmagy bilen bir hatarda onuň daşary ýurtlarda öndürilýän dürli häsiýetli harytlara bolan import mätäçligi hem ýokarydyr. Mysal üçin, ýurdumyzyň halk hojalygyna zerur bolan maşynlar, enjamlar, metallurgiýa senagatynyň önümleri, ulag serişdeleri, radio-teleapparaturalar we ýene-de köp sanly harytlar daşary ýurtlardan getirilýär. Olaryň öz wagtynda getirilmeginiň we şol harytlara bolan işlegleriň has doly kanagatlandyrylmagynyň milli ykdysadyýetiň yzygiderli ösüşini üpjün etmekde örän uly ähmiýeti bar. Eger-de şu meselelerde kynçylyklar döräýse, onda onuň oňaýsyz täsiri günübirin ýüze çykýar. Bu ýagdaý ykdysady durmuşda hem, adamlaryň ýaşaýyş ýagdaýlarynda hem öz beýanyny tapýar. Şonuň üçin hem ýurduň import syýasaty örän oýlanyşykly hereketleri talap

edýär. Garaşsyz Türkmenistanyň import syýasatynyň esasy maksady ýurdumyzyň öndüriji güýçleriniň ösüşiniň çaltlandyrylmagyna we halkyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam bermekden ybaratdyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda Türkmenistanyň import syýasatynda we import gatnaşyklarynda bolup geçen özgerişlikleri hem-de meýilleri häsiýetlendirýän käbir maglumatlara ýüzleneliň. Mysal üçin, ýurdumyzyň importynyň umumy göwrümi 1993-2008-nji ýyllar aralygynda 11 esseden gowrak artdy. 2000-2008-nji ýyllarda import edilen harytlaryň artyşy 3,2 essä golaý boldy. Türkmenistanyň importynyň ösüşinde aşakdaky meýilleri görmek bolýar:

1. Importyň esasy bölegini maşynlar, enjamlar we mehanizmler tutýar. Onuň tutýan orny uly bolmagynda galýar.

2. Metal we metal önümleri hem-de ulag serişdeleri uly orun tutýar. Bu ady tutulan haryt toparlary Türkmenistanda öndürilmeýär ýa-da az möçberlerde öndürilýär. Olaryň köp importirlenýändigi hem şonuň bilen düşündirilýär.

3. Maldarçylyk we ekerançylyk önümleriniň, şeýle hem taýýar azyk önümleriniň importdaky paýy azalmak meýline eýedir.

Döwletimiziň daşary söwdasynda importyň göwrümi yzygiderli artýar. Importlyk harytlaryň düzüminde ilatyň sarp ediş harytlarynyň paýy yzygiderli kemelýär, önümçilik-tehniki häsiýetli harytlaryň paýy bolsa durnukly artýar. Beýle ýagdaý, bir tarapdan, içerki bazaryň taýýar azyk önümlerine bolan isleginiň, esasan, ýerli harytlaryň öndürilmeginiň hasabyna üpjün edilýänligi, beýleki tarapdan bolsa, ýurdumyzda uly ykdysady özgerişlikleriň amala aşyrylýanlygy sebäpli önümçilik-tehniki häsiýetli harytlara bolan islegiň durnukly artýanlygy bilen düşündirilýär. Şunlukda, ýurdumyzyň importynyň göwrüminiň artmagy, esasan, önümçilik-tehniki häsiýetli önümleriň getirilmeginiň has köpelmegi netijesinde bolup geçýär. Bu topara degişli harytlaryň köp möçberde getirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetinde gaýtadan işleýän pudaklaryň kärhanalarynyň bina edilmeginiň giň gerim bilen alnyp barylýandygynda öz beýanyny tapýar. Şol bir wagtyň özünde häzirki döwürde ýurdumyzda importy çalyşmak

syýasatyna örän uly ähmiýet berilýänligini bellemek gerek. Importyň düzüminde azyk önümleriniň paýynyň ýuwaş-ýuwaşdan kemelmegi soňky wagtlarda ýurdumyzda şeýle önümçilikleri ösdürmek meselesine ünsüň has güýçlenenliginiň gönüden-göni netijesidir.

Şeýlelikde, garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň daşary söwda syýasaty ýurdumyza uly ykdysady ösüşleri gazanmaga we geljege tarap ynamly gadam basmaga ýardam berdi. XXI asyryň geçen ýyllarynda ýurdumyzyň daşary söwda dolanyşygy yzygiderli artyp gelýär. Bu bolsa öz gezeginde ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ýokarlanmagyny, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň gülläp ösmegini we ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyny üpjün edýär.

## 12.3. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlary.

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri – ýurdumyzyň ykdysadyýetine daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekdir. Bu meselä biziň Garaşsyz ýurdumyzda uly ähmiýet berilýär. Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda Türkmenistanyň ykdysady durmuşynda uly özgerişlikler bolup geçdi. Ykdysadyýetiň düzümleýin üýtgedilmesi we kämilleşdirilmesi amala aşyrylýar. Şu işleri ýerine ýetirmekde daşary ýurt maýa goýumlarynyň orny örän uludyr.

Ýurtlaryň ykdysady ýagdaýy, köplenç halatda olaryň maýalyk işjeňligi bilen kesgitlenilýär. Häzirki döwürde Türkmenistana daşary ýurt maýa goýumlary işjeň çekilýär. Daşary yurt maýa goýumlaryny çekmek dürli görnüşlerde: bilelikdäki kärhanalary döretmek arkaly, daşary ýurt karzlary çekmek görnüşinde we karz geleşikleri, ýagny çig mal serişdelerine çalyşmak hem-de beýleki görnüşlerde amala aşyrylýar. Daşary ýurt maýalary bilen baglanyşykly bolan gatnaşyklar «Türkmenistanda inwestision iş hakyndaky», «Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky», «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky», «Salgytlar hakyndaky» Türkmenistanyň kanunlary bi-

len düzgünleşdirilýär. Olar maýa goýumlyk işiň hukuk-ykdysady şertlerini kesgitleýär.

Daşary ýurt maýalaryny çekmek Türkmenistanyň maýa goýumlar işiniň baş ýörelgesiniň möhüm bölegidir. Daşary ýurt maýa goýumlary Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmäge, ylmy-tehniki progresiň ugurlaryny çaltlaşdyrmaga gönükdirilendir.

Türkmenistanyň maýa goýumlary babatdaky syýasaty umumy ykdysady özgertmeleriň bir bölegi bolmak bilen biziň ýurdumyzyň özboluşly aýratynlyklary nazara alnyp ýöredilýär. Gaýtadan işleýän we önümçilik pudaklaryny kemala getirmäge, şeýle hem türkmen ýangyç serişdelerini dünýä bazaryna çykarmaga uly üns berilýär.

Türkmenistanda eýeçiligiň görnüşlerine we haýsy döwlete degişlidigine garamazdan maýa goýumlarynyň goralmagy kepillendirilýär. Maýa goýumlaryň goralmagy Türkmenistanyň kanunlary bilen üpjün edilýär. Şunda ähli maýa goýumlar barada maýa goýumlaryny dolandyrmaga, olary peýdalanmaga we ýok etmäge päsgel berip biljek kemsidiji häsiýetli çäreleriň ulanylmagynyň öňüni alýan deňhukukly düzgün üpjün edilýär. Şeýle hem maýa goýumlarynyň netijelerini alyp gitmegiň şertleri we tertibi göz öňünde tutulýar.

Maýa goýumlaryň bahasy tölenilmän millileşdirilip elinden alnyp bilinmeýär. Muňa degişli çäreler diňe Türkmenistanyň kanunçylyk namalary esasynda hem-de maýa goýumlar işiniň bes edilmegi netijesinde ýetirilen ýitgileriň maýa goýuja doly möçberinde öwezini dolmak bilen amala aşyrylyp bilner.

Milli ykdysadyýetleriň daşary ýurt maýadarlaryny özüne çekijiligi gönüden-göni ýurtda döredilen maýa goýumlyk ýagdaýa bagly bolýar. Maýa goýumlyk ýagdaý diýlip daşary ýurt maýa goýumlarynyň netijeli goýulmagy we peýdalanylmagy üçin döredilen syýasy, ykdysady, kanunçylyk we maddy şertleriň jemidir.

Türkmenistandaky syýasy durnuklylyk, ýurduň bitaraplyk derejesi, dünýä gatnaşyklaryna açyklyk, tebigy şertleriň we ýokary hünärli işçi güýjüniň barlygy, maýa goýumlar boýunça dünýädäki iň ýokary talaplara laýyk gelýän kanunçylyk binýadyň döredilmegi daşary ýurt döwletler üçin maýa goýumlary işe çekmekligiň örän möhüm şerti

bolup durýar. Daşary ýurt maýalary üçin ýurtda iň ýokary talaplara laýyk gelýän şertleri döretmek hormatly Prezidentimiziň alyp barýan ykdysady syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek meselesine berilýän üns has güýçlendi. Onuňam sebäbi şu günki gün ýurdumysda halkara ähmiýetli örän iri maýa goýum taslamalarynyň birbada birnäçesiniň gurluşygynyň alnyp barylýanlygydyr. Yglan edilen «Açyk gapylar» syýasaty özüniň oňyn netijelerini berýär. Häzirki wagtda bu ugurda uly işler amala aşyrylýar. Daşary ýurt maýadarlarynyň gatnaşmagynda ýurdumyzyň nebit-gaz we dokma toplumynda düýpli öwürlişikler bolup geçýär. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary üçin ileri tutulýan ugurlar: ýangyç-energetika toplumy, dokma senagaty, oba hojalygy, ulag we aragatnaşyk, syýahatçylyk pudagydyr. Şu güne çenli daşary ýurt maýadarlarynyň gatnaşmagynda müňden gowrak häzirki zaman kärhanalary işe girizildi. Ýurdumyzyň ykdysadyýetine goýlan maýa goýumlaryň möçberi yzygiderli artýar. Dürli ýurtlaryň kompaniýalary täze obýektleriň gurluşygyny dowam etdirýärler. Olaryň hatarynda Fransiýanyň, Türkiýänyň, Ukrainanyň, Russiýanyň, Hytaýyň, Günorta Koreýanyň we beýleki ýurtlaryň kompaniýalaryny görkezmek bolar.

Täze türkmen taryhynda uly yz galdyrjak halkara maýa goýum taslamalarynyň biri hem Demirgazyk – Günorta halkara geçelgesiniň möhüm ulag ugry boljak Üzen – Gyzylgaýa – Bereket –Etrek – Gorgan halkara demir ýolunyň gurluşygydyr. Onuň gurluşygyna 2007-nji ýylyň dekabr aýynyň 1-ne hormatly Prezidentimiziň hut özüniň ak pata bermeginde girişildi.

Demirgazyk – Günorta ulag geçelgesini gurmak baradaky teklip ilkinji gezek türkmen lideri tarapyndan 2007-nji ýylyň baharynda Tähranda öňe sürlüpdi. Şonda bu demir ýoly gurmak baradaky Türkmenistanyň, Eýranyň we Gazagystanyň arasynda üçtaraplaýyn taryhy ylalaşyga gol çekilipdi.

Şeýlelikde, asyryň uly halkara taslamalarynyň biri boljak geljekki transmilli Demirgazyk – Günorta ulag geçelgesiniň gurluşygy iş ýüzünde durmuşa geçirilip başlandy. Bu demir ýoly üç döwletiň çak-

lerinden geçmek bilen onuň umumy uzynlygy 900 kilometre deňdir. Şonuň iň uzyn bölegi 700 kilometre golaýy Türkmenistanyň içinden geçýär. Ol gazak şähralaryndan Garagumuň üsti bilen Eýranyň demirgazygyndaky Gülüstan daglyk welaýatyna çenli uzap gidýär. Demir ýoluň Türkmenistanyň çäklerindäki bölegini ähli kömekçi desgalary bilen bilelikde 2013-nji ýylyň dekabr aýynda ulanmaga bermeklik göz öňünde tutuldy.

Üzen-Gyzylgaýa-Bereket-Etrek-Gorgan halkara demir ýolunyň gurluşygy Türkmenistan üçin ileri tutulýan möhüm syýasy we ykdysady ähmiýetli gurluşykdyr. Bu gurluşygyň sebitiň ähli ýurtlary üçin örän uly ykdysady, syýasy we halkara ähmiýeti bar.

Türkmenistan üçin bu halkara ulag geçelgesiniň ähmiýeti hasda ýokarydyr. Sebäbi onuň has köp bölegi biziň ýurdumyzyň çäklerinden geçip gidýär. Diýmek, polat ýoluň çekilmegi sebitiň öndüriji güýçlerini netijeli peýdalanmaga, ony ösdürmäde, önümçilikleriň gurulmagyna, ýurdumyzyň üstaşyr geçiriljek ýükler üçin köp mukdarda ykdysady peýda almagyna giň mümkinçilikler döreýär. Müňlerçe täze iş orunlary emele gelýär.

Daşary ykdysady syýasatda ileri tutulýan ugurlaryň biri – türkmen energiýa göterijilerini dünýä bazaryna çykarmak meselesidir. Bu işde uly çäreleri amala aşyrmaklyk göz öňünde tutulýar. Gaz pudagynda hyzmatdaşlyk etmek boýunça täze ädim ädildi. Tebigy gazyň sarp edijileriniň hataryny giňeltmek ýolunda möhüm halkara maýa goýum taslamasy durmuşa geçirildi. Şu babatda Hytaý Halk Respublikasyna türkmen tebigy gazyny eltmek üçin uzynlygy 7 müň kilometre deň bolan Türkmenistan–Özbegistan–Gazagystan–Hytaý transmilli halkara gaz geçirijisiniň çekilmeginiň we işe girizilmeginiň örän uly ähmiýeti bardyr. Bu gaz geçirijisi boýunça Hytaý 30 ýylyň dowamynda her ýylda ortaça 40 milliard kub metr türkmen tebigy gazyny satyn alar. Türkmenistandan Eýran Yslam Respublikasyna çekilen Döwletabat-Sarahs-Hangeran täze gaz geçirijisiniň ulanylmaga berilmegi bolsa iki dostlukly goňsy döwletleriň milli ykdysadyýetlerini ösdürmekde möhüm ädim bolýar. Tebigy gazy dünýä bazaryna çykarmagyň beýleki ugurlary hem gün tertibinden aýrylanok. Şunda

biziň ýurdumyz hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürülýän diwersifikasiýalaşdyrmak syýasatyndan ugur alýar.

2009-njy ýylyň ahyrynda ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny ösdürmäge gönükdirilen iri maýa goýum taslamalaryny durmuşa geçirmek ýolunda ýene-de bir möhüm ädim ädildi. Iri gaz ýatagy bolan Günorta Ýolöten-Osman ýatagyny senagat taýdan özleşdirmek üçin 10 milliard dollara golaý maýa goýumlary gönükdirilýär. Bu örän uly taslamany durmuşa geçirmek işine Günorta Koreýanyň, Hytaýyň we Birleşen Arap Emirlikleriniň öňdebaryjy kompaniýalary çekiler. Şeýle hem 2009-njy ýylda Hazar deňziniň uglewodorod ýataklarynyň türkmen bölegini özleşdirmekde Türkmenistanyň täze hyzmatdaşlary – Germaniýanyň we Russiýanyň kompaniýalary önümi paýlaşmak şertlerinde işleýärler. Ondan öň bu ýerde şeýle şertlerde Malaýziýanyň Petronas, iňlis-arap Dragon Oil, Germaniýanyň Wintershall, Daniýanyň Maýersk Oil we beýleki ýurtlaryň belli kompaniýalary işleýärdi. Munuň özi biziň ýurdumyzda daşary ýurt kompaniýalarynyň işlemegi üçin amatly maýa goýumlyk ýagdaýyň döredilenliginiň netijesidir.

Şol bir wagtda Türkmenistan garaşsyz ösüşiň dowamynda daşary ýurt maýa goýumlaryny we karzlaryny çekmek babatynda belli bir tejribe toplady. Geçen döwürde käbir daşary ýurtlar öz karzlaryny ýokary göterimler bilen berdiler. Beýle ýagdaý Türkmenistanyň bähbitlerine laýyk gelmeýär. Şol sebäpden indi alynjak daşary ýurt karzlary pes göterimli elýeter karzlar bolmalydyr.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynda täzeçe çemeleşmeleriň ýüze çykanlygyny görmek bolýar. Hormatly Prezidentimiziň dürli ýurtlarda we dürli derejelerde eden çykyşlary munuň aýdyň mysaly bolup durýar. Hususanda, onuň Nyu-Ýorkda dünýäniň iri işewürleriniň öňünde eden taryhy çykyşynda daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek babatynda Türkmenistanyň öňe sürýän täze garaýyşlary bütin aýdyňlygy bilen beýan edildi. Daşary ýurt maýa goýumlaryny pul görnüşinde däl-de, täze tehnologiýalar, guramaçylyk tehnologiýalary görnüşinde çekmeklik göz öňünde tutulýar. Şeýle çemeleşme nebitgaz pudagy üçin has hem derwaýysdyr. Bu pu-

dagy ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli maksatnamasynda tebigy gazyň öndürilişini 229,8 milliard kub metre, nebitiň öndürilişini 66,6 million tonna ýetirmek wezipesi öňde goýulýar. Bu maksada ýetmek üçin bolsa uly möçberdäki maýa goýumlary we täze tehnologiýalar gerek.

Şu günki gün Türkmenistanda uly ähmiýet berilýän meseleleriň ýene-de biri – ol ýurdumyzda syýahatçylyk pudagyny ösdürmeklige düýbünden täzeçe çemeleşmek meselesidir. Bu ugurda esasy işler Hazar deňziniň kenarynda ýaýbaňlanýar. Bu ýerde «Awaza» milli erkin syýahatçylyk zolagyny döretmek yglan edildi. Bu taslamany durmuşa geçirmek üçin diňe Türkmenistanyň özi bir milliard dollarlyk maýa goýdy. Daşary ýurt maýadarlary tarapyndan hödürlenen taslamalaryň umumy möçberi 4 milliard dollara barabardyr. Milli Liderimiz daşary ýurt maýadarlaryny bu taslamany durmuşa geçirmäge işeňňir gatnaşmaga çagyrýar. Olar üçin uly ýeňillikler göz öňünde tutulýar. Häzirki wagtda bu ýerde köpsanly daşary ýurt kompaniýalary tarapyndan syýahatçylyk zolagy üçin zerur bolan desgalaryň gurluşygy ýokary depginlerde alnyp barylýar.

Umuman aýdylanda, örän gysga wagtyň – bary-ýogy üç ýylyň, ýagny 2007-2009-njy ýyllaryň içinde ýurdumyzda umumy bahasy 6 milliard 500 million amerikan dollaryna golaý bolan iri desgalaryň 677-si gurlup, ulanylmaga berildi. Şol desgalaryň hataryna Türkmenistan-Hytaý, Türkmenistan-Eýran gaz geçirijilerini, Amyderýanyň üstünden geçýän demir ýol köprüsini, metallurgiýa zawodyny, täze dokma kärhanalaryny, Garagumuň jümmüşindäki «Altyn asyr» Türkmen kölüni we başga-da köp desgalary görkezmek bolar. 2009-njy ýylda ýurdumyzda 1500-den gowrak desganyň gurluşygy alnyp barlan bolsa, 2010-njy ýylda eýýäm olaryň sanynyň 2190-a ýetendigini aýratyn bellemek gerek

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiz tarapyndan yglan edilen daşary ykdysady syýasat ýurdumyzyň halkara ykdysady gatnaşyklaryny we milli ykdysadyýetimiziň derejesini has ýokary belentliklere çykarmaga täze mümkinçilikleri açýar. Munuň özi Türkmenistanyň dünýä ykdysadyýetine amatly şertlerde goşulmagyny üpjün etmekde möhüm ädimdir.

## 12.4. Türkmenistan dünýäniň halkara integrasion ulgamynda

Ýurtlaryň milli ykdysadyýetleriniň dünýä hojalygyna goşulmagyna oňaýly täsir edýän ýagdaýlaryň biri hem dünýäde integrasion prosesleriň, ýagny goşulyşma prosesleriň güýçlenmegidir. Halkara ykdysady integrasiýa häzirki halkara ykdysady gatnaşyklaryň möhüm görnüşleriniň biri bolup çykyş edýär. Ykdysady durmuşyň internasionallaşdyrylmagy döwlet serhetleri tarapyndan döredilýän päsgelçilikleri ýeňip geçmäge mümkinçilik berýär. Integrasion prosesleriň güýçlenmegi häzirki zaman dünýä ykdysadyýetiniň ösüşiniň kanunalaýyklyklarynyň we esasy aýratynlyklarynyň biridir.

Ykdysady integrasiýa–munuň özi häzirki ykdysady durmuşy internasionallaşdyrmagyň ýokary basgançagydyr. Bu prosese gatnaşyjylaryň arasynda has çuň halkara zähmet bölünişigi amala aşyrylýar, harytlaryň, hyzmatlaryň, kapitalyň, işçi güýjüniň has ýokary derejedäki alyş-çalşygy alnyp barylýar. Integrasiýa kanunalaýyk ýagdaý bolmak bilen döwletleriň arasyndaky baglanyşygy has güýçlendirýär. Ol milli ykdysadyýetleri birek-birege ýakynlaşdyrýar, sebitleýin hojalyk toplumlarynyň emele gelmegine alyp barýar.

Ykdysady integrasiýa – ýurtlaryň aýratyn toparlarynyň arasynda çuň we durnukly özara baglanyşygyň ösmeginiň obýektiw ýagdaýy bolup durýar. Integrasiýa ýörite ylalaşyk esasynda hereket edýän köptaraply döwletara birleşigidir. Onuň çäklerinde beýlekileriňkiden tapawutlanýan şertlerde hojalyk işleriniň belli bir görnüşleri amala aşyrylýar. Halkara ykdysady integrasiýa umumy görnüşde berk baglanyşykly hojalyk gurluşyny aňladýar.

Integrasion bileleşik azyndan iki döwleti öz içine alýar. Bu proses ozaly bilen, integrasion bileleşige girýän ýurtlaryň, pydaklaryň arasynda durnukly baglanyşygyň ýola goýulmagyny göz öňünde tutýar. Netijede, bu ýurtlar özara baglanyşykly hereket edýärler, bir-birleriniň bazaryna aralaşýarlar.

Ylmy-tehniki progresiň häzirki basgançagynda köp ýurtlar üçin halkara ykdysady integrasiýa obýektiw zerurlyk bolup durýar. Beýle

zerurlyk islendik ýurda mahsusdyr. Esasan hem bu proses ösen ýurtlarda has aýdyň ýüze çykýar.

Integrasion birleşmeler, köplenç, sebitleýin häsiýete eýe bolýarlar.

Olar bolup geçýän integrasion prosesleriň häsiýetine we çuňlugyna baglylykda tapawutlanýar. Häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde integrasion birleşmeleriň şu aşakdaky esasy görnüşleri hereket edýär:

1. Erkin söwdanyň zolaklary. Birleşmä gatnaşyjy ýurtlar özara söwdadaky gümrük päsgelçilikleri aradan aýyrmak bilen çäklenýärler.

2. Gümrük Soýuzy. Beýle goşulyşmada toparyň içinde harytlaryň we hyzmatlaryň erkin hereketiniň üsti üçünji döwletler üçin bir bütewi gümrük tarifini bellemeklik bilen ýetirilýär.

3. Umumy bazar. Integrasiýanyň bu görnüşinde ýurtlaryň diňe bir özara söwdadaky päsgelçilikleri aradan aýrylman, işçi güýjüniň we kapitalyň erkin hereketine hem zerur şertler döredilýär.

4. Ykdysady we walýuta Soýuzy. Bu Soýuz ýokarda seredilen goşulyşma çäreleriniň üstüniň ýetirilmegini talap edýär. Ol talaplar şulary öz içine alýar: integrasiýa gatnaşyjy döwletler bir bitewi ykdysady syýasat alyp barýarlar; durmuş-ykdysady prosesleri sazlaşdyrmagyň döwletara ulgamyny döredýärler; umumy walýuta geçmeklik göz öňünde tutulýar.

Häzirki döwre çenli dünýäniň dürli sebitlerinde 30-a golaý halkara integrasion bileleşikler emele geldi. Olaryň düzümine girýän döwletleriň paýyna planetamyzyň jemi içerki önüminiň 2/3 bölegi düşýär. Integrasiýanyň iň ýokary kämillige ýeten ýeri Ýewropa sebitidir. Bu ýerde Ýewropa Bileleşigi hereket edýär. Ol 1957-nji ýylda döredildi we häzirki wagtda onuň düzümine sebitiň 27 döwleti girýär. Netijede, häzirki pursatda Ýewropa Bileleşigi dünýäniň iň ösen hem-de iň uly integrasion birleşmesine öwrüldi. Häzir «Ýewropa Soýuzyna» girýän ýurtlarda 500 million adam ýaşaýar, meýdany bolsa 4,9 mln. inedördül kilometre çenli artdy. Geljekde-de Ýewropa Soýuzynyň düzümine girýän döwletleriň sanawynyň giňelmek ähtimallygy ýokary.

2002-nji ýylda Ýewropa soýuzynyň durmuşynda täze döwür başlandy, integrasiýanyň has ösen basgançagyna geçildi. 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropa Soýuzynyň ýurtlarynda täze bir bütewi, umumy walýuta bolan-Ýewro pul birligine geçildi. Häzirki wagtda Ýewronyň hereket edýän 16 Ýewropa döwletinde 300 mln. adam ýaşaýar.

Ýewropa Bileleşiginden başga häzirki zaman dünýä ykdysadyýetinde NAFTA, ASEAN, EKO, OPEK ýaly belli integrasion bileleşikler hereket edýär. Integrasion prosesler ösüp gelýän ýurtlarda hem ýaýbaňlanýar.

Dünýäde bolup geçýän integrasion prosesleriň Türkmenistanyň ykdysadyýeti üçin hem uly ähmiýeti bardyr. Integrasion birleşmelere gatnaşmaklyk ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dünýä ykdysadyýetine goşulmagyny güýçlendirýär. Şol sebäpden, özara bähbitli integrasion birleşmeleriň işine gatnaşmaklyk Garaşsyz we Bitarap Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar. Häzirki wagtda Türkmenistan dürli integrasion birleşmeleriň agzasydyr. Olara mysal edip Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyny (GDA), Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasyny (EKO) we beýlekileri görkezmek bolar.

Garaşsyzlyk ýoluna düşenden soň Türkmenistan dünýädäki bolup geçýän integrasion proseslere işjeň goşulyp başlady. Türkmenistan GDA-nyň çäklerinde ýüze çykýan integrasion proseslerdenem çetde duranok. Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan häzirki wagtda GDA-nyň assosirlenen agzasydyr. Munuň özi döwletimiziň Bitaraplyk derejesine doly laýyk gelýändir. Ýurdumyz GDA-nyň işine döwletimiziň bähbitlerinden ugur alyp erkin agza hökmünde gatnaşýar.

Türkmenistan Orta Aziýa sebitinde 1985-nji ýyldan bäri hereket edýän Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň hem agzalarynyň biridir. Bu gurama EKO ady bilen bellidir. Onuň düzümine aşakdaky 10 döwlet girýär: Owganystan, Azerbaýjan, Eýran, Päkistan, Gazagystan, Täjigistan, Gyrgyzystan, Özbegistan, Türkmenistan, Türkiýe.

Bu guramanyň çäklerinde dürli meseleler çözülýär, ykdysady hyzmatdaşlyk amala aşyrylýar. Ol gatnaşyklar dürli-dürlüdir. Onuň

esasy ugurlary – söwda gatnaşyklary, tebigy baýlyklary bilelikde özleşdirmek we peýdalanmak, ulag infrastrukturasyny ösdürmek, telekommunikasiýa ulgamyny kämilleşdirmek we beýleki meselelerdir. Alnyp barylýan ykdysady hyzmatdaşlyk her bir ýurduň ykdysady bähbitlerine laýyk gelýär, olary bir-birleri bilen ýakynlaşdyrýar.

Häzirki wagtda EKO-nyň ýurtlarynyň ykdysady gurbatynda we ykdysady ösüşinde tapawutlar bardyr. Eger-de Türkiýe ykdysady taýdan ösenräk bolsa, Owganystanyň ykdysadyýetiniň öz kynçylyklary bardyr. Türkmenistanyň, Özbegistanyň, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Azerbaýjanyň ykdysadyýetleri geçiş döwrüni başyndan geçirýär, bazar gatnaşyklaryna geçmeklik amala aşyrylýar. Şeýle ýagdaýda bu ýurtlaryň arasynda amala aşyrylýan ykdysady hyzmatdaşlygyň hem öz aýratynlyklary bardyr. Emma oňa garamazdan EKO-nyň agzalarynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk ýyl-ýyldan güýçlenýär. Bu döwletler bileleşip umumy ykdysady meseleleri çözmekligi maksat edinýärler. Geljekde EKO Orta Aziýanyň umumy bazary görnüşinde göz öňüne getirilýär.

Türkmenistan EKO-nyň düzüminde ykdysady hyzmatdaşlygy amala aşyrmakda işjeň hereket edýän döwletleriň biri bolup çykyş edýär. Türkmenistan EKO ýurtlary üçin üstaşyr döwlet bolup durýar, onuň gara we demir ýollary arkaly goňşy döwletlerimiziň ýükleri daşalýar, ýurtda öndürilýän elektrik energiýasynyň bir bölegi Owganystana, Eýrana we Türkiýä eksport edilýär. Şeýle hem tebigy gazyň we nebit önümleriniň belli bir bölegi goňşy döwletlere ugradylýar. Ol ýurtlar bilen ykdysady hyzmatdaşlyk ýyl-ýyldan çuňlaşýar.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň dünýädäki integrasion proseslere goşulmagynda käbir aýratynlyklaryň bardygyny bellemek gerek. Integrasion proseslere gatnaşmak meselesine Türkmenistanyň öz garaýşy bar. Bu meselede Türkmenistan iki taraplaýyn gatnaşyklara has uly ähmiýet berýär. Onuňam özüne ýetik sebäpleri bar.

GDA-nyň çäklerinde gol çekilen resminamalaryň ýurtlar tarapyndan ýerine ýetirilmezligi adaty ýagdaýa öwrüldi. Şonuň üçin hem hyzmatdaşlygyň iki taraplaýyn görnüşi has maksadalaýyk ýol bolup durýar. Şu ugurdaky iki taraplaýyn hyzmatdaşlygyň aýdyň

mysaly bolup Türkmenistanyň we Russiýanyň arasyndaky gaz pudagyndaky hyzmatdaşlyk baradaky ylalaşyk çykyş edýär. Şol ylalaşyga laýyklykda iki ýurduň arasynda köp ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk etmeklik göz öňünde tutulýar. Hyzmatdaşlygyň esasy ugry türkmen tebigy gazyny Russiýa uzak möhletleýin döwürde satmakdan ybaratdyr. Ol hyzmatdaşlyk 2004-2028-nji ýyllar aralygyny öz içine alýar. Ylalaşyga laýyklykda şertnama boýunça satylmaly gazyň bahasy dünýä bazarynyň ýagdaýlary göz öňünde tutulyp döwletler tarapyndan ylalaşylar. Hut şeýle gatnaşyklar hem Türkmenistanyn ileri tutýan ugrudyr.

## 12.5. Türkmenistanyň halkara ykdysady guramalary bilen hyzmatdaşlygy

Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri hem dünýäniň halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. Şeýle hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy ýurdumyzyň milli ykdysadyýetini özgertmekde, onuň dünýä ykdysady ulgamyna goşulyşyny çaltlandyrmakda möhüm ähmiýeti bardyr.

Türkmenistanyň halkara giňişligindäki işjeňligi barha güýçlenýär. Şu günki gün Garaşsyz Türkmenistan halkara hukugynyň we halkara gatnaşyklaryň deňhukukly agzalarynyň biri bolmak bilen dünýäniň 129 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, 42 sany halkara guramalaryň agzasy boldy. Olaryň hatarynda Birleşen Milletler Guramasyny, Ýewropa Bileleşigini, Ýewropada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk guramasyny, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyny we beýlekileri görkezmek bolar.

Türkmenistanyň halkara gatnaşyklarynda Birleşen Milletler Guramasy (BMG) we onuň düzüm birlikleri bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek aýratyn orun tutýar. BMG häzirki zamanyň iň uly, uniwersal we abraýly halkara guramasydyr. Onuň maksady halkara parahatçylygyny we howpsuzlygyny gorap saklamakdan

we berkitmekden hem-de döwletleriň arasynda parahatçylykly hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. Türkmenistan bu abraýly halkara guramasynyň agzalygyna 1992-nji ýylyň 2-nji martynda kabul edildi. Şondan bäri hem döwletimiz BMG bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy yzygiderli çuňlaşdyryp gelýär. 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň kabul eden Rezolýusiýasyna laýyklykda, bu halkara guramasynyň taryhynda ilkinji gezek Türkmenistana Bitaraplyk hukuk derejesiniň berilmegi, döwletimiziň 2007 we 2009-njy ýyllarda BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna iki gezek saýlanylmagy, Aşgabatda BMG-niň Orta Aziýa boýunça öňüni alyş diplomatiýasynyň sebitleýin merkeziniň açylmagy munuň aýdyň mysaly bolup durýar.

Şeýle hem ýurdumyz BMG-niň Ösüş Maksatnamasynyň, halkara çagalar gaznasynyň, bilim, ylym we medeniýet edarasy bolan ÝUNESKO-nyň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy ýola goýdy.

Türkmenistan bilen ysnyşykly hyzmatdaşlyk saklaýan halkara guramalaryň biri hem Ýewropa Birleşigidir. Bu halkara gurama häzirki zaman dünýäsiniň iň kämil integrasion birleşmesidir. Ol öz düzümine Ýewropanyň 27 sany döwletini birleşdirýär. Bu ýerde Germaniýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa, Italiýa, Belgiýa ýaly dünýäniň ykdysady taýdan iň ösen döwletleri ýerleşýär. Olar kämil ykdysady gatnaşyklaryň, ösen tehnologiýalaryň, ýokary derejeli ylym-bilim ulgamynyň mekany hökmünde bellidirler. Elbetde, bu ugurlar biziň ýurdumyzy has gyzyklandyrýar. Şeýle gurama bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň beýik özgerişlikler ýoluna düşen ýurdumyz üçin bahasyna ýetip bolmajak ähmiýeti bar.

Şol bir wagtyň özünde Türkmenistanyň Ýewropa Birleşiginiň döwletleri üçin örän özüne çekiji ýurt bolup durýanlygyny bellemek gerek. Türkmenistan dünýä möçberli energoresurslaryň mekanydyr. Şonuň üçin hem Ýewropa Birleşiginiň ýurtlary özleriniň energetiki howpsuzlygynyň meselelerini çözmekde Garaşsyz Türkmenistanyň dünýädäki ornuna örän oňat düşünýärler we bu ugra kanuny gyzyklanma bildirýärler. Ýewropa yklymynyň ýurtlary özleriniň ýangyç-

energetiki resurslara bolan mätäçligini, esasan, daşary çeşmeleriň hasabyna kanagatlandyrýarlar.

Ýewropa Birleşiginiň ýurtlarynyň ýangyç-energetika sektorynda hyzmatdaşlygy ösdürmek meselesiniň aýratyn ähmiýete eýe bolmagy ýöne ýerden däldir. Sebitiň ýurtlary türkmen energiýa göterijilerini getirmäge ýokary derejede gyzyklanma bildirýärler. Türkmenistan bolsa öz gezeginde uglewodorod serişdelerini dünýä bazaryna ibermegi diwersifikasiýalaşdyrmak meselesine ygrarly bolmagynda galýar. Şonuň üçin hem Türkmenistanyň we ÝB-ň ýangyç-energetika sektorynda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga bolan gyzyklanmasy kanunalaýyk ýagdaýdyr.

Türkmenistanyň we Ýewropa Birleşiginiň arasyndaky söwda gatnaşyklary ösdürmek, ynsanperwer ugurda hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak, esasan hem bilim ulgamyndaky işleri işeňňirleşdirmek özara bähbitli gatnaşyklaryň möhüm ugry bolup durýar. Eýýäm häzirki wagtda bilim we ylym ugry boýunça belli bir tejribe toplanyldy. «Tempus» we «TASIS» maksatnamalarynyň çäklerinde bilelikdäki taslamalaryň birnäçesi amala aşyrylyp ýör. Şonuň netijesinde ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlarynyň bir bölegi Ýewropa ýurtlarynda bolup daşary ýurt tejribesi bilen tanyşmaga we öz hünärlerini ýokarlandyrmaga mümkinçilik aldylar. Bulardan daşary gümrük sektorynda, ykdysadyýetde, statistikada, syýahatçylykda we beýleki ugurlarda-da birnäçe taslamalar durmuşa geçirilýär. Söwda gatnaşyklary yzygiderli ösýär. Özem şu gatnaşyklarda türkmen harytlarynyň eksportynyň esasy orny eýelemegi aýratyn guwandyryjy ýagdaýdyr. Eksportyň düzümine ozaly bilen ýangyç-energetika toplumynyň önümleri girýär. Bileleşigiň käbir ýurtlarynyň iri kompaniýalary Türkmenistanda iş alyp barýarlar. Hususanda, nemes we fransuz hyzmatdaşlarymyz milli ykdysadyýetimiziň dürli pudaklarynda giň möçberli maýa goýum taslamalaryny amala aşyrmaga işeňňir gatnaşýarlar.

Türkmenistan bilen Ýewropa Birleşiginiň arasyndaky köp ugurly hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmakda Aşgabatda açylan «Ýewropa öýüniň» ähmiýetiniň örän uly boljakdygy gürrüňsizdir.

«Ýewropa öýi» Ýewropa Birleşiginiň tehniki hyzmatdaşlyk boýunça taslamasynyň çäklerinde bu taslamanyň Türkmenistanda durmuşa geçirilmegini goldamagyň ofisi bolup hyzmat edýär. Bu ýerde Ýewropa Birleşiginiň Türkmenistanda alyp barýan işine degişli we özara gatnaşyklara degişli meseleler boýunça iş alnyp barylýar.

«Ýewropa öýi» Türkmenistanda Ýewropa Komissiýasy tarapyndan enjamlaýyn ýardam berýän maksatnamalarynyň we umumy başlangyçlaryň ýeke-täk merkezi bolup durýar. Onuň esasy maksatlary şulardan ybaratdyr:

– Türkmenistanlylara we ähli gyzyklanýan taraplara Ýewropa Komissiýasynyň hem-de Ýewropa Bileleşiginiuň meýilnamalary barada maglumatlaryň elýeterliligini we açyklygyny üpjün etmek,

– Türkmenistanda Ýewropa Komissiýasy tarapyndan maliýeleşdirilýän enjamlaýyn ýardam berýän maksatnamalaryň tygşytlylygyny we netijeliligini gowulandyrmak.

«Ýewropa öýi» şu ugurlar boýunça iş alyp barýar:

– Ýurduň makrosyýasat we durmuş-ykdysady ýagdaýyny seljermek,

– Ýewropa Komissiýasynyň täze ösüş we hyzmatdaşlyk guralyny meýilleşdirmäge goldaw etmek,

– Maglumat we açyklyk strategiýany ösdürmek we amala aşyrmak,

– Ýewropa Bileleşigi tarapyndan köp we iki taraply edilýän enjamlaýyn ýardamy utgaşdyrmak,

– Ýewropa Komissiýasy tarapyndan maliýeleşdirilýän hemme taslamalaryň maddy we enjamlaýyn üpjünçiligine hem-de Ýewropa Komissiýanyň saparlaryna ýardam bermek.

Türkmenistan bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýän halkara ykdysady guramalaryň biri hem Aziýa ösüş bankydyr (AÖB). Biziň ýurdumyz 2000-nji ýylda AÖB-niň agzasy boldy. 2010-njy ýylyň başynda bu halkara guramasynyň Türkmenistandaky Hemişelik Wekilhanasyny açmak hakyndaky ylalaşyga gol çekildi. AÖB halkara maliýe guramasy bolmak bilen öz düzümine 67 ýurdy birleşdirýär. Bankyň ştab-kwartirasy Manilada ýerleşýär.

Ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek Türkmenistan bilen AÖB-niň arasyndaky gatnaşyklaryň esasy ugurlarynyň biridir. Bereket–Gyzylgaýa–Üzen ýolunda Demirgazyk–Günorta demir ýol geçelgesini gurmagyň demirgazyk bölegini maliýeleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümetiniň we Aziýa ösüş bankynyň arasynda özara düşünişmek Ahtnamasyna gol çekildi. Munuň özi ulag-kommunikasiýa infrastrukturasynyň giň möçberli taslamasyny durmuşa geçirmek – demir ýoly gurmak babatda täze möhüm ädim boldy. Bu ýol Türkmenistanyň, Gazagystanyň we Eýranyň çäginden geçip, Yewropadan Günorta Aziýa ykdysady taýdan amatly ugry we Pars aýlagynyň portlaryna iň gysga çykalgany üpjün eder hem-de sebitleýin söwdanyň ösdürilmegine ýardam berer. Mundan başga-da, bu taslamanyň durmuşa geçirilmegi diňe bir içerki däl, eýsem, halkara demir ýol ulagynyň netijeliligini ýokarlandyrar, Türkmenistany ykdysady we durmuş taýdan ösdürmegiň netijeli guralyna öwrüler.

Gazanylan ylalaşyga laýyklykda Bereket bekedinden türkmen-gazak döwlet serhedine çenli täze demir ýoluň 200 kilometrlik bölegini ABŞ-nyň 225 million dollary möçberinde maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar. Bu demir ýol şahasynyň umumy uzynlygy 466 kilometre barabardyr. Maliýe serişdeleri demir ýoly, şol sanda beketleri, iki razýezdli ýollary, kömekçi ýollary gurmaga, lokomotiwleri we enjamlary satyn almaga gönükdiriler.

Türkmenistanyň ygtybarly hyzmatdaşlarynyň ýene-de biri-Yslam ösüş bankydyr (YÖB). Ýurdumyz 1994-nji ýyldan bäri YÖB-nyň agzasydyr. Türkmenistan döwletimizde bu bahkyň maliýe goldawy bilen, ýurdumyzda saglygy goraýyş, ulag we aragatnaşyk ýaly ähmiýetli pudaklarda taslamalaryň birnäçesi durmuşa geçirildi we amala aşyrylmagy dowam edýär.

Yslam ösüş banky 1975-nji ýylda Yslam Konferensiýasy Guramasyna girýän ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine ýardam bermek maksady bilen döredildi. Yslam Konferensiýasy Guramasyna girýän 56 ýurt YÖB-niň agzalary bolup durýarlar. Saud Arabystany Patyşalygy, Liwiýa, Kuweýt, Türkiýe we Birleşen Arap Emirlikleri YÖB-niň esasy maýadarlarydyr. Ol yslam ýurtlarynyň senagat, oba hojalygy,

infrastruktura we durmuş ugurly taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gatnaşýar. YÖB ýurduň ykdysadyýetini öz serişdeleri bilen, haçan-da uly möçberli taslamalar köp maliýe serişdelerini talap edýän halatynda bolsa, konsorsium döretmek arkaly şärikli maliýeçileriň gatnaşmagynda maliýeleşdirýär. Yslam ösüş banky Utgaşdyryjy Toparlaryň Gaznalary bilen ösüş taslamalaryny maliýeleşdirmek babatynda utgaşykly özara hyzmatdaşlygy alyp barýar. Saud ösüş gaznasy Aşgabatda we Daşoguzda anyklaýyş merkezleriniň tehniki enjamlaşdyrylmagynyň maliýeleşdirilmegine, Abu-Dabi ösüş gaznasy Aşgabatdaky nefrologiýa merkeziniň gurluşygynyň we «Arçman» şypahanasynyň abatlaýyş işleriniň maliýeleşdirilmegine, OPEK gaznasy Mary şäherindäki anyklaýyş merkeziniň gurluşygynyň we Balkan welaýatynyň suw üpjünçilik taslamasynyň maliýeleşdirilmegine, Arap ykdysady ösüşiniň Kuweýt gaznasy Tejen – Mary awtoýolunyň böleklerinde abatlaýyş işleriniň maliýeleşdirilmegine gatnaşdy.

2010-njy ýylyň 5-nji ýanwarynda Gyzylgaýa – Bereket – Etrek demir ýolunyň Bereket – Etrek böleginiň gurluşygynyň taslamasyny maliýeleşdirmek hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Yslam ösüş bankynyň arasyndaky Agentlik ylalaşygyna gol çekildi. Demirgazyk – Günorta demir ýol magistralynyň gurluşygy häzirki wagtda Türkmenistanda Yslam ösüş bankynyň gatnaşmagynda amala aşyrylýan möhüm taslamalaryň biridir. Ol Pars aýlagyndaky portlara gysga ugry üpjün eder we Ýewropanyň hem-de Aziýanyň ulag ulgamlaryny birleşdirer. Türkmenistanyň hökümet wekilleri bilen Utgaşdyryjy toparyň arasynda jemi ABŞ-nyň 950 million dollaryna deň bolan taslamalaryň maliýeleşdirilmegine gol çekildi. Oňa laýyklykda Türkmenabadyň howa menzilini giňeltmek we döwrebaplaşdyrmak, Aşgabatda diş merkezini gurmak we enjamlaşdyrmak taslamalary maliýeleşdirildi. YÖB bilen hyzmatdaşlyk beýleki ugurlarda hem alnyp barylýar.

Umuman, halkara ykdysady guramalar bilen hyzmatdaşlygy giňeltmek we çuňlaşdyrmak Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolmagynda galýar.

## PEÝDALANYLAN EDEBIÝATLAR


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Garaşsyzlyga guwanmak, watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2008.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Eserler ýygyndysy. I tom. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat. 2009.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. III tom. Aşgabat, 2010.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. IV tom. Aşgabat, 2011.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. V tom. Aşgabat, 2012.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. I tom. Aşgabat, 2009.
10. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. II tom. Aşgabat, 2010.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri. III tom. Aşgabat, 2012.
12. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – melhemler mekany. Aşgabat, 2011.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I tom. Aşgabat, 2010.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. II tom. Aşgabat, 2010.
15. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Aşgabat, 2011.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Janly rowaýat. Aşgabat, 2011.

17. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdy täzeden galkyndyrmak baradaky syýasaty. Aşgabat, 2007.
18. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň daşary syýasaty. Wakalaryň hronikasy. Aşgabat, 2007.
19. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
20. Täze Galkynyş eýýamy. Wakalalaryň senenamasy: 2007-nji ýyl. Aşgabat, 2008.
21. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2009.
22. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň nobatdan daşary XXI Halk Maslahatynyň mejlisinde eden çykyşy (2008-nji ýylyň 26-njy sentýabry). «Türkmenistan» gazeti, 29.11.08.
23. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
24. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2010.
25. Türkmenistanyň Prezidentiniň Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
26. Türkmenistanyň kanuny. «Daýhan hojalygy hakynda» (rejelenen görnüşi). «Türkmenistan» gazeti. 31. 03. 2007.
27. Türkmenistanyň kanuny. «Arçynlar hakynda». Aşgabat, 2007.
28. Türkmenistanyň kanuny. «Daýhan birleşikleri hakynda» (rejelenen görnüşi). «Türkmenistan» gazeti. 31. 03. 2007.
29. Türkmenistanyň kanuny. «Walýuta amallaryny düzgünleşdirmek hakynda». «Türkmenistan» gazeti. 30.10.1993.
30. Türkmenistanyň kanuny. «Erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy hakynda». «Türkmenistan» gazeti. 1993.
31. Türkmenistanyň kanuny. «Telekeçilik işi hakynda». «Türkmenistan» gazeti. 1993.
32. Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistanda daşary ykdysady iş hakynda». «Türkmenistan» gazeti. 1992
33. Türkmenistanyň kanuny. «Kärhanalar hakynda». «Aşgabat» gazeti, 01.08.2000.

**34.** Türkmenistanyň kanuny. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» (täze redaksiýasy). «Altyn asyryň ykdysadyýeti» žurnaly, 2008ý. № 4.
**35.** «Ýer hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti. 30.10.2004.
**36.** «Suw hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 31.10.2004.
**37.** «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda. Türkmenistanyň Prezidentiniň karary. «Türkmenistan» gazeti. 23. 06. 2007.
**38.** Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Okuw kitaby. Aşgabat, 2001.
**39.** Tebigaty peýdalanmagyň ykdysadyýeti we öndüriji güýçleriň ýerleşdirilişi. Orazow H. O., Baýramow H. R., Bakyýew I. Aşgabat, 2001.
**40.** «Türkmenistanyň maliýe ulgamy», okuw kitaby. Aşgabat, 2001.

## MAZMUNY


Giriş ........................................................................................... 7

**1-nji bap. «Türkmenistanyň ykdysadyýeti» dersiniň mazmuny we wezipeleri** ........................................................ 9
1.1. Ykdysadyýet barada düşünje ............................................. 9
1.2. Milli ykdysadyýete baha beriş görkezijileri ........................... 12
1.3. Türkmenistanyň ykdysadyýeti dersiniň predmeti we ony öwrenmegiň zerurlygy ................................................. 18

**2-nji bap. Türkmenistanyň ykdysady-geografiki ýerleşişi, tebigy-resurs gurbaty we zähmet resurslary** ........................ 21
2.1. Türkmenistanyň ykdysady-geografiki ýerleşişi ....................... 21
2.2. Türkmenistanyň tebigy-resurs üpjünçiligi ............................ 24

**3-nji bap. Türkmenistanyň zähmet bazary** ............................. 38
3.1. Zähmet bazarynyň mazmuny we aýratynlygy ........................ 38
3.2. Türkmenistanyň zähmet potensialynyň kemala gelmeginiň durmuş-ykdysady häsiýetnamasy ........................................... 46
3.3. Zähmet resurslaryny rejeli peýdalanmagyň faktorlary. Ilatyň iş bilen meşgullygy .................................................. 51
3.4. Maýa goýumlar syýasatynyň iş bilen üpjünçilik meselelerine edýän täsiri ................................................................. 55

**4-nji bap. Türkmenistanyň senagaty** ....................................... 60
4.1. Senagat-ykdysadyýetiň esasy pudagy hökmünde ...................... 60
4.2. Türkmenistanyň senagatynyň diwersifikasiýalaşdyrylyşy ............ 65
4.3. Türkmenistanyň senagatynyň düzümi we onuň ösüşi .................. 68

**5-nji bap. Türkmenistanyň oba hojalygynyň ykdysadyýeti** ..................................................................... 95
5.1. Oba hojalyk pudaklarynyň ykdysadyýeti ................................. 95
5.2. Oba hojalyk pudagyna hyzmat edýän infrastruktura ................. 112

**6-njy bap. Türkmenistanyň ulag we aragatnaşyk pudaklary** .......... 127
6.1. Ulaglaryň mazmuny .......... 127
6.2.1. Awtomobil ulaglary .......... 130
6.2.2. Demir ýollar .......... 134
6.2.3. Howa ýollary .......... 138
6.2.4. Deňiz ulaglary .......... 140
6.2.5. Derýa ýollary .......... 142
6.2.6. Geçirijiler .......... 142
6.3. Aragatnaşyk pudagynyň ykdysadyýeti .......... 147

**7-nji bap. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde içerki söwda we jemgyýetçilik iýmiti** .......... 151
7.1. Söwda hakynda düşünje .......... 151
7.2. Harytlaryň toparlandyrylyşy .......... 155
7.3. Jemgyýetçilik iýmiti we onuň ähmiýeti .......... 158
7.4. Türkmenistanyň içerki söwdasynyň ösüşi .......... 161

**8-nji bap. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň durmuş pudaklary** .......... 168
8.1. Durmuş pudaklaryň düzümi we ähmiýeti .......... 168
8.1.1. Saglygy goraýyş .......... 170
8.1.2. Ylym we bilim .......... 180
8.1.3. Medeniýet we sungat .......... 190
8.1.4. Sport we syýahatçylyk .......... 194
8.1.5. Durmuş üpjünçilik .......... 202
8.2. Durmuş pudaklaryň ösüş aýratynlyklary .......... 207

**9-njy bap. Türkmenistanyň maliýe, bank we salgyt ulgamy** .......... 218
9.1. Türkmenistanyň maliýe ulgamy .......... 218
9.2. Bank ulgamynyň oşüşi .......... 230
9.3. Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş ulgamynyň ösüşi .......... 244
9.4. Salgyt ulgamy we onuň wezipeleri .......... 247

**10-njy bap. Döwlete degişli däl kärhanalaryň we telekeçiligiň ösüşi** .......... 256
10.1. Telekeçiligiň mazmuny we onuň görnüşleri .......... 256
10.2. Telekeçiligi ösdürmegiň dünýä tejribesi .......... 270
10.3. Türkmenistanda telekeçiligi ösdürmegiň esasy ugurlary .......... 275

**11-nji bap. Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklary** .................. 286
11.1. Erkin ykdysady zolaklaryň mazmuny, wezipeleri, görnüşleri we ähmiýeti .......... 286
11.2. Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklary we olary ösdürmegiň meseleleri .......... 291
11.3. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň döredilmegi we onuň aýratynlygy .......... 305

**12-nji bap. Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasaty** .................. 316
12.1. Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň mazmuny we aýratynlyklary .......... 316
12.2. Türkmenistanyň daşary söwda gatnaşyklarynyň häzirki ýagdaýy .......... 322
12.2.1. Türkmenistanyň daşary söwdasynyň ösüşi .......... 322
12.2.2. Türkmenistanyň eksport syýasatynyň aýratynlyklary .......... 329
12.2.3. Türkmenistanyň import syýasaty .......... 336
12.3. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde daşary ýurt maýa goýumlary .......... 338
12.4. Türkmenistan dünýäniň halkara integrasion ulgamynda .......... 344
12.5. Türkmenistanyň halkara ykdysady guramalary bilen hyzmatdaşlygy .......... 348

Peýdalanylan edebiýatlar .......... 354

*Arslan Kazygulyýew, Hallyberdi Baýramow, Jumamuhammet Annamuhammedow, Oguljemal Geldimuhammedowa, Orazjemal Çaryýewa, Maral Öwezowa*

# TÜRKMENISTANYŇ YKDYSADYÝETI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *A. Orazmuhammedowa* |
| Teh.redaktor | *O. Nurýagdyýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *G. Eýeberdiýew* |

Çap etmäge rugsat edildi 04.04.2013. Möçberi 60x90 $^{1}/_{16}$.
Şertli cap listi 22,5. Çap listi 22,5.
Hasap-neşir listi 19,26. Şertli-reňkli ottiski 72,0.
Sargyt № 3158. Sany 1700.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugdat merkezi.
74004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20